# TÜRKMENISTANYŇ
# K A N U N Y

## Türkmenistanyň Raýat kodeksini tassyklamak we herekete girizmek hakynda

**1-nji madda.** Türkmenistanyň Raýat kodeksini tassyklamaly.

**2-nji madda.** Türkmenistanyň Raýat kodeksini 2026-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan herekete girizmeli.

**3-nji madda.** Şu Kanunyň herekete girizilen gününden şulary güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli:

1998-nji ýylyň 17-nji iýulyndaky «Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Graždan kodeksini tassyklamak we güýje girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 1998 ý., № 2, 39-njy madda);

2003-nji ýylyň 21-nji oktýabryndaky «Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat bütewi kanunyna üýtgetmeler girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2003 ý., № 4, 36-njy madda);

2007-nji ýylyň 30-njy martyndaky «Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň birinji bölegini (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007ý., № 1, 40-njy madda);

2010-njy ýylyň 25-nji sentýabryndaky «Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 63-nji madda);

2012-nji ýylyň 10-njy ýanwaryndaky «Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012ý., № 1, 7-nji madda);

2012-nji ýylyň 4-nji maýyndaky «Türkmenistanyň Raýat kodeksine goşmaça girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 2, 50-nji madda);

2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky «Türkmenistanyň Raýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 109-njy madda);

2019-njy ýylyň 2-nji martyndaky «Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň I bölüminiň birinji bölegini (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2019 ý., № 1, 9-njy madda);

2019-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky «Türkmenistanyň Raýat kodeksine üýtgetmeler girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2019 ý., № 4, 64-nji madda).

**4-nji madda.** Türkmenistanyň Raýat kodeksi şu Kodeks herekete girizilenden soň ýüze çykan gatnaşyklara degişli edilýär.

Türkmenistanyň Raýat kodeksi herekete girizilmezinden öň ýüze çykan gatnaşyklar babatynda onuň düzgünleri 2026-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan soň ýüze çykan hukuklara we borçnamalara ulanylýar.

Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň herekete girizilmegi bilen baglanyşykda güýjüni ýitiren kadalaşdyryjy hukuk namalary esasynda ýüze çykan gatnaşyklar babatda bu kadalaşdyryjy hukuk namalary ulanylýar, muňa gatnaşyklara gatnaşyjylaryň özleriniň Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň düzgünlerine laýyklykda özara gatnaşyklary düzgünleşdirmäge isleg bildiren halatlary girmeýär.

Türkmenistanyň kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary şu Kodekse laýyk getirilýänçä, şu Kodekse garşy gelmeýänligine görä hereket edýärler.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Serdar Berdimuhamedow**

Aşgabat şäheri.
2025-nji ýylyň 28-nji iýuny.
№ 162-VII.

# TÜRKMENISTANYŇ RAÝAT KODEKSI

## I BÖLEK

## UMUMY DÜZGÜNLER

## I BÖLÜM. ESASY DÜZGÜNLER

## I BAP. RAÝAT KANUNÇYLYGY

### 1-nji madda. Raýat kanunçylygynyň esasy ýörelgeleri

1. Raýat kanunçylygy özüniň düzgünleşdirýän gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň deňligini, eýeçiligiň eldegrilmesizligini, şertnamanyň erkinligini, kimdir biriniň hususy işlere eden-etdilikli gatyşmagyna ýol berilmesizdigini, raýat hukuklarynyň päsgelçiliksiz amala aşyrylmagyny, bozulan hukuklaryň dikeldilmeginiň üpjün edilmegini, olaryň kazyýetiň üsti bilen goralmagyny ykrar etmek ýörelgelerine esaslanýar.

2. Fiziki we ýuridik şahslar özleriniň hukuklaryny we borçnamalaryny şertnama esasynda bellemekde hem-de şertnamada islendik şertnamalaýyn şertleri

kesgitlemekde, eger olar kanuna garşy gelmeýän bolsa, erkindirler.

Raýat hukuklary ahlaklylygy, saglygy, beýleki şahslaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini, jemgyýetiň we döwletiň howpsuzlygyny üpjün etmek, daşky gurşawy goramak maksatlary bilen, diňe kanun esasynda çäklendirilip bilner.

3. Harytlar, hyzmatlar we maliýe serişdeleri Türkmenistanyň bütin çäginde erkin geçirilýär.

Harytlaryň, hyzmatlaryň we maliýe serişdeleriniň geçirilmeginiň çäklendirmeleri Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda girizilip bilner.

**2-nji madda. Raýat kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýän gatnaşyklar**

1. Raýat kanunçylygy raýat dolanyşygyna gatnaşyjylaryň hukuk ýagdaýyny, eýeçilik hukugynyň ýüze çykmagynyň esaslaryny we ony amala aşyrmagyň tertibini kesgitleýär, şertnamalaýyn we gaýry borçnamalary, şonuň ýaly-da beýleki emläk gatnaşyklary we olar bilen baglanyşykly emläkleýin däl şahsy gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

Şu bölegiň birinji tesiminde görkezilen alamatlara laýyk gelýän maşgala, ýaşaýyş jaý, zähmet gatnaşyklary, tebigy baýlyklary peýdalanmak we daşky gurşawy goramak boýunça gatnaşyklar, eger-de ýörite kanunçylyk bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, raýat kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

2. Adamyň aýrybaşgalanmaz hukuklary we azatlyklary hem-de beýleki maddy däl eşretlerini amala aşyrmak we goramak bilen baglanyşykly gatnaşyklar, bu gatnaşyklaryň düýp manysyndan başgaça gelip çykmaýan bolsa, raýat kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

3. Fiziki şahslar, ýuridik şahslar we döwlet raýat hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri bolup biler. Bu kada telekeçilik işi bilen meşgullanýan, şeýle hem meşgullanmaýan Türkmenistanyň raýatlaryna, daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy bolmadyk adamlara ulanylýar.

Özbaşdak, özüniň töwekgelligi bilen emlägi ulanmakdan, harytlary satmakdan, işleri ýerine ýetirmekden ýa-da şahslara hyzmat etmekden yzygiderli peýda almaga gönükdirilip amala aşyrylýan iş telekeçilik işi hasaplanylýar.

4. Döwlet edaralarynyň we guramalarynyň fiziki we ýuridik şahslar bilen raýat hukuk gatnaşyklary, eger şol gatnaşyklar gaýry kanunçylyk bilen düzgünleşdirilmeli däl bolsa, raýat kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

**3-nji madda. Raýat kanunçylygynyň namalary**

1. Raýat kanunçylygy şu Kodeksden, şu Kodeksiň 2-nji maddasynda görkezilen gatnaşyklary düzgünleşdirýän beýleki kanunlardan we gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

2. Kanundan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalary diňe olar kanuna garşy gelmeýän halatlarda raýat hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek üçin ulanylýar.

**4-nji madda. Raýat kanunçylygynyň wagt boýunça hereketi**

Raýat kanunçylygynyň namalarynyň yzyna täsir ediş güýji ýokdur we olar herekete girizilenden soň ýüze çykýan gatnaşyklar babatda ulanylýar.

Kanunyň hereketi onuň herekete girizilmeginden öň ýüze çykan gatnaşyklara diňe kanunda gös-göni göz öňünde tutulan halatlarda degişli edilýär.

**5-nji madda. Iş dolanyşygynyň adatlary**

1. Telekeçilik işiniň haýsydyr bir ugrunda emele gelen we giňden ulanylýan, onuň haýsy-da bolsa bir resminamada ýazylandygyna-ýazylmandygyna garamazdan, kanunçylykda göz öňünde tutulmadyk özüňi alyp barmagyň düzgünleri iş dolanyşygynyň adaty diýlip ykrar edilýär.

2. Iş dolanyşygynyň adatlary degişli gatnaşyga gatnaşyjylar üçin hökmany bolan kanunçylygyň ýa-da şertnamanyň düzgünlerine garşy gelýän bolsa, ulanylmaýar.

**6-njy madda. Raýat kanunçylygynyň analogiýa boýunça ulanylmagy**

1. Şu Kodeksiň 2-nji maddasynyň birinji we ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan gatnaşyklar Türkmenistanyň kanunçylygy bilen ýa-da taraplaryň ylalaşygy bilen göni düzgünleşdirilmedik bolsa we olara ulanyp bolýan iş dolanyşygynyň adaty ýok halatynda, şeýle gatnaşyklara, eger munuň özi olaryň düýp manysyna garşy gelmeýän bolsa, raýat kanunçylygynyň meňzeş gatnaşyklary düzgünleşdirýän kadasy (kanunyň analogiýasy) ulanylýar.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen ýagdaýlarda kanunyň analogiýasyny ulanmagyň mümkin bolmadyk halatlarynda, taraplaryň hukuklary we borçlary raýat kanunçylygynyň umumy ýörelgelerinden we manysyndan ugur alnyp (hukugyň analogiýasy) kesgitlenilýär.

3. Hukuk kadasy bolmasa ýa-da ol düşnüksiz bolsa kazyýet raýat işleri boýunça adyl kazyýetliligi amala aşyrmakdan ýüz döndermäge hukukly däldir.

4. Raýat hukuklaryny çäklendirýän we jogapkärçiligi belleýän kadalaryň analogiýa boýunça ulanylmagyna ýol berilmeýär.

**7-nji madda. Raýat kanunçylygy we halkara şertnamalary**

Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda raýat kanunçylygynda göz öňünde tutulanlardan başga kadalar bellenilen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ileri tutulýar.

## II BAP. RAÝAT HUKUKLARYNYŇ WE BORÇLARYNYŇ ÝÜZE ÇYKMAGY, RAÝAT HUKUKLARYNY AMALA AŞYRMAK WE GORAMAK

**8-nji madda. Raýat hukuklarynyň we borçlarynyň ýüze çykmagynyň**

**esaslary**

Raýat hukuklary we borçlary kanunçylykda göz öňünde tutulan esaslardan, şonuň ýaly-da onda göz öňünde tutulmadyk, ýöne raýat kanunçylygynyň umumy ýörelgelerine we manysyna görä raýat hukuklaryny we borçlaryny döredýän fiziki we ýuridik şahslaryň hereketlerinden ýüze çykýar.

Şuňa laýyklykda, raýat hukuklary we borçlary:

1) kanun bilen göz öňünde tutulan şertnamalardan we gaýry geleşiklerden, şonuň ýaly-da kanunda göz öňünde tutulmadyk, ýöne oňa garşy gelmeýän şertnamalardan we gaýry geleşiklerden;

2) raýat hukuklarynyň we borçlarynyň ýüze çykmagynyň esasy hökmünde kanun bilen göz öňünde tutulan döwlet edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň namalaryndan;

3) raýat hukuklaryny we borçlaryny bellän kazyýetiň çözgüdinden;

4) kanun bilen gadagan edilmedik esaslar boýunça emlägi döretmegiň we edinmegiň netijesinden;

5) ylmy, edebiýat, sungat eserlerini döretmegiň, oýlap tapyşlaryň we intellektual işiň beýleki netijesinden;

6) başga şahsa zyýan ýetirilmeginiň netijesinden;

7) esassyz baýlaşmagyň netijelerinden;

8) fiziki we ýuridik şahslaryň gaýry hereketleriniň netijesinden;

9) kanunçylygyň raýat-hukuk netijeleriniň başlanmagy bilen baglanyşdyrýan wakalarynyň netijesinden ýüze çykýar.

**9-njy madda. Raýat hukuklaryny amala aşyrmak**

1. Fiziki we ýuridik şahslar özlerine degişli raýat hukuklaryny özüniň garaýşyna görä amala aşyrýarlar.

2. Fiziki we ýuridik şahslaryň özlerine degişli hukuklary amala aşyrmakdan ýüz döndermegi kanunda göz öňünde tutulanlardan başga ýagdaýlarda bu hukuklaryň bes edilmegine getirmeýär.

3. Raýat-hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri özleriniň hukuklaryny we borçlaryny ynsaplylyk bilen amala aşyrmaga borçludyrlar, özleriniň hereketleri (hereketsizligi) bilen beýleki şahslara zyýan ýetirmeli däldirler.

4. Şu maddanyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan talaplaryň berjaý edilmedik halatynda kazyýet, arbitraž kazyýeti, bitarap kazyýeti (mundan beýläk – kazyýet) şahsa degişli hukugyny goramakdan ýüz dönderip biler.

5. Kanun raýat hukuklarynyň goralmagyny şol hukuklaryň ynsaply we paýhasly amala aşyrylandygyna-aşyrylmandygyna bagly edende, raýat hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň ynsaplylygy we paýhaslylygy çak edilýär.

**10-njy madda. Raýat hukuklarynyň kazyýet üsti bilen goralmagy**

1. Kazyýet bozulan ýa-da jedelleşilýän raýat hukuklaryny goramagy iş ýörediş

kanunçylygynda ýa-da şertnamada işleriň kime degişliliginiň bellenilişine laýyklykda amala aşyrýar.

2. Taraplaryň arasyndaky jedeliň kazyýete ýüz tutulmanka düzgünleşdirilmegi kanunda ýa-da şertnamada göz öňünde tutulyp bilner.

3. Raýat hukuklaryny administratiw tertipde goramak diňe kanunda göz öňünde tutulan halatlarda amala aşyrylýar. Administratiw tertipde kabul edilen çözgüt kazyýete şikaýat edilip bilner.

**11-nji madda. Raýat hukuklaryny goramagyň usullary**

Raýat hukuklaryň goralmagy aşakdaky usullar arkaly amala aşyrylýar:

1) hukugy ykrar etmek;

2) hukugyň bozulmazyndan öň bolan ýagdaýy dikeltmek, hukugy bozýan ýa-da onuň bozulmak howpuny döredýän hereketleriň öňüni almak;

3) geleşigi hakyky däl diýip ykrar etmek we onuň hakyky däldiginiň netijelerini ulanmak;

4) döwlet edarasynyň ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň namasyny hakyky däl diýip ykrar etmek;

5) borjy hakyky özlüginde (natural) ýerine ýetirmäge mejbur etmek;

6) raýat hukuklaryny öz-özüň goramak;

7) ýetirilen zyýanlaryň öwezini dolmak;

8) maliýe jerimesini, puşmana tölegini töletmek;

9) ahlak taýdan ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak;

10) hukuk gatnaşyklaryny bes etmek ýa-da üýtgetmek;

11) döwlet edarasynyň ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň kanuna garşy gelýän namasyny kazyýetiň ulanmazlygy;

12) kanunda göz öňünde tutulan gaýry usullar bilen.

**12-nji madda. Kanunçylyga laýyk gelmeýän namanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi**

Döwlet edarasynyň ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň fiziki ýa-da ýuridik şahslaryň raýat hukuklaryny we kanun bilen goralýan bähbitlerini bozýan namasy onuň kabul edilen pursadyndan hakyky däldir.

Şonuň ýaly namanyň kazyýet tarapyndan hakyky däl diýlip ykrar edilen halatynda, bozulan hukuk dikeldilmelidir ýa-da şu Kodeksiň 11-nji maddasynda göz öňünde tutulan gaýry usullar bilen goralmalydyr.

**13-nji madda. Raýat hukuklaryny öz-özüň goramak**

Raýat hukuklaryny öz-özüň goramaga ýol berilýär.

Raýat hukuklaryny öz-özüň goramagyň usullary, eger ygtyýarly edaralaryň kömegi öz wagtynda ýetişmeýän bolsa, raýat hukuklarynyň bozulyşyna barabar bolmalydyr we onuň duýdurylmagy ýa-da öňüniň alynmagy üçin zerur bolan

hereketleriň çäginden çykmaly däldir.

**14-nji madda. Ýetirilen zyýanlaryň öwezini dolmak**

1. Hukugy bozulan şahs özüne ýetirilen zyýanlaryň öweziniň doly dolunmagyny talap edip biler. Zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap etmek hukugyndan deslapdan baglaşylan ylalaşyk esasynda ýüz dönderilmegi ýol berilmesizdir.

2. Ýetirilen zyýanlar diýlende hukugy bozulan şahsyň bozulan hukugyny dikeltmek üçin eden ýa-da edilmeli boljak çykdajylaryna, onuň emläginiň ýitirilmegine ýa-da zaýalanmagyna (hakyky zyýan), şonuň ýaly-da, eger onuň hukugy bozulmadyk bolsa, raýat dolanyşygynyň adaty şertlerinde bu şahsyň alyp biljek, ýöne alynmadyk girdejilerine (elden giderilen peýda) düşünilýär.

Eger hukugy bozan şahs onuň netijesinde girdeji alan bolsa, hukugy bozulan şahs beýleki çykdajylary bilen bir hatarda hukugy bozan şahsyň alan girdejilerinden az bolmadyk möçberde elden giderilen peýdanyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge hukuklydyr.

**15-nji madda. Şahsy emläkleýin däl hukuklary we beýleki maddy däl eşretleri goramak**

Şahsy emläkleýin däl hukuklar we beýleki maddy däl eşretler şu Kodeksde we beýleki kanunlarda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde, şonuň ýaly-da bozulan hukugyň düýp manysyndan we netijeleriniň häsiýetinden raýat hukuklaryny goramagyň haýsy usullaryny ulanmagyň gelip çykýan halatlarynda we çäklerinde goralýar.

**16-njy madda. At-abraýy, mertebäni we iş abraýy goramak**

1. Fiziki ýa-da ýuridik şahs özüniň at-abraýyny, mertebesini ýa-da iş abraýyny masgaralaýan maglumatlaryň, eger şonuň ýaly maglumatlary ýaýradan olaryň hakykata laýyk gelýändigini subut edip bilmese, kazyýetiň üsti bilen ýalana çykarylmagyny talap etmäge hukuklydyr.

Gyzyklanýan şahslaryň talap etmegi boýunça, fiziki şahs ölenden soň hem onuň at-abraýynyň we mertebesiniň goralmagyna ýol berilýär.

2. Eger fiziki ýa-da ýuridik şahsyň at-abraýyny, mertebesini ýa-da iş abraýyny masgaralaýan maglumatlar köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýaýradylan bolsa, olar şol köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýalana çykarylmalydyr.

Eger ýokarda görkezilen maglumatlar guramadan çykýan resminamada beýan edilen bolsa, şol resminama çalşyrylmaga ýa-da yzyna alynmaga degişlidir.

Gaýry halatlarda maglumatlary ýalana çykarmagyň tertibi kazyýet tarapyndan bellenilýär.

3. Fiziki ýa-da ýuridik şahsyň, özi babatda köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde onuň hukuklaryny ýa-da kanun bilen goralýan bähbitlerini kemsidýän maglumatlar çap edilende, özüniň jogabyny şol köpçülikleýin habar beriş

serişdelerinde çap etmäge hukugy bardyr.

4. Eger kazyýetiň çözgüdi ýerine ýetirilmedik bolsa, kazyýet düzgüni bozuja Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan möçberde we tertipde döwletiň haýryna töledilýän jerime salmaga hukuklydyr. Jerimäniň tölenilmegi düzgüni bozujyny kazyýetiň çözgüdinde göz öňünde tutulan hereketi ýerine ýetirmek borjundan boşatmaýar.

5. Özi babatda at-abraýyny, mertebesini ýa-da iş abraýyny masgaralaýan maglumatlar ýaýradylan fiziki ýa-da ýuridik şahs şonuň ýaly maglumatlary ýalana çykarmak bilen bir hatarda, olaryň ýaýradylmagy bilen ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny we ahlak taýdan ýetirilen zyýanyň öwezlik tölegini talap etmäge hukuklydyr.

6. Eger fiziki ýa-da ýuridik şahsyň at-abraýyny, mertebesini ýa-da iş abraýyny masgaralaýan maglumatlary ýaýradan şahsy anyklamak mümkin bolmasa, onda özi babatda şeýle maglumatlar ýaýradylan şahs ýaýradylan maglumatlaryň hakykata laýyk gelmeýändigini ykrar etmek hakynda arza bilen kazyýete ýüz tutmaga hukuklydyr.

### 17-nji madda. Özüniň şekiliniň suratlandyrylmagyna bolan hukugy goramak

Hiç kim haýsy-da bolsa bir şahsyň çap edilen şekilini onuň razylygy bolmazdan, çap etmäge we ýaýratmaga hukuksyzdyr. Şekiliň çap edilmegi we ýaýradylmagy kazyýetiň, anyklaýyş we derňew edaralarynyň talap etmegi bilen baglanyşykly bolan, surata düşürmegiň ýa-da şekiliň gaýry usul bilen köpçüligiň arasynda alnan, şonuň ýaly-da kanunda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarynda, şeýle razylyk talap edilmeýär.

Eger şekillendirilýän şahs töleg alyp surata düşen bolsa, onuň şekiliniň çap edilmegine we ýaýradylmagyna şol şahsyň razylyk berendigi çak edilýär.

### 18-nji madda. Şahsy durmuşyň syryny goramaga bolan hukuk

1. Fiziki şahs özüniň şahsy durmuşyny: hat ýazyşmagynyň, gündelikleriniň, belliklериниň, ýazgylarynyň, pynhan durmuşynyň, dogluşynyň, perzentlige alynmagynyň, lukmançylyk ýa-da adwokatlyk syryny, goýumlarynyň syryny we şuňa meňzeş maglumatlary goramaga hukugy bardyr.

Şahsy durmuşyň syry diňe kanunda bellenilen halatlarda açylyp bilner.

2. Gündelikleriň, ýazgylaryň, bellikleriň we şuňa meňzeşleriň çap edilmegine diňe olaryň awtorynyň razylygy bilen, hatlaryň bolsa olaryň awtorynyň we gowşurmaly eýesiniň razylygy bilen ýol berilýär. Olardan kim-de bolsa biriniň ölen halatynda ýokarda görkezilen resminamalar öleniň diri äriniň (aýalynyň) we çagalarynyň, soňra bolsa beýleki ata-babalaryndan gaýdýan ugur boýunça nesilleriniň razylygy bilen çap edilip bilner.

## II BÖLÜM. ŞAHSLAR

## I BAP. FIZIKI ŞAHSLAR

### 19-njy madda. Fiziki şahs diýen düşünje

Fiziki şahslar diýlip Türkmenistanyň raýatlaryna, daşary ýurt raýatlaryna, şonuň ýaly-da raýatlygy bolmadyk adamlara düşünilýär.

### 20-nji madda. Fiziki şahsyň hukuk ukyby

1. Raýat hukuklaryna we borçlaryna eýe bolmak ukyby (raýat hukuk ukyby) fiziki şahslaryň ählisine deň derejede ykrar edilýär.
2. Fiziki şahsyň hukuk ukyby onuň doglan pursadynda ýüze çykýar we ölmegi bilen bes edýär.
3. Mirasdar bolmak hukugy onuň enesiniň göwresinde galan pursadyndan ýüze çykýar; onuň amala aşyrylmagy mirasdaryň diri dogulmagyna baglydyr.

### 21-nji madda. Fiziki şahsyň ady

1. Eger Türkmenistanyň kanunçylygyndan ýa-da milli däpden başgaça gelip çykmaýan bolsa, fiziki şahs hukuklary we borçlary familiýasyny we öz adyny, şonuň ýaly-da özüniň islegine görä, atasynyň adyny içine alýan, öz ady bilen edinýär we olary amala aşyrýar.

Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen halatlarda we tertipde fiziki şahs lakamyny (toslanyp dakylan adyny) ulanyp biler.

2. Fiziki şahs öz adyny kanunda bellenilen tertipde üýtgetmäge hukuklydyr. Fiziki şahsyň adyny üýtgetmegi onuň öňki ady bilen edinen hukuklarynyň we borçlarynyň bes edilmegi ýa-da üýtgedilmegi üçin esas däldir.

Fiziki şahs öz adynyň üýtgändigi barada öz bergidarlaryna we algydarlaryna mälim etmek üçin zerur çäreleri görmäge borçludyr we ol bu şahslarda onuň adynyň üýtgändigi baradaky maglumatlaryň bolmazlygy zerarly ýüze çykan netijeleriň töwekgelçiligini çekýär.

Adyny üýtgeden fiziki şahs özüniň öňki adyna ýazylan resminamalara öz hasabyna degişli üýtgetmeleriň girizilmegini talap etmäge hukuklydyr.

3. Fiziki şahsyň doglanda alan ady, şonuň ýaly-da adynyň üýtgedilmegi raýat ýagdaýynyň namalaryny bellige almak üçin bellenilen tertipde döwlet belligine alynmaga degişlidir.

4. Başga şahsyň ady bilen hukuklaryň we borçlaryň edinilmegine ýol berilmeýär.

### 22-nji madda. Fiziki şahsyň ýaşaýan ýeri

1. Fiziki şahsyň hemişelik ýa-da köplenç ýaşaýan ýeri onuň ýaşaýan ýeri diýlip ykrar edilýär.

2. On dört ýaşyna ýetmedik çaganyň ýa-da hossarlykda (howandarlykda) durýan fiziki şahsyň ýaşaýan ýeri diýlip, onuň ata-enesiniň, perzentlige alanlaryň, hossaryň (howandaryň) ýaşaýan ýeri ykrar edilýär.

3. Eger fiziki şahs mejbury tertipde ýa-da döwlet borçlaryny ýerine ýetirmek üçin kesgitli möhletiň dowamynda şol ýerde bolup bilmeýän bolsa, onuň ýaşaýan ýeri ýitirilmeýär.

**23-nji madda. Fiziki şahsyň kämillik ukyby**

1. Fiziki şahsyň öz erk-islegi we öz hereketleri bilen raýat hukuklaryny edinmek we amala aşyrmak, özi üçin raýat borçlaryny döretmek hem-de olary ýerine ýetirmek ukyby (raýat kämillik ukyby) onuň kämillik ýaşyna ýetmegi bilen, ýagny on sekiz ýaşyna ýetmegi bilen doly möçberinde ýüze çykýar.

2. Kanun bilen on sekiz ýaşyna ýetmänkä nikalaşmaga ýol berilýän halatynda, on sekiz ýaşyna ýetmedik fiziki şahs nikalaşan pursadyndan başlap, doly möçberde kämillik ukybyna eýe bolýar.

Nika baglaşylmagy netijesinde eýe bolnan kämillik ukyby on sekiz ýaşyna ýetmänkä nika bozulan halatynda hem doly möçberinde saklanyp galýar.

Nika hakyky däl diýlip ykrar edilen halatynda, kazyýet kämillik ýaşyna ýetmedik äri (aýaly) kazyýetiň kesgitlän pursadyndan, kämillik ukybyny doly ýitirýändigi hakynda çözgüt çykaryp biler.

3. Ýedi ýaşa çenli (kiçi ýaşlylar) kämillik ýaşyna ýetmedikleriň kämillik ukyby ýokdur.

**24-nji madda. Hukuk ukybyndan we kämillik ukybyndan mahrum etmäge we çäklendirmäge ýol bermezlik**

1. Fiziki şahs hukuk ukybyndan mahrum edilip bilinmez.

2. Kanunda bellenilen halatlardan we tertipden başga ýagdaýlarda hiç kim hukuk ukybyndan we kämillik ukybyndan çäklendirilip bilinmez.

3. Kanunda bellenilen şertleriň we tertibiň berjaý edilmezligi bilen fiziki şahslaryň kämillik ukybynyň ýa-da olaryň telekeçilik ýa-da gaýry iş bilen meşgullanmak hukuklarynyň çäklendirilmegi, degişli çäklendirmäni belleýän döwlet ýa-da gaýry edaralaryň namalarynyň hakyky däldigine eltýär.

4. Fiziki şahsyň öz hukuk ukybyndan ýa-da kämillik ukybyndan doly ýa-da bölekleýin ýüz döndermegi hem-de hukuk ukybyny ýa-da kämillik ukybyny çäklendirmäge gönükdirilen beýleki geleşikler biderekdir.

**25-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň çäklendirilen kämillik ukyby**

1. Ýedi ýaşdan on sekiz ýaşa çenli kämillik ýaşyna ýetmedikleriň çäklendirilen kämillik ukyby bardyr.

2. Çäklendirilen kämillik ukyply şahsyň baglaşan geleşiginiň hakyky bolmagy üçin onuň kanuny wekiliniň razylygy hökmanydyr, muňa kämillik ukyby

çäklendirilen şahsyň geleşik boýunça peýda görýän halatlary degişli däldir.

**26-njy madda. Fiziki şahsy kämillik ukyby ýok diýip ykrar etmek**

1. Psihiki bozulmadan ejir çekýänligi sebäpli öz hereketleriniň manysyna düşünip bilmeýän ýa-da olara erk edip bilmeýän fiziki şahs kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilip bilner. Oňa hossarlyk bellenilýär.

2. Kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen fiziki şahsyň adyndan geleşikleri onuň hossary amala aşyrýar.

3. Eger fiziki şahsy kämillik ukyby ýok diýip ykrar etmäge getiren esaslar aradan aýrylan bolsa, kazyýet ony kämillik ukyply diýip ykrar edýär. Kazyýetiň çözgüdi esasynda oňa bellenilen hossarlyk ýatyrylýar.

**27-nji madda. Fiziki şahsyň kämillik ukybyny çäklendirmek**

1. Spirtli içgileri ýa-da neşe serişdelerini kast bilen içmegi-çekmegi sebäpli öz maşgalasyny maddy taýdan agyr ýagdaýa salýan fiziki şahsyň kämillik ukyby kazyýet tarapyndan çäklendirilip bilner. Oňa howandarlyk bellenilýär. Şonuň ýaly şahs durmuş häsiýetli ownuk geleşiklerden başga, emläge ygtyýar etmek hakyndaky geleşikleri baglaşmaga, zähmet hakyny, pensiýany ýa-da girdejiniň beýleki görnüşlerini almaga hem-de olara ygtyýar etmäge diňe howandaryň razylygy bilen hukuklydyr.

2. Eger fiziki şahsyň kämillik ukybynyň çäklendirilmegine getiren esaslar aradan aýrylan bolsa, onda kazyýet onuň kämillik ukybynyň çäklendirilmegini ýatyrýar. Kazyýetiň çözgüdi esasynda fiziki şahsa bellenilen howandarlyk ýatyrylýar.

**28-nji madda. Fiziki şahsyň telekeçilik işi**

1. Döwlet tarapyndan hususy telekeçi hökmünde bellige alnan pursadyndan fiziki şahs ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanmaga hukuklydyr.

2. Fiziki şahslaryň ýuridik şahsy döretmezden amala aşyrýan telekeçilik işine şu Kodeksiň ýuridik şahslaryň işini düzgünleşdirýän kadalary ulanylýar.

**29-njy madda. Fiziki şahsyň emläkleýin jogapkärçiligi**

Fiziki şahs öz borçnamalary boýunça özüne degişli ähli emlägi bilen jogap berýär, muňa kanuna laýyklykda töleg alynmaga degişli bolmadyk emläk girmeýär.

Fiziki şahslaryň töleg alynmaga degişli bolmadyk emläginiň sanawy Türkmenistanyň ýerine ýetiriş önümçiligi hakyndaky kanunçylygy bilen bellenilýär.

**30-njy madda. Hususy telekeçiniň batyp galmagy**

1. Telekeçilik işini amala aşyrmak bilen baglylykda kreditorlaryň talaplaryny

kanagatlandyrmaga batyp galan hususy telekeçi kazyýetiň çözgüdi boýunça batyp galan diýlip ykrar edilip bilner. Kazyýet tarapyndan şeýle çözgüdiň çykarylan pursadyndan başlap, hususy telekeçi hökmünde döwlet belligine alnyşy öz güýjüni ýitirýär.

2. Hususy telekeçini batyp galan diýip ykrar etmek baradaky önümçilik amala aşyrylanda, telekeçilik işini amala aşyrmak bilen baglanyşykly bolmadyk borçnamalary boýunça onuň algydarlary hem öz talaplaryny bildirmäge hukuklydyr. Görkezilen kreditorlaryň şunuň ýaly tertipde bildirmedik talaplary hususy telekeçiniň batyp galmagy baradaky önümçilik tamamlanandan soň hem güýjüni saklaýar.

3. Hususy telekeçi, onuň batyp galan diýlip ykrar edilen halatynda, algydarlaryň talaplary oňa degişli töleg alnyp bilinýän emläginiň hasabyna şu aşakdaky ýaly nobat boýunça kanagatlandyrylýar:

birinji nobatda – fiziki şahslaryň talaplary, telekeçi olaryň janyna ýa-da saglygyna zyýan ýetirilendigi üçin olaryň öňünde jogapkärçilik çekýän bolsa, wagtal-wagtal tölenmäge degişli tölegleri jemläp hasaplamak arkaly, şonuň ýaly-da aliment töletmek baradaky talaplar kanagatlandyrylýar;

ikinji nobatda – zähmet şertnamasy boýunça işleýän şahslara işden çykan halatynda berilýän kömek puluny bermek we olaryň zähmet hakyny tölemek baradaky hasaplaşyklar geçirilýär, ýöne hasaplaşyk geçirilýän wagtyň dowamlylygy üç aýdan köp bolmaly däldir;

üçünji nobatda – kreditorlaryň hususy telekeçä degişli emlägiň girew goýulmagy arkaly üpjün edilen talaplary kanagatlandyrylýar;

dördünji nobatda – döwlet býujetine we býujetden daşary gaznalara hökmany tölenilmeli tölegler baradaky bergi üzülýär;

bäşinji nobatda – kanuna laýyklykda beýleki algydarlar bilen hasaplaşyklar geçirilýär.

Her bir nobatdaky algydarlaryň talaplary öňdäki nobatdaky algydarlaryň talaplary kanagatlandyrylandan soň kanagatlandyrylýar.

4. Kreditorlar bilen hasaplaşyklar tamamlanandan soň, batyp galan diýlip ykrar edilen hususy telekeçi öz telekeçilik işi bilen baglanyşykly galan borçnamalaryny hem-de ýerine ýetirmek üçin bildirilen we telekeçi batyp galan diýlip ykrar edilende hasaba alnan beýleki talaplary ýerine ýetirmekden boşadylýar.

Fiziki şahslaryň, batyp galan diýlip yglan edilen şahs olaryň öňünde janyna ýa-da saglygyna zyýan ýetirilendigi üçin jogapkärçilik çekýän talaplary, şonuň ýaly-da şahsy häsiýetdäki gaýry talaplar öz güýjüni saklaýar.

5. Hususy telekeçini kazyýet tarapyndan batyp galan diýip ykrar etmeginiň ýa-da onuň özüni batyp galan diýip yglan etmeginiň esaslary we tertibi kanun bilen bellenilýär.

6. Batyp galan diýlip yglan edilen fiziki şahsyň kazyýetiň çözgüdi boýunça belli bir möhletiň dowamynda telekeçilik işi bilen meşgullanmagy gadagan edilip bilner, ol möhlet Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen aňrybaş möhletden ýokary bolup bilmez.

**31-nji madda. Hossarlyk we howandarlyk**

1. Hossarlyk we howandarlyk kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen fiziki şahslaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramak üçin bellenilýär.

2. Hossarlar we howandarlar islendik şahslar we guramalar bilen gatnaşyklarda, şol sanda kazyýetlerde, ýörite ygtyýar almazdan özleriniň hossarlygynda ýa-da howandarlygynda bolýan fiziki şahslaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramagyň tarapyna çykyş edýärler.

3. Kämillik ýaşyna ýetmedik fiziki şahslara hossarlyk we howandarlyk olaryň ata-eneleri, perzentlige alanlary ýok bolanda, olaryň ata-eneleri kazyýet tarapyndan ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilende, şonuň ýaly-da bu fiziki şahslar gaýry sebäplere görä ata-eneleriniň hossarlygyndan ýa-da howandarlygyndan galan, hususan-da, ata-eneleriniň olary terbiýelemekden ýa-da olaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramakdan boýun gaçyrýan halatlarynda bellenilýär.

### 32-nji madda. Hossarlyk

1. Hossarlyk kämillik ukyby ýok fiziki şahslara bellenilýär.

2. Hossarlar kanuna görä özleriniň hossarlygynda bolýanlaryň wekilleri bolup durýarlar hem-de olaryň adyndan we olaryň bähbitleri üçin ähli zerur geleşikleri amala aşyrýarlar.

### 33-nji madda. Howandarlyk

1. Howandarlyk kämillik ukyby çäklendirilen fiziki şahslara bellenilýär.

2. Howandarlar özleriniň howandarlygynda bolýanlaryň özbaşdak baglaşmaga hukugy bolmadyk geleşiklerini baglaşmaga razylyk berýärler.

Howandarlar özleriniň howandarlygynda bolýanlaryň öz hukuklaryny amala aşyranda we borçlaryny ýerine ýetirende ýardam edýärler, şeýle hem olary üçünji bir şahslaryň hyýanat etmeginden goraýarlar.

### 34-nji madda. Hossarlyk we howandarlyk edaralary

1. Etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň, şäherdäki etraplaryň häkimlikleriniň hossarlyk we howandarlyk çygrynda iş alyp barýan bölümi hossarlyk we howandarlyk edaralary bolup durýarlar.

2. Kazyýet fiziki şahsy kämillik ukyby ýok diýip ykrar etmek hakynda ýa-da onuň kämillik ukybyny çäklendirmek hakynda çözgüdiň kanuny güýje giren wagtyndan soň üç günüň dowamynda bu hakda, şol fiziki şahsyň ýaşaýan ýerindäki hossarlyk we howandarlyk edarasyna oňa hossarlyk ýa-da howandarlyk bellemek üçin habar bermäge borçludyr.

3. Hossarlykda we howandarlykda bolýanlaryň ýaşaýan ýerindäki hossarlyk we howandarlyk edarasy olaryň hossarlarynyň we howandarlarynyň işine gözegçiligi amala aşyrýar.

4. Hossarlyk we howandarlyk edaralary öz wezipelerini Türkmenistanyň

kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrýarlar.

### 35-nji madda. Hossarlar we howandarlar

1. Diňe kämillik ýaşyna ýeten we kämillik ukyby bolan fiziki şahs özüniň razylygy bilen hossar ýa-da howandar bellenilip bilner. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilenler hossarlyga ýa-da howandarlyga bellenilip bilinmez.

2. Hossar ýa-da howandar bellenilende olaryň ahlak we beýleki şahsy häsiýetleri, hossaryň ýa-da howandaryň borçlaryny ýerine ýetirmäge ukyby, hossar ýa-da howandar bilen hossarlyga ýa-da howandarlyga mätäç şahsyň arasyndaky gatnaşyklar, eger-de bu mümkin bolsa, hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýanyň islegi hem nazara alynmalydyr.

3. Hossar ýa-da howandar hossarlyga ýa-da howandarlyga mätäç şahsyň ýaşaýan ýerindäki hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan bellenilýär, aýry-aýry ýagdaýlarda bolsa, hossaryň ýa-da howandaryň ýaşaýan ýeri boýunça bellenilip bilner.

4. Hossarlyga ýa-da howandarlyga mätäç fiziki şahsa bir aýyň dowamynda hossar ýa-da howandar bellenilmedik halatynda, hossaryň ýa-da howandaryň borçlaryny ýerine ýetirmek wagtlaýyn bu fiziki şahsyň ýüze çykarylan ýeri boýunça hossarlyk we howandarlyk edarasynyň üstüne ýüklenilýär.

5. Hossarlyga ýa-da howandarlyga mätäç bolan hem-de degişli terbiýeçilik, saglygy goraýyş edaralarynda, durmuş taýdan hyzmat edýän edaralarda ýa-da şulara meňzeş beýleki edaralarda bolýan ýa-da olara ýerleşdirilen fiziki şahslar üçin bu edaralar olaryň hossarlarydyr we howandarlarydyr.

6. Hossaryň ýa-da howandaryň bellenilmegi boýunça ýüze çykýan jedeller gyzyklanýan şahslar tarapyndan kazyýete şikaýat edilip bilner.

### 36-njy madda. Hossarlaryň we howandarlaryň öz borçlaryny ýerine ýetirmegi

1. Hossarlyk we howandarlyk boýunça borçlar tölegsiz ýerine ýetirilýär. Hossarlyk we howandarlyk edaralary hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýan şahsyň bähbitlerinden ugur alyp, hossar ýa-da howandar bilen Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen tertipde hossarlygy ýa-da howandarlygy tölegli esaslarda amala aşyrmak barada şertnama baglaşmaga hukuklydyr.

2. Kämillik ýaşyna ýetmedik fiziki şahslaryň hossarlary we howandarlary özleriniň hossarlyk ýa-da howandarlyk edýän şahslary bilen bile ýaşamaga borçludyrlar.

Aýratyn halatlarda, eger bu howandarlykda bolýanyň iň gowy bähbitlerine garşy gelmeýän bolsa, hossarlyk we howandarlyk edaralary tarapyndan howandaryň (hossaryň) on alty ýaşyna ýeten kämillik ýaşyna ýetmedik howandarlykda (hossarlykda) bolýan bilen aýratyn ýaşamagyna ýazmaça rugsat berlip bilner.

Hossarlar we howandarlar özleriniň ýaşaýan ýeriniň üýtgändigi barada hossarlyk we howandarlyk edaralaryna habar bermäge borçludyrlar.

3. Hossarlar we howandarlar özleriniň hossarlygynda ýa-da howandarlygynda bolýanlary ekläp-saklamak hakynda, olara ideg edilmegini we olaryň keseliniň bejerilmegini üpjün etmek hakynda alada etmäge, olaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramaga borçludyrlar. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hossarlary we howandarlary olary okatmak we terbiýelemek barada alada etmelidirler.

4. Şu maddanyň üçünji böleginde görkezilen borçlar kämillik ukyby kazyýet tarapyndan çäklendirilen kämillik ýaşyna ýeten fiziki şahslaryň howandarlarynyň üstüne ýüklenilmeýär.

5. Eger fiziki şahsyň kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen diýlip ykrar edilmegine esas bolan ýagdaýlar aradan aýrylan bolsa, onda hossar ýa-da howandar özüniň hossarlygynda ýa-da howandarlygynda bolýan şahsy kämillik ukyply diýip ykrar etmek we özünden hossarlygy ýa-da howandarlygy aýyrmak hakynda arza bilen kazyýete ýüz tutmaga borçludyr.

**37-nji madda. Hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýan fiziki şahsyň emlägine ygtyýarlyk etmek**

1. Hossar ýa-da howandar hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýan fiziki şahsyň girdejilerini, şol sanda onuň eýeçiligini dolandyrmakdan hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýan fiziki şahsa düşýän girdejileri diňe hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýan fiziki şahsyň bähbitleri üçin hem-de hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň deslapdan ýazmaça rugsat bermegi bilen harçlaýarlar, muňa hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýan şahsyň özbaşdak ygtyýar etmäge hukugy bolan girdejileri girmeýär.

Hossaryň ýa-da howandaryň hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýany ekläp-saklamak üçin, onuň girdejisi hökmünde hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýana düşýän puluň hasabyna zerur çykdajylary hossarlyk we howandarlyk edarasyndan deslapdan rugsat alman harç etmäge hukugy bardyr.

2. Hossar hossarlyk we howandarlyk edarasynyň deslapky rugsady bolmazdan hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýanyň emlägini eýeçiliginden aýrybaşgalamak, şol sanda çalyşmak ýa-da sowgat bermek, ony kireýine (kärendesine), tölegsiz peýdalanmaga bermek ýa-da girew goýmak boýunça geleşikleri, hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýanyň degişli hukuklaryndan ýüz döndermegine getirýän, onuň emlägini bölmäge ýa-da onuň paýyndan bölüp almaga getirýän geleşikleri, şonuň ýaly-da hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýanyň emläginiň kemelmegine getirýän islendik beýleki geleşikleri baglaşmaga, howandar bolsa razylyk bermäge hukuksyzdyr.

Hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýan fiziki şahsyň eýeçiligini dolandyrmagyň tertibi kanun bilen kesgitlenilýär.

3. Hossar, howandar, olaryň äri (aýaly) we ýakyn garyndaşlary, öz hossarlygynda ýa-da howandarlygynda bolýan fiziki şahslar bilen emlägi hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýana sowgat etmek ýa-da tölegsiz peýdalanmaga bermekden başga geleşikleri baglaşmaga, şonuň ýaly-da hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýan fiziki şahs bilen hossaryň ýa-da howandaryň äriniň (aýalynyň) we olaryň

ýakyn garyndaşlarynyň arasynda geleşikler baglaşylanda ýa-da kazyýet işleri seredilende hossarlygynda ýa-da howandarlygynda bolýanyň adyndan wekilçilik etmäge hukuksyzdyr.

### 38-nji madda. Hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýan şahslaryň eýeçiligini ynançly dolandyrmak

1. Hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýan şahsyň gozgalmaýan we gymmatly gozgalýan emlägini hemişelik dolandyrmak zerur bolan halatynda, hossarlyk we howandarlyk edarasy eýeçiligi ynançly dolandyrmak hakynda bu edara tarapyndan kesgitlenilen dolandyryjy bilen şertnama baglaşýar. Şu ýagdaýda hossar ýa-da howandar hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýan fiziki şahsyň ynançly dolandyrmaga berilmedik emlägi babatda öz ygtyýarlyklaryny saklap galýar.

Hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýan fiziki şahsyň eýeçiligini dolandyrmak boýunça ygtyýarlaryny amala aşyranda eýeçiligi dolandyryja şu Kodeksiň 37-nji maddasynyň ikinji we üçünji böleklerinde göz öňünde tutulan düzgünleriň hereketi degişli bolýar.

2. Hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýan fiziki şahsyň eýeçiligini ynançly dolandyrmak eýeçiligi ynançly dolandyrmak hakyndaky şertnamany ýatyrmak üçin kanunda göz öňünde tutulan esaslar boýunça, şonuň ýaly-da hossarlyk we howandarlyk ýatyrylan halatlarda bes edilýär.

### 39-njy madda. Hossarlary we howandarlary öz borçlaryny ýerine ýetirmekden boşatmak we çetleşdirmek

1. Hossarlyk we howandarlyk edarasy kämillik ýaşyna ýetmedik fiziki şahs özüniň ata-enelerine gaýtarylan ýa-da ol perzentlige alnan halatynda, hossary ýa-da howandary öz borçlaryny ýerine ýetirmekden boşadýar.

Hossarlyk-howandarlyk edilýän fiziki şahs degişli terbiýeleýiş, saglygy goraýyş edarasyna, durmuş taýdan hyzmat edýän edarasyna ýa-da şuňa meňzeş başga edara ýerleşdirilen halatynda, hossarlyk we howandarlyk edarasy, eger munuň özi hossarlyk-howandarlyk edilýän fiziki şahsyň bähbitlerine garşy gelmeýän bolsa, ozal bellenilen hossary ýa-da howandary öz borçlaryny ýerine ýetirmekden boşadýar.

2. Esasly sebäpler bolanda (ýarawsyzlyk, emläk ýagdaýy üýtgän, hossarlyk-howandarlyk edilýän fiziki şahs bilen özara düşünişmezlik ýüze çykan we ş.m.), hossar ýa-da howandar öz haýyşy boýunça borçlaryny ýerine ýetirmekden boşadylyp bilner.

3. Hossar ýa-da howandar özüne ýüklenen borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmedik halatynda, şol sanda özüniň hossarlygyny ýa-da howandarlygyny betniýetli maksatlar üçin peýdalanan halatynda, ýa-da hossarlyk-howandarlyk edilýän adamy gözegçiliksiz we zerur kömeksiz goýanda, hossarlyk we howandarlyk edarasy hossary ýa-da howandary bu borçlary ýerine ýetirmekden çetleşdirip biler hem-de günäkär şahsyň kanunda bellenilen jogapkärçilige çekilmegi üçin zerur çäreleri görüp biler.

4. Hossar ýa-da howandar öz üstüne ýüklenen borçlaryny ýerine ýetirmekden öz haýyşy boýunça, şeýle hem olaryň hossarlygynda ýa-da howandarlygynda bolýan şahsyň talaby boýunça boşadylyp bilner.

5. Hossarlyk we howandarlyk edaralary hossarlykda ýa-da howandarlykda bolýan şahs bilen hossaryň ýa-da howandaryň bähbitleriniň arasynda düşünişmezlik ýüze çykan ýagdaýynda, hossary ýa-da howandary öz üstüne ýüklenen borçlaryny ýerine ýetirmekden wagtlaýyn boşadyp biler.

**40-njy madda. Hossarlygyň we howandarlygyň bes edilmegi**

1. Hossaryň, howandaryň ýa-da hossarlyk we howandarlyk edarasynyň arzasy boýunça kämillik ýaşyna ýeten fiziki şahslary kämillik ukyply diýlip ykrar etmek ýa-da olaryň kämillik ukybyny çäklendirmegi ýatyrmak hakynda kazyýet çözgüt çykaran halatlarynda, olara edilýän hossarlyk we howandarlyk bes edilýär.

2. Hossarlyk edilýän kiçi ýaşly çaga ýedi ýaşyna ýetenden soň, oňa hossarlyk etmek bes edilýär, hossaryň borçlaryny amala aşyrýan şahs bolsa, bu barada goşmaça karar çykarylmazdan, kämillik ýaşyna ýetmedigiň howandaryna öwrülýär.

3. Kämillik ýaşyna ýetmedik şahs on sekiz ýaşyna ýetenden soň, oňa howandarlyk etmek aýratyn çözgüt çykarylmazdan bes edilýär, şonuň ýaly-da onuň doly kämillik ukybyna kämillik ýaşyna ýetmänkä eýe bolan beýleki halatlarynda hem howandarlyk bes edilýär.

**41-nji madda. Kämillik ukyby bolan fiziki şahslara penakärlik (patronaž)**

1. Kämillik ýaşyna ýeten, kämillik ukyby bolan, saglyk ýagdaýy sebäpli öz hukuklaryny özbaşdak amala aşyryp we gorap hem-de borçlaryny ýerine ýetirip bilmeýän fiziki şahsa onuň öz haýyşy boýunça howandarlygyň aýratyn görnüşi hökmünde penakärlik (patronaž) bellenilip bilner.

2. Kämillik ýaşyna ýeten, kämillik ukyply fiziki şahsa penakär, hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan diňe şol şahsyň razylygy bilen bellenilip bilner.

3. Kämillik ýaşyna ýeten, kämillik ukyply fiziki şahsyň emlägine penakär tarapyndan ygtyýar etmek penakärlikde bolýan bilen baglaşylan tabşyryk hakynda ýa-da ynançly dolandyrmak hakynda şertnama laýyklykda amala aşyrylýar. Penakärlikde bolýany saklamak we onuň durmuş häsiýetli zerurlyklarynyň kanagatlandyrylmagyna gönükdirilen durmuş häsiýetli we beýleki geleşikleri ýerine ýetirmek onuň penakäri tarapyndan penakärlikde bolýanyň razylygynda amala aşyrylýar.

4. Kämillik ýaşyna ýeten kämillik ukyply fiziki şahsa şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda bellenilen penakärlik penakärlikde bolýan fiziki şahsyň talap etmegi boýunça ýatyrylýar.

Penakärlikde bolýan fiziki şahsyň penakäri şu Kodeksiň 39-njy maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda, öz üstüne ýüklenilen borçlary ýerine ýetirmekden boşadylýar.

**42-nji madda. Fiziki şahsy nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek**

Eger fiziki şahsyň bolýan ýeri näbelli bolsa we bir ýylyň dowamynda onuň ýaşaýan ýerinde onuň bolýan ýeri hakynda maglumat bolmasa, gyzyklanýan şahslaryň arzasy boýunça kazyýet tarapyndan şol fiziki şahs nam-nyşansyz giden diýip ykrar edilip bilner.

Giden şahs hakynda soňky maglumatlaryň alnan gününi anyklamak mümkin bolmadyk halatynda, giden şahs hakyndaky soňky maglumatlaryň alnan aýynyň yzyndaky aýyň birinji güni ony nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek üçin möhleti hasaplap başlamak wagty diýlip hasap edilýär, bu aýy anyklamak mümkin bolmadyk halatynda bolsa, indiki ýylyň birinji ýanwary giden fiziki şahsy nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek üçin möhleti hasaplap başlamak wagty diýlip hasap edilýär.

**43-nji madda. Fiziki şahsy nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmegiň netijeleri**

1. Nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilen fiziki şahsyň emlägi, şol emlägi hemişelik dolandyrmak zerurlygy ýüze çykanda kazyýetiň çözgüdi esasynda hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan kesgitlenilýän we ynançly dolandyrmak hakynda bu edara bilen baglaşylýan şertnama esasynda hereket edýän şahsa berilýär.

Bu emläkden nam-nyşansyz giden fiziki şahsyň ekläp-saklamaga borçly adamlaryny ekläp-saklamak üçin serişde berilýär we nam-nyşansyz giden fiziki şahsyň beýleki borçnamalary boýunça bergisi üzülýär.

2. Hossarlyk we howandarlyk edarasy giden fiziki şahsyň bolýan ýeri hakyndaky maglumatlaryň alnan gününden beýläk bir ýyl geçmänkä hem onuň emlägini dolandyryjyny belläp biler.

3. Fiziki şahsy nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmegiň şu maddada göz öňünde tutulmadyk netijeleri kanun bilen kesgitlenilýär.

**44-nji madda. Fiziki şahsy nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek hakyndaky çözgüdiň ýatyrylmagy**

Nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilen fiziki şahs gelen ýa-da onuň bolýan ýeri anyklanylan ýagdaýynda, kazyýet ony nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek hakyndaky çözgüdi ýatyrýar. Kazyýetiň çözgüdi esasynda bu fiziki şahsyň emlägini dolandyrmak hem ýatyrylýar. Fiziki şahsyň hojalygyň degişli ýagdaýda ýöredilmegi netijesinde alnan peýdanyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge hukugy ýokdur, emma hojalygyň degişli däl ýagdaýda ýöredilmegi netijesinde ýüze çykan zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge hukugy bardyr.

**45-nji madda. Fiziki şahsy ölen diýip yglan etmek**

1. Fiziki şahsyň bolýan ýeri hakynda onuň ýaşaýan ýerinde bäş ýylyň

dowamynda maglumat bolmadyk ýa-da oňa ölüm howpy salnan ýa-da ol belli bir betbagtçylykly hadysadan heläk bolan diýip çak etmäge esas berýän ýagdaýlarda nam-nyşansyz giden bolsa, onuň bolýan ýeri hakynda onuň ýaşaýan ýerinde alty aýyň dowamynda maglumat bolmadyk ýagdaýynda kazyýet tarapyndan ölen diýlip yglan edilip bilner.

2. Harby hereketleri bilen baglanyşykly nam-nyşansyz giden harby gullukçy ýa-da beýleki fiziki şahs harby hereketleriň tamamlanan gününden azyndan üç ýyl geçenden soň kazyýet tarapyndan ölen diýlip yglan edilip bilner.

3. Fiziki şahsyň ölen güni diýlip, kazyýetiň ony ölen diýip yglan etmek hakyndaky çözgüdiniň kanuny güýje giren güni diýlip hasap edilýär. Fiziki şahsa ölüm howpy salnan ýa-da ol belli bir betbagtçylykly hadysadan heläk bolan diýip çak etmäge esas berýän ýagdaýlarda nam-nyşansyz giden fiziki şahs ölen diýlip yglan edilen halatynda, kazyýet onuň heläk bolandyr diýlip çak edilýän gününi bu fiziki şahsyň ölen güni diýip ykrar edip biler.

**46-njy madda. Ölen diýlip yglan edilen fiziki şahsyň gelmeginiň netijeleri**

1. Ölen diýlip yglan edilen fiziki şahs gelen ýa-da onuň bolýan ýeri anyklanylan halatynda, kazyýet ony ölen diýip yglan etmek hakyndaky çözgüdi ýatyrýar.

2. Özüniň haçan gelendigine garamazdan, fiziki şahs ölen diýlip yglan edilenden soň, öz emlägi kime tölegsiz geçen bolsa, saklanyp galan emläginiň gaýtarylyp berilmegini şol şahsdan talap edip biler, muňa şu Kodeksiň 216-njy maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan halatlar degişli däldir.

3. Ölen diýlip yglan edilen fiziki şahsyň emlägi tölegli geleşikler boýunça özüne geçen şahslar, eger-de olaryň şol emlägi edinen wagty ölen diýlip yglan edilen fiziki şahsyň diridigini bilendigi subut edilse, bu emlägi oňa gaýtaryp bermäge borçludyrlar. Şonuň ýaly emlägi hakyky özlüginde gaýtaryp bermek mümkin bolmadyk halatynda, onuň bahasy tölenilýär.

4. Eger ölen diýlip yglan edilen şahsyň emlägi gazna geçirilen we gazna tarapyndan ýerlenen bolsa, onda ölen diýip yglan etmek hakynda kazyýetiň çykaran çözgüdi ýatyrylandan soň, şol emlägi ýerlemekden düşen pul bu şahsa bir aý möhletde gaýtarylyp berilýär.

**47-nji madda. Raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almak**

1. Raýat ýagdaýynyň şu aşakdaky namalary döwlet belligine alynmaga degişlidir:

1) dogluş;
2) nika baglaşylmagy;
3) nikanyň bozulmagy;
4) perzentlige (ogullyga ýa-da gyzlyga) alynmagy;
5) atalygyň anyklanylmagy;
6) familiýanyň, adyň we atasynyň adynyň üýtgedilmegi;
7) ölüm.

2. Raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almak degişli raýat ýagdaýynyň namalarynyň degişli ýazgysyny düzmek, Raýat ýagdaýynyň namalarynyň bir bitewi döwlet sanawyna girizmek we onuň esasynda raýat ýagdaýynyň namasynyň döwlet belligine alnandygy hakynda şahadatnama bermek arkaly raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyny döwlet belligine almaga hukugy bolan edaralar tarapyndan amala aşyrylýar.

3. Ýeterlik esas bar bolanda we gyzyklanýan adamlaryň arasynda jedel bolmasa, raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysy edaralary tarapyndan geçirilýär.

Gyzyklanýan şahslaryň arasynda jedel bar bolsa ýa-da raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmekden raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysy edaralary ýüz dönderse, jedel kazyýet tarapyndan çözülýär.

Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysy edaralary tarapyndan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyny ýatyrmak we dikeltmek kazyýetiň kanuny güýje giren çözgüdi esasynda amala aşyrylýar.

Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek üçin esaslar bolmadyk halatynda, düşünişmezlikler kazyýet tertibinde çözülýär.

Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmegiň meseleleri boýunça gyzyklanýan adamlaryň arasyndaky jedeller kazyýet tertibinde çözülýär.

Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysy edaralarynyň raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylaryny üýtgetmekden, goşmaça girizmekden we (ýa-da) olary düzetmekden ýüz döndermegine ýüz tutýan şahs tarapyndan kazyýete şikaýat edilip bilner.

4. Raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almagyň tertibi, raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylaryna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmegiň, şeýle hem olary dikeltmegiň we ýatyrmagyň tertibi, raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet belligine alnyşynyň kitaplaryny ýöretmegiň tertibi, raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet belligine alynmagy bilen bagly meseleler boýunça raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyny döwlet belligine almaga hukugy bolan edaralaryň wezipeleri we ygtyýarlyklary Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

## II BAP. ÝURIDIK ŞAHSLAR

### §1. Umumy düzgünler

#### 48-nji madda. Ýuridik şahs diýen düşünje

1. Eýeçiliginde aýrybaşga emlägi bolan we öz borçnamalary boýunça bu emläk bilen jogap berýän, öz adyndan emläk we şahsy emläkleýin däl hukuklary edinip

hem-de amala aşyryp bilýän, borçlaryny çekip bilýän, kazyýetde hak isleýji we jogap beriji bolup bilýän gurama ýuridik şahs diýlip ykrar edilýär.

2. Döwlet raýat hukuk gatnaşyklaryna ýuridik şahs hökmünde gatnaşýar. Döwletiň ygtyýarlygyny onuň edaralary amala aşyrýarlar.

Döwlet tarapyndan döredilen ýuridik şahslar raýat hukuk gatnaşyklaryna umumy esaslarda gatnaşýarlar.

**49-njy madda. Ýuridik şahsyň hukuk ukyby**

1. Telekeçi bolup durmaýan ýuridik şahs maksatlaryna laýyk gelýän we onuň esaslandyryş resminamalarynda göz öňünde tutulan işi amala aşyrmaga ygtyýarlydyr.

Telekeçi ýuridik şahs kanunda gadagan edilmedik islendik işi amala aşyrmaga hukuklydyr.

Ýuridik şahslar sanawy kanun bilen kesgitlenilýän işiň käbir görnüşlerini diňe ýörite ygtyýarnama esasynda amala aşyrmaga hukuklydyr. Ýuridik şahsyň şonuň ýaly işi amala aşyrmak hukugy ygtyýarnamanyň alnan pursadyndan başlap ýüze çykýar.

2. Ýuridik şahsyň hukuk ukyby onuň döwlet belligine alnan pursadyndan başlap ýüze çykýar we onuň ýatyrylmagyny bellige almagyň tamamlanylan pursadyndan ýatyrylýar.

3. Ýuridik şahsyň diňe kanunda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde hukugy çäklendirilip bilner.

**50-nji madda. Telekeçi ýuridik şahslar**

Özleriniň wezipesi peýda almak maksady bilen telekeçilik (täjirçilik) işinden ybarat bolan ýuridik şahslar telekeçi ýuridik şahslar bolup durýarlar. Telekeçi ýuridik şahslar kanuna laýyklykda döredilýär.

**51-nji madda. Telekeçi däl ýuridik şahslar**

1. Özleriniň wezipesi peýda almak maksady bilen telekeçilik (täjirçilik) işinden ybarat bolmadyk ýuridik şahslar telekeçi däl ýuridik şahslar bolup durýarlar. Kömekçi häsiýete eýe bolan telekeçilik işi telekeçi däl ýuridik şahsyň häsiýetini üýtgetmeýär. Telekeçi däl ýuridik şahslar jemgyýetçilik birleşikleri we jemgyýetçilik gaznalary (mundan beýläk – gazna) görnüşinde döredilýär.

2. Eger birnäçe şahslar özleriniň öňünde umumy maksady goýýan bolsa, şonda onuň dowam etmegi düzümindäki agzalaryň üýtgetmegine bagly bolmasa, ýuridik şahs jemgyýetçilik birleşigi bolýar. Jemgyýetçilik birleşigini döretmegiň tertibi kanun bilen kesgitlenilýär.

3. Esaslandyryjylaryň biri ýa-da birnäçesi jemgyýete peýdaly umumy maksada ýetmek üçin ýörite emlägini agzalary bolmadyk garaşsyz subýektiň eýeçiligine berende ýuridik şahs gazna bolýar.

**52-nji madda. Ýuridik şahslaryň döwlet belligine alynmagy**

1. Ýuridik şahs kanun bilen kesgitlenýän tertipde döwlet belligine alynmaga degişlidir. Döwlet belligine alnyş maglumatlary, şol sanda telekeçilik guramalary üçin firmanyň ady, hemmeleriň tanyşmagy üçin açyk bolan ýuridik şahslaryň Ýeketäk döwlet sanawyna girizilýär.

Ýuridik şahslary döwlet belligine almakdan ýüz dönderilmegi hem-de döwlet belligine alnyşdan boýun gaçyrylmagy barada kazyýete şikaýat edilip bilner.

2. Ýuridik şahs onuň döwlet belligine alnan pursadyndan başlap döredilen diýlip hasap edilýär.

**53-nji madda. Ýuridik şahsyň esaslandyryş resminamalary**

1. Ýuridik şahs esaslandyryş resminamalarynyň esasynda hereket edýär.

Ýuridik şahsyň esaslandyryş şertnamasy onuň esaslandyryjylary (gatnaşyjylary) tarapyndan baglaşylýar, tertipnamasy bolsa, tassyklanylýar.

Şu Kodekse laýyklykda bir esaslandyryjy tarapyndan döredilen ýuridik şahs, şol esaslandyryjynyň tassyklan tertipnamasy esasynda hereket edýär.

2. Ýuridik şahsyň tertipnamasynda we beýleki esaslandyryş resminamalarynda ýuridik şahsyň ady, onuň ýerleşýän ýeri, ýuridik şahsyň işini dolandyrmagyň tertibi kesgitlenmelidir, şonuň ýaly-da degişli görnüşdäki ýuridik şahslar hakyndaky kanunda göz öňünde tutulan beýleki maglumatlar görkezilmelidir.

Esaslandyryş şertnamasynda taraplar (esaslandyryjylar) ýuridik şahsy döretmegiň we onuň işiniň tertibini, oňa öz emlägiňi bermegiň we onuň işine gatnaşmagyň şertlerini kesgitleýärler. Şeýle-de şertnamada gatnaşyjylaryň arasynda girdejini we çekilen zyýany paýlamagyň, ýuridik şahsyň işini dolandyrmagyň, esaslandyryjylaryň (gatnaşyjylaryň) onuň düzüminden çykmagynyň şertleri we tertibi kesgitlenilýär. Esaslandyryjylaryň razylygy boýunça esaslandyryş şertnamasyna beýleki şertler hem girizilip bilner.

3. Esaslandyryş resminamalaryndaky üýtgetmeler üçünji şahslar üçin döwlet belligine alnan pursadyndan başlap güýje girýär, kanun bilen bellenilen halatlarda bolsa, döwlet belligine almak işini amala aşyrýan edaranyň bu üýtgetmeler hakynda mälim edilen pursadyndan güýje girýär. Emma ýuridik şahslaryň we olary esaslandyryjylaryň (gatnaşyjylaryň) bu üýtgetmeleri nazara alyp hereket eden üçünji şahslar bilen bolan gatnaşyklarda şonuň ýaly üýtgetmeleriň bellige alynmandygyna salgylanmaga hukugy ýokdur.

**54-nji madda. Ýuridik şahsyň edaralary**

1. Ýuridik şahs kanunçylyga we esaslandyryş resminamalaryna laýyklykda hereket edýän öz edaralarynyň üsti bilen raýat hukuklaryna eýe bolýar we öz üstüne raýat borçlaryny alýar. Ýuridik şahsyň edaralaryny bellemegiň ýa-da saýlamagyň tertibi kanunçylyk we esaslandyryş resminamalary arkaly kesgitlenilýär.

2. Kanuna ýa-da ýuridik şahsyň esaslandyryş resminamalaryna laýyklykda şol

ýuridik şahsyň adyndan çykyş edýän şahs özüniň wekilçilik edýän ýuridik şahsynyň bähbitleri üçin ak ýürekden we paýhasly hereket etmelidir.

**55-nji madda. Ýuridik şahsyň ady we ýerleşýän ýeri**

1. Ýuridik şahsyň özüniň guramaçylyk-hukuk görnüşini görkezýän öz ady bolýar.

2. Ýuridik şahsyň administrasiýasynyň ýerleşýän ýeri onuň ýerleşýän ýeri diýlip hasap edilýär. Ýuridik şahsyň diňe bir ýerleşýän ýeri (hukuk salgysy) bolup biler. Ýuridik şahsyň başga ýerleşýän ýeri şahamçasynyň ýerleşýän ýeri diýlip hasap edilýär.

3. Ýuridik şahsyň ady we ýerleşýän ýeri onuň esaslandyryş resminamalarynda görkezilýär.

4. Telekeçilik guramasy bolup durýan ýuridik şahsyň firma ady bolmalydyr.

Özüniň firma ady bellenilen tertipde bellige alnan ýuridik şahsyň ony ulanmaga aýratyn hukugy bardyr.

Firma atlaryny bellige almagyň we ulanmagyň tertibi şu Kodekse laýyklykda kanunçylyk bilen kesgitlenilýär.

Kesekiniň bellige alnan firma adyny bikanun ulanýan şahs, firma adyna bolan hukuga eýelik edýäniň talap etmegi boýunça, ony ulanmagyny bes etmäge we ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

**56-njy madda. Wekillikler we şahamçalar**

1. Ýuridik şahsyň ýerleşýän ýerinden başga ýerde ýerleşýän we ýuridik şahsyň bähbitlerini goraýan we wekilçiligi amala aşyrýan, onuň adyndan geleşikleri baglaşýan we beýleki ýuridik hereketleri amala aşyrýan aýrybaşga bölümi wekillik hasaplanýar.

2. Ýuridik şahsyň ýerleşýän ýerinden başga ýerde ýerleşýän we onuň wezipeleriniň, şol sanda wekilligiň etmeli işleriniň hemmesini ýa-da bir bölegini amala aşyrýan aýrybaşga bölümi şahamça hasaplanýar.

3. Wekillikler we şahamçalar ýuridik şahs däldir. Olary döreden ýuridik şahs tarapyndan olara emläk berilýär we olar tarapyndan tassyklanylan düzgünnamalar esasynda hereket edýärler.

Wekillikleriň we şahamçalaryň ýolbaşçylary ýuridik şahs tarapyndan bellenilýär we olar onuň ynanç haty esasynda hereket edýärler.

**§2. Jemgyýetçilik birleşikleri we gaznalar hakyndaky umumy kadalar**

**57-nji madda. Jemgyýetçilik birleşiklerini we gaznalaryny döwlet belligine almak**

1. Jemgyýetçilik birleşiginiň ýuridik şahs hökmünde hukuk ukyby Türkmenistanyň Adalat ministrliginde döwlet belligine alnan hem-de ol baradaky

maglumatlaryň ýuridik şahslaryň Ýeke-täk döwlet sanawyna girizilen pursadyndan ýüze çykýar. Syýasy we beýleki jemgyýetçilik ähmiýetli maksatlar ugrunda aladalanýan jemgyýetçilik birleşiklerini (syýasy partiýalar, dini guramalar, kärdeşler arkalaşyklary we ş.m.) bellige almagyň tertibi ýörite kanunlarda kesgitlenilýär.

2. Bellige almak talabyna bolan hukuk, eger tertipnama kanunyň talaplaryna laýyk gelýän bolsa we bellige almak üçin hödürlenen ýuridik şahsyň maksatlary hereket edýän kanunçylyga, ykrar edilen ahlak kadalaryna ýa-da Türkmenistanyň konstitusion-hukuk ýörelgelerine garşy gelmeýän bolsa, ýüze çykyp biler. Gaznalaryň emläginiň niýetlenilişi bellenilen maksatlara laýyk gelmelidir.

3. Jemgyýetçilik birleşigini döwlet belligine almagyň tertibi kanun bilen kesgitlenilýär.

4. Türkmenistanyň Adalat ministrligi resminamalaryň berlen pursadyndan başlap ýigrimi bäş senenama gününiň dowamynda bellige alynmagy barada çözgüt çykarmalydyr.

5. Döwlet belligine almakdan ýüz dönderilmegi esaslandyrylan bolmalydyr, şikaýat etmek mümkinçiligini we onuň tertibini göz öňünde tutmalydyr. Döwlet belligine almakdan ýüz dönderilmegine kazyýete şikaýat edilip bilner.

**58-nji madda. Jemgyýetçilik birleşikleriniň we gaznalaryň tertipnamasy**

1. Jemgyýetçilik birleşikleriniň we gaznalaryň guralyşy we gurluşy olaryň tertipnamasy bilen düzgünleşdirilýär.

2. Tertipnamada görkezilmeli maglumatlaryň sanawy kanun bilen kesgitlenilýär.

**59-njy madda. Bellige alnyş maglumatlary**

1. Bellige almak şu aşakdaky maglumatlary öz içine alýar: ýuridik şahsyň ady we onuň ýerleşýän ýeri, onuň işiniň maksatlary, tertipnamanyň kabul edilen wagty, esaslandyryjylaryň şahsyýeti, müdiriýetiň agzalarynyň şahsyýeti we olaryň wekilçilik ygtyýarlarynyň mümkin bolan çäklendirilmeleri.

2. Bellige alnyş maglumatlary çap edilmäge degişlidir.

3. Islendik şahs sanawdaky ýazgylar bilen tanyşmaga we ýazmaça göçürmeleri talap etmäge hukuklydyr.

**60-njy madda. Üýtgetmeleri bellige almak**

Bellige alynmaga degişli faktlaryň üýtgemegi ýolbaşçy edara tarapyndan tassyklanylan görnüşde haýal etmän Türkmenistanyň Adalat ministrligine berilmelidir. Olar jemgyýetçilik birleşikleriniň döwlet Sanawyna girizilýär we çap edilýär.

**61-nji madda. Jemgyýetçilik birleşikleriniň we gaznalaryň işine döwlet gözegçiligi**

1. Jemgyýetçilik birleşikleriniň we gaznalaryň işiniň kanunylygyna döwlet gözegçiligini Türkmenistanyň Adalat ministrligi amala aşyrýar.

2. Eger jemgyýetçilik birleşigi ýa-da gazna esasan telekeçilik işine geçen bolsa ýa-da tertipnamada göz öňünde tutulan maksatlaryny amala aşyrmak mümkin bolmasa, Türkmenistanyň Adalat ministrligi bellige almagy ýatyrýar.

**62-nji madda. Ýolbaşçylyk we wekillik**

1. Ýolbaşçy edaranyň agzalarynyň, aýry-aýry halatlarda ýörite wekilleriň ýolbaşçylyk etmäge hukugy bardyr. Bu bir wagtyň özünde olaryň borjy hem bolup durýar.

2. Ýolbaşçylyk etmegiň çäkleri jemgyýetçilik birleşiginiň ýa-da gaznanyň maksatlaryna laýyklykda tertipnama bilen kesgitlenilýär.

3. Tertipnama bir şahsyň işi ýekelikde alyp barmak ygtyýarlaryny göz öňünde tutup biler ýa-da iki ýa-da birnäçe şahsyň bilelikde ýolbaşçylyk etmegini belläp biler.

4. Tertipnama olaryň amala aşyrylmagy üçin beýleki gözegçilik edaralarynyň razylygyny talap edýän hereketleriň sanawyny göz öňünde tutup biler.

**63-nji madda. Üçünji şahslar bilen gatnaşyklarda ýolbaşçy edaranyň ygtyýarlylygy**

1. Ýolbaşçy edara üçünji şahslar bilen gatnaşyklarda jemgyýetçilik birleşigine ýa-da gazna wekilçilik edýär. Tertipnamada wekilçilik etmäge ygtyýarly edilen şahslaryň ýekelikde, olaryň birnäçesiniň bilelikde ýa-da hemmesiniň bilelikde hereket etjekdigi-etmejekdigi baradaky düzgünler bolmalydyr.

2. Tertipnama bilen wekilligiň ygtyýarlyklary çäklendirilip bilner. Bu çäklendirmeleriň üçünji şahslar üçin diňe, haçan-da olar jemgyýetçilik birleşikleriniň döwlet Sanawynda bellige alnanda güýji bardyr, muňa bu çäklendirmeler barada üçünji şahsyň bilen halatlary girmeýär.

3. Tertipnama jemgyýetçilik birleşiginiň ýa-da gaznanyň ýörite wekiliniň bellenilmegini göz öňünde tutup biler. Tertipnama bilen şonuň ýaly wekilçiligiň ygtyýarlyklarynyň çäkleri we görnüşi düzgünleşdirilmelidir, ol hem bellige alynmaga degişlidir.

**64-nji madda. Jemgyýetçilik birleşiginiň we gaznanyň jogapkärçiligi**

1. Jemgyýetçilik birleşigi we gazna ýolbaşçy edaranyň agzalarynyň ýa-da beýleki wekilleriniň özleriniň üstüne ýüklenilen borçlary ýerine ýetirenlerinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak borjuny döredýän hereketleriniň netijesinde üçünji şahslara ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilik çekýärler.

2. Wekilçilige ygtyýarly edilen şahslar işi ynsap bilen alyp barmalydyrlar. Olar bu borçlaryny bozanda ýetirilen zyýan üçin jemgyýetçilik birleşiginiň ýa-da gaznanyň öňünde jogapkärçilik çekýärler. Eger üçünji şahslaryň talaplaryny kanagatlandyrmak üçin zyýanyň öwezini dolmak zerur bolsa, onda zyýanyň öwezini

dolmakdan ýüz dönderilmegi hakyky däldir.

3. Jemgyýetçilik birleşiginiň ýa-da gaznanyň borçnamalary boýunça onuň agzalary jogapkärçilik çekmeýärler. Şonuň ýaly hem jemgyýetçilik birleşigi we gazna öz agzalarynyň borçnamalary boýunça jogapkärçilik çekmeýärler.

**65-nji madda. Jemgyýetçilik birleşiginiň ýa-da gaznanyň işini bes etmek we ýatyrmak**

1. Jemgyýetçilik birleşigi we gazna tertipnamada göz öňünde tutulan halatlarda, maksada ýetilmegi ýa-da maksada ýetmegiň mümkin däldigi üçin Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan bellige alynmagynyň ýatyrylmagy netijesinde ýatyrylýar we öz işini bes edýär.

2. Ýatyrylan wagtynda gündelik işler tamamlanylmalydyr, talaplar bellenilmelidir, galan emlägiň bahasy pulda kesgitlenilmelidir, kreditorlar kanagatlandyrylmalydyr we galan emläk ygtyýarly şahslaryň arasynda paýlanylmalydyr.

3. Emlägi kabul etmäge ygtyýarly şahslar Tertipnamada kesgitlenilip bilner. Şonuň ýaly kesgitlemäniň bolmadyk halatynda, Türkmenistanyň Adalat ministrligi öz garaýşyna görä, galan emlägi ýatyrylan jemgyýetçilik birleşigininki ýa-da gaznanyňky ýaly maksady tutunýan bir ýa-da birnäçe jemgyýetçilik birleşigine ýa-da gazna berýär. Şonuň ýaly guramalar ýok bolsa, bu emlägi haýyr-sahawat guramasyna ýa-da döwlete bermek hakynda karar kabul edilip bilner.

4. Jemgyýetçilik birleşigini ýa-da gaznany ýatyrmak hakyndaky maglumat çap edilmäge degişlidir. Emlägiň paýlanylmagyna diňe şol maglumat çap edilenden bir ýyl geçenden soň ýol berilýär.

5. Ýatyrmak jemgyýetçilik birleşiginiň ýolbaşçy edarasy tarapyndan amala aşyrylýar. Aýratyn ýagdaýlar bolanda Türkmenistanyň Adalat ministrligi başga ýatyryjylary belläp biler. Ýatyryjylar ýolbaşçy edaranyň agzalary ýaly jogapkärçilik çekýärler.

## §3. Jemgyýetçilik birleşikleri hakyndaky ýörite kadalar

**66-njy madda. Ýolbaşçy edara**

1. Eger tertipnama bilen başgaça bellenilmedik bolsa, jemgyýetçilik birleşiginiň ýolbaşçy edarasy agzalaryň umumy ýygnagynyň karary bilen dört ýyl möhlete saýlanylýar. Ýolbaşçy edaranyň ygtyýarlygy bu möhlet geçenden soň hem täze ýolbaşçy edara saýlanylýança dowam edýär.

2. Ýolbaşçy edarany saýlamak hakyndaky karar islendik wagt ýatyrylyp bilner. Ýolbaşçy edarany saýlamagyň ýatyrylmagy Tertipnama bilen möhüm ýagdaýlaryň bolmagy bilen baglanyşykly bolup biler.

**67-nji madda. Umumy ýygnak**

1. Jemgyýetçilik birleşiginiň agzalarynyň umumy ýygnagy ýolbaşçy edara tarapyndan çagyrylýar. Ol ýylda azyndan bir gezek Tertipnamada göz öňünde tutulan ýa-da jemgyýetçilik birleşiginiň bähbitleriniň talap edýän ýagdaýynda çagyrylmalydyr. Mundan başga-da, eger agzalaryň ondan bir bölegi ýazmaça görnüşde we gün tertibini görkezmek bilen talap edýän bolsa, umumy ýygnak çagyrylmalydyr.

2. Ýygnak ähli agzalara ýygnaga çenli azyndan iki hepde galanda ýazmaça habary ibermek arkaly ýa-da jemgyýetçilik birleşiginiň metbugat neşirinde çap etmek arkaly çagyrylýar.

3. Ýygnak ýolbaşçy edaranyň ygtyýarlylygyna girmeýän ähli meseleler boýunça karar kabul edýär. Karar diňe onuň närsesi ýygnak çagyrylanda yglan edilen şertinde hakykydyr.

4. Karar ýygnaga gatnaşýan agzalaryň sesleriniň köplügi bilen kabul edilýär, Tertipnamany üýtgetmek hakyndaky karar bolsa, sesleriň dörtden üç böleginiň köplügi bilen kabul edilýär. Jemgyýetçilik birleşiginiň maksadyny üýtgetmek hakyndaky kararyny kabul etmek üçin ähli agzalaryň sesleriniň bäşden dört böleginiň köplügi zerurdyr. Ýygnaga gatnaşmaýan agzalar ses bermäge ýazmaça gatnaşyp bilerler.

### 68-nji madda. Toparlar

Agzalaryň ýygnagy Tertipnama laýyklykda toparlary döredip biler, olara ýygnaklaryň arasyndaky döwürde ýygnagyň wezipeleri, aýratyn-da, jemgyýetçilik birleşiginiň işine gözegçilik etmek üçin berlip bilner. Diňe jemgyýetçilik birleşiginiň agzalary toparyň agzalary bolup bilerler.

### 69-njy madda. Ýörite edaralar

Jemgyýetçilik birleşiginiň wezipelerini amala aşyrmagyň barşynda maslahat bermek maksady bilen, agzalaryň ýygnagy, eger Tertipnamada göz öňünde tutulan bolsa, ýörite edaralary (maslahat beriji geňeşi, kuratoriumy, administratiw geňeşi) döredip biler. Şunuň ýaly edaralarda jemgyýetçilik birleşiginiň agzalary däl şahslar hem birleşdirilip bilner.

### 70-nji madda. Jemgyýetçilik birleşigine agzalyk

1. Jemgyýetçilik birleşiginiň agzalygyna isleg bildirýäniň ýazmaça arzasy esasynda ýolbaşçy edara tarapyndan kabul edilýär.

2. Her bir agzanyň jemgyýetçilik birleşiginden çykmaga hukugy bardyr. Tertipnamada jemgyýetçilik birleşiginden çykmagyň kesgitli möhleti göz öňünde tutulyp bilner. Möhüm ýagdaýlar sebäpli jemgyýetçilik birleşiginden çykylmagy çykmagyň möhleti bilen çäklendirilip bilinmez.

3. Eger Tertipnama bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, agzalyk beýleki şahslara berilmeýär we miras boýunça geçmeýär.

4. Düýpli esaslar bolanda agzalaryň umumy ýygnagy agzany jemgyýetçilik birleşiginden çykaryp biler. Çykarylan agza bu karara kazyýete şikaýat etmäge hukuklydyr.

5. Eger jemgyýetçilik birleşigi oňa girmek isleýän üçin durmuş, medeni ýa-da gaýry wezipeleri amala aşyranda möhüm borçlary ýerine ýetirýän bolsa, bu şahsyň jemgyýetçilik birleşiginiň agzalygyna kabul edilmegini talap etmäge, eger munuň özi jemgyýetçilik birleşiginiň esasy ýörelgelerine garşy gelmeýän bolsa, hukugy bardyr.

## §4. Gaznalar hakyndaky ýörite kadalar

### 71-nji madda. Gaznanyň emläginden paý almak hukugy bolan şahslar (destinatorlar) üçin gaznalar

Gaznanyň maksady kesgitlenilen şahslary ýa-da şahslaryň anyk kesgitlenilen toparlaryny goldamakdan hem ybarat bolup biler. Gaznanyň emläginden paý almak hukugy bolan şahslaryň hemmesi ýolbaşçy edaranyň ähli agzalarynyň razylygy bilen, eger munuň özi Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan goldanylan bolsa, gaznany ýatyryp biler ýa-da gaznanyň maksadyny üýtgedip biler. Galan emläk gaznanyň emläginden paý almak hukugy bolan şahslaryň arasynda paýlanylýar.

### 72-nji madda. Gazna gatanç geçirmegi üpjün etmek borçnamasy

1. Esaslandyryjy (esaslandyryjylar) gaznany döretmek hakynda notarial taýdan tassyklanylan resminamada gaznanyň maksadyna ýetmek üçin zerur bolan mukdardaky emlägi gazna bermek borçnamasyny öz üstüne almalydyr. Eger emläk ýeterlik bolmasa, onda gaznanyň döredilmegine rugsat bermekden ýüz dönderilmelidir.

2. Bellige alynmazdan öň islendik wagt emlägi bermekden ýüz döndermek bolar. Bellige alnandan soň bir aýyň dowamynda emläk dolulygyna berilmelidir, şeýle edilmedik ýagdaýynda bellige alnyş güýjüni ýitirýär.

3. Gaznanyň maksatlary, eger Tertipnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, emläkden alnan girdejileriň hasabyna maliýeleşdirilmelidir. Eger kesgitli wagtyň dowamynda bu girdejiler ýeterlik bolmasa, gaznanyň işi degişlilikde kemeldilmelidir ýa-da togtadylmalydyr, girdejiler bolsa emlägiň üstüne goşulmalydyr.

4. Gaznanyň emläginiň ýagdaýy barada her ýyl degişli görnüşde hasabat düzülmelidir.

### 73-nji madda. Gözegçilik edarasy

1. Tertipnama bilen ýolbaşçy edarany we ýörite wekilleri bellemek, olary yzyna çagyrmak hem-de olara gözegçilik etmek maksady bilen, gözegçilik edarasynyň (kuratorium) döredilmegi göz öňünde tutulyp bilner, onuň agzalary gaznany esaslandyryjylar tarapyndan çagyrylýar. Esaslandyryjylar ölenden soň, gözegçilik

edarasynyň düzüminiň üsti gaznanyň emläginden paý almak hukugy bar bolan şahslaryň karary bilen ýa-da Tertipnama bilen kesgitlenilen tertipde täze agzalar bilen doldurylyp bilner.

2. Ähli beýleki halatlarda Türkmenistanyň Adalat ministrligi gaznanyň Türkmenistanyň kanunçylygyna we Tertipnama laýyklykda dolandyrylmagyna gözegçilik edýär. Türkmenistanyň Adalat ministrligi gaznanyň işi hakynda islendik wagt maglumat alyp biler we onuň resminamalaryny barlap biler.

3. Gözegçilik edarasy ýolbaşçy edaranyň kararlaryny we çärelerini, eger olar Türkmenistanyň kanunçylygyna ýa-da Tertipnama garşy gelýän bolsa, togtadyp, güýjüni ýitiren diýip yglan edip ýa-da olaryň ýatyrylmagyny talap edip biler.

4. Gözegçilik edarasy ýolbaşçy we beýleki edaralary bellemegiň tertipnama laýyk gelmegini üpjün edýär. Eger Tertipnama bu gatnaşyklary ýeterlik düzgünleşdirmeýän bolsa, bu edara goşmaça görkezmeleri berip biler.

### 74-nji madda. Gaznanyň maksadyny üýtgetmek

Eger bellenilen maksada gaznanyň emläginden paý almak hukugy bolan şahslaryň ýoklugynda ýetmek mümkin bolmasa ýa-da gaznany ýatyrmak üçin başga esas bar bolsa, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, eger bu barada Tertipnamada degişli düzgünler bolmasa, ýatyrmagyň deregine maksady üýtgetmegi talap edip ýa-da ilkibaşdaky maksadyna meňzeşligi saklar ýaly edip, beýleki gaznalar bilen birleşdirip biler. Eger esaslandyryjylaryň iň bolmanynda biri diri bolsa, onda onuň razylygy zerurdyr.

## III BÖLÜM. GELEŞIKLER WE WEKILÇILIK

## I BAP. UMUMY DÜZGÜNLER

### 75-nji madda. Geleşikler diýen düşünje we görnüşleri

1. Raýat hukuklaryny we borçlaryny bellemäge, üýtgetmäge ýa-da ýatyrmaga gönükdirilen, fiziki we ýuridik şahslaryň özüniň erk-islegini bildirmegi geleşik bolup durýar.

2. Geleşikler birtaraplaýyn we iki ýa-da köptaraplaýyn bolup biler (şertnamalar).

Birtaraplaýyn geleşik diňe kanun bilen ýa-da şol şahslar bilen ylalaşykda bellenilen halatlarda beýleki şahslar üçin borçlary döredip biler.

### 76-njy madda. Erk-islegi bildirmegiň hakykylygy

1. Eger başga şahs babatda onuň ýoklugynda erk-isleg bildirilen bolsa, erk-isleg onuň alan pursadyndan güýje girýär.

2. Eger beýleki tarap ýüz dönderýändigini deslapdan ýa-da bada-bat beýan etse, erk-islegiň bildirilmegi hakyky diýlip hasap edilmeýär.

3. Erkini aňladan şahsyň ölmegi ýa-da onuň kämillik ukybyndan mahrum

edilmegi, eger bu wakalar erk-isleg bildirilenden soň bolan bolsa, erk-islegi bildirmegiň hakykylygyna täsir etmeýär.

**77-nji madda. Erk-islegiň bildirilmegine düşündiriş bermek**

Erk-islegiň bildirilmegine düşündiriş berlende, sözme-söz manysynyň aňladylyşyna däl-de, hakyky erkine eýermek zerurdyr.

**78-nji madda. Erk-islegiň mazmunyny belli etmegiň mümkin däldigi**

Eger erk-islegiň mazmunyny daşky aňladylmasy boýunça hem we beýleki ýagdaýlar boýunça hem anyklamak mümkin bolmasa, onda geleşik bolmadyk hasaplanýar.

**79-njy madda. Hukuk tertibiniň we ahlaklylygyň esaslaryna garşy gelýän geleşigiň hakyky däldigi**

Kanunda bellenilen düzgünleriň bozulmagy bilen baglaşylan hem-de jemgyýetçilik bähbitlerine, ahlak kadalaryna garşy gelýän geleşik hakyky däldir.

**80-nji madda. Özüniň ýagdaýyndan hyýanatly peýdalanylmagy sebäpli geleşigiň hakyky däldigi**

Eger geleşikde kesgitlenilen tabşyrygyň ýerine ýetirilişi bilen onuň ýerine ýetirilmegi üçin göz öňünde tutulan tölegiň arasynda göz-görtele nätakyklyk bar bolsa we eger geleşik diňe taraplaryň biriniň bazarda öz artykmaç ýagdaýyny hyýanatly ulanandygy ýa-da beýleki tarapyň ýagdaýynyň agyrlygyndan, ýa-da onuň tejribesizliginden peýdalananlygy netijesinde baglaşylan bolsa, geleşik hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

**81-nji madda. Ýalan we galp geleşikleriň hakyky däldigi**

1. Oňa laýyk gelýän hukuk netijelerini döretmek niýeti bolmazdan, diňe göz üçin baglaşylan geleşik (ýalan geleşik) hakyky däldir.

2. Eger ýalan geleşik başga geleşigiň üstüni ýapmak (galp geleşik) maksady bilen baglaşylan bolsa, onda üsti ýapylýan geleşige degişli düzgünler ulanylýar.

**82-nji madda. Çynlakaý niýetiň ýoklugy**

1. Çynlakaý niýetsiz we şeýle niýetiň ýoklugy bilinmez diýip aňladylan erk-isleg biderekdir.

2. Erk-isleg amala aşyrylan şahs babatda, eger ol niýetiň çynlakaý däldigini bilmedik we bilip hem bilmejek bolsa, onuň erk-islege ynanmagy zerarly ýüze çykan zyýanyň öwezi dolunmalydyr.

**83-nji madda. Erk-islegiň bidereklig**i

1. Kämillik ukyby ýok şahsyň erk-islegi biderekdir.
2. Fiziki şahsyň huşsuz ýagdaýda ýa-da psihiki ýagdaýynyň wagtlaýyn bozulmagy ýagdaýda amala aşyran erk-islegi biderekdir.
3. Ruhy taýdan näsag şahsyň erk-islegi, eger ol kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilmedik ýagdaýynda hem bolsa, biderekdir.

**84-nji madda. Bellenilen görnüşiň bozulmagy bilen baglaşylan geleşigiň hakyky däldigi**

1. Kanunda bellenilen görnüş berjaý edilmezden baglaşylan geleşik hakyky däldir. Geleşigiň özüniň şertleri bilen bellenilen görnüşiniň berjaý edilmezligine gümanyň bolmagy geleşigiň hakyky däldigine eltýär.
2. Eger jedelleşip bolýan geleşik jedelleşilýän bolsa, onda oňa baglaşylan pursadyndan hakyky däl hökmünde garalýar. Jedelleşmek beýleki tarap babatda amala aşyrylýar.
3. Islendik gyzyklanýan şahs jedelleşmek hukugyna eýedir.

**85-nji madda. Geleşigiň konwersiýasy**

Eger hakyky däl geleşik başga geleşik üçin göz öňünde tutulan talaplara laýyk gelýän bolsa, eger geleşigiň hakyky däldigini bilenden soň, taraplar onuň hakyky bolmagyny isleýän bolsalar, onda soňky geleşige degişli düzgünler ulanylýar.

**86-njy madda. Geleşigiň hakyky däldigini tassyklamak**

1. Hakyky däl geleşigi baglaşan şahs bu geleşigi tassyklaýan bolsa, onda onuň tassyklamasyna geleşigi täzeden baglaşylan hökmünde garalýar.
2. Eger geleşik barada jedel gozgamak hukugyna eýe bolan şahs ony tassyklaýan bolsa, onda jedelleşmeklige ýol berilmeýär.
3. Eger taraplar hakyky däl şertnamany tassyklaýan bolsalar, olarda gümanyň bolmagy, olar şertnama ilkibaşdan hakyky bolan şertinde alyp biljek zatlaryň hemmesini birek-birege bermäge borçludyrlar.
4. Tassyklaýyş diňe geleşigiň hukuk tertibine we ahlaklylygyň esaslaryna garşy gelmedik ýagdaýda hakyky bolýar.

**87-nji madda. Geleşigiň bir böleginiň hakyky däldigi**

1. Eger geleşik, onuň hakyky däl bölegini goşmazdan hem baglaşylardy diýip çak etmek mümkin bolsa, geleşigiň bir böleginiň hakyky däldigi onuň beýleki bölekleriniň hakyky bolmazlygyna eltmeýär.
2. Eger geleşigiň bölekleriniň biri şertnamalaryň standart şertlerine degişli bolsa

we olar hakyky däl ýa-da şertnamanyň düýpli däl düzüm bölekleri bolan bolsa, şertnama tutuşlygyna hakyky bolup galýar.

## II BAP. KÄMILLIK UKYBY GELEŞIGIŇ HAKYKYLYGYNYŇ ŞERTIDIR

### 88-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň baglaşan geleşiginiň hakykylygy

1. Eger kämillik ýaşyna ýetmedik adam oňa kanuny wekiliniň hökmany bolan razylygy bolmazdan, şertnamany baglaşýan bolsa, şertnamanyň hakykylygy soňra ony wekiliniň makullamagyna baglydyr, muňa kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň peýda görýän halatlary girmeýär.

2. Eger kämillik ýaşyna ýetmedik adam doly kämillik ukyplylyga eýe bolan bolsa, özüniň bildirýän erk-isleginiň hakykylygy hakyndaky meseläni onuň özi çözýär.

### 89-njy madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik adam tarapyndan baglaşylan şertnamadan ýüz döndermek

1. Kämillik ýaşyna ýetmedik adam tarapyndan baglaşylan şertnama makullanylýança, beýleki tarapyň şertnamadan ýüz döndermäge hukugy bardyr.

2. Eger beýleki tarap şertnama baglaşan adamyň kämillik ýaşyna ýetmedikdigini bilen bolsa, ol diňe kämillik ýaşyna ýetmedik adam wekiliniň razylygynyň bardygyny tassyklamak bilen onuň pikirini bulaşdyran ýagdaýynda, şertnamadan ýüz dönderýändigini mälim edip biler.

### 90-njy madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň hukuga eýe bolmagy

1. Eger şertnamada göz öňünde tutulan hereketleri ýerine ýetirmek üçin kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň kanuny wekiliniň özüne beren ýa-da bu wekiliň razylygy bilen şol maksatlar üçin ýa-da erkin ygtyýar etmek üçin üçünji şahslaryň özüne beren serişdelerine ygtyýar eden bolsa, onda kanuny wekiliniň razylygyny alman, kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň baglaşan şertnamasy hakyky diýlip hasap edilýär.

2. Eger kanuny wekil kärhana garaşsyz ýolbaşçylyk etmek ýa-da zähmet gatnaşyklaryna garaşsyz girmek hukugyny kämillik ýaşyna ýetmedik adama berýän bolsa, onda bu ugurlar üçin adaty bolan gatnaşyklarda ol kämillik ukyply adam bolýar. Bu kadalar kärhana döredilen halatynda hem ony ýatyrmak we zähmet gatnaşyklaryna başlamak ýa-da ony tamamlamak babatda hem ulanylýar.

3. Kärhana ýolbaşçylyk etmek rugsatnamasy kanuny wekiliň hossarlyk we howandarlyk edaralary bilen ylalaşylan razylygyny talap edýär.

### 91-nji madda. Kanuny wekiliň hökmany bolan razylygy bolmazdan kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň baglaşan geleşiginiň hakyky däldigi

1. Kanuny wekiliň oňa zerur bolan razylygy bolmazdan, kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň baglaşan birtaraplaýyn geleşigi hakyky däldir.

2. Şonuň ýaly geleşik, eger kanuny wekiliň razylygy bar bolup, emma kämillik ýaşyna ýetmedik adam muny tassyklaýan ýazmaça resminamany görkezmedik bolsa, şol sebäpli hem geleşik baglaşylýan tarap bu geleşikden haýal etmän ýüz dönderen bolsa hem hakyky däldir. Eger kanuny wekiliň bu baradaky razylygy beýleki tarapa mälim edilen bolsa, şunuň ýaly ýüz dönderilmegi ýol berilmesizdir.

**92-nji madda. Kämillik ukyby çäklendirilmezden öň baglaşylan geleşige rugsadyň zerurlygy**

Kämillik ukyby çäklendirilmezden öň baglaşylan geleşige, eger kämillik ukybyny çäklendirmek üçin esasyň geleşik baglaşylan wagtynda hem mese-mälim belli bolandygy anyklanylsa, rugsat talap edilýär.

## III BAP. GELEŞIGIŇ GÖRNÜŞI

**93-nji madda. Görnüşiň berjaý edilmegi geleşigiň hakykylygynyň şertidir**

Geleşigiň hakyky bolmagy üçin kanunda bellenilen görnüşiniň berjaý edilmegi zerurdyr. Eger şonuň ýaly görnüş kanun bilen bellenilmedik bolsa, ony taraplaryň özi kesgitläp biler.

**94-nji madda. Geleşigiň görnüşi**

1. Ýönekeý ýazmaça görnüşde baglaşylan geleşigiň hakyky bolmagy üçin geleşige gatnaşýan şahslaryň gollary ýeterlikdir.

2. Goluň dikeldilmegine, gaýtalanmagyna we mehaniki serişdeleriň kömegi bilen täzeden nusgasynyň alynmagyna munuň adatça ulanylýan ýerinde, hususan-da, köp mukdarda çykarylýan gymmatly kagyzlardaky gollarda ýol berilýär.

3. Eger geleşigiň görnüşi onuň notarial tertipde baglaşylmagyny talap edýän bolsa, onda geleşik baglaşylanda notarius ýa-da kanunda göz öňünde tutulan beýleki şahs gatnaşmalydyr.

**95-nji madda. Gol çekmegi başga şahsa ynanmak**

Sowatsyzlygy, synasynda ýetmezçiligi ýa-da ýarawsyzlygy sebäpli geleşige öz eli bilen gol çekip bilmeýän şahs geleşige gol çekmegi başga şahsa ynanyp biler, onuň goly resmi taýdan tassyklanylmalydyr. Şunda geleşigi baglaşan şahsyň geleşige näme sebäpli öz eli bilen gol çekip bilmändiginiň sebäbi görkezilmelidir.

**96-njy madda. Birnäçe resminamany düzmek bilen geleşik baglaşmak**

Eger geleşik baglaşylanda birmeňzeş mazmunly birnäçe resminama düzülen bolsa, onda her bir tarapyň degişli tarap üçin niýetlenilen nusgasyna gol çekmegi ýeterlikdir.

## IV BAP. JEDELLI GELEŞIKLER

### §1. Pikiri bulaşdyrmak täsiri bilen baglaşylan geleşikler

**97-nji madda. Düşünje**

Erk-islegiň bildirilmegi pikiriň düýpli bulaşdyrylmagy esasynda amala aşyrylan geleşik pikiri düýpli bulaşdyrmak täsiri bilen baglaşylan geleşik diýlip hasap edilýär. Şeýle geleşik jedelleşilip bilner.

**98-nji madda. Pikiriň düýpli bulaşdyrylmagy**

Pikir düýpli bulaşdyrylan diýlip hasap edilýär, eger:

1) şahs özüniň razylyk beren geleşigini däl-de, eýsem, başga geleşigi baglaşmak islän bolsa;

2) şahs özüniň baglaşmak islän geleşiginiň mazmunynda ýalňyşýan bolsa;

3) taraplaryň ynsaplylyk ýörelgelerinden ugur alyp, geleşik üçin esas hökmünde garan ýagdaýlary ýok bolsa.

**99-njy madda. Erk-islegiň mazmunyna degişli pikiriň bulaşmagy**

Raýat dolanyşygynda düýpli diýlip hasaplanylýan, şahsyň ýa-da zadyň häsiýetlerine degişli pikiriň bulaşdyrylmagy erk-islegiň mazmunyna degişli pikir bulaşmasy diýlip ykrar edilýär.

**100-nji madda. Geleşigiň sebäbindäki pikiriň bulaşmagy**

Sebäbiň özi ylalaşygyň närsesi bolup durýan ýagdaýlardan başga halatlarda geleşigiň sebäbindäki pikiriň bulaşmagy düýpli diýlip hasap edilmeýär.

**101-nji madda. Hukukdaky pikiriň bulaşmagy**

Eger geleşik baglaşylanda, ol diňe ýeke-täk we düýpli esas bolan ýagdaýynda ol hukukdaky düýpli pikir bulaşmasy bolýar.

**102-nji madda. Kontragentiň geleşige razylygy**

Eger beýleki tarap geleşik barada jedelleşmekçi bolýan tarapyň islegine laýyklykda geleşigi ýerine ýetirmäge razy bolsa, onda pikir bulaşmagyň täsiri bilen erk-islegiň bildirilmegi barada jedelleşilip bilinmez.

**103-nji madda. Ownuk ýalňyşlyklar**

Hasaplamada ýa-da erk-isleg ýazmaça görnüşde bildirilende ýol berlen ownuk ýalňyşlyklar jedelleşmäge däl-de, düzetmäge hukuk berýär.

**104-nji madda. Jedelleşmegiň hakykylygy**

1. Eger jedelleşmek üçin esasyň mälim bolan pursadyndan başlap, ol bir aý möhletiň dowamynda amala aşyrylan bolsa, jedelleşmek hakykydyr.

2. Eger geleşik jedelleşilýän bolsa we jedelleşmäge hukugy bolan adamyň pikiriniň bulaşmagyna onuň geleňsizligi sebäp bolan bolsa, ol geleşigiň hakyky däldigi sebäpli beýleki tarapa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr. Eger beýleki tarap pikiriň bulaşmagy barada bilen bolsa ýa-da özüniň geleňsizligi netijesinde bu oňa mälim bolmadyk bolsa, zyýanyň öwezini dolmak borjy ýüze çykmaýar.

**105-nji madda. Araçynyň (dellalyň) ýalňyşy sebäpli pikiriň bulaşdyrylmagy**

Araçy hökmünde hereket eden şahs tarapyndan nädogry habar berlen erk-isleg, şu Kodeksiň 98-nji maddasyna laýyklykda pikiriň bulaşmagynyň täsiri bilen baglaşylan geleşikdäki esaslar boýunça jedelleşilip bilner.

**§2. Aldaw arkaly baglaşylan geleşikler**

**106-njy madda. Düşünje**

Aldawyň düýpli täsiri esasynda baglaşylan geleşik aldaw arkaly baglaşylan geleşik diýlip hasap edilýär. Şeýle geleşik kazyýet tarapyndan hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

**107-nji madda. Aldaw arkaly baglaşylan geleşigiň hakyky däldigi**

1. Aldaw arkaly erk-isleg bildirmäge mejbur edilen şahs şol geleşigi hakyky däl diýip ykrar etmegi talap etmäge hukuklydyr. Munuň özi aldaw bolmasa geleşigiň baglaşylyp bilinmejekdigi aýdyň bolan ýagdaýynda bolup biler.

2. Eger taraplaryň biri olaryň ýüze çykarylan halatynda beýleki tarapyň öz erk-islegini bildirmejekdiginiň ýagdaýlary barada aýtmadyk bolsa, onda beýleki tarap geleşigi hakyky däl diýip ykrar etmegi talap edip biler. Yglan etmek borjy diňe beýleki tarapyň oňa ynsap bilen garaşan ýagdaýynda bolup biler.

**108-nji madda. Aldaw arkaly baglaşylan geleşigiň hakyky däldigini ykrar etmek**

Aldaw arkaly baglaşylan geleşigiň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi üçin nädogry maglumatlary habar bermek bilen tarapyň haýsydyr bir peýda görmegi ýa-da beýleki tarapa zyýan ýetirmegi maksat edinendigininiň ähmiýeti ýokdur.

**109-njy madda. Üçünji şahsyň aldamagy**

Üçünji şahs tarapyndan aldananda geleşigiň hakyky däl diýlip ykrar edilmegini, eger bu geleşikden peýda görýän şahs aldaw barada bilen ýa-da bilmeli bolan halatynda talap etmek bolar.

**110-njy madda. Jedelleşmegiň möhleti**

Geleşik bir ýylyň dowamynda jedelleşilip bilner. Bu möhlet jedelleşmäge hukukly şahsyň jedelleşmek üçin esaslaryň bardygyny bilen pursadyndan hasaplanyp başlanýar.

**§3. Zorluk ulanmak ýa-da ony ulanmak haýbatyny atmagyň täsiri bilen baglaşylan geleşikler**

**111-nji madda. Düşünje**

Zorluk ulanmak ýa-da ony ulanmak haýbatyny atmagyň täsiri esasynda baglaşylan geleşik zorluk ulanmak ýa-da ony ulanmak haýbatyny atmak arkaly baglaşylan geleşik diýlip hasap edilýär. Şeýle geleşik jebir çekeniň talaby boýunça kazyýet tarapyndan hakyky däl diýlip hasap edilip bilner.

**112-nji madda Geleşik baglaşan şahs babatda zorluk ulanylmak ýa-da ony ulanmak haýbatyny atmak bilen baglaşylan geleşigiň hakyky däldigininiň şertleri**

Geleşik baglaşan şahsa zorluk ulanylmagy ýa-da ony ulanmak haýbatynyň atylmagy, eger zorluk ulanmak ýa-da ony ulanmak haýbatynyň üçünji şahs tarapyndan edilen ýagdaýynda hem oňa geleşigiň hakyky däl diýlip ykrar edilmegini talap etmäge hukuk berýär.

**113-nji madda. Zorluk ulanmak ýa-da ony ulanmak haýbatyny atmagyň häsiýeti**

1. Öz häsiýeti boýunça şahsa täsir edip biljek we özüne ýa-da onuň emlägine hakyky howpuň abanýandygyna ynandyryp biljek zorluk ulanmak ýa-da ony ulanmak haýbatyny atmak geleşigiň hakyky däldigine eltýär.
2. Zorluk ulanmagyň ýa-da ony ulanmak haýbatyny atmagyň häsiýetine baha berlende adamyň ýaşy we jynsy, durmuş ýagdaýlary nazara alynmalydyr.

**114-nji madda. Ýakyn garyndaşlar babatda zorluk ulanmak ýa-da ony**

**ulanmak haýbatyny atmak**

Zorluk ulanmak ýa-da ony ulanmak haýbatyny atmak, eger ol taraplaryň biriniň ärine (aýalyna), beýleki maşgala agzalaryna ýa-da ýakyn garyndaşlaryna garşy gönükdirilen halatynda hem geleşigi hakyky däl diýip ykrar etmegi talap etmek üçin esas bolýar.

**115-nji madda. Kanunalaýyk serişdeleri ulanmak bilen zorluk ulanmak ýa-da ony ulanmak haýbatyny atmak**

Şu Kodeksiň 111-114-nji maddalarynyň beýan edilen kadalaryna düşünilende, serişde bilen maksadyň biri-birine laýyk gelmeýänliginden başga halatlarda, hiç bir kanuna garşy maksatlary we hiç bir kanuna garşy serişdeleri ulanmak bilen amala aşyrylmaýan hereketler zorluk ulanmak ýa-da ony ulanmak haýbatyny atmak diýlip hasap edilmeýär.

**116-njy madda. Jedelleşmegiň möhleti**

Zorluk ulanmagyň ýa-da ony ulanmak haýbatyny atmagyň täsiri bilen baglaşylan geleşik barada edilen zorlugy ulanmagyň ýa-da ony ulanmak haýbatyny atmagyň tamamlanan pursadyndan bir ýylyň dowamynda jedelleşilip bilner.

## V BAP. ŞERTLI BAGLAŞYLAN GELEŞIKLER

**117-nji madda. Düşünje**

Hukuklaryň we borçlaryň ýüze çykmagy ýa-da ýatyrylmagy geljekde garaşylýan, näbelli wakanyň ýagdaýlaryna geleşigiň ýerine ýetirilmeginiň gaýra goýulmagy ýa-da bu wakanyň ýüze çykmagy boýunça bes edilmegi bilen bagly edilen bolsa, geleşik şertli baglaşylan diýlip hasap edilýär.

**118-nji madda. Hukuk tertibiniň we ahlaklylygyň esaslaryna garşy gelýän şertiň hakyky däldigi**

Hukuk tertibiniň we ahlaklylygyň esaslaryna garşy gelýän ýa-da onuň ýerine ýetirilmegi mümkin bolmadyk şert hakyky däldir. Haýsydyr bir şunuň ýaly şerte bagly geleşik tutuşlygyna hakyky däldir.

**119-njy madda. Erk-islege bagly şert**

Onuň ýüze çykmagy ýa-da ýüze çykmazlygy geleşikdäki taraplara bagly bolan şert erk-islege bagly şert diýlip hasap edilýär. Şeýle şert bilen baglaşylan geleşik hakyky däldir.

**120-nji madda. Oňyn şertler**

1. Eger geleşik haýsydyr bir waka kesgitli möhletde ýüze çykar diýen şert bilen baglaşylan bolsa, eger bu möhlet geçen we waka ýüze çykmadyk bolsa, şert güýjüni ýitiren diýlip hasap edilýär.

2. Eger möhlet kesgitlenilmedik bolsa, onda şert islendik wagt ýerine ýetirilip bilner. Haçan-da, wakanyň ýüze çykmagynyň mümkin däldigi aýdyň bolanda bu şert güýjüni ýitiren diýlip hasap edilip bilner.

**121-nji madda. Oňaýsyz şertler**

1. Eger geleşik haýsydyr bir waka kesgitli möhletde ýüze çykmaz diýen şert bilen baglaşylan bolsa, haçan-da şol möhlet tamamlanmanka bu wakanyň ýüze çykmagynyň mümkin däldigi aýdyň bolanda hem şert ýerine ýetirilen diýlip hasap edilýär.

2. Eger möhlet kesgitlenilmedik bolsa, diňe wakanyň ýüze çykmajakdygy aýdyň bolanda şert ýerine ýetirildi diýlip hasap edilýär.

**122-nji madda. Şertiň ýüze çykmagyna täsir etmäge ýol bermezlik**

1. Belli bir şert bilen geleşik baglaşan şahs şert ýüze çykýança onuň borçnamalaryny ýerine ýetirmegine päsgel berip biljek haýsy-da bolsa bir hereketi amala aşyrmaga hukukly däldir.

2. Eger şert kesgitli möhletde ýüze çykan we şahs şonuň ýaly hereketi eýýäm ýerine ýetiren bolsa, ol şu hereket sebäpli beýleki tarapa ýeten zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

**123-nji madda. Gaýra goýulýan şert bilen baglaşylýan geleşik**

Eger geleşikde göz öňünde tutulan hukuklaryň ýa-da borçlaryň ýüze çykmagy geljekde garaşylýan, näbelli waka ýa-da eýýäm ýüze çykan, ýöne taraplara entek mälim bolmadyk waka bagly bolsa, gaýra goýulýan şert bilen baglaşylan geleşik diýlip hasap edilýär.

**124-nji madda. Ýatyrylýan şert bilen baglaşylýan geleşik**

Eger bu şertiň ýüze çykmagy geleşigiň bes edilmegine getirýän we geleşik baglaşylmazyndan öň dowam eden ýagdaýy dikeldýän bolsa, ýatyrylýan şert bilen baglaşylan geleşik diýlip hasap edilýär.

**125-nji madda. Şert ýüze çykanda ynsaplylygyň ähmiýeti**

1. Eger şertiň ýüze çykmagy özi üçin amatsyz bolan tarap şertiň ýüze çykmagyny ynsapsyzlyk bilen bökdän bolsa, şert ýüze çykan diýlip hasap edilýär.

2. Eger şertiň ýüze çykmagy özi üçin amatly bolan tarap şertiň ýüze çykmagyna ynsapsyzlyk bilen ýardam eden bolsa, şert ýüze çykan diýlip hasap edilmeýär.

## VI BAP. GELEŞIKLERDÄKI RAZYLYK

### 126-njy madda. Geleşiklerde razylygyň ýüze çykmagy

1. Eger geleşigiň hakykylygy üçünji şahsyň razylygyna bagly bolsa, onda razylyk bermek hem, ondan ýüz döndermek hem bir tarapyň öňünde-de, beýleki tarapyň öňünde-de aýdylyp bilner.

2. Razylygyň aňladylmagy geleşik üçin bellenilen görnüşiň berjaý edilmegini talap etmeýär.

3. Eger hakykylygy üçünji şahsyň razylygyna bagly bolan geleşik onuň razylygy bilen baglaşylan bolsa, şu Kodeksiň 91-nji maddasynyň ikinji böleginiň düzgünleri ulanylýar.

### 127-nji madda. Öňünden berlen razylyk (rugsat)

Eger taraplar başgaça ylalaşmadyk bolsalar, öňünden berlen razylyk (rugsat) geleşik baglaşylmazyndan öň ýatyrylyp bilner. Razylygyň ýatyrylmagy hakynda taraplaryň ikisine-de habar berilmelidir.

### 128-nji madda. Baglaşylan geleşige yz ýanyndan razylyk bermek (makullamak)

Baglaşylan geleşige yz ýanyndan berlen razylygyň (makullamagyň), eger başgaça bellenilmedik bolsa, geleşik baglaşylan pursadyndan yzyna güýji bardyr.

### 129-njy madda. Ygtyýarsyz şahsyň närsä ygtyýar etmegi

1. Ygtyýarsyz şahsyň haýsy-da bolsa bir närsä ygtyýar etmegi, eger ol ygtyýarly şahsyň rugsat bermegi bilen amala aşyrylan bolsa, hakyky diýlip hasap edilýär.

2. Eger ygtyýarly şahs närsä ygtyýar etmegi makullasa ýa-da närsäni ygtyýar eden şahsyň özi ony edinse, ýa-da ony ygtyýarly şahsdan miras alsa we wesýetnamalaýyn ýüz dönderiş boýunça doly jogapkärçilik çekse, ygtyýar edilmegi hakyky bolýar. Eger soňky iki halatda şol närse barada biri-birine garşy gelýän birnäçe görkezmeler berlen bolsa, onda ilkibaşdaky görkezme hakyky bolýar.

## VII BAP. WEKILÇILIK WE YNANÇ HATY

### 130-njy madda. Wekilçilik

1. Geleşik wekiliň üsti bilen hem baglaşylyp bilner. Wekilçilige bolan ygtyýarlyk kanundan gelip çykýar ýa-da ynanç haty esasynda ýüze çykýar.

2. Eger geleşigiň häsiýetinden ugur alnyp, göni şol şahsyň özi tarapyndan baglaşylmaly bolsa ýa-da kanun geleşigi wekiliň üsti bilen baglaşmagy gadagan edýän bolsa, bu düzgün ulanylmaýar.

**131-nji madda. Wekiliň hereketleri**

1. Wekiliň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde we özüniň wekilçilik edýän şahsynyň adyndan baglaşýan geleşigi boýunça hukuklar we borçlar diňe wekilçilik edilýän şahsda ýüze çykýar.

2. Eger geleşik başga şahsyň adyndan baglaşylan bolsa, onda wekilçilik baradaky hukugyň bolmazlygyny geleşigiň beýleki tarapy, eger wekilçilik edýän şahsyň döreden ýagdaýlary beýleki tarapyň şonuň ýaly ygtyýarlaryň bardygyny ak ýüregi bilen çak etmegine getiren bolsa, peýdalanyp bilmez.

3. Eger geleşik baglaşylanda wekil özüniň wekilçilik ygtyýarlarynyň bardygyny görkezmeýän bolsa, onda geleşik göni wekilçilik edilýän şahs üçin netijeleri diňe beýleki tarapyň wekilçilik hakynda çak etmeli bolanda döredýär. Şunuň ýaly düzgün beýleki tarap üçin kim bilen geleşik baglaşýandygynyň tapawudy ýok bolanda hem hereket edýär.

**132-nji madda. Wekiliň çäklendirilen kämillik ukyby**

Wekiliň baglaşan geleşigi, eger wekil kämillik ukyby çäkli bolanda hem hakykydyr.

**133-nji madda. Erk-islegiň kemçiligi, bilmek, bilmek borjy**

1. Eger erk-islegiň hukuk netijelerine erkiň kemçiligi, belli bir ýagdaýlary bilmek we bilmek borjy täsirini ýetirip bilýän bolsa, wekilçilik edilýäniň däl-de, wekiliň şahsyýeti göz öňünde tutulýar.

2. Eger ynanç haty bilen ygtyýarlandyrylan wekil ynanç hatyny berijiniň kesgitlän görkezmelerine laýyklykda hereket eden bolsa, onda ynanç hatyny berijä oňat mälim bolan şeýle ýagdaýlary wekiliň bilmeýändigine salgylanmaga ynanç hatyny beriji hukuksyzdyr.

**134-nji madda. Wekilçilik ygtyýarlyklary**

1. Ynanç hatynyň berilmegi ygtyýarly edilýäne ýa-da wekilçilik edilmegi üçünji şahsa ýüzlenilen erk-isleg arkaly amala aşyrylýar.

2. Erk-islegiň bildirilmegi üçin geleşigi baglaşmak üçin berilýän ynanç hatyna bellenilen görnüşiň berjaý edilmegi talap edilmeýär. Eger ýörite görnüş bellenilen bolsa, bu düzgün ulanylmaýar.

**135-nji madda. Ynanç hatynyň üýtgedilmegi ýa-da ýatyrylmagy**

Ynanç hatynyň üýtgedilendigi ýa-da ýatyrylandygy hakynda degişli serişde arkaly üçünji şahslara habar berilmelidir. Bu talabyň berjaý edilmedik ýagdaýynda, ynanç hatynyň üýtgedilmegi we ýatyrylmagy üçünji şahslar babatda ulanylyp bilinmez, muňa şertnama baglaşylanda taraplaryň bu barada bilýän ýa-da bilmeli bolan halatlary girmeýär.

**136-njy madda. Ynanç hatyny ýatyrmagyň esaslary**

Ynanç haty şu aşakdaky ýagdaýlarda ýatyrylýar:

1) ynanylan şahs ýüz dönderende;

2) ynanç hatyny beren şahs tarapyndan ýatyrylanda;

3) eger başgaça bellenilmedik bolsa, ynanç hatyny beren şahs ölende ýa-da onuň kämillik ukybynyň ýokdugy ýüze çykanda;

4) ýerine ýetirilende;

5) ynanç hatynyň berlen möhleti tamamlananda;

6) kazyýetiň çözgüdi bilen.

**137-nji madda. Ynanç hatynyň yzyna gaýtarylmagy**

Ynanç haty ýatyrylandan soň, ygtyýarly edilen şahsyň ynanç hatyny özünde saklamaga hukugy ýokdur we ony beren şahsa gaýtaryp bermäge borçludyr.

**138-nji madda. Wekilçilik ygtyýarlyklary bolmazdan geleşigiň baglaşylmagy**

1. Eger wekilçilik ygtyýarlyklary bolmadyk şahs, başga şahsyň adyndan şertnama baglaşýan bolsa, onda bu şertnamanyň hakykylygy onuň adyndan şertnama baglaşylan şahsyň makullamagyna baglydyr.

2. Eger beýleki tarap wekillik edilýän şahsa makullaýandygy barada mälim etmegini talap edýän bolsa, onda makullaýyş hakynda mälim etmek diňe şol tarapa aýdylmalydyr. Makullaýyş hakynda habar diňe talap alnan pursadyndan başlap, iki hepdä çenli berlip bilner, eger makullaýyş alynmasa, onda ondan ýüz dönderilen diýlip hasap edilýär.

**139-njy madda. Şertnamadan ýüz döndermäge bolan hukuk**

Şertnama baglaşylanda ygtyýarlygyň ýokdugy beýleki tarapa mälim bolandan başga ýagdaýlarda makullaýyş alynmazdan öň ol şertnamadan ýüz döndermäge hukuklydyr. Şertnama baglaşmakdan ýüz dönderilýändigi wekile hem aýdylyp bilner.

**140-njy madda. Wekilçilik etmäge ygtyýarlyklary bolmadyk wekiliň jogapkärçiligi**

1. Wekilçilik ygtyýarlyklary bolmazdan wekil hökmünde şertnama baglaşan

şahs, beýleki tarapyň saýlamagy boýunça şertnamany ýerine ýetirmäge ýa-da eger, wekilçilik edilýän şahs şertnamany makullamakdan ýüz dönderen ýagdaýynda, zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

2. Eger wekil wekilçilik etmäge ygtyýarlyklarynyň ýokdugyny bilmedik bolsa, ol diňe ygtyýarlyklarynyň bardygyna ynanandygy sebäpli, beýleki tarapa ýeten zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

3. Eger beýleki tarap wekilçilik etmäge ygtyýarlyklarynyň ýokdugyny bilen ýa-da bilmeli bolan bolsa, wekil jogapkärçilikden boşadylýar. Wekil öz kanuny wekiliniň razylygy bilen hereket eden halatlaryndan başga ýagdaýlarda wekiliň kämillik ukyby çäklendirilende hem ol jogapkärçilik çekmeýär.

### 141-nji madda. Öz-özüň bilen geleşik baglaşmaga ýol berilmezlik

Eger göni rugsat berilmedik bolsa, wekil wekilçilik edilýäniň adyndan, özi bilen, öz adyndan hem, üçünji şahsyň wekili hökmünde hem geleşik baglaşmaga hukukly däldir, muňa geleşigiň diňe borçnamany ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly halatlary girmeýär.

# IV BÖLÜM. MÖHLETLER

## I BAP. MÖHLETLERI HASAPLAMAK

### 142-nji madda. Möhletleri hasaplamagyň düzgünlerini ulanmak

Kanunlarda, kazyýetiň çözgütlerinde we geleşiklerde görkezilen möhletlere şu bölümde göz öňünde tutulan düzgünler ulanylýar.

### 143-nji madda. Möhletiň geçip başlamagy

1. Eger möhletiň geçip başlamagy günüň dowamynda geljek haýsy-da bolsa bir waka bilen ýa-da wagt pursady bilen kesgitlenilýän bolsa, onda wakanyň ýa-da pursadyň gabat gelýän güni möhlete goşulmaýar.

2. Eger möhletiň geçip başlamagy haýsydyr bir günüň başlanmagy bilen kesgitlenilýän bolsa, onda bu gün möhlete goşulýar. Bu düzgün ýaş hasaplanylanda adamyň doglan gününe hem degişli edilýär.

### 144-nji madda. Möhletiň tamamlanmagy

1. Günler bilen hasaplanylýan möhlet şol möhletiň iň soňky gününiň tamamlanmagy bilen gutarýar.

2. Hepdeler, aýlar ýa-da birnäçe aýy öz içine alýan wagt ýyl, ýarym ýyl, çärýek bilen hasaplanylýan möhlet şu Kodeksiň 143-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen halatda iň soňky hepdäniň ýa-da iň soňky aýyň özüniň ady boýunça ýa-da özüniň sany boýunça wakanyň ýa-da wagt pursadynyň gabat gelýän gününe laýyk

gelýän günüň tamamlanmagy bilen gutarýar, şu Kodeksiň 143-nji maddasynyň ikinji böleginde görkezilen halatda bolsa iň soňky hepdäniň ýa-da iň soňky aýyň özüniň ady ýa-da özüniň sany boýunça möhletiň başlanan gününe laýyk gelýän günüň öň ýanyndaky günüň tamamlanmagy bilen gutarýar.

3. Eger möhlet aýlar bilen hasaplanylýan bolsa we iň soňky aýda möhletiň başlanan güni ýaly gün ýok bolsa, onda möhlet şol aýyň iň soňky gününiň tamamlanmagy bilen gutarýar.

**145-nji madda. Ýarym ýyl, çärýek, ýarym aý diýen düşünjeler**

1. Ýarym ýyl diýlende alty aý möhlete, çärýek diýlende üç aý möhlete, ýarym aý diýlende on bäş gün möhlete düşünilýär.

2. Eger möhlet doly bir aýdan ýa-da birnäçe aýdan hem-de ýarym aýdan ybarat bolsa, onda bu on bäş gün möhletiň soňuna goşulýar.

**146-njy madda. Möhleti uzaltmak**

Möhlet gaýra goýlan ýagdaýynda, täze möhlet ondan öňki möhletiň tamamlanan pursadyndan başlap hasaplanylýar.

**147-nji madda. Aýlyk we ýyllyk möhletleri hasaplamak**

1. Eger möhlet üznüksiz geçmegini talap etmeýän aýlar ýa-da ýyllar bilen hasaplanylýan bolsa, onda aý – otuz gün, ýyl bolsa – üç ýüz altmyş bäş gün diýlip hasap edilýär.

2. Aýyň başy diýlende – aýyň birinji gününe, aýyň ortasy diýlende – aýyň on bäşinji gününe, aýyň ahyry diýlende – aýyň iň soňky gününe düşünilýär.

**148-nji madda. Dynç alyş, işlenilmeýän baýramçylyk we hatyra günleri**

Eger erk-islegi bildirmek ýa-da borçnamany ýerine ýetirmek kesgitli günde ýa-da haýsy-da bolsa bir möhletiň dowamynda amala aşyrylmaly bolsa, şol gün ýa-da bu möhletiň iň soňky güni ýa-da dynç alyş günlerine, ýa-da erk-islegiň bildirilýän ýa-da borçnamanyň ýerine ýetirilýän ýerinde işlenilmeýän baýramçylyk ýa-da hatyra, ýa-da iş güni däl diýlip ykrar edilen güne gabat gelýän bolsa, onda bu güne derek şol günüň yz ýanyndaky iş güni möhletiň gutarýan güni diýlip hasap edilýär.

## II BAP. HAK ISLEÝIŞ WAGTYNYŇ MÖHLETLERI

**149-njy madda. Hak isleýiş wagtynyň möhleti diýen düşünje**

1. Başga bir şahsdan haýsy-da bolsa bir hereketi etmegi ýa-da ony etmekden saklanmagy talap etmek hukugy wagt möhleti bilen çäklendirilýär. Şeýle bellenilen möhlete hak isleýiş wagty diýilýär.

2. Hak isleýiş wagtynyň umumy möhleti on ýyldyr.

3. Hak isleýiş wagtynyň möhleti şu aşakdakylara degişli edilmeýär:

1) eger kanun bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, şahsy emläkleýin däl hukuklara;

2) adamyň janyna ýa-da saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky hak islege. Emma şonuň ýaly zyýanyň öwezini dolmak hukugynyň ýüze çykan pursadyndan beýläk üç ýyl geçenden soň bildirilen hak islegler geçen wagt üçin bildirilen hak isleýşiň öň ýanyndaky üç ýyldan köp bolmadyk wagt üçin kanagatlandyrylýar;

3) banklara we beýleki karz edaralaryna goýlan goýumlara degişli goýumçylaryň hak isleglerine.

**150-nji madda. Şertnama talaplary boýunça hak isleýiş wagtynyň möhleti**

1. Şertnama talaplary boýunça hak isleýiş wagtynyň möhleti üç ýyldyr, gozgalmaýan zatlar bilen baglanyşykly bolan şertnama talaplary boýunça bolsa alty ýyldyr.

2. Wagtal-wagtal ýerine ýetirilmeli borçnamalardan gelip çykýan talaplar boýunça hak isleýiş wagtynyň möhleti üç ýyldyr.

3. Käbir ýagdaýlarda kanun bilen hak isleýiş wagtynyň gaýry möhletleri hem göz öňünde tutulyp bilner.

**151-nji madda. Hak isleýiş wagt möhletiniň geçip başlamagy**

1. Hak isleýiş wagtynyň möhleti talabyň ýüze çykan pursadyndan geçip başlaýar.

2. Eger talap haýsy-da bolsa bir hereketi etmekden saklanmak zerurlygyndan ybarat bolsa, onda hak isleýiş wagtynyň möhleti görkezilen hereketiň edilen pursadyndan geçip başlaýar.

**152-nji madda. Hak isleýişiň ýüze çykmagy**

Eger hak isleýişiň ýüze çykmagy kreditoryň hereketlerine bagly bolsa, onda hak isleýiş wagtynyň möhleti kreditoryň bu hereketi amala aşyryp biljek pursadyndan geçip başlaýar.

**153-nji madda. Hak isleýiş wagt möhletiniň geçmegini hukuk esaslary boýunça togtatmak**

1. Hak isleýiş wagt möhletiniň geçmegi borçnamany ýerine ýetirmegiň gaýra goýlan döwri (moratoriý) üçin togtadylýar.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen tertip garşylyklaýyn hak isleýiş babatda ulanylmaýar, ony bildirmek hukugy kreditora degişlidir.

**154-nji madda. Hak isleýiş wagt möhletiniň geçmegini hakyky ýagdaýlar boýunça togtatmak**

1. Hak isleýiş wagt möhletiniň geçip başlamagy hak isleýiş wagt möhletiniň soňky alty aýynyň dowamynda kazyýet edaralarynyň işiniň togtadylmagy netijesinde, ygtyýarly şahsyň öz hukugyny kazyýetiň üsti bilen goramak mümkinçiliginden mahrum edilen wagta laýyk togtadylýar.

2. Eger ýeňip bolmaýan güýjüň hereketi päsgelçilik bolanda hem şol düzgün ulanylýar.

3. Hak isleýiş wagt möhletini togtatmak üçin esas bolan ýagdaýyň bes edilen gününden onuň wagt möhleti geçmegini dowam etdirýär. Möhletiň galan bölegi alty aýa çenli uzaldylýar, eger-de hak isleýiş wagt möhleti alty aýdan az bolsa, hak isleýiş wagt möhletine çenli uzaldylýar.

**155-nji madda. Hak isleýiş wagt möhletiniň geçmegini maşgala ýagdaýlary sebäpli togtatmak**

Är-aýalyň birek-birege bolan talaplary boýunça hak isleýiş wagt möhletiniň geçmegi olaryň arasynda nikanyň hereket edýän wagtyna togtadylýar. Şu düzgün ata-eneleriň we çagalaryň özara talaplary boýunça – çagalaryň kämillik ýaşyna ýetmedik döwrüne, hossaryň (howandaryň) we hossarlyk-howandarlyk edilýäniň özara talaplary boýunça bolsa – hossarlygyň (howandarlygyň) dowam edýän bütin möhletine degişlidir.

**156-njy madda. Hak isleýiş wagt möhletiniň geçmegini togtatmagyň täsiri**

Hak isleýiş wagt möhletiniň geçmeginiň togtadylýan döwri hak isleýiş wagt möhletine goşulmaýar.

**157-nji madda. Kämillik ukyby ýok şahs ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen şahs babatda hak isleýiş wagt möhletiniň geçmegini togtatmak**

1. Eger kämillik ukyby ýok şahsyň ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen şahsyň kanuny wekili ýok bolsa, onda şol şahs babatda hak isleýiş wagt möhletiniň geçişi diňe şol şahsyň kämillik ukyply diýlip ykrar ediljek ýa-da oňa kanuny wekiliň belleniljek pursady ýüze çykandan alty aý geçenden soň tamamlanýar. Eger hak isleýiş wagt möhleti alty aýdan az bolsa, onda alty aýyň ýerine bellenilen wagt möhleti ulanylýar.

2. Eger kämillik ukyby çäklendirilen şahs raýat-iş ýörediş kämillik ukybyna eýe bolsa, şu maddanyň birinji böleginde görkezilen kadalar ulanylmaýar.

**158-nji madda. Berginiň boýun alynmagy bilen hak isleýiş wagt möhletiniň arasynyň kesilmegi**

Eger bergidar berginiň bir bölegini ýa-da onuň göterimlerini tölemek, bergini üzmegi üpjün etmek ýa-da gaýry görnüşde tölemek arkaly ygtyýarly şahsyň talabyny boýun alýan bolsa, hak isleýiş wagt möhletiniň geçmeginiň arasy kesilýär.

**159-njy madda. Kazyýete hak isleýiş arzanyň berilmegi bilen hak isleýiş wagt möhletiniň geçmeginiň arasynyň kesilmegi**

Eger ygtyýarly şahs talabynyň kanagatlandyrylmagy ýa-da talabynyň tassyklanylmagy hakynda hak isleýiş arza berse, ýa-da gaýry görnüşde - talabynyň bardygy hakynda döwlet edarasyna, kazyýete - başga kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmäge girişmek hakynda karar çykarmak ýa-da ýerine ýetiriş hereketini amala aşyrmak üçin arza bilen ýüz tutmak arkaly öz talabyny kanagatlandyrmaga çalyşsa, hak isleýiş wagt möhletiniň geçmeginiň arasy kesilýär. Şunda degişlilikde şu Kodeksiň 160-njy we 161-nji maddalary ulanylýar.

**160-njy madda. Kazyýete hak isleýiş arza berlende hak isleýiş wagt möhletiniň arakesmesiniň dowamlylygy we tamamlanmagy**

1. Kazyýete hak isleýiş arza bermek arkaly hak isleýiş wagt möhletiniň geçmegindäki arakesme kazyýetiň çözgüdiniň kanuny güýje giren pursadyndan başlap ýa-da taraplaryň gatnaşyklarynyň başga görnüşde düzgünleşdirilmegi netijesinde ýatyrylýar.

2. Eger iş ýörediş taraplaryň ylalaşmagy netijesinde togtadylýan ýa-da kazyýet işiniň ýöredilmeýändigi üçin togtadylýan bolsa, onda hak isleýiş wagt möhletiniň arakesmesi taraplaryň ýa-da kazyýetiň iň soňky iş ýörediş hereketiniň edilen pursadyndan başlap tamamlanýar. Taraplaryň biri iş ýöredişi dikeldýän bolsa, arakesmeden soň başlanan täze wagt möhletiniň arasy hak isleýiş arza berlendäki ýaly tertipde kesilýär.

**161-nji madda. Hak isleýişden ýüz dönderilende hak isleýiş wagt möhletiniň arakesmesi**

1. Eger hak isleýiş arzasy yzyna alnan bolsa ýa-da kazyýetiň kanuny güýje giren çözgüdi bilen işe düýp manysy boýunça seredilmän, hak isleýişden ýüz dönderilse, hak isleýiş wagt möhletiniň geçmeginde arakesme bolmaýar.

2. Eger ygtyýarly şahs alty aýyň dowamynda ýene-de hak isleýişini bildiren bolsa, onda hak isleýiş wagt möhletiniň arasy ilkinji hak islegi arkaly kesilen diýlip hasap edilýär. Bu möhlet babatda degişlilikde şu Kodeksiň 156-158-nji maddalarynyň kadalary ulanylýar.

**162-nji madda. Hak isleýiş wagt möhletiniň geçmeginiň arakesmesiniň netijeleri**

Eger hak isleýiş wagt möhletiniň geçmeginiň arasy kesilýän bolsa, onda arakesmä çenli geçen wagt hasaba alynmaýar; täze wagt möhletiniň geçmegi diňe

arakesme tamamlanandan soň başlanýar.

**163-nji madda. Kanuny güýji bolan talap boýunça hak isleýiş wagt möhleti**

1. Kazyýetiň kanuny güýje giren çözgüdi bilen tassyklanylan talap, hatda eger şonuň ýaly talaplara hak isleýiş wagtynyň has gysga möhleti bellenilen hem bolsa, on ýyl wagt möhleti bilen tamamlanýar.

2. Eger ykrar edilen talap geljekde wagtal-wagtal gaýtalanýan hereketleriň edilmegini üpjün edýän bolsa, onda hak isleýiş wagtynyň şonuň ýaly talaplar üçin bellenilen has gysga möhleti ulanylýar.

**164-nji madda. Hukuk oruntutarlykda hak isleýiş wagt möhleti**

Eger ol babatda zat talaby bar bolan zat, hukuk oruntutarlyk tertibinde üçünji şahsyň eýeçiligine geçýän bolsa, onda hak isleýiş wagtynyň zada öňki eýesi eýelik edende geçen möhletiniň bir bölegi hukuk oruntutarynyň peýdasyna hasaplanylýar.

**165-nji madda. Hak isleýiş wagt möhletiniň geçmeginiň netijeleri**

1. Hak isleýiş wagtynyň möhleti geçenden soň, borçly şahsyň ýerine ýetirmekden ýüz döndermäge hukugy bardyr.

2. Hak isleýiş wagtynyň möhleti geçen talaby kanagatlandyrmak üçin ýerine ýetirilenler, talabyň ýerine ýetirilýän pursadynda borçly adam wagt möhletiniň geçendigini bilmedik halatynda hem yzyna talap edilip alnyp bilinmez. Bu kada şertnamalaýyn borçnamalarynyň ykrar edilmegi we borçly şahsyň talaby üpjün etmegi barada hem ulanylýar.

**166-njy madda. Goşmaça borçlar boýunça hak isleýiş wagt möhleti**

Esasy talap boýunça hak isleýiş wagt möhletiniň geçmegi bilen şol talap bilen baglanyşykly goşmaça borçlar boýunça hem hatda bu goşmaça borçlar boýunça hak isleýiş wagtynyň aýratyn möhleti geçmedik bolsa-da, hak isleýiş wagtynyň möhleti tamamlanýar.

**167-nji madda. Hak isleýiş wagtynyň möhletlerini üýtgetmek hakyndaky ylalaşygyň hakyky däldigi**

Hak isleýiş wagtynyň möhletleri we olary hasaplamagyň tertibi taraplaryň ylalaşmagy bilen üýtgedilip bilinmez.

## II BÖLEK. ZAT (EMLÄK) HUKUGY

## I BÖLÜM. EMLÄK

**168-nji madda. Düşünje**

Fiziki we ýuridik şahslaryň eýeläp, peýdalanyp we ygtyýar edip bilýän we olaryň, eger ol kanunda gadagan edilmedik ýa-da ahlak kadalaryna garşy gelmeýän bolsa, çäklendirmezden edinilmegi mümkin bolan islendik närse we maddy däl eşret emläk hasaplanýar.

Emlägiň dolanyşykda bolmagyna ýol berilmeýän ýa-da çäklendirilýän görnüşleri kanunda gös-göni görkezilen bolmalydyr.

**169-njy madda. Gozgalmaýan we gozgalýan zatlar**

1. Zat gozgalmaýan we gozgalýan bolup biler.

2. Gozgalmaýan zatlara (gozgalmaýan emläk, gozgalmaýan zat) ýer bölekleri, ýerasty baýlyklaryň bölekleri, aýrybaşga suw desgalary we ýer bilen pugta baglananlaryň hemmesi, ýagny özleriniň niýetlenilişine laýyk zyýan ýetirmezden olaryň orunlaryny üýtgetmek mümkin bolmadyk desgalar, şol sanda tokaýlar, köp ýyllyk agaçlar, binalar, gurluşlar degişlidir.

3. Gozgalmaýan emläge degişli däl zatlar, şol sanda pul we gymmatly kagyzlar gozgalýan emläk diýlip ykrar edilýär.

**170-nji madda. Bölünmeýän zatlar**

Bölünmegi netijesinde onuň bölekleri zadyň ilkibaşdaky häsiýetini we niýetlenişini ýitirýän bolsa, bölünmeýän zat diýlip ykrar edilýär.

**171-nji madda. Çylşyrymly zatlar**

Eger dürli kysymly zatlar, ony umumy niýetlenilişi boýunça peýdalanmaga mümkinçilik berýän, birleşmegiň mazmuny boýunça kesgitlenilýän bir bitewüligi emele getirse, olara bir zat (çylşyrymly zat) hökmünde garalýar.

Eger şertnamada başgaça bellenilmedik bolsa, çylşyrymly zat boýunça baglaşylan geleşigiň güýji, onuň ähli düzüm böleklerine degişlidir.

**172-nji madda. Esasy zat we oňa degişlilik**

Başga (esasy) zada hyzmat etmek üçin niýetlenilen we onuň bilen umumy niýetlenmegi bilen baglanyşykly zat (oňa degişliligi), eger şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, esasy zadyň ykbalyna eýerýär.

**173-nji madda. Indiwidual-kesgitli zatlar we kysymdaş alamatlary boýunça kesgitlenilýän zatlar**

1. Diňe onuň özüne mahsus alamatlary boýunça beýleki zatlardan aýrylan zat indiwidual - kesgitli zat diýlip ykrar edilýär. Indiwidual -kesgitli zatlar çalşyrylmaýan

bolup durýar.

2. Kysymdaş zatlaryň hemmesi üçin mahsus alamatlary bolan (kysymdaş zat) we sany, agramy, ölçegi bilen kesgitlenilýän zatlar kysymdaş alamatlary boýunça kesgitlenilýän zatlar diýlip ykrar edilýär. Kysymdaş zatlary çalşyryp bolýar.

**174-nji madda. Zadyň miweleri**

1. Zadyň berýän girdejisi, ösüşi we artykmaçlygy şol zadyň miwesidir.

2. Hukugy peýdalanmagyň netijesinde alynýan girdeji we artykmaçlyk bu hukugyň miwesidir.

3. Zadyň ýa-da hukugyň hukuk gatnaşyklary arkaly üpjün edýän girdejileri we artykmaçlyklary hem bu zadyň we hukugyň miwesidir.

4. Zada ýa-da hukuga bolan ygtyýarlyk bu ygtyýarlygyň möhletine we möçberine laýyklykda bu zadyň ýa-da bu hukugyň miwelerini almaga mümkinçilik berýär.

5. Eger şahs miweleri gaýtaryp bermäge borçly bolsa, ol bu miweler bilen baglanyşykly çeken çykdajylarynyň, eger bu çykdajylar dogry hojalyk işiniň netijesi we miweleriň gymmatyndan geçmeýän bolsa, öwezini dolmagy talap edip biler.

**175-nji madda. Aksessor we çäklendirilen hukuklar**

1. Beýleki hukuk bilen şonsuz dowam edip bilmeýän derejede baglanyşykly bolan hukuk aksessor hukuk hasaplanýar.

2. Has giň hukukdan gelip çykýan we onuň bilen baglanyşykly bolan hukuk çäklendirilen hukuk hasaplanýar.

**176-njy madda. Intellektual işiň goralýan netijeleri**

Şu Kodeksde we gaýry kanunlarda bellenilen halatlarda we tertipde, intellektual işiniň netijelerine hem-de ýuridik şahsyň aýratynlaşmagynyň, önümiň aýratynlaşmagynyň, ýerine ýetirilýän işleriň ýa-da hyzmatlaryň aýratynlaşmagynyň şol netijeler bilen deňleşdirilen serişdelerine (firma ady, haryt nyşany, hyzmat ediş nyşany we ş.m.) fiziki ýa-da ýuridik şahsyň aýratyn hukugy (intellektual eýeçiligi) ykrar edilýär.

Üçünji şahslaryň intellektual işiň aýratyn hukuk obýekti bolup durýan netijelerini we aýratynlaşdyryş serişdelerini peýdalanmagy diňe hukuk eýesiniň razylygy bilen amala aşyrylylyp bilner.

**177-nji madda. Maddy däl eşretler**

1. Başga şahslara berlip bilinjek ýa-da olaryň eýesine peýda bermek üçin niýetlenen ýa-da olaryň eýesine beýleki şahslardan näme-de bolsa bir zady talap etmek hukugyny bermek üçin niýetlenen talaplar we hukuklar maddy däl eşretler bolýar.

2. Şahsyýetiň jany we saglygy, mertebesi, şahsy eldegrilmesizlik, at-abraý we hatyra, iş abraýy, şahsy durmuşyň eldegrilmesizligi, şahsy syr we maşgala syry, erkin hereket etmek hukugy, bolýan we ýaşaýan ýerini erkin saýlap almak hukugy, at edinmek hukugy, awtorlyk hukugy, şahsy emläkleýin däl beýleki hukuklar hem-de maddy däl beýleki eşretler – doglandan beýläk ýa-da kanunyň güýjüne görä fiziki şahsa degişli bolan şu zatlar başga usul bilen elden alnyp bilinmez we başgalara berlip bilinmez. Kanunda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde şahsy emläkleýin däl hukuklar we maddy däl beýleki eşretler – ölene degişli bolan şu zatlar başga şahslar tarapyndan, şol sanda hukuk eýesiniň mirasdarlary tarapyndan hem amala aşyrylyp we goralyp bilner.

## II BÖLÜM. EÝELIK ETMEK

### 178-nji madda. Eýeligiň edinilmegi

1. Eýelik zada hakyky agalyk etmek bilen edinilýär.
2. Zada hakykat ýüzünde eýelik edýän bolsa-da, ony başga şahsyň peýdasyna eýelik edýän we eýesiniň ygtyýarlaryny şol şahsdan alan şahs zadyň eýesi diýlip hasap edilmeýär. Diňe ygtyýarlyk etmek hukugy beren şahs zadyň eýesi diýlip ykrar edilýär.
3. Eger şahs uzufruktuariý, girew saklaýjy, kärendeçi, kireýine alyjy, saklap beriji hökmünde ýa-da şuňa meňzeş gaýry hukuk gatnaşygy esasynda zada eýelik edýän bolsa (göni eýelik etmek), şol sebäpli beýleki şahs babatda belli bir zada wagtlaýyn eýelik etmäge ol hukukly ýa-da borçly bolsa, onda soňky şahs hem zada eýelik ediji (aralyk eýelik) bolýar.
4. Eger bir zada birnäçe şahs bilelikde eýelik edýän bolsa, onda olar şärikli eýeler diýlip hasap edilýär.
5. Eger bir zadyň böleklerine birnäçe şahs eýelik edýän bolsa, onda olar aýry-aýry bölekleriň eýeleri diýlip hasap edilýär.

### 179-njy madda. Eýelik etmegiň bes edilmegi

1. Eger zadyň eýesi zady hemişelik berýän ýa-da zada hakyky agalyk etmegi gaýry ýol bilen ýitirýän bolsa, eýelik bes edilýär.
2. Zada hakyky agalyk etmegiň amala aşyrylmagyna wagtlaýyn päsgelçilik berilmegi eýelik etmegi bes etmeýär.

### 180-nji madda. Miraslyk

Eýelik etmek miras boýunça geçýär.

### 181-nji madda. Eýeçilik prezumpsiýasy

1. Gozgalýan zada eýelik edýän babatda, ol zadyň eýesi diýip hasap edilmelidir.

Eger zadyň ozalky eýesi bu zady ýitiren ýa-da ol ondan ogurlanylan bolsa, ýa-da şol zat onuň eýelik etmeginden başga usul bilen çykan bolsa, onda bu kada, zadyň ozalky eýesi babatda hereket etmeýär, muňa pul we gymmatly kagyzlary görkeziji babatdaky halatlar girmeýär.

2. Zada ozalky eýelik eden babatda ony şol zada eýelik eden wagtynyň dowamynda onuň eýesi boldy diýlip hasap edilmelidir.

**182-nji madda. Ynsaply eýelik ediji**

Zada kanunalaýyk eýelik edýän ýa-da iş gatnaşyklarynda zerur dykgatly geçirilen barlag esasynda ygtyýarly şahs diýlip ykrar edilip bilinse ol ynsaply eýelik ediji hasaplanylýar.

**183-nji madda. Ynsaply eýelik edijiniň zady bikanun eýelik etmekden gaýtaryp almak hakyndaky talaby**

Eger ynsaply eýelik ediji eýelik etmekden mahrum edilse, ol täze eýelik edijiden zadyň gaýtarylyp berilmegini üç ýylyň dowamynda talap edip biler. Bu kada zadyň täze eýelik edijide eýelik etmäge artykmaçlyk hukugy bolsa ulanylmaýar. Eýelik etmegiň gaýtarylyp berilmegi baradaky talap, eger ol zady zorluk ýa-da aldaw arkaly edinen bolsa, artykmaçlyk hukugy bolan şahs babatda hem ulanylyp bilner.

**184-nji madda. Ynsaply eýelik edijiniň bikanun päsgelçiligiň aýrylmagyny talap etmegi**

Eger ynsaply eýelik ediji zadyndan mahrum edilmän, ýöne oňa eýelik etmegi amala aşyrmaga gaýry ýol bilen päsgel berilse, ol zat eýesi hökmünde päsgelçilikleriň aradan aýrylmagyny talap edip biler. Ol eýelik edilmegine hyýanat edilmegi sebäpli ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny hem talap edip biler. Zyýanyň öwezini dolmak baradaky bu kada päsgelçilikleri aradan aýyrmak talabynyň mümkin bolmadyk halatynda hem ulanylýar.

**185-nji madda. Zada kanunalaýyk eýelik etmek**

1. Kanunalaýyk eýelik edijä zady gaýtaryp bermek talaby bildirilip bilinmez. Kanunalaýyk eýelik edilýän wagtyň dowamynda zadyň we hukugyň miweleri onuň gazananlary diýlip hasap edilýär.

2. Bu kada göni we aralyk eýelik etmek gatnaşyklaryna hem degişlidir.

**186-njy madda. Zada ynsaply eýelik edijiniň borçlary**

1. Zada eýelik etmek hukugy ýok ýa-da bu hukugy ýitiren ynsaply eýelik ediji ygtyýarly şahsa gaýtaryp bermäge borçludyr. Ygtyýarly şahs özüniň bu hukugyny ulanýança zadyň we hukugyň miweleri eýelik edijä degişlidir.

2. Ynsaply eýelik ediji zada ynsaply eýelik edýän döwründe geçiren gowulandyrmalarynyň we eden çykdajylarynyň, şonuň ýaly-da bu zady we alnan miweleri peýdalanmak bilen öwezi dolunmadyk harçlanylan puluň öwezini dolmagy ygtyýarly şahsdan talap edip biler. Onuň günäsi bilen alynmadyk miweleriň gymmaty aýrylmalydyr. Şol kada, eger zadyň gaýtarylyp berlen pursadynda hem zadyň gymmatlamagy dowam eden bolsa, zadyň gymmatlamagyna getiren gowulandyrmalara degişli edilýär.

3. Ynsaply eýelik ediji öz talaplary kanagatlandyrylýança zady gaýtaryp bermekden ýüz dönderip biler.

**187-nji madda. Zada ynsapsyz eýelik edijiniň borçlary**

Ynsapsyz eýelik ediji zady we alan peýdasyny hem, zadyň ýa-da hukugyň miwelerini hem ygtyýarly şahsa gaýtaryp bermelidir. Zada eýelik edýän öz günäsi bilen alyp bilmedik miweleriniň öwezini dolmaga borçludyr. Ol zat barada çekilen çykdajylaryň we gowulandyrmalaryň öwezini dolmagy diňe gaýtarylyp berlen pursadyna şol gowulandyrmalar ygtyýarly şahsyň baýlaşmagyna getirýän bolsa, talap edip biler. Ynsapsyz şahs babatdaky beýleki talaplar üýtgedilmän galýar.

**188-nji madda. Wagt möhletine görä gozgalýan zatlara eýeçilik hukugyny edinmek**

1. Eger şahs gozgalýan zada özüniňki hökmünde bäş ýylyň dowamynda üznüksiz eýelik edýän bolsa, onda ol şol zada eýeçilik hukugyny (hukuk ediniş wagt möhleti) edinýär.

2. Eger hukugy ediniji zada ynsapsyzlyk bilen eýelik eden bolsa ýa-da soňra zadyň özüne degişli däldigini bilen bolsa, gozgalýan zada eýeçilik hukugynyň edinilmegi ýol berilmesizdir.

**189-njy madda. Zada üznüksiz eýelik etmek**

Eger şahs wagtyň haýsy-da bolsa bir döwrüň başynda we ahyrynda zada eýelik eden bolsa, onda bu şahs, zat eýesi hökmünde görkezilen döwrüň bütin dowamynda zada eýelik eden diýlip hasap edilmelidir.

**190-njy madda. Wagt möhletine görä gozgalmaýan zatlara eýeçilik hukugyny edinmek**

Eger şahs ýer böleginiň ýa-da gaýry gozgalmaýan emlägiň eýesi hökmünde Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyna (mundan beýläk – Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawy) girizilip, olara eýeçilik hukugyna eýe bolmadyk bolsa, eger bellige almak on bäş ýyllap dowam eden bolsa we şol bütin döwrüň dowamynda zat eýesi hökmünde olara eýelik eden bolsa, onda ol eýeçilik hukugyny edinýär.

**191-nji madda. Zadyň eýesiniň nägilelikleri sebäpli zada eýelik etmegiň bes edilmegi**

Eger zadyň eýesi zada eýelik edijä esaslandyrylan nägileliklerini bildirse, zada eýelik etmek bes edilýär.

**192-nji madda. Zadyň edinilmeginde artykmaçlyk hukugy**

Hukuk esaslary boýunça on ýyldan köp wagtyň dowamynda zada eýelik eden we peýdalanan eýelik edijiniň bu zady edinmäge artykmaçlyk hukugy bardyr.

## III BÖLÜM. EÝEÇILIK

## I BAP. EÝEÇILIK HUKUGYNYŇ MAZMUNY

**193-nji madda. Düşünje**

Eýeçilik hukugy diýlip, emläge eýelik etmek, peýdalanmak we ygtyýarlyk etmek boýunça kanunçylyk taýdan düzgünleşdirilen jemgyýetçilik (emläkleýin we emläkleýin däl) gatnaşyklaryna düşünilýär.

**194-nji madda. Eýeçilik hukugynyň mazmuny**

1. Eger munuň bilen goňşularyň ýa-da beýleki üçünji şahslaryň hukuklary bozulmaýan ýa-da bu hereket hukugy hyýanatly peýdalanmagy aňlatmaýan bolsa, zadyň eýesi kanunda ýa-da şertnamada bellenilen çäklendirmeleriň çäginde emläge (zada) erkin eýelik edip we peýdalanyp, beýleki şahslaryň bu emläge eýelik etmegine, oňa ygtyýar etmegine ýol bermän biler.

2. Eýeçiligiň şonuň ýaly peýdalanylmagy bilen beýlekilere diňe zyýan ýetirilýän, şunda zat eýesiniň bähbitleriniň artykmaçlygy anyk kesgitlenilmedik we onuň hereketleriniň zerurlygy delillendirilmedik bolsa, hukugy hyýanatly peýdalanmak diýlip hasap edilýär.

3. Peýdalanmak hukugy şahsyň öz zadyny peýdalanmazlyk mümkinçiligini hem öz içine alýar. Eger bu zatlaryň ulanylmazlygy ýa-da olara seredilmezligi jemgyýetçilik bähbitlerine hyýanat edýän bolsa, peýdalanmak ýa-da olara seretmek we olary saklamak borjy kanun tarapyndan bellenilip bilner. Şeýle halatda zadyň eýesine şol borçlary özüň ýerine ýetirmek ýa-da bu zady degişli höweslendirmäniň hasabyna başga şahslaryň peýdalanmagyna bermek borjy ýüklenilip bilner.

**195-nji madda. Zadyň düýpli düzüm bölegine eýeçilik hukugy**

Zada eýeçilik hukugy bu zadyň düýpli düzüm böleklerine hem degişlidir.

**196-njy madda. Zady bikanun eýelik edilmeginden yzyna talap edip almak we päsgelçilikleriň aradan aýrylmagyny talap etmek**

1. Eýelik edýäniň bu zada eýelik etmäge hukugynyň bardygyndan beýleki halatlarda eýesi eýelik edýänden zady yzyna gaýtaryp bermegi talap edip biler.
2. Eger eýeçilik hukugy elden almakdan ýa-da zatdan mahrum etmekden gaýry ýol bilen bozulýan bolsa, zat eýesi düzgüni bozujydan düzgün bozulmalary aradan aýyrmagy talap edip biler. Eger hyýanat etmek täzeden dowam edýän bolsa, zat eýesi kazyýete hak isleýiş arzasyny bermek arkaly şonuň ýaly hereketiň bes edilmegini talap edip biler.

**197-nji madda. Umumy eýeçilik**

1. Umumy eýeçilik kanun boýunça ýa-da geleşik esasynda ýüze çykýar. Zat eýeleriniň her biri umumy eýeçilikdäki emläk barada üçünji şahslara talap bildirip biler. Zat eýeleriniň her biri zady diňe ähli zat eýeleriniň peýdasy üçin talap edip almaga hukuklydyr.
2. Umumy eýeçilikdäki zat girew goýlup bilner ýa-da zat eýeleriniň biriniň peýdasy we bähbidi üçin hukuk taýdan başga hili berlip bilner.
3. Eger kanunda ýa-da şertnamada başgaça bellenilmedik bolsa, umumy eýeçilikdäki zada seretmek we ony saklamak boýunça çykdajylar zat eýeleriniň üstüne deň derejede ýüklenilýär.
4. Zat eýeleriniň her biriniň umumy eýeçilikdäki paýyny satyn almakda artykmaçlyk hukugy bardyr.

## II BAP. GOŇŞUÇYLYK HUKUGY

**198-nji madda. Düşünje**

Ikitaraplaýyn täsiriň ýüze çykyp biljek her bir ýer bölegi ýa-da gaýry gozgalmaýan emläk goňşy diýlip hasap edilýär.

**199-njy madda. Birek-biregi hormatlamak borjy**

Goňşy ýer bölekleriniň ýa-da gaýry gozgalmaýan emlägiň eýeleri, kanunda göz öňünde tutulan hukuklardan we borçlardan başga ýagdaýlarda birek-birege özara hormat goýmaga borçludyrlar.

**200-nji madda. Ýol berilýän goňşuçylyk täsiri**

1. Ýer böleginiň ýa-da gaýry gozgalmaýan emlägiň eýesi öz ýer bölegine goňşy ýer böleginden gazyň, buguň, ysyň, gurumyň, tüssäniň, zenzeläniň, ýylylygyň, wibrasiýanyň ýa-da şoňa meňzeş täsiri, eger olar zadyň eýesine özüniň ýer böleginden peýdalanmagyna päsgel bermeýän bolsa ýa-da onuň hukugyny ujypsyz

bozýan bolsa, gadagan edip bilmez.

2. Bu kada edilýän täsir düýpli bolsa-da, ol beýleki ýer böleginiň adaty peýdalanylyşyndan gelip çykýan we peýdalanyjylaryň bu görnüşi üçin kadaly hojalyk işi diýlip ykrar edilýän çäreler arkaly öňi alnyp bilinmejek halatlarda-da hereket edýär. Eger zat eýesi şonuň ýaly täsire çydamaga borçly bolsa, onda ol şol täsiriň çykýan böleginiň eýesinden pul görnüşinde degişli öwezlik tölegini, eger şonuň ýaly täsir şol sebit üçin peýdalanmaga adaty diýlip ykrar edilen çäkden geçýän we ykdysady taýdan ýol berilýän çäkden geçýän bolsa, talap edip biler.

**201-nji madda. Ýol berilmeýän hyýanatçylyk**

Zat eýesi öz ýer bölegine hyýanat edilmeginiň ýol berilmesizdigi ilkibaşdan aýdyň bolan gurluşygyň ýa-da şonuň ýaly desgalaryň ulanylmagynyň gadagan edilmegini talap edip biler. Eger desga kanunda bellenilen uzaklyk çägini berjaý etmek bilen bina edilen bolsa, onda şol desganyň ýykylyp aýrylmagy diňe ýol berilmeýän hyýanatçylyk mese-mälim görnüp duran halatynda talap edilip bilner.

**202-nji madda. Abanýan howpuň aradan aýrylmagyny talap etmek**

Eger ýer bölegine goňşy ýer bölegindäki bina ýykylmak howpuny salýan bolsa, eýesi goňşusyndan bu howpuň öňüni almak boýunça zerur bolan çäreleri amala aşyrmagyny talap edip biler. Ýer bölekleriniň birnäçesiniň içinden geçýän akaba suwuň we ýerasty suwuň ugruny üýtgetmäge ýa-da olaryň beýleki ýer böleklerine suwuň mukdarynyň azalmagyna we onuň hiliniň ýaramazlaşmagyna getirýän derejede tilsimleşdirilmegine ýol berilmeýär. Derýalaryň tebigy akymynyň bozulmagyna ýol berilmeýär.

**203-nji madda. Agaçdan gaçan miweler**

Goňşy ýer bölegine agaçdan ýa-da gyrymsy agaçdan gaçan miweler şol ýer böleginiň miweleri diýlip hasap edilýär. Eger goňşy ýer bölegi jemgyýetçiligiň peýdalanmagynda durýan bolsa, bu kada ulanylmaýar.

**204-nji madda. Goňşy ýer bölegindäki agajyň kökleri we şahalary**

Ýer böleginiň eýesi oňa goňşy ýer böleginden geçen agajyň köklerini ýa-da şahasyny kesip we özünde galdyryp biler. Bu kada goňşy ýer bölegindäki agaçlaryň sallanyşyp duran çogdum şahalaryna hem degişlidir.

**205-nji madda. Gurluşyk edilende ýer böleginiň çäginiň bozulmagy**

1. Eger ýer böleginiň eýesi tarapyndan gurluşyk edilende bilmezlikden ýa-da gödek geleňsizlik etmezden goňşy ýeriň bir böleginde guran bolsa, onda goňşy çägiň şunuň ýaly bozulmagyna ýol bermelidir, muňa onuň çägiň şeýle bozulmagynyň öň

ýa-da yz ýanyndan garşylygyny bildiren halatlary degişli däldir.

2. Şunuň ýaly ýagdaýda goňşa öwezini dolmak hökmünde pulda öwezlik tölegi tölenilmelidir. Görkezilen töleg her ýylda hakujy görnüşinde bir ýyl öňünden geçirilmelidir.

**206-njy madda. Kesekiniň eýelik edýän ýerinden geçelge gurmak**

1. Eger ýer böleginiň haýsy-da bolsa bir umumy peýdalanylýan ýola, elektrik, gaz we suw üpjünçiligi ulgamlaryndan çykalgasy bolmasa, onda eýesi zerur geçelgäni ýola goýmak üçin goňşularyndan olaryň ýer böleklerini peýdalanmaga ýol bermegini talap edip biler. Ýer böleginden zerur çykalga geçiriljek goňşa pulda öwezi dolunmalydyr, ol taraplaryň arasyndaky ylalaşyk boýunça bir gezekleýin töleg görnüşinde tölenilip bilner.

2. Eger öňden bar bolan çykalga ýer böleginiň eýesiniň bikanun hereketleri bilen aýrylan bolsa, eýelik edilýän ýer böleginden çykalganyň bolmagyna ýol bermek borjy ýüze çykmaýar.

**207-nji madda. Çäk lüňüni gurmak**

1. Ýer böleginiň eýesi aýyl-saýyl ediji mäkäm lüňi gurmaga ýa-da eýýäm bar bolan, ýöne ýitip giden ýa-da zyýan ýeten çäk lüňüni gurmaga gatnaşmagy goňşy ýer böleginiň eýesinden talap edip biler.

2. Çägi aýyl-saýyl etmek üçin edilen çykdajylar goňşularyň arasynda, eger olaryň arasynda dowam edýän hukuk gatnaşyklaryndan başgaça gelip çykmaýan bolsa, deň paýlanylýar.

**208-nji madda. Çägiň jedelliligi**

1. Eger jedel sebäpli hakyky çägi kesgitlemek mümkin bolmasa, onda goňşularyň hakykat ýüzünde eýeläp oturan ýeri çägi aýyl-saýyl etmek üçin kesgitleýji şertdir. Eger hakykat ýüzünde eýelenilýän ýeri takyklap bolmaýan bolsa, onda jedelli meýdandan her bir ýer böleginiň üstüne deň bölegi goşulmalydyr.

2. Eger bu görkezmelere laýyklykda çägiň kesgitlenilmegi bellenilen faktlara garşy gelýän bolsa, husasan-da, ýer böleginiň bellenilen möçberine laýyk gelmeýän netijä getirýän bolsa, onda çägi taraplaryň piriniň arzasy boýunça kazyýet kesgitleýär.

**209-njy madda. Çäk desgalaryny bilelikde peýdalanmak**

1. Eger iki sany ýer bölekleriniň arasy haýat ýa-da çäk hökmünde peýdalanylýan başga bir desga bilen bölünen bolsa, onda ýer bölegi eýeleriniň desga, eger bu desganyň goňşularyň birine degişlidigini haýsydyr bir daşky alamatlar görkezmeýän bolsa, bilelikde peýdalanmaga hukugy bar diýlip hasap edilmelidir.

2. Eger goňşularyň çäk desgasyny bilelikde peýdalanmaga hukugy bar bolsa, onda olaryň her biri ony bilelikde peýdalanýan goňşusyna päsgel bermez ýaly edip

peýdalanyp biler. Desga seretmek we ony saklamak üçin edilýän çykdajylar goňşularyň arasynda deň paýlanylýar. Goňşulardan biriniň bu desganyň aýrylman durmagyna gyzyklanmasynyň dowam edýän wagtyna çenli, şol desga onuň razylygy bolmazdan aýrylyp ýa-da üýtgedilip bilinmez.

## III BAP. EÝEÇILIK HUKUGYNYŇ EDINILMEGI WE ONUŇ ÝATYRYLMAGY

### §1. Gozgalmaýan zatlara eýeçilik hukugynyň edinilmegi we ýatyrylmagy

#### 210-njy madda. Gozgalmaýan zatlara eýeçilik hukugynyň edinilmegi

1. Gozgalmaýan zady edinmek üçin notarial tertipde tassyklanylan resminama we zat edinijini Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige almak zerurdyr. Zady eýeçiliginden aýyrýan hem, ony edinýän hem hukugynyň bellige alynmagy üçin arza berip biler.

2. Resminamada gozgalmaýan zady edinmek üçin nämäniň esas bolýandygy takyk görkezilmelidir. Eger taraplaryň biri wekiliň üsti bilen gatnaşýan bolsa, onda resminamada ynanç haty hem takyk görkezilmelidir.

#### 211-nji madda. Eýesiz galan gozgalmaýan zada eýeçilik hukugyny edinmek

1. Eýesi bolmadyk ýa-da eýesi näbelli bolan gozgalmaýan zat eýesiz zat bolup durýar.

2. Eýesiz galan gozgalmaýan zat onuň ýerleşýän ýeriniň ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň arzasy boýunça gozgalmaýan emläge bolan hukuklary döwlet belligine almaga ygtyýarly edara tarapyndan hasaba alynýar.

Eýesiz galan gozgalmaýan zat hasaba alnandan bir ýyl geçeninden soň, onuň ýerleşýän ýerindäki emlägi dolandyrmaga ygtyýarly edilen ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasy şol gozgalmaýan emlägi eýesiz diýip ykrar etmek we ony döwlet eýeçiligine geçirmek hakynda arza bilen kazyýete ýüz tutup biler.

#### 212-nji madda. Eýeçilik hukugyndan ýüz dönderilmegi

Eýeçilik hukugyndan ýa-da gaýry hukukdan ýüz dönderilmegi üçin ygtyýarly şahsyň bu hukukdan ýüz dönderýändigi hakynda arzasy we bu arzanyň Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alynmagy zerurdyr. Arza gozgalmaýan emläge bolan hukuklary döwlet belligine almaga ygtyýarly edara tabşyrylmalydyr. Şondan soň hukukdan ýüz döndermek hakyndaky arza hökmany güýje eýe bolýar.

#### 213-nji madda. Zady edinýäniň bähbitlerini goramak

Zady edinýäniň bähbitlerinden ugur alnyp, eger zady eýeçiliginden aýyrýan

zadyň eýesi hökmünde Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnan bolsa, ol zat eýesi diýlip hasap edilýär, muňa zady özünden aýyrýanyň zat eýesi bolmandygyny zat edinijiniň bilen halatlary girmeýär.

## §2. Gozgalýan zatlara eýeçilik hukugynyň edinilmegi we ýatyrylmagy

### 214-nji madda. Eýeçilik hukugyny bermek

1. Gozgalýan zada eýeçilik hukugyny bermek üçin eýesiniň hakyky hukuk esasynda eýeçilik hukugyny edinijä bermek hakynda olaryň arasynda baglaşylan ylalaşygyň ýerine ýetirilmegi üçin, zady edinijä bermegi zerurdyr. Eger ediniji zada eýýäm eýelik edýän bolsa, onda eýeçilik hukugynyň başga birine berilmegi hakyndaky ylalaşygyň özi ýeterlikdir.

2. Eger eýesi zada eýelik edýän bolsa, onda zadyň hakykat ýüzünde berilmegi edinijiniň zada aralyk eýelik etmegini bellemek hakynda eýesi bilen edinijiniň ylalaşmagy bilen çalşyrylyp bilner.

3. Zat eýesiniň edinijä üçünji şahslardan eýeligi talap etmäge hukugy bermegi hem eýeçilik hukugynyň berildigi diýlip hasap edilýär.

### 215-nji madda. Ygtyýarsyz şahsdan zady ynsaplylyk bilen edinmek

Zadyň eýeçilikden aýrybaşgalanmagy netijesinde ediniji, hatda zat ony berijä degişli bolmadyk hem bolsa, ýöne bu fakt babatda zat ediniji ynsaply bolan bolsa, zadyň eýesine öwrülýär. Eger ol bu zadyň özünden aýyrýana degişli däldigini bilen ýa-da bilmeli bolan bolsa, ediniji ynsaply diýlip hasap edilmeýär. Ynsaplylyk fakty zat başga birine berilmezinden öň bolmalydyr.

### 216-njy madda. Ýitirilen zatlar

1. Eger zat eýesinden ogurlanan, ýitirilen ýa-da ol başga ýol bilen elden gidirilen bolsa, eýeçilik hukugy edinilip bilinmez. Eger eýesi zada diňe aralyk tertipde eýelik edýän bolsa, şonuň ýaly-da zady eýelik edýän ýitiren bolsa, şonda hem bu kada hereket edýär.

2. Bu görkezmeler pul ýa-da gymmatly kagyzlary görkeziji babatda, şonuň ýaly-da jemagat söwdasyny geçirmek arkaly aýrybaşgalanan zatlar babatda ulanylmaýar.

### 217-nji madda. Eýeçilik hukugyny saklamak hakyndaky şert

Eger gozgalýan zady satyjy satyn alyş nyrhy tölenilýänçä, zada bolan eýeçilik hukugyny özünde saklamak şertini goýan bolsa, onda eýeçilik hukugy satyn alyş nyrhyny doly tölemegi gaýra goýmak şerti bilen berilýär we alyjy tölemek möhletini geçiren halatynda, satyjy şertnamany ýatyrmaga hukuklydyr diýip hasap edilmelidir.

### 218-nji madda. Gozgalýan eýesiz zada eýeçilik hukugyny edinmek

1. Eger gozgalýan zadyň ozalky eýesi eýeçiliginden ýüz döndermek maksady bilen zada eýelik etmegini bes etse, onda şol zat eýesiz diýlip hasap edilýär.

2. Gozgalýan eýesiz zady öz eýeçiligine alan şahs bu zada, eger zady özüne geçirmek kanunda gadagan edilmedik bolsa ýa-da şol zady özüne geçirmek bilen bu zady almaga hukugy bar şahsyň hukuklary bozulmadyk bolsa, eýeçilik hukugyny edinýär.

### 219-njy madda. Tapyndy

1. Ýitirilen zady tapan şahs bu barada ýitireni ýa-da zadyň eýesini, ýa-da zady almaga hukugy bolan beýleki şahsy haýal etmän habarly etmäge borçludyr.

2. Eger zady tapan şahs zady almaga hukugy bolan şahslardan hiç kimi bilmeýän bolsa ýa-da olaryň bolýan ýeri oňa näbelli bolsa, onda ol özüniň tapyndysy hakynda we zady almaga hukugy bolan şahsy tapmak üçin düýpli ähmiýeti bolup biljek ýagdaýlar hakynda haýal etmän içeri işler edarasyna ýa-da gaýry ýerli edara habar bermäge borçludyr.

3. Zady tapan şahs ony saklamaga borçludyr. Tapyndy hakynda degişli edara mälim edilen pursadyndan bir ýyl geçenden soň, ýokarda görkezilen möhlet tamamlanmazyndan öň zady almaga hukugy bolan şahsyň oňa belli bolan ýa-da bu şahsyň öz hukugy hakynda degişli edara habar bermeginden başga ýagdaýlarda, zady tapan şahs oňa eýeçilik hukugyna eýe bolýar. Eýeçilik hukugynyň edinilmegi bilen bu zat baradaky ähli beýleki hukuklar ýatyrylýar.

4. Zady tapan şahs zady almaga hukugy bolan şahsdan tapylan zadyň gymmatynyň bäş göterimine çenli möçberde sylag talap edip biler. Mundan başga-da, zady tapan şahs bu zady saklamak üçin eden çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyny zat almaga hukugy bar şahsdan ýa-da degişli edaradan talap etmäge hukuklydyr.

5. Eger zady tapan şahs eýeçilik hukugyndan ýüz dönderýän bolsa, onda degişli edara bir ýyl geçenden soň zady jemagat öňünde geçirilýän söwdalarda satyp we peýda alyp biler ýa-da gürrüň onçakly gymmat bolmadyk zat hakynda barýan bolsa, ony birine tölegsiz berip ýa-da ony ýok edip biler.

6. Tiz zaýalanýan zat ýa-da saklanylmagy şol zadyň gymmatyndan artyk çykdajylary talap edýän zat geçirilýän jemagat söwdalarynda zady tapan şahs tarapyndan satylmalydyr. Zady satmakdan düşen pul şol zadyň özüniň deregini tutýar.

### 220-nji madda. Hum

Eger şeýle uzak wagtlap ýaşyryn saklanyp galandygy sebäpli özüniň eýesiniň kimdigini takyklamak indi mümkin bolmadyk zat (hum) tapylan bolsa we ony tapan şahs zada eýelik etmäge girişen bolsa, onda zady tapan şahs we özünde bu humy ýaşyryp gelen emlägiň eýesi bu zat baradaky eýeçilik hukugyny deň paýda edinýärler.

### 221-nji madda. Ýer bölegi bilen birleşmek

Eger gozgalýan zadyň ýer bölegine şeýle görnüşde birleşmegi bilen, ol bu ýer böleginiň düýpli düzüm bölegi bolýan bolsa, onda ýer bölegine bolan eýeçilik hukugy bu zada hem degişli bolýar.

### 222-nji madda. Gozgalýan zat bilen birleşmek

1. Eger gozgalýan zatlaryň özara şeýle görnüşde birleşdirilmegi bilen, olar bir bitewi zadyň düýpli düzüm bölegi bolýan bolsa, onda ozalky eýeleri zadyň şärikli eýeleri bolýarlar; olaryň paýlary zatlaryň birleşen pursadyndaky gymmatynyň degişli derejesinde kesgitlenilýär.
2. Eger zatlaryň birine esasy zat hökmünde garalýan bolsa, onda onuň eýesi şol zada degişli beýleki zatlara hem eýeçilik hukugyna eýe bolýar.

### 223-nji madda. Materiallary gaýtadan işlemegiň netijelerine eýeçilik hukugy

Eger materialy gaýtadan işlemek ýa-da üýtgetmek arkaly gozgalýan täze zat ýasalýan bolsa, onda öndüriji we materialyň eýesi täze zadyň şärikli eýelerine öwrülýär. Eger ylalaşyk bilen başgaça bellenilmedik bolsa, olaryň paýlary materialyň gymmatyna we önümçilik çykdajylaryna barabarlykda kesgitlenilýär.

### 224-nji madda. Eýeçilik hukugy başga birine geçende hukuklaryň ýatyrylmagy

Eýeçilik hukugy şu Kodeksiň 221-223-nji maddalaryna laýyklykda başga birine geçen halatynda, şol zat babatda dowam eden ähli gaýry hukuklar ýatyrylýar.

### 225-nji madda. Hukuklaryň ýitirilmegi sebäpli ýeten zyýanyň öwezini dolmak

1. Şu Kodeksiň 221-223-nji maddalarynda göz öňünde tutulan halatlarda hukugyny ýitiren şahs, şonuň ýaly-da onuň hukuklary başga hili bozulan halatynda, ol hukuk özüniň peýdasyna üýtgän şahsdan pulda öweziniň dolunmagyny talap edip biler. Ozalky ýagdaýyň dikeldilmegi barada talabyň bildirilmegine ýol berilmeýär.
2. Eger täze eýesi zady üçünji şahsdan tölegli şertnama boýunça edinen bolsa, şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan kada ulanylmaýar.

## IV BAP. ÝAŞAÝYŞ JAÝYNA EÝEÇILIK HUKUGY

## §1. Umumy düzgünler

### 226-njy madda. Mazmuny

1. Köp öýli ýaşaýyş jaýlarynda eýeçilik hukugy öýe (ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugy) we binanyň ýaşaýyş jaý hökmünde peýdalanylmaýan bölegine (ýaşalmaýan meýdana eýeçilik hukugy) ykrar edilýär.

2. Ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugy we ýaşalmaýan meýdana eýeçilik hukugy hususy eýeçilik hukugy diýlip ykrar edilýär.

3. Hususy eýeçilik bolup durmaýan ýer bölegi, binanyň, gurluşyň we gurnamanyň bir bölegi ýaşaýyş jaýynyň eýeleriniň umumy eýeçiligi bolup durýar. Umumy eýeçilikdäki paýlaryň möçberleri öýleriň (ýaşaýyş otaglarynyň) sanyna laýyklykda kesgitlenilýär.

4. Hususy eýeçilik hukugy diňe aýrybaşga ýaşaýyş otagy ýa-da binanyň aýrybaşga beýleki böleklerine bolup biler. Eger ulag jaýlarynyň ýer bölekleriniň çäkleri uzak wagtyň dowamynda peýdalanylmagy netijesinde aýdyň belli bolsa, onda olar aýrybaşga diýlip hasap edilýär.

**227-nji madda. Ýaşaýyş jaýyny edinmekde artykmaçlyk hukuk**

1. Ýaşaýyş jaýyny kireýine alanlar onda üç ýyldan köp wagt ýaşan bolsalar, olaryň ony edinmäge artykmaçlyk hukugy bardyr. Olar bu hukugyny amala aşyrmak hakyndaky arza bilen ýaşaýyş jaýynyň soňky eýesine ýüz tutýarlar.

2. Eger şahs kireýine berlen ýaşaýyş jaýyny edinse, ediniji onda kireý boýunça ýaşamaýan bolsa, onda ol ýaşaýyş jaýyny kireýine berijiniň ornuny eýeleýär.

**228-nji madda. Ýaşaýyş jaýyna hususy eýeçilik hukugyny edinmegiň esaslary**

1. Ýaşaýyş jaýyna hususy eýeçilik hukugyny edinmek we ony bes etmek üçin geleşik baglaşylmagy we onuň Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alynmagy zerurdyr.

2. Geleşik notarial taýdan tassyklanylmaga degişlidir.

**229-njy madda. Hususy eýeçilik hukugynyň närsesi**

1. Şu Kodeksiň 226-njy maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda kesgitlenilen meýdan, şonuň ýaly-da bu meýdanyň düzüm bölekleri, ýagny üýtgedilmegi, bölünmegi ýa-da goşulmagy umumy eýeçilik ýa-da haýsy-da bolsa başga bir ýaşaýyş jaýynyň eýesiniň hususy eýeçilik hukugyna esaslanan hukuklarynyň ýerliksiz bozulmagyna ýa-da jaýyň daşky görnüşiniň üýtgedilmegine getirmeýän bölekleri hususy eýeçilik hukugyna degişlidir.

2. Jaýyň berkligini we howpsuzlygyny üpjün edýän bölekleri, şeýle hem zat eýeleriniň umumy peýdalanmagynda bolýan gurluşlar we gurnamalar hususy eýeçilige degişli bolan meýdanda ýerleşýän halatynda hem hususy eýeçilik hukugyna degişli bolup bilmez.

3. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň özara ylalaşygyna görä, jaýyň hususy eýeçilik

hukugynyň närsesine degişli bölekleri umumy eýeçilige degişli edilip bilner.

### 230-njy madda. Umumy eýeçilikdäki paýy kesgitlemek

1. Umumy eýeçilikdäki ýaşaýyş jaýynyň eýesiniň paýy onuň hususy eýeçiliginde bolýan meýdanyň hususy eýeçilikde bolýan bütin meýdana bolan gatnaşygy arkaly kesgitlenilýär. Kömekçi otaglaryň we jaýlaryň (ýerzeminler we başgalar) meýdany bütin meýdanyň üçden bir bölegi diýlip hasap edilýär.

2. Zat eýeleriniň şereketi ýatyrylan halatynda, ýaşaýyş jaý eýeleriniň paýy şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda kesgitlenilýär.

### 231-nji madda. Umumy eýeçilikdäki degişli paýy hasaba almazdan, hususy eýeçiligiň aýrybaşgalanmagyna ýol bermezlik

1. Umumy eýeçilikdäki degişli paýy hasaba almazdan, hususy eýeçiligiň özünden aýrybaşgalanmagyna, girewe ýa-da gaýry ýol bilen çäklendirme goýulmagyna ýol berilmeýär.

2. Umumy eýeçilikdäki paýa bolan hukuklar oňa degişli edilen hususy eýeçilige hem degişli bolýar.

### 232-nji madda. Ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugyny Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige almak

Ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugyny Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige almagyň düzgünleri kanun bilen bellenilýär.

## §2. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň özara gatnaşyklary

### 233-nji madda. Ylalaşyklary Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige almak

1. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň arasyndaky özara gatnaşyklar, ýörite kanunçylyk bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, şu Kodeks bilen kesgitlenilýär.

2. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň arasyndaky özara gatnaşyklary şu Kodeksiň kadalaryndan başgaça düzgünleşdirýän ylalaşyklar, şonuň ýaly-da şeýle ylalaşyklaryň üýtgedilmegi ýa-da ýatyrylmagy diňe bu ylalaşyklar Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnanda üçünji şahslar üçin güýji bardyr.

3. Çözgüt kabul etmek üçin şu Kodekse laýyklykda ýa-da taraplaryň ylalaşygy boýunça sesleriň köplügi zerur bolsa, şeýle çözgütleriň kabul edilenden soň ses bermäge gatnaşmadyk ýa-da bu çözgüde garşy ses beren ýaşaýyş jaý eýeleri üçin hem güýji bardyr.

### 234-nji madda. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň şereketi

1. Hususy eýeleriň ählisi bilelikde ýaşaýyş jaý eýeleriniň şereketini emele getirýär, ol ýuridik şahs däldir.

2. Jaý eýesiniň jaý eýeleriniň şereketini ýatyrmagy talap etmäge hukugy ýokdur. Şeýle talaba diňe jaý doly ýa-da bölekleýin ýykylan-ýumrulan halatynda ýol berilýär.

3. Eger jaýyň ýarysyndan köprägi weýran bolan bolsa, ýeten zyýan hem ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen ýa-da gaýry usul bilen üpjün edilmedik bolsa, onda jaýyň durkuny täzelemek talap edilip bilinmez. Şu ýagdaýda şereket ýatyrylýar.

### 235-nji madda. Ýaşaýyş jaý eýesiniň hukuklary

1. Ýaşaýyş jaýynyň eýesi özüniň eýeçiligindäki jaýyň bölegini öz garaýşyna görä ulanyp biler we beýleki şahslaryň oňa edýän islendik täsirini, eger şunuň ýaly hereket arkaly kanuny ýa-da üçünji şahslaryň hukuklaryny bozmasa, aradan aýryp biler.

2. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň her biriniň şu Kodeksiň 236-njy we 237-nji maddalaryna laýyklykda umumy eýeçilikden peýdalanmaga hukugy bardyr. Umumy eýeçiligiň başgaça ulanylmagy üçin her bir jaý eýesine şu Kodeksiň 230-njy maddasynda bellenilen kadalar boýunça degişli paý berilmelidir.

3. Şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde görkezilen meseleler ýaşaýyş jaý eýeleriniň şereketi hakyndaky düzgünnama bilen jikme-jik düzgünleşdirilýär, ol şu Kodeksiň 241-nji maddasynyň dördünji böleginiň 1-nji bendine laýyklykda ýaşaýyş jaý eýeleriniň şereketiniň başlygy tarapyndan hödürlenilýär we ýaşaýyş jaý eýeleriniň umumy ýygnagynda tassyklanylýar.

### 236-njy madda. Ýaşaýyş jaý eýesiniň borçlary

Ýaşaýyş jaý eýeleriniň her biri şu aşakdakylara, ýagny:

1) özüniň indiwidual eýeçiligindäki jaý bölekleri jaý eýeleriniň bilelikde ýaşamak kadalaryny bozmaz ýaly we olara zyýan ýetirmez ýaly ýagdaýda saklamaga we peýdalanmaga;

2) özüniň jaýda ýerleşen kärhanasynda işleýän şahslaryň ýa-da özüniň indiwidual eýeçiligindäki ýa-da umumy eýeçilikdäki ýer bölegini ýa-da jaý bölegini peýdalanmaga berýän şahslarynyň şu bölegiň 1-nji bendinde beýan edilen borçlary berjaý etmegi hakynda alada etmäge;

3) özüniň indiwidual eýeçiliginde bolan jaý bölеklerine we umumy eýeçilige täsir edilmegine, eger bu täsir şu bölegiň 1-nji we 2-nji bentlerinde göz öňünde tutulan şertlere laýyk gelýän bolsa, ýol bermäge;

4) umumy eýeçiligi degişli ýagdaýa getirmek we ýeňil bejeriş işlerini geçirmek üçin zerur bolsa, ygtyýarly şahslaryň indiwidual eýeçilikdäki jaý böleklerine girmäge we olardan peýdalanmaga rugsat bermäge; şunda ýüze çykan zyýanyň öwezi dolunmaga degişlidir;

5) kommunikasiýa we üpjünçilik torlaryny gurnamak üçin zerur bolan çäreleriň geçirilmegine ýol bermäge. Şonuň ýaly çäreler öz peýdasy üçin durmuşa geçirilýän jaý eýesi şunda ýüze çykan zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

### 237-nji madda. Umumy eýeçilikden peýdalanmak hukugy

1. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň her biri öz paýyna laýyklykda umumy eýeçilikden peýdalanyp biler.

2. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň her biri binada özüniň ýaşaýyş otagynyň ýerleşişine garamazdan, umumy eýeçilikdäki çykdajylary, hususan-da, öýi degişli ýagdaýda saklamak, bejermek, dolandyrmak we umumy eýeçiligi bilelikde peýdalanmak baradaky çykdajylary öz paýyna laýyklykda tölemäge beýleki jaý eýeleriniň öňünde borçludyr.

3. Öýi degişli ýagdaýda saklamak we ýeňil bejeriş işlerini geçirmek bilen baglanyşykly bolmadyk çäreler üçin ses bermedik jaý eýesi şonuň ýaly çäreler netijesinde çekilen çykdajylaryň öwezini dolmak borjuny çekmeýär. Şunda onuň şol çärelerden gelip çykýan netijelerden peýdalanmagy talap etmäge hukugy ýokdur.

4. Paý şu Kodeksiň 230-njy maddasyna laýyklykda kesgitlenilýär.

### 238-nji madda. Şereket ýatyrylanda paýlary kesgitlemek

Şereket ýatyrylan halatynda umumy eýeçilige eýelik edýänleriň paýlary olaryň ýaşaýyş jaýlarynyň şereket ýatyrylan pursadyndaky gymmatyna laýyklykda kesgitlenilýär. Eger ýaşaýyş jaýynyň eýesi tarapyndan goldanylmadyk çäreleriň netijesinde umumy eýeçilikdäki paýyň gymmaty üýtgän bolsa, onda şonuň ýaly üýtgetmeler bu paýyň gymmatyna baha berlende nazara alynmaýar.

### 239-njy madda. Şereketden çykarmak

1. Eger ýaşaýyş jaýynyň eýesiniň beýleki jaý eýeleriniň öňündäki borçlaryny gödek bozmagy onuň bilen bilelikde şereketi mundan beýläk dowam etdirmegiň mümkin bolmadyk ýagdaýa getiren bolsa, beýleki jaý eýeleri ýaşaýyş meýdanynyň özünden aýrybaşgalamagyny ondan talap edip bilerler.

2. Şu aşakdaky ýagdaýlarda şonuň ýaly talap üçin esaslar bar diýlip hasap edilýär, ýagny:

1) ýazmaça duýduryş edilendigine garamazdan, ýaşaýyş jaýynyň eýesi şu Kodeksiň 236-njy maddasynda göz öňünde tutulan borçlary gödek bozýan bolsa;

2) ýaşaýyş jaýynyň eýesi şu Kodeksiň 237-nji maddasynda göz öňünde tutulan tölegleri tölemegi üç aýdan artyk wagta çekýän bolsa we jemi bergisi onuň bütin ýaşaýyş jaýynyň gymmatynyň üç göteriminden ýokary bolsa, şol bir wagt onuň ýaşaýyş jaýy karzy üpjün etmegiň serişdesi bolup hyzmat edip biljek, bank hem oňa karz berip bilýän bolsa.

3. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen talaplar baradaky çözgüt ses bermek hukugy bolan şahslaryň üçden iki böleginden ybarat köplügi bilen kabul edilýär.

## §3. Dolandyrmak

### 240-njy madda. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň şereketindäki dolandyryş edaralary

Umumy eýeçiligi dolandyrmak işi şu Kodeksiň 241-245-nji maddalaryna laýyklykda ýaşaýyş jaý eýeleriniň üstüne ýüklenilýär we şu Kodeksiň 246-248-nji maddalaryna laýyklykda ýaşaýyş jaý eýeleriniň şereketiniň başlygynyň üstüne ýüklenilýär, maslahat beriji geňeş döredilen halatynda bolsa, dolandyryş işi şu Kodeksiň 249-njy maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

### 241-nji madda. Umumy eýeçiligi dolandyrmak

1. Umumy eýeçiligi dolandyrmak işi, eger şu Kodeksde ýa-da ýaşaýyş jaý eýeleriniň ylalaşygynda başgaça kesgitlenilmedik bolsa, ýaşaýyş jaý eýeleriniň üstüne bilelikde ýüklenilýär.

2. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň her biri beýleki jaý eýeleriniň razylygyny almazdan, umumy eýeçilige göni howp salýan zyýanyň öňüni almak üçin zerur çäreleri görmäge hukuklydyr. Şunda jaýyň eýesi özüniň eden çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge hukuklydyr.

3. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň her biri dolandyryşyň gazanylan ylalaşyklara we kabul edilen çözgütlere laýyk amala aşyrylmagyny, eger ylalaşyklar we çözgütler ýok bolsa, onda ýaşaýyş jaý eýeleriniň umumy bähbitlerine laýyk amala aşyrylmagyny talap edip biler.

4. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň umumy bähbitlerine laýyk gelýän degerli derejede dolandyrmaga, hususan-da, şu aşakdakylar degişlidir:

1) ýaşaýyş jaý eýeleriniň şereketi baradaky düzgünnamanyň we içerki düzgün-tertip kadalarynyň kabul edilmegi;

2) umumy eýeçiligiň degişli derejede saklanylmagy we onda ýeňil abatlaýyş işleriniň geçirilmegi, eger munuň özi jaýyň ýaşamak üçin ýaramly bolmagyny üpjün etmek üçin zerur bolsa;

3) umumy eýeçiligiň degişli derejede ätiýaçlandyrylmagy;

4) jaýy talabalaýyk derejede saklamak üçin serişde toplanylmagy;

5) hojalyk meýilnamasynyň kabul edilmegi;

6) ýaşaýyş jaý eýeleriniň peýdasyna kommunikasiýa we üpjünçilik torlaryny gurnamak üçin zerur bolan ähli çäreleriň durmuşa geçirilmegi.

### 242-nji madda. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň ygtyýarlylygy

Ýaşaýyş jaý eýeleri şu aşakdaky meseleleri bilelikde çözýärler:

1) hojalyk we maliýe meýilnamalaryny düzmegi;

2) binany doly ýa-da bölekleýin dikeltmegi;

3) düzgünnamany we içerki düzgün-tertip kadalaryny kabul etmegi;

4) şereketiň başlygyny bellemegi we boşatmagy;

5) şereketiň başlygynyň hasabatlaryny diňlemegi;

6) jaýy saklamaga çykdajylaryň möçberini kesgitlemegi.

**243-nji madda. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň ýygnagy**

1. Ýaşaýyş jaý eýeleri öz ýygnaklarynda çözgütleri kabul edýärler.
2. Çözgüdiň hakyky bolmagy üçin onda garaljak meseleleriň ýygnagyň çagyryljak wagtyna çenli eýýäm yglan edilmegi zerurdyr.
3. Eger ýaşaýyş jaý eýeleri özleriniň oňa razylygyny ýazmaça beýan etseler, çözgüt ýygnaksyz hem kabul edilip bilner.

**244-nji madda. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň ýygnagyny çagyrmak**

1. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň ýygnagy ýylda azyndan bir gezek şereketiň başlygy tarapyndan çagyrylýar.
2. Ýygnak şereketiň başlygy tarapyndan ony ýaşaýyş jaý eýeleriniň dörtden bir böleginiň köplüginiň talap etmegi bilen hem çagyrylýar. Eger şereketiň başlygy ýok bolsa ýa-da öz borçlaryny bozup, ýygnagy çagyrmakdan boýun gaçyrýan bolsa, onda ýygnak ýaşaýyş jaý eýeleriniň biri tarapyndan hem çagyrylyp bilner.
3. Ýygnak, eger gaýragoýulmasyz zerurlyk bolmasa, ýygnagy çagyrmagyň zerurlygy hakynda ýazmaça arza berlenden soň ýedi günüň dowamynda çagyrylýar.
4. Eger ýygnak başgaça çözmese, ýygnagy başlyk alyp barýar.
5. Ýygnakda kabul edilen çözgüt teswirnamada görkezilýär, ol ýygnagyň başlygy ýa-da derňew toparynyň başlygy tarapyndan düzülýär. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň her biri teswirnamany barlamaga hukuklydyr.

**245-nji madda. Ýygnagyň çözgüt kabul etmek ygtyýarlygy**

1. Çözgüt kabul edilende jaý eýeleriniň her biriniň bir sesi bardyr. Eger bir ýaşaýyş jaýynyň birnäçe eýesi bar bolsa, onda olar ses bermek hukugyny diňe bilelikde peýdalanyp bilerler.
2. Eger ýygnaga ýaşaýyş jaýlarynyň ses bermäge hukugy bolan eýeleriniň ýarysyndan köpüsi gatnaşýan bolsa, ýygnak çözgüt kabul etmäge ygtyýarlydyr.
3. Eger şu maddanyň ikinji bölegine laýyklykda, ýygnak çözgüt kabul etmäge ygtyýarly bolmasa, başlyk şol öňki gün tertibi bilen täze ýygnagy çagyryp biler. Bu ýygnak oňa näçe adamyň gatnaşýandygyna garamazdan, çözgüt kabul etmäge ygtyýarlydyr, bu barada ýygnak çagyrylanda yglan edilmelidir.
4. Ýaşaýyş jaý eýesiniň, eger çözgüt umumy eýeçiligi dolandyrmak hakynda bu jaý eýesi bilen baglaşylan geleşige ýa-da beýleki jaý eýeleri bilen jedellere degişli bolan ýa-da ýaşaýyş jaýyny özünden aýrybaşgalamak borjy jaý eýesiniň üstüne ýüklenilen halatynda, ses bermäge hukugy ýokdur.
5. Eger şu Kodeksde ýa-da ýaşaýyş jaý eýeleriniň şereketi hakyndaky Düzgünnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, çözgüt sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär.

**246-njy madda. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň şereketiniň başlygynyň**

**ygtyýarlyklary**

1. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň şereketiniň başlygy şulara borçludyr:

1) ýaşaýyş jaý eýeleriniň ýygnaklarynyň çözgütlerini ýerine ýetirmäge we içerki düzgün-tertip kadalarynyň berjaý edilmegi hakynda alada etmäge;

2) umumy eýeçiligi talabalaýyk saklamak we onda ýeňil abatlaýyş işlerini geçirmek üçin zerur çäreleri görmäge;

3) gaýragoýulmasyz zerurlyk ýüze çykan halatynda, umumy eýeçiligi talabalaýyk saklamak üçin beýleki zerur çäreleri görmäge;

4) umumy pula ygtyýar etmäge.

2. Başlyk ýaşaýyş jaý eýeleriniň hemmesiniň adyndan şu aşakdakylara hukuklydyr:

1) edilen çykdajylary, bergileri we ipoteka göterimlerini ýapmaga pul serişdelerini, eger munuň özi ýaşaýyş jaý eýeleriniň umumy işlerine dahylly bolsa, talap etmäge, almaga hem-de tölemäge;

2) hasaplaşyklary geçirmäge, umumy eýeçiligi gündelik dolandyrmak bilen baglanyşykly bolan borçnamalary we beýleki pul geleşiklerini ýerine ýetirmäge;

3) eger bular ýaşaýyş jaý eýeleriniň bähbitlerine dahylly bolsa, geleşikleri baglaşmaga we zerur resminamalary görkezmäge;

4) eger ýaşaýyş jaý eýeleri ony şoňa ygtyýarly eden bolsa, kazyýetde ýa-da beýleki edaralarda çykyş etmäge.

3. Başlyk ýaşaýyş jaý eýeleriniň puluny öz emläginden aýratynlykda saklamaga borçludyr. Bu pullara ygtyýar edilmegi ýaşaýyş jaý eýeleriniň biriniň ýa-da üçünji şahsyň razylygy bilen şertlendirilen bolup biler.

4. Zerur bolan halatynda başlyk ýaşaýyş jaý eýeleri tarapyndan berlen ynanç haty esasynda hereket edýär, bu ynanç hatynda onuň wekilçilik etmek ygtyýarlyklarynyň möçberi kesgitlenilýär.

**247-nji madda. Hojalyk meýilnamasy**

1. Başlyk her ýyl başlanmazyndan öň hojalyk meýilnamasyny taýýarlamalydyr.

2. Hojalyk meýilnamasynda şu aşakdakylar görkezilmelidir:

1) umumy eýeçilik dolandyrylanda çak edilýän girdejiler we çykdajylar;

2) ýaşaýyş jaý eýeleriniň paýlaryna laýyklykda, olaryň çykdajylar boýunça borjy;

3) şu Kodeksiň 241-nji maddasynyň dördünji böleginiň 4-nji bendine laýyklykda, jaýy talabalaýyk saklamak üçin ýaşaýyş jaý eýeleriniň serişde ýygnamagy.

3. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň her biri özi ýa-da üçünji şahs arkaly jaýy talabalaýyk saklamak we ýeňil abatlaýyş işlerini geçirmek boýunça çäreleri ýerine ýetirmäge hukuklydyr. Şunuň ýaly halatlarda başlyk bu işi hasaba alýar, oňa baha kesýär we maliýe meýilnamasyna girizýär. Ýaşaýyş jaý eýesiniň sarp eden zähmetine laýyklykda çykdajylar boýunça gatançlary kemeldilýär.

4. Ýaşaýyş jaý eýeleri başlygyň talap etmegi esasynda tassyklanylan maliýe

meýilnamasyny üpjün etmek üçin kesgitli hakujy tölemäge borçludyrlar. Tölegi tölemekde kynçylyklar dörände, başlyk bankyň degişli karzlaryndan peýdalanyp biler.

5. Hojalyk meýilnamasyny tassyklamak hakynda çözgüdiň kabul edilmegi başlyga karz almak hukugyny hem berýär.

6. Başlyk senenama ýylynyň ahyrynda maliýe hasabatyny bermäge borçludyr.

7. Ýaşaýyş jaý eýeleri edilen iş barada hasabat bermegi başlykdan islendik wagt talap edip bilerler.

**248-nji madda. Ýaşaýyş jaýyny abatlamak borjy**

1. Ýaşaýyş jaý eýeleriniň her biri umumy eýeçiligi saklamak, ýeňil abatlaýyş işlerini geçirmek, ony dolandyrmak we gaýry çykdajylary çekmek boýunça beýleki jaý eýeleriniň öňünde borçludyr.

2. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan çykdajylar ýaşaýyş jaý eýeleriniň her biriniň paýynyň gymmatynyň möçberine laýyklykda çykarylýar.

3. Eger başgaça bellenilmedik bolsa, şol ýyl üçin kesgitlenilen çykdajylar deň on iki bölege bölünip tölenilmelidir. Eger jaýy talabalaýyk saklamak üçin serişde toplamak göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda başlyk jaýy abatlamak üçin arza resmileşdirilmezinden öň, şol serişdeleriň deslapdan geçirilmegini talap edip biler.

**249-njy madda. Maslahat beriji geňeş**

1. Ýaşaýyş jaý eýeleri sesleriň ýönekeý köplügi bilen maslahat beriji geňeşi döretmek hakynda çözgüt kabul edip bilerler. Maslahat beriji geňeş başlykdan we iki agzadan ybaratdyr.

2. Maslahat beriji geňeş başlygyň öz wezipelerini amala aşyrmagyna ýardam berýär.

3. Maslahat beriji geňeş maliýe we hojalyk meýilnamalaryny, hojalyk meýilnamasynyň ýerine ýetirilişiniň jemlerini, hasabatlary, çykdajylaryň sanawyny ýaşaýyş jaý eýeleriniň ýygnagynda garalmazyndan öň barlamalydyr we degişli netijä gelmelidir.

4. Maslahat beriji geňeş başlyk tarapyndan zerurlygyna görä çagyrylýar.

## V BAP. BEÝLEKI ŞAHSLARYŇ EÝEÇILIGINI ÇÄKLI PEÝDALANMAK

### §1. Gurluşyk etmek hukugy

**250-nji madda. Düşünje**

Gurluşyk etmek hukugy – fiziki we ýuridik şahslaryň kanunda bellenilen tertipde, özlerine şol maksat bilen berlen başga şahsyň eýeçiligindäki ýer böleginiň üstünde we onuň astynda ýaşaýyş jaýyny we gaýry desgalary gurmaga bolan

aýrybaşgalanyp bilinýän we miras hökmünde geçýän hukugydyr.

### 251-nji madda. Gurluşyk etmek hukugynyň mazmuny

1. Ýer bölegi başga şahsyň peýdalanmagyna berlip bilner. Şunda ýer bölegi berlen şahs ýer böleginiň üstünde we astynda aýrybaşgalanyp bilinýän we miras hökmünde geçýän jaýy gurmak hukugyny edinmelidir.

2. Eger gurluşyk etmek hukugy gurluşykdan peýdalanmak üçin artykmaçlyklary berýän bolsa, ol ýer böleginiň gurluşyk üçin gerek bolmadyk böleginden peýdalanmaga degişli bolup biler.

3. Gurluşyk etmek hukugy kesgitlenilen möhletli ýa-da möhletsiz bolup biler, ýöne ýatyrmak şerti bilen çäklendirilip bilinmez.

### 252-nji madda. Gozgalmaýan emläk hakyndaky görkezmeleriň ulanylarlygy

1. Gurluşyk etmek hukugynyň döremegi we edinilmegi bilen bagly gatnaşyklar babatda gozgalmaýan zatlary edinmegiň düzgünleri ulanylýar.

2. Gurluşyk etmek hukugy esasynda gurlan binalar gurluşyk etmek hukugynyň esasy düzümleýin bölegidir.

### 253-nji madda. Gurluşyk etmek hukugyny aýrybaşgalamak

Eger gurluşyk etmek hukugyny aýrybaşgalamak ýa-da kireýine bermek üçin eýesiniň razylygy zerur bolsa, onda ol razylygyny bermekden diňe ähmiýetli esaslar bolan halatynda ýüz dönderip biler.

### 254-nji madda. Gurluşyk etmek hukugy üçin töleg

1. Gurluşyk etmek hukugynyň eýesine şertnama boýunça gurluşyk etmek hukugy üçin wagtal-wagtal edilýän tölegler görnüşinde hak tölemek borjy ýüklenilip bilner. Ýer eýesiniň bu hukugy ýer bölegine bolan eýeçilik hukugyndan aýrylmazdyr.

2. Gurluşyk etmek hukugy diňe tölegleriň iki ýyl üçin tölenilmänligi bilen baglanyşykly birtaraplaýyn tertipde ýatyrylylyp bilner. Gaýry halatlarda gurluşyk etmek hukugyny ýatyrmak üçin gurluşyk etmek hukugynyň eýesiniň razylygy zerurdyr.

3. Eger ykdysady şertler başgaça göz öňünde tutmaýan bolsa, taraplar gurluşyk etmek hukugy üçin tölegi on ýyllyk möhlet bilen kesgitläp bilerler. Bu töleg ykdysady şertleri hasaba almak bilen kesgitlenilmelidir.

### 255-nji madda. Gurluşyk etmek hukugyny bellige almak

Gurluşyk etmek hukugy zat eýeleri bolmadyk şahslaryň zat hukuklarynyň arasynda diňe birinji nobatdaky hukuk hökmünde Gozgalmaýan emläge bolan

hukuklaryň döwlet sanawyna girizilýär. Bu nobatlylyk üýtgedilip bilinmez.

### 256-njy madda. Gurluşyk etmek hukugynyň ýatyrylmagy

Gurluşyk etmek hukugy ýer böleginde gurlan binalaryň ýykylmagy bilen ýatyrylmaýar.

### 257-nji madda. Gurluşyk etmek hukugy ýatyrylanda öwezini dolmak

1. Gurluşyk etmek hukugy ýatyrylanda, ýer böleginiň eýesi gurluşyk etmek hukugynyň eýesine ýer böleginde gurlan binalar üçin degişli öwezini dolmalary amala aşyrmalydyr. Binanyň gymmatynyň üçden iki böleginden az bolan töleg ýeterlik öwezini dolma hasap edilmeýär.
2. Ýer böleginiň eýesi öwezini dolma töleginiň ýerine bu hukugy gurluşyk etmek hukugynyň eýesi üçin binanyň durmagynyň çak edilýän möhletine laýyk uzaldyp biler. Eger gurluşyk etmek hukugynyň eýesi bu hukugyň uzaldylmagyndan ýüz dönderse, onda ol öwezini dolmagy talap etmek hukugyny hem ýitirýär.
3. Gurluşyk etmek hukugy ýatyrylan halatynda gurluşyk etmek hukugynyň eýesiniň gurluşygy ýa-da onuň gurluş böleklerini başga ýere geçirmäge hukugy ýokdur.

### 258-nji madda. Öwezini dolmak talaby baradaky hukugy bellige almak

1. Gurluşyk etmek hukugy ýatyrylanda dörän öwezini dolmagy talap etmek hukugy Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda şol bir nobatlylykda gurluşyk etmek hukugynyň ornuny tutýar.
2. Eger gurluşyk etmek hukugy onuň möhletiniň tamamlanýan wagtynda henizem ipoteka bilen borçlandyrylan bolsa, onda ipoteka eýesiniň öwezini dolmak talaby girewe almaga (saklamaga) hukugy bardyr.

### 259-njy madda. Gurluşyk etmek hukugy ýatyrylanda hukuk oruntutarlygy

Gurluşyk etmek hukugy ýatyrylanda ýer böleginiň eýesi gurluşyk etmek hukugynyň eýesiniň baglaşan kireýine ýa-da kärendesine bermek şertnamasynyň gatnaşyjysy bolýar.

## §2. Uzufrukt

### 260-njy madda. Düşünje

Uzufrukt – bu kanunyň ýa-da şertnamanyň esasynda ýüze çykýan, özgäniň emläginden we onuň miwelerinden (girdejisinden), şol emlägiň hojalyk häsiýetlerini hem abatlygyny üpjün etmek şerti bilen, düzgün bolşy ýaly, wagtlaýyn ýa-da ony kabul eden şahsyň (uzufruktuariýiň) bütin ömrüniň dowamynda peýdalanmak

hukugydyr.

**261-nji madda. Uzufruktyň mazmuny**

Zat ýa-da hukuk başga şahsyň peýdalanmagyna olardan eýe hökmünde ulanmak we üçünji şahslar tarapyndan olardan peýdalanmaga ýol bermezlik hukugyna eýe bolmak görnüşde berlip bilner, ýöne bu şahsyň zadyň ýa-da hukugyň eýesinden tapawutlykda bu zady ýa-da hukugy girewe goýmaga, aýrybaşgalamaga ýa-da miraslyk hökmünde geçirmäge hukugy ýokdur. Bu zady ýa-da bu hukugy girewe goýmak ýa-da kärendesine bermek üçin olaryň eýesiniň razylygy zerurdyr. Uzufrukt ýatyrylandan soň, zat-hukuk eýesi kireýine ýa-da kärendesine bermek barada dowam edip gelýän gatnaşyklaryň gatnaşyjysyna öwrülýär.

**262-nji madda. Uzufrukty bellemegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek**

Uzufrukt gozgalýan we gozgalmaýan zatlar babatynda hem, maddy däl eşretler babatda hem bellenilip bilner. Uzufrukt bellenilende gozgalýan we gozgalmaýan zatlar, şonuň ýaly-da maddy däl gymmatlyklar edinilen halatynda ulanylýan kadalar ulanylýar.

**263-nji madda. Uzufruktyň görnüşleri**

1. Uzufrukt tölegli we tölegsiz bolup biler.

2. Uzufrukt wagtlaýyn ýa-da ony kabul eden şahsyň (uzufruktuariýiň) bütin ömrüniň dowamynda dowam edip biler. Uzufrukt fiziki şahsyň ölmegi bilen ýa-da peýdasyna uzufrukt bellenilen ýuridik şahsyň ýatyrylmagy bilen bes edilýär.

**264-nji madda. Zadyň ýagdaýyny kesgitlemek**

1. Uzufruktuariý we zadyň eýesi zady bermezden öňürti uzufrukt boýunça berilýän zatlaryň ýagdaýyny kesgitläp bilerler.

2. Uzufrukt zatlaryň toparyna bellenilende uzufruktuariý we zadyň eýesi zatlaryň ýazgysy düzülende birek-birege ýardam bermäge borçludyrlar. Zatlaryň ýazgysynda onuň düzülen güni hakynda bellik edilmelidir we oňa taraplaryň ikisi-de gol çekmelidir; her bir tarap goluň resmi taýdan tassyklanylmagyny talap edip biler. Çykdajylary ýazgynyň düzülmegini ýa-da goluň tassyklanylmagyny talap edýän tarap töleýär.

**265-nji madda. Uzufruktuariýiň hukuklary we borçlary**

1. Uzufruktuariý zada eýelik etmäge hukuklydyr.

2. Öz hukugyny amala aşyranda uzufruktuariý zadyň hojalyk taýdan ozalky niýetlenilişini saklamaga we oňa hojalygy talabalaýyk ýöretmek düzgünlerine laýyklykda eýelik etmäge borçludyr.

3. Uzufruktuariýiň zady başgaça ýasamaga ýa-da ony düýpli üýtgetmelere sezewar etmäge hukugy ýokdur.

4. Uzufruktuariý, eger bu aýratyn ýagdaýlar sebäpli zerur bolanda, hojalygy talabalaýyk ýöretmek düzgünleriniň garşysyna aljak ýa-da aşa köp mukdarda aljak netijeleri babatda eýeçilik hukugyny edinýär. Şunuň ýaly halatda ol eýesine zadyň şeýle ulanylmagy netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

5. Uzufruktuariý zadyň hojalyk taýdan niýetlenilişine laýyklykda onuň talabalaýyk saklanylmagy barada alada etmelidir. Uzufruktuariý zadyň kadaly ýagdaýda könelmegi netijesinde üýtgemegi we ýaramazlaşmagy üçin jogapkärçilik çekmeýär. Ol zady diňe ony adaty ýagdaýda saklamak üçin zerur bolan derejede kämilleşdirmäge we abatlamaga borçludyr.

6. Eger zadyň ätiýaçlandyrylmagy hojalygy talabalaýyk ýöretmäge laýyk gelýän bolsa, uzufruktuariý uzufruktyň bütin möhletine zady öz hasabyna ätiýaçlandyrmaga borçludyr. Ätiýaçlandyryş amala aşyrylanda ol ätiýaçlandyryjy babatda talap etmek hukugy zadyň eýesine berler ýaly edilip amala aşyrylmalydyr. Eger zat eýýäm ätiýaçlandyrylan bolsa, uzufruktuariý uzufruktyň bütin dowamynda uzufruktuariý ätiýaçlandyryş baýraklaryny ätiýaçlandyrmaga borçly bolan halatyndaky ýaly tölemelidir.

7. Eger zat ýok edilen ýa-da oňa şikes ýetirilen bolsa, ýa-da zady kämilleşdirmek we abatlamak üçin adatdan daşary işleri geçirmek, ýa-da şol zady garaşylmadyk howpdan goramak üçin çäre görmek zerurlygy ýüze çyksa, onda uzufruktuariý bu barada zat eýesine haýal etmän habar bermäge borçludyr. Uzufruktuariýiň üstüne şunuň ýaly borç, eger üçünji şahs zada hukugy hakynda talap bildiren halatynda hem ýüklenilýär.

8. Eger uzufruktuariý zat babatda özüniň borçly bolmadyk çykdajylary eden bolsa, onda zat eýesiniň şol çykdajylaryň öwezini dolmak borjy kesekiniň işlerini tabşyryksyz ýöretmek hakyndaky kadalara laýyklykda kesgitlenilýär. Uzufruktuariý zady enjamlaşdyran gurluşyny almaga hukuklydyr.

9. Eger ýer bölegi inwentar bilen bilelikde uzufruktyň obýekti bolup durýan bolsa, onda uzufruktuariý hojalygy talabalaýyk ýöretmegiň çäklerinde inwentaryň aýry-aýry zatlaryna ygtyýar edip biler. Ol adaty ýitgileriň öwezini dolmalydyr, şonuň ýaly-da hojalygy talabalaýyk ýöretmek işine laýyklykda inwentaryň hatardan çykýan närselerini çalşyrmalydyr; onuň inwentara degişli alan närseleri inwentara goşulan pursadyndan başlap, şol inwentar kime degişli bolsa, şol şahsyň eýeçiligine öwrülýär.

**266-njy madda. Uzufruktyň bes edilmegi**

1. Uzufruktuariý uzufruktyň möhleti tamamlanandan soň zady eýesine gaýtaryp bermäge borçludyr.

2. Eger ol zada bolan eýeçilik hukugy şol bir şahsa degişli bolanda, uzufrukt bes edilýär.

## §3. Serwitutlar

**267-nji madda. Düşünje**

Serwitut (serwitut hukuklary), bu fiziki we ýuridik şahslaryň başga biriniň gozgalmaýan emläginden çäkli derejede peýdalanmaga bolan hukugydyr.

**268-nji madda. Serwitutyň mazmuny**

1. Ýer bölegi başga bir ýer böleginiň (agalyk ediji ýer böleginiň) eýesiniň peýdasyna borçlandyrylyp bilner, şunda agalyk ediji ýer böleginiň eýesiniň keseki ýer bölegini belli bir halatlarda peýdalanmak hukugy bolar ýaly ýa-da keseki ýer böleginde belli bir hereketler edilip bilinmez ýaly, ýa-da borçlandyrylan ýer bölegine bolan eýeçilik hukugyndan gelip çykýan hukugy agalyk ediji ýer bölegi babatda ulanyp bolmaz ýaly edilip berilmelidir.

2. Taraplar wagtal-wagtal tölegler görnüşinde hak tölemek hakynda ylalaşyp bilerler.

**269-njy madda. Serwitutyň şertleri**

1. Serwitut ýer böleginden peýdalanylan halatynda ygtyýarly şahsa diňe artykmaçlyk berip biljek görnüşdäki borçlandyrma bolup biler. Serwitutyň mazmuny ýokarda beýan edilen görkezmede bellenilen çäklerden çykyp bilmez.

2. Serwitut amala aşyrylan halatynda ygtyýarly şahs borçlandyrylan ýer böleginiň eýesiniň bähbitlerini berjaý etmelidir.

**270-nji madda. Borçlandyrylan ýer bölegindäki desgalary saklamak**

Eger ýer serwitutyny amala aşyrmak üçin şol borçlandyrylan ýer böleginde desganyň bolmagy talap edilýän bolsa, onda muny ygtyýarly şahsyň bähbitleriniň talap edýändigine görä bu ýer böleginiň eýesi bu desgany saklamalydyr diýlip kesgitlenilip bilner. Eger ýer böleginiň eýesine desgadan bilelikde peýdalanmak hukugy degişli bolsa, onda ýer eýesiniň şol desgadan peýdalanmak hukugyny amala aşyrmagyna zerurlygy üçin ygtyýarly şahs desgany bolşy ýaly saklamalydyr diýlip kesgitlenilip bilner.

**271-nji madda. Agalyk ediji ýer bölegini bölmek**

Ygtyýarly şahsyň ýer bölegi bölünen halatynda ýer serwituty ýer böleginiň aýry-aýry bölekleri babatda hem güýjüni saklaýar; ýöne şübhe dörän halatynda, serwitutyň diňe borçlandyrylan ýer böleginiň eýesi üçin has güzaply bolmaz ýaly amala aşyrylmagyna ýol berilýär. Eger serwitut ýer böleginiň diňe bir bölegine artykmaçlyk berýän bolsa, onda serwitut ýer böleginiň galan bölekleri babatda ýatyrylýar.

**272-nji madda. Borçlandyrylan ýer bölegini bölmek**

Borçlandyrylan ýer bölegi bölünen halatynda, eger serwitutyň amala aşyrylmagy borçlandyrylan ýer böleginiň kesgitlenen böleginiň çägi bilen çäklendirilýän bolsa, borçlandyrylan ýer bölegiň serwitutyň amala aşyrylmagyna degişli bolmadyk bölekleri ondan boşadylýar.

**273-nji madda. Ýer serwitutyny bozulmadan goramak**

Ýer serwituty bozulan halatynda ygtyýarly şahsa ynsaply eýelik edijiniň hukuklary berilýär.

**274-nji madda. Çäklendirilen şahsy serwitut**

1. Gozgalmaýan zat şu Kodeksiň 268-nji maddasynda göz öňünde tutulan şertlerde belli bir şahsyň peýdasyna serwitut bilen borçlandyrylyp bilner. Şeýle borçlandyrma binanyň eýesi tarapyndan binany boşatmagy bilen ygtyýarly şahsa binadan ýa-da ýaşamak üçin binanyň bir böleginden peýdalanmak (çäklendirilen şahsy serwitut) hukugynyň berilmeginden ybarat bolup biler.
2. Çäklendirilen şahsy serwitut başga şahslara berilmäge degişli däldir. Serwitutyň amala aşyrylmagy diňe rugsat berlen halatlarynda başga şahsa berlip bilner.

## VI BAP. TALABY ÜPJÜN ETMEGIŇ SERIŞDESI HÖKMÜNDÄKI EÝEÇILIK

### §1. Girew

**275-nji madda. Girew**

1. Başga şahslara berilmegine ýol berilýän gozgalýan zatlar we maddy däl eşretler talaby üpjün etmek üçin borçlandyrylyp bilner, şunda kreditoryň (girew saklaýjynyň) zadyň gymmatynyň hasabyna özüniň kanagatlandyrylmagyny talap etmäge hukugy bolmalydyr.
2. Girew hukugy geljekki ýa-da şertli talap babatda hem, eger girewiň ýüze çykan pursadyna çenli bu talabyň kesgitlenilmegi mümkin bolsa, bellenip bilner.

**276-njy madda. Gozgalýan zatlary we gymmatly kagyzlary girew goýmagyň tertibi**

1. Gozgalýan zatlary we zerurlygyna görä indossirlenilýän gymmatly kagyzlary, şonuň ýaly-da beýleki maddy däl eşretleri başga şahslara bermek olary edinmek üçin bellenilen tertipde amala aşyrylýar. Eger emläk bilen baglanyşyklylykda üçünji şahslar babatda talap bar bolsa, onda girew hukugy ýüze çykan halatynda zadyň girew goýulmagy hakynda üçünji şahsa habar berilmegi hökmanydyr.
2. Girewe beriji we girew saklaýjy girewi notarial tertipde tassykladyp bilerler.

Şeýle halatda girew Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnandan soň ýüze çykýar, şunda emläge eýelik etmegi bermek we girew hakynda beýleki kreditorlara beýan etmek hökman däldir. Resminamada girewe berijiniň şahsyýeti, mümkin bolan üçünji şahslaryň – bergidarlaryň, girew saklaýjynyň şahsyýeti, şonuň ýaly-da talabyň üpjün edilen möçberi, alynjak peýda we talaby kanagatlandyrmagyň möhleti görkezilmelidir.

**277-nji madda. Borjy möhletinden öň ýerine ýetirmegiň netijeleri**

Eger talap girewe goýlan we bergidar öz borjuny girewiň möhleti tamamlanmazyndan öň ýerine ýetiren bolsa, onda borjy ýerine ýetirmek talaby çalyşýar (surrogasiýa).

**278-nji madda. Ynsaply girew saklaýjynyň hukuklary**

Eger resminamany bermek arkaly girew zady başga bir şahsa berilýän bolsa we girewe beriji girewiň ýüze çykan pursadyna çenli olary girewine bermäge hukugy bolmazdan bu zada (hukuga) eýelik edýän bolsa, onda girewi saklaýjy, eger ol bu hakda bilmedik ýa-da bilip bilmejek bolsa, ynsaply ediniji diýlip hasap edilýär. Girew saklaýjynyň bu ynsaplylygy üçünji şahslara garanyňda oňa artykmaçlyk berýär.

**279-njy madda. Girewiň çäkleri**

Girew talaby we onuň bilen baglanyşykly beýleki goşmaça hukuklary üpjün edýär.

**280-nji madda. Bergidaryň hukuklaryny edinmek**

Eger girewe beriji şol bir wagtyň özünde girew bilen üpjün edilen talabyň şahsy bergidary bolup durmaýan bolsa, onda ol girew saklaýja oňa diňe bergidaryň şahsy hukugy bolan garşylygy bildirip biler.

**281-nji madda. Ileri tutulýan talaplar**

Eger talap şol bir wagtyň özünde bergidaryň we üçünji şahslaryň emlägi bilen üpjün edilen bolsa, onda üçünji şahslar kreditorlardan olaryň emläginiň ulanylmagyndan öň ilki bilen özleriniň talaplarynyň bergidaryň emläginiň hasabyna kanagatlandyrylmagyny talap edip biler.

**282-nji madda. Girewiň närsesine girýän emläk gymmatlyklaryna girewiň degişli edilmegi**

Girew eýeçilikde duran girewiň närsesini öz içine alýan emläk gymmatlyklarynyň hemmesine degişlidir.

### 283-nji madda. Eýelik etmegi bermek bilen baglanyşykly girew

1. Eger girewiň närsesi eýelik etmegi bermek bilen üpjün edilen bolsa, onda girew saklaýjy ony talabalaýyk saklamaga borçludyr. Ol üpjün edilen talabyň hasabyna goşulýan peýdany almaga hukuklydyr. Ol girewiň närsesi bilen baglanyşykly çekilen zerur çykdajylaryň öweziniň dolunmagyny girewe berijiden talap edip biler.

2. Eger girew saklaýjy öz üstüne ýüklenilen borçlary talabalaýyk ýerine ýetirmeýän bolsa, girewe beriji närsäniň üçünji şahsa berilmegini talap edip biler.

3. Eger girewe goýlan närsäniň ýok edilmeginiň ýa-da onuň gymmatynyň düýpli arzanlamagynyň howpy bar bolsa, girewe beriji närsäniň gaýtarylyp berilmegini talap edip we talaby üpjün etmegiň başga bir serişdesini girew saklaýja teklip edip biler. Girew saklaýjy girewe goýlan närsäniň ýok edilmeginiň ýa-da onuň gymmatynyň düýpli arzanlamagynyň howpunyň döränligi barada girewe berijä haýal etmän habar bermäge we üpjün etmegiň başga bir serişdesini teklip etmek üçin oňa möhlet bellemäge borçludyr. Eger girewe beriji şol möhletde üpjün etmegiň başga bir serişdesini teklip etmese, onda girew saklaýjy bu närsäni satmaga hukuklydyr. Satuwda girewiň närsesini ýerlemegiň düzgünleri ulanylýar. Satmagyň netijesinde düşen pul girewiň närsesiniň ornuny tutýar. Bu pul onuň üstüne degişli hasaplamalar bilen girewiň möhleti tamamlanýança saklanylýar.

### 284-nji madda. Girewe hukuk bellige alnanda girewe berijiniň borçlary

1. Eger girewe hukuk bellige alynýan bolsa, onda girewe beriji girewiň närsesini goramaga we ony talabalaýyk saklamaga borçludyr. Ol bu närseden öňküsi ýaly peýda almaga ygtyýarlydyr.

2. Eger girewe berijiniň özüniň bu borçlaryny ýerine ýetirip bilmejekdigini çak etmek mümkin bolsa, girew saklaýjy närsäniň özüne berilmegini talap edip biler. Eger mesele bellige alynýan girewe goýlan hukuga degýän bolsa, onda girew saklaýjy bu hakda bergidara – üçünji şahsa habar bermäge hukuklydyr. Habar berlen pursadyndan bergidar möhleti gelende girew saklaýjynyň talabyny ýerine ýetirmäge borçludyr.

### 285-nji madda. Soňraky girew

Girew saklaýjynyň girewiň närsesini soňraky girewe goýmagy üçin girewe berijiniň deslapky razylygy zerurdyr.

### 286-njy madda. Girewiň närsesi barada geleşikleri baglaşmak

Girewiň närsesi barada geleşikleri baglaşmak üçin girewi saklaýjynyň deslapky razylygy zerurdyr.

**287-nji madda. Zadyň birnäçe gezek girewe goýulmagy**

Şol bir zat birnäçe gezek girewe goýlup bilner. Nobatlylyk girew pursadyna laýyklykda kesgitlenilýär.

**288-nji madda. Girew saklaýjynyň hukuklaryny goramak**

Eger girew saklaýjynyň öz hukugyny amala aşyrmagyna päsgelçilik berilýän bolsa, onda ol päsgel berýän şahs babatda zat eýesiniňki ýaly hukuklary ulanyp biler.

**289-njy madda. Girew hukugynyň täze kreditora geçmegi**

1. Talap bildirmek hukugynyň üçünji şahsa geçmegi bilen, täze kreditora girew hukugy hem geçýär.
2. Girewiň närsesiniň aýrybaşgalanmagy bilen, hukuk ýagdaýy ýaramazlaşyp biljek üçünji şahslaryň her biri talaby ýerine ýetirmäge we şeýlelik bilen girew hukugyny öz üstüne almaga ygtyýarlydyr.
3. Degişli talap berilmezden, girewiň närsesi başga bir şahsa berlip bilinmez. Eger talap başga birine berlende girewiň närsesiniň geçmegi aradan aýrylan bolsa, onda girew hukugy hem aýrylýar.

**290-njy madda. Girewiň ýatyrylmagy**

Girew hyzmat edýän talaby bilen bir wagtyň özünde ýatyrylýar.

**291-nji madda. Girewden ýüz döndermek arkaly girewiň ýatyrylmagy**

1. Girewi saklaýjy özüniň girewiň närsesinden ýüz dönderýändigi barada girewe berijä ýa-da zadyň eýesine mälim etse, girew ýatyrylýar.
2. Eger girew eýelik etmegiň berilmegi bilen üpjün edilen bolsa, onda ol eýelik etmek girewe berijä gaýtarylyp berlende ýatyrylýar.

**292-nji madda. Girewiň närsesiniň girew saklaýjynyň eýeçiligine geçmegi netijesinde girewiň ýatyrylmagy**

Eger girewiň närsesine eýeçilik hukugy girew saklaýja geçen bolsa, girew ýatyrylýar. Bu kada girewiň talaby üpjün etmek üçin ulanylýandygyna görä, üçünji şahsyň hukuklaryny talap bilen borçlandyrmagyň dowam edýän wagtynda ulanylmaýar.

**293-nji madda. Girew ýatyrylanda girew saklaýjynyň borçlary**

Eger girew ýatyrylan bolsa, girew saklaýjy özündäki girewiň närsesini girewe berijä ýa-da zat eýesine gaýtaryp bermäge borçludyr.

**294-nji madda. Girew saklaýjynyň talaplaryny kanagatlandyrmak**

1. Girew saklaýjynyň talaplary girewiň närsesini satmak ýa-da degişlilikde şol närsäni başgaça ýerlemek arkaly kanagatlandyrylýar.
2. Eger pul talabyny doly ýa-da bölekleýin ýerine ýetirmegiň möhleti gelen bolsa, girew saklaýjy närsäni ýerlemäge ygtyýarlydyr.

**295-nji madda. Eýeçilik hukugynyň girew saklaýja göni geçmegi hakyndaky ylalaşygyň hakyky däldigi**

Eger girew saklaýjynyň talaby kanagatlandyrylmasa ýa-da öz wagtynda kanagatlandyrylmadyk bolsa, girewiň närsesine eýeçiligiň girew saklaýja geçmegi baradaky ylalaşyk hakyky däldir.

**296-njy madda Girewiň närsesini satmak**

Girew saklaýjynyň girewe goýlan närsäni satmaga diňe ol onuň talaplaryny kanagatlandyrmak üçin zerur bolanda hukugy bardyr.

**297-nji madda. Birnäçe gezek girewe goýlan närsäni satmak**

Eger närse birnäçe gezek girewe goýlan bolsa, ony satmagy talap etmäge diňe özüniň girew hukugy beýleki şahslaryň girewe hukugyndan öň ýüze çykýan girewe saklaýjynyň hukugy bardyr. Eger ol bu hukugy ulanmakdan ýüz dönderen bolsa, şonuň ýaly talaba yzygiderlilikde soňraky girew saklaýjylaryň hem şeýle hukugy bardyr.

**298-nji madda. Girewiň närsesini ony satmaga hukugy bolan şahsa bermek**

1. Girewiň närsesi bu närsäni satmaga hukugy bolan girew saklaýja berilmelidir.
2. Eger talabyň durmuşa geçirilmegi ol ýa-da beýleki ýuridik hereketiň edilmegine bagly bolsa, onda girew saklaýjy bu hereketiň amala aşyrylmagyny girewe berijiden talap edip biler. Eger girewe beriji girew saklaýjynyň talabyny iki hepdäniň dowamynda ýerine ýetirmese, onda girew saklaýjy üçünji şahslar babatda bu hereketi girewe berijiniň adyndan amala aşyrmaga ygtyýarlydyr.

**299-njy madda. Girewiň närsesiniň satyljakdygy barada duýdurmak**

Girew saklaýjy närsäniň satyljakdygy barada eýesine duýdurmaga borçludyr, şunda ol satmagyň netijesinde alnyp bilinjek puluň möçberini görkezmelidir. Duýduryş edileninden soň iki hepde geçýänçä girewiň närsesi ýerlenilip bilinmez.

**300-nji madda. Girewiň närsesini jemagat söwdalarynda satmak**

1. Girewiň närsesi jemagat söwdalarynda satylýar.

2. Eger girewiň närsesiniň birža ýa-da bazar bahasy bar bolsa, onda girew saklaýjy närsäni satmagy ýörite söwda edaralaryna ynanyp biler.

**301-nji madda. Girewiň närsesiniň onuň ýasalan materialynyň gymmatyndan arzan satylmagyna ýol bermezlik**

Girewiň närsesi onuň ýasalan materialynyň gymmatyndan has arzan nyrhdan satylyp bilinmez. Girewe berijiniň talap etmegi boýunça bu gymmaty satylmagyň öň ýanynda bilermen belleýär.

**302-nji madda. Girewiň närsesini satmagyň gaýry kadalary**

1. Zat eýesi we girew saklaýjy närsäni şu bapda beýan edilenden tapawutlanýan gaýry tertipde satmaga ylalaşyp bilerler. Eger girewiň närsesi babatda üçünji şahsyň hukugy bar bolsa we girewiň närsesini aýrybaşgalamagyň netijesinde bu hukuk ýatyrylýan bolsa, onda şol närsäni aýrybaşgalamak üçin şol üçünji şahsyň razylygy zerurdyr.

2. Eger girewiň närsesini satmagyň tapawutlanýan tertibi taraplaryň bähbitlerine laýyk gelýän bolsa, onda taraplaryň her biri närsäniň bu tertipde satylmagyny talap edip biler. Eger taraplar ylalaşyk gazanyp bilmeseler, onda çözgüt kazyýet tertibinde kabul edilýär.

**303-nji madda. Girew saklaýjynyň we zat eýesiniň söwdalara gatnaşmagy**

Girew saklaýjy we zat eýesi söwdalara bilelikde gatnaşyp bilerler. Eger puluň möçberi nagt geçirilmese, zat eýesi tarapyndan teklip edilen nyrh ret edilip bilner.

**304-nji madda. Girewiň närsesini nagt pula satmak**

Girewiň närsesi diňe alyjynyň satyn alyş puluny haýal etmän nagt görnüşinde tölemek we ony etmese öz hukuklaryny ýitirýän şerti bilen satylyp bilner. Şu şert berjaý edilmezden satylanda, satyn alyş nyrhy girew saklaýjy tarapyndan alnan hökmünde garalmalydyr; onuň hukuklary alyjy babatda degilmeýär.

**305-nji madda. Girewiň närsesini kanunalaýyk aýrybaşgalamagyň netijeleri**

1. Girewiň närsesiniň kanunalaýyk aýrybaşgalanmagy we zat edinijä berilmegi bilen birlikde närsäni eýesinden alandaky ýaly hukuklar oňa geçýär.

2. Eger närse girewiň närsesi hökmünde aýrybaşgalanan, aýrybaşgalaýanyň girewe hukugy bolmasa ýa-da eger talabyň kanagatlandyrylmagy üçin satmagyň zerurlygy bolmadyk bolsa, onda ynsaply zat ediniji borçlandyrylmadyk eýeçiligi

edinýär.

**306-njy madda. Talaplary durmuşa geçirmegiň tertibi**

Talaplar kreditoryň peýdasyna bergidaryň töleg tölemegi arkaly kanagatlandyrylýar.

**307-nji madda. Satuwdan düşen pul**

Girew saklaýjynyň talabyny kanagatlandyrmak maksady bilen, oňa girewiň närsesiniň satylmagyndan düşen puluň degişli bolan möçberine laýyklykda talap zat eýesi tarapyndan ýerine ýetirilen diýlip hasap edilýär. Düşen puluň galan möçberine girewiň ornuny tutýan üpjünlik hökmünde garalýar.

## §2. Ipoteka

**308-nji madda. Düşünje**

Ipoteka – gozgalmaýan emlägiň girew goýulmagydyr. Şunda girew goýulýan zat girew goýujyda ýa-da üçünji şahsda durýar.

**309-njy madda. Ipotekanyň mazmuny**

1. Gozgalmaýan zat talaby üpjün etmek üçin, ýagny şol zat öz peýdasyna berlen şahsa şol zadyň hasabyna öz talabynyň kanagatlandyrylmagy baradaky hukuk berler ýaly edilip berlip bilner.
2. Ipoteka geljekki ýa-da şertli talap babatda, eger ipotekanyň bellenilen pursadyna çenli bu talap kesgitlenilip bilinse, bellenip bilner. Şonuň ýaly-da gozgalmaýan emlägiň hasabyna kanagatlandyrylyp bilinjek talabyň çäklerinde aňrybaş pul möçberi kesgitlenip bilner. Bu pul möçberi kesgitlenýär we Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawyna girizilýär.
3. Ipoteka bilen üpjün edilen talap başga bir talap bilen çalşyrylyp bilner. Munuň üçin zadyň eýesi bilen kreditoryň (ipoteka eýesiniň) ylalaşygy we bu ylalaşygyň Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alynmagy zerurdyr.

**310-njy madda. Umumy ipoteka**

Eger talaby üpjün etmek üçin birnäçe zat babatda ipoteka bellenilen bolsa (umumy ipoteka), onda doly möçberdäki talap boýunça töletdirme her bir zat babatda ulanylyp bilner. Kreditor özüniň garaýşyna görä aýratynlykda her bir zadyň hasabyna özüniň talabynyň doly ýa-da bölekleýin kanagatlandyrylmagyny talap edip biler.

**311-nji madda. Zat eýesiniň ipotekasy**

Eger ipotekanyň üpjün edilmegi üçin oňa bellenilen talap ýüze çykmadyk, ýatyrylan ýa-da gozgalmaýan zadyň eýesine geçýän bolsa, ipoteka oňa geçýär (zat eýesiniň ipotekasy).

**312-nji madda. Ipotekany bellige almak**

1. Ipoteka Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnan pursadyndan başlap ýüze çykýar. Ipotekany bellige almak gozgalmaýan zadyň eýesi ýa-da ipoteka eýesi tarapyndan notarial tertipde tassyklanylan resminamalaryň berilmegi bilen bellenilen tertipde amala aşyrylýar. Bu resminamalarda gozgalmaýan emlägiň eýesi, ipoteka eýesi, çak edilýän bergidar-üçünji şahs, şonuň ýaly-da üpjün edilen talabyň möçberi, peýda we ýerine ýetirmegiň möhleti görkezilmelidir.

2. Ipoteka bellenilende kreditoryň ipotekadan gelip çykýan hukugy diňe üpjün edilýän talabyň mazmuny bilen kesgitleniler ýaly hem-de kreditor öz talabyny tassyklamak üçin bellige alynmagyna salgylanyp bilmez ýaly edilip bellenilmelidir. Şunuň ýaly ipoteka Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawyna kepillendirilen (üpjünçilikli) ipoteka hökmünde girizilýär. Uly bahaly ipotekalar diňe kepillendirilen ipotekalar bolup biler.

**313-nji madda. Gozgalmaýan zadyň birnäçe gezek ipoteka bilen borçlandyrylmagy**

1. Şol bir gozgalmaýan zat birnäçe gezek ipoteka bilen borçlandyrylyp bilner. Onuň nobatlylygy ipotekanyň bellenilen wagtyna laýyklykda bellenilýär.

2. Eger gozgalmaýan zadyň eýesi ipotekany eýeçilik hukugy bilen birlikde bir şahsda birleşdirmek şerti bilen ipotekany ýatyrmagy başga bir şahsyň öňünde borç edinýän bolsa, onda bu borçnama Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnyp bilner.

**314-nji madda. Ipoteka bilen üpjün edilen talabyň şahsy bergidary bolup durmaýan zat eýesiniň hukuklary**

1. Eger gozgalmaýan zadyň eýesi şol bir wagtda ipoteka bilen üpjün edilen borçnamanyň şahsy bergidary bolup durmaýan bolsa-da, ol ipoteka eýesine oňa bolan hukuk diňe şahsy bergidara degişli bolan garşylyklaýyn talaby bildirip biler, hususanda, pul borçnamalary boýunça hasaplaşyk geçirmek hem-de talap barada şikaýat etmek bilen baglanyşykly garşylyklaýyn talaplara degişlidir.

2. Eger talaby ýerine ýetirmek möhleti özara gatnaşyklaryň ýatyrylmagyna bagly bolsa, ýatyrmak diňe bu barada zat eýesi kreditora ýa-da kreditor zat eýesine mälim eden halatynda hakykydyr.

**315-nji madda. Zat eýesiniň kreditory kanagatlandyrmak hukugy**

1. Gozgalmaýan zadyň eýesi kreditory kanagatlandyrmak möhleti eýýäm gelen ýa-da şahsy bergidar degişli hereketi etmäge ygtyýarly bolan halatynda kreditory kanagatlandyrmaga ygtyýarlydyr.

2. Eger zadyň eýesi şahsy bergidar bolup durmaýan bolsa, talap zadyň eýesi kreditory kanagatlandyran halatynda oňa geçýär.

3. Kreditory kanagatlandyranda eýesi Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawyna düzediş girizmek üçin ýa-da ipotekany ýatyrmak üçin zerur bolan resminamalary talap edip biler.

### 316-njy madda. Ipotekanyň gozgalmaýan zadyň miwelerine degişliligi

1. Eger gozgalmaýan zadyň miweleri kadaly hojalyk işi netijesinde gazanylmadyk ýa-da olar entek aýrybaşgalanmadyk bolsa, onda ipoteka gozgalmaýan zadyň miwelerine hem degişlidir.

2. Ipoteka bilen baglanyşyklylykda talap boýunça göterimler we kazyýet harajatlary gozgalmaýan emlägiň hasabyna üzülýär.

### 317-nji madda. Ipoteka bilen borçlandyrylan zady saklamak borjy

1. Zat eýesi zadyň hakyky gymmatyny saklamaga borçludyr. Eger ýagdaýlaryň ýaramazlaşmagy sebäpli ipotekanyň howpsuzlygyna wehim döreýän bolsa, kreditor bu howpuň öňüni almak üçin zat eýesine degişli möhlet belläp biler.

2. Eger zat ätiýaçlandyrylan bolsa, ätiýaçlandyryş guramasy ýagdaýlar ýaramazlaşandan soň ätiýaçlandyryş puluny ätiýaçlandyrýana diňe zyýan ýeten fakty barada kreditora habar berlen ýagdaýynda töläp biler. Eger ol bu pul zady dikeltmek üçin peýdalanylmaz diýip howatyrlansa, kreditor puluň tölenilmegine päsgelçilik berip biler.

3. Eger zat eýesiniň öz borçlaryny ýerine ýetirip bilmejekdigi ýüze çyksa, kreditor zady dolandyrmagyň özüne berilmegini talap etmäge hukuklydyr. Şeýle talap boýunça çözgüt kazyýet tarapyndan kabul edilýär.

4. Eger ylalaşyk esasynda eýesi gozgalmaýan zady aýrybaşgalamazlyk, peýdalanmazlyk ýa-da başgaça borçlandyrmazlyk barada borçnamany öz üstüne alýan bolsa, ylalaşyk hakyky däldir. Şunuň ýaly geleşigiň üçünji şahslar üçin hakykylygy kreditorlaryň razylygyna bagly bolup bilmez.

### 318-nji madda. Ipotekanyň we onuň bilen üpjün edilýän talabyň başga şahsa geçmegi

Ipoteka we onuň bilen üpjün edilýän talap başga şahsa diňe bir wagtyň özünde we bilelikde geçirilip bilner. Talap täze kreditora geçirilende oňa ipoteka hem geçýär. Talabyň berilmegi diňe ipoteka hakynda notarial tertipde tassyklanylan resminama täze kreditora berlen we ol täze kreditor hökmünde Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnan şertinde hakyky diýlip hasap edilýär.

**319-njy madda. Bergidaryň täze kreditoryň öňündäki borçlary**

Eger talap täze kreditora geçenden soň bergidar köne kreditora tölän bolsa, bu töleg, ol talabyň täze kreditora geçmegi hakynda hiç zat bilmedik halatynda hem, ony täze kreditoryň öňündäki borçnamalaryndan boşatmaýar.

**320-nji madda. Ipoteka we talap täze kreditora geçende Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawyndaky ýazgynyň hakykylyk prezumpsiýasy**

Ipoteka we talap öňki kreditorda bolşy ýaly, täze kreditora geçýär. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnan maglumatlar kreditoryň bähbitlerinden ugur alnyp, dogry diýlip hasap edilýär. Şu halatda bergidar talabyň ýokdugyna salgylanyp bilmez. Eger täze kreditor Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawyndaky nädogry ýazgylar barada bilýän bolsa, bu kada ulanylmaýar.

**321-nji madda. Üçünji şahslaryň hukuklary**

1. Ipotekanyň amala aşyrylmagy sebäpli özüniň ýagdaýy ýaramazlaşan islendik üçünji şahs talaby ýerine ýetirmäge we şeýle ýol bilen ipotekany özüne geçirmäge ygtyýarlydyr. Kreditor kanagatlandyrylanda ol degişlilikde tassyklanylan resminamalary we özüniň ipoteka eýesi hökmünde bellige alynmagyny talap edip biler.

2. Eger şahsy bergidar kreditory kanagatlandyrsa, ipoteka oňa geçýär we ol zat eýesinden öwezini dolmagy talap edip biler.

**322-nji madda. Kreditoryň talapdan ýa-da ipotekadan ýüz döndermegi**

1. Eger kreditor talapdan ýa-da ipotekadan ýüz dönderýän bolsa, ipoteka eýesi zat eýesine öwrülýär. Ýüz dönderişiň ol Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnan şertinde ýuridik güýji bardyr.

2. Eger kreditor ipotekadan ýüz dönderip, talapdan ýüz döndermeýän bolsa, eger şahsy bergidar öz nobatynda ipotekadan öwezini dolmagy alyp biljek bolsa, ol her halda azatdyr.

3. Eger zat eýesiniň ipotekany uzak wagtlap peýdalanmagy aradan aýyrýan jedelleşmek hukugy bar bolsa, ol kreditordan ipotekadan ýüz döndermegini talap edip biler.

**323-nji madda. Ipoteka bilen borçlandyrylan zady satmak talaby**

1. Eger bergidar üpjün etmek serişdesi ipotekadan ybarat bolan talabyň kanagatlandyrylmagyny uzaga çekdirýän bolsa, ipoteka eýesi gozgalmaýan zadyň satylmagyny talap etmäge ygtyýarlydyr.

2. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan satmak şu bapda beýan edilen kadalara we ýerine ýetiriş önümçiligi hakyndaky Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar. Şu Kodeksiň kadalary ýörite kadalar hökmünde ulanylýar.

### 324-nji madda. Ipoteka bilen borçlandyrylan zady mejbury satmak

1. Ipoteka bilen borçlandyrylan zady jemagat söwdalarynda satmak kreditoryň arzasy esasynda kazyýetiň çykaran çözgüdine laýyklykda ygtyýarly edara tarapyndan amala aşyrylýar. Jemagat söwdalarynda satylmaga degişli zadyň bahasyny kesgitlemek üçin kazyýet hünärmeni (bilermeni) belleýär.

2. Ipoteka bilen borçlandyrylan zadyň jemagat söwdalarynda satylýandygy barada ygtyýarly edara köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde yglan edýär. Mundan başga-da, kazyýet zadyň jemagat söwdalarynda satyljakdygy hakynda Ipoteka bellige alyş ýazgysyna girizilen ygtyýarly şahslara habar bermäge borçludyr.

### 325-nji madda. Gozgalmaýan zatlary satmagyň gaýry görnüşleri

1. Kazyýet zat eýesiniň we kreditoryň bilelikdäki arzasy boýunça zady satmagyň başga görnüşini belläp biler. Şunuň ýaly çözgüdi çykarmazyndan öň, kazyýet taraplaryň pikirini diňlemelidir.

2. Gozgalmaýan zada eýeçiligiň kreditora geçmegine getirýän ylalaşyk, eger kreditory kanagatlandyrmaýan ýa-da doly kanagatlandyrmaýan bolsa, hakyky däldir.

### 326-njy madda. Bergidaryň zady jemagat söwdalarynda satmakdan soňky hukuklary

1. Zady jemagat söwdalarynda satmak hakynda çözgüt çykarylandan soň, bergidar zadyň miwelerini özünde galdyrmaga bolan hukugyny ýitirýär.

2. Eger bergidaryň özi ýa-da öz maşgalasy bilen ipoteka bilen borçlandyrylan jaýda ýa-da jaýyň bir böleginde ýaşaýan bolsa, onda ol kireýine alyjy bolup galýar we munuň üçin bazar şertlerine laýyklykda hak tölemelidir.

### 327-nji madda. Jemagat söwdalarynyň öňüni almak

1. Jemagat söwdalarynyň netijesinde hukuklary bozulup bilinjek zat eýesi ýa-da üçünji şahs talaplary kanagatlandyrmak arkaly söwdalary togtatmaga hukuklydyr.

2. Jemagat söwdalarynyň geçirilmegi, eger ygtyýarly şahs ony togtatmak arkaly jemagat söwdalarynyň öňi alnyp bilner diýip hem-de zat eýesiniň şahsy we ykdysady özara gatnaşyklaryndan ugur alnyp ýa-da berginiň häsiýetine laýyklykda söwdany togtatmagy kabul ederlikli diýip hasap etse, zat eýesiniň kazyýete arza bermegi arkaly alty aýdan köp bolmadyk möhlete togtadylyp bilner. Eger jemagat söwdalarynyň wagtlaýyn togtadylmagy kreditor üçin amatsyz ýaramaz netijelere eltýän bolsa, arza kanagatlandyrylmaga degişli däldir.

**328-nji madda. Kreditoryň, bergidaryň we zadyň eýesiniň jemagat söwdalaryna gatnaşmagy**

Kreditor, bergidar we zadyň eýesi jemagat söwdalaryna gatnaşmaga ygtyýarlydyrlar, söwda wagtynda bergidar bilen kreditor bilermeniň talabalaýyk diýip ykrar edýän üpjünçiligini bermelidirler.

**329-njy madda. Jemagat söwdalaryny gaýtadan geçirmek**

Eger ilkinji jemagat söwdalary wagtynda bilermen tarapyndan baha kesilen zadyň gymmatynyň ýetmiş göterimini düzýän teklip edilmese, söwda täzeden geçirilmelidir. Gaýtadan geçirilýän jemagat söwdalary ilkinji söwda ýaly görnüşde yglan edilmelidir we şonda söwdalaryň gaýtadan geçirilýändigi görkezilmelidir. Gaýtadan geçirilýän jemagat söwdalarynda iň pes nyrh iň bolmanynda şol söwdanyň geçirilmegi üçin edilen çykdajylary ýapmak we kreditoryň talabyny ödemek üçin ýeterlik bolmalydyr. Eger şeýle bolmasa, söwdalar geçirilmeýär. Söwda geçirmek üçin edilen çykdajylar zat eýesiniň üstüne ýüklenilýär.

**330-njy madda. Zadyň satylmagy netijesinde jemagat söwdalaryny ýatyrmak**

1. Jemagat söwdalarynda zady alyjy mejbury ýerine ýetirişi amala aşyrýan ygtyýarly şahsa satyn alyş nyrhyny geçirmäge borçludyr, ondan ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly çykdajylar alynýar.

2. Satyn alyjy diňe zadyň bahasyny töländen soň, onuň eýesine öwrülýär.

3. Eýeçilik hukugynyň başga birine geçmegi netijesinde mejbury ýerine ýetirilişi amala aşyran kreditoryň ähli ipotekalary we zady borçlandyran we ipotekadan soň bellige alnan zat hukuklary ýatyrylýar. Zada bolan ähli çäklendirilen gaýry hukuklar üýtgedilmän galýar.

4. Zadyň täze eýesi eýeçilik hukugynyň özüne geçýän pursadynda hereket eden kireýine ýa-da kärendesine bermek gatnaşyklaryna gatnaşyja öwrülýär. Eýeçilik hukugynyň zady satyn alyja geçmegi netijesinde zadyň ilkibaşdaky eýesine bazar şertlerine laýyklykda zady kireýine alyjy hökmünde garalýar.

**331-nji madda. Zady satmakdan düşen puly paýlamagyň tertibi**

1. Eger zady satmaga ygtyýarlandyrylan şahs ýeke-täk ipoteka eýesi hökmünde bellige alnan bolsa ýa-da söwdalardan alnan girdejiler çykdajylary aýyrmak bilen ähli kreditorlaryň talabyny ödeýän bolsa, onda ygtyýarly şahs çykdajylary takyklandan soň, ipoteka bilen borçlandyrylan zadyň satylmagyndan düşen puly kreditorlara paýlaýar. Galan pul zady satylan şahsa berilýär.

2. Eger satyn alyş nyrhy ipoteka bilen borçlandyrylan zadyň satylmagyndan düşen pul ipoteka arkaly üpjün edilen ähli talaplary kanagatlandyrmak üçin ýeterlik

bolmasa, ygtyýarly şahs çykdajylary takyklaýar, galan serişdäni ýörite hasaba geçirýär, ipoteka hakynda bellige alyş ýazgylaryň nobatyna laýyklykda paýlaýyş meýilnamasyny düzýär we ony kazyýete berýär. Kazyýet bu meýilnamany tassyklaýar we meýilnama esasynda paýlamagy amala aşyrmak barada ygtyýarly şahslara görkezme berýär.

**332-nji madda. Söwdalaryň talabalaýyk geçirilmezligi bilen baglylykda döwletiň raýdaş jogapkärçiligi**

Eger ygtyýarly edara söwdalary geçirmek bilen bagly öz üstüne ýüklenen borçlary ýerine ýetirmeýän ýa-da şol borçlary talabalaýyk ýerine ýetirmeýän bolsa, onda şol hereketler bilen ýetirilen zyýan üçin söwdalara gatnaşyjylaryň öňünde döwlet we ygtyýarly şahs raýdaş jogapkärçilik çekýär.

**333-nji madda. Zady mejbury dolandyrmak**

1. Mejbury ýerine ýetirmäge ygtyýarlandyrylan ipoteka eýesiniň arzasy esasynda kazyýet söwdalarda zady mejbury aýrybaşgalamagyň ýerine zady mejbury dolandyrmagy (sekwester) belläp biler. Şunuň ýaly halatlarda kazyýet zady dolandyryjyny belleýär ýa-da dolandyrmak wezipesini zadyň eýesine geçirýär.

2. Çözgüt çykarmazyndan öň kazyýet Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnan we hukuklary mejbury dolandyryş bilen kemsidilip bilinjek şahslary diňlemelidir.

3. Mejbury dolandyryş diňe, eger şonuň ýaly dolandyryşyň amala aşyrylmagy netijesinde girdejiler dolandyryş üçin edilýän gündelik çykdajylardan artar diýlip çak edilýän halatynda bellenilip bilner.

4. Eger bergidaryň özi ýa-da öz maşgalasy bilen mejbury dolandyryş bellenilen jaýda ýa-da jaýyň bir böleginde ýaşaýan bolsa, onda ol ýaşaýyş jaýyndan peýdalanýandygy üçin bazar şertleri boýunça hak tölemelidir.

5. Zady dolandyryjy zadyň miwelerini alýar hem-de özi tarapyndan düzülen we kazyýet tarapyndan tassyklanylan meýilnama esasynda ýylyň ahyrynda şol miweleri paýlaýar, şunda ähli çykdajylar, şol sanda dolandyrmak üçin edilen çykdajylar hem şondan aýrylýar.

6. Eger kreditor kanagatlandyrylýan bolsa ýa-da şonuň ýaly dolandyryş arkaly kreditoryň kanagatlandyrylmagynyň gazanylyp bilinmejekdigi aýdyň bolsa, mejbury dolandyryş ýatyrylmaga degişlidir.

## IV BÖLÜM. GOZGALMAÝAN EMLÄGE BOLAN HUKUKLARYŇ DÖWLET SANAWY

**334-nji madda. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynyň niýetlenilişi**

1. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawy gozgalmaýan zatlara

bolan eýeçilik we beýleki zat hukuklaryny döwlet belligine almak üçin döredilýär. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawy onuň bilen tanyşmagy üçin gyzyklanýan islendik şahs üçin elýeterli bolmalydyr.

2. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawyny guramagyň tertibi kanun bilen kesgitlenilýär.

**335-nji madda. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynyň maglumatlarynyň hakykylyk we dolulyk prezumpsiýasy**

1. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynyň maglumatlary babatda hakykylyk we dolulyk prezumpsiýasy hereket edýär, ýagny Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawyndaky ýazgy onuň nätakyklygy subut edilýänçä, hakyky diýlip hasap edilýär.

2. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawyndaky ýazgy babatda garşylyk bildirilen ýa-da ýazgynyň nätakyklygy barada zat edinijiniň bilýänliginden başga ýagdaýlarda geleşik esasynda başga şahsdan aýrybaşgalaýan şahsyň adyna Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnan haýsydyr bir hukugy edinýän şahsyň peýdasyna hakyky diýlip hasap edilýär.

**336-njy madda. Nätakyk ýazgyny düzetmek üçin razylygy talap etmek**

1. Eger Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawyna şahsyň adyna, eýýäm oňa degişli bolmadyk hukuk barada ýazgy girizilen bolsa, bu bellige almagyň netijesinde öz hukuklary we hukuk ýagdaýy kemsidilen şahs, ýazgynyň düzedilmegi hukuklaryna degýän şahsdan ýazgynyň düzedilmegine razylygyny bermegi talap edip biler.

2. Zadyň eýesini anyklamak üçin Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynyň hakyky däldigi barada şikaýat edilip bilner. Şikaýat edilende Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynyň hakyky däldigi çak edilýär.

**337-nji madda. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnan hukuklaryň nobatlylygy**

1. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnan hukuklaryň nobatlylygy olaryň bellige alnan wagtynyň yzygiderliligine laýyklykda kesgitlenilýär. Hukuklaryň bellige alnan senesi diýlip, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda hukugyň bellige alnandygy barada degişli ýazgynyň ýazylan güni hasap edilýär.

2. Nobatlylyk soňra üýtgedilip bilner. Munuň üçin nobatyny çalyşýan şahslaryň razylygy we üýtgetmäniň Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alynmagy zerurdyr.

3. Ol ýa-da beýleki hukuk bellige alnanda, zat eýesi haýsy-da bolsa bir hukugyň başga hukukdan öň bellige alynmagy barada şert goýup biler. Bu şert hem bellige

alynmaga degişlidir.

### 338-nji madda. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawyndaky deslapky ýazgy

1. Bellige alynýan zada bolan hukugy bellige almak hakyndaky talaby üpjün etmek üçin, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda deslapky ýazgy edilip bilner. Şunuň ýaly ýazga geljekki ýa-da şertli talaplaryň üpjün edilmegi üçin ýol berilýär.

2. Deslapky ýazgydan soň bellige almagyň geçirilmegi, eger bu bellige alyş onuň talabyny kemsitmeýän ýa-da ýatyrmaýan bolsa, deslapky bellige almak arkaly goralan şahs babatda hiç hili täsiri bolmaýar.

3. Deslapky ýazgyny bellige almak, bu ýazgynyň bellige alynýan zadyna degişli bolan şahsyň rugsat bermegi bilen zada eýelik edýäni anyklamak üçin geçirilýär.

4. Deslapky ýazgy öz zadyna degişli bolan şahsyň şikaýat etmäge hukugy bolsa we bu şikaýat deslapky ýazgy bilen üpjün edilen zadyň uzak wagtyň dowamynda peýdalanylmagyny aradan aýyrýan bolsa, ol deslapky ýazgynyň ýatyrylmagyny kreditordan talap edip biler.

5. Eger haýsy-da bolsa bir hukugyň edinilmegi deslapky ýazgy özüniň peýdasyna ýazylan şahs üçin hakyky däl bolsa, ol bellige almaga razylyk bermegini hukuk edinijiden talap edip biler, bu razylyk bolsa deslapky ýazgy arkaly üpjün edilen talaby amala aşyrmak üçin zerurdyr.

# III BÖLEK. BORÇNAMALAÝYN HUKUK

## I BÖLÜM. BORÇNAMALAR HAKYNDAKY UMUMY DÜZGÜNLER

### 339-njy madda. Düşünje

Borçnama – kesgitli şahsyň ýa-da şahslaryň beýleki bir şahs (şahslar) babatda belli bir hereketleri amala aşyrmaga ýa-da amala aşyrmakdan saklanmaga bolan hukuk borjunyň bolmagydyr.

### 340-njy madda. Borçnamanyň mazmuny

1. Borçnama boýunça kreditor bergidardan haýsy-da bolsa bir hereketi etmegi talap etmäge hukuklydyr. Borçnamany ýerine ýetirmek bergidaryň hereket etmekden saklanmagyndan hem ybarat bolup biler.

2. Özüniň mazmunyny we häsiýetini nazara alyp, borçnama taraplaryň her biriniň üstüne beýleki tarapyň hukuklary we emlägi barada aýratyn alada etmegi ýükläp biler. Borçnamalaýyn gatnaşyklar diňe şonuň bilen hem çäklendirilip bilner.

### 341-nji madda. Şertnama

1. Borçnamanyň ýüze çykmagy ýa-da onuň mazmunyny üýtgetmek üçin şertnama gatnaşyjylaryň arasynda şertnama baglaşylmagy zerurdyr, muňa borçnamanyň zelel ýetirilmegi (delikt), esassyz baýlaşmak ýa-da kanunda göz öňünde tutulan gaýry esaslar zerarly ýüze çykýan halatlar girmeýär.

2. Şu Kodeksiň 340-njy maddasynda göz öňünde tutulan borçnamalar eýýäm şertnamany taýýarlamagyň esasynda hem ýüze çykyp biler.

3. Gepleşiklere gatnaşyjy beýleki gatnaşyjydan onuň geleňsizliginden baglaşylmandygy sebäpli şertnama baglaşmak üçin çeken çykdajylarynyň öwezini dolmagy talap edip biler.

**342-nji madda. Maglumatyň berilmegi**

Borçnamadan ol ýa-da beýleki maglumaty almak hukugy ýüze çykyp biler. Maglumatyň berilmegi diýlende degişli resminamalary bermek borjy göz öňünde tutulýar. Maglumatyň berilmegi bu maglumatyň borçnamanyň mazmunyny kesgitlemek üçin ähmiýetli bolan we kontragentiň şonuň ýaly maglumaty öz hukuklaryna zyýan ýetirmän berip biljek halatynda hem üpjün edilmelidir. Maglumaty alyjy ony bermäge borçly şahsyň maglumaty bermek boýunça çykdajylarynyň öwezini dolmaga borçludyr.

## I BAP. ŞERTNAMALAÝYN HUKUK

### §1. Umumy düzgünler

**343-nji madda. Şertnamanyň erkinligi**

1. Şahslar kanunyň çäklerinde şertnamalary erkin baglaşyp we bu şertnamalaryň mazmunyny kesgitläp bilerler. Eger jemgyýetiň ýa-da şahsyýetiň düýpli bähbitlerini goramak maksatlary bilen, şertnamanyň hakykylygy döwletiň rugsadyna bagly bolsa, onda ol aýratyn kanun bilen düzgünleşdirilmelidir.

2. Eger şertnamanyň taraplarynyň biri bazarda esasy ýagdaýy eýeleýän bolsa, işiň bu çygrynda şertnama baglaşmak borçnamasy onuň üstüne ýüklenilýär. Ol kontragente şertnamanyň esassyz deň däl şertlerini teklip edip bilmez.

3. Telekeçilik ýa-da özüniň derwaýys bähbitlerini kanagatlandyrmak maksatlary bilen emlägi edinýän ýa-da emläkden we hyzmatlardan peýdalanýan şahslara, eger şertnamanyň beýleki tarapy özüniň telekeçilik işiniň çäklerinde hereket edýän bolsa, şertnamany baglaşmakdan ýüz dönderilip bilinmez.

**344-nji madda. Emlägi başga birine bermek hakyndaky şertnama**

Tarapyň biriniň özüniň ähli emlägini ýa-da emläginiň ep-esli bölegini başga birine bermek ýa-da ony uzufrukt bilen borçlandyrmak boýunça şertnamasy notarial taýdan tassyklanylan bolmalydyr.

**345-nji madda. Geljekki emlägi başga birine bermek hakyndaky şertnama**

Taraplaryň biriniň özüniň geljekki ähli emlägini ýa-da geljekki emläginiň ep-esli bölegini başga birine bermek ýa-da ony uzufrukt bilen borçlandyrmak barada baglaşan şertnamasy biderekdir.

**346-njy madda. Diri gezip ýören üçünji şahsyň mirasy hakyndaky şertnama**

1. Diri gezip ýören üçünji şahsyň mirasy hakyndaky şertnama biderekdir. Bu düzgün diri gezip ýören üçünji şahsyň mirasy babatda hökmany miras hakynda ýa-da wesýetnamalaýyn ýüz dönderiş hakynda şertnama hem degişlidir.

2. Bu kadalar geljekki kanun boýunça mirasdarlaryň haýsy-da bolsa biriniň kanuny ýa-da hökmany miras paýy barasynda olaryň arasynda baglaşylan şertnama babatda ulanylmaýar. Şunuň ýaly şertnama notarial taýdan tassyklanylmaga degişlidir.

**347-nji madda. Gozgalmaýan zat hakynda şertnamanyň görnüşi**

Bir tarapyň gozgalmaýan zatlara eýeçilik hukugyny beýlekä geçirmek ýa-da ony edinmek borjuny üstüne almagy boýunça baglaşylan şertnama notarial tertipde tassyklanylmaga degişlidir. Bu görnüşi berjaý etmezden baglaşylan şertnama, eger ol Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige alnan bolsa, hakykydyr.

**348-nji madda. Borçnamanyň hereketiniň zada degişli zatlara degişliligi**

Eger şahs zady eýeçilikden aýrybaşgalamak ýa-da ol baradaky borçnamany öz üstüne alýan bolsa, onda şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, bu borçnama zadyň degişli zatlaryna hem degişlidir.

**349-njy madda. Ýerine ýetirmegiň usulyny kesgitlemek**

1. Eger ýerine ýetirmegiň usulyny taraplaryň biri ýa-da üçünji şahs kesgitlemeli bolsa, onda ony kesgitlemegiň adalatly garaýyş boýunça amala aşyrylmalydygy göz öňünde tutulýar. Ýerine ýetirmegiň usulyny kesgitlemek beýleki tarapa gönükdirilen habar bermek arkaly amala aşyrylýar.

2. Eger ýerine ýetirmegiň usulyny kesgitlemek taraplaryň biriniň adalatly garaýşy boýunça amala aşyrylýan bolsa, onda ol beýleki tarap üçin diňe adalatlylyga laýyk gelýän halatynda hökmanydyr. Eger kesgitleme adalatlylyk ölçegine laýyk gelmeýän bolsa, onda ýerine ýetirmegiň usuly kazyýetiň çözgüdi esasynda kesgitlenilýär. Tarapyň özi ýerine ýetirmegiň usulyny kesgitlemegiň möhletiniň geçmegine ýol beren ýagdaýynda hem şu kada ulanylýar.

**350-nji madda. Analogiýa**

Eger borçnamanyň häsiýetinden başgaça gelip çykmaýan bolsa, şertnamalaýyn borçnamalar baradaky düzgünler beýleki şertnamalaýyn däl borçnamalar babatda hem ulanylýar.

## §2. Şertnamanyň baglaşylmagy

### 351-nji madda. Şertnamanyň baglaşylmagy

1. Eger taraplar, munuň üçin bellenilen görnüşi berjaý etmek bilen onuň düýpli şertleri boýunça ylalaşyk gazanan bolsalar, şertnama baglaşylan diýlip hasap edilýär.
2. Şertnamanyň düýpli şertleri diýlip, olar boýunça hatda taraplaryň biriniň erk-islegi boýunça ylalaşyk gazanylmaly bolsa ýa-da olar kanun boýunça şertnamanyň düýpli bölekleri hökmünde ykrar edilýän bolsa, hasap edilýär.
3. Şertnama boýunça indiki şertnamany baglaşmak borçnamasy ýüze çykyp biler. Şertnama üçin bellenilen görnüş deslapky şertnama hem degişlidir.

### 352-nji madda. Şertnamanyň görnüşi

1. Eger şertnamanyň hakyky bolmagy üçin kanunda belli bir görnüş bellenilen bolsa ýa-da taraplar şertnama üçin şonuň ýaly görnüşi göz öňünde tutan bolsalar, şertnama diňe şonuň ýaly görnüş baradaky talap ýerine ýetirilenden soň güýje girýär.
2. Eger taraplar şertnamanyň ýazmaça görnüşi barada ylalaşan bolsalar, şertnama taraplaryň gol çeken bir resminamany düzmek arkaly baglaşylyp bilner; şertnamanyň görnüşiniň berjaý edilmegini üpjün etmek üçin telegraf habary, teleks habary ýa-da hat, şol sanda elektron hat hem alyşmak ýeterlikdir.

### 353-nji madda. Oferta

1. Eger bir şahsa ýa-da birnäçe şahsa gönükdirilen  teklipde ylalaşylan ýagdaýynda, (aksept) teklip eden şahs (oferent) özüniň teklibini ýerine ýetirmäge taýyndygyny beýan eden bolsa, şertnamany baglaşmak hakynda teklip (oferta) edilen diýlip hasap edilýär.
2. Şahslaryň kesgitlenmedik toparyna gönükdirilen teklip, eger bu teklipde göni başgaça görkezilmedik bolsa, oferta çakylyk bolup durýar.

### 354-nji madda. Aksept

1. Şahsyň özüniň gatnaşmagynda (göni özüne) edilen oferta, ylalaşylan ýagdaýynda haýal etmän kabul edilmelidir.
2. Özi ýok şahsa edilen oferta, diňe adaty ofertany eden şahsyň jogaba garaşyp biljek wagtynyň dowamyna çenli kabul edilip bilner.

### 355-nji madda. Akseptiň möhleti

Eger oferent aksept üçin möhleti kesgitlän bolsa, aksept diňe şol möhletde amala aşyrylyp bilner.

**356-njy madda. Akseptiň gijikdirilmegi**

Eger aksept oferente gijikdirilip gowşan bolsa we akseptden onuň öz wagtynda iberilendigi aýdyň bolsa, eger oferent bu barada beýleki tarapa haýal etmän habar berse, diňe şonda aksept gijikdirilen diýlip hasap edilip bilner.

**357-nji madda. Täze oferta**

1. Oferta gijikdirilen aksept täze oferta diýlip ykrar edilýär.
2. Eger jogapda şertnama baglaşmaga razylyk bildirilen, ýöne ofertada göz öňünde tutulanyndan başga şertlerde bolsa, şunuň ýaly jogap ofertadan ýüz döndermek we şonuň bilen birlikde täze teklip diýlip hasap edilýär.

**358-nji madda. Aksepti üýtgetmek**

Eger iş gatnaşyklarynda aksept üýtgedilen şertlerde amala aşyrylýan bolsa, eger akseptantyň oferentiň razylygyny hasap etmek hukugy bar bolsa we oferent ýüz dönderilmegi hakynda haýal etmän habar bermedik bolsa, şertnama baglaşylan diýlip hasap edilýär.

**359-njy madda. Jogap berilmezligindäki aksept**

1. Eger beýlekiler üçin işi amala aşyrýan telekeçi öz iş gatnaşyklaryny saklaýan şahsdan şeýle işi ýerine ýetirmek hakyndaky ofertany alan bolsa, ol bu teklibe ýeterlikli möhletde jogap bermäge borçludyr; onuň jogap bermezligi aksept diýlip hasap ediler. Bu kada telekeçiniň şeýle işi amala aşyrmak üçin buýruklary haýyş eden şahsyndan şonuň ýaly ofertany alýan halatlarynda hem hereket edýär.
2. Eger telekeçi ofertany ret edýän bolsa, haryt hem eýýäm iberilen bolsa, ol zyýanyň ýetmeginden gaça durmak üçin bu haryda zyýan ýetmez ýaly edip, ony wagtlaýyn saklamaga borçludyr.

**360-njy madda. Köçede baglaşylan şertnama**

1. Sarp ediji bilen öz kärhanasynyň çäklerinde, köçede, öýüň öňünde we şuňa meňzeş ýerlerde söwda edýän şahsyň arasynda baglaşylan şertnama haçan-da sarp ediji şertnamany bir hepdäniň dowamynda ýazmaça ret etmese hakykydyr, muňa şertnamanyň baglaşylandan soň ýerine ýetirilýän halatlary girmeýär.
2. Bu düzgün täjirçilik däl maksatlar üçin berlen karzlar (sarp edijilik karzlar) we ätiýaçlandyryş hakyndaky şertnamalar babatda hem ulanylýar.

**361-nji madda. Ýerli däpler**

Eger şertnamanyň käbir aňlatmalaryna dürli-dürli düşünilmegi mümkin bolanda, şertnama baglaşan taraplaryň ýaşaýan ýerinde adatça kabul edilenler ileri tutulmalydyr. Eger taraplaryň ýaşaýan ýeri dürli-dürli bolsa, akseptantyň ýaşaýan ýeri kesgitleýji häsiýete eýedir.

**362-nji madda. Düşnüksiz aňlatmalar**

Biri-birlerine gapma-garşy gelýän ýa-da dürli many berýän aňlatmalar bolanda, şertnamanyň mazmunyna beýlekilerden has laýyk gelýän aňlatma ileri tutulmalydyr.

**363-nji madda. Söwda adatlary we däpleri**

Şertnamanyň taraplarynyň hukuklary we borçlary kesgitlenilende söwda adatlary we däpleri nazara alnyp bilner.

**364-nji madda. Gatyşyk şertnamalara düşünmek**

Gatyşyk şertnamalara düşünilende ýerine ýetirmegiň mazmunyna has ýakyn we oňa laýyk gelýän şertnamalar hakynda kadalar nazara alynýar.

**365-nji madda. Bergini ykrar etmek**

Borçnamalaýyn gatnaşyklaryň bardygyny ykrar edýän (bergini ykrar etmek) şertnamanyň hakykylygy üçin ony ykrar etmek hakyndaky ýazmaça arza zerurdyr. Eger bardygy ykrar edilen borçnamalaýyn gatnaşyklaryň ýüze çykmagy üçin haýsy-da bolsa başga bir görnüş göz öňünde tutulan bolsa, onda bergini ykrar etmek şertnamasy üçin hem şonuň ýaly görnüş talap edilýär. Eger bergi hasaplaşmak (üzlüşmek) esasynda ýa-da ylalaşmak arkaly ykrar edilen bolsa, şertnamanyň görnüşini berjaý etmek hökman däldir.

## §3. Şertnamanyň standart şertleri

**366-njy madda. Düşünje**

1. Birnäçe gezek ulanmak üçin öňünden kesgitlenilen we taraplaryň biri (oferent) tarapyndan beýleki tarapa hödürlenilen şertler hem-de hukuk kadalaryndan tapawutlanýan ýa-da şol düzgünleriň üstüni ýetirýän kadalaryň bellenmelidigini göz öňünde tutýan şertler şertnamanyň standart şertleri bolup durýar.
2. Eger taraplar şertleri jikme-jik kesgitlän bolsalar, onda bu şertnamanyň standart şertleri diýlip hasap edilmeýär.

**367-nji madda. Şertnama standart şertleri girizmek**

1. Standart şertler diňe şu aşakdaky ýagdaýlarda şertnamany teklip eden tarap bilen beýleki tarapyň arasynda baglaşylan şertnamanyň düzümleýin böleklerine öwrülýär:

1) teklip eden tarap şertnamanyň baglaşylan ýerinde aýdyň ýazgy ýazsa we bu şertlere salgylansa;

2) beýleki tarapyň bu şertler bilen tanyşmaga we razy bolan halatynda bu şertleri kabul etmäge mümkinçiligi bar bolsa.

2. Eger beýleki tarap telekeçi bolsa, onda şertnamanyň standart şertleri iş gatnaşyklarynda zerur paýhaslylyk görkezip, ol şol ýagdaýy göz öňünde tutmaly bolan halatynda şertnamanyň düzümleýin bölegine öwrülýär.

**368-nji madda. Şertnamanyň standart şertleriniň adaty däl düzgünleri**

Şertnamanyň standart şertleriniň düzgünleri görnüşi boýunça beýleki tarapyň göz öňünde tutup bilmejek derejede adaty däl düzgünler bolany sebäpli, bu düzgünler şertnamanyň düzümleýin bölegi bolup bilmeýär.

**369-njy madda. Düşnüksiz beýanyň beýleki tarapyň peýdasy üçin düşünilmegi**

Eger şertnamanyň standart şertleriniň beýany düşnüksiz bolsa, ol beýleki tarapyň peýdasyna düşünilýär.

**370-nji madda. Ynsaplylyk we ynanyşmak ýörelgelerine garşy şertleriň hakyky däldigi**

Şertnamanyň standart şerti onuň şertnama girizilendigine garamazdan, eger ol ynanyşmak we ynsaplylyk ýörelgeleriniň garşysyna şertnamanyň beýleki tarapy üçin zyýanly bolsa, hakyky däldir. Şunda bu şertleriň nähili ýagdaýlarda şertnama girizilendigi, taraplaryň özara bähbitleri we beýlekiler nazara alynmalydyr.

**371-nji madda. Şertnamanyň standart şertleriniň laýyk gelmezligi**

Şertnamany teklip eden tarapyň telekeçilik işi bilen meşgullanmaýan fiziki şahslar babatda ulanýan standart şertlerinde şu aşakdakylar hakyky däl diýlip ykrar edilýär:

1) teklip eden tarapyň düzgünleri teklibi kabul etmek ýa-da ondan ýüz döndermek, ýa-da ol ýa-da beýleki işi ýerine ýetirmek üçin laýyk gelmeýän uzak ýa-da gysga möhleti (borçnamalary kabul etmegiň we ýerine ýetirmegiň möhletleri) belleýän bolsa;

2) teklip eden tarapyň düzgünleri hukuk kadalaryndan tapawutlanýan borçnamalary özüniň ýerine ýetirmegi üçin laýyk gelmeýän uzak ýa-da ýeterlik däl kesgitli möhletleri (borçnamalar bozulandaky möhletleri) belleýän bolsa;

3) bellenilýän düzgünler teklip eden tarapa öz borçnamasyny ýerine ýetirmekden esassyz hem-de şertnamada görkezilmedik esaslar boýunça ýüz döndermäge hukuk berýän bolsa; bu kada uzak möhletli borçnamalar babatda ulanylmaýar (borçnamalardan ýüz döndermegiň şerti);

4) bellenilýän düzgünler teklip eden tarapa wada edilen işi üýtgetmäge ýa-da ondan çykmaga hukuk berýän bolsa, eger oňa razylyk beýleki tarap üçin (üýtgetme girizmegiň şerti) kabul ederlikli däl bolsa;

5) bellenilýän düzgünler teklip eden tarapa çekilen çykdajylara laýyk gelmeýän, ýokary öwezini dolmagy beýleki tarapdan talap etmäge hukuk berýän bolsa.

**372-nji madda. Standart şertleriň hakyky däldigi**

Şertnamany teklip eden tarapyň telekeçilik işi bilen meşgullanmaýan fiziki şahs babatda ulanýan standart şertlerinde hem şu aşakdakylar hakyky däl diýlip ykrar edilýär:

1) gysga möhletlerde nyrhlaryň esassyz ýokarlandyrylmagyny göz öňünde tutýan düzgünler. Bu kada (nyrhlaryň gysga möhletleýin ýokarlandyrylmagy) uzak möhletli borçnamalaýyn gatnaşyklarda ulanylýar;

2) bellenilýän düzgünler şu Kodeks bilen özüne berlen borçnamalary şertnama gatnaşýan tarapyň ýerine ýetirmekden ýüz döndermek hukugyny ýa-da beýleki tarapyň öz üstüne ýüklenilen borçnamalaryny ýerine ýetirýänçä şertnamany ýerine ýetirmekden şertnama gatnaşýan tarapyň ýüz döndermek hukugyny çäklendirýän ýa-da aradan aýyrýan bolsa (ýerine ýetirmekden ýüz döndermek hukugy);

3) bellenilýän düzgünler şertnama gatnaşýan tarapy jedelsiz ýa-da kazyýetiň çözgüdi bilen bellenilen borçnamalary hasap etmek (özara talaplary hasap etmegi gadagan etmek) hukugyndan mahrum edýän bolsa;

4) bellenilýän düzgünler teklip eden tarapy borçnamany ýerine ýetirmegi beýleki tarapa duýdurmak ýa-da oňa möhlet bermek baradaky kanunda göz öňünde tutulan borçdan boşadýan bolsa (borçnamany ýerine ýetirmek hakynda duýdurmak, möhlet bellemek);

5) zyýanyň möçberinden geçýän puly talap etmek (zyýanyň öwezini dolmak baradaky artdyrylan talap) hakyndaky ylalaşyk;

6) bellenilýän düzgünler teklip eden tarapyň ýa-da onuň wekiliniň gödek seresapsyzlygy sebäpli talabyň bozulmagy netijesinde ýetirilen zyýan üçin jogapkärçiligi aradan aýyrýan ýa-da çäklendirýän (seresapsyzlyk üçin jogapkärçilik) bolsa;

7) bellenilýän düzgünler teklip eden tarapyň esasy borçnamany bozan halatynda şertnama gatnaşýan beýleki tarapyň şertnamadan ýüz döndermek hukugyny çäklendirýän ýa-da aradan aýyrýan bolsa, ýa-da şertnama gatnaşýan beýleki tarapy şertnamanyň ýerine ýetirilmändigi sebäpli ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy talap etmek hukugyndan mahrum edýän ýa-da şu maddanyň 6-njy bendiniň garşysyna, onuň (esasy borçnamany ýerine ýetirmek hakyndaky talaby bozmak) hukugyny çäklendirýän bolsa;

8) bellenilýän düzgünler teklip eden tarapyň borçnamany bölekleýin ýerine

ýetiren halatynda şertnama gatnaşýan beýleki tarapy şertnamanyň doly ýerine ýetirilmänligi üçin çekilen zyýanyň öwezini dolmagy talap etmek ýa-da şertnamadan ýüz döndermek hukugyndan mahrum edýän bolsa, eger ol borçnamanyň bölekleýin ýerine ýetirilmegine gyzyklanmaýan bolsa (borçnama bölekleýin ýerine ýetirilende höwesiň ýitirilmegi);

9) bellenilýän düzgünler täze harytlar iberilende we işler ýerine ýetirilende närsäniň kemçilikleri üçin, kanunda göz öňünde tutulan kadalardan tapawutlykda, teklip eden tarapyň jogapkärçiligini çäklendirýän bolsa.

## §4. Üçünji şahsyň peýdasyna şertnamalar

### 373-nji madda. Şertnamany ýerine ýetirmegi talap etmek hukugy

Şertnamanyň üçünji şahsyň peýdasyna ýerine ýetirilmegini, eger kanunda ýa-da şertnamada başgaça bellenilmedik bolsa, ýa-da borçnamanyň özüniň düýp manysyndan haýsy-da bolsa başgaça gelip çykmaýan bolsa, kreditor hem, bu üçünji şahs hem talap edip biler.

### 374-nji madda. Şertnamada goýulýan şert

1. Ýörite şert goýulmadyk halatynda, işiň ýagdaýlaryndan, hususan-da, onuň maksatlaryndan ugur alyp, aşakdakylary anyklamak zerurdyr:

1) üçünji şahsyň hukuk edinmelidigini ýa-da edinmeli däldigini;

2) bu hukugyň bada-bat ýa-da onuň belli bir şertler bar halatynda ýüze çykýandygyny;

3) şertnamanyň taraplarynyň üçünji şahsyň hukugyny onuň razylygy bolmazdan ýatyrmaga ýa-da üýtgetmäge ygtyýarlydygyny ýa-da däldigini.

2. Üçünji şahsyň peýdasyna şert goýan tarap kontragentiň razylygyna garamazdan, şertnamada görkezilen üçünji şahsy çalşyrmak hukugyny saklaýar.

### 375-nji madda. Üçünji şahsyň ýüz döndermegi

Eger üçünji şahs şertnama boýunça eýe bolýan hukugyndan ýüz dönderýän bolsa, eger şertnamadan ýa-da borçnamanyň düýp mazmunyndan başgaça gelip çykmaýan bolsa, kreditoryň özi borçnamany ýerine ýetirmegi talap edip biler.

## § 5. Şertnamany ýerine ýetirmekden ýüz döndermek

### 376-njy madda. Şertnamadan ýüz döndermegiň netijeleri

1. Eger taraplaryň biri şertnamadan ýüz dönderse, onda şertnamadan çykylan halatynda, ýerine ýetirmekden alnan we peýda taraplara gaýtarylyp berilýär.

2. Hakyky özlügi görnüşinde gaýtaryp bermegiň deregine pul bilen öwezini dolmak borjy bergidaryň üstüne ýüklenilýär, eger:

1) edinilen närsäniň häsiýetine görä, ony yzyna gaýtaryp bermek mümkin bolmasa;

2) alnan närsäni tarap ulanýan, ony eýeçilikden aýrybaşgalaýan, hukuk babatda borçly edýän, gaýtadan işleýän ýa-da üýtgedýän bolsa;

3) alnan närse zaýalanan ýa-da ýok edilen bolsa; talabalaýyk ulanylmagy netijesinde könelmegi nazara alynmaýar.

3. Eger şertnamada özara ýerine ýetirmek göz öňünde tutulan bolsa, pul bilen öwezini dolmak şol ýerine ýetiriş bilen çalşyrylýar.

4. Öwezini dolmak borjy ýüze çykmaýar, eger:

1) närsäniň şertnamadan ýüz döndermäge hukuk berýän kemçiligi bu närse gaýtadan işlenilende ýa-da özgerdilende ýüze çykarylan bolsa;

2) närsäniň zaýalanmagy ýa-da ýok edilmegi kreditoryň günäsi bilen bolan bolsa;

3) närse ygtyýarly şahsda onuň zada öz zatlary ýaly alada edendigine garamazdan, zaýalanan ýa-da ýok edilen bolsa. Şondan galan zat bolsa, gaýtaryp berilmäge degişlidir.

5. Şu maddanyň birinji böleginden gelip çykýan borçnamalar bozulan halatynda, kreditor şu Kodeksiň 416-njy maddasyna laýyklykda, zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap edip biler.

**377-nji madda. Zyýanyň öwezini dolmak**

1. Eger bergidaryň peýda almak mümkinçiliginiň bolandygyna garamazdan, zady peýdalanmak kadalaryny bozmagy sebäpli peýda almaýan bolsa, ol kreditora zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

2. Eger bergidar zady gaýtaryp berýän, onuň bahasyny pul bilen töleýän bolsa ýa-da zyýanyň öwezini dolmak talaby şu Kodeksiň 376-njy maddasynyň dördünji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerine laýyklykda ýol berilmeýän bolsa, oňa zady saklamak bilen baglanyşykly bolan zerur çykdajylarynyň öwezi dolunmalydyr. Beýleki çykdajylaryň öwezi diňe kreditor olaryň esasynda peýda gören halatynda dolunmalydyr.

**378-nji madda. Şertnamadan çykylanda borçnamalaryň bir wagtda ýerine ýetirilmegi**

Şertnamadan çykylmagy netijesinde ýüze çykan borçnamalary taraplar göni we bir wagtda ýerine ýetirmelidirler.

**379-njy madda. Mälim etmek**

Şertnamadan bu barada beýleki tarapa mälim etmek bilen çykylýar.

**380-nji madda. Şertnamadan çykmagyň möhleti**

Eger şertnamadan çykmagyň möhleti bellenilmedik bolsa, onda şertnamadan çykýan şahsa şonuň ýaly möhleti şertnama gatnaşýan beýleki tarap kesgitläp biler. Eger bu barada möhlet tamamlanmazyndan öň mälim edilmedik bolsa, şertnamadan çykmak hukugy ýitirilýär.

### 381-nji madda. Şertnamadan çykmak hukugynyň bölünmezligi

Eger şertnamanyň ol ýa-da beýleki tarapyna birnäçe şahs gatnaşýan bolsa, çykmak diňe gatnaşyjylaryň hemmesiniň raýdaşlygynda amala aşyrylyp bilner. Eger şertnamadan çykmak hukugy ygtyýarly şahslaryň biri üçin ýitirilýän bolsa, bu hukuk olaryň hemmesi üçin ýitirilýär.

### 382-nji madda. Şertnamadan çykylmagyna ýol berilmezligi

Eger bergidar borçnamany hasap etmek arkaly borçnamadan boşap bilýän bolsa we şertnamadan çykandan soň borçnamany hasap etjekdigini haýal etmän mälim etse, borçnamanyň ýerine ýetirilmezligi bilen baglanyşyklylykda şertnamadan çykylmagy ýol berilmesizdir.

### 383-nji madda. Hukugyň ýitirilmegi

Eger şertnama bergidaryň şertnamadan ugur alyp, borçnamalaryny ýerine ýetirmedik halatynda, öz hukuklaryny ýitirmek şerti bilen baglaşylan bolsa, onda şonuň ýaly ýagdaý ýüze çykanda kreditor şertnamadan ýüz döndermäge hukuklydyr.

### 384-nji madda. Barlyşyk esaslaryndaky ýalňyşlyk

1. Hukuk gatnaşygy hakyndaky jedeli ýa-da ynamsyzlygy birek-birege eglişik etmek (barlyşyk) arkaly aradan aýyrýan şertnama, eger şertnamanyň mazmunyndan ugur alynsa, bu barlyşyk hakykata laýyk gelmeýän ýagdaýlara esaslandyrylýan bolsa we jedel ýa-da ynamsyzlyk işiň hakyky ýagdaýlary bilnende ýüze çykyp bilmejek bolsa, hakyky däldir.

2. Haýsy-da bolsa bir talabyň amala aşyrylmagynyň mümkinçiligine şübhe bolmagy hukuk gatnaşygyndaky ynamsyzlyk bilen deňleşdirilýär.

## II BAP. BORÇNAMALARY ÝERINE ÝETIRMEK

## §1. Umumy düzgünler

### 385-nji madda. Borçnamanyň bardygy baradaky prezumpsiýa

1. Her bir ýerine ýetiriş borçnamanyň bardygyny aňladýar.

2. Borçnamalar talabalaýyk, ynsaply, şertleşilen wagtda we ýerde ýerine ýetirilmelidir.

**386-njy madda. Borçnamanyň ýerine ýetirilýän ýeri**

1. Eger borçnamanyň ýerine ýetirilmeli ýeri öňünden kesgitlenilmedik ýa-da ol borçnamanyň düýp mazmunyndan gelip çykmaýan bolsa, onda ýerine ýetiriş şol borçnamanyň ýüze çykan pursadynda bergidaryň ýaşaýan ýerinde amala aşyrylmalydyr.

2. Eger borçnama ýerine ýetirilmezinden öň bergidaryň ýaşaýan ýeri ýa-da onuň kärhanasynyň ýerleşýän ýeri üýtgeýän bolsa we şunuň bilen baglylykda, kreditorda goşmaça çykdajylar ýüze çykýan bolsa, bergidar kreditora bu çykdajylaryň öwezini dolmalydyr.

3. Eger borçnama ýerine ýetirilmezinden öň kreditoryň ýaşaýan ýeri ýa-da onuň kärhanasynyň ýerleşýän ýeri üýtgeýän bolsa we şunuň bilen baglylykda, çykdajylar ýa-da ýerine ýetiriş töwekgelçiligi artýan bolsa, onda artyk çykdajylaryň öwezini dolmak hem, goşmaça töwekgelçilik hem kreditoryň üstüne ýüklenilýär.

**387-nji madda. Borçnamany möhletinden öň ýerine ýetirmek**

Eger kreditor esasly sebäbe görä borçnamanyň ýerine ýetirilmegini kabul etmekden ýüz döndermese, bergidar borçnamany möhletinden öň ýerine ýetirmäge hukuklydyr.

**388-nji madda. Borçnamany ýerine ýetirmegiň möhleti**

1. Eger borçnamany ýerine ýetirmegiň möhleti kesgitlenilmedik ýa-da ol ýagdaýlardan gelip çykmaýan bolsa, onda kreditor borçnamanyň haýal etmän ýerine ýetirilmegini talap edip biler, bergidar bolsa ony haýal etmän ýerine ýetirmäge hukuklydyr.

2. Eger ýerine ýetirmegiň möhleti kesgitlenilen bolsa, onda kreditor borçnamany ýerine ýetirmegi şol möhletden öň talap edip bilmez diýip hasap edilmelidir.

**389-njy madda. Borçnamanyň möhletinden öň ýerine ýetirilmegini talap etmek**

Eger borçnamany ýerine ýetirmek üçin bergidaryň peýdasyna haýsy-da bolsa bir möhlet bellenilen bolsa, eger bergidar tölege ukypsyz bolan ýa-da şertleşilen üpjünçiligiň gymmaty azalan bolsa ýa-da umuman, şeýle ýagdaýy göz öňüne getirip bilmedik bolsa, kreditor haýal etmän şol borçnamanyň ýerine ýetirilmegini talap edip biler.

**390-njy madda. Şertli baglaşylan geleşik boýunça borçnamany ýerine ýetirmek**

Eger geleşigiň hakykylygy haýsy-da bolsa bir şertiň bolmagyna bagly bolsa, borçnama bu şertiň bolan güni ýerine ýetirilmelidir.

**391-nji madda. Ikitaraplaýyn borçnama boýunça ýerine ýetirişden ýüz döndermek hukugy**

Eger bergidaryň öz borçnamasyna esas bolup durýan hukuk gatnaşygyndan kreditora ýerine ýetiriş möhleti gelip ýeten talaby bar bolsa, onda ol, eger borçnamadan başgaça gelip çykmaýan bolsa, kreditor tarapyndan borçnama ýerine ýetirilýänçä öz borçnamasyny ýerine ýetirmekden ýüz döndermäge hukuklydyr.

**392-nji madda. Sarp ediş karzy**

1. Tölegli şertnama karz şertnamasy bilen birlikde özara baglanyşykly geleşigi emele getirýär, onda karz satyn alyş nyrhyny maliýeleşdirmäge hyzmat edýär we şertnamalaryň ikisine-de ykdysady bitewülik hökmünde garalýar. Karz şertnamasy taýýarlanylanda ýa-da baglaşylanda satyjynyň ýardam etmegine bergidaryň (alyjynyň) bil baglamagy ykdysady bitewülik diýlip hasap edilýär.
2. Eger özara baglanyşykly tölegli şertnamadan satyjy babatda gelip çykýan garşylyk öz borçnamasyny ýerine ýetirmekden ýüz döndermäge oňa hukuk berýän bolsa, sarp ediş karzynda benefisiar karzy gaýtaryp bermekden ýüz dönderip biler.

**393-nji madda. Borçnamanyň üçünji şahs tarapyndan ýerine ýetirilmegi**

1. Eger bergidaryň borçnamany şahsy özüniň ýerine ýetirmäge borçludygy kanundan ýa-da şertnamadan we borçnamanyň häsiýetinden gelip çykmaýan bolsa, bu borçnama üçünji şahs tarapyndan hem ýerine ýetirilip bilner.
2. Kreditor üçünji şahs tarapyndan teklip edilen ýerine ýetirişi, eger bergidar muňa garşy bolsa, kabul etmän biler.

**394-nji madda. Kreditoryň üçünji şahs tarapyndan kanagatlandyrylmagy**

1. Eger kreditor mejbury tölemegi bergidara degişli zadyň hasabyna amala aşyran bolsa, onda mejbury ýerine ýetiriş sebäpli, özüne bu zada bolan hukugyndan mahrum bolmak howpy abanýan her bir şahs kreditory kanagatlandyrmaga hukuklydyr.
2. Eger üçünji şahs kreditory kanagatlandyran bolsa, talap ediş hukugy bu şahsa geçýär. Hukugyň şunuň ýaly geçmegi kreditoryň zyýanyna bolmaly däldir.

**395-nji madda. Ygtyýarlygy bolmadyk şahs tarapyndan borçnamany ýerine ýetirişiň kabul edilmegi**

1. Borçnamanyň ýerine ýetirilmegini kreditoryň ýa-da kanun boýunça ýa-da kazyýetiň çözgüdi boýunça kabul etmäge ygtyýarly bolan şahsyň kabul etmeginde

bergidar öz borçnamasyny ýerine ýetirmäge borçludyr.

2. Eger borçnamanyň ýerine ýetirilmegini ygtyýarlygy bolmadyk şahs kabul eden bolsa, kreditor muňa razylyk beren ýa-da bu ýerine ýetirişden peýda alan şertinde borçnama ýerine ýetirilen diýlip hasaplanylyp bilner.

**396-njy madda. Alternatiwaly borçnama**

Eger borçnamany birnäçe usul bilen ýerine ýetirmek mümkin bolsa, borçnama görkezilen usullaryň biri bilen ýerine ýetirilmeli bolan şertinde, onda şübhe dörän halatynda ýerine ýetiriş usulyny saýlap almak hukugy bergidara degişlidir.

**397-nji madda. Ýerine ýetirilmäge degişli borçnamany saýlap almak**

Eger bergidar ýerine ýetirilmäge degişli iki hereketiň birinden ýüz döndermäge hukukly bolsa, onda beýleki hereketi ýerine ýetirmek borçnamasy güýjünde galýar.

**398-nji madda. Alternatiwaly borçnamany saýlamagyň tertibi**

Şu Kodeksiň 396-njy maddasyna laýyklykda, borçnamany ýerine ýetirmegiň bir usulyny saýlap almak bu barada beýleki tarapa beýan etmek ýa-da ýerine ýetirişi amala aşyrmak arkaly geçirilýär. Saýlanyp alnan borçnama ilkibaşdan ýerine ýetirilmäge degişli borçnama diýlip ykrar edilýär.

**399-njy madda. Ýerine ýetirilmäge degişli ikiden köp borçnamanyň saýlanyp alynmagy**

Borçnamany saýlap almagyň närsesi ýerine ýetirilmäge degişli ikiden köp borçnama bolan halatynda hem şu Kodeksiň 396-398-nji maddalarynyň kadalary ulanylýar.

**400-nji madda. Borçnamany bölekleýin ýerine ýetirmek**

Eger kreditor razy bolsa, bergidar borçnamany bölekleýin ýerine ýetirmäge hukuklydyr.

**401-nji madda. Kreditoryň başga ýerine ýetirişi kabul etmek hukugy**

Kreditor şertnamada göz öňünde tutulandan başga ýerine ýetirişi kabul etmäge borçly däldir; bu kada ýerine ýetirişiň uly gymmaty bar halatynda hem hereket edýär.

**402-nji madda. Borçnamany ýerine ýetirmegiň hili**

Eger şertnamada borçnamany ýerine ýetirmegiň hili jikme-jik kesgitlenilmedik bolsa, bergidar, iň bolmanda, işi orta hilli ýerine ýetirmäge we orta hilli zady getirip

bermäge borçludyr.

**403-nji madda. Kysymdaş sypatlary bilen kesgitlenilýän borçnamany ýerine ýetirmek**

Eger borçnamanyň närsesi zadyň kysymdaş sypatlary bilen kesgitlenilen bolsa, onda bu kysymdaky zady bermek mümkinçiligi barka, bergidar ýerine ýetirmändigi üçin öz günäsi bilen bolmadyk halatynda hem bu ýerine ýetirmezlik üçin jogap berýär.

## §2. Pul borçnamalaryny ýerine ýetirmek

**404-nji madda. Düşünje**

Talaplaryň pul bilen ýerine ýetirmegini belleýän ýa-da öwezini dolmagy pul bilen üpjün edip bolýan borçnama pul borçnamasy diýilýär.

**405-nji madda. Pul borçnamasynyň mazmuny**

Pul borçnamasy milli pulda aňladylýar. Eger ol kanunda gadagan edilmedik bolsa, taraplar pul borçnamasyny daşary ýurt pulunda hem belläp bilerler.

**406-njy madda. Ýyllyk göterimleri kesgitlemegiň tertibi**

Eger kanuna ýa-da şertnama laýyklykda borçnama boýunça göterim hasaplanyp goşulmaly bolsa, göterimiň möçberi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenilýän göterimiň aňryçäk möçberiniň çäklerinde karz edarasy tarapyndan bellenilýär.

**407-nji madda. Borçnamadan artyk tölenilenleri yzyna talap edip almagyň tertibi**

Borçnamadan artyk tölenilenler esassyz baýlaşmak kadalaryna laýyklykda yzyna talap edilip alnyp bilner.

**408-nji madda. Pul borçnamasynyň ýerine ýetirilýän ýeri**

1. Eger pul borçnamasynyň ýerine ýetirilmeli ýeri kesgitlenilmedik bolsa, onda bergidar kreditoryň ýaşaýan ýerinde ýa-da onuň kärhanasynyň ýerleşýän ýerinde özüniň töwekgelçiligine we özüniň hasabyna tölegi geçirmäge borçludyr.
2. Eger kreditoryň tölegiň geçirilmeli ýerinde ýa-da ýurdunda pul geçirmek üçin niýetlenilen bank hasaby bar bolsa, onda bergidar öz pul borçnamasyny bu hasaba pul geçirmek arkaly ýerine ýetirip biler, muňa kreditoryň garşy bolýan halatlary degişli däldir.

**409-njy madda. Pul borçnamalaryny ýerine ýetirmegiň nobatlylygy**

1. Eger dürli borçnamalardan gelip çykýan biri-birine meňzeş birnäçe hereketleriň ýerine ýetirilmegi bergidaryň üstüne ýüklenilen we ýerine ýetirilenler ähli bergileri üzmek üçin ýeterliksiz bolsa, onda ýerine ýetireninde bergidaryň saýlap aljak borçnamasy üzülýär, eger bergidar borçnamany saýlap almasa, ilki tölemek möhleti gelen bergi üzülmelidir.

2. Eger talaplary ýerine ýetirmegiň möhletleri bir wagtda gelip ýetse, ýerine ýetirilmegi bergidar üçin has agyr bolan talap birinji nobatda ýerine ýetirilmelidir.

3. Eger talaplar birmeňzeş derejede agyr bolsa, onda has az üpjün edilen talap birinji nobatda ýerine ýetirilmelidir.

**410-njy madda. Kazyýet harajatlaryny üzmegiň ileri tutulmagy**

Tölemek möhleti gelip ýeten ähli bergini bergidaryň tölegleriniň hasabyna üzmek ýeterlik bolmasa, şol tölegleriň hasabyna birinji nobatda kazyýet harajatlary, soňra esasy ýerine ýetiriş (bergi) we soňunda göterimler üzülýär.

**411-nji madda. Pul birliginiň hümmeti üýtgände pul borçnamalaryny ýerine ýetirmek**

Eger tölemek möhleti gelip ýetýänçä pul birliginiň gymmaty (hümmeti) artsa ýa-da peselse, ýa-da pul üýtgese, onda bergidar borçnamanyň ýüze çykan wagtyna laýyk gelýän hümmet boýunça tölegi geçirmäge borçludyr. Pul üýtgände alyş-çalyş gatnaşyklaryň esasyna şol pul birlikleriniň arasynda puluň üýtgän gününde hereket eden hümmet alynmalydyr.

**§3. Kreditoryň bellenilen möhleti geçirmegi**

**412-nji madda. Mazmuny**

1. Eger kreditor ýerine ýetiriş möhleti gelip ýeten we özüne teklip edilen ýerine ýetirişi kabul etmeýän bolsa, kreditor möhleti geçiren diýlip hasap edilýär.

2. Eger bergidar borçnamany diňe kreditor tarapyndan borçnamanyň ýerine ýetirilmegine garşy ýerine ýetirmäge borçly bolsa, onda eger, bergidar tarapyndan teklip edilen ýerine ýetirişi kabul etmäge taýýar bolsa-da, ýöne talap edilýän garşylyklaýyn ýerine ýetirişi amala aşyrmasa, kreditor bellenilen möhleti geçiren diýlip hasap edilýär.

**413-nji madda. Kreditoryň zyýanyň öwezini dolmak borjy**

Kreditor ýerine ýetirilen borçnamany kabul etmegiň öz günäsi bilen möhletini geçirmegi sebäpli bergidara ýetirilen zyýanyň öwezini dolmalydyr.

### 414-nji madda. Kreditor möhleti geçirende bergidaryň jogapkärçiligi

Kreditoryň möhleti geçirilen ähli wagty üçin bergidar diňe öz niýeti we gödek seresapsyzlygy üçin jogapkärçilik çekýär.

### 415-nji madda. Kreditoryň möhleti geçirmeginiň netijeleri

Kreditor borçnamany ýerine ýetirmegiň möhletini geçirende, ol özüniň günäsine garamazdan:

1) bergidara borçnamanyň närsesini saklamak bilen bagly çekilen artyk çykdajylaryň öwezini dolmaga borçludyr;

2) zadyň tötänden zaýalanmagy ýa-da ýok edilmegi bilen bagly töwekgelçiligi çekýär;

3) pul borçnamasy boýunça göterimleri almak hukugyndan mahrum edilýär.

## III BAP. BORÇNAMALARYŇ ÝERINE ÝETIRILMEGINE PÄSGEL BERÝÄN ÝAGDAÝLAR

## §1. Umumy düzgünler

### 416-njy madda. Borçnamalar bozulanda zyýanyň öwezini dolmak talaby

1. Bergidar tarapyndan borçnama bozulanda, kreditor şu sebäpli ýeten zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap edip biler. Eger borçnamanyň bozulmagy üçin jogapkärçilik bergidaryň üstüne ýüklenilmeýän bolsa, bu düzgün ulanylmaýar.

2. Bergidar möhleti geçirende kreditor bergidara borçnamany ýerine ýetirmek üçin zerur bolan möhleti belläp biler. Eger bergidar borçnamany bu möhletde hem ýerine ýetirmese, onda kreditor borçnamany ýerine ýetirmegiň deregine zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge hukuklydyr.

3. Eger onuň haýsy-da bolsa bir netijä getirmejekdigi ýa-da taraplaryň ikisiniň hem bähbitlerinden ugur alynsa, zyýanyň öwezini dolmak talaby baradaky hukugyň haýal etmän ulanylmagyny ödeýän aýratyn ýagdaýlaryň bardygy aýdyň bolsa, onda goşmaça möhleti bellemegiň zerurlygy ýokdur.

### 417-nji madda. Zyýanyň öwezini dolmakdan boşatmak hakynda deslapky ylalaşyga ýol bermezlik

1. Eger borçnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk we onuň düýp mazmunyndan başgaça gelip çykmaýan bolsa, bergidaryň üstüne diňe bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk bilen eden hereketleri sebäpli ýeten zyýanyň öwezini dolmak ýüklenilýär.

2. Özüniň bilkastlaýyn hereketleri bilen borçnamany bozanda bergidary ýetiren zyýanynyň öwezini dolmak borjundan boşatmak hakynda deslapdan ylalaşmaga ýol

berilmeýär.

**418-nji madda. Bergidaryň öz wekiliniň hereketi üçin jogapkärçiligi**

Öz kanuny wekiliniň we öz borçnamalaryny ýerine ýetirmek üçin peýdalanylýan beýleki şahslaryň hereketleri üçin, bergidar özüniň günäli hereketlerindäki ýaly möçberde jogapkärçilik çekýär.

**419-njy madda. Ýerine ýetirişiň närsesi başga şahsdan alnanda bergidaryň jogapkärçiligi**

Eger şertnamadan ýa-da beýleki ýagdaýlardan başgaça gelip çykmaýan bolsa, bergidar ýerine ýetirişiň närsesini başga şahsdan almaly bolan we ony alyp bilmedik halatynda hem ýerine ýetiriş üçin jogapkärçilik çekýär.

**420-nji madda. Şertnamany üýtgän ýagdaýlara laýyk getirmek**

1. Eger şertnama baglaşmak üçin esas bolan ýagdaýlar şertnama baglaşylandan soň mese-mälim üýtgän bolsa we taraplar bu üýtgeşiklikleri göz öňünde tutan bolsalar, ony baglaşmazdylar ýa-da başga mazmun bilen baglaşardylar diýen halatda şertnamany üýtgän ýagdaýlara laýyk getirmek talap edilip bilner, sebäbi aýry-aýry halatlar nazara alnyp, hususan-da, kadalaryň görnüşinden ugur alnyp, şertnama gatnaşýan tarapdan üýtgedilmedik şertnamany berk berjaý etmek talap edilip bilinmez.
2. Şertnama esas edilip alnan garaýyşlar nädogry bolup çykan halatlar hem üýtgän ýagdaýlara deňleşdirilýär.
3. Taraplar birinji nobatda şertnamany üýtgän ýagdaýlara laýyk getirmäge çalyşmalydyrlar.
4. Eger şertnamany üýtgän ýagdaýlara laýyk getirmek mümkin bolmasa ýa-da beýleki tarap muňa razy bolmasa, onda bähbitleri bozulan tarap şertnamadan ýüz dönderip biler.

**421-nji madda. Uzak möhletli şertnamalaýyn borçnamalardan ýüz döndermek**

1. Şertnamanyň islendik tarapy esasly sebäplerden ugur alyp, uzak möhletli borçnamalar baradaky şertnamadan şertnamany ýatyrmagyň möhletlerini berjaý etmän ýüz dönderip biler. Eger anyk ýagdaýlar sebäpli, şol sanda ýeňip geçip bolmaýan güýç sebäpli we iki tarapyň bähbitlerini nazara alyp, şertnamany ýatyrýan tarapdan ylalaşylan möhlet gutarýança ýa-da şertnamany ýatyrmak möhleti gutarýança şertnama gatnaşyklarynyň möhletini uzaltmak, dowam etdirmek talap edilip bilinmejek esaslar esasly sebäp diýlip ykrar edilýär.
2. Eger şertnamalaýyn borçnamalaryň bozulmagy şertnamany ýatyrmak üçin esas bolýan bolsa, onda kemçilikleri düzetmek möhleti netijesiz tamamlanandan ýa-

da netijesiz duýduryşdan soň şertnamany ýatyrmaga ýol berilýär. Şunda degişlilikde şu Kodeksiň 427-nji maddasynyň ikinji bölegi ulanylýar.

3. Şertnamany bozmagyň esasy özüne mälim bolandan soň, ygtyýarly şahs ýerlikli möhletde şertnamadan ýüz dönderip biler.

4. Eger şertnamanyň bozulmagy sebäpli eýýäm ýerine ýetirilenler mundan beýläk hiç hili bähbidi aňlatmaýan bolsa, şertnamanyň bozulmagy şol ýerine ýetirişe hem degişli bolup biler. Ýerine ýetirilenleriň gaýtarylyp berilmegini üpjün etmek üçin degişlilikde şu Kodeksiň 376-378-nji maddalarynyň kadalary ulanylýar.

5. Ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky talaplar babatda degişlilikde şu Kodeksiň 428-nji maddasynyň kadalary ulanylýar.

## §2. Bergidaryň möhleti geçirmegi

### 422-nji madda. Mazmuny

Bergidar möhleti geçiren diýlip hasap edilýär, eger:

1) borçnama onuň ýerine ýetirilmegi üçin bellenilen möhletde ýerine ýetirilmeýän bolsa;

2) ýerine ýetirişiň möhletiniň gelip ýetendigi kreditor tarapyndan duýdurylandan soň hem borçnama ýerine ýetirilmeýän bolsa.

### 423-nji madda. Borçnamany ýerine ýetirmegiň mümkin bolmazlygy

Eger borçnama bergidaryň günäsi bolmazdan ýüze çykan ýagdaýlar sebäpli ýerine ýetirilmedik bolsa, borçnamany ýerine ýetirmegiň möhleti geçirilen diýlip hasap edilmeýär.

### 424-nji madda. Bergidaryň jogapkärçiligi

Bergidar möhletiň geçirilen wagtynyň dowamynda ýol beren islendik geleňsizligi üçin jogapkärçilik çekýär. Ol möhletiň geçirilen wagtynyň dowamynda borçnamanyň ýerine ýetirilmegi tötänleýin mümkin bolmadyk halatynda hem jogapkärçilik çekýär, ýöne borçnamanyň öz wagtynda ýerine ýetirilen halatynda hem zyýan ýeten ýagdaýlary muňa girmeýär.

### 425-nji madda. Göterimiň üstüne göterim goşmaga ýol bermezlik

1. Borçnamany ýerine ýetirmek möhletiniň geçirilen wagty üçin pul borçnamasynyň üstüne kanun bilen bellenilen möçberde göterim goşulýar. Eger kreditor beýleki hukuk esaslar boýunça has ýokary göterimleri talap edip bilýän bolsa, onda degişlilikde soňky göterimler goşulýar.

2. Möhletiň geçirilen wagty üçin göterimiň üstüne göterim goşmaga ýol berilmeýär.

**426-njy madda. Kreditoryň zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge hukugy**

Kreditor möhletiň geçirilmegi sebäpli dörän zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge hukuklydyr.

## §3. Ikitaraplaýyn şertnamalarda borçnamalaryň bozulmagy

**427-nji madda. Borçnamalar bozulanda goşmaça möhletiň bellenilmegi**

1. Eger şertnamanyň taraplarynyň biri ikitaraplaýyn şertnamadan gelip çykýan borçnamalary bozýan bolsa, beýleki tarap borçnamany ýerine ýetirmek üçin özüniň bellän goşmaça möhleti netijesiz geçenden soň şertnamadan ýüz dönderip biler. Eger borçnamanyň bozulmagynyň häsiýetinden ugur alnyp, goşmaça möhlet ulanylmaýan bolsa, duýduryş etmek goşmaça möhletiň bellenilmegine deňleşdirilýär. Eger borçnama bölekleýin bozulan bolsa, kreditor şertnamadan diňe borçnamanyň galan böleginiň ýerine ýetirilmeginiň özi üçin gyzyklanmany ýitiren halatynda ýüz dönderip biler.

2. Goşmaça möhlet bellemegiň ýa-da duýduryş etmegiň zerurlygy ýokdur, eger:

1) munuň islenýän netijeleri getirmejekdigi aýdyň bolsa;

2) borçnama şertnamada bellenilen möhletde ýerine ýetirilmedik bolsa we şertnama laýyklykda, kreditor gatnaşyklaryň dowam etdirilmegini öz wagtynda ýerine ýetirmek bilen baglanyşdyran bolsa;

3) aýratyn esaslar boýunça we iki tarapyň hem bähbitleri nazara alnyp, şertnamanyň haýal edilmän ýatyrylmagy özüni ödeýän bolsa.

3. Şertnamadan ýüz dönderilmegine ýol berilmeýär, eger:

1) borçnamanyň bozulmagy ujypsyz bolsa;

2) şu Kodeksiň 340-njy maddasynyň ikinji böleginiň talaplary bozulsa we muňa garamazdan, kreditordan şertnamany güýjünde galdyrmak talap edilip bilinjek bolsa;

3) borçnamanyň bozulmagy üçin kreditoryň özi doly ýa-da köpräk jogapkär bolsa;

4) bergidar tarapyndan eýýäm bildirilen ýa-da şertnamadan ýüz dönderilenden soň haýal etmän bildiriljek garşylyklaýyn talap bar bolsa.

4. Eger şertnamadan ýüz döndermek üçin esasyň ýüze çykjakdygy äşgär bolsa, kreditor borçnamany ýerine ýetirmek möhleti tamamlanmazyndan öň şertnamadan ýüz döndermäge ygtyýarlydyr.

5. Bergidar kreditora şertnamadan ýüz döndermek möhletini belläp biler. Eger kreditor şol möhletde bu hukugyndan peýdalanmasa, ol diňe özüniň bellän degişli möhleti netijesiz geçen halatynda ýa-da duýduryşdan soň şertnamadan ýüz dönderip biler.

**428-nji madda. Şertnamadan çykylanda zyýanyň öwezini dolmak**

1. Kreditor şertnamadan çykanda şertnamanyň ýerine ýetirilmezligi sebäpli

özüne ýeten zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap edip biler.

2. Eger şertnamadan çykmak üçin esas bergidaryň günäsi bilen ýüze çykmadyk bolsa, onda bu kada ulanylmaýar.

## IV BAP. ZYÝANYŇ ÖWEZINI DOLMAK BORJY

### 429-njy madda. Ilkibaşdaky ýagdaýy dikeltmek borjy

1. Zyýanyň öwezini dolmaga borçly şahs, eger zyýanyň öweziniň dolunmagyna borçly edýän ýagdaý ýüze çykmadyk halatynda dowam edip biljek ilkibaşdaky ýagdaýy dikeltmäge borçludyr.

2. Eger syna ýa-da saglyga şikes ýetirilmegi sebäpli jebir çeken işe ýarawlylygyny ýitiren ýa-da ol peselen ýa-da onuň zerurlyklary artýan bolsa, zyýanyň öwezi jebir çekene her aýda hak tölemek arkaly dolunmalydyr.

3. Jebir çeken bejergi almak boýunça çykdajylary öňünden talap etmäge hukuklydyr. Hünäre gaýtadan taýýarlyk zerur bolanda hem bu düzgün hereket edýär.

4. Jebir çeken, eger möhüm esaslar bar bolsa, özüni eklemegiň deregine öwezini doluş pulunyň berilmegini talap edip biler.

### 430-njy madda. Ilkibaşdaky ýagdaýy dikeltmegiň mümkin bolmazlygy

Eger ýeten zyýany ilkibaşdaky ýagdaýy dikeltmek arkaly öwezini dolmak mümkin bolmasa ýa-da munuň üçin has köp çykdajy zerur bolsa, kreditora pulda öwezini dolmak berlip bilner.

### 431-nji madda. Zyýanyň öwezini dolmak talabyndan deslapdan ýüz dönderilmegine ýol bermezlik

Borçnamanyň bozulmagy sebäpli ýeten zyýanyň öwezini dolmak talaby baradaky hukukdan deslapky ylalaşyga esaslanyp ýüz döndermek ýol berilmesizdir.

### 432-nji madda. Alynmadyk girdejiler

Zyýanyň öwezi diňe bir hakykat ýüzündäki emläk ýitgisi üçin däl-de, eýsem, alynmadyk girdeji üçin hem dolunmalydyr. Alynmadyk girdeji diýlip, şahsyň almadyk we borçnama talabalaýyk ýerine ýetirilende alyp biljek girdejisi hasap edilýär.

### 433-nji madda. Zyýany kesgitlemek

Öwezini dolmaga diňe bergidaryň öňünden çak edip biljek we zyýan ýetmegine getiren hereketiň gös-göni netijesinde ýüze çykan zyýan degişlidir.

### 434-nji madda. Öwezlik tölegini pulda tölemek

1. Emläkleýin däl zyýanyň öwezlik tölegini pulda tölemek diňe kanun bilen takyk bellenilen halatlarda talap edilip bilner.

2. Synasyna şikes ýeten, saglygyna zyýan ýeten, şonuň ýaly-da azatlykdan mahrum edilen halatlarda, jebir çeken emläkleýin däl zyýan üçin ýerlikli we adalatly öwezini pulda dolmagy talap edip biler.

**435-nji madda. Zyýanyň möçberini kesgitlemek**

Zyýanyň möçberi kesgitlenilende kreditoryň borçnamany talabalaýyk ýerine ýetirmek babatdaky bähbitleri hem nazara alynmalydyr. Zyýanyň möçberini kesgitlemek üçin şertnamanyň ýerine ýetirilýän ýeri we wagty nazara alynmalydyr.

**436-njy madda. Zyýanyň emele gelmeginde jebir çekeniň günäsi**

1. Eger zyýanyň emele gelmegine jebir çekeniň hereketleri hem ýardam eden bolsa, zyýanyň öwezini dolmak borjy we öwezi dolmagyň möçberi taraplaryň haýsy biriniň günäsi bilen zyýanyň köp möçberde getirilendigine baglydyr.

2. Bu kada jebir çekeniň günäsiniň zyýanyň öňüni almak ýa-da ony azaltmak üçin çäre görülmezliginde ýüze çykýan halatlarynda hem ulanylýar.

## V BAP. BORÇNAMALARYŇ ÝERINE ÝETIRILMEGINI ÜPJÜN ETMEGIŇ GOŞMAÇA SERIŞDELERI

**437-nji madda. Borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmegiň goşmaça serişdeleriniň görnüşleri**

Taraplar borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin şertnamada goşmaça serişdeleri: puşmana puly, öňünden pul bermek we bergidaryň kepillendirmesini göz öňünde tutup bilerler.

### §1. Puşmana puly

**438-nji madda. Düşünje**

1. Puşmana puly – munuň özi kanun ýa-da taraplaryň ylalaşygy bilen kesgitlenilen borçnamanyň ýerine ýetirilmändigi ýa-da talabalaýyk ýerine ýetirilmändigi üçin bergidaryň kreditora tölemäge borçly bolan pul möçberidir.

2. Puşmana puly hakyndaky kadalar öňünden pul bermekden gelip çykýan borçnamalaryň ýerine ýetirilmedik halatynda hem degişlilikde ulanylýar.

**439-njy madda. Puşmana puluny kesgitlemegiň görnüşi**

1. Şertnamanyň taraplary puşmana puluny erkin kesgitläp bilerler, şunda ol

mümkin bolan zyýandan artyk bolup biler.

2. Puşmana puly hakyndaky ylalaşyk ýazmaça görnüşde bolmagyny talap edýär.

**440-njy madda. Puşmana puluny tölemegi we borçnamany ýerine ýetirmegi bir wagtda talap etmäge ýol bermezlik**

1. Eger puşmana puly bergidaryň öz borçnamalaryny bellenilen wagtda ýerine ýetirmeýän halatlary üçin göz öňünde tutulmadyk bolsa, kreditor bir wagtda puşmana pulunyň tölenilmegini we borçnamanyň ýerine ýetirilmegini talap edip bilmez.

2. Kreditor zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge mydama hukuklydyr.

**441-nji madda. Puşmana pulunyň kazyýet tarapyndan azaldylmagy**

Kazyýet işiň ýagdaýlaryny nazara alyp, çakdanaşa ýokary puşmana puluny azaldyp biler.

**§2. Ujundan geçirilýän pul**

**442-nji madda. Düşünje**

Şertnamanyň baglaşylandygynyň faktyny tassyklamak üçin bir tarapyň beýleki tarapa beren pul möçberi ujundan geçirilýän pul diýlip hasap edilýär.

**443-nji madda. Ujundan geçirilýän puly tölegiň hasabyna goşmak**

Ujundan geçirilýän pul göz öňünde tutulan borçnamalaryň hasabyna goşulýar, eger goşulmasa, şertnama ýerine ýetirilenden soň, ol gaýtarylyp berilmelidir.

**444-nji madda. Ujundan geçirilýän puly zyýanyň öweziniň dolunmagynyň hasabyna goşmak**

1. Eger ujundan pul geçiren şahs öz üstüne ýüklenilen borçnamalary günäli bozýan bolsa, ujundan geçirilen pul ony alyjyda galýar. Şunda ujundan geçirilen pul zyýanyň öwezini dolmagyň hasabyna goşulýar.

2. Eger borçnama ujundan geçirilýän puly alyjynyň günäli hereketleri sebäpli ýerine ýetirilmedik bolsa, ol ujundan geçirilen puly iki esse möçberinde yzyna gaýtaryp bermelidir. Şunda ujundan pul geçiren şahs zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap edip biler.

**§3. Bergidaryň kepillendirmesi**

**445-nji madda. Düşünje**

Şertnamanyň närsesiniň çäklerinden çykýan haýsy-da bolsa bir hökmany

hereketi ýerine ýetirmäge bergidaryň borç edinmegine getirýän borçnama bergidaryň kepillendirmesi diýlip hasap edilýär.

**446-njy madda. Kepillendirmäniň hakykylygy**

Eger ol kanun bilen göz öňünde tutulan düzgünlere garşy gelmeýän ýa-da bergidary artyk borçlandyrmaýan bolsa, kepillendirme hakyky diýlip hasap edilýär.

**447-nji madda. Kepillendirmäniň görnüşi**

Kepillendirme ýazmaça görnüşde resmileşdirilmelidir.

## VI BAP. BORÇNAMALARYŇ BES EDILMEGI

### §1. Borçnamalaryň ýerine ýetirmek bilen bes edilmegi

**448-nji madda. Borçnamalaryň kreditoryň peýdasyna ýerine ýetirmek bilen bes edilmegi**

Borçnamalaýyn gatnaşyk borçnamany kreditoryň peýdasyna ýerine ýetirmek bilen bes edilýär (ýerine ýetirmek).

**449-njy madda. Borçnamanyň täzelenilmegi (nowasiýa) arkaly bes edilmegi**

Kreditoryň borçnamada göz öňünde tutulan ýerine ýetirişe derek başga borçnamanyň ýerine ýetirilmegini (nowasiýa) kabul edýän halatynda hem borçnamalaýyn gatnaşyklar bes edilýär.

**450-nji madda. Borçnamanyň ýerine ýetirilmegini kabul etmek**

1. Bergidaryň talap etmegi boýunça kreditor borçnamanyň ýerine ýetirilişini doly ýa-da bölekleýin kabul edýändigini tassyklaýan resminamany bermelidir.
2. Yzyna gaýtarylan berginiň kabul edilendigi hakynda düzülen resminamada göterimler hakynda maglumatlar bolmasa, onda ol göterimleriň tölenilendigini we pul gatnaşygynyň doly bes edilýändigini aňladýar.
3. Bergi wagtal-wagtal, bölekleýin tölenilýän halatynda, berginiň iň soňky böleginiň tölenilendigi hakyndaky resminama, eger başgaça bellenilmedik bolsa, berginiň şondan öňki böleginiň hem tölenilendigi barada çak etmäge esas berýär.

**451-nji madda. Bergini kabul etmek hakyndaky resminamanyň rekwizitleri**

Kreditor ýa-da oňa ygtyýarlandyrylan şahs tarapyndan düzülen ýerine ýetiriş hakynda resminamada berginiň möçberi we görnüşi, bergidaryň ýa-da bergini töleýän şahsyň familiýasy we ady, ýerine ýetirişiň wagty we ýeri hakyndaky maglumatlar

bolmalydyr.

**452-nji madda. Bergi hakyndaky resminamany talap etmek hukugy**

Eger talap barada bergi hakyndaky resminama berlen bolsa, onda bergidar ýerine ýetiriş hakyndaky resminama bilen birlikde şol bergi hakyndaky resminamanyň gaýtarylyp berilmegini ýa-da onuň ýatyrylmagyny talap edip biler. Eger kreditor bergi hakyndaky resminamany yzyna berip bilmese, onda bergidar borçnamanyň ýatyrylýandygyny resmi taýdan tassyklanylan güwänamany talap etmäge hukuklydyr.

**453-nji madda. Ýerine ýetiriş hakyndaky resminamany bermek boýunça çykdajylaryň öwezini dolmak**

1. Ýerine ýetiriş hakyndaky resminamany bermek boýunça çykdaýjylar, eger bergidar bilen kreditoryň arasyndaky ylalaşykdan başgaça gelip çykmaýan bolsa, bergidaryň üstüne ýüklenilýär.

2. Eger kreditor ýaşaýan ýerini üýtgetse ýa-da ölse, mirasdarlary bolsa başga ýerde ýaşaýan bolsa, onda ýerine ýetiriş hakyndaky resminamanyň berilmegi boýunça artan çykdajylar kreditoryň ýa-da onuň mirasdarlarynyň üstüne ýüklenilýär.

**454-nji madda. Kreditoryň öz borçlaryny ýerine ýetirmezligi sebäpli ýerine ýetirişden ýüz döndermek**

Eger kreditor ýerine ýetiriş hakyndaky resminamany bermekden, bergi hakyndaky resminamany gaýtaryp bermekden ýa-da berginiň üzlüşilendigini ykrar etmekden ýüz dönderýän bolsa, bergidar özüniň ýerine ýetirişinden ýüz döndermäge hukuklydyr. Şunuň ýaly halatda kreditor bellenilen möhleti geçiren diýlip hasap edilýär.

**§2. Borçnamanyň deponirlemek arkaly bes edilmegi**

**455-nji madda. Borçnamany deponirlemegiň mazmuny**

1. Eger kreditor ýerine ýetirişi kabul etmekde haýal-ýagallyk edýän ýa-da onuň bolýan ýeri näbelli bolsa, onda bergidar ýerine ýetirişiň närsesini saklamak üçin kazyýete ýa-da notariýata tabşyrmaga, puly ýa-da gymmatly kagyzlary bolsa, notariusyň depozit hasabyna geçirmäge hukuklydyr.

2. Deponirlemek netijesinde bergidar kreditoryň öňündäki borçnamasyndan boşadylýar.

**456-njy madda. Deponirlenilen emlägiň kreditora berilmegi**

Kazyýet ýa-da notarius deponirlenilen emlägi kreditora bermelidir. Kazyýet ýa-da notarius emlägi saklaýjyny seçip alýar, resminamalar bolsa olarda galýar.

**457-nji madda. Närsäniň deponirlenilmäge ýaramlylygy**

Närse saklamak üçin ýaramly bolmalydyr. Basym zaýalanýan närseler saklamak üçin kabul edilmeýär.

**458-nji madda. Närsäniň saklanylýan ýeri**

Närse ýerine ýetirişiň ýerinde saklanylmalydyr.

**459-njy madda. Kreditor tarapyndan närsäniň kabul edilmegine talap**

Kazyýet ýa-da notarius närsäniň saklamak üçin kabul edilendigini kreditora habar berýär we ondan närsäni kabul etmegini talap edýär.

**460-njy madda. Närsäni saklamak bilen bagly çykdajylaryň öweziniň dolunmagy**

Närsäni saklamak bilen bagly edilen ähli çykdajylar kreditoryň üstüne ýüklenilýär.

**461-nji madda. Bergidar tarapyndan saklamak üçin tabşyrylan närsäniň yzyna talap edip alynmagy**

1. Bergidar saklamak üçin tabşyrylan närsäniň kreditor tarapyndan kabul edilmezinden öň gaýtarylyp berilmegini talap etmäge hukuklydyr. Eger ol närsäniň gaýtaryp berilmegini talap edýän bolsa, onda närsäni saklamak amala aşyrylmady diýlip hasap edilýär.
2. Eger kreditor tabşyrylan närseden ýüz dönderýän bolsa ýa-da, eger şu Kodeksiň 462-nji maddasynda göz öňünde tutulan möhlet geçen bolsa, bergidar ony özüne gaýtaryp alyp biler.
3. Eger bergidar närsäni özüne gaýtaryp alýan bolsa, saklamak üçin edilen çykdajylar onuň üstüne ýüklenilýär.

**462-nji madda. Ýerine ýetirişiň närsesini saklamagyň möhleti**

Kazyýet ýa-da notarius närsäni bir ýyla çenli möhlet bilen saklaýar. Eger şol möhletiň dowamynda kreditor närsäni kabul etmese, onda saklamak üçin tabşyran närsesini özüne gaýtaryp almagyny talap etmek bilen bu hakda bergidara habar berilýär. Eger bergidar närsäni gaýtaryp almak üçin zerur bolan möhletiň dowamynda almasa, ol döwlet emlägi diýlip hasap edilýär.

### §3. Özara talaplary hasaba almak bilen borçnamanyň bes edilmegi

**463-nji madda. Borçnamalary hasaba almagyň mümkinçiligi**

1. Iki şahsyň arasyndaky özara talaplar, eger bu talaplary ýerine ýetirmegiň möhleti gelip ýeten bolsa, olary hasaba almak arkaly bes edilip bilner.

2. Talaplaryň biriniň ýerine ýetirilmeginiň möhleti entek gelmedik bolsa-da, ýöne bu talaba hukugy bolan tarap talabyň hasaba alynmagyny goldaýan bolsa, talaplary hasaba almak mümkindir. Talaplaryň hasaba alynmagy bu hakda beýleki tarapa habar bermek arkaly amala aşyrylýar.

**464-nji madda. Hasaba almak baradaky talabyň wagt möhleti**

Eger talap baradaky wagt möhleti geçmedik bolsa we talaby hasaba almak entek mümkin bolsa, talabyň wagt möhleti borçnamanyň hasaba alynmagyny aradan aýyrmaýar.

**465-nji madda. Hasaba alynýan talaplar**

Eger hasaba alynýan talaplar biri-biriniň üstüni dolulygyna ýapmaýan bolsa, diňe beýleki talabyň möçberinden az bolan möçberi hasaba alynýar.

**466-njy madda. Hasaba alynýan birnäçe talaplar**

1. Eger şertnamanyň hasaba goşmak barada habar berlen tarapynyň hasaba alynmaga degişli birnäçe talaplary bar bolsa, şu Kodeksiň 409-njy maddasynyň kadalary ulanylýar.

2. Eger şertnamanyň tarapyna beýleki tarapyň öňünde esasy borçnama bilen bir hatarda göterimleri we beýleki çykdajylary tölemek borjy ýüklenilýän bolsa, şu Kodeksiň 410-njy maddasynyň kadalary ulanylýar.

**467-nji madda. Borçnamalar dürli ýerlerde ýerine ýetirilende olary hasaba almak**

Borçnamalary ýerine ýetirmek üçin dürli ýerler göz öňünde tutulan halatynda hem borçnamalaryň hasaba alynmagyna ýol berilýär.

**468-nji madda. Borçnamalaryň hasaba alynmagyna ýol bermezlik**

Borçnamalaryň hasaba alynmagy ýol berilmesizdir, eger:

1) talaplary hasaba almaklyk öňünden ylalaşykda aradan aýrylan bolsa;

2) borçnamanyň närsesinden töleg tutmaly däl bolsa ýa-da borçnamanyň närsesi ýaşaýyş serişdesi bolup durýan bolsa;

3) borçnama saglyga şikes ýetmegi ýa-da ölüm sebäpli ýeten zyýanyň öweziniň dolunmagyny göz öňünde tutýan bolsa;

4) kanun bilen göz öňünde tutulan bolsa.

### §4. Berginiň geçilmegi bilen borçnamanyň bes edilmegi

**469-njy madda. Bergini geçmegiň şerti**

Borçnamanyň bes edilmegine getirýän bergiden geçilmegi taraplaryň ylalaşygy esasynda amala aşyrylyp bilner.

**470-nji madda. Berginiň geçilmeginiň beýleki raýdaş bergidarlar üçin netijeleri**

Raýdaş bergidarlardan biriniň bergisiniň geçilmegi beýleki raýdaş bergidarlary hem bergiden boşadýar, muňa kreditoryň olar baradaky talaby özünde galdyrýan halatlary girmeýär.

Şu ýagdaýda kreditor galan raýdaş bergidarlar babatda boşadylan bergidaryň paýyny aýyrmak bilen, diňe bir talaby ulanyp biler.

**471-nji madda. Esasy bergidaryň bergisiniň geçilmeginiň netijeleri**

1. Esasy bergidaryň bergisiniň geçilmegi zamun bolýanlary hem bergiden boşadýar.
2. Zamun bolýanyň bergini tölemekden boşadylmagy esasy bergidary borçnamany ýerine ýetirmekden boşatmaýar.
3. Zamun bolýanlaryň biriniň bergini tölemekden boşadylmagy beýleki zamun bolýanlary hem bergiden boşadýar.

**472-nji madda. Ikitaraplaýyn şertnama boýunça talaplardan ýüz döndermegiň netijeleri**

Ikitaraplaýyn şertnamanyň taraplarynyň biriniň öz talabyndan ýüz döndermegi borçnamanyň bes edilmegine getirmeýär. Ol beýleki tarap hem öz talabyndan ýüz dönderýänçä şertnama bilen göz öňünde tutulan özüniň borçnamalaryny ýerine ýetirmäge borçludyr.

### §5. Borçnamalaryň bes edilmeginiň gaýry esaslary

**473-nji madda. Bergidar we kreditor şol bir şahs bolanda borçnamalaryň bes edilmegi**

Eger bergidar we kreditor şol bir şahs bolanda, onda borçnamalaýyn gatnaşyklar bes edilýär.

**474-nji madda. Bergidaryň ölmegi sebäpli borçnamanyň bes edilmegi**

1. Eger bergidaryň şahsy özüniň gatnaşmadyk ýagdaýynda borçnamany ýerine ýetirmek mümkin bolmasa, onda bergidaryň ölmegi borçnamanyň bes edilmegine getirýär.

2. Eger borçnamany ýerine ýetirmek kreditoryň şahsy özi üçin niýetlenilen bolsa, onda kreditoryň ölmegi borçnamanyň bes edilmegine getirýär.

**475-nji madda. Ýuridik şahsyň ýatyrylmagy sebäpli borçnamanyň bes edilmegi**

Ýuridik şahsyň ýatyrylmagyny bellige almagyň tamamlanan pursadyndan başlap, onuň borçnamalary bes edilýär.

## VII BAP. TALABY BAŞGA BIRINE BERMEK

**476-njy madda. Mazmuny**

Kreditor tarapyndan talap onuň bilen baglaşylan şertnama boýunça başga şahsa (talaby başga birine bermek) berlip bilner. Şeýle şertnama baglaşylan pursadyndan ilkibaşdaky kreditor öz ornuny täze kreditora berýär.

**477-nji madda. Talabyň başga birine berilmegine ýol bermezlik**

1. Eger borçnama täze kreditor babatda onuň mazmunyny üýtgetmezden ýerine ýetirilip bilinmejek bolsa ýa-da eger bergidar bilen ylalaşyk boýunça talaby başga birine bermek aradan aýrylan bolsa, onda talaby başga birine berilmegine ýol berilmeýär.

2. Eger talapdan töleg töledilip alnyp bilinmejek bolsa, onda ol talabyň başga birine bermek bolmaýar.

**478-nji madda. Talap başga birine berlende üpjünçilik serişdeleriniň geçmegi**

1. Talabyň täze kreditora berilmegi bilen, oňa ipotekanyň talaby üpjün edýän girew hukuklary, şeýle hem bu talap boýunça bellenilen zamundan gelip çykýan hukuklar geçýär.

2. Başga birine berlen talap bilen baglylykda mejbury ýerine ýetiriş ýa-da bäsleşik önümçiliginde ileri tutup kanagatlandyrmaga bolan hukugy täze kreditor amala aşyryp biler.

**479-njy madda. Resminamalary we maglumaty bermek**

Ilkibaşdaky kreditor talap baradaky hukugy amala aşyrmak üçin zerur bolan maglumatlary täze kreditora habar bermäge, şonuň ýaly-da talaby tassyklamak üçin zerur bolan özüniň ygtyýaryndaky resminamalary bermäge borçludyr.

**480-nji madda. Talabyň başga birine berilmegini tassyklamak**

Ilkibaşdaky kreditor täze kreditora onuň talap bildirmegi boýunça talabyň başga birine berilýändigi hakynda resmi tertipde tassyklanylan resminamany bermäge borçludyr. Şunuň ýaly resminamany tassyklamak üçin edilýän çykdajylar täze kreditoryň üstüne ýüklenilýär.

**481-nji madda. Bergidaryň garşy bolmagy**

Bergidar talabyň başga birine berlen pursadynda ilkibaşdaky kreditoryň garşysyna özünde bar bolan garşylyklaryny we garşylyklaýyn talaplaryny täze kreditora bildirmäge hukuklydyr.

**482-nji madda. Talabyň başga birine berilmegini mälim etmek**

1. Talabyň başga birine berlendigi barada özüne habar berilýänçä, bergidar öz borçnamasyny ilkibaşdaky kreditoryň peýdasyna ýerine ýetirmäge hukuklydyr.
2. Eger kreditor öz talabyny başga birine berendigini bergidara mälim etse, onda ol bergidar babatda talabyň başga birine berilmeginiň hakykylygy barada, bu barada ol bergidara mälim edendigine garamazdan, eger hakykat ýüzünde talap başga birine berilmedik ýa-da hakyky däl bolsa-da, kreditoryň jedelleşmäge hukugy ýokdur.
3. Mälim edilen habar diňe täze kreditor hökmünde görkezilen adamyň razylygy bilen yzyna alnyp bilner.

**483-nji madda. Talabyň birnäçe gezek başgalara berilmegi**

Eger şol bir talaby bermek hakynda ilkibaşdaky kreditor birnäçe şahs bilen şertleşen bolsa, onda ilkibaşdaky kreditor olardan kim bilen beýlekilerden öň gatnaşyklary ýola goýan bolsa, şol bergidaryň öňünde ygtyýarly bolýar.

**484-nji madda. Talabyň kanun esasynda başga birine geçmegi**

Kanun ýa-da kazyýetiň çözgüdi esasynda, talabyň başga birine geçmegi babatda şu Kodeksiň 477-483-nji maddalarynda göz öňünde tutulan kadalar ulanylýar.

**485-nji madda. Gaýry hukuklaryň başga birine geçmegi**

Eger kanunda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda talaby başga birine bermek hakyndaky kadalar degişlilikde beýleki hukuklaryň başga birine berilmegi babatda hem ulanylýar.

## VIII BAP. BERGINIŇ BAŞGA BIRINE GEÇMEGI

**486-njy madda. Berginiň başga birine geçmegi**

Üçünji şahs kreditor bilen şertnama boýunça bergini ilkibaşdaky bergidaryň ornuny tutar ýaly özüne kabul edip biler.

**487-nji madda. Berginiň bergidaryň razylygy boýunça başga birine geçmegi**

1. Eger üçünji şahs bergidaryň razylygy boýunça bergini öz üstüne alýan bolsa, onda ylalaşygyň hakykylygy kreditoryň razylygyna baglydyr.
2. Eger kreditor razylykdan ýüz dönderse, onda bergi başga birine geçmedik diýlip hasap edilýär.

**488-nji madda. Bergini öz üstüne alan şahsyň garşy bolmagy**

1. Bergini öz üstüne alan şahs kreditoryň talabynyň garşysyna kreditor bilen ilkibaşdaky bergidaryň arasyndaky hukuk gatnaşyklaryna esaslandyrylan garşylygy bildirip biler. Şonuň ýaly şahs ilkibaşdaky bergidara degişli bolan talabyň hasap edilmegini talap edip bilmez.
2. Bergini öz üstüne alan şahs özi bilen ilkibaşdaky bergidaryň arasyndaky hukuk gatnaşygyna – berginiň başga birine geçmegine esas bolan hukuk gatnaşygyna esaslanyp, kreditoryň garşysyna garşylyk bildirip bilmez.

**489-njy madda. Zamunlygyň we girew hukuklarynyň ýatyrylmagy**

Bergi başga birine geçen halatynda onuň üpjün edilmegi üçin berlen ähli zamunlyklar we girew hukuklary ýatyrylýar.

## IX BAP. BORÇNAMADA KREDITORLARYŇ ÝA-DA BERGIDARLARYŇ KÖP SANLY BOLMAGY

### §1. Raýdaş kreditorlar

**490-njy madda. Raýdaş ygtyýarlyklar**

Eger birnäçe şahs talabyň ýerine ýetirilmegini talap etmäge ygtyýarly bolsa, şunda olaryň her biri talabyň doly ýerine ýetirilmegini talap edip bilýän bolsa, bergidaryň üstüne bolsa diňe bir gezeklik ýerine ýetiriş ýüklenýän bolsa, onda olar raýdaş ygtyýarly şahslar – raýdaş kreditorlar bolýarlar.

**491-nji madda. Raýdaş ygtyýarlygyň ýüze çykmagynyň esaslary**

Raýdaş ygtyýarlyk şertnama, kanuna ýa-da borçnamanyň närsesiniň bölünmeýänligine görä ýüze çykýar.

**492-nji madda. Islendik kreditoryň öňünde borçnamany ýerine ýetirmek**

Eger kreditoryň biri şu Kodeksiň 490-njy maddasynda görkezilen talap bilen bergidara hak islegini bildirmedik bolsa, bergidar öz garaýşy boýunça islendik kreditoryň öňünde borçnamany ýerine ýetirip biler.

**493-nji madda. Kreditorlardan biri üçin borçnamany ýerine ýetirmek**

Borçnamanyň bütinleý bir kreditor üçin ýerine ýetirilmegi bergidary beýleki kreditorlaryň öňündäki borçnamadan boşadýar.

**494-nji madda. Raýdaş kreditorlardan biriniň talapdan ýüz döndermeginiň netijeleri**

Eger raýdaş kreditorlardan biri bergidar babatdaky talapdan ýüz dönderse, onda bergidar bu kreditora degişli bolan bölegi tölemekden boşadylýar.

**495-nji madda. Beýleki kreditor bilen baglanyşykly faktlaryň ulanylmagyna ýol bermezlik**

Bergidar kreditorlardan biri babatda beýleki kreditor bilen baglanyşykly faktlary ulanyp bilmez.

**496-njy madda. Raýdaş kreditoryň mirasdarlarynyň hukuklary**

Eger raýdaş kreditoryň birnäçe mirasdary bar bolsa, onda olaryň her birine bergä bolan hukuk diňe onuň miras paýyna laýyk gelýän bölegi geçýär.

**497-nji madda. Raýdaş kreditoryň beýleki kreditorlaryň öňündäki borçlary**

1. Talabyň ýerine ýetirişini bergidardan doly alan raýdaş kreditor, galan kreditorlaryň özlerine degişli paýyny bermäge borçludyr.
2. Eger raýdaş kreditorlaryň arasynda başgaça bellenilmedik bolsa, olaryň öz aralarynda özara gatnaşyklarynda deň paýlary bardyr.

**§2. Raýdaş bergidarlar**

**498-nji madda. Raýdaş borçnamalar**

Eger borçnamany ýerine ýetirmek birnäçe şahsyň üstüne ýüklenilen bolsa, şunda olaryň her biri borçnamany doly ýerine ýetirmäge gatnaşmaly edilen bolsa, kreditoryň bolsa diňe bir gezeklik ýerine ýetirişi talap etmek hukugy bar bolsa, onda olar raýdaş bergidarlar (raýdaş borçnama) bolýarlar.

**499-njy madda. Raýdaş borçnamanyň ýüze çykmagy üçin esaslar**

Raýdaş borçnama şertnama, kanuna ýa-da borçnamanyň närsesiniň bölünmeýänligine görä ýüze çykýar.

**500-nji madda. Kreditoryň borçnamanyň ýerine ýetirilmegini islendik bergidardan talap etmek hukugy**

Kreditor öz garaýşy boýunça, islendik bergidardan borçnamanyň doly hem, bölekleýin hem ýerine ýetirilmegini talap edip biler. Borçnama doly ýerine ýetirilýänçä, beýleki bergidarlaryň borçnamalary güýjünde galýar.

**501-nji madda. Kreditor babatda raýdaş bergidaryň garşylykly talaby**

Raýdaş bergidar şertnamanyň düýp mazmunyndan gelip çykýan ýa-da olara diňe özüniň hukugy bolan, ýa-da raýdaş bergidarlaryň hemmesi üçin umumy bolan ähli garşylykly talaplary kreditora bildirmäge ygtyýarlydyr.

**502-nji madda. Bergidarlaryň biriniň borçnamany doly ýerine ýetirmeginiň netijeleri**

Bir bergidaryň borçnamany doly ýerine ýetirmegi galan bergidarlary borçnamany ýerine ýetirmekden boşadýar. Bergidaryň kreditoryň öňünde amala aşyran hasaba alynmagy babatda hem şu kadalar hereket edýär.

**503-nji madda. Beýleki raýdaş bergidar bilen baglanyşykly faktlaryň ulanylmagyna ýol bermezlik**

Eger borçnamanyň düýp mazmunyndan başgaça gelip çykmaýan bolsa, raýdaş bergidarlaryň biri bilen baglanyşykly faktlar diňe bu şahs babatda ulanylyp bilner.

**504-nji madda. Raýdaş bergidarlaryň biri babatda hak islegini bildirmek**

Bergidarlaryň biri babatda hak isleginiň bildirilmegi kreditory galan bergidarlar babatda hem hak islegini bildirmek hukugyndan mahrum etmeýär.

**505-nji madda. Borçnamanyň ýerine ýetirişini kabul etmegi bökdemegiň netijeleri**

1. Kreditor tarapyndan raýdaş bergidarlaryň birinden talaby ýerine ýetirişini kabul etmegi bökdemeginiň netijeleriniň galan raýdaş bergidarlar babatda hem güýji bardyr.

2. Raýdaş bergidarlaryň biriniň talaby ýerine ýetirmegiň möhletlerini berjaý

etmezliginiň netijeleri galan raýdaş bergidarlar babatda peýdalanylyp bilinmez.

**506-njy madda. Raýdaş bergidarlaryň mirasdarlarynyň borçlary**

Eger raýdaş bergidarlaryň biriniň birnäçe mirasdary bar bolsa, onda bu mirasdarlar özleriniň miras paýyna laýyklykda borçnamany ýerine ýetirmäge borçludyrlar. Eger talap bölünmeýän bolsa, onda bu düzgün ulanylmaýar.

**507-nji madda. Kreditoryň talabynyň raýdaş bergidarlaryň biriniň bergisi bilen birleşdirilmegi**

Eger kreditoryň talaby raýdaş bergidarlaryň biriniň bergisi bilen birleşdirilýän bolsa, onda galan bergidarlar babatda borçnama şol bergidaryň paýyna düşýän möçberde ýatyrylýar.

**508-nji madda. Bergidarlaryň biri borçnamany doly ýerine ýetirende regres tertibinde talap bildirmek hukugy**

1. Raýdaş borçnamany ýerine ýetiren bergidaryň galan bergidarlar babatda olaryň paýyna laýyklykda, eger şertnamada ýa-da kanunda başgaça bellenilmedik bolsa, öz paýyny aýyrmak bilen, olaryň paýyna laýyklykda regres tertibinde talap bildirmäge hukugy bardyr.

2. Eger bergidarlaryň jogapkärçiliginiň möçberini kesgitlemek mümkin bolmasa, onda olar birek-biregiň öňünde deň derejede jogapkärdirler.

**509-njy madda. Raýdaş bergidaryň bergini üzmäge ukypsyzlygynyň netijeleri**

Eger bergidarlaryň biri bergini üzmäge ukypsyz bolup çyksa, onda oňa düşýän paý bergini üzmäge ukyply galan bergidarlaryň arasynda deň paýlanylýar.

**510-njy madda. Raýdaş bergidar üçin öwezlik töleg**

Eger raýdaş borçnamadan diňe bir raýdaş bergidar peýda alan bolsa, onda şonuň ýaly peýdany almadyk raýdaş bergidar öz borçnamasynyň ýerine ýetirilmeginiň kanagatlandyrylmagyny talap edip biler.

**511-nji madda. Wagt möhletiniň tamamlanmagynyň netijeleri**

Raýdaş bergidarlaryň biri babatda wagt möhletiniň geçmegini togtatmagyň ýa-da ýatyrmagyň galan bergidarlar babatda güýji ýokdur.

## II BÖLÜM. BORÇNAMALARYŇ AÝRY-AÝRY GÖRNÜŞLERI

# I BAP. SATYN ALMAK-SATMAK. ALYŞ-ÇALYŞ

## §1. Umumy düzgünler

### 512-nji madda. Mazmuny

Satyn almak-satmak şertnamasy boýunça satyjy emlägi satyn alyjynyň eýeçiligine bermegi borç edinýär, satyn alyjy bolsa emlägi kabul etmegi we onuň üçin ylalaşylan bahasyny tölemegi borç edinýär.

### 513-nji madda. Şertnamanyň taraplarynyň esasy borçlary

1. Satyn almak-satmak şertnamasy boýunça satyjy emläge bolan eýeçilik hukugyny, onuň bilen baglanyşykly resminamalary we harydy satyn alyja bermäge borçludyr.
2. Satyn alyjy satyja ylalaşylan nyrhy tölemäge we satyn alan emlägini kabul etmäge borçludyr.
3. Eger şertnamada nyrh göni görkezilmedik bolsa, taraplar ony kesgitlemegiň serişdeleri barada ylalaşyp bilerler.

### 514-nji madda. Gozgalýan zady satmak bilen baglanyşykly çykdajylar

Zady satmak bilen baglanyşykly çykdajylar, hususan-da, çekmek, ölçemek we gaplamak boýunça çykdajylar satyjynyň üstüne ýüklenilýär, harydy almak we ony şertnamanyň baglaşylan ýerinden başga ýere ibermek bilen baglanyşykly çykdajylar bolsa, eger şertnama bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, alyjynyň üstüne ýüklenilýär.

### 515-nji madda. Gozgalmaýan zady satmak bilen baglanyşykly çykdajylar

Satyn almak-satmak şertnamasyny resmileşdirmek, eýeçilik hukugynyň berilmegini notarial tertipde tassyklamak, Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda bellige almak we munuň üçin zerur bolan resminamalary bermek boýunça çykdajylar gozgalmaýan emlägi satyn alyjynyň üstüne ýüklenilýär.

### 516-njy madda. Satyjynyň harydy ibermek boýunça borçlary

1. Eger satyjy harydy daşaýja şertnama boýunça berýän bolsa we bu haryt tapawutlanyş nyşanlary bilen, haýsydyr bir beýleki serişdeler bilen hem takyk bellenilmedik bolsa, satyjy harydyň ugradylandygy hakynda alyja habar bermelidir we ýüküň jikme-jik sanawyny oňa ibermelidir.
2. Eger harydy ugratmak satyjynyň üstüne ýüklenilen bolsa, ol harytlary şertleşilen ýerine eltmek üçin zerur bolan şertnamalary we şunuň ýaly daşamak üçin adaty şertleri baglaşmalydyr.

3. Eger satyjy haryt daşalanda ätiýaçlandyrmaga borçly däl bolsa, ol satyn alyjynyň haýyşy boýunça oňa şonuň ýaly ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak üçin zerur bolan ähli maglumaty bermäge borçludyr.

### 517-nji madda. Zadyň tötänden ýok bolmak ýa-da zaýalanmak töwekgelçiliginiň başga birine geçmegi

1. Eger taraplar bu barada başgaça ylalaşmadyk bolsalar, satylan zadyň berilmegi bilen bir wagtyň özünde zadyň tötänden ýok bolmak ýa-da zaýalanmak töwekgelçiligi satyn alyja geçýär.

2. Eger satyjy satyn alyjynyň haýyşy boýunça satylan zady şertnamada göz öňünde tutulanyndan başga ýere iberýän bolsa, onda zadyň tötänden ýok edilmegi ýa-da zaýalanmak töwekgelçiligi satyjynyň zady daşaýja ýa-da munuň ýerine ýetirilmegi üçin jogapkär şahsa beren pursadyndan satyn alyja geçýär.

### 518-nji madda. Harydyň kabul edilmegi

Eger satyn alyjy harydyň kabul edilendigine şaýatlyk edýän hereketi eden bolsa, haryt kabul edilen diýlip hasap edilýär.

### 519-njy madda. Şertnamadan ýüz döndermek üçin esaslar

1. Eger şertnama baglaşylandan soň beýleki tarapyň öz borçnamalarynyň ep-esli bölegini ýerine ýetirmejekdigi barada anyk howp bar bolsa, şertnamanyň islendik tarapy öz borçnamalaryny ýerine ýetirmekden ýüz dönderip biler.

2. Eger taraplaryň howpsuzlygy üpjün edilen bolsa, şertnamany ýerine ýetirmekden ýüz dönderilmegi ýol berilmesizdir.

### 520-nji madda. Harydy birnäçe şahsa satmak

Eger satyjy şol bir harydy birnäçe şahsa satan bolsa, öz eýeligine harydy birinji nobatda geçiren satyn alyjy ileri tutulýar, eger-de emläk olaryň birine-de berilmedik bolsa, şertnamany ilki baglaşan ileri tutulýar.

### 521-nji madda. Satylan harydy bölek-bölek ibermek

Eger taraplaryň biriniň satylan harydy bölek-bölekden ibermek boýunça diňe bir borçnamany ýerine ýetirmezligi sebäpli, soňraky ibermek borçnamasynyň hem ýerine ýetirilmejekdigine anyk howp dörän bolsa, beýleki tarap degişli wagt geçenden soň şertnamadan ýüz dönderip biler.

### 522-nji madda. Zady kemçiliksiz bermek borjy

Satyjy satyn alyja zady kemçiliksiz bermelidir.

### 523-nji madda. Kemçiliksiz zat

1. Eger zat şertleşilen hiline laýyk gelýän bolsa, ol kemçiliksiz hasap edilýär. Eger zadyň hili öňünden şertleşilmedik bolsa, eger ol şertnamada göz öňünde tutulyşy ýaly ýa-da adatda bolşy ýaly ulanmak üçin ýaramly bolsa, zadyň kemçiligi ýok diýlip hasap edilýär.

2. Eger satyjy zadyň diňe bir bölegini, düýbünden başga zady, az sanda berýän bolsa ýa-da zadyň bir böleginiň kemçiligi bar bolsa, kemçilige deňleşdirilýär, muňa kemçiligiň ýerine ýetirişe düýpli täsir etmeýän halatlary degişli däldir.

### 524-nji madda. Üçünji şahslaryň hukuklary bilen çäklendirilmedik närsäni satmak

1. Satyjy satan närsesini satyn alyja üçünji şahslaryň hukuklary bilen çäklendirilmedik ýagdaýda bermäge borçludyr.

2. Eger Döwlet ýer kadastr kitabynda hakykat ýüzünde ýok hukuk bellige alnan bolsa, üçünji şahslaryň hukuklary bilen çäklendirilene deňleşdirilýär.

### 525-nji madda. Kemçiligi bolan zat satylanda satyjynyň borçlary

1. Eger satylan zadyň kemçiligi bar bolsa, satyjy bu kemçiligi düzetmelidir ýa-da kysymdaş sypatlara dahylly bolsa, munuň üçin zerur bolan wagtda zady çalşyrmalydyr.

2. Kemçiligi düzetmek üçin zerur bolan çykdajylaryň, şol sanda daşamak, ýol çykdajylarynyň, işleri ýerine ýetirmegiň we materiallaryň bahasynyň öwezini dolmak satyjynyň üstüne ýüklenilýär.

3. Eger bu aşa köp çykdajylary talap edýän bolsa, satyjy zadyň kemçiligini düzetmekden, şeýle-de çalşyrmakdan hem ýüz dönderip biler.

4. Eger satyjy kemçiligi düzetmek maksady bilen, kemçiligi ýok zady satyn alyja berse, ol kemçiligi bar zady yzyna gaýtaryp bermegi satyn alyjydan talap edip biler.

### 526-njy madda. Satyn alyjynyň şertnamany ýatyrmaga bolan hukugy

1. Şu Kodeksiň 376-njy maddasyna laýyklykda, satyn alyjy zadyň kemçiligi bilen baglylykda şertnamanyň ýatyrylmagyny talap edip biler.

2. Satyjy satyn alyja onuň çeken çykdajylarynyň öwezini dolmalydyr.

### 527-nji madda. Nyrhy aşaklatmak talaby

Eger satyn alyjy zadyň kemçiligini düzetmegi ýa-da munuň üçin satyja berlen wagt geçenden soň zady täze zat bilen çalşyrmagy we şertnamany ýatyrmagy talap etmeýän bolsa, ol kemçiligi düzetmek üçin zerur bolan möçberlerde zadyň nyrhynyň

aşakladylmagyny talap edip biler. Şunda şertnama baglaşylan pursadynda dowam eden gymmat göz öňünde tutulýar.

### 528-nji madda. Harydy kabul etmekden ýüz döndermek hukugy

1. Eger satyjy harydy şertnamada göz önünde tutulandakydan az mukdarda beren bolsa, satyn alyjy harydy kabul etmekden ýüz döndermäge hukuklydyr. Eger satyn alyjy şonuň ýaly harydy kabul etse, ol harydyň gymmatyny gepleşilen nyrhyna barabarlykda töleýär.

2. Eger harydyň mukdary şertnamada göz öňünde tutulandakydan ýokary bolsa, onda satyn alyjy harydyň şol mukdaryny kabul edip biler we şertnamada gökezilen nyrhyna barabarlykda tölemäge ýa-da diňe şertnamada göz öňünde tutulan mukdaryny kabul etmäge, artykmajyny bolsa satyjynyň hasabyna gaýtaryp bermäge borçludyr.

### 529-njy madda. Satyn almak-satmak bilen baglanyşykly zyýanyň öwezini dolmagyň tertibi

Zadyň kemçiligi ýa-da şertnamada kesgitlenilen beýleki şertleriň bozulmagy sebäpli ýeten zyýanyň öwezi umumy kadalara laýyklykda dolunýar.

### 530-njy madda. Satyn alyjynyň kemçiligi bolan zady kabul etmegi

1. Eger satyn alyjy zady kabul edende zadyň kemçiligini bilse-de, ony kabul eden bolsa, satyn alyjyda zadyň kemçiligi bilen baglanyşykly talap bildirmek hukugy ýüze çykmaýar.

2. Eger satyn alyjy telekeçi bolsa, ol haýal etmän zady barlamaga borçludyr, şeýle edilmedik ýagdaýynda ol, eger kemçilik ýüze çykarylandan soň degişli möhletde ýa-da kemçiligiň bardygy özüne belli bolmaly möhletde satyja şikaýat bildirmese, zadyň kemçiligi bilen baglanyşykly talap bildirmek hukugyny ýitirýär.

3. Eger satyjy zadyň kemçiligi barada bilgeşleýin duýdurmadyk bolsa, ol şu maddada göz öňünde tutulan hukukdan peýdalanyp bilmez.

### 531-nji madda. Zadyň ýaramlylyk möhleti

Eger satyjy zadyň ýaramlylyk möhletini kesgitlese, zadyň şol möhletiň dowamynda ýüze çykarylan kemçiligi satyn alyja talap bildirmek hukugyny berýär diýlip düşünilýär.

### 532-nji madda. Satyjynyň jogapkärçiligini aradan aýyrmak

Kemçiligi bolan zat satylanda şertnama bilen jogapkärçilik çäklendirilip ýa-da aýrylyp bilner, emma şunuň ýaly ylalaşyk, eger satyjy zadyň kemçiligi barada bilgeşleýin duýdurmadyk bolsa, hakyky däldir.

**533-nji madda. Hukugyň ýa-da gaýry emlägiň başga birine geçmegi**

1. Zatlary satyn almagy-satmagy düzgünleşdirýän düzgünler hukuk ýa-da gaýry emläk satyn alnanda-satylanda hem ulanylýar.
2. Hukuk satylan ýagdaýynda satyjy bu hukugyň hakykylygyny esaslandyrmagy we ony bermek boýunça çykdajylary çekmegi borç edinýär.
3. Eger zada eýelik etmäge mümkinçilik berýän hukuk satylan bolsa, satyjy satyn alyja zady kemçiliksiz bermäge borçludyr.

**534-nji madda. Zadyň birnäçe gezek satylmagy**

Eger zat birnäçe gezek satylýan bolsa, borçnamany üpjün edýän hukuk her bir indiki satyn alyja geçirilýär. Satyn alyjy öz hukuklarynyň çäklerinde bu satyn almagyň we satmagyň hatarynda her bir satyja talap bildirip biler.

**535-nji madda. Zady bökdemek hukugy**

Eger satyn alyjy zady öz wagtynda kabul etmedik bolsa, satyjy zady saklamaga borçludyr we şeýle halatda, şol zady saklandygy üçin oňa öwezlik töleg tölenilýänçä, onuň zady özünde saklamaga hukugy bardyr.

**536-njy madda. Satyn alyjy tarapyndan zadyň yzyna gaýtarylmagy**

Eger satyn alyjy zady kabul eden, ýöne ony kanunalaýyk yzyna gaýtarmak isleýän bolsa, ol onuň saklanylmagy barada alada etmelidir; satyjy degişli çykdajylaryň öwezini dolýança, satyn alyjy zady özünde galdyrmaga hukuklydyr.

**537-nji madda. Zady saklamak boýunça çykdajylar**

Zady saklamaga borçly tarap, eger ol aşa köp çykdajylara getirmeýän bolsa, zady beýleki tarapyň hasabyna üçünji şahsyň ammarynda saklap biler.

**538-nji madda. Zady saklaýjynyň hukuklary**

1. Zady şu Kodeksiň 535-537-nji maddalarynda görkezilen kadalar boýunça saklaýan tarap, eger beýleki tarap zady kabul etmekde ýa-da saklamak boýunça çykdajylaryň öwezini dolmakda haýal-ýagallyk etse, degişli kadalary berjaý etmek bilen bu zady satyp biler; bu barada ol beýleki tarapa habar bermelidir.
2. Zady satýan tarap düşen puldan zady saklamak we satmak boýunça çykdajylara laýyk gelýän puly özünde galdyrmaga hukuklydyr, galan puly bolsa beýleki tarapa bermelidir.

**539-njy madda. Çalt zaýalanýan önümleri saklamagyň aýratynlyklary**

Eger şu Kodeksiň 535-nji we 536-njy maddalarynda göz öňünde tutulan halatlarda zat çalt zaýalanýan ýa-da onuň nyrhy gaçýan, ýa-da zady saklamak uly çykdajylar bilen baglanyşykly bolsa, zady saklamak üstüne ýüklenilen tarap ony şu Kodeksiň 538-nji maddasynda göz öňünde tutulan şertlerde satmaga borçludyr.

## §2. Tölegi gaýra goýmak bilen satyn almak-satmak

### 540-njy madda. Mazmuny

Tölegi gaýra goýmak bilen satyn alnanda-satylanda, satyjy zady onuň nyrhy tölenilmezden öň satyn alyja bermäge borçludyr. Satyn alyjy zadyň nyrhyny kesgitlenen wagtyň dowamynda bölek-bölekden töleýär.

### 541-nji madda. Tölegi gaýra goýmak bilen satyn almak-satmak şertnamasynyň görnüşi

1. Tölegi gaýra goýmak bilen satyn almak-satmak şertnamasy ýazmaça baglaşylmalydyr.
2. Şertnamada şular görkezilmelidir:
1) nagt tölenilmeli möçberleri;
2) jemi puluň bölek-bölekden tölenilmäge degişli möçberleri we tölegiň wagty;
3) hakyky ýyllyk göterimleriň möçberleri.
3. Satyjy resminamalaryň nusgasyny satyn alyja bermelidir.

### 542-nji madda. Şertnamanyň zat berlen pursadyndan başlap baglaşylandygynyň prezumpsiýasy

Eger şertnama şu Kodeksiň 541-nji maddasynyň talaplary berjaý edilmän baglaşylan bolsa, ol zadyň berlen pursadyndan baglaşylan diýlip hasap edilýär. Şunuň ýaly ýagdaýda satyn alyjy zadyň diňe nyrhyny göterimsiz tölemäge borçludyr.

### 543-nji madda. Borçnama ýerine ýetirilmedik ýagdaýyndaky ikitaraplaýyn restitusiýa

Eger satyjy satyn alyjynyň öz üstüne ýüklenilen borçlary ýerine ýetirmedik ýagdaýynda şertnamadan ýüz döndermek hukugyny özünde galdyrýan bolsa, onda şertnamadan ýüz dönderilende taraplaryň her biri şertnama boýunça alnanyň hemmesini beýleki tarapa gaýtaryp bermäge borçludyr. Muňa garşy gelýän ylalaşyk hakyky däldir.

## §3. Zady yzyna satyn almak

### 544-nji madda. Mazmuny

Eger satyn almak-satmak şertnamasy boýunça satyjy zady yzyna satyn almaga bolan hukugy barada şertleşen bolsa, onda haçan satyjy satyn alyja özüniň hukugyndan peýdalanmak isleýändigini mälim etse, zady yzyna satyn almak amala aşyryldy diýlip hasap edilýär. Şonuň ýaly mälim etmek üçin satyn almak-satmak şertnamasy üçin bellenilen görnüşi berjaý etmek talap edilmeýär.

**545-nji madda. Zady yzyna satyn almagyň nyrhy**

Zat yzyna ilkibaşdaky nyrhy boýunça satyn alynýar. Şunda harydy yzyna satýan şahs satyn alan närsesi babatda yzyna satyn alynýan pursadyna çenli eden çykdajylarynyň netijesinde närsäniň gymmatynyň artan möçberinde onuň eden çykdajylarynyň öwezini dolmagy talap etmäge hukuklydyr. Yzyna satyn alynýan zady enjamlaşdyran şahs, enjamy alyp biler.

**546-njy madda. Zat satyn alnanda-satylanda oňa degişli zatlaryň ykbaly**

Zady yzyna satýan şahs satyn alnan närsäni yzyna satyn almak hukugyny amala aşyrýana oňa degişli zatlary bilen bilelikde gaýtaryp bermäge borçludyr.

**547-nji madda. Zadyň yzyna satyn alynmagyndan öň ýüze çykan zyýanyň öwezini dolmak**

Eger zady yzyna satýan şahs zady yzyna satyn almak hukugyň amala aşyrylmagyndan öň, öz günäsi bilen zadyň ýaramazlaşmagyna, ýok bolmagyna ýol berse ýa-da gaýry sebäplere görä satyn alnan närsäni bermäge mümkinçiligi aradan aýyrsa ýa-da şol närsäni düýpli üýtgetse, onda ol şu sebäpli ýüze çykan zyýan üçin jogapkärçilik çekýär.

**548-nji madda. Yzyna satyn alynmazyndan öň zada ygtyýar etmegiň hakyky däldigi**

Eger zady gaýtadan yzyna satýan şahs zady yzyna satyn almak hukugyň amala aşyrylmagyndan öň, satyn alan närsesine ygtyýarlyk eden bolsa, onda ol şonuň netijesinde ýüze çykan üçünji şahslaryň hukuklaryny aýyrmaga borçludyr.

**549-njy madda. Zady yzyna satyn almagyň wagt möhleti**

Zady yzyna satyn almagyň möhleti bäş ýyldan ýokary bolup bilmez. Bu möhletiň uzaldylmagy ýol berilmesizdir.

## §4. Opsion

**550-nji madda. Opsion**

Taraplar satyn alyjynyň kesgitli wagta ýa-da kesgitli waka çenli ol ýa-da beýleki närsäni edinmäge birtaraplaýyn hukugynyň bardygy (satyn alyş opsiony) barada ýa-da şol şertlerde satyjynyň närsäni satyn alyja satmak hukugynyň bardygy (satmak opsiony) barada ylalaşyp bilerler. Eger taraplar başgaça ylalaşmadyk bolsalar, opsiýa hakyndaky şertnamalar babatda satyn almak-satmak hakyndaky kadalar ulanylýar.

## §5. Zady satyn almakda artykmaçlyk hukugy

### 551-nji madda. Mazmuny

1. Eger borçly şahs üçünji şahs bilen satyn almak-satmak şertnamasyny baglaşsa, zat satyn almakda artykmaçlyk hukugy bolan şahs bu hukugy amala aşyryp biler.
2. Eger başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, zat satyn almakda artykmaçlyk hukugy başga şahslara berilmeýär we miras boýunça geçmeýär.

### 552-nji madda. Zadyň satylmagyna garaşylýandygy barada habar bermek borjy

1. Borçly şahs üçünji şahs bilen baglaşmakçy bolýan şertnamasynyň mazmuny barada satyn almaga artykmaçlyk hukugyň eýesine haýal etmän habar bermelidir.
2. Satyn almaga artykmaçlyk hukugy borçly şahsa habar bermek arkaly amala aşyrylýar. Satyn almak-satmak şertnamasy borçly şahsyň üçünji şahsa teklip edýän şertleri esasynda ygtyýarly şahs bilen borçly şahsyň arasynda habar bermek arkaly baglaşylýar.
3. Satyn almakda artykmaçlyk hukugyň eýesi bu hukugy diňe borçly şahs tarapyndan bellenilen möhletiň dowamynda amala aşyryp biler.

### 553-nji madda. Satyn almakda artykmaçlyk hukugyň ulanylmazlygy hakyndaky ylalaşygyň hakyky däldigi

Borçly şahs bilen üçünji şahsyň arasynda dowam edýän ylalaşyk, eger munuň bilen satyn almak-satmak şertnamasy zat satyn almakda artykmaçlyk hukugyň ulanylmazlygyna bagly edilýän bolsa ýa-da eger borçly şahs zat satyn almakda artykmaçlyk hukugy ulanylanda şertnamadan ýüz döndermäge hukukly bolsa, şol ylalaşyk hakyky däldir.

### 554-nji madda. Goşmaça borçnamalary ýerine ýetirmek

1. Eger üçünji şahs satyn almakda artykmaçlyk hukugyň eýesiniň ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bolmadyk goşmaça borçnamany şertnama boýunça öz üstüne alan bolsa, şol hukugyň eýesi goşmaça borçnamanyň deregine onuň gymmatyny tölemelidir.

2. Eger goşmaça borçnama pulda baha kesmek mümkin bolmasa, onda zat satyn almakda artykmaçlyk hukugyndan peýdalanylmagyna ýol berilmeýär; eger şertnama satyn almakda artykmaçlyk hukugy aradan aýyrmak maksady bilen baglaşylan bolsa, goşmaça borçnama hakyndaky ylalaşyk güýjüni ýitirýär.

**555-nji madda. Zady makullamak şerti bilen satyn almak-satmak**

Eger satyn alyjy ylalaşylan möhletde zady zaýa hasap etmese, satyn almak-satmak şertnamasy zady makullamak şerti bilen baglaşylyp bilner. Eger zat zaýa hasap edilse, taraplar şertnama boýunça alnany birek-birege gaýtaryp bermäge borçludyrlar.

**§6. Alyş-çalyş**

**556-njy madda. Düşünje**

Alyş-çalyş şertnamasy diýlende, taraplaryň arasynda bir emlägiň başga bir emläk bilen çalşyrylmagyna düşünilýär.

**557-nji madda. Mazmuny**

1. Emläge bolan eýeçilik hukugyny birek-birege bermek alyş-çalyş şertnamasynyň taraplarynyň üstüne ýüklenilýär.
2. Şertnamadaky taraplaryň her biri özüniň çalyşýan emläginiň satyjysy, oňa derek alýan zadynyň satyn alyjysy diýlip hasap edilýär.

**558-nji madda. Alyş-çalyş edilýän emlägiň gymmatynyň deň bolmazlygy**

Eger alyş-çalyş edilýän emläk gymmaty boýunça deň bolmasa, taraplaryň ylalaşmagy boýunça emlägiň bir bölegi pul bilen dolunyp bilner.

**559-njy madda. Alyş-çalşa ulanylýan düzgünler**

Alyş-çalyş şertnamasy babatda satyn almak-satmak baradaky şertnamanyň degişli düzgünleri ulanylýar.

**II BAP. SOWGAT ETMEK**

**560-njy madda. Mazmuny**

Sowgat etmek şertnamasy boýunça sowgat ediji sowgat berilýäniň razylygy bilen emlägi onuň eýeçiligine tölegsiz berýär.

**561-nji madda. Sowgat etmek şertnamasyny baglaşmak. Sowgady wada**

**bermek**

1. Sowgat etmek şertnamasy emlägiň berlen pursadyndan baglaşylan diýlip hasap edilýär.
2. Eger sowgat etmegiň närsesi bolan emläge hukuk diňe kanun bilen bellenilen görnüş berjaý edilende ýüze çykýan bolsa, sowgat etmek şertnamasy üçin bu görnüşi berjaý etmek hökmandyr.
3. Eger wada notarial tertipde tassyklanylan ýagdaýynda sowgady wada bermek sowgat etmek borçnamasyny döredýär.

**562-nji madda. Sowgat etmäge ýol bermezlik**

Eger emlägiň sowgat berilmegi sowgat edijiniň eklenjindäki şahslary ykdysady taýdan agyr ýagdaýa salýan bolsa, ol şahs emlägi sowgat etmäge hukukly däldir.

**563-nji madda. Sowgat edilen emlägiň kemçiligi**

Eger sowgat ediji sowgat edilen emlägiň kemçiligini bet niýet bilen ýaşyrsa, ol şunuň bilen baglylykda sowgat berilýäne ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

**564-nji madda. Bagyş etme**

1. Taraplar sowgat etmek şertnamasynyň hakyky bolmagynyň ol ýa-da beýleki şertiň ýerine ýetirilmegine ýa-da kesgitlenilen maksada ýetilmegine baglydygyny belläp bilerler. Bu maksat umumy peýda hem hyzmat edip biler (bagyş etme).
2. Sowgat edijiden başga-da, bähbidi üçin şert goýlan her bir şahs şertiň ýerine ýetirilmegini talap edip biler.
3. Eger sowgat berilýän şahs şerti ýerine ýetirmese, sowgat ediji şertnamadan ýüz dönderip biler.

**565-nji madda. Sowgat berilýäniň gadyr bilmezligi sebäpli sowgat etmegi ýatyrmak**

1. Eger sowgat ediji ýa-da onuň ýakyn garyndaşlary babatda sowgat berilýän gadyr bilmezlik görkezse, sowgat etmek ýatyrylyp bilner.
2. Eger sowgat etmek kanunalaýyklykda ýatyrylan bolsa, sowgat ediji tarapyndan sowgat edilen emläk yzyna talap edilip alnyp bilner.
3. Sowgat etmegi ýatyrmaga hukuk berýän ýagdaý sowgat edijä mälim bolan wagtyndan soň bir ýylyň dowamynda sowgat etmek ýatyrylyp bilner.

**566-njy madda. Sowgat edilen zady yzyna talap edip almak**

1. Eger sowgat edilenden soň sowgat ediji agyr ýagdaýa düşse we ol özüni we

özüniň eklenjindäki şahslary ekläp bilmese, eger bu zat hakykat ýüzünde bar bolsa, ol sowgat berlen zady sowgady alandan yzyna talap edip almaga hukuklydyr.

2. Eger sowgat ediji özüniň niýeti ýa-da gödek seresapsyzlygy sebäpli mätäçlik çekýän bolsa, zadyň yzyna talap edilip alynmagyna ýol berilmeýär.

## III BAP. HAÝYR-SAHAWAT

### 567-nji madda. Düşünje

Haýyr-sahawat fiziki we ýuridik şahslar tarapyndan haýyr-sahawat bagyş etmeleri görnüşinde haýyr-sahawaty kabul edijilere durmuş we gaýry goldawlary bermek maksady bilen meýletin amala aşyrylýan işdir. Haýyr-sahawatçy haýyr-sahawat işini öz adyndan ýa-da ynanylan wekilleriniň üsti bilen amala aşyrmaga hukuklydyr.

### 568-nji madda. Haýyr-sahawat şertnamasynyň görnüşi

Haýyr-sahawatçy bilen haýyr-sahawaty kabul edijiniň arasynda şertnama (ylalaşyk) dilden ýa-da ýazmaça görnüşde baglaşylýar. Eger şertnamada çykdajylarynyň öweziniň dolunmagy boýunça şertler (ýaşaýyş jaýynyň kireýine alynmagy, ulag çykdajylary, iýmitlenmek) göz öňünde tutulan bolsa, ol ýazmaça görnüşde baglaşylmalydyr.

### 569-njy madda. Haýyr-sahawat şertnamasynyň mazmuny

Haýyr-sahawat işiniň amala aşyrylmagy hakynda şertnamanyň mazmuny haýyr-sahawatçy we haýyr-sahawaty kabul ediji tarapyndan olaryň özara ylalaşygy boýunça kesgitlenilýär.

## IV BAP. EMLÄGI KIREÝINE BERMEK

### 570-nji madda. Mazmuny

Emlägi kireýine bermek şertnamasy boýunça emlägi kireýine beriji kireýine alyja emlägi kesgitli wagta bermäge borçludyr. Kireýine alyjy kireýine berijä şertleşilen kireý tölegini tölemäge borçludyr.

### 571-nji madda. Kireýine berilýän zady abat ýagdaýda bermek

Kireýine beriji kireýine alnan zady şertnamada göz öňünde tutulyşy ýaly peýdalanmak üçin ýaramly ýagdaýda kireýine alyja bermäge we kireýine alnan ähli wagtyň dowamynda zadyň şol ýagdaýyny saklamaga borçludyr.

### 572-nji madda. Zady kemçiliksiz bermek borjy

Kireýine beriji kireýine alyja zady kemçiliksiz bermelidir.

### 573-nji madda. Üçünji şahslaryň hukuklary bilen çäklendirilmedik zady bermek

Kireýine beriji üçünji şahslaryň hukuklary bilen çäklendirilmedik zady kireýine alyja kireýine bermäge borçludyr.

### 574-nji madda. Kemçiliksiz zat

Eger kireýine berlen emläk şertleşilen häsiýetlere eýe bolsa, ol kemçiliksizdir. Eger bu häsiýetler şertleşilmedik bolsa, kireýine berlen emläk, eger ol şertnamada göz öňünde tutulan iş üçin ýa-da adatça ulanmak üçin ýaramly bolsa, kemçiliksiz diýlip ykrar edilýär.

### 575-nji madda. Zadyň kemçiligi bilen baglylykda kireý hakyny azaltmak

1. Eger kireýine berlen zadyň kemçiligi bar bolsa, kireýine berijä kireý haky emlägiň ýaramlylygy näçe kemelen bolsa, şonça-da azaldylýar; kemçilik düzedilende bu hukuk güýjüni ýitirýär. Ujypsyz kemçilik nazara alynmaýar.

2. Kireýine alyjynyň bähbitleriniň zyýanyna baglaşylan ýaşaýyş jaýyny kireýine bermek şertnamasy hakyky däldir.

### 576-njy madda. Zadyň kemçiligi sebäpli ýüze çykan zyýanyň öweziniň dolunmagy

1. Eger emlägiň ýaramlylygyny kemeldýän kemçilik şertnama baglaşylan pursadynda bar bolsa ýa-da kireýine berijiniň jogapkärçilik çekýän ýagdaýlary bilen baglanyşykly soňra ýüze çyksa ýa-da eger kireýine beriji kemçiligi düzetmekde haýal-ýagallyk etse, şunda kireýine alyjy kireý hakynyň azaldylmagyny talap etmek hukugyny ýitirmezden zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap edip biler.

2. Eger kireýine beriji kemçiligi düzetmekde haýal-ýagallyk etse, kireýine alyjynyň özi ony düzedip we çykdajylaryň öweziniň dolunmagyny talap edip biler.

### 577-nji madda. Zadyň kemçiligi barada nägilelik bildirmezligiň netijeleri

Eger şertnama baglaşylan pursadynda kireýine alyja emlägiň kemçiligi belli bolsa we ol bu barada nägilelik bildirmedik bolsa, kireýine alyjyda şu Kodeksiň 575-nji maddasynda göz öňünde tutulan hukuklar ýüze çykmaýar.

### 578-nji madda. Jogapkärçilikden boşatmak baradaky ylalaşygyň hakyky däldigi

Eger kireýine beriji kemçilikleri bilgeşleýin ýaşyran bolsa, kireýine berlen emlägiň kemçilikleri üçin kireýine berijiniň jogapkärçiligini aradan aýyrýan ýa-da çäklendirýän ylalaşyk hakyky däldir.

### 579-njy madda. Jaý kireýine berlende täsir etmäge ýol bermek borjy

Jaýy kireýine alyjy kireýiň närsesi babatda otagy ýa-da jaýy talabalaýyk saklamak üçin zerur bolan çärelere ýol bermelidir. Eger ol mümkin bolsa, kireýine beriji bu çäreler barada kireýine alyjyny habarly etmelidir we zerur bolmadyk çäreleriň geçirilmegine ýol bermeli däldir.

### 580-nji madda. Şertnamadan ýüz döndermek

1. Eger kireýine alnan jaý kireýine alyja tutuşlygyna ýa-da bölekleýin öz wagtynda berilmese ýa-da soňra ol peýdalanmak hukugyndan mahrum edilse, kireýine alyjy şertnamany ýatyrmak üçin göz öňünde tutulan möhleti berjaý etmezden, şertnamadan ýüz dönderip biler. Şertnamadan ýüz dönderilmegine diňe kireýine beriji kireýine alyjynyň bellän möhletinde jaýy peýdalanmaga päsgel berýän ýagdaýlary düzetmedik halatynda ýol berilýär.

2. Eger şertnamadan ýüz döndermek üçin esas bolýan ýagdaýlar sebäpli kireýine alyjy bu şertnama bolan gyzyklanmasyny ýitiren bolsa, onda möhlet bellemek zerurlygy aradan aýrylýar.

3. Ýaşaýyş jaýyny kireýine almakda şertnamany ýatyrmak ýa-da çäklendirmek hukugyny aradan aýyrýan ylalaşyk hakyky däldir.

### 581-nji madda. Ýaşaýyş jaý şertnamasynyň kireýine alyjy tarapyndan ýatyrylmagy

Eger ýaşaýyş jaýy ýa-da onda adamlaryň ýaşamagy üçin niýetlenilen gaýry jaý olaryň saglygyna düýpli howp döredýän ýagdaýda bolsa, kireýine alyjy kireýine almak şertnamasyny möhletleri berjaý etmezden ýatyryp biler. Eger ol şertnama baglaşylan wagtynda howpuň bardygyny bilen ýa-da bu barada nägilelik bildirmedik halatynda hem kireýine alyjy bu hukuga eýedir.

### 582-nji madda. Kireýine alnan zadyň kemçiligi ýüze çykarylanda kireýine alyjynyň borçlary

Eger kireýine berlen emläkde kemçilik tapylsa ýa-da emlägi garaşylmadyk howpdan goramak üçin çäre görmek zerurlygy ýüze çyksa, kireýine alyjy bu barada kireýine berijä haýal etmän habar bermelidir. Şunuň ýaly düzgün, eger emläge üçünji şahs özüniň hukuklaryny bildiren halatlarynda hem ulanylýar.

### 583-nji madda. Kireýine alnan emläk babatda hukuk borçlary

Kireýine berlen emläk babatda bar bolan hukuk borçlary kireýine berijiniň üstüne ýüklenilýär.

**584-nji madda. Kireýine berijiniň borçlary**

1. Kireýine beriji kireýine alyja zady bilen baglanyşykly zerur bolan çykdajylaryň öwezini dolmaga borçludyr.
2. Gaýry çykdajylaryň öwezini dolmak borjy keseki işleri zamunsyz ýöretmek hakyndaky düzgünlere laýyklykda kesgitlenilýär.

**585-nji madda. Kireýine alyjynyň kireýine alnan zady enjamlaşdyran zatlaryna bolan hukuklary**

1. Kireýine alyjy özüne kireýine berlen emlägi näme bilen enjamlaşdyran bolsa, özünde galdyrmaga ygtyýarlydyr.
2. Ýaşaýyş jaýyny kireýine beriji şu maddanyň birinji böleginde görkezilen hukugy amala aşyrmagy degişli öwezini doluş tölegi bilen çalşyryp biler, muňa kireýine alyjynyň esasly sebäplerden ugur alyp, kireýine beriji bilen ylalaşmaýan halatlary girmeýär.

**586-njy madda. Zadyň kadaly könelmegi üçin jogapkärçilik**

Şertnamada göz öňünde tutulyşy ýaly peýdalanylmagy netijesinde kireýine berlen zadyň üýtgemegi ýa-da ýaramazlaşmagy üçin kireýine alyjy jogapkärçilik çekmeýär.

**587-nji madda. Ýeňil abatlamak boýunça çykdajylar**

1. Ýeňil abatlamagy geçirmek adatça kireýine alyjynyň üstüne ýüklenilýär. Kireýine berijiniň razylygy bolmazdan, onuň ýaşaýyş jaýyny üýtgetmäge ýa-da durkuny täzelemäge hukugy ýokdur.
2. Kireýine alyjy işleri öz hasabyna ýerine ýetirmäge borçludyr.
3. Kireýine beriji şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan borçlaryň kireýine alyjy tarapyndan ýerine ýetirilmezligi bilen dörän zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap edip biler.

**588-nji madda. Kireýine berijiniň kireýine berlen zady üçünji şahsa kireýine bermäge razylygy**

Kireýine berijiniň razylygy bolmazdan, kireýine alyjy kireýine alnan zady üçünji şahsa bermäge hukukly däldir. Kireýine alyjynyň maşgala agzalary üçünji şahs diýlip ykrar edilmeýär.

**589-njy madda. Kireýine berijiniň kireýine alnan zady üçünji şahsa**

**kireýine bermekden ýüz döndermegine ýol bermezlik**

Eger esasy sebäplerden ugur alyp, kireýine alyjy özüniň kireýine alýan ýaşaýyş jaýyny bölekleýin ýa-da tutuşlygyna üçünji şahsa bermek isleýän bolsa, kireýine beriji ýaşaýyş jaýyny üçünji şahsa kireýine bermekden ýüz dönderip bilmez. Eger üçünji şahsyň şahsyýeti ýüz döndermek üçin düýpli esas berýän bolsa, ýaşaýyş jaýyna artykmaç agram salynýan bolsa ýa-da başga sebäplere görä üçünji şahsa kireýine bermek kireýine beriji üçin kabul ederliksiz bolsa, bu düzgün ulanylmaýar.

**590-njy madda. Kireýine bermek gatnaşyklary tamamlananda zady üçünji şahsa kireýine bermegiň ykbaly**

Eger kireýine alnan zady üçünji şahsa kireýine bermegiň maksady şertnamany ýatyrmak kepillendirmelerini aradan aýyrmak bolsa, kireýine bermek gatnaşyklary tamamlanandan soň, kireýine beriji kireýine alyjy bilen üçünji şahsyň arasynda dowam eden hukuklary we borçlary öz üstüne alýar.

**591-nji madda. Kireýine bermek gatnaşyklaryny üpjün etmegiň möçberleri**

1. Eger ýaşaýyş jaýyny kireýine bermek şertnamasynda borçnamanyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek kireýine alyjynyň üstüne ýüklenilýän bolsa, üpjün etmeli puluň jemi kireý hakynyň möçberiniň üç essesinden ýokary bolmaly däldir. Eger puluň jemi öňünden tölenilmeli bolsa, kireýine alyjy bu puly her aýda deň bölekler bilen üç aýyň dowamynda tölemäge ygtyýarlydyr.
2. Öňünden tölenilen üpjünçilige kanunda bellenilen göterimler goşulmalydyr we kireýine bermek gatnaşyklary tamamlanandan soň, ol göterimler bilen birlikde kireýine alyja gaýtarylyp berilýär.
3. Kireýine alyjynyň zyýanyna baglaşylan gaýry ylalaşyk hakyky däldir.

**592-nji madda. Kireý hakyny tölemegiň tertibi**

1. Kireý haky kireýine bermek şertnamasynyň möhleti tamamlanandan soň tölenilmelidir. Eger kireý haky wagtal-wagtal tölenilmeli edilen bolsa, ol her wagt böleginiň tamamlanmagy boýunça tölenilmelidir.
2. Goşmaça çykdajylary tölemek diňe, eger bu barada taraplaryň arasynda ylalaşyk bar bolan ýagdaýynda hökmanydyr.

**593-nji madda. Kireýine alyjynyň günäsi bilen kireý hakynyň tölenilmezliginiň netijeleri**

Eger kireýine alyjyda öz günäsi bilen peýdalanmak üçin päsgelçilikler ýüze çykýan bolsa, ol kireý hakyny tölemekden boşadylmaýar.

**594-nji madda. Ýaşaýyş jaýyny kireýine alyjynyň başlangyjy boýunça**

**şertnamany möhletinden öň ýatyrmak**

Ýaşaýyş jaýyny kireýine alyjy, eger ol kireýine bermek şertnamasyny möhletinden öň ýatyrýandygyny kireýine berijä azyndan bir aý öňünden duýdursa we kireýine bermegiň galan möhletiniň dowamynda kireýine alyjy bolmaga razy bolan, töleg tölemäge ukyply we kabul ederlikli kireýine alyjyny hödürlese, kireýine bermek şertnamasyny möhletinden öň ýatyrmaga ygtyýarlydyr.

**595-nji madda. Kireýine alyjynyň kireýine berijiniň talaplaryna garşy talaplary**

Eger kireý haky baradaky talaplaryň garşysyna kireýine alyjynyň kireý hakyny tutup galmak hukugy ýa-da kireýine bermek gatnaşyklaryndan gelip çykýan başga bir talaby hasaba goşmak hukugy bar bolsa, kireýine alyjy şertnamada haýsydyr-bir başga zat göz öňünde tutulan halatlarynda hem, eger ol bu barada kireýine berijä öňünden duýduran bolsa, şol hukuklardan peýdalanyp biler.

**596-njy madda. Kireýine berijiniň başlangyjy boýunça şertnamany ýatyrmak**

Eger kireýine berijiniň duýduryşyna garamazdan, kireýine alyjy kireýine alnan zady ep-esli derejede zaýalaýan bolsa ýa-da şonuň ýaly zaýalamak üçin hakyky howpy döredýän bolsa, kireýine beriji şertnamany möhletinden öň ýatyryp biler.

**597-nji madda. Kireý hakynyň tölenilmezligi sebäpli şertnamany ýatyrmak**

Eger kireýine alyjy üç aýlap kireý hakyny tölemedik bolsa, kireýine beriji şertnamany möhletinden öň ýatyryp biler.

**598-nji madda. Kireýine bermek gatnaşyklarynyň möhletiniň tamamlanmagy bilen bes edilmegi**

1. Kireýine bermek gatnaşyklary şertnamanyň möhletiniň tamamlanmagy boýunça bes edilýär.
2. Eger kireýine alyjy möhlet tamamlanandan soň hem emläkden peýdalanýan bolsa, kireýine beriji bu barada jedelleşmeýän bolsa, şertnama kesgitlenmedik möhlete uzaldylýar.
3. Eger kireýine bermek şertnamasynyň möhleti kesgitlenilmedik bolsa, kireýine bermek gatnaşyklary şertnamanyň ýatyrylmagy hakynda beýan etmek bilen bes edilýär.

**599-njy madda. Kireýine bermek şertnamasyny kesgitlenmedik möhlete uzaltmagy talap etmek hukugy**

Eger ýaşaýyş jaýyny kireýine bermek şertnamasy kesgitlenen möhlete baglaşylan bolsa, kireýine alyjy kireýine bermek gatnaşyklary ýatyrylmazyndan azyndan iki aý öň, eger kireýine berijide kireýine bermek şertnamasyny ýatyrmak üçin esasly sebäp bolmasa, kireýine bermek şertnamasynyň kesgitlenmedik möhlete uzaldylmagyny ýazmaça arza bilen talap edip biler.

**600-nji madda. Şertnamany ýatyrmagyň möhleti**

Kireýine bermek şertnamasyny ýatyrmagyň möhleti üç aýa deňdir, muňa işiň ýagdaýlaryndan ýa-da taraplaryň ylalaşygyndan başgaça gelip çykmaýan halatlary girmeýär.

**601-nji madda. Esasly sebäpler bar bolanda ýaşaýyş jaýyny kireýine bermek şertnamasynyň ýatyrylmagy**

1. Kireýine beriji kireýine bermek şertnamasyny diňe esasly sebäpler bar bolanda ýatyryp biler.

2. Sebäp esaslydyr, eger:

1) kireýine alyjy günäkär we öz borçnamalaryny ep-esli derejede bozan bolsa;

2) ýaşaýyş jaý meýdany kireýine berijiniň göni özi ýa-da ýakyn garyndaşlary üçin gerek bolsa;

3) kireýine alyjy kireýine beriji tarapyndan teklip edilen we bazarda dowam edýän kireý hakyna laýyk gelýän ýokarlandyrylan kireý hakyny tölemekden ýüz döndergen bolsa.

3. Eger şertnamanyň närsesi mebel goýlan ýaşaýyş jaýy bolsa, onda kireýine beriji şertnamany ýatyrmagyň möhletini berjaý etmek bilen ýatyryp biler.

**602-nji madda. Şertnamany ýatyrmagyň görnüşi**

Ýaşaýyş jaýyny kireýine bermek şertnamasynyň ýatyrylmagy ýazmaça görnüşde resmileşdirilmelidir.

**603-nji madda. Ýaşaýyş jaýyny kireýine bermek şertnamasynyň kireýine alyjynyň başlangyjy boýunça uzaldylmagy**

Eger kireýine almak möhletiniň geçmegi kireýine alyjyny ýa-da onuň maşgala agzalaryny agyr ýagdaýa salýan bolsa, onda kireýine berijide esasly sebäpleriň bardygyna garamazdan, kireýine alyjy ýaşaýyş jaýyny kireýine bermek şertnamasynyň uzaldylmagyny kireýine berijiden talap etmäge hukuklydyr. Başga ýaşaýyş jaýyny kabul ederlikli şertlerde kireýine bermek amala aşyrylyp bilinmezligi hem agyr ýagdaý diýlip hasap edilýär.

**604-nji madda. Kireýine bermek şertnamasy ýatyrylanda kireýine alyjynyň borçlary**

1. Emlägi kireýine bermek şertnamasy ýatyrylanda, kireýine alyjy emlägiň kadaly könelişini nazara almak bilen ýa-da şertnama bilen göz öňünde tutulan ýagdaýda ondan alandaky ýagdaýynda kireýine berijä gaýtaryp bermäge borçludyr.

2. Ýer bölegini kireýine alyjynyň özüniň talaplaryny kanagatlandyrmak maksady bilen saklap galmaga hukugy ýokdur.

3. Eger kireýine alyjy emlägi peýdalanmak üçin üçünji şahsa beren bolsa, kireýine beriji kireýine bermek şertnamasy ýatyrylandan soňra, eger ol üçünji şahs bilen kireý gatnaşyklaryny ýola goýmadyk bolsa, üçünji şahsdan emlägiň gaýtarylyp berilmegini talap edip biler.

**605-nji madda. Kireýine berlen zadyň gaýtarylyp berilmezligi bilen ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak**

1. Eger kireýine alyjy kireýine bermek gatnaşyklary tamamlanandan soň, kireýine alnan emlägi gaýtaryp bermeýän bolsa, kireýine beriji emlägi gaýtaryp bermegiň bökdelen döwri üçin bellenilen haky ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hökmünde tölenmegini talap etmäge hukuklydyr.

2. Ýetirilen zyýandan ýokary möçberde öwezini dolmak borjuny kireýine alyjynyň üstüne ýükleýän ylalaşyk hakyky däldir.

**606-njy madda. Kireýine alyjynyň zatlaryny girew goýmak hukugy**

Ýer bölegini, öýi ýa-da ýaşaýyş jaýyny kireýine berijiniň kireýine bermek gatnaşyklaryndan gelip çykýan öz talaplaryny üpjün etmek üçin, kireýine alyjynyň goýan zatlaryny girew goýmaga hukugy bardyr. Girew goýmak hukugy eýelenilen meýdandan zatlaryň aýrylmagy bilen bir wagtyň özünde, eger ol adaty özara durmuş gatnaşyklaryna laýyklykda amala aşyrylan bolsa, güýjüni ýitirýär.

**607-nji madda. Ýer bölegini kireýine bermek şertnamasynyň görnüşi**

Ýer bölegini bir ýyldan artyk möhlet bilen kireýine bermek şertnamasy ýazmaça görnüşde resmileşdirilmelidir. Bu görnüşiň berjaý edilmedik ýagdaýynda şertnama kesgitlenmedik möhlete baglaşylan diýlip hasap edilýär. Şertnamanyň ýatyrylmagyna diňe birinji ýylyň geçmegi bilen ýol berilýär.

**608-nji madda. On ýyldan artyk möhlete baglaşylan şertnamany ýatyrmagyň tertibi**

Eger kireýine bermek şertnamasy on ýyldan artyk möhlete baglaşylan bolsa, on ýyl geçenden soň taraplaryň her biri şertnamany şu Kodeksiň 600-nji maddasynda bellenilen möhletde ýatyryp biler.

**609-njy madda. Kireýine alyjynyň hukuklarynyň onuň maşgala agzalaryna geçmegi**

Eger kireýine bermek şertnamasy ýaşaýyş jaýyna baglaşylan bolsa we kireýine alyjy onda özüniň maşgala agzalary bilen bilelikde umumy öý hojalygyny ýöredýän bolsa, kireýine alyjy ölen ýagdaýynda onuň maşgala agzalary kireýine beriji bilen hukuk gatnaşyklaryna girişýärler. Olar kireýine bermek şertnamasyny kanunda bellenilen möhletde ýatyrmaga hukuklydyrlar.

**610-njy madda. Kireýine berlen emläk eýeçilikden aýrybaşgalananda hukuk oruntutarlygy**

Eger kireýine beriji emlägi kireýine alyja berenden soň bu emlägi üçünji şahsa eýeçiliginden aýrybaşgalasa, emläk ediniji kireýine berijiniň ornuny tutýar hem-de kireýine bermekden gelip çykýan hukuklar we borçlar oňa geçýär.

**611-nji madda. Zyýanyň öwezini dolmak hakynda talap bildirmegiň wagt möhleti**

1. Emlägiň üýtgemegi ýa-da ýaramazlaşmagy bilen baglylykda, kireýine beriji ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge hukuklydyr, kireýine alyjy bolsa alty aýyň dowamynda edilen çykdajylar sebäpli nägilelik bildirmäge hukuklydyr.
2. Kireýine berijiniň zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky talaby boýunça wagt möhleti emlägiň gaýtarylyp berlen pursadyndan, kireýine alyjynyň talaby boýunça wagt möhleti bolsa, emlägi kireýine bermek şertnamasynyň ýatyrylan pursadyndan başlaýar.

**612-nji madda. Nika bozulanda är-aýalyň arasyndaky jedeller**

1. Eger är-aýal nika bozulanda olardan kimiň kireýine alnan ýaşaýyş jaýynda ýaşamalydygy barada ylalaşyga gelip bilmese, jedel kazyýet tarapyndan çözülýär.
2. Är-aýalyň haýsy biriniň kireýine alyjydygynyň kazyýet üçin ähmiýeti ýokdur. Eger kazyýet kireýine alyjy däl äriň (aýalyň) ýaşaýyş jaýa hukugyny ykrar etse, onda bu är (aýal) kireýine bermek gatnaşyklaryna gatnaşyjy bolýar.

**613-nji madda. Kireýine alyjynyň hukuklaryny goramak**

Kireýine alyjy öz eýelik edýän zadyny islendik düzgüni bozujydan, şol sanda eýesinden hem goramaga hukuklydyr.

## V BAP. LIZING

**614-nji madda. Mazmuny**

1. Lizing şertnamasy boýunça lizingi beriji şertnamada şertleşilen möhlet bilen

kesgitlenilen emlägi lizingi alyja peýdalanmaga bermäge borçludyr. Lizingi alyjy bellenilen döwür boýunça hak tölemäge borçludyr.

2. Lizing beriji şertnamada göz öňünde tutulan emlägi taýýarlamaga ýa-da edinmäge borçludyr.

3. Şertnama boýunça lizingi alyjy şertnamanyň närsesiniň doly könelmegi bilen tamamlanýan şertnama möhleti tamamlanandan soň lizing şertnamasynyň närsesini satyn almaga ýa-da kireýine almaga borçly ýa-da hukukly bolup biler. Ähli halatlarda tölenilmeli hak hasaplanylanda könelişmegiň fakty nazara alynmalydyr. Eger şertnamada şonuň ýaly düzgün ýok bolsa, lizingi alyjy närsäni satyn almaga hukuklydyr.

### 615-nji madda. Lizing şertnamasynyň görnüşi

Lizing şertnamasy ýazmaça görnüşde baglaşylýar. Şertnama şulary öz içine almalydyr:

1) doly bahasyny;

2) lizing hakynyň jemini we ony tölemegiň möhletlerini;

3) gutarnykly tölegiň jemini we şertnama möhletinden ön ýerine ýetirilende– ony hasaplamagyň tertibini.

### 616-njy madda. Lizing berijiniň jogapkärçiligi

1. Kireýine bermek şertnamasynyň kadalaryna laýyklykda lizing beriji emlägi bermegiň möhletiniň geçirilmegi ýa-da şeýle ýerine ýetirmänligi üçin, şonuň ýaly-da kemçiligi bolan emlägi berenligi üçin lizingi alyjynyň öňünde jogapkärçilik çekýär.

2. Taraplar lizingi berijä şikaýat bildirmezinden öň, lizingi alyjynyň öz talabynyň kanagatlandyrylmagyny emlägi berijiden talap etmelidigi barada ylalaşyp bilerler.

### 617-nji madda. Lizingi alyjynyň jogapkärçiligi

Lizingi alyjynyň günäsi boýunça şertnama möhletinden öň ýatyrylanda, lizingi beriji ýerine ýetiriş bilen baglanyşykly öz bähbitlerine degişli bolmadyk talaplary bildirip bilmez. Talaplar kesgitlenilende lizing emläginiň galan gymmaty, lizing haky baradaky göterimleriň galyndysy we tygşytlanylan beýleki çykdajylar nazara alynýar.

### 618-nji madda. Lizinge ulanylýan beýleki kadalar

Lizing babatda kireýine bermek şertnamasynyň şu Kodeksiň 614-617-nji maddalaryna garşy gelmeýän kadalary ulanylýar.

## VI BAP. KÄRENDE

### 619-njy madda. Düşünje

Kärendä bermek – emlägiň (şol sanda ýeriň, gaýry aýrybaşgalanan tebigy serişdeleriň) eýesi ýa-da onuň ygtyýarlyk beren şahsy tarapyndan fiziki we (ýa-da) ýuridik şahsa kesgitli emlägiň ýa-da onuň böleginiň kärende şertnamasy esasynda tölegli wagtlaýyn peýdalanmagy, hojalyk ýa-da gaýry işi özbaşdak amala aşyrmagy üçin berilmegidir.

**620-nji madda. Mazmuny**

1. Kärende şertnamasy boýunça kärendesine beriji kesgitlenen emlägi wagtlaýyn peýdalanmaga kärendeçä bermäge we kärende möhletiniň dowamynda munuň miwelerini peýdalanmak mümikinçiligini, eger şol miweler hojalygy dogry ýöretmegiň netijesinde girdeji görnüşinde alnan bolsa, bermäge borçludyr. Kärendeçi şertleşilen kärende hakyny kärendesine berijä tölemege borçludyr. Kärende haky pul görnüşinde, şeýle-de hakyky özlügi görnüşinde kesgitlenilip bilner. Taraplar kärende hakyny kesgitlemegiň beýleki serişdeleri barasynda hem ylalaşyp bilerler.

2. Kärende şertnamasy babatda, eger şu Kodeksiň 619-645-nji maddalarynda başgaça kesgitlenilmedik bolsa, kireýine bermek şertnamasynyň kadalary ulanylýar.

**621-nji madda. On ýyldan artyk möhlete baglaşylan kärende şertnamasyny ýatyrmak**

Eger kärende şertnamasy on ýyldan artyk möhlete baglaşylýan bolsa, taraplaryň her biri bu möhlet tamamlanandan soň alty aýyň dowamynda, eger şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, kärende gatnaşygyny ýatyryp biler.

**622-nji madda. Ýer bölegini inwentary bilen birlikde kärendesine bermek**

1. Eger ýer bölegi inwentary bilen birlikde kärendesine berilýän bolsa, kärendeçi inwentaryň her bir böleginiň abat saklanylmagy üçin jogapkärçilik çekýär.

2. Kärendeçä bagly bolmadyk sebäplere görä inwentaryň ýaramsyz ýagdaýa gelen böleklerini kärendeçi çalşyrmaga borçludyr. Kärendeçi hojalygy dogry ýöredenligine garamazdan, inwentar hasap edilen malyň ýitirilmeginiň öwezini dolmaga borçludyr.

3. Kärendeçide ýola goýlan hojalyga laýyk gelýän ýagdaýdaky inwentar bolmalydyr we kärende döwründe ony şoňa laýyk gelýän möçberde çalşyrmalydyr. Umumy inwentara birikdirilmegi arkaly, onuň edinen aýratynlykdaky inwentary, kärendesine berijiniň eýeçiligine öwrülýär.

**623-nji madda. Inwentaryň tötänden ýok edilmeginiň we zaýalanmagynyň töwekgelçiligi**

1. Eger ýer bölegini kärendesine alyjy inwentary baha boýunça kabul etse we kärende şertnamasy tamamlanandan soň ony şonuň ýaly baha boýunça gaýtaryp

bermäge borçlansa, inwentaryň tötänden ýok edilmegi we zaýalanmak töwekgelçiligi onuň üstüne ýüklenilýär. Ol hojalygy dogry ýöretmegiň çäklerinde inwentaryň aýry-aýry böleklerine ygtyýar edip biler.

2. Kärende möhleti tamamlanandan soň, kärendeçi inwentary kärendesine berijä gaýtaryp bermelidir. Eger ol ýer böleginde hojalygy dogry ýöretmek üçin artyk ýa-da çakdan aşa gymmat bolsa, kärendesine beriji kärendeçiniň edinen inwentaryny almakdan ýüz dönderip biler; ýüz dönderilmegi bilen bir wagtyň özünde kabul edilmedik inwentara eýeçilik hukugy kärendeçä geçýär. Eger alnan inwentar bilen gaýtarylyp berlen inwentaryň bahasynda tapawut bar bolsa, bu tapawudyň öwezi pul bilen dolunmalydyr. Kärende şertnamasynyň tamamlanan pursadyna çenli hereket eden nyrhlar bahanyň esasy edilip alynmalydyr.

### 624-nji madda. Inwentary girew goýmak hukugy

1. Ýer bölegini kärendesine alyjynyň onuň eýeligindäki inwentary kärendesine alnan inwentara dahylly kärendesine beriji babatda bildirilen talaplar boýunça girewine goýmaga hukugy bardyr.

2. Eger kärendesine beriji başga bir üpjünçiligi berse, kärendeçiniň girew goýmak hukugyny kabul etmän biler. Eger ol inwentaryň şol bölekleriniň gymmatyna laýyk gelýän üpjünçiligi teklip etse, inwentaryň islendik bölegini girew goýmak hukugyndan boşadyp biler.

### 625-nji madda. Inwentaryň böleklerine ygtyýar etmäge gadaganlyga ýol bermezlik

Inwentaryň böleklerine ygtyýar etmezlik ýa-da olara diňe kärendesine berijiniň razylygy bilen ygtyýar etmek, şonuň ýaly-da kärendesine berijä satmazlyk borjuny kärendeçiniň üstüne ýükleýän şertnamanyň şertleri diňe kärendesine berijiniň kärende gatnaşyklary tamamlanandan soň inwentary edinmäge borçlanýan ýagdaýynda hakykydyr.

### 626-njy madda. Tirkeşikli kärende

1. Kärendesine berijiniň razylygy bolmasa, kärendeçiniň tirkeşikli kärendä hukugy ýokdur.

2. Kärendesine beriji kärendesine berlen emlägiň aýry-aýry böleklerini, eger munuň özi oňa ep-esli zyýan ýetirjek bolsa, kärendesine bermekden ýüz dönderýändigini beýan edip biler.

3. Kärendeçi tirkeşikli kärendeçiniň ýa-da kärendesine alyjynyň zady kärendesine berijiniň rugsat edişinden başgaça peýdalanandygy üçin kärendesine berijiniň öňünde jogapkärçilik çekýär. Kärendesine beriji tirkeşikli kärendeçiniň ýa-da kireýine alyjynyň emlägi şonuň ýaly peýdalanmagyny göni togtadyp biler.

### 627-nji madda. Kärendesine berlen emlägi möhletinden öň gaýtaryp

**bermek**

1. Eger kärendeçi kärende gatnaşyklary tamamlanmanka emlägi gaýtaryp berýän bolsa, ol kärende hakyny tölemekden diňe öz deregine tölege ukyply we kärendesine beriji üçin kabul ederlikli täze kärendeçini teklip eden ýagdaýynda boşadylýar. Täze kärendeçi kärende şertnamasyny şol öňki şertlerde kabul etmäge razy bolmalydyr.

2. Eger kärendeçi şonuň ýaly kärendeçini teklip edip bilmese, ol kärende gatnaşyklary tamamlanýança kärende hakyny tölemelidir.

**628-nji madda. Möhletsiz baglaşylan kärende şertnamasyny ýatyrmak**

1. Eger emläk kärendesine berlende kärendäniň möhleti kesgitlenilmedik bolsa, şertnamanyň ýatyrylmagyna diňe kärende ýylynyň ahyrynda ýol berilýär; ol şertnama kärende ýyly tamamlanandan soň, bir aýdan gijä galman ýatyrylyp bilner.

2. Bu kadalar kärende gatnaşyklarynyň kanunda bellenilen möhletinden öň ýatyrylyp bilinýän ýagdaýynda hem ulanylýar.

**629-njy madda. Kärendeçi ölen halatynda kärende şertnamasyny ýatyrmak**

1. Kärendeçi ölen halatynda, onuň mirasdarlary hem, kärendesine beriji hem kalendar ýylynyň çärýegi tamamlanandan soň, alty aýyň dowamynda kärende gatnaşyklaryny ýatyryp bilerler.

2. Eger mirasdarlar kärendesine berlen emlägi göni ýa-da üçünji şahslar arkaly kärendesine berlen emlägi hojalyk taýdan dogry ulanmagy amala aşyryp bilseler, şertnamany ýatyrmakdan ýüz dönderip we kärende gatnaşyklarynyň uzaldylmagyny talap edip bilerler.

**630-njy madda. Kärendesine berlen emlägiň gaýtarylyp berilmezligi bilen ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak**

Eger kärendeçi kärendesine alan emlägini kärende gatnaşyklary tamamlanandan soň gaýtaryp bermese, kärendesine beriji emlägi gaýtaryp bermegiň bökdelen wagty üçin kärende hakyny, şonuň ýaly-da kärendeçiniň şol wagtyň dowamynda alan ýa-da onuň kärende ýylynyň dowamynda alyp biljek peýdasyny talap edip biler. Kärendesine beriji beýleki ýitgileriň hem öweziniň dolunmagyny talap edip biler.

## VII BAP. OBA HOJALYK MAKSATLY ÝERLERI KÄRENDESINE BERMEK

**631-nji madda. Mazmuny**

1. Oba hojalyk maksatly ýerleri kärendesine bermek şertnamasy boýunça ýer bölegi onuň hojalyk taýdan ulanylmagy üçin hyzmat edýän ýaşaýyş jaýlary we hojalyk gurluşyklary (kärhana) bilen birlikde ýa-da şolarsyz berilýär.

2. Kärendesine bermek kadalary, eger oba hojalyk maksatly ýerleri kärendesine bermek üçin başgaça bellenilmedik bolsa, oba hojalyk maksatly ýerleri kärendesine bermäge hem degişlidir.

**632-nji madda. Şertnamanyň görnüşi**

Oba hojalyk maksatly ýerleri kärendesine bermek şertnamasy ýazmaça görnüşde baglaşylmalydyr.

**633-nji madda. Kärendesine alynýan emlägiň ýazgysy**

Kärendesine beriji we kärendeçi şertnama baglaşanda kärendesine alnan zadyň ýazgysyny düzýärler, onda zadyň berilýän pursadyndaky sany, şeýle hem ýagdaýy görkezilmelidir. Kärende şertnamasy ýatyrylanda hem şol kada ulanylýar. Ýazgyda onuň geçirilen güni görkezilmelidir we oňa taraplaryň ikisi hem gol çekmelidir.

**634-nji madda. Kärendesine berijiniň borçlary**

Kärendesine beriji kärendeçä kärendesine beren zadyny şertnamada bellenilen niýetlenilen maksady boýunça ulanmaga ýaramly ýagdaýda bermäge hem-de ony kärendäniň bütin möhletiniň dowamynda şol ýagdaýda saklamaga borçludyr.

**635-nji madda. Kärendeçiniň borçlary**

Kärendeçi kärendesine alan zadynyň, aýratyn-da ýaşaýyş jaýlarynyň we hojalyk gurluşyklarynyň, ýollaryň, garymlaryň, zeýkeşleriň we germewleriň ýeňil abatlaýyş işlerini öz hasabyna geçirmäge borçludyr. Ol kärendesine alan zadyny talabalaýyk görnüşde ulanmaga borçludyr.

**636-njy madda. Kärendesine berijiniň girew goýmak hukugy**

Kärendesine beriji kärende şertnamasyndan gelip çykýan talaplaryny üpjün etmek üçin kärendeçiniň beren zatlaryna, şeýle hem kärendesine alnan zadyň miwelerine girew hukugy bardyr. Girew hukugy öwezini dolmak babatda geljekki talaplara ulanylyp bilinmez.

**637-nji madda. Zerur çykdajylaryň öwezini dolmak**

Kärendesine beriji kärendeçä onuň zat babatda eden ähli zerur çykdajylarynyň öwezini dolmaga borçludyr.

**638-nji madda. Kärendesine berijiniň razylygy bilen edilen çykdajylaryň öwezini dolmak**

Şu Kodeksiň 637-nji maddasynda göz öňünde tutulanlardan başga, kärendesine berijiniň razylygyny beren beýleki çykdajylary kärende gatnaşyklary tamamlanandan soň, ol kärendeçä öwezini dolmalydyr.

### 639-njy madda. Ýygnalmadyk hasylyň öwezini dolmak

1. Eger kärende kärende ýylynyň dowamynda ýatyrylýan bolsa, onda kärendä beriji kärendeçä entek ýygnalmadyk, ýöne hojalygy talabalaýyk ýöretmek kadalaryna laýyklykda kärende ýylynyň ahyryna çenli ýygnalýan miweleriň gymmatynyň öwezini dolmalydyr. Şunda degişlilikde hasyl almak bilen baglanyşykly töwekgelçiligi hasaba almak zerurdyr.

2. Eger şu maddanyň birinji böleginde görkezilen gymmat ýylyň wagty bilen şertlendirilen sebäplere görä kesgitlenilip bilinmejek bolsa, onda kärendä beriji kärendeçä hojalygyň talabalaýyk ýöredilmegi netijesinde şol miweleriň alnyp bilinjek möçberinde edilýän çykdajylaryň öwezini dolmalydyr.

### 640-njy madda. Kärendeçiniň täze kärendeçiniň öňündäki borçlary

1. Kärende tamamlanandan soň, kärendeçi hatda kärende şertnamasy baglaşylanda şeýle önümler oňa berilmedik bolsa-da, indiki kärendeçä desgalary talabalaýyk ýagdaýda, oba hojalyk önümlerini geljekki hasyla çenli hojalygy ýöretmek üçin zerur möçberde galdyrmalydyr.

2. Eger kärendeçi önümi kärende şertnamasy baglaşylanda alan önüminden köp möçberde we oňat ýagdaýda galdyrmaga borçly bolsa, onda ol kärendeçiden olaryň bahasynyň öwezini dolmagy talap edip biler.

### 641-nji madda. Kärendäniň närsesini yzyna gaýtaryp bermek borjy

1. Kärendeçi kärende gatnaşyklary ýatyrlandan soň, kärendesine alnan emlägi gaýtaryp bermänkä dowam eden, hojalygyň talabalaýyk dowam etdirilmegini üpjün edýän ýagdaýda bermäge borçludyr.

2. Kärendeçä onuň kärendesine berijiden talaplaryny üpjün etmek üçin, ýer bölegini saklap galmak hukugy degişli däldir.

### 642-nji madda. Kärendeçiniň öz goýan abzalyny-şaýyny aýryp alyp galmak hukugy

1. Kärendeçi zady enjamlaşdyrmak üçin goýan abzalyny-şaýyny aýyrmaga hukuklydyr. Kärendä beriji goýlan abzalyň-guralyň degişli bahasyny töläp, ony aýyrmaga hukugyň amala aşyrylmagynyň öňüni alyp biler, muňa kärendeçiniň şol abzaly-şaýy aýryp almaga kanunalaýyk bähbidiniň bolan halatlary girmeýär.

2. Kärendeçiniň öz goýan abzalyny-şaýyny aýyrmak hukugyny aradan aýyrýan ylalaşyk, diňe deňeçer öweziniň dolunmagy göz öňünde tutulan halatynda hakykydyr.

**643-nji madda. Kärende şertnamasyny uzaltmak talaby**

Kärendeçi kärendesine berijiden kärende şertnamasynyň uzaldylmagyny talap edip biler, eger:

1) kärendesine alnan hojalyk onuň dowam etmeginiň ykdysady esasyny düzýän bolsa;

2) ýer bölegi onuň kärhanasynyň dowam etmeginiň ykdysady esasyny düzýän bolsa.

**644-nji madda. Möhletiniň tamamlanmagy bilen kärende şertnamasynyň ýatyrylmagy**

Kärende şertnamasy onuň baglaşylan möhletiniň tamamlanmagy bilen ýatyrylýar. Üç ýyldan az bolmadyk möhlete baglaşylan şertnama, eger bir tarapyň kärende gatnaşyklaryny uzaltmak barada eden teklibine beýleki tarap üç aýyň dowamynda ýüz dönderýändigini beýan etmese, kesgitsiz möhlete uzaldylyp bilner. Uzaltmak we ondan ýüz döndermek ýazmaça resmileşdirilmelidir.

**645-nji madda. Kesgitsiz möhlete baglaşylan kärende şertnamasynyň ýatyrylmagy**

Eger kärendäniň möhleti bellenilmedik bolsa, her tarap kärende ýylynyň üçünji iş gününden gijä galman, kärendäniň indiki ýyly tamamlanandan soň şertnamanyň ýatyrylýandygy hakynda beýan edip, kärende şertnamasyny ýatyryp biler. Şübhe dörän ýagdaýynda senenama ýyly kärende ýyly diýlip hasap edilýär. Has gysga möhlet bellenilen ylalaşygyň ýatyrylmagy ýazmaça görnüşde düzülmelidir.

## VIII BAP. FRANÇAÝZING

**646-njy madda. Mazmuny**

1. Françaýzing – bu işewürligi guramagyň telekeçilik işinde ýaýran aýratyn görnüşi bolup, onuň barşynda bir şahs - hukuk eýesi beýleki şahsa – peýdalanyja anyk şertlerde peýdalanyjynyň telekeçilik işinde hukuk eýesine degişli bolan aýratyn hukuklaryň (işewürligi guramagyň usullarynyň, şol sanda intellektual eýeçiligi ulanmagyň) toplumuny berýär.

2. Françaýzing şertnamasy uzak möhletli borçnamalaýyn gatnaşyk bolup, munda garaşsyz kärhanalar zerur boldugyna görä özbolușly borçnamalary ýerine ýetirmek arkaly harydyň satylmagyna hem-de hyzmatlaryň amala aşyrylmagyna ýardam bermegi özara borç edinýärler.

**647-nji madda. Françaýz berijiniň borçlary**

1. Françaýz beriji françaýz alyja standart görnüşdäki emläkleýin däl hukuklary,

haryt we söwda belgilerini, nusgalary, gaplary, haryt edinmek, ýerlemek, işi guramagyň konsepsiýasyny we satuwa ýardam etmek üçin zerur bolan beýleki maglumatlary bermäge borçludyr.

2. Françaýz beriji bilelikde hereket etmek maksatnamasyny üçünji şahslaryň gatyşmagyndan goramaga, ony yzygiderli kämilleşdirmäge hem-de françaýz alyjyny işewürlik endikleri bilen tanyşdyrmak, maglumat bermek hem-de onuň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmak arkaly goldamaga borçludyr.

**648-nji madda. Françaýz alyjynyň borçlary**

Françaýz alyjy möçberi ýerlemegiň paýy nazara alnyp hasaplanylýan françaýzing programmasyna girizilen satuw paýy nazara alnyp haky tölemäge, ynsaply telekeçiniň akyl-paýhasyny görkezmek bilen, işini işjeň amala aşyrmaga we françaýz berijiniň ýa-da onuň görkezen şahslarynyň kömegi bilen hyzmatlary kabul etmäge we haryt edinmäge, eger munuň özi şertnamanyň maksady bilen göni baglanyşykly bolsa, borçludyr.

**649-njy madda. Maglumaty bermek**

Şertnama baglaşylanda taraplar françaýzing bilen baglanyşykly işiň ýagdaýlary bilen birek-biregi aç-açan we doly tanyşdyrmalydyrlar hem-de birek-birege maglumaty ak ýürek bilen bermelidirler. Olar özlerine ynanylan maglumaty, eger şertnama baglaşylmadyk ýagdaýynda hem aýan etmezlige borçludyrlar.

**650-nji madda. Şertnamanyň görnüşi we mazmuny**

Françaýzing şertnamasynyň hakyky bolmagy üçin ýazmaça görnüş zerurdyr. Ikitaraplaýyn borçnamalary, şertnamanyň dowamlylygyny, ýatyrmagyň ýa-da möhletini uzaltmagyň şertlerini we beýleki düýpli böleklerini takyk görkezmekden başga-da, taraplar şertnamanyň mazmunyna françaýzing maksatnamasynyň doly beýanyny girizmelidirler.

**651-nji madda. Şertnamanyň dowamlylygy**

1. Şertnamanyň dowamlylygyny taraplar şol harydy we hyzmaty ýerlemek bilen baglanyşykly islegi nazara almak bilen kesgitleýärler.

2. Eger şertnamanyň dowamlylygy kesgitlenilmedik ýa-da onuň möhleti on ýyldan ýokary bolsa, şertnamany ýatyrmak üçin göz öňünde tutulan bir ýyllyk möhleti berjaý etmek bilen, islendik tarap şertnamany ýatyrmaga ygtyýarlydyr. Eger taraplaryň hiç biri şertnamany ýatyrmak barada şu hukugy ulanmasa, şertnama iki ýyla uzaldylýar. Möhletiň tamamlanmagy sebäpli ýa-da taraplaryň islegi boýunça şertnama ýatyrylýan ýagdaýynda, taraplar birek-birege ynanyşmak ýörelgesini berjaý edip, şol ýa-da üýtgedilen şertlerde özara işewürlik gatnaşyklary hakykatdan tamamlanýança şertnamany uzaltmaga çalyşmalydyrlar.

### 652-nji madda. Loýal bäsdeşlik

1. Taraplar şertnama gatnaşyklary tamamlanandan soň hem öz aralarynda loýal bäsdeşligi dowam etdirmäge borçludyrlar. Şol çäklerde françaýz alyjy babatda belli bir ýer bilen çäklendirilen bäsdeşlige gadaganlyk bellenilip bilner, ol bir ýyldan ýokary bolup bilmez.

2. Eger bäsdeşligiň gadagan edilmegi hünär işi üçin howp döretmegi mümkin bolsa, françaýz alyja şertnamanyň möhletiniň tamamlanandygyna garamazdan, degişli öwezini doluş puly berilmelidir.

### 653-nji madda. Françaýz berijiniň jogapkärçiligi

Françaýz beriji maksatnamada göz öňünde tutulan françaýz hukugy we maglumaty üçin jogapkärçilik çekýär. Eger hukuklar ýok bolsa ýa-da françaýz beriji beýleki şertnamalaýyn borçnamalary günäli bozýan bolsa, françaýz alyjy öwezini doluş puluny kemeltmäge ygtyýarlydyr. Kemeltmegiň möçberi garaşsyz bilermeniň gelen netijesi bilen kesgitlenilmelidir, ol boýunça çykdajylar taraplaryň üstüne ýüklenilýär.

## IX BAP. SSUDA

### 654-nji madda. Düşünje

Ssuda şertnamasy boýunça ssuda beriji ssuda alyja zady wagtlaýyn tölegsiz peýdalanmaga bermegi borç edinýär.

### 655-nji madda. Ssuda berijiniň jogapkärçiligi

Ssuda beriji diňe niýeti ýa-da gödek seresapsyzlygy üçin jogapkärçilik çekýär.

### 656-njy madda. Ssuda berijiniň kemçilikler üçin jogapkärçiligi

Eger ssuda beriji hukugyň ýa-da tölegsiz peýdalanmaga berlen zadyň kemçilikleri barada bilgeşleýin aýtmadyk bolsa, onda ol ssuda alyja ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

### 657-nji madda. Zatdan niýetlenilişi boýunça peýdalanmak

Ssuda alyjy alan zadyny şertnamada bellenilenden başgaça ulanyp bilmez. Ol ssuda berijiniň rugsady bolmazdan zady üçünji şahsyň peýdalanmagyna bermäge hukuksyzdyr.

### 658-nji madda. Çykdajylary çekmek borjy

1. Ssuda alyjy özüne tölegsiz peýdalanmaga berlen zady saklamak boýunça adaty çykdajylary çekmelidir.

2. Ssuda berijiniň gaýry çykdajylaryň öwezini dolmak borjy keseki işleri tabşyryksyz alyp barmagyň kadalary esasynda kesgitlenilýär. Ssuda alyjy özüniň zady enjamlaşdyran abzallaryny alyp galmaga hukuklydyr.

### 659-njy madda. Zadyň könelmegi

Ssuda alyjy zadyň şertnamada bellenilen niýetlenilişine görä ulanylmagy sebäpli, zadyň üýtgänligi ýa-da ýaramazlaşanlygy üçin jogapkärçilik çekmeýär.

### 660-njy madda. Zady gaýtaryp bermek borjy

1. Ssuda alyjy tölegsiz peýdalanmak üçin alnan zady ssuda şertnamasynyň hereket ediş möhleti tamamlanandan soň gaýtaryp bermäge borçludyr.

2. Eger ssuda şertnamasynyň möhleti kesgitlenilmedik bolsa, onda ssuda alyjy zady ssuda şertnamasynda görkezilen maksatlar üçin ulanmaly wagty tamamlanandan soň gaýtaryp bermelidir. Eger ssuda alyjynyň zatdan peýdalanyp bilmegi üçin ýeterlik möhlet geçen bolsa, ssuda beriji zadyň wagtyndan öň gaýtarylyp berilmegini talap edip biler.

3. Eger ssuda şertnamasynyň möhleti kesgitlenilmedik we zady ulanmagyň maksatlary esasynda anyklamak mümkin bolmasa, onda ssuda beriji zadyň islendik wagt gaýtarylyp berilmegini talap edip biler.

### 661-nji madda. Ssuda şertnamasyny ýatyrmaga bolan hukuk

Ssuda beriji şu ýagdaýda şertnamany ýatyryp biler, ýagny:

1) eger ol garaşylmadyk ýagdaýyň ýüze çykmagy netijesinde şol zat özüne zerur bolsa;

2) eger ssuda alyjy zady şertnamada bellenilen niýetlenilişine görä ulanmaýan bolsa, şol sanda, eger ol oňa hukugy bolmasa-da, zady üçünji şahsa peýdalanmaga berse ýa-da eger ol zady göwnejaý seresap bolmanlygy sebäpli, düýpli howp astynda goýýan bolsa;

3) ssuda alyjynyň ölmegi sebäpli;

4) ssuda alyjy bolup durýan ýuridik şahsyň ýatyrylmagy netijesinde.

## X BAP. KARZ ALYŞ-BERIŞ

### 662-nji madda. Mazmuny

1. Karz alyş-beriş şertnamasy boýunça karz beriji puly ýa-da gaýry çalşylýan zatlary karz alyjynyň eýeçiligine berýär, karz alyjy bolsa alanyny karz berijä şol kysymly, hilli we sandaky zatlar bilen gaýtaryp bermegi borç edinýär.

2. Başga esasda pul ýa-da gaýry çalşylýan zat bergisi bolan şahs puluň ýa-da zadyň karz alyş-beriş şertnamasynyň närsesi hasap edilmegi barada kreditor bilen ylalaşyp biler.

**663-nji madda. Şertnamanyň görnüşi**

Karz alyş-beriş şertnamasy dilden baglaşylýar. Taraplaryň ylalaşmagy boýunça ýazmaça görnüş hem ulanylyp bilner. Şertnama dilden baglaşylanda onuň hakykylygy diňe şaýatlaryň görkezmeleri esasynda anyklanylyp bilinmez.

**664-nji madda. Şertnama boýunça göterimler**

1. Karz alyş-beriş şertnamasy boýunça taraplar göterim tölenilmegini göz öňünde tutup bilerler, ol Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilen aňryçäk möçberlere ýerlikli laýyk gelmelidir. Göterimler barada şu kadanyň bozulmagy bilen baglaşylan ylalaşyk hakyky däldir.

2. Başgaça ylalaşyk bolmadyk halatynda, göterimler her ýyl tamamlanandan soň, eger-de karz ýyl tamamlanmaka gaýtarylyp berilmeli bolsa, onda gaýtarylyp berlende tölenilmelidir.

**665-nji madda. Şertnamanyň ýatyrylmagy**

1. Eger karzy gaýtaryp bermegiň möhleti bellenilmedik bolsa, onda ol karz alyjynyň ýa-da karz berijiniň şertnamany ýatyrmak hakynda arzasy boýunça kesgitlenilýär.

2. Karz alyş-beriş şertnamasyny ýatyrmak hakynda üç aý öňünden duýdurylmalydyr.

3. Eger göterimler hasaplanmaýan bolsa, onda karz alyjy alan karzyny şertnamany ýatyrmak hakynda arzanyň möhletini berjaý etmän, gaýtaryp bermäge hukuklydyr.

**666-njy madda. Karz bermek wadasyny yzyna almak**

Karz bermegi wada eden şahs, eger beýleki tarapyň emläk ýagdaýy ep-esli ýaramazlaşsa, onuň netijesinde karzy gaýtaryp bermek hakyndaky talabyň kanagatlandyrylmagynyň howp astynda galmagyna şübhäniň bolan ýagdaýynda, beren wadasyndan ýüz dönderip biler.

## XI BAP. POTRATÇYLYK

### § 1. Umumy düzgünler

**667-nji madda. Mazmuny**

1. Potratçylyk şertnamasy boýunça potratçy şertnama bilen göz öňünde tutulan işi ýerine ýetirmegi borç edinýär, buýrujy bolsa potratça ylalaşylan haky tölemäge borçludyr.

2. Zadyň ýasalmagy ýa-da üýtgedilmegi, şeýle hem işiň ýerine ýetirilmegi ýa-da hyzmatyň edilmegi arkaly gazanylan gaýry netije şertnamanyň närsesi bolup biler.

3. Potratçylyk bilen baglanyşykly çykdajylaryň sanawynyň düzülmegine, eger ylalaşykda başgaça bellenilmedik bolsa, hak tölenilmän bilner.

### 668-nji madda. Hak

1. Eger işiň ýerine ýetirilmegi ýagdaýlara laýyklykda diňe hak tölenilmegi arkaly bolup biler diýlip garaşylýan bolsa, onda hak tölemek sessiz ylalaşylan diýlip hasap edilýär.

2. Eger tölenilmeli hakyň möçberi bellenilmedik bolsa, onda tassyklanylan bahalar bar bolsa, haka şol bahalara laýyklykda hakyň möçberi hökmünde garalýar, tassyklanan bahalar ýok halatynda bolsa, adatça şona meňzeş iş üçin tölenilýän hak hökmünde garalýar.

### 669-njy madda. Çykdajylar sanawynyň artdyrylmagy

1. Eger çykdajylaryň sanawy potratçy tarapyndan dogrudygyna kepil berilmezden şertnama esas edilip alnan bolsa hem-de çykdajylaryň sanawyndan düýpli ýokarlandyrylmasa iş ýerine ýetirilip bilinmejek bolsa, onda şu esasda buýrujy tarapyndan şertnama ýatyrylanda, potratçynyň diňe şu Kodeksiň 686-njy maddasynda görkezilen talaba hukugy bardyr.

2. Potratçy çykdajylaryň sanawynyň ýokarlandyrylmagynyň mümkinligini haýal etmän buýruja habar bermäge borçludyr.

### 670-nji madda. Potratçynyň işi hut özüniň ýerine ýetirmek borjy

Potratçy işi hut özi diňe ol işiň ýagdaýlaryndan ýa-da işiň häsiýetinden gelip çykýan halatynda, ýerine ýetirmäge borçludyr.

### 671-nji madda. Baş potratçy we kömekçi potratçy

1. Eger şertnamada göz öňünde tutulan işiň diňe potratçynyň hut özüniň ýerine ýetirilmelidigi baradaky borç kanundan ýa-da şertnamadan gelip çykmaýan bolsa, potratçy öz üstüne alan borçlaryny ýerine ýetirmek üçin buýrujynyň ylalaşmagy bilen fiziki we ýuridik şahslary (kömekçi potratçylary) çekip biler. Şu ýagdaýda potratçy baş potratçy bolup çykyş edýär.

2. Şu maddanyň birinji böleginiň ýa-da şertnamanyň düzgünlerini bozup, potratçylyk şertnamasynyň ýerine ýetirilmegine kömekçi potratçyny çeken baş potratçy, kömekçi potratçynyň şertnamany ýerine ýetirişine gatnaşmagy bilen ýetirilen zyýan üçin buýrujynyň öňünde jogapkärçilik çekýär.

3. Baş potratçy kömekçi potratçynyň borçlaryny ýerine ýetirmändiginiň ýa-da talabalaýyk ýerine ýetirmändiginiň netijeleri üçin şu Kodeksiň 393-nji maddasynyň birinji böleginiň kadalaryna laýyklykda buýrujynyň öňünde jogap berýär, kömekçi potratçynyň öňünde bolsa, buýrujynyň potratçylyk şertnamasy boýunça borçlaryny ýerine ýetirmänligi ýa-da talabalaýyk ýerine ýetirmänligi üçin jogapkärçilik çekýär.

Eger kanunda ýa-da şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda buýrujy we kömekçi potratçy, olaryň her biriniň baş potratçy bilen baglaşan şertnamasynyň bozulmagy bilen bagly birek-birege talaplary bildirmäge hukuksyzdyrlar.

**672-nji madda. Buýrujynyň ýardam etmegi**

1. Eger buýrujy talabalaýyk ýerine ýetirilen işi kabul etmese, onda potratçy zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap edip biler. Eger buýrujy işleri ýerine ýetirmek üçin zerur bolan hereketleri berjaý etmedik halatynda hem ol zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

2. Öwezini dolmagyň möçberi geçirilen möhletiň dowamlylygyndan we bellenilen hakyň möçberinden ugur alnyp, şeýle hem möhletiň geçirilmegi netijesinde potratçy tarapyndan tygşytlanan harajatlary hem-de öz işçi güýjüni peýdalanmagy netijesinde onuň möhletiň geçirilen wagtynyň dowamynda alan peýdasy nazara alnyp kesgitlenilýär.

**673-nji madda. Potratçynyň girew goýmak hukugy**

Şertnama boýunça talaplary üpjün etmek üçin potratça buýrujynyň potratçy tarapyndan ýasalan ýa-da abatlanan gozgalýan zatlara, eger olar ýasalan ýa-da abatlananda onuň eýeçiliginde bolsa, girew goýmak hukugy berilýär.

**674-nji madda. Gurluşyk işleri ýerine ýetirilende üpjünçilik ipotekasy**

Şertnama boýunça öz talaplaryny üpjün etmek üçin, desgany ýa-da desganyň bir bölegini gurýan potratçy gurluşyk üçin buýrujy tarapyndan berlen ýer bölegine üpjünçilik ipotekasynyň bellenilmegini talap edip biler. Eger iş entek tamamlanylmadyk bolsa, onda ol tölenilmeli haka girizilmedik harajatlary nazara alyp, hakyň diňe ýerine ýetirilen işe laýyk gelýän böleginiň möçberinde üpjünçilik ipotekasynyň berilmegini talap edip biler.

**675-nji madda. Buýrujynyň şertnamany ýatyrmaga hukugy**

Işleriň tamamlanmak pursadyna çenli buýrujy şertnamanyň ýatyrylmagyny islendik wagtda talap edip biler. Eger buýrujy şertnamany ýatyrsa, onda potratçy şertnamanyň ýatyrylmagy netijesinde özüniň tygşytlan ýa-da edinen zadyny aýyrmak bilen, bellenilen hakyň tölenilmegini talap etmäge hukuklydyr.

**676-njy madda. Işleri kemçiliksiz ýerine ýetirmek borjy**

Potratçy işi ýerine ýetirende şol işiň wada edilen häsiýetleri bolar ýaly hem-de bu işiň gymmatyny we adatdakysy ýaly ýa-da şertnamada göz öňünde tutulyşy ýaly ulanmaga ýaramlylygyny ýok edip biljek ýa-da azaldyp biljek kemçilikleri bolmaz ýaly edip ýerine ýetirmäge borçludyr.

**677-nji madda. Kemçilikleri düzetmek**

1. Eger iş wada edilen häsiýetlere laýyk gelmeýän bolsa, buýrujy kemçilikleriň düzedilmegini talap edip biler. Eger kemçilikleri düzetmek laýyk gelmeýän çykdajylaryň edilmegini talap edýän bolsa, potratçy kemçilikleri düzetmekden ýüz döndermäge hukuklydyr.

2. Eger potratçy kemçilikleri düzetmegiň möhletini geçirse, onda buýrujy kemçilikleri özbaşdak düzedip we çykdajylaryň öweziniň dolunmagyny talap edip biler.

**678-nji madda. Kemçilikleri düzetmek üçin möhlet. Şertnamany ýatyrmak ýa-da haky azaltmak**

1. Buýrujy şu Kodeksiň 676-njy maddasynda görkezilen kemçilikleri düzetmek üçin potratça degişli möhlet belläp biler, şunda ol bu möhlet geçenden soň kemçilikleriň düzedilmegini kabul etmekden ýüz dönderjekdigini beýan etmelidir. Eger kemçilikler öz wagtynda düzedilmese, onda möhlet geçenden soň buýrujy şertnamanyň ýatyrylmagyny ýa-da potratça tölenilmeli hakyň azaldylmagyny talap etmäge hukuklydyr.

2. Eger kemçilikleri düzetmek mümkin bolmasa ýa-da potratçy kemçilikleri düzetmekden ýüz dönderse, ýa-da buýrujynyň aýratyn bähbitleri şertnamanyň haýal etmän ýatyrylmagyny ýa-da potratça tölenilmeli hakyň azaldylmagyny kanagatlandyrýan bolsa, onda möhlet bellemek talap edilmeýär.

3. Eger kemçilikler önümiň gymmatyny ýa-da ulanmak üçin onuň ýaramlylygyny ujypsyz azaldýan bolsa, şertnamanyň ýatyrylmagyna ýol berilmeýär.

**679-njy madda. Işleriň potratçynyň materiallaryndan ýerine ýetirilmegi**

Eger potratçy işi özüniň materialyndan ýerine ýetirmegi borç edinýän bolsa, onda ol ýasalan zady we oňa bolan eýeçilik hukugyny buýruja bermelidir. Çalşylýan zady ýasamak hakyndaky şertnama babatda satyn almak-satmak hakyndaky görkezmeler hereket edýär.

**680-nji madda. Duýdurmak borjy**

Potratçy şular barada buýruja öz wagtynda duýdurmaga borçludyr:

1) buýrujydan alnan materialyň hil boýunça talaplara laýyk gelmeýändigi ýa-da

ýaramly däldigi;

2) buýrujynyň görkezmesi ýerine ýetirilen halatynda bitirilen işiň özüniň gymmatyny we onuň adatça ýa-da şertnamada göz öňünde tutulyşy ýaly ulanmaga ýaramlylygyny ýok edýän ýa-da azaldýan kemçiliksiz bolmajakdygy;

3) potratça bagly bolmadyk we önümiň gymmatyny we ulanmak üçin onuň ýaramlylygyny ýok etmek ýa-da azaltmak howpuny döredýän haýsydyr bir ýagdaýyň bardygy.

**681-nji madda. Hak tölemek**

Ýerine ýetirilen iş kabul edilende haky tölenilmelidir. Eger iş bölekleýin kabul edilmeli bolsa, tölenilmeli hak hem aýry-aýry bölekleriň ýerine ýetirilmegi üçin tölenilmeli edilen bolsa, onda tölenilmeli hak işiň degişli bölegi kabul edilen pursadynda her bir bölegi üçin tölenilmelidir.

**682-nji madda. Işi kabul etmek**

1. Buýrujy şertnama laýyklykda, ýerine ýetirilen işi, eger işiň kabul edilmegi onuň hili sebäpli mümkin däl bolsa, kabul etmäge borçludyr.

2. Eger buýrujy kemçilikleriň bardygyny bilse-de, kemçilikli işi kabul etse, onda ol şu Kodeksiň 677-nji we 678-nji maddalarynda görkezilen talaplary bildirmäge, diňe iş kabul edilende ýüze çykarylan kemçilikler barada öz hukuklaryny beýan eden halatynda hukugy bardyr.

**683-nji madda. Kepillendirme**

Eger potratçy ýerine ýetiren işine kepillendirme beren bolsa, onda kepillendirmäniň hereket edýän möhletiniň dowamynda kemçiligiň ýüze çykarylmagy şol kemçiligi düzetmegi talap etmek hukugyny döredýär.

**684-nji madda. Jogapkärçiligi şertnama esasynda aradan aýyrmak**

Işiň kemçilikleri üçin potratçynyň jogapkärçiligini doly ýa-da bölekleýin aradan aýyrýan ylalaşyk, eger potratçy kemçilikler barada bilgeşleýin aýtmadyk bolsa, biderekdir.

**685-nji madda. Töwekgelçiligi bölmek**

1. Potratçy işiň kabul edilen pursadyna çenli ýerine ýetirilen işleriň tötänden ýok edilmek ýa-da ýaramazlaşmak töwekgelçiligini çekýär. Eger buýrujy işi kabul etmegiň möhletini geçirse, onda töwekgelçilik oňa geçýär.

2. Potratçy buýrujy tarapyndan özüne berlen materialyň tötänden ýok edilmegi ýa-da tötänden ýaramazlaşmagy üçin jogapkärçilik çekmeýär.

**686-njy madda. Buýrujynyň jogapkärçiligi**

Eger işiň netijesi ýok edilen ýa-da işiň hili ýaramazlaşan bolsa, ýa-da eger buýrujynyň beren materialynyň kemçilikleri sebäpli ýa-da işi ýerine ýetirmek barasynda buýrujynyň beren buýrugy sebäpli, ony kabul etmek pursadyndan entek öň işi ýerine ýetirmek mümkin bolmadyk bolsa, şunda potratçynyň jogap berýän ýagdaýlary muňa ýardam etmedik bolsa, onda potratçy hakyň ýerine ýetirilen işe laýyk böleginiň tölenilmegini we tölenilmeli haka girizilmedik harajatlaryň öweziniň dolunmagyny talap edip biler.

## § 2. Durmuş häsiýetli potratçylyk şertnamasy boýunça işleriň ýerine ýetirilmegi

**687-nji madda. Durmuş häsiýetli işleriň ýerine ýetirilmegi**

Durmuş häsiýetli potratçylyk şertnamasy boýunça potratçy buýrujynyň tabşyrmagy boýunça onuň durmuş häsiýetli ýa-da beýleki şahsy zerurlyklaryny kanagatlandyrmaga niýetlenilen kesgitli işi ýa-da hyzmaty ýerine ýetirmäge, buýrujy bolsa işiň netijelerini kabul etmäge we töleg tölemäge borçlanýar.

**688-nji madda. Buýrujynyň hukuk kepillikleri**

1.Potratçynyň buýrujyny durmuş häsiýetli potratçylyk şertnamasyna goşmaça tölegli işleri ýa-da hyzmatlary girizmäge mejbur etmäge hukugy ýokdur. Bu talabyň bozulan ýagdaýynda buýrujy şeýle işler ýa-da hyzmatlar üçin töleg tölemekden ýüz döndermäge hukuklydyr.

2. Buýrujy islendik wagtda, oňa işleriň netijeleri tabşyrylmazdan öň, buýrujynyň ýüz dönderendigi barada habaryň alynmazyndan öň ýerine ýetirilen iş üçin bellenilen gymmatyň bölegini potratça tölemek bilen, durmuş häsiýetli potratçylyk şertnamasyndan ýüz döndermäge hukuklydyr, buýrujy hem potratçynyň şol pursada çenli eden çykdajylarynyň öwezini dolmaga borçludyr. Şertnamanyň buýrujyny bu hukukdan mahrum edýän şertleri biderekdir.

**689-njy madda. Şertnamanyň görnüşi**

Eger kanunçylykda başgaça ýa-da buýrujynyň goşulýan gaýry standart görnüşlerinde göz öňünde tutulmadyk bolsa, potratçynyň buýruja şertnamanyň baglaşylandygyny tassyklaýan töleg hatyny ýa-da gaýry resminamany beren pursadyndan durmuş häsiýetli potratçylyk şertnamasy talabalaýyk görnüşde baglaşylan diýlip hasap edilýär.

Buýrujyda görkezilen resminamalaryň bolmazlygy ony şertnamanyň baglaşylan ýagdaýyny ýa-da onuň şertlerini tassyklaýan şaýatlyk görkezmelerine salgylanmak hukugyndan mahrum etmeýär.

### 690-njy madda. Işleriň bahasy we tölegiň tölenilmegi

Durmuş häsiýetli potratçylyk şertnamasynda işleriň bahasy taraplaryň ylalaşmagy bilen kesgitlenilýär we potratçynyň yglan eden nyrhnamasynda görkezilen bahadan ýokary bolup bilmez.

Potratçy tarapyndan işiň netijeleri gutarnykly tabşyrylandan soňra, buýrujy tarapyndan işiň tölegi tölenilýär. Taraplaryň ylalaşmagy bilen, işiň tölegi buýrujy tarapyndan şertnama baglaşylan halatynda doly ýa-da hakujy tölemek arkaly tölenilip bilner.

## § 3. Gurluşyk potratçylyk şertnamasy boýunça işleriň ýerine ýetirilmegi

### 691-nji madda. Gurluşyk potratçylyk şertnamasy

1. Gurluşyk potratçylyk şertnamasy boýunça potratçy şertnamada bellenilen möhletde buýrujynyň tabşyrygy boýunça kesgitli obýekti gurmaga ýa-da gaýry gurluşyk işini ýerine ýetirmäge borçlanýar, buýrujy bolsa potratçynyň işleri ýerine ýetirmegi üçin zerur bolan şertleri döretmäge, onuň netijelerini kabul etmäge we şertnamada şertleşilen bahany tölemäge borçlanýar.

2. Gurluşyk potratçylyk şertnamasy kärhanany, binany (şol sanda ýaşaýyş jaýyny), desgany ýa-da gaýry obýekti gurmak ýa-da durkuny täzelemek, şeýle-de gurnama, işe goýberiş we sazlaýyş hem-de gurulýan obýekt bilen aýrylmaz bagly bolan gaýry işler boýunça baglaşylýar. Şu paragrafyň kadalary, eger şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, binalaryň we desgalaryň düýpli abatlanylmagynda hem ulanylýar.

Eger bu ýagdaý şertnamada göz öňünde tutulan bolsa, obýekt buýrujy tarapyndan kabul edilenden soňra, potratçy şertnamada görkezilen möhletiň dowamynda onuň ulanylmagyny üpjün etmek borjuny öz üstüne alýar.

3. Doly gutarnykly gurluşyk hakynda şertnamada potratçy gurluşyk we onuň üpjünçiligi boýunça ähli borçlary öz üstüne alýar hem-de şertnamada görkezilen şertlere laýyklykda, ulanyşa taýýar bolan obýekti buýruja tabşyrmalydyr.

4. Gurluşyk potratçylyk şertnamasy boýunça fiziki şahsyň (buýrujynyň) durmuş häsiýetli ýa-da beýleki şahsy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin işler ýerine ýetirilýän halatlarynda, şeýle şertnama babatda degişlilikde durmuş häsiýetli potratçylyk şertnamasy boýunça buýrujynyň hukuklary hakynda düzgünler ulanylýar.

### 692-nji madda. Geçirilýän işleriň howpsuzlygy üçin jogapkärçilik

Geçirilýän işleriň howpsuzlygy üçin potratçy jogapkärçilik çekýär.

### 693-nji madda. Taslama-çenlik resminamasy

1. Potratçy gurluşygy we onuň bilen bagly işleri we işlere bildirilýän beýleki talaplaryň möçberini we mazmunyny kesgitleýän taslama resminamasyna hem-de işleriň bahasyny kesgitleýän çenlige laýyklykda amala aşyrmaga borçludyr.

2. Taslama-çenlik resminamasynyň potratçy üçin goşmaça çykdajylary talap edýän üýtgedilmeleri taraplaryň ylalaşan goşmaça çenligi esasynda buýrujynyň hasabyna amala aşyrylýar.

3. Potratçy, eger goşmaça çykdajylaryň bahasy gurluşyk işleriniň çenliginiň on göteriminden ýokary bolmasa, çenlige gaýtadan seredilmegini talap etmäge hukuklydyr.

**694-nji madda. Gurluşyk üçin ýer böleginiň berilmegi**

Buýrujy gurluşyk üçin şertnamada görkezilen möçberdäki we ýagdaýdaky ýer bölegini öz wagtynda bermäge borçludyr. Şertnamada şeýle görkezmeleriň bolmadyk ýagdaýynda, ýer böleginiň meýdany we ýagdaýy işleriň öz wagtynda başlanylmagyny, olaryň kadaly alnyp barylmagyny we möhletinde tamamlanylmagyny üpjün etmelidir.

**695-nji madda. Gurluşyk konserwasiýa edilende taraplaryň borçlary**

Eger taraplara bagly bolmadyk sebäpler boýunça gurluşyk potradynyň şertnamasy boýunça işler togtadylsa we gurluşygyň obýekti konserwirlense, buýrujy konserwirlenen pursadyna çenli ýerine ýetirilen işler üçin doly möçberde potratça töleg etmäge, şeýle hem işleriň togtadylmagynyň we gurluşygyň konserwirlenmeginiň zerurlygy sebäpli dörän çykdajylaryň öwezini dolmaga borçludyr.

**696-njy madda. Işleriň hili üçin potratçynyň jogapkärçiligi**

Potratçy şertnama, taslama we taraplar üçin hökmany bolan gurluşyk kadalarynda we düzgünlerinde göz öňünde tutulan talaplardan ýol berlen gyşarmalar, şeýle hem gurluşygyň obýektiniň taslama-çenlik resminamasynda görkezilen görkezijilere, şol sanda kärhananyň önümçilik kuwwatlylygy ýaly görkezijilere ýetilmändigi üçin buýrujynyň öňünde jogapkärçilik çekýär.

Binanyň ýa-da desganyň durky täzelenilende (täzelemek, gaýtadan gurmak, rejeleýiş işleri we beýlekiler) binanyň, desganyň ýa-da onuň böleginiň berkliginiň, durumlylygynyň, ygtybarlylygynyň peselendigi ýa-da ýitirilendigi üçin jogapkärçilik potratçynyň üstüne ýüklenilýär.

### § 4. Taslama we gözleg işleri üçin potratçylyk şertnamasy boýunça işleriň ýerine ýetirilmegi

**697-nji madda. Taslama we gözleg işleri üçin potratçylyk şertnamasy**

1. Taslama we gözleg işleri üçin potratçylyk şertnamasy boýunça potratçy (taslamaçy, gözleýji) buýrujynyň tabşyrmagy boýunça taslama-çenlik resminamasyny işläp taýýarlamaga we (ýa-da) gözleg işlerini ýerine ýetirmäge, buýrujy bolsa olary kabul etmäge we tölemäge borçlanýar.

2. Eger kanunçylykda ýa-da taslamada we (ýa-da) gözleg işleri üçin şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, taslama we gözleg işleri üçin şertnamanyň ýerine ýetirilmeginiň tötänden mümkin bolmazlyk töwekgelçiligi buýrujynyň üstüne ýüklenilýär.

**698-nji madda. Taslama we gözleg işleri üçin başlangyç maglumatlar**

1. Taslama we gözleg işleri üçin potratçylyk şertnamasy boýunça buýrujy potratça taslamalaşdyrmak üçin tabşyrygy, şeýle hem taslama-çenlik resminamasyny düzmek üçin zerur bolan gaýry başlangyç maglumatlary bermäge borçludyr. Taslamalaşdyrmak üçin tabşyryk buýrujynyň tabşyrmagy boýunça potratçy tarapyndan taýýarlanylyp bilner. Şu ýagdaýda tabşyryk buýrujy tarapyndan tassyklanylan pursadyndan taraplar üçin hökmany bolýar.

2. Potratçy tabşyrykda we taslamalaşdyrmak hem-de gözleg işleriniň ýerine ýetirilmegi üçin, beýleki başlangyç maglumatlarda saklanylýan talaplary berjaý etmäge we olardan diňe buýrujynyň razylygy bilen yza çekilmäge hukuklydyr.

## § 5. Ylmy-barlag, tejribe-konstruktorçylyk we tehnologik işler üçin potratçylyk şertnamasy boýunça işleriň ýerine ýetirilmegi

**699-njy madda. Ylmy-barlag, tejribe-konstruktorçylyk we tehnologik işler üçin şertnamalar**

1. Ylmy-barlag işleri üçin şertnama boýunça potratçy (ýerine ýetiriji) buýrujynyň tabşyrygy bilen şertlendirilen ylmy barlaglary geçirmäge, tejribe-konstruktorçylyk we tehnologik işler üçin şertnama boýunça bolsa – täze önümiň nusgasyny, onuň üçin konstruktorçylyk resminamany, täze tehnologiýany işläp taýýarlamaga ýa-da nusgasyny taýýarlamaga; buýrujy potratça (ýerine ýetirijä) tehniki tabşyrygy bermäge, işiň netijelerini kabul etmäge we tölemäge borçlanýar.

2. Potratçy (ýerine ýetiriji) bilen şertnama barlagyň, işläp düzmegiň we nusgalary taýýarlamagyň ähli döwrüni, şeýle hem olaryň aýry-aýry elementlerini gurşap alyp biler.

**700-nji madda. Işleriň ýerine ýetirilmegi**

1. Potratçy (ýerine ýetiriji) ylmy barlagy hut özi geçirmäge borçludyr. Eger şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ol ylmy-barlag işleri üçin şertnamanyň ýerine ýetirilmegine, diňe buýrujynyň razylygy bilen, üçünji şahslary çekip biler.

2. Tejribe-konstruktorçylyk we tehnologik işler ýerine ýetirilende, eger şertnama bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, potratçy olaryň ýerine ýetirilmegine üçünji taraplary kömekçi potratçy hökmünde çekmäge hukuklydyr.

### 701-nji madda. Şertnama baradaky maglumatlaryň ýaşyrynlygy

Eger ylmy-barlag ýa-da tejribe-konstruktorçylyk we tehnologik işler üçin şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa:

1) potratçy (ýerine ýetiriji) hem, buýrujy hem şertnamanyň närsesine, onuň ýerine ýetirilmeginiň barşyna we alnan netijelere degişli maglumatlaryň ýaşyrynlygyny üpjün etmäge borçludyrlar. Ýaşyryn diýlip ykrar edilen maglumatlaryň möçberi şertnamada bellenilýär;

2) potratçy işleriň görkezilen şertnamalar boýunça alnan netijeleriniň patentlenmegini diňe buýrujynyň razylygy bilen amala aşyrmaga hukuklydyr.

### 702-nji madda. Taraplaryň işleriň netijelerine bolan hukuklary

1. Buýrujy ylmy-barlag ýa-da tejribe-konstruktorçylyk we tehnologik işler üçin potratçylyk şertnamasy boýunça işleriň oňa berlen netijelerinden şertnama bilen göz öňünde tutulan çäklerde we şertlerde peýdalanmaga hukuklydyr.

2. Eger şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, potratçy (ýerine ýetiriji) işleriň ol tarapyndan alnan netijelerinden özi üçin peýdalanmaga hukuklydyr.

3. Potratçynyň (ýerine ýetirijiniň) işleriň netijeleriniň üçünji taraplara ýerlemek hukugy şertnama bilen göz öňünde tutulyp bilner.

## XII BAP.TÖLEGLI HYZMATLAR ETMEK

### 703-nji madda. Tölegli hyzmatlar etmek şertnamasy

1. Tölegli hyzmatlar etmek şertnamasyna laýyklykda, ýerine ýetiriji buýrujynyň islegi boýunça hyzmatlary etmäge (belli bir hereketleri ýerine ýetirmäge ýa-da belli bir işleri amala aşyrmaga) borçlanýar we buýrujy bu hyzmatlar üçin töleg töleýär.

2. Bu bapyň düzgünleri, şu Kodeksiň X, XI, XII, XIII, XIV, XV, XVIII, XX, XXIII, XXIV, XXV baplarynda göz öňünde tutulan işlerden we hyzmatlardan başga aragatnaşyk, lukmançylyk, weterinariýa, audit, maslahat beriş, maglumat hyzmatlary, okuw hyzmatlary we başgalar bilen baglanyşykly şertnamalara degişlidir.

### 704-nji madda. Tölegli hyzmatlar etmek şertnamasynyň ýerine ýetirilmegi

Tölegli hyzmatlar etmek şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ýerine ýetiriji hyzmatlary hut özi ýerine ýetirmäge borçludyr.

### 705-nji madda. Hyzmatlar üçin töleg

1. Buýrujy özüne edilen hyzmatlar üçin tölegli hyzmatlar etmek şertnamasynda görkezilen möhletde we tertipde tölemeklige borçludyr.

2. Buýrujynyň günäsi bilen hyzmatlary ýerine ýetirip bolmaýan ýagdaýynda, kanunda ýa-da tölegli hyzmatlar etmek şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, hyzmatlar doly möçberde tölenýär.

3. Haýsydyr bir tarapyň jogapkärçiligi bolmadyk ýagdaýlar sebäpli ýerine ýetirip bolmajak ýagdaý ýüze çykan halatynda, buýrujy kanunda ýa-da hyzmatlar etmek şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, buýrujy ýerine ýetirijiniň hakyky çykdajylarynyň öwezini dolýar.

**706-njy madda. Tölegli hyzmatlar etmek şertnamasyny ýerine ýetirmekden birtaraplaýyn ýüz döndermek**

1. Buýrujy, eger ýerine ýetirijiniň hakyky çykdajylary tölenen bolsa, tölegli hyzmatlar etmek şertnamasyny ýerine ýetirmekden ýüz döndermäge haklydyr.

2. Ýerine ýetiriji, diňe buýrujynyň ýitgileriniň öwezini dolmak şerti bilen, tölegli hyzmatlar etmek şertnamasy boýunça borçnamalary ýerine ýetirmekden ýüz döndermäge haklydyr.

**707-nji madda. Tölegli hyzmatlar etmek şertnamasynyň hukuk taýdan kadalaşdyrylmagy**

Potratçylyk baradaky umumy düzgünler (667-686-njy maddalar), durmuş häsiýetli potratçylygyň düzgünleri (687-690-njy maddalar), gurluşyk potratçylyk şertnamasynyň düzgünleri (691-696-njy maddalar), taslama we gözleg işleri üçin potratçylyk şertnamasynyň düzgünleri (697-698-nji maddalar), ylmy-barlag, tejribe-konstruktorçylyk we tehnologik işler üçin şertnamasynyň düzgünleri (699-702-nji maddalar), eger şu Kodeksiň 703-706-njy maddalaryna we tölegli hyzmatlar etmek şertnamasynyň aýratynlyklaryna garşy gelmese, tölegli hyzmatlar etmek şertnamasyna degişlidir.

**708-nji madda. Maglumat bermek hakynda hyzmatlary etmek şertnamasynyň aýratynlyklary**

Ýerine ýetiriji buýruja belli bir maglumat bermek (maglumat bermek hakynda hyzmatlary etmek şertnamasy) boýunça hereketleri ýerine ýetirmäge borçly bolsa, taraplaryň biriniň ýa-da iki tarapyň belli bir döwürde maglumatlaryň üçünji taraplara mälim edilmegine sebäp bolup biljek hereketleri etmezlik borçnamalary göz öňünde tutulyp bilner.

## XIII BAP. SYÝAHATÇYLYK HYZMATY

**709-njy madda. Düşünje**

Syýahatçylyk hyzmaty – syýahatçylyk işiniň subýektleriniň syýahatçyny ýerleşdirmek, naharlamak, oňa ulag, maglumat-mahabat hyzmatlaryny etmek, şeýle hem syýahatçynyň talaplaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilen beýleki hyzmatlary guramakdyr.

### 710-njy madda. Syýahat hyzmaty şertnamasynyň mazmuny

Syýahatçylyk hyzmaty hakyndaky şertnama boýunça syýahaty guraýjy syýahatlary guramak baradaky ähli hyzmatlaryň jemini sarp edijä (syýahatça) bermegi borç edinýär. Syýahatçy edilen hyzmatlar üçin şertleşilen haky syýahaty guraýja tölemäge borçludyr.

### 711-nji madda. Syýahatçyny üçünji şahs bilen çalşyrmak

1. Syýahat başlanmazyndan öň syýahatçy özüne derek üçünji şahsyň syýahata gatnaşmagyny talap edip biler. Eger üçünji şahs bu syýahata gatnaşmak baradaky aýratyn talaplara laýyk gelmeýän bolsa ýa-da onuň gatnaşmagy Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryna garşy gelýän bolsa, onda syýahaty guraýjy şol üçünji şahsyň gatnaşmagyna garşy bolup biler.

2. Syýahaty guraýjy üçünji şahsyň syýahata gatnaşmagy bilen dörän goşmaça çykdajylaryň tölenilmegini syýahatçydan talap edip biler.

### 712-nji madda. Kepillendirmeleri bermek we kemçilikleri düzetmek

1. Syýahaty guraýjy syýahat guralanda onuň kepillendirilen derejesi bolar ýaly we syýahatyň gymmatyny ýa-da adaty maksatlary ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan maksatlary kanagatlandyrmak ukybyny ýok edýän ýa-da azaldýan kemçilikleri bolmaz ýaly edip guramaga borçludyr.

2. Eger syýahatyň şol derejesi bolmasa, onda syýahatçy kemçilikleriň düzedilmegini talap edip biler. Kemçilikleri düzetmek laýyk gelmeýän çykdajylary talap edýän bolsa, syýahaty guraýjy şol kemçilikleri düzetmekden ýüz dönderip biler.

3. Eger syýahaty guraýjy kemçilikleri syýahatçynyň görkezen ýerlikli möhletlerinde düzetmese, onda syýahatçynyň özi bu kemçilikleri düzedip biler we özüniň çeken zerur çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyny talap edip biler. Eger syýahaty guraýjy kemçilikleri düzetmekden ýüz dönderse ýa-da, eger kemçilikleriň haýal etmezden düzedilmeginde syýahatçynyň aýratyn bähbidi bar bolsa, onda möhletleri kesgitlemek hökman däldir.

### 713-nji madda. Tölemeli haky azaltmak

Eger syýahatyň kemçilikleri bar bolsa, onda kemçilikleriň dowam edýän wagty nazara alnyp, tölenilmeli hak azaldylýar. Eger syýahatçy kemçilikler barada habar bermedik bolsa, onda tölenilmeli hak azaldylmaýar.

**714-nji madda. Kemçilik sebäpli syýahatçynyň başlangyjy boýunça şertnamany ýatyrmak**

1. Eger şu Kodeksiň 712-nji maddasynda görkezilen kemçilik sebäpli, syýahata düýpli zyýan ýetirilen bolsa, onda syýahatçy şertnamany ýatyryp biler. Bu kada syýahaty guraýjynyň bilýän esasly sebäbi boýunça ol syýahata gatnaşyp bilmeýän halatynda hem ulanylýar.

2. Şertnamanyň ýatyrylmagyna diňe syýahaty guraýjynyň kemçilikleri laýyk möhletde düzetmedik halatynda ýol berilýär. Eger kemçilikleri düzetmek mümkin bolmasa ýa-da syýahaty guraýjy olary düzetmekden ýüz dönderse ýa-da şertnamanyň haýal etmän ýatyrylmagy syýahatçynyň aýratyn bähbitleri bilen delillendirilýän bolsa, möhleti kesgitlemegiň zerurlygy ýokdur.

3. Eger şertnama ýatyrylýan bolsa, onda syýahaty guraýjy özüniň hyzmatlary üçin bellenilen haky almak hukugyny ýitirýär. Ýöne ol eýýäm kemçiliksiz edilen hyzmatlar üçin hakyň tölenilmegini talap etmäge hukuklydyr.

4. Eger şertnamada syýahatçyny yzyna getirmek göz öňünde tutulan bolsa, onda syýahaty guraýjy şertnama ýatyrylandan soň ony yzyna getirmäge borçludyr. Şunuň ýaly halatda goşmaça çykdajylar syýahaty guraýjynyň üstüne ýüklenilýär.

**715-nji madda. Zyýanyň öweziniň dolunmagy**

1. Eger syýahatdaky kemçilikler syýahaty guraýjynyň jogapkärçilik çekýän ýagdaýlary sebäpli ýüze çykan bolsa, onda syýahatçy özüniň hakyny azaltmak ýa-da şertnamany ýatyrmak baradaky hukuklaryna garamazdan, talabyň ýerine ýetirilmezligi sebäpli emele gelen zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap edip biler.

2. Eger syýahat başa barmadyk ýa-da talabalaýyk guralmadyk bolsa, onda syýahatçy biderek sarp edilen rugsat wagty üçin degişli pulda öweziniň dolunmagyny talap edip biler.

**716-njy madda. Hak isleýiş wagtynyň möhleti**

1. Syýahatçy şu Kodeksiň 712-715-nji maddalarynda göz öňünde tutulan talaplary syýahaty guraýja şertnamada görkezilen syýahat möhleti tamamlanandan soň bir aýyň dowamynda bildirip biler. Eger talap bildirmegiň möhletiniň geçirilmeginde özi günäkär bolmasa, görkezilen möhlet tamamlanandan soň syýahatçy öz talaplaryny bildirip biler.

2. Syýahatçynyň talaplary boýunça hak isleýiş wagtynyň möhleti alty aýdyr. Hak isleýiş wagt möhletiniň geçip başlamagy syýahaty guraýjynyň syýahatçynyň talabyny kabul etmedik gününden başlanýar.

**717-nji madda. Jogapkärçiligi ýol berilýän derejede çäklendirmek**

Syýahaty guraýjy syýahatçy bilen ylalaşyp, özüniň hyzmatlary üçin öz jogapkärçiligini üç esse hak tölemek möçberi bilen çäklendirip biler, eger:

1) syýahatça ýetirilen zyýan bilgeşleýin ýa-da geleňsizlik bilen edilen hereketler sebäpli ýüze çykmadyk bolsa;

2) syýahaty guramak boýunça aýry-aýry borçnamalary ýerine ýetirijileriň biriniň günäsi sebäpli ýeten zyýan üçin syýahaty guraýjynyň ýeke-täk özi syýahatçynyň öňünde jogapkärçilik çekýän bolsa.

**718-nji madda. Syýahat başlanmazyndan öň şertnamadan ýüz döndermek**

1. Syýahatçy syýahat başlanmazyndan öň islendik pursatda şertnamadan ýüz dönderip biler.

2. Şertnamadan ýüz dönderilende syýahaty guraýjy şertleşilen haky almak hukugyny ýitirýär. Şonuň bilen birlikde ol tygşytlan çykdajylaryny aýryp, şonuň ýaly-da başga ýol bilen hyzmat etmek netijesinde özüniň alyp biljek peýdasyny aýyrmak bilen, möçberi bellenilen hakyň jeminden ugur alnyp kesgitlenilýän degişli öweziniň dolunmagyny talap edip biler.

**719-njy madda. Ýeňip geçip bolmaýan güýjüň netijesinde şertnamany ýatyrmak**

1. Eger şertnama baglaşylanda öňünden görüp bolmadyk we ýeňip geçip bolmaýan güýçleriň netijesinde syýahaty amala aşyrmak düýpli çylşyrymlaşýan bolsa ýa-da onuň amala aşyrylmagyna howp abansa, syýahatçy hem, syýahaty guraýjy hem şertnamany ýatyryp bilerler.

2. Şeýle ýagdaýlarda şertnama ýatyrylanda şu Kodeksiň 714-nji maddasynyň üçünji böleginiň birinji sözleminiň we dördünji böleginiň birinji sözleminiň kadasy ulanylýar. Syýahatçyny yzyna getirmek boýunça goşmaça çykdajylary taraplar deň paýda çekýärler. Beýleki ýagdaýlarda goşmaça çykdajylary syýahatçy çekýär.

**720-nji madda. Syýahatçynyň kanuny hukuklaryny çäklendirýän ylalaşyklara ýol bermezlik**

Şu Kodeksiň 709-719-njy maddalarynyň kadalary syýahatçynyň zyýanyna üýtgedilip bilinmez.

## XIV BAP. DAŞAÝYŞ

### §1. Daşaýyş şertnamasy

**721-nji madda. Düşünje**

Daşaýyş şertnamasy boýunça daşaýjy ylalaşylan töleg üçin ýüki bellenilen ýerine eltmäge ýa-da ýolagçylary äkitmäge borçludyr.

**722-nji madda. Daşaýjynyň jogapkärçiligi**

1. Daşaýjy ýolagça ýetirilen zyýan, şeýle hem onuň ýüküniň zaýalanandygy ýa-da ýitirilendigi üçin jogapkärçilik çekýär.

2. Eger zyýan ýeňip geçip bolmaýan güýjüň täsiri netijesinde ýa-da ýolagçynyň özi ýa-da onuň ýüki tarapyndan ýetirilen bolsa, jogapkärçilik ýüze çykmaýar.

3. Daşaýjynyň jogapkärçiligi şertnama bilen aýrylyp ýa-da çäklendirilip bilinmez.

**723-nji madda. Şertnama baglaşmak borjy**

Ýükleri eltmegi we ýolagçylary gatnatmagy jemagat öňünde teklip edýän şahs, eger ýüz döndermek üçin esaslar bolmasa, daşaýyş şertnamasyny baglaşmaga borçludyr.

**724-nji madda. Birnäçe ulag serişdeleri bilen ýük daşamak**

Eger ýükli ulag ýoluň bir bölegine deňiz, demir ýol ýa-da howa ulagy bilen eltilse we şu Kodeksiň 737-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda ýük düşürilmeýän bolsa, onda tutuşlygyna ýük daşamak üçin şu babyň kadalary ulanylýar.

**725-nji madda. Şertnamanyň görnüşi**

Daşaýyş şertnamasy haryt-ulag delilhaty görnüşinde resmileşdirilýär. Haryt-ulag delilhaty elektron görnüşinde resmileşdirilip bilner. Haryt-ulag delilhatyň, onuň kemçilikleriniň ýa-da ýitirilmeginiň ýoklugyna garamazdan, daşaýyş şertnamasynyň mazmuny we hakykylygy şu babyň kadalary bilen kesgitlenilýär.

**726-njy madda. Haryt-ulag delilhaty düzmegiň düzgünleri**

1. Haryt-ulag delilhaty iberiji we ýük daşaýjy tarapyndan gol çekilýän üç nusgada düzülýär. Birinji nusga iberijide galýar, ikinjisi ýüküň ýanyna goşulýar, üçünjini ýük daşaýjy özünde galdyrýar.

2. Eger daşalmaga degişli ýük ulag serişdeleriniň birnäçesine bölünýän ýa-da dürli görnüşdäki ýa-da gürrüň aýry-aýry tapgyrlara paýlanan ýük barada bolsa, hem iberiji, hem ýük daşaýjy ulagyň ýa-da ýüküň näçe görnüşi bolsa, şonça-da haryt-ulag delilhatyň düzülmegini talap edip bilerler.

**727-nji madda. Haryt-ulag delilhatyň rekwizitleri**

1. Haryt-ulag delilhatda aşakdaky maglumatlar bolmalydyr:

1) berlen senesi we ýeri;

2) iberijiniň ady we salgysy;

3) ýük daşaýjynyň ady we salgysy;

4) ýüküň berilmeli ýeri we senesi, şeýle hem ýüküň eltilmeli ýeri;

5) alyjynyň ady we salgysy;

6) ýüküň görnüşiniň adaty ady, gaplanyşynyň görnüşi, howp döredýän ýüklerde olaryň umumy ykrar edilen belgisi;

7) daşalýan ýüküň mukdary, nyşanlary we belgileri;

8) ýüküň agramy ýa-da mukdarynyň gaýry belgisi;

9) ýük daşamak bilen baglanyşykly çykdajylar (ýük daşamagyň bahasy, goşmaça çykdajylar, gümrük ýygymlary we şertnama baglaşylan pursadyndan we ýüki eltmäge çenli ýüze çykýan gaýry çykdajylar);

10) gümrük we şoňa meňzeş gaýry gulluklaryň bellikleri;

11) taraplaryň ylalaşygyna garamazdan, ýük daşamak şu babyň kadalarynyň täsirine düşýändigi hakynda bellik.

2. Zerur bolanda haryt-ulag delilhatda aşakdaky maglumatlar bolmalydyr:

1) başga ulaga täzeden ýüklemek gadaganlygy;

2) iberijiniň öz üstüne alýan çykdajylary;

3) ýük iberilende tölenilmäge degişli nyrhy ýokarlandyrmagyň möçberleri;

4) ýüküň gymmaty we onuň iberilmegine bolan aýratyn gyzyklanmalar;

5) iberijiniň ýüküň ätiýaçlandyryşy hakynda ýük daşaýja görkezmesi;

6) ýük daşamagy tamamlamagyň ylalaşylan möhleti;

7) ýük daşaýja berlen resminamalaryň sanawy.

3. Haryt-ulag delilhatda taraplaryň girizilmegi maksada laýyk hasap eden beýleki maglumatlary hem bolup biler.

**728-nji madda. Iberijiniň jogapkärçiligi**

1. Iberiji haryt-ulag delilhatda aşakdakylaryň nädogry ýa-da doly däl berilmeginiň netijesinde dörän ähli çykdajylar we zyýan üçin jogapkärçilik çekýär:

1) şu Kodeksiň 727-nji maddasynyň birinji böleginiň 2-nji, 4-8-nji we 10-njy bentlerinde sanalyp geçilen maglumatlar;

2) şu Kodeksiň 727-nji maddasynyň ikinji böleginde sanalyp geçilen maglumatlar;

3) beýleki ähli maglumatlar ýa-da iberijiniň haryt-ulag delilhaty düzmek ýa-da oňa girizmek üçin görkezmeleri.

2. Eger ýük daşaýjy iberijiniň talap etmegi boýunça şu maddanyň birinji böleginde sanalyp geçilen maglumatlary haryt-ulag delilhata girizse, onda ol garşysyna subut edilýänçä, ýük daşaýjy iberijiniň adyndan hereket etdi diýlip hasap edilýär.

3. Eger haryt-ulag delilhatda şu Kodeksiň 727-nji maddasynyň birinji böleginiň 11-nji bendinde göz öňünde tutulan maglumatlar bolmasa, onda iberiji bu maglumatlaryň görkezilmezliginiň netijesinde ýüke bolan hukuklara eýelik edijide dörän ähli çykdajylar we zyýan üçin jogapkärçilik çekýär.

**729-njy madda. Daşaýjynyň ýük alandaky borçlary**

1. Ýüki alanda daşaýjy şulary barlamaga borçludyr:

1) haryt-ulag delilhatda bellenilen orunlaryň sany, ýüküň belgileri we möçberleri hakyndaky maglumatlaryň dogrudygyny;

2) ýüküň daşky ýagdaýyny we onuň gaplanyşyny.

2. Eger ýük daşaýjy şu maddanyň birinji böleginiň 1-nji bendinde görkezilen maglumatlary barlamak mümkinçiliginden mahrum bolsa, onda ol ýerine ýetirilmäge degişli şertleri haryt-ulag delilhata girizýär. Ol ýüküň daşky ýagdaýyna we onuň gaplanylyşyna dahylly şertleri hem şonuň ýaly görnüşde girizmelidir. Bu görkezmeler iberiji üçin hökman däldir, muňa onuň haryt-ulag delilhatda olary aýdyň ykrar eden halatlary degişli däldir.

3. Iberiji ýüküň agramyny ýa-da onuň sanyny başga görnüşde aňladylan mukdaryny gaýtadan barlamagy ýük daşaýjydan talap edip biler. Ol şeýle hem daşalmaga degişli ýüküň düzümini barlamagyny ýük daşaýjydan talap edip biler. Ýük daşaýjy şeýle barlaglar bilen baglanyşykly çykdajylaryň öweziniň dolunmagyny talap etmäge hukuklydyr. Gaýtadan barlagyň jemleri haryt-ulag delilhatda bellenilmelidir.

### 730-njy madda. Ýük daşamak şertnamasyny baglaşmagyň prezumpsiýasy

1. Haryt-ulag delilhat (konosament ýa-da daşamak üçin kabul edilen başga görnüş), garşysyna subut edilýänçä, şertnamanyň baglaşylandygynyň, onuň mazmunynyň kesgitlenendiginiň we ýüküň ibermek üçin daşaýjy tarapyndan kabul edilendiginiň subutnamasydyr.

2. Eger haryt-ulag delilhatda ýük daşaýjynyň şertleri görkezilmedik bolsa, onda garşysyna subut edilýänçä, kabul edilende ýük we onuň gaplanyşy daşyndan oňat ýagdaýda we orunlaryň sany, nyşanlar we bellikler haryt-ulag delilhatda ýazylan maglumatlara laýyk gelýär diýlip hasap edilýär.

### 731-nji madda. Ýüküň ýaramaz hilli gaplanmagyndan ýetirilen zyýan üçin iberijiniň jogapkärçiligi

Iberiji ýüküň ýaramaz hilli gaplanmagy netijesinde adamlara, ýük daşaýjynyň emlägine ýetirilen zyýan üçin, şeýle hem ýaramaz hilli gaplamak bilen baglanyşykly çykdajylar üçin ýük daşaýjynyň öňünde jogapkärçilik çekýär, muňa kemçilikleriň aýdyň bolan ýa-da ýük kabul edilende ýük daşaýjynyň bu hakda bilen we şunuň bilen baglanyşykly haýsydyr bir şertleri görkezmedik halatlary girmeýär.

### 732-nji madda. Iberijiniň zerur maglumaty bermek borjy

1. Iberiji harydyň eltilmegine çenli gümrük we şu zeýilli beýleki hereketleri ýerine ýetirmek üçin zerur bolan ähli resminamalary haryt-ulag delilhata goşmalydyr ýa-da ýük daşaýja bu resminamalary we oňa ähli zerur maglumatlary bermelidir.

2. Ýük daşaýjy bu resminamalaryň we maglumatyň dogrulygyny we ýeterliklidigini barlamaga borçly däldir. Iberiji resminamalaryň we maglumatlaryň ýeterlik bolmazlygy we takyk däldigi sebäpli dörän zyýan üçin ýük daşaýjynyň

öňünde jogapkärçilik çekýär, muňa ýük daşaýjynyň günäsi bilen bolan halatlar degişli däldir.

3. Ýük daşaýjy haryt-ulag delilhatda görkezilen ýa-da ýük daşaýja berlen resminamalary ýitirilenligi ýa-da nädogry ulanandygy üçin jogapkärçilik çekýär; onuň üstüne ýük ýitirilende ýüze çykýandakydan köp jogapkärçilik ýüklenilip bilinmez.

**733-nji madda. Iberijiniň hukuklary**

1. Iberiji ýüke ygtyýar etmäge, ýük daşamagyň bes edilmegini, ýüküň eltmeli ýerini üýtgetmäge hem-de ýük daşaýjydan onuň ýüki haryt-ulag delilhatda bellenilenlerden başga şahslara bermezligini talap etmäge ygtyýarlydyr.

2. Eger ýüki alyjy öz hukugyny şu Kodeksiň 734-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda ulansa, bu hukuk haryt-ulag delilhatyň ikinji nusgasynyň ýüki alyja berilmegi bilen bir wagtda ýatyrylýar. Şu pursatdan başlap ýük daşaýjy alyjynyň görkezmelerini ýerine ýetirmelidir.

3. Eger iberiji haryt-ulag delilhatda degişli bellikleri eden bolsa, alyjynyň haryt-ulag delilhat resmileşdirilenden ýüke ygtyýar etmäge hukugy bardyr.

4. Eger alyjy ygtyýar etmek hukugyny amala aşyranda ýüki üçünji şahsa eltmegi görkezse, üçünji şahs öz nobatynda başga alyjyny görkezmäge ygtyýarly däldir.

5. Ygtyýar etmek hukugyny amala aşyrmak aşakdaky düzgünlere laýyk bolmalydyr:

1) eger iberiji ýa-da şu maddanyň üçünji böleginde görkezilen halatlarda, alyjy öz ygtyýar etmek hukugyny amala aşyrmak isleýän bolsa, onda ol haryt-ulag delilhatyň birinji nusgalygyny bermelidir, onda ýük daşaýja berlen täze görkezmeler bolmalydyr we ýük daşaýjynyň bu görkezmeleri ýerine ýetirenden soň ýüze çykan ähli çykdajylarynyň we ýitgileriniň öwezi dolunmalydyr;

2) görkezmäni ýerine ýetirmek bu görkezmäni ýerine ýetirmeli şahsa onuň gelip gowuşmaly pursadynda mümkin bolmalydyr hem-de ol ýük daşaýjynyň adaty önümçilik işine päsgelçilikleri döretmegine we beýleki iberijileriň ýa-da alyjylaryň ýüklerine zyýan ýetirmegine ýol bermeli däldir;

3) görkezmeler ýüküň böleklenilmegine getirmeli däldir.

6. Eger ýük daşaýjy şu maddanyň bäşinji böleginiň 3-nji bendiniň esasynda alnan görkezmäni ýerine ýetirip bilmeýän bolsa, ol bu barada görkezme beren şahsa haýal etmän habar bermelidir.

7. Şu maddanyň talaplaryny berjaý etmek bilen berlen görkezmeleri ýerine ýetirmeýän ýa-da haryt-ulag delilhatyň birinji nusgasyny talap etmezden bu görkezmeleri ýerine ýetirýän ýük daşaýjy, şol sebäpli ýüze çykan zyýan üçin ygtyýarly şahsyň öňünde jogapkärçilik çekýär.

**734-nji madda. Ýük berlende alyjynyň hukuklary**

1. Ýük bermek üçin göz öňünde tutulan ýerine eltilende, alyjy alandygyny tassyklamagyň esasynda haryt-ulag delilhatyň ikinji nusgalygynyň berilmegini ýük

daşaýjydan talap etmäge hukuklydyr hem-de şunuň bilen ýük berlen diýlip hasap ediler. Eger ýükde ýetmezçilik ýüze çyksa ýa-da şu Kodeksiň 741-nji maddasynda göz öňünde tutulan möhletlerde ýük eltilmese, alyjy öz adyndan şertnamadan gelip çykýan hukuklary ýük daşaýjynyň garşysyna ulanyp biler.

2. Şu maddanyň birinji böleginde özüne berlen hukuklary ulanýan alyjy haryt-ulag delilhatdan gelip çykýan çykdajylaryň tutuş jemini tölemäge borçludyr. Bu barada jedel ýüze çykanda ýük daşaýjy alyjy oňa diňe üpjünçilik beren ýagdaýynda zady bermäge borçludyr.

### 735-nji madda. Şertnamany ýerine ýetirmegiň mümkin däldigi

1. Eger ýüki bermek üçin göz öňünde tutulan ýerde onuň kabul edilmegine çenli şertnamany haryt-ulag delilhatda görkezilen şertlerde ýerine ýetirmek mümkin bolmasa ýa-da ýerine ýetirmek mümkin däl bolsa, onda ýük daşaýjy şu Kodeksiň 733-nji maddasyna laýyklykda, zat hakynda görkezmeleri bermegini ygtyýarly şahsdan talap etmelidir.

2. Eger ýagdaýlar haryt-ulag delilhatda görkezilen şertlerden tapawutlanýan ýük daşamaga mümkinçilik berse we ýük daşaýjy şu Kodeksiň 733-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýük hakynda hukukly şahsyň görkezmelerini degişli möhletiň dowamynda alyp bilmedik bolsa, onda ol ygtyýarly şahsyň bähbitlerinden ugur alyp, has gowy diýlip ykrar edilip bilinjek çäreleri görmelidir.

### 736-njy madda. Ýüküň berilmegine päsgel berýän ýagdaýlar

1. Eger ýük bellenilen ýerine gelenden soň ýüküň berilmegine päsgel berýän ýagdaýlar ýüze çyksa, onda ýük daşaýjy iberijiden görkezmeleri bermegini talap etmelidir. Eger iberiji görkezmeleri bermese, alyjy hem ýüki kabul etmekden ýüz dönderýän bolsa, ýük daşaýjy haryt-ulag delilhatyň birinji nusgasyny görkezmezden ýüke özi ygtyýar etmäge ygtyýarlydyr.

2. Alyjy ýüki kabul etmekden ýüz dönderende hem, ýük daşaýjy heniz iberijiden gapma-garşylykly görkezmeleri almanka, ýüküň berilmegini talap edip biler.

3. Eger ýüküň berilmegine päsgel berýän şert alyjynyň şu Kodeksiň 733-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda ýüki üçünji şahsa bermek barada görkezme berenden soň ýüze çykan bolsa, onda şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan kadalar ulanylanda alyjy iberijini, üçünji şahs bolsa alyjynyň ornuny tutýar.

### 737-nji madda. Iberijiniň görkezmeleri esasynda edilen çykdajylaryň öweziniň dolunmagyna bolan hukuk

1. Ýük daşaýjy iberijiniň görkezmesini almagy ýa-da ýerine ýetirmegi netijesinde öz eden çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyna bolan hukuga eýedir, muňa şol çykdajylaryň zerurlygy onuň günäsi boýunça ýüze çykan halatlary girmeýär.

2. Şu Kodeksiň 735-nji maddasynyň birinji bölegine we 736-njy maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda ýük daşaýjy ygtyýarly şahsyň hasabyna ýüki gyssagly düşürip biler; ýük düşürilenden soň ýük daşamak tamamlanan diýlip hasap edilýär. Şundan soň ýük daşaýjy ýüki ygtyýarly şahs üçin saklamalydyr. Ol muny üçünji şahsa tabşyryp biler. Şeýle halatlarda onuň üstüne diňe üçünji şahsy seçip almakda jogapkärçilik düşýär. Haryt-ulag delilhatdan gelip çykýan ähli talaplar we çykdajylar ýüküň gymmatyndan tölenilýär.

3. Eger iş tiz zaýalanýan azyklara dahylly bolsa ýa-da ýüküň ýagdaýy şeýle hereketleri ödese ýa-da saklamak üçin çykdajylar ýüküň gymmatyndan ýokary geçse, ýük daşaýjy ygtyýarly şahsyň görkezmelerine garaşmazdan ýüki satmak hakynda görkezme berip biler. Ol kesgitli wagtyň dowamynda taraplaryň birinden görkezmeler almadyk beýleki halatlarda hem harydy satyp biler.

4. Eger haryt şu madda laýyklykda satylan bolsa, düşen puluň möçberi ýük bilen baglanyşykly çykdajylary aýyrmak bilen, ygtyýarly şahsa berilmelidir. Eger bu çykdajylar girdejiden ýokary bolsa, ýük daşaýjy tapawudyň öweziniň dolunmagyny talap edip biler.

5. Satmagyň kadalary ýüküň ýerleşýän ýeriniň kanunlary we adatlary bilen kesgitlenilýär.

**738-nji madda. Daşaýjynyň girew hukugy**

Ýük daşamak şertnamasyndan ýüze çykan çykdajylar bilen baglanyşykly ýük daşaýjy şu ýüke ygtyýar etmäge hukukly bolan wagtyna çenli ýüke bolan girew hukugyna eýedir.

## §2. Daşaýjynyň jogapkärçiligi

**739-njy madda. Daşaýjynyň jogapkärçiliginiň esasy şertleri**

1. Eger ýük alnan pursadyndan tabşyrmaga çenli döwürde ýitirilse ýa-da zaýalansa, ýük daşaýjy ýüküň doly ýa-da bölekleýin ýitirilenligi ýa-da zaýalananlygy, şeýle hem eltmek möhletini geçirenligi üçin jogapkärçilik çekýär.

2. Ýüküň ýitirilmegi, zaýalanmagy ýa-da ýüki eltmegiň möhletiniň geçirilmegi ygtyýarly şahsyň günäsi ýa-da onuň görkezmesi boýunça bolan bolsa, onuň üçin ýük daşaýjy jogapkärçilik çekmeýän, şonuň ýaly hem ýüküň şeýle kemçilikleriniň ýa-da ýük daşaýjynyň düzedip bilmedik we olaryň netijeleriniň öňüni alyp bilmedik ýagdaýlary netijesinde ýüze çykan bolsa, ýük daşaýjy jogapkärçilikden boşadylýar.

3. Ýük daşaýjy jogapkärçilikden boşadylmak maksady bilen, ýük daşamak üçin ulanylan ulag serişdesiniň kemçiliklerine, bu serişdeleri kireýine berijiniň günäsine ýa-da kireýine alyjynyň hyzmat ediji işgärleriniň günäsine hem salgylanyp bilmez.

4. Şu Kodeksiň 740-njy maddasynyň ikinji-bäşinji böleklerinde görkezilen şertler bar ýagdaýynda, eger ýüküň ýitirilmegi ýa-da zaýalanmagy aşakda görkezilen ýagdaýlar bilen baglanyşykly aýratyn howp netijesinde ýüze çykan bolsa, ýük daşaýjy jogapkärçilikden boşadylýar:

1) açyk, ýapylmadyk ulag serişdesi ulanylyp, eger onuň ulanylmagy göni ylalaşylan we haryt-ulag delilhatda bellenilen bolsa;

2) ýük gaplanmadyk ýa-da ýaramaz hilli gaplanan bolsa;

3) ýüki gözden geçirmek, ýüklemek, ýerleşdirmek ýa-da düşürmek iberiji, alyjy ýa-da olar üçin hereket edýän üçünji şahs tarapyndan geçirilýän bolsa;

4) belli bir ýükleriň aýratynlyklary netijesinde, hususan-da, döwülmek, poslamak, çüýremek, guramak, dökülmek, kadaly ýitgiler we mör-möjekleriň ýa-da gemrijileriň täsiri bilen ýükleriň tutuş ýa-da bölekleýin ýitmek ýa-da zaýalanmak howpy çak edilýän bolsa;

5) daşamak üçin niýetlenilen ýük ýeterlik derejede bellenilmedik ýa-da belgilenilmedik bolsa;

6) mallar daşalýan bolsa.

Eger şu maddanyň esasynda ýük daşaýjy zyýan ýetmegine getiren aýry-aýry ýagdaýlar üçin jogapkärçilik çekmeýän bolsa, onda ol diňe şu maddanyň esasynda jogap berýän ýagdaýlarynda ýetirilen zyýanyň möçberinde jogapkärçilik çekýär.

### 740-njy madda. Subut etmek borjy

1. Ýüküň ýitirilmegine ýa-da zaýalanmagyna, eltmek möhletiniň geçirilmegine şu Kodeksiň 739-njy maddasynyň ikinji böleginde görkezilen ýagdaýlaryň eltenligini subut etmek ýük daşaýjynyň üstüne ýüklenilýär.

2. Eger ýük daşaýjy kem gelmegiň ýa-da zaýalanmagyň şu Kodeksiň 739-njy maddasynyň dördünji böleginde sanalyp geçilen howplaryň biriniň ýa-da birnäçesiniň getirip bilendigini anyk işiň ýagdaýlaryndan ugur alyp subut etse, zyýan şondan dörän diýlip hasap edilýär. Ygtyýarly şahs zyýanyň şu howpdan ýüze çykmandygyny ýa-da diňe bir bu howpdan däldigini subut edip biler.

3. Bu kada daşalýan ýük ekstremal şertlerde ýitirilende ýa-da ýok edilende şu Kodeksiň 739-njy maddasynyň dördünji böleginiň 1-nji bendinde göz öňünde tutulan ýagdaýlar bolanda ulanylmaýar.

4. Eger ýük daşamak ýüki yssydan, sowukdan, temperaturanyň üýtgäp durmagyndan ýa-da ýelden goramak üçin ýörite enjamlary bolan ulag serişdesi bilen amala aşyrylýan bolsa, ýük daşaýjy diňe, eger bu enjamy seçip almak, ulanmak we peýdalanmak üçin zerur çäreleri görendigini we özüne bildirilen ähli talaplary ýerine ýetirendigini subut eden halatynda, şu Kodeksiň 739-njy maddasynyň dördünji bölegine salgylanyp biler.

5. Ýük daşaýjy diňe, eger öz üstüne ähli ýüklenen çäreleri we özüne berlen görkezmeleri ýerine ýetirendigini subut eden halatynda, şu Kodeksiň 739-njy maddasynyň dördünji böleginiň 4-nji bendini ulanyp biler.

### 741-nji madda. Ýüki eltmegiň möhletiniň geçirilmegi

Eger ýük ylalaşylan möhletde eltilmese ýa-da eger ýük bölekler boýunça ýüklenilende ýüküň böleklerini bütewä birleşdirmäge wagty kesgitlemek bilen baglanyşykly ýagdaýlar nazara alnyp, möhletinde ýük daşamak üçin adaty zerur

möhlet görkezilmese, eger ätiýaçly ýük daşaýjy tarapyndan adaty şertlerde berjaý etmeli möhlet bozulan bolsa, eltmek möhleti geçirilen diýlip hasap edilýär.

### 742-nji madda. Ýüküň ýitirilmegi

1. Ygtyýarly şahs, eger ylalaşylan möhletden soň otuz günüň dowamynda ýük bellenilen ýerine eltilmese ýa-da ýük daşaýjy tarapyndan ýük alnandan soň altmyş günüň geçmegi bilen ýa-da şeýle möhlet öňünden gepleşilmedik bolsa, goşmaça subutnamalary bermezden ýüki ýitirilen diýip hasap edip biler.

2. Ygtyýarly şahs ýüküň ýitirilmegi bilen baglanyşykly zyýanyň öwezi dolunanda, eger öwezi dolunandan soň bir ýylyň dowamynda ýitirilen ýük tapylsa, özüne haýal etmän habar berilmegini ýazmaça görnüşde talap edip biler. Bu talaba jogap hem ýazmaça görnüşde berilmelidir.

3. Ygtyýarly şahs şeýle habary alandan soň otuz gün möhletde haryt-ulag delilhatdan gelip çykýan talaplar ýerine ýetirilenden soň we alnan öwezini dolmanyň gaýtarylyp berlen şertinde zyýanyň öwezi dolunanda ýüze çykan çykdajylary aýyrmak bilen, ýüküň özüne tabşyrylmagyny talap edip biler; ýük daşamagyň möhletiniň geçirilmegi bilen baglanyşykly öwezini dolmak hakynda onuň talaplary şu Kodeksiň 745-nji we 747-nji maddalaryna laýyklykda üýtgewsiz galýar.

4. Eger şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan talap bildirilmese ýa-da şu maddanyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan otuz gün möhlete salgylanmalar bolmasa ýa-da ýük tölegden bir ýyl geçenden soň tapylsa, ýük daşaýjy ýüküň ýerleşýän ýerindäki hereket edýän kadalara laýyklykda ýüke ygtyýar edip biler.

### 743-nji madda. Goşmaça hak tölenmegini talap etmek hukugy

Eger ýük bellenilen ýerine eltilenden soň daşaýjy almaly goşmaça haky almazdan ýük alyja gowşurylan bolsa, onda daşaýjy alyjynyň regres hukugyna salgylanyp, iberijiden öweziniň dolunmagyny talap edip biler.

### 744-nji madda. Howply bolup durýan ýükleri ibermegiň düzgünleri

1. Eger iberiji howply bolup durýan ýükleri iberýän bolsa, onda ol ýük daşaýja takyk maglumaty bermäge hem-de ýüküň howplulygy hakynda duýdurmaga, zerur halatynda bu ýüki ätiýaçlandyrmaga borçludyr. Eger bu borçnama haryt-ulag delilhata girizilmedik bolsa, onda iberijä we alyja harydyň görnüşi we garaşylýan howp barada ýük daşaýjynyň bilendigini başga serişdeler arkaly subut etmek borjy ýüklenilýär.

2. Ýük daşaýjy zyýanyň öwezini dolmak borçnamasy bolmazdan, howply bolup durýan we şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda, howplulygy özüne hiç zat mälim bolmadyk ýüki islendik wagt we islendik ýerde düşürip, ýok edip ýa-da zyýansyzlandyryp biler; iberiji hem bu ýükleri daşamak üçin tabşyrylan ýa-da daşamak netijesinde dörän zyýan we çykdajylar üçin jogapkärçilik çekýär.

### 745-nji madda. Ýük ýitirilende onuň gymmatyny kesgitlemek

1. Eger şu babyň düzgünlerine laýyklykda, daşaýjy ýüküň doly ýa-da bölekleýin ýitirilmegi bilen baglanyşykly ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçly bolsa, zyýanyň öwezini dolmak bu harydyň berlen ýerinde we berlen pursadynda hereket edýän bahalary boýunça amala aşyrylýar.

2. Ýüküň gymmaty birža bahasy boýunça, şeýle baha bolmadyk halatynda bazar bahasy boýunça, ol hem bolmasa şoňa meňzeş görnüşdäki we gymmatdaky ýükler boýunça kesgitlenilýär.

3. Ýük daşamagyň, gümrük we şoňa meňzeş beýleki çykdajylaryň jemi möçberi, ýöne tutuş ýük ýitirilende doly, onuň bir bölegi ýitirilende bolsa, bölekleýin gaýtarylyp berilmäge degişlidir.

4. Ygtyýarly şahs, eger ýüki eltmegiň möhleti geçirilen we munuň zyýanyň ýetmegine getirendigini subut etse, ýük daşaýjy şol ýüküň gymmatynyň çäklerinde zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr. Şu Kodeksiň 747-nji maddasyna laýyklykda, bu ýük daşama aýratyn gyzyklanma bolsa ýa-da ýüküň gymmaty görkezilen bolsa, onuň öweziniň uly möçberde dolunmagy talap edilip bilner.

### 746-njy madda. Ýük zaýalananda zyýanyň öwezini dolmak

1. Ýük zaýalananda ýük daşaýjy ýüküň möçberinden azalan gymmatynyň öwezini dolmalydyr. Görkezilen möçber şu Kodeksiň 745-nji maddasynyň birinji-üçünji böleklerinde bellenilen tertipde kesgitlenilýär.

2. Zyýanyň öwezini dolmak şulardan ýokary bolmaly däldir:

1) zaýalanmagy sebäpli ähli ýüküň bahasy doly gaçan bolsa, ähli ýük ýitirilendäki ýaly tölenilmeli bolan möçberinden;

2) zaýalanmagy sebäpli ýüküň diňe bir böleginiň bahasy gaçan bolsa, ýüküň bir bölegi ýitirilendäki ýaly tölenilmeli bolan möçberinden.

### 747-nji madda. Haryt-ulag delilhatda aýratyn gyzyklanma hakynda bellik

1. Iberiji goşmaça töleg geçirmegiň esasynda şeýle ýük daşama ýük ýitirilen ýa-da zaýalanan ýa-da möhleti geçirilen halatynda, özüniň aýratyn gyzyklanmasyny belläp biler.

2. Eger şu ýük daşama aýratyn gyzyklanma eýýäm aňladylan bolsa, şu Kodeksiň 745-nji we 746-njy maddalarynda göz öňünde tutulan zyýanyň öweziniň dolunandygyna garamazdan, gyzyklanmada aňladylan möçberlerde zyýanyň goşmaça öweziniň dolunmagy talap edilip bilner.

### 748-nji madda. Üpjün edilen zyýanyň öwezini dolmak boýunça göterimleri talap etmek

1. Ýüke ygtyýarly bolan şahs özüne zyýanyň öwezini üpjün etmekden ýyllyk bäş göterimleriň tölenmegini talap edip biler. Göterimleriň hasaby ýük daşaýja

nägilelik bildirilen günden, eger nägilelik bildirilmedik bolsa, hak isleg girizilen günden başlanýar.

2. Eger zyýanyň öwezini dolmak ýurtda ýöremeýän pul birliklerinde bellenilen we tölemek talap edilen bolsa, hümmeti zyýan üçin tölenen ýerinde töleg gününde hereket eden hümmete laýyklykda kesgitlenilýär.

**749-njy madda. Ýükleri daşamakda şertnamadan daşary talaplar**

1. Ýük daşaýjy, eger ýük daşamakda kem gelmek, zaýalanmak ýa-da möhletini geçirmek hereket edýän kadalar boýunça şertnamadan daşary talaplara getirmegi mümkin bolsa, onda munuň garşysyna onuň jogapkärçiligini aýyrýan ýa-da öwezini dolmagyň möçberini kesgitleýän ýa-da çäklendirýän şu babyň kadalaryna salgylanyp biler.

2. Eger ýitmek, zaýalanmak ýa-da möhletini geçirmek boýunça şertnamadan daşary jogapkärçiligiň talaplary taraplaryň biri babatda ulanylsa, onda ol özüniň jogapkärçiligini aýyrýan ýa-da zyýanyň öweziniň dolunmagyny kesgitleýän ýa-da çäklendirýän şu babyň kadalaryna salgylanyp biler.

**750-nji madda. Daşaýjyny jogapkärçilikden boşatmaga ýol bermezlik**

Eger zyýan ýük daşaýjynyň günäsi bilen dörän bolsa, ol öz jogapkärçiligini aýyrýan ýa-da ony subut etmek borjundan boşadýan şu babyň kadalaryna salgylanyp bilmez.

## §3. Nägilelik (reklamasiýa) we hak isleýiş

**751-nji madda. Mazmuny**

1. Eger alyjy harydy ýük daşaýjy bilen bilelikde barlaman kabul etse we ýük daşaýja kem gelmek we ýitgiler sebäpli umumy häsiýetdäki nägilelikleri bildirmese, onda garşysyna subut edilýänçä, alyjy ýüki haryt-ulag delilhatda görkezilen ýagdaýda aldy diýlip hasap edilýär; eger gürrüň ýüküň daşyndan mälim bolan kem gelmegine ýa-da zaýalanmalaryna dahylly bolsa, agzalan nägilelikler ýüküň kabul edilen gününde, kem gelmegi ýa-da zaýalanmalar daşyndan belli bolmadyk halatynda, ýük kabul edilen gününden başlap ýedi günden gijä galman bildirilmelidir. Eger kemligi we zaýalanmalar daşyndan bildirmese, onda bu nägilelikler ýazmaça görnüşde bildirilmelidir.

2. Eger alyjy we ýük daşaýjy ýüküň ýagdaýyny bilelikde barlasalar, onuň kemligi we zaýalanmalar daşyndan belli bolmadyk we alyjy kabul edendeň soň ýedi günüň dowamynda ýazmaça nägilelikler bildirilmedik halatynda, diňe şonda barlagyň netijelerine garşylyklaýyn subutnama ýol berilýär.

3. Alyjy tarapyndan ýük kabul edilen günden başlap ýigrimi bir günüň dowamynda ýük daşaýja ýazmaça nägilelikler bildirilen bolsa, diňe şonda möhletiň geçirilmegi boýunça zyýanyň öwezini dolmak talabyny bildirmek mümkindir.

4. Şu maddada göz öňünde tutulan möhletler hasaplanylanda ýüküň iberilen, onuň barlanylan ýa-da alyja tabşyrylan günleri hasap edilmeýär.

5. Daşaýjy we alyjy zerur barlaglary geçirmekde we gerekli faktlary anyklamakda birek-birege ýardam etmelidirler.

**752-nji madda. Daşaýyşdan gelip çykýan hukuklar boýunça hak isleýiş wagt möhleti**

Şu bapda göz öňünde tutulan ýük daşamakdan gelip çykýan hukuklar boýunça hak isleýiş wagtynyň möhleti bir ýyla deňdir. Niýetde we gödek seresapsyzlykda bu möhlet üç ýyla deňdir. Hak isleýiş wagtynyň möhleti:

1) ýük bölekleýin ýitirilende, zaýalananda ýa-da möhleti geçirilende - ýüküň gelen gününden;

2) ýük doly ýitirilende - ýük daşamagyň şertleşilen möhleti geçenden soň otuzynjy günden, eger şeýle möhlet bellenilmedik bolsa, ýük daşaýjy tarapyndan ýük kabul edileninden altmyşynjy gününden;

3) ähli beýleki halatlarda - ýük daşamak şertnamasynyň baglaşylan gününden üç aýdan soň geçip başlaýar.

**753-nji madda. Hak isleýiş wagtynyň möhletini togtatmak**

1. Ýük daşaýja ýazmaça nägilelik iberilen gününden başlap, ýük daşaýjynyň nägilelige ýazmaça ýüz dönderme iberen gününe çenli hak isleýiş wagtynyň möhleti togtadylýar. Eger nägilelik bölekleýin ykrar edilen bolsa, nägileligiň jedelli bölegi üçin hak isleýiş wagtynyň möhleti dowam edýär. Nägileligiň alnanlygy ýa-da oňa jogap bermegi subut etmek borjy olara esaslanýan şahsyň üstüne ýüklenilýär. Şol bir närsä dahylly beýleki nägilelikler hak isleýiş wagtynyň möhletini togtatmaýar.

2. Möhleti geçirilen hak islegler garşylyklaýyn hak islegi ýa-da jedelleşmek arkaly ulanylyp bilinmez.

## §4. Birek-biregi çalyşýan dürli daşaýjylar tarapyndan amala aşyrylýan daşaýyşlar

**754-nji madda. Birek-biregi çalyşýan dürli daşaýjylaryň jogapkärçiligi**

Eger bir şertnama boýunça daşaýyş birek-biregi çalyşýan dürli daşaýjylar tarapyndan amala aşyrylýan bolsa, onda olaryň her biri ýük daşamagyň tutuşlygyna amala aşyrylmagy üçin jogapkärçilik çekýär; ikinji we soňraky her bir daşaýjy ýük we haryt-ulag delilhaty almak arkaly şertnamanyň tarapy bolýar.

**755-nji madda. Degişli resminamalary bermek borjy**

1. Öňki daşaýjydan ýüki kabul edýän daşaýjy ýüki alandygyna güwä geçýän, sene goýlan we gol çekilen resminamalary bermäge borçludyr. Haryt-ulag delilhatyň

ikinji nusgalygynda ol öz adyny we salgysyny görkezmelidir. Zerur bolan halatlarda ol şu Kodeksiň 729-njy maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan şertleri we ýüki alandygynyň tassyknamasyny haryt-ulag delilhatyň ikinji nusgalygyna girizýär.

2. Birek-biregi çalyşýan daşaýjylaryň özara gatnaşyklary şu Kodeksiň 730-njy maddasy bilen düzgünleşdirilýär.

**756-njy madda. Birek-biregi çalyşýan daşaýjylar babatda zyýanyň öwezini dolmak talaby**

Ýitirilmegi, zaýalanmagy ýa-da ýük daşamagyň möhletiniň geçirilmegi netijesinde zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky talap, garşylyklaýyn hak islegden ýa-da jedelleşmekden başga, diňe birinji, soňky ýa-da ýük daşamak amala aşyrylanda ýüki ýitiren, zaýalan ýa-da ýüki tabşyrmagyň möhletini geçiren ýük daşaýjy babatda ulanylyp bilner; şol bir hak isleg ýük daşaýjylaryň birnäçesine bildirilip bilner.

**757-nji madda. Zyýanyň öwezi dolunanda regres hukugy**

Eger şu baba laýyklykda, ýük daşaýjy eýýäm zyýanyň öwezini dolan bolsa, ol şu ýagdaýlarda regres talabyna bolan hukuga eýedir, eger:

1) ýüküň ýitirilmegine ýa-da zaýalanmagyna ýol beren ýük daşaýjy özüniň ýa-da birnäçe ýük daşaýjylar tarapyndan dolunmaga degişli zyýanyň öwezini ýeke özi dolmaly bolsa;

2) ýük daşaýjylaryň ikisi ýa-da birnäçesi tarapyndan ýüküň ýitirilmegine ýa-da zaýalanmagyna ýol berlen bolsa, onda olaryň her biri jogapkärçiligine degişli paýdaky puluň jeminiň öwezini dolmalydyr; eger ony anyklamak mümkin bolmasa, olaryň her biri alan hak paýyna degişli gatnaşykda jogapkärçilik çekýär;

3) ýük daşaýjylaryň haýsy birine öwezini dolmak borjuny ýüklemelidigini anyklamak mümkin bolmasa, onda ýük daşaýjylaryň ählisi şu maddanyň 2-nji bendinde görkezilen gatnaşykda tölemelidir.

**758-nji madda. Daşaýjynyň tölege ukypsyzlygynyň netijeleri**

Eger ýük daşaýjylaryň biri tölege ukypsyz bolsa, onda onuň tölemeli bolan, ýöne tölemedik pulunyň möçberi galan ýük daşaýjylaryň arasynda olaryň alan hakyna barabarlykdaky paýda paýlanylýar.

**759-njy madda. Amala aşyrylan regres hukugy jedelleşmek**

Eger regres tertibinde talap bildirilen ýük daşaýjy iş ýörediş barada degişli tertipde duýdurulan we iş ýöredişe gatnaşyp bilýän bolsa, şu Kodeksiň 757-nji hem-de 758-nji maddalaryna laýyklykda regres tertibinde talap bildirilen ýük daşaýjy kazyýetiň çözgüdi boýunça beýleki ýük daşaýjy tarapyndan tölenilen pullaryň möçberiniň töleginiň dogrulygyny jedelleşip bilmez.

**760-njy madda. Biri-birini çalyşýan daşaýjylaryň arasynda özara ylalaşyk**

Biri-birini çalyşýan daşaýjylar şu Kodeksiň 757-nji we 758-nji maddalarynda görkezilenlerden başga meseleler boýunça hem öz aralarynda ylalaşmaga hukuklydyrlar.

**761-nji madda. Ylalaşyklaryň hakyky däldigi**

1. Şu Kodeksiň 760-njy maddasynda görkezilenlerden başga, şu babyň kadalaryna göni ýa-da gytaklaýyn laýyk gelmeýän islendik ylalaşyk hakyky däldir.

2. Daşaýjynyň ýüküň ätiýaçlandyryşyndan gelip çykýan talaplary başga şahsa geçirilýän islendik ylalaşyk we subut etmek borjy başga şahsa geçirilýän şuňa meňzeş islendik ylalaşyk hakyky däldir.

## XV BAP. TABŞYRYK

**762-nji madda. Düşünje**

Tabşyryk – bu ynanylanyň tabşyryk şertnamasy boýunça ynanyjynyň adyndan we onuň hasabyna özüne tabşyrylan bir ýa-da birnäçe hereketleri etmäge bolan borçnamasydyr.

**763-nji madda. Tabşyryk üçin hak**

1. Ynanyjy diňe şertnamada ýa-da kanunda göz öňünde tutulan halatlarda ynanylana hak tölemäge borçludyr.

2. Işiň ýagdaýlary boýunça, eger hereketiň diňe tölegli amala aşyrylmagyna garaşylýan bolsa, onda hak gürrüňsiz ylalaşylan diýlip hasap edilýär.

3. Eger hakyň möçberi kesgitlenilmedik bolsa, onda haýsydyr bir nyrhnama bar bolanda hak nyrhnama boýunça ylalaşylan diýlip hasap edilýär, nyrhnama bolmadyk ýagdaýynda adaty hak diýlip hasap edilýär.

**764-nji madda. Üçünji tarapa täzeden tabşyrmak**

1. Tabşyrygy ynanylanyň şahsy özi ýerine ýetirmäge borçludyr, muňa üçünji şahsa täzeden tabşyrmaga oňa rugsat berlen ýa-da onuň dörän ýagdaýlara görä şeýle etmäge mejbur bolan halatlary girmeýär. Kömekçi şahslaryň çekilmegine ýol berilýär.

2. Eger tabşyrygy üçünji şahsa ynanmaga rugsat berlen bolsa, ynanylan diňe öz borjuny başga birine ynanmagy we ol şahsy seçip almagy üçin öz üstüne düşýän günä üçin jogapkärçilik çekýär.

**765-nji madda. Görkezmelerden çykmak**

1. Ynanylan ynanyjynyň görkezmelerini ýerine ýetirmäge borçludyr.

2. Ynanylan ýagdaýlardan ugur alyp, eger ynanyjy işleriň ýagdaýyny bilip, şeýle çykmagy makullar diýip çak etse, ol ynanyjynyň görkezmelerinden çykmaga bolan hukuga eýedir. Ynanyjynyň görkezmelerinden çykmazdan öň, ynanylan ynanyja habar bermäge we onuň çözgüdine garaşmaga borçludyr, muňa haýal-ýagallyk edilmegi ýerine ýetirmek üçin howp döredip biljek halatlary girmeýär.

3. Ynanylan tarapyndan ynanyjynyň görkezmeleriniň ýerine ýetirilmegi oňa epesli zyýan ýetirmegi mümkin bolsa, eger ynanylan ynanyja zyýan barada habar berse, ynanyjy bolsa öz görkezmelerini üýtgetmese, diňe şonda görkezmäni ýerine ýetirip biler.

### 766-njy madda. Maglumatlary we hasabaty bermek borjy

1. Ynanylan ynanyjynyň talap etmegi boýunça oňa zerur maglumatlary bermäge, işiň ýagdaýy hakynda ony habarly etmäge, tabşyrygy ýerine ýetireninden soň hasabat bermäge borçludyr.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen ynanylanyň geljekde borçlaryny çäklendirýän ýa-da aýyrýan ylalaşyk ýazmaça görnüşi talap edýär.

### 767-nji madda. Ýaşyrynlyk

1. Eger ynanyjy syry saklamaga kanunalaýyk gyzyklanýan bolsa, ynanylan öz işiniň çäklerinde özüne mälim bolan faktlary aýan etmezlige borçludyr, muňa eger kanun esasynda syry açmak borjunyň bolmadyk ýa-da ynanyjynyň ynanylana syry açmaga rugsat beren halatlary degişli däldir.

2. Syry açmazlyk borjy şertnamalaýyn gatnaşyklar tamamlanandan soň hem hökmany talapdyr.

### 768-nji madda. Ýerine ýetirişiň netijelerini ynanyja bermek borjy

1. Ynanylan tabşyrygy ýerine ýetirmek üçin alan ýa-da ony ýerine ýetirmegiň netijesinde edinen zatlarynyň hemmesini ynanyja bermäge borçludyr.

2. Eger ynanylan özüniň ynanyja bermeli ýa-da onuň bähbitleri üçin ulanmaly bolan puly öz maksatlary üçin ulanýan bolsa, onda ol şol pula olary öz bähbitlerine ulanan wagty üçin göterimleri hasaplap goşmaga borçludyr.

### 769-njy madda. Ynanyjynyň emlägi

Ynanylan tarapyndan ynanyjynyň hasabyna we öz adyndan edinen emlägi tabşyrylan hereketi ýa-da ynanyjy tarapyndan ýerine ýetirmek üçin oňa berlen tabşyrygy amala aşyrmakda, ynanylanyň kreditorlar bilen gatnaşyklarynda ynanyjynyň emlägi diýlip hasap edilýär.

### 770-nji madda. Çykdajylaryň öwezini dolmak

Ynanyjy tabşyrygy ýerine ýetirmek maksady bilen, ynanylanyň eden we onuň ýagdaýlardan ugur alyp, zerur hasap etmäge hukukly bolan çykdajylarynyň öwezini dolmaga borçludyr.

**771-nji madda. Hakujy tölemek borjy**

Ynanylanyň talap etmegi boýunça ynanyjy tabşyrygy ýerine ýetirmek üçin zerur bolan çykdajylary tölemek üçin oňa hakujy tölemäge borçludyr.

**772-nji madda. Günäsiz dörän zyýanyň öwezini dolmak**

1. Eger tabşyrygy ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly ep-esli howp netijesinde ynanyjynyň görkezmesi zerarly ynanylanda zyýan dörän bolsa, ynanyjy tabşyryk ýerine ýetirilende öz günäsi bilen döremedik zyýanyň hem öwezini dolmaga borçludyr.
2. Eger dörän zyýan hakyň hasabyna tölenilmeli bolsa ýa-da eger zyýan ynanylanyň hereketleri netijesinde dörän bolsa, şu maddanyň birinji bölegi bilen göz öňünde tutulan talap ýüze çykmaýar. Eger zyýany hakyň hasabyna tölemek jedelli bolsa, subut etmek borjy ynanylanyň üstüne ýüklenilýär.

**773-nji madda. Günäli hereketler bilen ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak**

Eger tabşyryk ynanylan tarapyndan tölegsiz ýerine ýetirilýän bolsa, onda ol diňe bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk netijesinde ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilik çekýär.

**774-nji madda. Şertnamany ýatyrmak**

1. Ynanyjy islendik pursatda tabşyrygy bes edip, ynanylan bolsa tabşyryk şertnamasyny ýatyryp biler.
2. Ynanylan şertnamany diňe ynanyjynyň tabşyrylan hereketleri amala aşyrmak üçin başga çäreleri görmäge mümkinçiligi bolanda ýatyryp biler, muňa şertnamany haýal etmän ýatyrmak üçin esasly sebäbiň bolan halatlary girmeýär. Eger ynanylan şertnamany haýal etmän we esasly sebäpler bolmazdan ýatyrsa, onda ol munuň bilen ynanyja ýetirilen ýitgileriň öwezini dolmaga borçludyr.
3. Eger şertnama ynanyjy tarapyndan ýatyrylýan bolsa, onda ol ynanylan tarapyndan tabşyrylan hereket amala aşyrylanda çekilen ähli zerur bolan çykdajylary ynanylana öwezini dolmaga, eger-de şertnama tölegli bolsa, ýerine ýetirilen işiň möçberine laýyklykda hak tölemäge borçludyr.

**775-nji madda. Ynanyjynyň ölmegi ýa-da kämillik ukybynyň ýoklugy**

1. Ynanyjynyň ölmegi ýa-da onuň kämillik ukyby ýok diýlip yglan edilmegi

sebäpli, eger tabşyrygyň mazmunyndan başgaça ýüze çykmaýan bolsa, şertnama ýatyrylmaýar.

2. Eger şertnama ynanyjynyň ölmegi ýa-da onuň kämillik ukyby ýok diýlip yglan edilmegi sebäpli ýatyrylmaly bolsa, onda tabşyrygyň ýatyrylmagy netijesinde amatsyz netijeleriň ähtimallygynda ynanyjynyň mirasdary ýa-da kanuny wekili öz bähbitlerini goramak üçin başga çäreleri görýänçä, ynanylan öz borçlaryny ýerine ýetirmegini dowam etdirýär.

3. Eger ynanyjynyň ölmegi ýa-da onuň kämillik ukyby ýok diýlip yglan edilmegi netijesinde şertnama ýatyrylýan bolsa, onda ol şertnamany ýatyrmagyň esaslary barada oňa habar berilýänçä, ynanylanyň peýdasyna uzaldylan diýlip hasap edilýär.

### 776-njy madda. Ynanylanyň ölmegi

1. Ynanylanyň ölmegi bilen, eger tabşyrygyň mazmunyndan başgaça gelip çykmaýan bolsa, şertnama ýatyrylýar.

2. Mirasdar ynanylanyň ölendigi hakynda ynanyja haýal etmän habar bermelidir we eger tabşyrygyň ýatyrylmagynyň ynanyjy üçin amatsyz netijelere getirmegi mümkin bolsa, tabşyrygy ýerine ýetirmegini dowam etdirmelidir. Ynanyjy öz bähbitlerini goramak üçin başga çäreler görýänçä, ynanylanyň mirasdary tabşyrygy ýerine ýetirmegini dowam etdirýär.

## XVI BAP. EÝEÇILIGI YNANÇLY DOLANDYRMAK

### 777-nji madda. Düşünje

Ynançly dolandyrmak – bu dolandyrmagyň usuly bolup, oňa laýyklykda eýeçiligiň eýesiniň ynançly dolandyryjy bilen emlägi ýa-da oňa bolan hukugy ynançly dolandyrmak hakynda şertnama baglaşmagydyr.

### 778-nji madda. Mazmuny

1. Eýeçiligi ynançly dolandyrmak şertnamasy boýunça eýesi (bir tarap) ynançly dolandyryja (beýleki tarapa) kesgitlenilen möhlet bilen gozgalýan ýa-da gozgalmaýan emlägi ýa-da ony ynançly dolandyrmak hukugyny berýär, beýleki tarap bolsa olary kabul edýär we eýesiniň bähbitleri üçin olary dolandyrmagy amala aşyrmaga borçlanýar.

2. Eýeçiligiň ynançly dolandyrmaga berilmegi oňa bolan eýeçilik hukugynyň ynançly dolandyryja geçmegine eltmeýär.

### 779-njy madda. Ynançly dolandyryjynyň hukuklary we borçlary

1. Ynançly dolandyryjy ynanylan eýeçilige öz adyndan, ýöne eýeçilige ynanyjynyň töwekgelliginiň we çykdajylarynyň hasabyna ygtyýar etmäge borçludyr.

Şunda gozgalmaýan emläk babatda hereket edýän düzgünlere laýyklykda, ony özünden aýrybaşgalamak bilen baglanyşykly gatnaşyklar eýesi bilen ylalaşylmalydyr.

2. Ynançly dolandyryjy üçünji şahslar bilen özara gatnaşyklarynda eýesiniň hukuklaryndan peýdalanýar. Eger ynançly dolandyryjy ynanyjynyň bähbitleriniň garşysyna özüniň hususy işleri babatda görkezmeli paýhasyny görkezmese, onda ol şu hereket bilen ýetiren zyýanynyň öwezini dolmaga borçludyr.

**780-nji madda. Eýeçiligi ynançly dolandyrmak bilen baglanyşykly çykdajylaryň öwezini dolmak**

1. Ynançly dolandyryjy, eger taraplaryň ylalaşygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, eýeçiligi ynanmak bilen baglanyşykly iş üçin ynanyjydan hak almaýar.

2. Eýeçiligi ynançly dolandyrmak bilen baglanyşykly ähli çykdajylar ynanyjynyň üstüne ýüklenilýär.

3. Zadyň miweleri eýeçiligi ynanyjyda galýar.

**781-nji madda. Eýeçiligi ynançly dolandyrmak şertnamasynyň görnüşi**

1. Eýeçiligi ynançly dolandyrmak şertnamasy ýazmaça görnüşde baglaşylýar.

2. Eger-de şertnamanyň närsesi gozgalmaýan emläk bolup durýan bolsa, onda ol Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawynda döwlet belligine alynmaga degişlidir we bellige alnan pursadyndan başlap baglaşylan diýlip hasap edilýär.

**782-nji madda. Ynançly dolandyryjynyň jogapkärçiligi**

Üçünji şahslar bilen özara gatnaşyklarda jogapkärçiligi ynançly dolandyryjy çekýär.

**783-nji madda. Tabşyryk şertnamasynyň kadalaryny ulanmak**

Eýeçiligi ynanyjy babatda tabşyryk şertnamasynyň degişli kadalary ulanylýar.

## XVII BAP. ULAG EKSPEDISIÝASY

**784-nji madda. Mazmuny**

1. Ekspedisiýanyň şertnamasy boýunça ekspeditor buýrujynyň adyndan we onuň hasabyna ýük daşamak bilen baglanyşykly hereketleri (hyzmatlary) amala aşyrmaga borçlanýar. Buýrujy ylalaşylan haky tölemäge borçludyr.

2. Ekspedisiýa babatda, eger şu bapdan başgaça gelip çykmaýan bolsa, tabşyryk şertnamasynyň düzgünleri ulanylýar.

### 785-nji madda. Ekspeditordan ynsaplylygy talap etmek

Ekspeditor ynsaplylyk bilen ýüki ibermelidir, ýük daşamaga gatnaşýan şahslary saýlamalydyr, buýrujynyň bähbitlerini berjaý etmelidir we onuň görkezmelerini ýerine ýetirmelidir.

### 786-njy madda. Buýrujynyň borçlary

1. Buýrujy ekspeditoryň talap etmegi boýunça ýük hakyndaky maglumaty oňa öz wagtynda bermelidir, şeýle hem daşaýyş resminamalary resmileşdirmek üçin zerur bolan görkezmeleri bermelidir, gümrük we beýleki hereketleri amala aşyrmak hakyndaky we zerur halatda gümrük tölegleriniň geçirilendigi hakyndaky zerur maglumatlary bermelidir. Mundan başga-da, buýrujy görkezilen maglumatlaryň dogrudygyny tassyklaýan zerur resminamalary bermelidir.

2. Howply ýükler daşalanda buýrujy howply ýükleriň anyk görnüşi hakynda ekspeditora duýdurmalydyr we zerur bolan halatynda oňa howpsuzlyk çärelerini görkezmelidir.

3. Howplulygy barada ekspeditora mälim bolmadyk ýük zyýanyň öwezini dolmak borjuny ýüklemezden islendik wagtda we islendik ýerde düşürilip, ýok edilip ýa-da howpsuzlandyrylyp bilner.

4. Buýrujy, eger muny harydyň görnüşi talap edýän bolsa, ony ýük daşamagyň talaplaryna laýyklykda gaplamalydyr.

5. Eger ýüküň kesgitlenilmegi üçin tanadyjy belgiler zerur bolsa, olar ýük eltilýänçä anyk görner ýaly belgilenmelidir.

6. Buýrujy şu maddanyň birinji-bäşinji böleklerinde göz öňünde tutulan talaplaryň ýerine ýetirilmezligi netijesinde ekspeditora ýetiriljek zyýan üçin jogapkärçilik çekýär, muňa ekspeditoryň ýüküň gaplanmandygy ýa-da tanadyjy belgileriň ýokdugy ýa-da olaryň kemçilikleri barada özüne belli bolandygyna ýa-da ýüki kabul edende özünde bu barada maglumatlaryň bardygyna garamazdan, şu maddanyň üçünji we dördünji böleklerine laýyklykda, buýruja olar hakynda duýdurmadyk halatlary degişli däldir.

### 787-nji madda. Harydyň sanma-san barlagy

Buýrujy aýratyn hak tölemek şerti bilen, ýüki kabul edende ony sanma-san barlamagy ekspeditordan talap edip biler.

### 788-nji madda. Ýüki ätiýaçlandyrmak borjy

Ýüki ätiýaçlandyrmak ekspeditoryň üstüne diňe, eger ol bu hakda buýrujydan görkezme alan bolsa, ýüklenilýär. Aýratyn görkezme bolmasa, onda ekspeditor diňe adaty şertlerde ýüki ätiýaçlandyrmaga borçludyr.

### 789-njy madda. Ekspedisiýanyň ätiýaçlandyryş şertnamasy

Ekspeditor özüniň saýlan ätiýaçlandyryş guramasy bilen, eger buýrujy ýüz dönderýändigini ýazmaça görnüşde açyk beýan etmedik bolsa, buýrujynyň hasabyna buýruk ýerine ýetirilende ekspeditoryň hereketleri bilen buýruja ýetiriljek zyýandan ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmaga borçludyr. Ekspeditor ekspedisiýanyň ätiýaçlandyryş şertnamasyny özüniň kim bilen baglaşandygyny buýruja habar bermelidir.

**790-njy madda. Zyýan hakynda öz wagtynda habar bermek borjy**

Şu Kodeksiň 789-njy maddasyna laýyklykda baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasynyň esasynda buýrujy zyýan hakynda öz wagtynda habar bermek barada alada etmelidir. Eger zyýan hakyndaky habar ekspeditora iberilse, ol habary haýal etmän ätiýaçlandyryş guramasyna ýa-da ätiýaçlandyryş guramalaryna ibermelidir.

**791-nji madda. Harydy almazlygyň netijeleri**

Eger bellenilen ýerde alyjy ýüki almasa ýa-da başga esaslar boýunça ýüki kabul etmek mümkin bolmasa, ekspeditoryň hukuklary we borçlary ýük daşamagyň kadalary boýunça kesgitlenilýär.

**792-nji madda. Kabul edilende ýüküň ýagdaýyny barlamagyň mümkin bolmazlygy**

Eger taraplaryň gatnaşmagynda ýüküň ýagdaýyny barlamak mümkin bolmasa, onda garşysyna subut edilýänçä, ýüküň kabul edilmegi ýüküň kem gelmesiz we zaýalanmasyz kabul edilendiginiň tassyklanmasy diýlip hasap edilýär, muňa alyjynyň ýüki tabşyryja zyýanyň umumy häsiýetini görkezen halatlary girmeýär. Eger kem gelme ýa-da zaýalanmalar açyk häsiýetde bolsa, onda ýüküň kabul edilen gününde ýa-da kem gelmegiň ýa-da zaýalanmalaryň başga halatlarynda ýük kabul edilenden soň üç günden gijä galman bu hakda habar berilmelidir.

**793-nji madda. Öz güýçleriň bilen ýük daşamak hukugy**

1. Eger başga ylalaşyk bolmasa, ekspeditor ýüki öz güýçleri bilen daşamaga hukuklydyr. Bu hukugyň amala aşyrylmagy buýrujynyň hukuklaryna we bähbitlerine garşy gelmeli däldir.

2. Eger ekspeditor bu hukugy ulanýan bolsa, onda ol şol bir wagtda ýük daşaýjynyň hukuklaryny we borçlaryny edinýär.

**794-nji madda. Ekspeditoryň jogapkärçiligi**

Ekspedisiýa şertnamasyndan gelip çykýan borçnamalar boýunça, eger ol ýa-da onuň kömekçileri haýsydyr bir zatda günäkär bolsalar, kada bolşy ýaly, ekspeditor

jogapkärçilik çekýär.

### 795-nji madda. Üçünji şahs tarapyndan ýetirilen zyýan

Eger zyýan şertnama gatnaşýan üçünji şahs tarapyndan ýetirilen bolsa, buýrujynyň talap etmegi boýunça ekspeditor özüniň üçünji şahsa bolan talaplaryny oňa bermäge borçludyr, muňa ýörite ylalaşyk esasynda buýrujynyň hasabyna we töwekgelçiligine talaplary ulanmagy ekspeditoryň öz üstüne alan halatlary girmeýär.

### 796-njy madda. Ekspeditoryň günäli hereketleri bilen ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak

1. Eger zyýan ekspeditoryň bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlygy bilen ýetirilen bolsa, ol şu babyň özüniň jogapkärçiligini aýyrýan ýa-da çäklendirýän ýa-da subut etmek borjuny geçirýän kadalaryna esaslanyp bilmez.
2. Eger zyýan kömekçileriň bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlygy bilen ýetirilen bolsa, şol kada olaryň şertnamadan daşary jogapkärçiligi babatda hem hereket edýär.

### 797-nji madda. Hak tölemegiň tertibi

Ekspeditor ulag guramasyna ýüki berenden soň hak tölenmäge degişlidir.

## XVIII BAP. DELLALÇYLYK

## §1. Umumy düzgünler

### 798-nji madda. Mazmuny

Şertnama baglaşmak mümkinçiligini ýüze çykaranlygy üçin ýa-da şertnama baglaşylanda dellalçylyk edenligi üçin dellala hak tölemegi borç edinen şahs diňe, eger şertnama baglaşmaklyk onuň baglaşylmagyna mümkinçiligiň ýüze çykarylmagy ýa-da dellalçylyk edilmegi netijesinde bolan halatynda, hak töleýär. Eger şertnama gaýra goýmak şerti bilen baglaşylýan bolsa, onda dellalçylyk üçin hak diňe bu şertiň gelip ýetmegi bilen talap edilip bilner. Eger hakyň möçberi bellenilmedik bolsa, onda şeýle iş üçin adaty tölenilýän hak ylalaşylan diýlip hasap edilýär. Birinji we ikinji tekliplerden tapawutlylykda, buýrujynyň zyýanyna baglaşylan ylalaşyk hakyky däldir.

### 799-njy madda. Dellalyň hyzmatlarynyň öwezini dolmak

1. Şertnamada göz öňünde tutulan, dellalçylyk işine degişli bolmadyk dellal tarapyndan edilen hyzmat üçin hak dellalyň işiniň netijesinde şertnamanyň baglaşyljakdygyna ýa-da baglaşylmajakdygyna garamazdan ylalaşylyp bilner.

2. Şu Kodeksiň 798-nji maddasyna laýyklykda, dellal hakujuny öňünden şertleşip ýa-da ony alyp bilmez.

3. Dellalyň çykdajylarynyň öwezi diňe, eger ol ylalaşylan bolsa dolunýar; bu kada şertnama baglaşylmadyk ýagdaýynda hem ulanylýar. Dellalçylyk şertnamasynyň amala aşyrylmagy üçin zerur bolmadyk çykdajylaryň öweziniň dolunmagyny göz öňünde tutýan ylalaşyk hakyky däldir.

**800-nji madda. Eksklýuziw tabşyryk**

1. Eger buýrujy kesgitli wagtyň dowamynda beýleki dellalyň hyzmatlaryndan ýüz döndermeli bolsa (eksklýuziw tabşyryk), onda dellal şu wagtyň dowamynda şertnamanyň baglaşylmagyna ýardam etmäge borçludyr. Eger buýrujy görkezileniň garşysyna hereket etse, onda dellal, eger şertnama başga dellalyň hyzmatlaryny ulanmak bilen baglaşylan bolsa, zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap edip biler. Şertnamada zyýanyň bolmagynyň subut edilişine görä zyýanyň öwezini dolmagyň jemi pul möçberi göz öňünde tutulyp bilner. Eger şertnama satyn almak-satmak şertnamasyny baglaşmakdaky dellalçylyga dahylly bolsa, bu puluň möçberi şertnamanyň bahasynyň iki göteriminden ýokary bolmaly däldir.

2. Bu kadalary berjaý etmezden we buýrujynyň zyýanyna baglaşylan ylalaşyk hakyky däldir.

3. Eksklýuziw tabşyryk hakyndaky ylalaşyk ýazmaça görnüşde baglaşylýar.

**801-nji madda. Dellalçylyk şertnamasyny ýatyrmak**

1. Dellalçylyk şertnamasy, eger şertnamanyň möhleti kesgitlenilmedik bolsa, islendik pursatda ýatyrlyp bilner.

2. Eksklýuziw tabşyryk diňe möhüm ýagdaýlar bolanda ýatyrlyp bilner. Alty aýyň geçmegi bilen, ol haýsydyr bir möhletleri berjaý etmezden islendik pursatda ýatyrlyp bilner. Eger muny baglaşylýan şertnamanyň görnüşiniň ýa-da närsesiniň aýratynlyklary talap edýän bolsa, şertnamany ýatyrmak hukugy has uzak wagtyň dowamynda hem ýolberilmesiz diýlip ykrar edilip bilner.

**802-nji madda. Dellala hak tölenilmegine ýol bermezlik**

1. Eger üçünji şahs bilen baglaşylan şertnama dellala degişli närsä dahylly bolsa, dellala hak tölenilmegine ýa-da çykdajylaryň öweziniň dolunmagyna ýol berilmeýär. Aýratyn ýagdaýlaryň netijesinde dellala buýrujynyň bähbitlerini amala aşyrmagyna päsgel berip biljek zyýanyň ýüze çykmagy mümkin bolanda hem şu kada ulanylýar. Bu ýagdaýlar, haçan-da:

1) dellal üçünji şahsyň hukuk ýa-da ykdysady ýagdaýda gatnaşýan ýuridik şahsy, ýa-da jemgyýeti bolsa;

2) hukuk ýa-da ykdysady ýagdaýda dellalyň gatnaşýan ýuridik şahsy ýa-da jemgyýeti üçünji şahs bolsa;

3) dellal üçünji şahs bilen gulluk ýa-da zähmet gatnaşyklarynda durýan bolsa;

4) dellal üçünji şahsyň äri (aýaly) bolsa.

2. Eger dellal üçünji şahs bilen şertnamany baglaşmagyndan öň bu ýagdaýlar barada buýruja duýdyran bolsa, ol hak almaga ýa-da çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyna bolan hukuga eýedir.

3. Eger başga şahs dellalyň hasabyna hereket edýän bolsa ýa-da şertnama üçünji şahsyň hasabyna baglaşylan bolsa hem, şu maddanyň birinji böleginiň kadalary ulanylýar.

4. Eger dellal üçünji şahs üçin şertnamanyň mazmunynyň garşysyna hereket eden bolsa, ol haka we çykdajylaryň öweziniň dolunmagyna bolan hukugyny ýitirýär.

5. Şu maddanyň birinji-üçünji böleklerinde göz öňünde tutulan kadalara garşy gelýän ylalaşyk hakyky däldir.

## §2. Ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermekde rieltorçylyk işi

### 803-nji madda. Ýaşaýyş jaý rieltory

1. Eger ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermek şertnamasyndan başgaça gelip çykmaýan bolsa, ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermek şertnamasyny baglaşmak üçin (ýaşaýyş jaý rieltory) rieltor bolmagy borç edinýän şahsyň şertnamasy babatda, rieltorçylyk işiniň umumy düzgünleri ulanylýar.

2. Işewür saparlarda närsesi syýahatçylyk we ýaşaýyş rieltorçylyk işi bolan şertnamalar babatda ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermek rieltorçylyk işi hakyndaky kadalar ulanylmaýar.

### 804-nji madda. Hak almaga ýol bermezlik

1. Ýaşaýyş jaý rieltorynyň hak ýa-da çykdajylaryň öwezini dolmak hakyndaky talaby ýolberilmesizdir, eger:

1) şol ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermek şertnamasy bilen eýýäm bar bolan kireýine almak-bermek gatnaşyklary uzaldylýan ýa-da ol başga görnüşde üýtgedilýän bolsa;

2) ýaşaýyş meýdanyna bolan kireýine almak-bermek şertnamasy baglaşylanda, ony dolandyrmagy rieltor amala aşyrýan bolsa.

2. Ýaşaýyş jaý rieltory özüniň ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermek şertnamasyny baglaşmak babatdaky amala aşyrýan hereketleri üçin öweziniň dolunmagyny talap edip bilmez, muňa şu Kodeksiň 799-njy maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan hak girmeýär.

3. Buýrujynyň zyýanyna baglaşylan şertnama hakyky däldir.

## § 3. Karz alyş-berişdäki dellalçylyk

### 805-nji madda. Karz alyş-beriş boýunça dellal

Karz alyş-beriş şertnamasy baglaşylanda dellal bolmaga borçlanýan şahsyň

(karz alyş-beriş boýunça dellal) şertnamasy babatda, eger şu bapdan ýörite kadalar gelip çykmaýan bolsa, dellalçylygyň umumy kadalary ulanylýar.

### 806-njy madda. Şertnamanyň görnüşi

1. Karz alyş-beriş şertnamasy ýazmaça görnüşde baglaşylmalydyr.

2. Şertnamada karz alyş-berişiň kesgitlenilen göterimlerini görkezmek bilen, karz alyş-beriş boýunça dellalyň hakynyň möçberi görkezilmelidir. Mundan başgada, şertnamada karz alyş-berşiň möçberi, tölegiň möhleti, göterimleri we tölegiň wagty, tölegiň hümmeti, göterimleriň möhletiniň dowamlylygy we goşmaça çykdajylar, buýrujy tarapyndan tölenilmäge degişli puluň umumy möçberi, karz berijiniň familiýasy, ady we atasynyň ady we onuň salgysy görkezilmelidir. Eger buýruk girew bilen üpjün edilen ýeri karz alyş-beriş ýa-da ýeri edinmek üçin berlen karza, şeýle hem buýrujynyň öz garaşsyz hünär ýa-da telekeçilik, ýa-da pudak ýa-da gulluk işi üçin peýdalanmagy buýrujynyň karz alyş-berşine dahylly bolsa, bu kadalar ulanylmaýar.

3. Şertnamanyň beýany karz bermek hakyndaky towakganama bilen baglanyşykly bolmaly däldir. Karz alyş-beriş boýunça dellal buýruja şertnamanyň nusgasyny bermelidir.

### 807-nji madda. Hak tölemek borjy

Buýrujy diňe, eger dellalçylygyň netijesinde karz alan ýagdaýynda, hak tölemäge borçludyr. Buýrujynyň bähbitleriniň zyýanyna baglaşylan şertnama hakyky däldir.

## §4. Söwda dellaly

### 808-nji madda. Mazmuny

1. Söwda dellalynyň hukuklaryna we borçlaryna beýleki şahslar üçin olara şertnamalaýyn gatnaşyklaryň esasynda hemişelik ygtyýarly wekili bolup durmaýan, öz hünär işi hökmünde harytlary ýa-da gymmatly kagyzlary edinmek ýa-da aýrybaşgalamak hakyndaky, ätiýaçlandyryş hakyndaky, ýükleri daşamak hakyndaky, gämileri hakyna tutmak hakyndaky, ýa-da söwda dolanyşygynyň beýleki obýektleri hakyndaky şertnamalarda dellalçylygy öz üstüne alýan şahs eýelik edýär.

2. Söwda dellaly hakyndaky kadalar bellenilenlerden gaýry geleşiklerde mysal üçin, gozgalmaýan emläk bilen geleşiklerdäki dellalçylyga hatda, eger dellalçylyk söwda dellaly tarapyndan amala aşyrylýan bolsa-da ulanylmaýar.

### 809-njy madda. Şertnamanyň gutarnykly ýazgysy

1. Söwda dellaly geleşik baglaşylandan soň, eger diňe taraplar ýa-da ýerli kadalar söwda dellalyny mundan boşatmaýan bolsa, haýal etmän özi tarapyndan gol

çekilen şertnamanyň gutarnykly ýazgysyny taraplaryň her birine bermelidir, onda şertleşýän taraplar, geleşigiň närsesi we şertleri, hususan-da, harytlar ýa-da gymmatly kagyzlar satylanda olaryň kysymy we mukdary, şeýle hem bahasy we ibermegiň möhleti görkezilýär.

2. Haýal etmän amala aşyrylmaýan geleşiklerde şertnamanyň gutarnykly ýazgysy taraplara gol çekmek üçin berilýär we taraplaryň her birine beýleki tarapdan gol çekilen şertnamanyň gutarnykly ýazgysy iberilýär.

3. Eger taraplaryň biri şertnamanyň gutarnykly beýanyny kabul etmekden ýa-da gol çekmekden ýüz dönderse, onda söwda dellaly bu hakda haýal etmän beýleki tarapy habarly edýär.

**810-njy madda. Şertleşilen tabşyryk**

1. Eger taraplaryň biri beýleki şertleşýän tarapyň görkezmesini söwda dellaly özünde galdyrýan şertnamanyň gutarnykly beýanyny alsa, onda ol tarap, eger diňe bu tarapyň garşysyna esasly garşylyk bildirilip bilinmeýän bolsa, yzky sene bilen görkezilen geleşik bilen baglanyşykly bolar.

2. Beýleki tarap ýerli kadalara laýyklykdaky möhletiň çäklerinde görkezilýär, eger şonuň ýaly möhlet bolmadyk halatynda ýagdaýlara laýyk gelýän möhletiň çäklerinde görkezilýär.

3. Eger şonuň ýaly görkezme bolmasa ýa-da görkezilen şahsyň garşysyna geleşigi ýerine ýetirmek hakynda esasly talap bildirilse, onda birinji tarap geleşigi ýerine ýetirmek hakyndaky talaby söwda dellalyna bildirmäge hukuklydyr. Eger söwda dellalynyň talaby boýunça bu tarap geleşigiň ýerine ýetirilmegini talap edýändigi hakynda haýal etmän mälim etmese, onda talap aradan aýrylýar.

**811-nji madda. Nusgalyklary saklamak**

1. Söwda dellaly, eger taraplar ýa-da ýerli kadalar ony mundan boşatmaýan bolsa, harydyň ýagdaýy boýunça ol garşylyksyz kabul edilýänçä ýa-da geleşik başga görnüşde amala aşyrylýança, ol özüniň dellalçylygynda nusga boýunça satylan her bir harydyň özüne berlen nusgasyny saklaýar.

2. Söwda dellaly bellik etmek arkaly nusgany belleýär.

**812-nji madda. Inkasso üçin ygtyýarlygyň ýokdugy**

Söwda dellaly tölegi ýa-da tölegiň şertnama arkaly şertleşilen gaýry görnüşini kabul etmäge ygtyýarly diýlip hasap edilmeýär.

**813-nji madda. Taraplaryň ikisiniň öňündäki jogapkärçilik**

Söwda dellaly öz günäsi boýunça ýetirilen ýitgiler üçin taraplaryň her biriniň öňünde jogap berýär.

**814-nji madda. Taraplaryň ikisinden hem hak talap etmek hukugy**

Eger taraplaryň arasynda dellalçylyk hakyny kimiň tölemelidigi hakynda ylalaşyk ýok bolsa, onda gaýry ýerli kadalar bolmasa, taraplaryň her biri hakyň ýarysyny tölemelidir.

**815-nji madda. Žurnal**

Söwda dellaly žurnal ýöretmäge we oňa her gün ähli baglaşylan geleşikleri girizmäge borçludyr. Ýazgylar yzygider tertipde geçirilýär we şu Kodeksiň 809-njy maddasynda görkezilen maglumatlar bolmalydyr. Girizilen maglumatlara her gün söwda dellaly tarapyndan gol çekilýär.

**816-njy madda. Žurnaldan göçürmeler**

Söwda dellaly taraplara olaryň talap etmegi boýunça islendik wagtda žurnaldan özi tarapyndan gol çekilen göçürmeleri bermäge borçludyr hem-de bu göçürmelerde özüniň dellalçylygynda baglaşylan geleşikler babatynda özüniň ähli ýazanlary bolmalydyr.

## XIX BAP. SÖWDA WEKILI

**817-nji madda. Düşünje**

Kär hökmünde özbaşdak meşgullanýan geleşiklerde başga telekeçi (telekeçiler) üçin hemişelik dellalçylyk etmek ýa-da olary onuň adyndan baglaşmak tabşyrylan şahs söwda wekilidir. Kim öz işini, esasan, erkin gurap we öz iş wagtyny erkin kesgitläp bilýän bolsa, ol özbaşdakdyr.

**818-nji madda. Söwda wekiliniň borçlary**

Söwda wekili öz işleýän telekeçisi üçin maliýe hasabatyny bermelidir. Ol ylalaşylan möhletlerde, eger-de möhletler ylalaşylmadyk bolsa, her çärýek tamamlanandan soň on günüň dowamynda ähli amala aşyrylan geleşikler we hyzmatlar üçin hakyň hasaplaşyklary baradaky maglumatlary ýazmaça görnüşde telekeçä bermäge borçludyr.

**819-njy madda. Hakyň tölenmegi**

1. Söwda wekiliniň, eger telekeçi geleşigi amala aşyran bolsa, hak almaga hukugy bardyr.

2. Eger üçünji şahsyň ýerine ýetirişi geçirmejekdigi açyk kesgitlenen bolsa, onda haka bolan hukuk hakyky däldir; eýýäm alnan pullaryň möçberleri gaýtarylyp berilmelidir.

3. Telekeçiniň geleşigi doly ýa-da bölekleýin amala aşyrmandygy ýa-da ony ylalaşylyşy ýaly amala aşyrmandygy aýdyň kesgitlenen halatynda hem söwda wekili haka bolan hukuga eýedir. Eger amala aşyrylmadyk geleşik telekeçä bagly bolmadyk ýagdaýlara esaslanan halatynda, haka bolan hukuk hakyky däldir.

4. Telekeçi ylalaşygyň baglaşylan aýynyň ahyrynda söwda wekiline hak töleýär.

5. Söwda wekiliniň zyýanyna şu maddanyň kadalaryndan çykylmagyna ýol berilmeýär.

### 820-nji madda. Hakyň möçberleri

1. Eger hakyň pul möçberi ylalaşylmadyk bolsa, onda bu iş çygryndaky adaty hakyň möçberi ylalaşylan diýlip hasap edilýär.

2. Hak telekeçiniň ýa-da üçünji şahsyň tölemeli pul möçberinden ugur alnyp hasaplanylýar. Nagt tölegde ýeňillikler  berilmeýär; bu kada, eger diňe goşmaça çykdajylar üçünji şahsyň aýratyn hasabyna goşulmadyk bolsa, goşmaça çykdajylar babatda, hususan-da: daşamakda, gaplamakda, gümrükde, salgytlarda hereket edýär.

3. Peýdalanmaga bermek hakyndaky şertnamalar we belli bir dowamlylyk bilen peýdalanmak şertnamalary baglaşylanda, hak haçan-da üçünji şahsyň ilkinji gezek şertnamany ýatyryp biljek pursadyndaky pul möçberiniň ululygyndan ugur alnyp hasaplanylýar: söwda wekili, eger şertnama hereket etmegini dowam etdirýän bolsa, degişlilikde mundan beýläk hasap edilen haka bolan hukuga eýedir.

4. Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan halatynda hak ätiýaçlandyrylan pul möçberinden hasap edilýär. Eger bu pul möçberi kesgitlenmedik bolsa, onda hak ätiýaçlandyryş gatanjyna barabar ölçegde hasap edilýär.

### 821-nji madda. Aýratyn hak

1. Eger söwda wekili geleşik boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi üçin zamun bolmaga borçlanýan bolsa, onda ol aýratyn haka dalaş edip biler; bu hukuk geljekde aýrylyp bilinmez. Borçnama diňe belli bir geleşik boýunça ýa-da kesgitlenilen üçünji şahslar bilen söwda wekiliniň olarda dellalçylyk edýän ýa-da olary özi baglaşýan geleşiklerinde alnyp bilner. Borçnamalaryň kabul edilmegi ýazmaça görnüşi talap edýär.

2. Aýratyn haka bolan hukuk geleşigiň baglaşylmagy bilen ýüze çykýar.

### 822-nji madda. Bäsdeşlik hakynda şert

1. Telekeçi üçin dellalçylygy ýa-da geleşikleriň baglaşylmagyny amala aşyrýan söwda wekiliniň telekeçiniň razylygy bolmasa, müşderileriň çäginiň ýa-da töwereginiň, ýa-da çygrynyň daşynda hereket etmäge ýa-da bäsdeşlik ediji telekeçiniň işine göni ýa-da gytaklaýyn gatnaşmaga hukugy ýokdur (bäsdeşlik hakyndaky şert), muňa başga kärhana maliýe taýdan gatnaşmak halatlary girmeýär. Eger şertnamalaýyn gatnaşyklara girişilende telekeçä şeýle gatnaşmak fakty hakynda mälim bolan bolsa, bäsdeşlik ediji telekeçiniň işine gatnaşmaga bolan razylyk berlen

diýlip hasap edilýär.

2. Söwda wekili tarapyndan bu borçnama bozulan halatynda, telekeçi zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap edip biler; mundan başga-da, telekeçi söwda wekilinden bäsdeşlik ediji telekeçi üçin baglaşylan geleşikleriň özüne berilmegini, şeýle geleşiklerden alnan girdejiniň yzyna gaýtarylmagyny ýa-da talap edilýän girdejiden ýüz döndermegini talap edip biler.

3. Eger bäsdeşlik hakyndaky şertiň şertnamalaýyn gatnaşyklar tamamlanandan soň hem hereket edýändigi şertnamada göz öňünde tutulan bolsa, onda şeýle şert diňe telekeçi munuň üçin şu Kodeksiň 824-nji maddasynyň kadalary boýunça hasaplanylýan öwezini doluşy töleýän bolsa hakykydyr. Şeýle ylalaşyk bir ýyldan köp bolmadyk möhlet üçin ýol bererliklidir.

**823-nji madda. Şertnamanyň hereket edişi**

1. Söwda wekili bilen şertnama, eger şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, bir ýyl möhlete baglaşylýar. Eger taraplaryň hiç biri şertnamanyň hereket ediş möhletiniň tamamlanmagyna çenli üç aý galanda ony ýatyrmak hakynda beýan etmese, onda şertnamanyň hereketi ýene bir ýyla uzaldylan diýlip hasap edilýär.

2. Şertnamalaýyn gatnaşyklaryň haýal etmän ýatyrylmagy munuň üçin düýpli ýagdaýlar bolanda mümkindir.

**824-nji madda. Öwezlik tölegine bolan hukuk**

1. Söwda wekili şertnamalaýyn gatnaşyklaryň tamamlanmagy bilen telekeçiden laýyk gelýän öwezlik tölegini talap edip biler, eger we şulara görä:

1) telekeçi şertnamalaýyn gatnaşyklar tamamlanandan soň hem söwda wekiliniň gözläp tapan täze müşderileri bilen işewür gatnaşyklaryndan ep-esli peýda alýar;

2) söwda wekili şertnamalaýyn gatnaşyklaryň tamamlanmagy netijesinde özüniň gözläp tapan müşderileri bilen eýýäm baglaşylan ýa-da geljekde amala aşyryljak geleşikler dowam etdirilende özüniň alyp biljek haka bolan hukugyny ýitirýär.

2. Söwda wekili tarapyndan müşderi bilen işjeň gatnaşyklarynyň düýpli giňeldilmegi müşderini gözläp tapmaga deňleşdirilýär, munuň özi hojalyk gatnaşygynda täze müşderini gözläp tapmaga laýyk gelýär.

3. Iň ýokary öwezlik tölegi söwda wekiliniň işiniň soňky bäş ýyl üçin ortaça ululygy boýunça hasaplanan bir ýyl üçin haky düzýär. Şertnamalaýyn gatnaşyklaryň has gysga dowamlylygynda iş döwri üçin hakyň ortaça ululygy kesgitleýjidir.

4. Öwezlik tölegine bolan hukuk şu halatlarda ýüze çykmaýar, eger:

1) söwda wekili şertnamalaýyn gatnaşyklary ýatyran bolsa, eger diňe telekeçiniň özüni alyp barşy munuň üçin esasly sebäp bermese ýa-da eger söwda wekilini ýaşy boýunça ýa-da ýarawsyzlygy netijesinde öz işini dowam etdirmäge ukyply diýip hasap edip bolmaýan bolsa;

2) telekeçi söwda wekiliniň günäsi netijesinde şertnamalaýyn gatnaşyklary ýatyran bolsa;

3) telekeçi bilen söwda wekiliniň arasyndaky ylalaşygyň esasynda söwda wekiliniň ýerine şertnamalaýyn gatnaşyklara üçünji şahs girýän bolsa; ylalaşyk şertnamalaýyn gatnaşyklar tamamlanýança baglaşylyp bilinmez.

5. Öwezlik tölegini talap etmäge bolan hukuk geljekde aýrylyp bilinmez. Bu talaby şertnamalaýyn gatnaşyklar tamamlanandan soň bir ýylyň dowamynda bildirip bolar.

## XX BAP. KOMISSIONER

### 825-nji madda. Düşünje

Başga şahsyň (komitentiň) hasabyna harytlaryň ýa-da gymmatly kagyzlaryň öz adyndan satyn alynmagyny ýa-da satylmagyny kär hökmünde özüne kabul edýän şahs komissionerdir.

### 826-njy madda. Komissioneriň borçlary

1. Komissioner öz üstüne alan geleşigini ynsaply ýerine ýetirmäge borçludyr; şunda ol komitentiň bähbitlerini goraýar we onuň görkezmelerine eýerýär.

2. Komissioner komitente talap edilýän maglumatlary berýär, hususan-da, komissiýanyň ýerine ýetirişi barada haýal etmän habar berýär; ol komitente geleşik hakynda hasabat bermäge we ol geleşigiň amala aşyrylyşyndan näme talap eden bolsa, oňa bermäge borçludyr.

3. Eger komissioner geleşigiň ýerine ýetirilendigi baradaky habar bilen bir wagtyň özünde onuň bilen geleşik baglaşan üçünji şahsy hem görkezmeýän bolsa, ol geleşigiň ýerine ýetirilişi üçin komitentiň öňünde jogap berýär.

### 827-nji madda. Komitentiň görkezmeleri

Eger komissioner komitentiň görkezmelerine laýyklykda hereket etmeýän bolsa, onda ol komitente ýeten zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr; komitent bolsa, özi babatdaky geleşigiň hereketini ykrar etmäge borçly däldir.

### 828-nji madda. Nyrhyň çäkleri

1. Eger komissioner satuwy bellenilenden pes nyrhdan amala aşyran ýa-da satyn almak üçin oňa bellenilip berlen nyrhdan ýokary geçen bolsa, onda komitent, eger geleşigi öz hasabyna (bähbidine) amala aşyrylmadyk hökmünde ýüz döndermek isleýän bolsa, geleşigiň ýerine ýetirilendigi hakyndaky habardan soň haýal etmän bu barada beýan etmelidir; şeýle edilmedik ýagdaýynda kesgitlenilen nyrhdan çykylmagy makullanylan diýlip hasap edilýär.

2. Eger komissioner geleşigiň ýerine ýetirilendigi baradaky habar bilen bir wagtda nyrhdaky aratapawudy tölemegi teklip etse, onda komitentiň geleşikden ýüz döndermäge hukugy ýokdur. Komitentiň bahadaky ýokary geçýän aratapawudyndaky

zyýanlaryň öweziniň dolunmagyna bolan hukugy güýjünde galýar.

### 829-njy madda. Amatly baglaşylan geleşik

1. Eger komissioner komitent tarapyndan oňa bellenilenden has amatly şertlerde geleşik baglaşan bolsa, onda ol komitentiň peýdasyna bolýar.

2. Hususan-da, eger komissioneriň satan nyrhy komitent tarapyndan kesgitlenilen iň pes nyrhdan ýokary geçýän bolsa ýa-da eger onuň satyn alan nyrhy komitent tarapyndan kesgitlenilen ýokary nyrha ýetmeýän bolsa, ol hereket edýär.

### 830-njy madda. Zaýalanan ýa-da kemçilikleri bolan komission haryt

Komissionere iberilmäge degişli haryt, eger ugradylan wagty gözden geçirilende zaýalanan ýa-da kemçilikli ýagdaýy ýüze çykarylsa, onda komissioner daşaýjy ýa-da komitent babatda harydyň ýagdaýyna subutnama barada alada etmäge we komitente haýal etmän maglumat bermäge borçludyr; eger ol muny etmese, onda zyýanlaryň öwezini dolmaga borçludyr.

### 831-nji madda. Komissioneriň haryt üçin jogapkärçiligi

1. Komissioner özünde saklanylýan harydyň ýitenligi we zaýalananlygy üçin, eger diňe ýitmek ýa-da zaýalanmak täjiriň ynsaplylyk bilen öňüni alyp bilmeýän ýagdaýlara esaslandyrylmaýan bolsa, jogapkärçilik çekýär.

2. Komissioner harydyň ätiýaçlandyryşynyň ýokdugy üçin diňe, eger komitent tarapyndan oňa ätiýaçlandyryşy amala aşyrmak barada görkezme berlen bolsa, jogapkärçilik çekýär.

### 832-nji madda. Komissioneriň töwekgelçiligi

1. Eger komissioner komitentiň razylygyny alman, üçünji şahsa hakujy ýa-da karz beren bolsa, onda komissioner özüniň töwekgelçiliginde hereket edýär.

2. Eger ýerli düzgünler satyn alnyş nyrhyny tölemegiň möhletini yza süýşürmegi göz önünde tutýan bolsa, onda komitent tarapyndan başga görkezmeler bolmasa, muňa komissioneriň hem hukugy bardyr.

3. Eger komissioner muňa ygtyýary bolmazdan, karzyna satýan bolsa, onda ol bergidar hökmünde komitente satyn alnyş nyrhyny haýal etmän tölemäge borçludyr, eger nagt pula satylanda nyrh pes boljak bolsa, onda komissioner has pes nyrhyň öwezini dolýar we, eger soňky oňa bellenilen nyrhdan hem pes bolsa, şu Kodeksiň 828-nji maddasyna laýyklykda tapawudyny hem töleýär.

### 833-nji madda. Komissioneriň komission haky. Çykdajylaryň öwezini dolmak

Eger geleşik ýerine ýetirilen bolsa, kommissioner komission haklaryny talap

edip biler. Eger geleşik ýerine ýetirilmedik bolsa, muňa garamazdan, eger ýerli düzgünlerde şunuň ýaly kabul edilen bolsa, onuň tabşyryş kommission hakyny almaga hukugy bardyr; ol şeýle hem onuň baglaşan geleşiginiň ýerine ýetirilmegi komitentiň şahsyýeti bilen baglanyşyklylykda amala aşyrylmadyk bolsa, komission hakyny talap edip biler.

**834-nji madda. Meňzeş geleşikler**

1. Eger komissioner özüniň täjirçilik käri bilen meşgullananda başgalaryň hasabyna özüniň adyndan şu Kodeksiň 825-nji maddasynda görkezilenden başga görnüşdäki geleşigi baglaşan halatynda hem şu babyň kadalary ulanylýar. Eger komissioner bolup durmaýan täjir özüniň täjirçilik käri bilen meşgullananda görkezilen görnüşde geleşigi baglaşmagy özüne kabul edýän bolsa, şol kada hereket edýär.

2. Öz närsesi telekeçi tarapyndan satyn alynýan materialdan öndürilýän çalşyryp bolmaýan gozgalýan zat bilen üpjün edýän komissiýa hem şu babyň kadalary babatda satyn almak we satmak boýunça komissiýa diýlip hasap edilýär.

**835-nji madda. Kadalaryň ulanylarlygy**

Komissioneriň işiniň şu bapda düzgünleşdirilmedik meselelerinde söwda wekili hakyndaky kadalar ulanylýar.

## XXI BAP. SYLAG BERMEGI JEMAGAT ÖŇÜNDE WADA BERMEK. BÄSLEŞIK

**836-njy madda. Mazmuny**

Haýsydyr bir hereketi amala aşyranlygy üçin, hususan-da, belli bir netijäni gazananlygy üçin sylagy bellemek hakynda jemagat öňünde beýan eden şahs, görkezilen hereketi amala aşyrana hatda, eger bu şahs jemagat öňünde wada berlen sylagy nazara almazdan hereket eden bolsa-da, sylagy tölemäge borçludyr.

**837-nji madda. Ýatyrmak**

1. Jemagat öňünde sylagyň wada berilmegi diňe yglan edilen hereketiň ýerine ýetirilmegine çenli ýatyrylyp bilner. Jemagat öňünde berlen wadanyň ýatyrylmagy, eger ol barada sylag wada bermek ýaly usul bilen yglan edilen bolsa, ýa-da eger yz ýanyndan aýratyn duýdurylan bolsa hakykydyr.

2. Sylag bermegi jemagat öňünde wada berlende ony ýatyrmak hukugyndan ýüz dönderilmegi görkezilip bilner; eger hereketi ýerine ýetirmek üçin möhlet kesgitlenilen bolsa, şübhe bolanda şeýle ýüz dönderilmegine düşünilýär.

**838-nji madda. Sylagyň birnäçe şahs tarapyndan talap edilmegi**

1. Eger sylag bellenilen hereket dürli şahslar tarapyndan amala aşyrylan bolsa, onda hereketi birinji amala aşyran şahs sylaga bolan hukuga eýedir.

2. Eger hereket şahslaryň birnäçesi tarapyndan bir wagtda amala aşyrylan bolsa, onda olaryň her biri sylagyň deň bölegine bolan hukuga eýedir. Eger sylag öz häsiýeti boýunça bölünip bilinmese ýa-da jemagat öňünde wada berilmegine laýyklykda ony diňe bir şahs almaly bolsa, onda sylagy almaly şahs bije arkaly kesgitlenilýär.

**839-njy madda. Bäsleşik**

Baýragyň bellenilmeginiň esasynda işiň gowy ýerine ýetirilmegi bolan sylagy jemagatyň öňünde wada bermek, diňe bäsleşik yglan edilende işiň ýerine ýetirilmegi üçin möhlet kesgitlenilende hakykydyr.

**840-njy madda. Bäsleşigiň şertleriniň üýtgedilmegine ýol berilmezligi**

Bäsleşige gatnaşyjylara zyýan ýetirip biljek üýtgetmeleriň bäsleşigiň şertlerine girizilmegi ýol berilmesizdir.

**841-nji madda. Ýeňijini kesgitlemek**

Hödürlenen işlerden haýsysynyň ileri tutulmaga mynasypdygy hakyndaky karar bäsleşik yglan edilende görkezilen şahs tarapyndan, şeýle şahs bolmadyk halatynda sylagy bellän şahs tarapyndan kabul edilýär. Şeýle karar ähli gatnaşyjylar üçin hökmanydyr.

**842-nji madda. Bäsleşikde birnäçe şahsyň ýeňmegi**

Deň derejedäki işler hödürlenilende baýrak şu Kodeksiň 838-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan kadalar boýunça berilýär.

**843-nji madda. Ýerine ýetirilen işlere eýeçilik hukugy**

Sylagy bellän şahs, ýerine ýetirilen iş üçin özüne eýeçilik hukugynyň berilmegini diňe, eger ol sylagy jemagat öňünde wada berende şeýle bermegiň geçirilmelidigini görkezen bolsa, talap edip biler.

## XXII BAP. EMLÄGI SAKLAMAK

**844-nji madda. Mazmuny**

Emlägi saklamak şertnamasy boýunça bir tarap (emlägi saklaýjy) özüne beýleki tarapyň (ýük berijiniň) beren gozgalýan emlägini saklamagy hem-de şol emlägi abat ýagdaýda gaýtaryp bermegi borç edinýär.

**845-nji madda. Emlägi saklamagyň tölegsizligi**

1. Eger ylalaşyk bilen başgaça bellenilmedik bolsa, emlägi saklamak tölegsiz amala aşyrylýar. Eger emläk saklaýjy saklamagy telekeçilik işiniň çäklerinde amala aşyrýan bolsa, onda hak bu hakda aýdylmanda hem şertleşilen diýlip hasap edilýär.
2. Eger hakyň möçberi kesgitlenilmedik bolsa, onda tarif bolanda tarif haky, tarif bolmasa adaty hak ylalaşylan diýlip hasap edilýär.

**846-njy madda. Zat tölegsiz saklanylanda saklaýjynyň borjy**

Eger zat tölegsiz saklamak üçin kabul edilen bolsa, onda saklaýjy adatça öz hususy işlerine garaýşy ýaly esewanlyk görkezmäge borçludyr.

**847-nji madda. Zady üçünji şahsa saklamaga bermek**

1. Ýük berijiniň razylygy bolmasa, zady üçünji şahsa saklamaga bermäge saklaýjy hukuksyzdyr.
2. Eger üçünji şahsa saklamaga bermek ýük berijiniň razylygy bilen geçirilen bolsa, onda saklaýjy diňe üçünji şahsy we saklamagyň ýerini saýlamakda öz üstüne düşýän günä üçin jogapkärçilik çekýär.

**848-nji madda. Saklamak üçin tabşyrylan zatdan peýdalanmaga ýol berilmezligi**

Saklamak üçin özüne tabşyrylan zady ýük berijiniň razylygy bolmazdan peýdalanmaga saklaýjy hukuksyzdyr, muňa zatdan peýdalanmagyň zerur bolan halatlary girmeýär.

**849-njy madda. Zady saklamagyň tertibini üýtgetmek**

Zerurlyk bolanda saklaýjy zady saklamagyň tertibini üýtgetmäge hukuklydyr. Ol bu barada ýük berijä habar bermelidir. Saklaýjy şeýle hem oňa saklamak üçin tabşyrylan zada üçünji şahslaryň talaplary hakynda habar bermäge borçludyr.

**850-nji madda. Zadyň häsiýetleri bilen ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak**

Ýük beriji saklaýja saklamak üçin tabşyrylan zadyň saklanylmagy bilen ýetirilen zyýanyň öwezini dolmalydyr, muňa onuň zadyň howply häsiýetleri hakynda bilmedik we bilip hem bilmejek halatlary girmeýär.

**851-nji madda. Saklamaga tabşyrylan zady gaýtarmagyň möhleti**

Ýük beriji saklamak üçin tabşyrylan zadyň gaýtarylmagyny, eger saklamak

möhleti bellenilen halatynda hem, islendik wagtda talap edip biler.

**852-nji madda. Zady saklaýjynyň zady yzyna almak hakyndaky talaby**

1. Zady saklaýjy zady yzyna almagy, eger saklamak möhleti kesgitlenilmedik bolsa, ýük berijiden islendik wagtda talap edip biler.

2. Zady saklaýjy bu hukugy diňe ýük beriji başga hili ýagdaýda zady saklap biler ýaly amala aşyryp biler, muňa saklamaga tabşyrylan zady yzyna gaýtarmak üçin möhüm esas bolan halatlary girmeýär.

**853-nji madda. Saklamaga tabşyrylan zadyň yzyna gaýtarylýan ýeri**

Zadyň yzyna gaýtarylmagy şertnamada görkezilen ýerde geçirilmelidir, muňa yzyna gaýtarmagyň başga ýeri hakynda ylalaşyk gazanylan halatlary girmeýär. Daşamak boýunça çykdajylar ýük berijiniň üstüne ýüklenilýär.

**854-nji madda. Saklamaga tabşyrylan zadyň miwelerini bermek borjy**

1. Zady saklaýjy zadyň saklanan wagtynda alnan miweleri ýük berijä bermäge borçludyr.

2. Ýük beriji zady saklaýja zady saklamak boýunça zerur çykdajylaryň öwezini dolmaga borçludyr.

**855-nji madda. Bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlygy üçin zady saklaýjynyň jogapkärçiligi**

Eger saklamak üçin tabşyrylan zady yzyna gaýtarmak üçin möhlet bellenilen bolsa, onda bu möhlet dolandan soňra saklaýjy diňe bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlygy üçin jogapkärçilik çekýär.

**856-njy madda. Hak tölemek borjy**

Eger zady saklamak tölegli esasda amala aşyrylan bolsa, onda ýük beriji şertnama ýatyrylanda saklaýja şertleşilen hakyny tölemäge borçludyr.

**857-nji madda. Saklamaga tabşyrylan zady saklap galmak hukugy**

Saklamak bilen baglanyşykly degişli bolan hakyň alynmagyna we edilen çykdajylaryň öweziniň dolunmagyna çenli saklaýjy saklamaga tabşyrylan zady bermekden ýüz dönderip biler.

**858-nji madda. Kysymdaş zatlary saklamaga tabşyrmagyň aýratynlyklary**

Eger kysymdaş zatlar, olara eýeçilik saklaýja geçmeli, saklaýjy bolsa şoňa

kysymdaş, hilli we sanda zatlary gaýtaryp bermäge borçly bolar ýaly ýagdaýda saklamaga berlen bolsa, ssuda şertnamasynyň degişli kadalary ulanylýar.

**859-njy madda. Myhmanhanalarda zady saklamaga tabşyrmagyň aýratynlyklary**

Myhmanhanalar, şypahanalar we dynç alyş öýleri myhmanyň ýanynda bolan zadyň ýitirilmegi, ýok edilmegi ýa-da zaýalanmagy bilen ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilik çekýärler. Eger olar aýratyn tabşyrylmadyk bolsa, bu kada pul we gymmat bahaly zatlar babatda degişli däldir.

**860-njy madda. Ýeňip geçip bolmaýan güýçde jogapkärçilikden boşatmak**

1. Eger ýeňip geçip bolmaýan güýjüň, myhmanyň ýa-da onuň ýanyndaky şahsyň hereketi bilen ýa-da zadyň özüniň häsiýetleri bilen zyýan ýetirilen bolsa, jogapkärçilik aýrylýar.
2. Zyýanyň öwezini dolmak borjy awtoulaga we onda galdyrylan zatlara degişli däldir.

## XXIII BAP. HARYT AMMARYNA SAKLAMAGA TABŞYRMAK

**861-nji madda. Mazmuny**

Haryt ammaryna saklamaga tabşyrmak şertnamasy babatda, eger şu bapda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, emläk saklamak şertnamasy hakyndaky degişli kadalar ulanylýar.

**862-nji madda. Harydy saklamak baradaky borçnamalary ynsaply ýerine ýetirmek borjy**

Ammar saklaýjy saklamak üçin özüne tabşyrylan harydy saklamak boýunça borçnamalaryny ynsaply hojalykçynyň paýhasy bilen ýerine ýetirmelidir.

**863-nji madda. Emläk saklaýjy tarapyndan harydyň sanyny barlamak**

1. Emläk saklaýjy harydy saklamak üçin kabul edende, eger şu babyň kadalaryndan başgaça gelip çykmaýan bolsa, onuň mukdaryny, ölçeglerini, agramyny, görnüşini, hilini we gaýry häsiýetlerini barlamaga borçly däldir.
2. Eger haryt emläk saklaýja saklamak üçin berlende haryt zaýalanan ýa-da doly toplanmandygy ol daşyndan gözden geçirilende mälim bolsa, onda emläk saklaýjy haýal etmän bu hakda ýük berijä habar bermäge borçludyr; eger ol bu borjuny ýerine ýetirmese, onda ol zyýanyň öwezini dolmalydyr.

**864-nji madda. Saklamaga tabşyrylan harydy gözden geçirmäge bolan**

**hukuk**

Emläk saklaýjy ýük berijä tabşyrylan harydy iş wagtynyň dowamynda gözden geçirmäge, nusgalary almaga ýa-da zerur çäreleri amala aşyrmaga rugsat bermäge borçludyr.

**865-nji madda. Habar bermek borjy**

Emläk saklaýjy saklamaga tabşyrylan harydy başga ammara geçirýändigi hakynda ýa-da, eger harydyň häsiýetiniň üýtgändigini ýa-da munuň howpunyň bardygyny ýüze çykaran bolsa, ýük berijä haýal etmän habar bermäge borçludyr. Ol bu barada özüne mälim bolan ammar şahadatnamasynyň soňky eýesine habar bermelidir. Şu borjy ýerine ýetirmedik halatynda, ol ýüze çykan zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

**866-njy madda. Zyýanyň öwezini dolmak borjy**

Emläk saklaýjy özüne saklamak üçin tabşyrylan harydyň ýitirilmegi ýa-da zaýalanmagy bilen ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilik çekýär, muňa ynsaply emläk saklaýjynyň hem munuň öňüni alyp bilmeýän halatlary girmeýär.

**867-nji madda. Kysymdaş zatlary saklamagyň aýratynlyklary**

1. Kysymdaş zatlar saklananda emläk saklaýjy şol bir görnüşdäki we häsiýetdäki zatlar bilen olary garyşdyrmaga bolan hukuga diňe, eger oňa rugsat bolan halatynda eýedir.

2. Şeýle garyşdyrmak netijesinde emele gelen haryda ýük beriji umumy eýeçilik hukugyna eýedir. Her bir ýük berijiniň paýy olaryň tabşyran harydynyň sanyna laýyklykda kesgitlenilýär.

3. Emläk saklaýjy galan ýük berijileriň razylygyny soramazdan, her bir ýük berijiniň oňa degişli paýyna laýyklykda harydy yzyna gaýtarmaga borçludyr.

**868-nji madda. Saklamaga tabşyrylan harydy satmak**

Eger saklamaga tabşyrylan haryt zaýalansa we gymmatyny gaçyrýan derejede üýtgeýän bolsa hem-de emläk saklaýjyda habar bermek üçin wagt galmasa ýa-da ol bu hakda ygtyýarly şahsa habar berip bilmese, onda ol harydy satmaga ygtyýarlydyr. Harydyň satylmagyndan düşen jemi puluň ujundan ony saklamak we satmak boýunça çykdajylary aýyrmak bilen ýük berijä berilýär.

**869-njy madda. Ammar şahadatnamasy**

Emläk saklaýjy harydy kabul edende ýük berijä ammar şahadatnamasyny bermäge borçludyr.

### 870-nji madda. Ammar şahadatnamasynyň rekwizitleri

1. Ammar şahadatnamasynda şular görkezilmelidir:
1) ammar şahadatnamasynyň berlen senesi we hasaba alnan belgisi;
2) taraplaryň ady we ýaşaýan (bolýan) ýeri;
3) harydyň saklanylýan ýeri;
4) saklanmaga degişli harydyň ýazgysy (sany, möçberleri ýa-da agramy) we onuň hili; gaby bar bolsa – gabynyň ýazgysy;
5) hakyň we gaýry zerur çykdajylaryň möçberi;
6) eger saklamaga tabşyrylan haryt ätiýaçlandyrylmaga degişli bolsa, ätiýaçlandyryşyň bahasy;
7) şertnamanyň hereketiniň möhleti;
8) emläk saklaýjynyň degişli möhür bilen tassyklanylan goly.
2. Eger şu maddada görkezilen şertler ammar şahadatnamasynda doly görkezilmedik bolsa, onda munuň özi taraplary jogapkärçilikden boşatmaýar.
Taraplar ammar şahadatnamasyna beýleki şertleri hem girizmäge hukuklydyr.

### 871-nji madda. Warrant

Ammar şahadatnamasyna eýelik ediji girew hakyndaky şahadatnamasy arkaly saklamaga tabşyrylan harydy, haryt ammardan çykarylmaz ýaly görnüşde başga borçnamanyň üpjünçiligine girewe goýup biler (kepillik).

### 872-nji madda. Orderlik ammar şahadatnamasy

Eger emläk saklaýjy orderlik ammar şahadatnamasyny berýän bolsa, onda ol indossament arkaly üçünji şahsa berlip bilner.

### 873-nji madda. Indossirlenen ammar şahadatnamasy üçin jogapkärçilik

1. Eger ammar şahadatnamasy indossament arkaly berlen bolsa, emläk saklaýjy bu şahadatnama eýelik edijiniň öňünde onda görkezilen maglumatlaryň dogrudygy üçin jogapkärçilik çekýär, muňa şahadatnamada bu maglumatlaryň ýük berijiniň ýa-da üçünji şahsyň habaryna esaslanýandygynyň açyk görkezilen halatlary girmeýär.
2. Eger emläk saklaýjy maglumatlaryň anyk däldigi barada bilýän bolsa, ol, eger şu maddanyň birinji böleginde görkezilen belligi eden halatynda hem jogapkärçilik çekýär.
3. Emläk garyşyk saklananda şu maddanyň birinji böleginde görkezilen belligi etmäge emläk saklaýjy hukuksyzdyr.

### 874-nji madda. Indossamentiň dogrulygynyň prezumpsiýasy

1. Orderlik ammar şahadatnamasyny beren emläk saklaýjy saklamaga tabşyrylan

harydy diňe ammar şahadatnamasynyň kanuny eýesine gaýtaryp bermäge borçludyr.

2. Eger girewlik ammar şahadatnamasy berlen bolsa, emläk saklaýjy onuň gaýtarylyp berilmegini talap etmelidir.

3. Emläk saklaýjy indossamentiň dogrudygyny barlamaga borçly däldir. Ammar şahadatnamasynda degişli ýazgy bilen onuň berlendigi tassyklanylýar.

**875-nji madda. Ammar şahadatnamasynyň ýitirilmegi**

1. Ammar şahadatnamasy ýa-da girew hakyndaky şahadatnama ýitirilende ýa-da ýok edilende olaryň kanuny eýesi kazyýete arza bilen ýüz tutmaga we ýitirilen resminamanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegini hem-de onuň ýerine täze şahadatnamanyň berilmegini talap etmäge hukuklydyr. Kazyýet arza aýratyn önümçilik tertibinde garaýar.

2. Emläk saklaýjy kazyýetiň çözgüdiniň esasynda ammar şahadatnamasyny we girew hakyndaky şahadatnamany gaýtadan berýär.

**876-njy madda. Saklamaga tabşyrylan harydyň girewe goýulmagy**

1. Saklamaga ammara tabşyrylan harydy girewe goýmak üçin onuň eýesi girew hakyndaky şahadatnamada ýörite ýazgy etmelidir we onuň berilmegi şeýle geçirilmelidir.

2. Indossament ýük berijiniň we kreditoryň şahsyýeti hem-de borçnamanyň möçberi hakyndaky maglumatlary göz öňünde tutmalydyr.

3. Saklamaga tabşyrmak hakyndaky şahadatnamany bermek barada emläk saklaýja habar berilýär, ol degişli bellik edýär.

**877-nji madda. Ammar şahadatnamasynyň täze eýesine girew hukugynyň geçmegi**

1. Harydy saklamak boýunça çykdajylar bilen baglanyşykly emläk saklaýjyda, haryt onuň eýelik etmeginde durýan wagtynda, harydyň girew hukugy döreýär.

2. Eger ammar şahadatnamasy indossament arkaly berlen bolsa, girew hukugy täze eýesi babatda hereket edýär.

**878-nji madda. Saklamaga tabşyrylan harydy yzyna almak talabyna ýol bermezlik**

Emläk saklaýjy bellenilen möhlet geçýänçä, eger şeýle möhlet bellenilmedik bolsa, onda haryt tabşyrylandan soň üç aý geçýänçä, ýük berijiden saklanylýan harydy yzyna almagy talap etmäge hukuksyzdyr. Eger saklamak möhleti kesgitlenmedik bolsa ýa-da kesgitlenen möhletiň geçmegi bilen emläk saklaýjy harydy özünde ammarda galdyrýan bolsa, ol diňe şertnama ýatyrylandan bir aýyň geçmegi bilen ýük berijiden harydy almagy talap edip biler.

**879-njy madda. Goşmaça möhletiň bellenilmegi**

1. Eger saklamak möhleti geçenden soň ammar şahadatnamasynyň eýesi harydy ammardan çykarmakdan boýun gaçyrýan bolsa, emläk saklaýjy oňa goşmaça iki hepdelik möhlet bellemelidir. Eger bu möhletde hem haryt alynmasa, emläk saklaýjy ony satmaga hukuklydyr.
2. Satmakdan alnan puluň möçberi emläk saklaýjynyň degişli çykdajylaryny aýyrmak bilen, ammar şahadatnamasyna eýelik edijä berilýär.

## XXIV BAP. ÄTIÝAÇLANDYRYŞ

### §1. Umumy düzgünler

**880-nji madda. Mazmuny**

1. Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça şertnamanyň şertlerine laýyklykda ätiýaçlandyryş halatynyň bolmagy bilen ýetirilen zyýany ätiýaçlandyrýana öwezini dolmaga borçludyr. Ätiýaçlandyryş berk bellenilen pul möçberine amala aşyrylanda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemäge ýa-da başga şertleşilen hereketi ýerine ýetirmäge borçludyr.
2. Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş gatanjyny (ätiýaçlandyryş baýragyny) tölemäge borçludyr.
3. Türkmenistanyň kanunçylygynda we ätiýaçlandyryşyň degişli görnüşi boýunça ätiýaçlandyryş kadalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyryş gatanjy (ätiýaçlandyryş baýragy) tölenen pursadyndan baglaşylan diýlip hasap edilýär.

**881-nji madda. Ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak borjy**

Ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmagy teklip eden ätiýaçlandyryjy, eger munda ýüz döndermek üçin hakyky esaslar bolmasa, bu şertnamany baglaşmaga borçludyr.

**882-nji madda. Hökmany döwlet ätiýaçlandyryş**

Eger bu hökmany döwlet ätiýaçlandyryş hakyndaky kanunçylyga garşy gelmeýän bolsa, kanun bilen ol babatda şu babyň kadalary ulanylýan hökmany ätiýaçlandyryş göz öňünde tutulyp bilner.

**883-nji madda. Ätiýaçlandyryş şertnamasy (ätiýaçlandyryş şahadatnamasy)**

1. Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş hakyndaky gol çekilen resminamany – ätiýaçlandyryş şertnamasyny (ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny)

gowşurmaga borçludyr.

2. Ätiýaçlandyryş şertnamasynda (ätiýaçlandyryş şahadatnamasynda) görkezilmeli maglumatlaryň sanawy «Ätiýaçlandyryş hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda kesgitlenilýär.

**884-nji madda. Gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamasy**

Ätiýaçlandyryş şertnamasy esasynda ätiýaçlandyryjy tarapyndan özüne kabul edilen töwekgelçilikler başga bir ätiýaçlandyryjyda (ätiýaçlandyryjylarda) doly ýa-da bölekleýin gaýtadan ätiýaçlandyrylyp bilner. Şunda ätiýaçlandyryş şertnamasy (esasy şertnama) boýunça gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan ätiýaçlandyryjy bu soňky şertnamada ätiýaçlandyrýan diýlip hasap edilýär.

Ätiýaçlandyryjy bilen gaýtadan ätiýaçlandyryjynyň arasyndaky gatnaşyklar gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamasy ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde düzgünleşdirilýär. Şunda ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyrýanyň öňündäki borçnamalary doly saklanyp galýar.

**885-nji madda. Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň ýitirilmeginiň netijeleri**

1. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen ätiýaçlandyryjy diňe ätiýaçlandyryş şahadatnamasy berlenden soň öz borçlaryny ýerine ýetirmeli diýlip kesgitlenilen, ýöne ätiýaçlandyryş şahadatnamasy ýitirilen ýa-da ýok edilen bolsa, ätiýaçlandyrýan ýerine ýetirilmegini diňe, eger aýratyn kadalary berjaý etmek bilen, ätiýaçlandyryş şahadatnamasy güýjüni ýitiren diýlip yglan edilen halatynda talap edip biler.

2. Ätiýaçlandyryş şahadatnamasy ýitirilende ýa-da ýok edilende ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryjydan öwezligini talap edip biler. Öwezligiň berilmegi boýunça çykdajylary ätiýaçlandyrýan çekýär.

**886-njy madda. Ätiýaçlandyryş wekiliniň hukuklary**

1. Ätiýaçlandyryş wekiliniň araçyllyk işini amala aşyrmaga ygtyýarlyklary ätiýaçlandyryjynyň degişli resminamalary bilen kesgitlenilýär.

2. Araçyllyk wezipelerini ýerine ýetirýän ätiýaçlandyryş wekili ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylanda şeýle şertnamany baglaşmaga hukuklydyr.

3. Öz işini ätiýaçlandyryjynyň tabşyrygy boýunça we onuň adyndan amala aşyrýan ätiýaçlandyryş wekiliniň hak almaga hukugy bardyr.

**887-nji madda. Ätiýaçlandyryşyň başlanmagy**

1. Ätiýaçlandyryş şertnama baglaşylan gününde sagat 24-de başlanýar we şertnama bilen göz öňünde tutulan möhletiň soňky gününde sagat 24-de tamamlanýar.

2. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy bäş ýyldan ýokary möhlete baglaşylan bolsa, onda taraplaryň her biri bu hakda duýdurylandan soň üç aýyň geçmegi bilen

şertnamany ýatyryp biler.

3. Ätiýaçlandyryş gatnaşyklarynyň aýdylman uzaldylýandygy we olaryň möhletinden öň ýatyrylmaýandygy hakyndaky ylalaşyk, eger ätiýaçlandyryş şertnamasy bir ýyldan ýokary möhlete uzaldylýan bolsa, hakyky däldir. Ätiýaçlandyrýan şertnamany ýatyrmagyň üç aýlyk möhletini hemişe berjaý etmäge borçludyr.

### 888-nji madda. Ätiýaçlandyryş gatanjyny artdyrmagyň netijeleri

Eger ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş gatanjyny artdyran bolsa, ätiýaçlandyrýan şertnamany ýatyrmagyň bir aýlyk möhletini berjaý etmek bilen şertnamany ýatyryp biler. Ätiýaçlandyryş gatanjynyň ujypsyz artdyrylmagy şeýle hukugy döretmeýär.

### 889-njy madda. Maglumat bermek borjy

1. Ätiýaçlandyrýan şertnama baglaşylanda howpuň döremegi ýa-da ätiýaçlandyryş halaty üçin düýpli ähmiýeti bolan, özüne mälim bolan ähli ýagdaýlary ätiýaçlandyryja habar bermelidir. Ätiýaçlandyryjynyň şertnamadan ýüz döndermegine ýa-da ony üýtgedilen mazmun bilen baglaşmagyna täsir edip biljek ýagdaýlar düýpli ýagdaýlar bolup durýar.

2. Ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyrýandan ýazmaça aýdyň we düşnükli ýagdaýda talaby hem düýpli ýagdaý diýlip hasap edilýär.

3. Eger ätiýaçlandyryja düýpli ýagdaýlar hakynda habar berilmedik bolsa, ol şertnamadan ýüz dönderip biler. Ätiýaçlandyrýanyň düýpli ýagdaý hakynda habar bermekden bilkastlaýyn boýun gaçyrmagy hem şeýle ähmiýete eýedir.

4. Eger ätiýaçlandyryjy ýaşyryn ýagdaý hakynda bilen ýa-da ätiýaçlandyrýan şeýle ýagdaý hakynda habar berilmezliginde günäkär däl bolsa, şertnamanyň ýatyrylmagy ýolberilmesizdir.

### 890-njy madda. Nädogry maglumatlary habar bermegiň netijeleri

1. Eger düýpli ýagdaý hakyndaky habarda nädogry maglumatlar bolan ýagdaýynda hem, ätiýaçlandyryjy şertnamadan ýüz dönderip biler.

2. Eger maglumatlaryň nätakyklygy ätiýaçlandyryja mälim bolan we ätiýaçlandyrýan nädogry maglumatlaryň berilmeginde günäkär däl bolsa, şertnamadan ýüz dönderilmegi ýolberilmesizdir. Bu maglumatlar hakynda habar berlenden soň bir aýyň dowamynda ätiýaçlandyryjy şertnamany ýatyryp biler.

### 891-nji madda. Habar berilmezligi sebäpli ätiýaçlandyryş şertnamasyny ýatyrmak

Eger ätiýaçlandyrýan howpuň ýagdaýlary hakyndaky ýazmaça sowallara jogap bermeli bolan, ýöne ätiýaçlandyrýan olar hakda bilkastlaýyn duýdurmadyk bolsa, olar barada meseleler goýulmadyk hem bolsa, habar berilmezligi sebäpli, ätiýaçlandyryjy

şertnamany ýatyrmaga hukuklydyr.

**892-nji madda. Maglumat berilmezligi sebäpli ätiýaçlandyryş şertnamasyny ýatyrmagyň möhleti**

1. Ätiýaçlandyryjy şu bapda göz öňünde tutulan maglumatlaryň habar berilmezliginden soň bir aýyň dowamynda şertnamany ýatyryp biler. Bu möhlet habar bermek borjunyň bozulandygy hakynda ätiýaçlandyryjynyň bilen pursadyndan başlanýar.

2. Ätiýaçlandyrýana şertnamanyň ýatyrylandygy hakynda habar berilmelidir.

**893-nji madda. Ätiýaçlandyryş halaty bolandan soň şertnamany ýatyrmak**

Eger ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş halaty bolandan soň şertnamany ýatyran bolsa, eger habar bermek borjy bozulan ýagdaý ätiýaçlandyryş halatynyň bolmagyna we ätiýaçlandyryjynyň borçlaryny ýerine ýetirmegine täsir etmeýän bolsa, ol öz borçlaryny ýerine ýetirmekden boşadylmaýar.

**894-nji madda. Ýokary howplulyk hakynda habary bermek borjy**

1. Ätiýaçlandyrýan şertnama baglaşylandan soň dörän ýokary howplulyk hakynda, eger bu şertnamanyň baglaşylmagyna düýpli täsirini ýetirip biljek bolsa, haýal etmän ätiýaçlandyryja habar bermäge borçludyr.

2. Şeýle ýagdaýda ätiýaçlandyryjy bir aýlyk möhleti berjaý etmek bilen şertnamany ýatyrmaga ýa-da ätiýaçlandyryş gatanjynyň degişli artdyrylmagyny talap etmäge hukuklydyr. Eger ätiýaçlandyrýan bilkastlaýyn howpuň artmagyna getiren bolsa, ätiýaçlandyryjy bir aý möhleti berjaý etmezden şertnamany ýatyryp biler.

**895-nji madda. Ätiýaçlandyryş halatynyň bolanlygy hakynda habar bermek borjy**

1. Ätiýaçlandyryş halatynyň bolanlygy hakynda bilenden ätiýaçlandyrýan bu hakda haýal etmän ätiýaçlandyryja habar bermelidir.

2. Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş halaty bolan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş halatyny ýa-da borçlaryň möçberini anyklamak üçin zerur bolan islendik maglumatlary ätiýaçlandyrýandan talap edip biler.

3. Eger ätiýaçlandyrýan habar bermek borçlaryny ýerine ýetirmese we şunuň bilen ätiýaçlandyryjynyň bähbitleri düýpli bozulmasa, ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan boşadylýan ylalaşyga esaslanyp bilmez.

4. Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş halaty bolandan we ätiýaçlandyryjynyň töleginiň möçberi kesgitlenilenden soň öz borçlaryny ýerine ýetirmelidir.

## §2. Ätiýaçlandyryş gatanjy

**896-njy madda. Ätiýaçlandyryş gatanjyny tölemek borjy**

1. Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş gatanjyny töländen soň ätiýaçlandyryş şertnamasyny alýar.

2. Eger ätiýaçlandyryşa gyzyklanma ýitirilen bolsa, ätiýaçlandyryjy öz üstüne alan töwekgelçiliginiň dowamlylygyna laýyk gelýän ätiýaçlandyryş gatanjynyň bir bölegini talap edip biler. Ätiýaçlandyryjy edilen hyzmata laýyk gelýän haky talap edip biler.

**897-nji madda. Birinji ätiýaçlandyryş gatanjy**

Birinji ýa-da bir gezeklik ätiýaçlandyryş gatanjy öz wagtynda tölenilýänçä ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan azatdyr.

**898-nji madda. Ätiýaçlandyryş gatanjynyň öz wagtynda tölenilmezligi**

1. Eger ätiýaçlandyryş gatanjy öz wagtynda geçirilmese, ätiýaçlandyryjy geçirilmegi üçin iki hepdelik möhleti ýazmaça kesgitläp biler. Şunda möhletiň geçirilmeginiň netijeleri hakynda görkezilmelidir.

2. Eger möhlet geçenden soň ätiýaçlandyryş halaty bolsa we şol wagta çenli ätiýaçlandyrýan gatanç geçirmegiň ýa-da göterimleri tölemegiň möhletini geçiren bolsa, ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan boşadylýar.

**899-njy madda. Ätiýaçlandyryş gatanjynyň öz wagtynda tölenmezligi sebäpli şertnamany ýatyrmak**

Eger ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş gatanjyny öz wagtynda geçirmese, ätiýaçlandyryjy bir aý öňünden şertnamany ýatyrmak hakynda ätiýaçlandyrýany duýduryp we bu möhlet netijesiz tamamlananda ony ýatyryp biler.

**900-nji madda. Ätiýaçlandyryş gatanjyny tölemegiň bes edilmegi**

Eger şertnama baglaşylandan soň ätiýaçlandyryjynyň ykdysady ýagdaýy ýaramazlaşyp, ätiýaçlandyryş halaty bolan ýagdaýynda şertnama boýunça onuň öz üstüne alan borçlaryny ýerine ýetirmegine hakyky howpuň barlygy ýüze çykarylsa, ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş gatanjyny geçirmegini bes edip biler.

**§3. Zyýanyň ätiýaçlandyrylyşy**

**901-nji madda. Zyýanyň öwezini pul bilen dolmak borjy**

Ätiýaçlandyryjy zyýanyň öwezini pul bilen dolmalydyr.

**902-nji madda. Zyýanyň öwezini dolmagyň çäkleri**

Ätiýaçlandyryjy zyýanyň öwezini diňe ätiýaçlandyryş pulunyň çäklerinde dolýar.

**903-nji madda. Ätiýaçlandyryş deňeşdirmesi**

1. Eger ätiýaçlandyryşyň pul möçberi ätiýaçlandyryş edilen bähbidiň gymmatyndan (ätiýaçlandyryş bahasy) ep-esli ýokary geçýän bolsa, hem ätiýaçlandyrýan, hem ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş gatanjyny haýal etmän degişli ýagdaýda azaltmak bilen çendenaşa ätiýaçlandyryşyň öňüni almak maksady bilen, ätiýaçlandyryşyň pul möçberiniň azaldylmagyny talap edip bilerler.

2. Eger ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryşyny ýokarlandyrmak arkaly bikanun girdeji almak üçin şertnama baglaşan bolsa, şertnama hakyky däl diýlip hasap edilýär. Eger ol ätiýaçlandyryjy şertnama baglaşylan pursadynda hakyky däldigini bilmedik bolsa, şertnamanyň hakyky däldigine çenli tölenen gatançlar onda galýar.

**904-nji madda. Emlägi ätiýaçlandyrmagyň aýratynlyklary**

Eger emläk ätiýaçlandyrylan bolsa we işiň ýagdaýlaryndan başgaça ýüze çykmasa, emlägiň gymmaty ätiýaçlandyryşyň möçberi diýlip hasap edilýär.

**905-nji madda. Elden giderilen peýdanyň ätiýaçlandyrylyşy**

Ätiýaçlandyryş halatynyň bolmagy zerarly alynmadyk peýda hem, eger bu ätiýaçlandyryş şertnamasy ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygy bilen göz öňünde tutulan bolsa, ätiýaçlandyryşa degişlidir.

**906-njy madda. Zatlaryň jemini ätiýaçlandyrmak**

Eger zatlaryň jemi ätiýaçlandyrylan bolsa, ätiýaçlandyryş oňa girýän zatlaryň hemmesine degişli edilýär.

**907-nji madda. Ätiýaçlandyryşyň öwezini dolmagyň möçberi**

Eger ätiýaçlandyryş halaty bolan pursadynda ätiýaçlandyryş üçin hak ätiýaçlandyryşyň möçberinden ýokary bolan halatynda hem ätiýaçlandyryjy dörän zyýandan geçýän möçberini ätiýaçlandyrýana tölemäge borçly däldir.

**908-nji madda. Gysgaldylan ýa-da doly däl ätiýaçlandyryş. Goşa ätiýaçlandyryş**

1. Eger ätiýaçlandyryş halaty bolan pursadynda ätiýaçlandyryşyň möçberi ätiýaçlandyryş bahasyndan az bolsa (gysgaldylan ýa-da doly bolmadyk ätiýaçlandyryş), ätiýaçlandyryjy diňe ätiýaçlandyryşyň möçberiniň bahasyna deň

bolan zyýanyň bölegini we ätiýaçlandyryş üçin haky töleýär.

2. Ätiýaçlandyryjylaryň birnäçesinde şol bir bähbidini ätiýaçlandyran şahs bu hakda her bir ätiýaçlandyryja haýal etmän habar bermäge borçludyr.

3. Ätiýaçlandyryjylaryň birnäçesiniň şol bir töwekgelçiliginiň bähbidi ätiýaçlandyrylsa we ätiýaçlandyryşyň möçberleri bilelikde ätiýaçlandyryş bahasyndan ýokary bolsa ýa-da beýleki ätiýaçlandyryjy bilen ätiýaçlandyryş şertnamasy bolmasa, her bir ätiýaçlandyryjy tarapyndan tölenip bilinjek öwezi dolmalaryň, umumy puluň möçberi başga sebäpler boýunça ähli ýitgilerden ýokary bolsa (goşa ätiýaçlandyryş), onda ätiýaçlandyryjylar raýdaş bergidarlar hökmünde ätiýaçlandyrýan bilen olara şertnama baglaşylan möçberiň çäklerinde ätiýaçlandyrýanyň öňünde borçludyrlar, ýöne bilelikde hakyky zyýanyň möçberinden geçýän möçberi almaga ätiýaçlandyrýanyň hukugy ýokdur.

**909-njy madda. Goşa ätiýaçlandyryşyň hakyky däldigi**

Eger ätiýaçlandyrýan bikanun girdeji almak maksady bilen, goşa ätiýaçlandyryşy resmileşdiren bolsa, onda şu maksat bilen baglaşylan her bir şertnama hakyky däl diýlip hasap edilýär.

**910-njy madda. Ätiýaçlandyryş halaty bolanda ätiýaçlandyrýanyň günäsi**

Eger ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş bilen göz öňünde tutulan halaty bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlygy bilen getiren bolsa, ätiýaçlandyryjy öz borçlaryny ýerine ýetirmekden boşadylýar.

**911-nji madda. Ätiýaçlandyryjynyň görkezmelerini ýerine ýetirmek borjy**

1. Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş bilen göz öňünde tutulan halat bolanda, zyýanyň öňüni almaga ýa-da azaltmaga we şunuň bilen bagly ätiýaçlandyryjynyň görkezmelerini ýerine ýetirmäge borçludyr.

2. Ätiýaçlandyryjy özüniň görkezmeleriniň ýerine ýetirilmegi netijesinde edilen çykdajylaryň öwezini dolmaga borçludyr.

**912-nji madda. Ýeňip geçip bolmaýan güýjüň täsiri bilen dörän zyýanyň ätiýaçlandyrylyşy**

Eger bu diňe ätiýaçlandyryş şertnamasynyň şertlerinde ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygy bilen göz öňünde tutulan halatynda, ätiýaçlandyryjy ýeňip geçip bolmaýan güýjüň täsiri netijesinde ýeten zyýan üçin jogapkärçilik çekýär.

**913-nji madda. Üçünji şahsyň zyýanyň öwezini dolmak talaby**

1. Ätiýaçlandyrýan zyýanyň öwezini dolmak barada üçünji şahsa talap bildirip bilýän bolsa, eger ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana zyýanyň öwezini dolan bolsa, bu

talap ätiýaçlandyryja geçýär. Eger ätiýaçlandyrýan üçünji şahs babatda öz talabyndan ýa-da onuň talabyny üpjün etmäge bolan hukukdan ýüz dönderýän bolsa, onda ätiýaçlandyryjy öz çykdajylarynyň öwezini dolmaga bolan hukugy amala aşyrmagyň netijesinde ýa-da talap bildirmek bilen baglanyşykly onuň aljak möçberindäki zyýanynyň öwezini dolmak borçlaryndan boşadylýar.

2. Eger ätiýaçlandyrýanyň zyýanyň öwezini dolmaga bolan talap etmek hukugy onuň bilen bile ýaşaýan maşgala agzasyna dahylly bolsa, onda hukugyň geçmegi aradan aýrylýar, muňa maşgala agzasynyň bilkastlaýyn zyýan getiren halatlary degişli däldir.

**914-nji madda. Ätiýaçlandyrylan emlägi aýrybaşgalamagyň netijeleri**

Eger ätiýaçlandyrylan emläk aýrybaşgalanan bolsa, onda ätiýaçlandyrýanyň hukugy emläk edinijä geçýär.

**915-nji madda. Ätiýaçlandyrylan emlägiň aýrybaşgalanandygy hakynda habar bermek borjy**

Ätiýaçlandyrylan emlägiň aýrybaşgalanandygy hakynda ätiýaçlandyryja haýal etmän habar berilmelidir. Eger emläk ediniji ýa-da aýrybaşgalaýan bu hakda ätiýaçlandyryja haýal etmän habar bermedik bolsa, eger ätiýaçlandyryş halaty ätiýaçlandyryjynyň habary almaly pursadyndan bir aýdan soň bolan bolsa, ol öwezini dolmak borjundan boşadylýar.

**916-njy madda. Ätiýaçlandyrylan emläk aýrybaşgalananda ätiýaçlandyryşy ýatyrmak**

1. Ätiýaçlandyryjy şertnamany ýatyrmak üçin bir aýlyk möhleti berjaý edip, emläk ediniji bilen ätiýaçlandyryş gatnaşygyny ýatyrmaga hukuklydyr. Eger ätiýaçlandyryjy emlägiň aýrybaşgalanandygy hakynda özüne mälim bolan pursadyndan başlap bir aýyň dowamynda şertnamany ýatyrmak hukugyndan peýdalanmasa, onda bu hukuk güýjüni ýitirýär.

2. Emläk ediniji ätiýaçlandyryş şertnamasyny ýatyrmaga hukuklydyr; ol şertnamany diňe haýal etmän ýa-da ätiýaçlandyryşyň dowam edýän döwrüniň tamamlanmagyna çenli ýatyryp biler. Eger emläk ediniji ony edinenden soň bir aýyň dowamynda bu hukukdan peýdalanmasa, şertnamany ýatyrmak hukugy ýitirilýär, eger-de ätiýaçlandyryş hakynda emläk edinijä mälim bolmasa, onuň ätiýaçlandyryş gatnaşyklary hakynda bilen pursadyndan başlap, bir aýyň geçmegine çenli şertnamany ýatyrmak hukugy güýjüni saklaýar.

3. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy şu maddanyň kadalary esasynda ýatyrylan bolsa, emlägi aýrybaşgalaýjy ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş gatanjyny tölemäge borçludyr, ýöne ol şertnamanyň ýatyrylan pursadyny goşmak bilen, ätiýaçlandyryş döwründe tölemeli bolanyndan ýokary bolmaly däldir; şu ýagdaýda emläk ediniji ätiýaçlandyryşyň möçberiniň tölenmegi üçin jogapkärçilik çekmeýär.

**917-nji madda. Başga şahsyň peýdasyna ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak**

Ätiýaçlandyrýan öz adyndan ätiýaçlandyryjy bilen başga şahsyň peýdasyna ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşyp biler.

**918-nji madda. Ätiýaçlandyryş şertnamasynda başga şahsyň hukuklary**

1. Başga şahsyň peýdasyna ätiýaçlandyryşda şu şertnamadan gelip çykýan hukuklar şol şahsa degişlidir. Diňe ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny talap etmek hukugyna eýedir.

2. Ätiýaçlandyrylan şahs ätiýaçlandyrýan bilen ylalaşmazdan öz hukuklaryndan peýdalanyp biler we diňe, eger ätiýaçlandyryş şahadatnamasy onuň elinde bolsa, öz hukuklarynyň kazyýetiň üsti bilen amala aşyrylmagyny talap edip biler.

**919-njy madda. Ätiýaçlandyrýanyň hukuklary**

1. Ätiýaçlandyrýan şertnama boýunça ätiýaçlandyrylan şahsa degişli hukuklardan öz adyndan peýdalanyp biler.

2. Eger ätiýaçlandyryş şahadatnamasy berlen bolsa, ätiýaçlandyrýan diňe ätiýaçlandyryş şahadatnamasyna eýelik eden halatynda ätiýaçlandyrylan şahsyň razylygy bolmazdan ätiýaçlandyryşyň möçberini alyp biler ýa-da hukugy ätiýaçlandyrylan şahsa berip biler.

3. Eger ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyrylan şahsyň ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen razy bolandygyny subut eden halatynda, diňe şunda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrylanyň peýdasyna töleg geçirmäge borçludyr.

**§4. Raýat-hukuk jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylyşy**

**920-nji madda. Mazmuny**

Raýat-hukuk jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýany ätiýaçlandyryş döwründe dörän we onuň üstüne üçünji şahsyň öňünde jogapkärçilik ýükleýän borçnama boýunça jogapkärçilikden boşatmaga borçludyr.

**921-nji madda. Zyýanyň öwezini göni dolmak talaby**

Eger zyýan ýeten şahs ätiýaçlandyryja talap bildiren bolsa, onda ol öz borçnamasynyň çäklerinde zyýanyň öwezini göni dolmaga borçludyr.

**922-nji madda. Kazyýet çykdajylary we kazyýetden daşary çykdajylar**

Eger işiň ýagdaýlaryndan ugur alyp, şeýle çykdajylaryň öwezini dolmaly bolsa, ätiýaçlandyryş üçünji şahsyň talaplaryndan goranmak üçin çekilen kazyýet çykdajylaryny we kazyýetden daşary çykdajylary öz içine alýar.

### 923-nji madda. Ätiýaçlandyryjyny jogapkärçilikden boşatmak

Eger ätiýaçlandyrýan üçünji şahsyň öňünde ätiýaçlandyryja jogapkärçilik ýükleýän ýagdaýyň bolmagyny bilgeşleýin döreden bolsa, ätiýaçlandyryjy jogapkärçilikden boşadylýar.

### 924-nji madda. Hökmany döwlet ätiýaçlandyryşynda jogapkärçilik

1. Eger ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýanyň öňündäki borçlardan doly ýa-da bölekleýin boşadylan bolsa, onda kanun bilen göz öňünde tutulan hökmany döwlet ätiýaçlandyryşynda onuň üçünji şahsyň öňündäki jogapkärçiligi güýjünde galýar.
2. Eger ätiýaçlandyryjy üçünji şahsyň talaplaryny kanagatlandyrýan bolsa, üçünji şahsyň ätiýaçlandyrýan babatdaky talaby ätiýaçlandyryja geçýär.

## §5. Ömri ätiýaçlandyrmak

### 925-nji madda. Mazmuny

1. Ömri ätiýaçlandyrmak ätiýaçlandyrýan şahsyň hut özüne ýa-da başga şahsa degişli bolup biler.
2. Eger ömrüň ätiýaçlandyryş şertnamasy üçünji şahsyň peýdasyna baglaşylan bolsa, onda bu şahsyň ýa-da onuň kanuny wekiliniň ýazmaça razylygy zerurdyr.

### 926-njy madda. Şertnamany baglaşmakdan ýüz döndermäge ýol bermezlik

Eger ätiýaçlandyrýan şertnama baglaşylanda maglumatlary habar bermek borjuny bozsa, eger şertnama baglaşylandan soň bäş ýyl geçen bolsa, ätiýaçlandyryjy şertnamadan ýüz dönderip bilmez. Eger maglumatlary habar bermek borjunyň ýerine ýetirilmezligi bilkastlaýyn bolsa, şertnamadan ýüz döndermäge ýol berilýär.

### 927-nji madda. Ätiýaçlandyryş gatançlary wagtal-wagtal tölenende şertnamany ýatyrmak

Eger ätiýaçlandyryş gatançlary wagtal-wagtal tölenýän bolsa, ätiýaçlandyryjy islendik pursatda, ýöne ätiýaçlandyryşyň dowam edýän döwrüniň tamamlanmagyna çenli ätiýaçlandyryş gatnaşyklaryny ýatyryp biler.

### 928-nji madda. Öwezini dolmak hukugyny üçünji şahsa bermek

1. Eger şertnama bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, toplaýyş

ätiýaçlandyryşynda ätiýaçlandyryjy almak hukugyny üçünji şahsa berip, şeýle hem üçünji şahsy başga şahsa çalşyryp biler. Ätiýaçlandyryjynyň almaga hukugy bolan üçünji şahsy çalyşmak hukugy şübhe dörände üçünji şahsyň ady şertnama girizilen ýagdaýynda hem ykrar edilýär.

2. Eger ätiýaçlandyrýan başga görkezme bermedik bolsa, almak hukugyna eýe bolan üçünji şahs ony diňe ätiýaçlandyryş halaty bolanda amala aşyryp biler.

**929-njy madda. Talabalaýyk bolmadyk üçünji şahs**

1. Eger toplaýyş ätiýaçlandyryşynda üçünji şahsyň hukugyna ätiýaçlandyryjynyň borjy laýyk gelmese, bu hukuk ätiýaçlandyrýanda galýar.

2. Eger toplaýyş ätiýaçlandyryşynda üçünji şahs alnan peýda üçin öz hukugyny peýdalanmasa, bu hukuk ätiýaçlandyrýanda galýar.

**930-njy madda. Ätiýaçlandyryjyny zyýanyň öwezini dolmak borjundan boşatmak**

1. Eger şertnama ätiýaçlandyrýanyň däl-de, başga şahsyň ölen halatyna baglaşylan bolsa, ätiýaçlandyrýan ol şahsyň ölmegini bikanun hereketleri bilen döreden halatynda ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan boşadylýar.

2. Eger ölüm halaty ätiýaçlandyryşda üçünji şahs almak hukugyna eýe bolsa, eger bu şahs bilkastlaýyn bikanun hereketleri bilen ömri ätiýaçlandyrylanyň ölmegine getirse, bu hukuk ykrar edilmeýär.

**931-nji madda. Öz-özüni öldürende öwezini dolmakdan boşatmak**

1. Eger şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ömri ätiýaçlandyrylan şahs öz-özüni öldürse, ömrüniň ätiýaçlandyryşynda ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan boşadylýar.

2. Ätiýaçlandyrýanyň mirasdarlary geçirilen ätiýaçlandyryş gatançlarynyň gaýtarylyp berilmegini talap etmäge hukuklydyrlar.

**932-nji madda. Ätiýaçlandyryş şertnamasyny üýtgetmek**

1. Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryşynyň dowam edýän döwrüniň tamamlanmagyna çenli islendik pursatda ätiýaçlandyryş şertnamasynyň mundan beýläk ätiýaçlandyryş gatançlarynyň geçirilmeginiň ýatyrylan şertnamasy bilen çalşyrylmagyny talap edip biler.

2. Eger ätiýaçlandyrýan şeýle çalşyrylmagyny talap edýän bolsa, onda şu pursatdan başlap şertnama bilen göz öňünde tutulan ätiýaçlandyryşyň möçberi ýa-da peýdanyň möçberi, eger ätiýaçlandyryş gatanjy görnüşinde alnan möçber bir gezekleýin gatanç hökmünde garalýan bolsa, ätiýaçlandyrylan şahsyň ýaşyny nazara almak bilen, kesgitlenýän möçber bilen çalşyrylýar.

**933-nji madda. Şertnama ýatyrylanda tutup galynmalar**

Eger ömrüň ätiýaçlandyryş şertnamasy ýüz dönderilmegi, bozulmagy ýa-da şikaýat edilmegi sebäpli ýatyrylan bolsa, onda ätiýaçlandyryjy şeýle şertnama boýunça alan möçberindäki gatançlary gaýtarmaga borçludyr. Ätiýaçlandyryjy ýerlikli tutup galmalary geçirip biler.

**934-nji madda. Mejbury ýerine ýetirişiň netijeleri**

1. Eger karary mejbury ýerine ýetirmek ätiýaçlandyryş talaby boýunça geçirilse ýa-da kazyýet önümçiligi ätiýaçlandyryjynyň batyp galmagy bilen amala aşyrylsa, zat alyjy hökmünde anyk görkezilen şahs ätiýaçlandyryş şertnamasynda ätiýaçlandyrýany çalşyrmaga ygtyýarlydyr. Eger peýda almak hukugyna eýe bolan şahs şertnama gatnaşýan bolsa, ol kreditoryň ähli talaplaryny kanagatlandyrmalydyr ýa-da şertnama ýatyrylanda ätiýaçlandyryjydan özüniň talap edip biljek pul möçberiniň çäklerinde batyp galmagyň agdyklaýyndygyny üpjün etmelidir.

2. Eger peýda almak hukugyna eýe bolan şahs onuň alynmagyna gyzyklanmasa ýa-da ady boýunça atlandyrylmasa, onda şeýle hukuga ätiýaçlandyrýanyň äri (aýaly) ýa-da çagalary eýe bolýar.

**§6. Betbagtçylykly halatdan ätiýaçlandyrmak**

**935-nji madda. Mazmuny**

1. Betbagtçylykly halatdan ätiýaçlandyryş şertnamasy hem ätiýaçlandyrylýan babatda hem başga şahs babatda baglaşylyp bilner.

2. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrylan şahs bilen däl-de, onuň peýdasyna baglaşylan bolsa, onda bu şertnama ömrüň ätiýaçlandyryş kadalaryna degişli edilýär.

**936-njy madda. Saglyga zyýan ýetirmegiň netijeleri**

Eger ätiýaçlandyryjynyň borjy saglyga bilkastlaýyn zyýan ýetirilmegine bagly bolmasa, onda bilkastlaýynlygyň bolmazlygy garşysyna subut edilýänçä çak edilýär.

**937-nji madda. Betbagtçylykly halaty bilkastlaýyn getirmegiň netijeleri**

1. Eger başga şahsyň ätiýaçlandyryşynda peýdasyna ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan şahs bilkastlaýyn bikanun hereketleri bilen betbagtçylykly halatyň bolmagyna getiren halatynda, ätiýaçlandyryjy özüniň borçlaryndan boşadylýar.

2. Eger peýda almak hukugyna başga şahs eýelik edýän bolsa, eger ol bilkastlaýyn bikanun hereketler bilen betbagtçylykly halatyň bolmagyna getiren bolsa, bu hukukdan mahrum edilýär.

**938-nji madda. Betbagtçylykly halat hakynda habar bermek borjy**

Eger borçlar peýda alýan şahsyň peýdasyna ýerine ýetirilmeli bolsa, onda bu şahs betbagtçylykly halat hakynda mälim etmäge borçludyr. Bu kada maglumatlary habar bermek we resminamany bermek boýunça borçlara hem degişlidir.

**939-njy madda. Regres hukugyna ýol bermezlik**

Ätiýaçlandyrýan zyýan üçin jogapkär şahs babatda regres hukugyna eýe däldir.

## XXV BAP. BANK HYZMATY

### §1. Hasaplaşyklar

**940-njy madda. Mazmuny**

1. Karz edarasy bank hasaby hakyndaky şertnama boýunça onuň müşderisiniň hasaplaşyk hasabyndaky puluň möçberiniň çäklerinde tölegleri geçirmäge we hasaba gelip gowşan pullary hasaba almaga borçludyr.
2. Eýelik edijiniň görkezmesiniň esasynda şeýle amallar nagt pullar bilen geçirilip bilner.
3. Taraplaryň ylalaşygy esasynda hyzmat etmek boýunça çykdajylary tölemek borjy hasaplaşyk hasaba eýelik edijiniň üstüne ýüklenilip bilner.

**941-nji madda. Hasapdan göçürmeleri bermek borjy**

1. Karz edarasy nagt we nagt däl hasaplaşyklar boýunça buhgalterlik kitaplaryny ýöretmäge borçludyr.
2. Karz edarasy şertnama bilen göz öňünde tutulan möhletlerde hasaba eýelik edijä hasabyň ýagdaýy baradaky maglumaty (hasapdan göçürme) bermäge borçludyr, hasaba eýelik ediji bolsa hasabyň ýagdaýy baradaky maglumaty islendik wagtda talap etmäge ygtyýarlydyr.

**942-nji madda. Pul serişdelerini hasapdan öçürmek**

Karz edarasy hasaba eýelik edijiniň rugsady bilen ýa-da onuň görkezmesi esasynda pul serişdelerini hasapdan öçürmäge borçludyr. Şeýle edilmedik ýagdaýynda ol ýetirilen zyýanyň möçberini we nädogry geçirilen puluň möçberini eýelik edijiniň hasabyna täzeden geçirmäge borçludyr.

**943-nji madda. Hasaba eýelik edijiniň tabşyrygyny ýatyrmagyň netijeleri**

1. Hasaba eýelik ediji karz edarasyna berlen tabşyrygyny geçirmegiň hakykatda amala aşyrylmagyna çenli ýatyrmaga hukuklydyr. Başga halatlarda karz edarasy

ýerine ýetirmekden ýüz döndermek barada degişli şahslara haýal etmän habar bermäge borçludyr.

2. Öz wagtynda ýatyrylanda karz edarasy puluň möçberini eýelik edijiniň hasabyna täzeden geçirmäge borçludyr.

**944-nji madda. Syry saklamak borjy**

1. Karz edarasy hasaba eýelik ediji bilen işewür gatnaşyklarda özüne mälim bolan hasap we gaýry faktlar bilen bagly syry saklamaga borçludyr, muňa kanun bilen göz öňünde tutulan ýa-da, eger iş hasaba eýelik edijiniň bähbitlerine zyýan ýetirmeýän adaty bank maglumatlaryna dahylly bolan halatlar girmeýär.

2. Karz edarasynyň bu borjy şertnama ýatyrylanyndan soň hem güýjünde galýar.

**945-nji madda. Şertnamany ýatyrmak**

1. Bank hasaby hakyndaky şertnama taraplaryň ikisi tarapyndan islendik pursatda ýatyrylyp bilner.

2. Karz edarasy diňe hasaba eýelik edijiniň hasaplaşyk hyzmatyny başga görnüşde alyp biler ýaly ýagdaýda şertnamany ýatyryp biler, muňa ýatyrmak üçin möhüm esaslaryň bolan halatlary degişli däldir.

**946-njy madda. Çek esasynda töleg geçirmek**

Degişli ylalaşyk bolan halatynda karz edarasy hasaba eýelik edýän tarapyndan gol çekilen çekleri Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda, aktiwiň çäklerinde tölemäge borçludyr. Munuň üçin nagt däl hasaplaşyk hakyndaky şertnamanyň düzgünleri ulanylýar.

**947-nji madda. Çekiň inkassasiýasy**

Karz edarasy goşmaça ylalaşyk bolmazdan hem hasaplaşyk şertnamasy boýunça hasaba eýelik edýäniň öňünde karz edarasyna öz wagtynda görkezmek arkaly çekleriň inkassirlenilmegini geçirmäge, tölenmedik halatynda bolsa, üpjün etmek boýunça zerur çäreleri görmäge borçludyr.

## §2. Bank karzy

**948-nji madda. Mazmuny**

Bankyň karz şertnamasy boýunça karz beriji karz alyja karz görnüşinde tölegli karzy berýär ýa-da bermäge borçludyr.

**949-njy madda. Bank karzy boýunça göterimiň bellenilen möçberleri**

1. Taraplaryň ylalaşmagy bilen karz boýunça kesgitlenilen ýa-da üýtgeýän göterim möçberleri kesgitlenilip bilner.

2. Eger şertnama bilen üýtgeýän göterimiň möçberleri göz öňünde tutulan bolsa we olary karz beriji kesgitläp bilýän bolsa, ol olary adalatlylyk esasynda kesgitlemäge borçludyr. Ol bazaryň bellenilen göterim möçberleriniň ýokarlanmagynyň ýa-da peselmeginiň çägine görä öz bellän möçberlerini olara laýyk getirmelidir.

3. Göterimleriň üýtgedilmegi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň göterimleriň diskontlaýyn möçberlerine laýyk gelmelidir.

4. Karz şertnamasy baglaşylanda göterimiň bellenilen möçberleriniň ýokarlanmagynyň we peselmeginiň çäkleri hem-de üýtgetmeleriň arasyndaky iň az aralyk kesgitlenilmelidir.

5. Karz beriji karz boýunça göterimiň möçberleri hakynda karz alyja elýeterli görnüşde habar bermäge borçludyr.

6. Eger göterimiň ýyllyk möçberi görkezilmedik bolsa, diňe kanun bilen göz öňünde tutulan göterimiň ýyllyk möçberleri ulanylýar. Eger göterimiň ýyllyk möçberleri hasaplanylanda çykdajylaryň öwezini dolmak göz öňünde tutulmadyk bolsa, bu çykdajylaryň öwezi dolunmaýar.

**950-nji madda. Kanunda bellenilen göterimleriň möçberleri**

1. Eger karz alyjy bankyň karz şertnamasy boýunça onuň üstüne ýüklenilen tölegleri bökdese, onda berginiň jeminiň üstüne Türkmenistanyň Merkezi bankynyň degişli döwür üçin kesgitlän diskontlaýyn tarifiniň üç göterimden ýokary geçýän jemi hasaplanylyp goşulmalydyr.

2. Eger karz beriji karzy yzyna gaýtarmagyň möhletiniň geçirilmegi sebäpli, bankyň karz şertnamasyny ýatyran bolsa, onda kanunda bellenilen göterimiň tarifini talap etmek hukugy ýüze çykýar. Bu düzgün karz berijiniň ýa-da karz alyjynyň aýry-aýry halatlarda uly ýa-da az zyýanyň bardygyny subut etmek hukugyna degişli edilmeýär.

**951-nji madda. Goşmaça üpjünçiligi ulanmak**

1. Eger karz berlende zat ýa-da şahsy üpjünçilik ylalaşylan bolsa, onda karz beriji karz doly däl üzülişende goşmaça üpjünçiligiň ulanylmagyny talap edip biler.

2. Karz beriji karz alyjynyň talap etmegi boýunça üzülişmegiň ylalaşylan çäklerinden ýokary geçýän üpjünçiligi yzyna gaýtarmaga borçludyr.

**952-nji madda. Şertnamany ýatyrmak**

1. Eger karz üçin belli bir döwre göterimiň bellenilen möçberi ylalaşylan bolsa, eger göterimler boýunça borçnama gaýtaryp bermek üçin kesgitlenilen möhlete çenli tamamlanýan we göterimiň möçberi hakynda täze ylalaşyk baglaşylmadyk bolsa, karz alyjy karz şertnamasyny ýatyryp biler. Ýatyrmagyň möhleti bir aýdyr.

2. Eger karz alyjy sarp ediji bolsa we karz ipoteka bilen üpjün edilmedik bolsa, ýatyrmak hukugy karz alnandan soň alty aýdan soň ýüze çykýar, ýatyrmak möhleti bolsa üç aýa deňdir.

3. Ýatyrmak hukugy islendik halatda on ýylyň geçmegi bilen hereket edýär. Ýatyrmak möhleti alty aýdan ybaratdyr.

4. Bergidar üç aýlyk möhleti berjaý etmek bilen, üýtgeýän tarif möçberi ulanýan karzy islendik pursatda ýatyryp biler.

### 953-nji madda. Karz möhletinden öň yzyna gaýtarylanda zyýanyň öwezini dolmak

Eger karz alyjy karz gatnaşyklarynyň tamamlanmagyna çenli karzy yzyna gaýtarýan bolsa, onda karz beriji zyýana laýyk gelýän öweziniň dolunmagyny talap edip biler. Şunda zyýanyň öweziniň dolunmagyna tygşytlanylan çykdajylaryň bahasy, şeýle hem ssuda puluny başgaça ulanmagyň netijesinde karz berijiniň alyp biljek peýdasy ýa-da eger karz alyjy onuň alynmagyna bilkastlaýyn ýol bermedik bolsa goşulmalydyr.

### 954-nji madda. Karz bölekleýin yzyna gaýtarylanda karz gatnaşyklaryny ýatyrmak

Karz beriji, eger karzyň bölekleýin yzyna gaýtarylmagy göz öňünde tutulan we karz alyjy azyndan yzygider iki möhleti geçiren bolsa, karz gatnaşyklaryny ýatyryp biler. Eger goşmaça iki hepdelik möhlet berlenden soň hem tölegler geçirilmedik bolsa, karz gatnaşyklaryny ýatyrmak herekete girýär.

## §3. Goýum

### 955-nji madda. Mazmuny

1. Karz edarasy pul möçberini (goýumy) geçirmek arkaly oňa bolan eýeçilik hukugyny edinýär we möhleti gelende şol pulda alnan pul möçberini gaýtarmaga borçludyr.

2. Eger möhlet kesgitlenilmedik bolsa, puluň möçberi islendik pursatda yzyna talap edilip bilner.

3. Goýumlara degişli göterimler goşulmalydyr.

### 956-njy madda. Karz edaralarynyň ýolbaşçylarynyň jogapkärçiligi

1. Süýşürintgileri alyjy we karz edarasynyň ýolbaşçysy goýumça bankyň ukyplylygy we boniteti hakyndaky maglumaty bermäge borçludyrlar.

2. Nädogry maglumatlary bermekde günäli ýa-da zerur maglumaty bermekden ýüz dönderen şahs maglumatlaryň nädogrulygy netijesinde dörän zyýanyň öwezini goýumça dolmaga borçludyr.

3. Bankyň ukyplylygy we boniteti hakynda mahabat kitapçalarynda ýa-da başga görnüşde jemagat öňünde nädogry maglumatlary ýaýradýan bankyň ýolbaşçylary raýdaş jogapkärçilik çekýärler.

**957-nji madda. Süýşürintgi kitapçasy**

Eger karz edarasy süýşürintgi kitapçasyny berýän bolsa, onda ol ony hem adyna, hem görkezijä doldurmaga ygtyýarlydyr. Eger görkeziji ygtyýarly bolmasa, onda karz edarasy diňe, eger kitapçany dolduranda bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlyk bilen hereket etmedik halatynda jogapkärçilikden boşadylýar.

## §4. Resminamalaýyn (haryt) akkreditiwi. Resminamalaýyn inkasso

**958-nji madda. Mazmuny**

1. Karz edarasy akkreditiw açmak arkaly (açan bank) müşderiniň (akkreditiw tabşyrygyny bereniň) haýyşy we buýrugy boýunça görkezilen resminamanyň ýerine üçünji şahsa (remitente) onuň görkezmesi boýunça ýa-da pul möçberini tölemäge ýa-da remitent tarapyndan geçirilen wekseli tölemäge, ýa-da aksepti geçirmäge, ýa-da eger karzyň şertleri ýerine ýetirilen bolsa, bu amaly amala aşyrmagy başga banka tabşyrmaga borçludyr.
2. Müşderi ylalaşylan haky tölemäge borçludyr.

**959-njy madda. Inkasso tabşyrygy**

Inkasso tabşyrygy bilen inkasso amalyna ygtyýarly bolan karz edarasy (bank) müşderiniň (ynanyjynyň) tabşyrygy boýunça akseptiň ýerine ýa-da zerur bolanda, töleýjiniň töleginiň ýerine gymmatly söwda kagyzlaryny bermegi öz üstüne borçnama edip alýar.

**960-njy madda. Halkara hukugynyň adatlary**

Eger başgaça ylalaşylmadyk bolsa, taraplaryň hukuklary we borçlary halkara dolanyşygyndaky resminamalaýyn akkreditiwiň ýa-da resminamalaýyn inkassonyň ykrar edilen adatlary bilen kesgitlenilýär.

## §5. Bank kepilligi

**961-nji madda. Mazmuny**

Bank kepilliginiň güýjünde bank, başga karz edarasy ýa-da ätiýaçlandyryş guramasy (kepil) başga şahsyň (prinsipalyň) haýyşy boýunça öz üstüne alan borçnamasynyň şertlerine laýyklykda, prinsipalyň kreditoryna (benefisiara) benefisiaryň ýazmaça talabynyň esasynda pul möçberini tölejekdigi hakynda

ýazmaça borçnama alýar.

### 962-nji madda. Bank kepilligi üçin hak

1. Bank kepilligi prinsipal tarapyndan benefisiar babatda özüniň borçlaryny talabalaýyk ýerine ýetirmegini üpjün edýär.
2. Bank kepilliginiň berlendigi üçin prinsipal kepile ylalaşylan hak töleýär.

### 963-nji madda. Kepiliň borçnamasynyň esasy borçnamadan garaşsyzlygy

Kepiliň benefisiar babatda bank kepilligi bilen göz önünde tutulan borçnamalary, eger kepillikde bu borçnama görkezme bolanda-da, olaryň arasyndaky özara gatnaşyklarda ony üpjün etmek üçin berlen esasy borçnama garaşly däldir.

### 964-nji madda. Bank kepilliginiň yzyna alynmagyna ýol bermezlik

Eger bank kepilliginde başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ol yzyna alnyp bilinmez.

### 965-nji madda. Benefisiara degişli talabyň başga şahsa berilmegine ýol bermezlik

Benefisiaryň kepil babatda talap etmek hukugy, eger kepillikde başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, bank kepilliginden ugur alyp, üçünji şahsa berlip bilinmez.

### 966-njy madda. Bank kepilliginiň güýje girmegi

Eger kepillikde başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, bank kepilligi onuň berlen gününden güýje girýär.

### 967-nji madda. Talap bildirmegiň görnüşi

1. Benefisiaryň bank kepilligi astyndaky puluň möçberiniň tölegleri hakyndaky talaby kepillikde görkezilen resminamalary goşmak bilen, ýazmaça görnüşde kepile görkezilmelidir. Talapda ýa-da oňa goşundyda benefisiar onuň üpjün edilmeginde kepillik berlen esasy borçnamanyň prinsipal tarapyndan bozulmagynyň nämede aňladylýandygyny görkezmelidir.
2. Benefisiaryň talaby berlen kepilligiň möhletiniň tamamlanmagyna çenli kepile görkezilmelidir.

### 968-nji madda. Benefisiaryň talabyny alandan soň kepiliň borjy

1. Benefisiaryň talabyny alandan soň kepil haýal etmän bu hakda prinsipala habar bermelidir we onuň bilen baglanyşykly ähli resminamalar bilen birlikde oňa

talabyň göçürmesini bermelidir.

2. Kepil benefisiaryň talabyna goşulan resminamalar bilen bilelikde ýerlikli möhletde garamalydyr we resminamalar goşulan talabyň kepilligiň şertlerine laýyk gelýändigini ýa-da gelmeýändigini anyklamak üçin ýerlikli yhlaslylyk görkezmelidir.

**969-njy madda. Kepiliň benefisiaryň talabyny kanagatlandyrmakdan ýüz döndermegi**

1. Eger talap ýa-da oňa goşulan resminamalar kepilligiň şertlerine laýyk gelmeýän ýa-da olar kepile kepillik bilen kesgitlenilen möhlet tamamlanandan soň berlen bolsa, kepil benefisiaryň talabyny kanagatlandyrmakdan ýüz döndermelidir. Kepil onuň talabyny kanagatlandyrmakdan ýüz dönderýändigi hakynda benefisiara haýal etmän habar bermelidir.

2. Eger benefisiaryň talabynyň kanagatlandyrylmagyna çenli bank kepilligi bilen üpjün edilen esasy borçnama degişli böleginde eýýäm doly ýerine ýetirilendigi, başga esaslar boýunça ýatyrylandygy ýa-da hakyky däldigi kepile mälim bolsa, onda ol haýal etmän bu hakda benefisiara we prinsipala habar bermelidir. Kepiliň şeýle duýduryşyndan soň alnan benefisiaryň gaýtadan eden talaby kepil tarapyndan ýerine ýetirilmäge degişlidir.

**970-nji madda. Kepiliň borçnamalarynyň çäkleri**

1. Kepiliň benefisiar babatdaky bank kepilligi bilen göz öňünde tutulan borçnamasy kepil berlen puluň möçberini tölemek bilen çäklendirilýär.

2. Eger kepillik bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, kepillikden gelip çykýan borçnamalaryň ýerine ýetirilmändigi ýa-da talabalaýyk ýerine ýetirilmändigi üçin kepiliň benefisiar babatdaky jogapkärçiligi kepil berlen puluň möçberi bilen çäklenmeýär.

**971-nji madda. Kepiliň borçnamalaryny bes etmegiň esaslary**

1. Kepiliň benefisiar babatdaky borçnamalary bes edilýär:

1) kepil berlen pul möçberiniň benefisiara tölenilmegi bilen;

2) kepillikde oňa kesgitlenilen möhletiň tamamlanmagy bilen;

3) benefisiaryň kepillikden gelip çykýan öz hukuklaryndan ýüz döndermegi we olary kepile gaýtaryp bermegi bilen;

4) benefisiaryň öz hukuklaryndan ýüz dönderýändigi hakynda kepiliň ýazmaça tassyklamagy bilen.

2. Şu maddanyň birinji böleginiň 1-3-nji bentlerinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça kepiliň borçnamalarynyň bes edilmegi oňa kepilligiň yzyna gaýtarylyp berlendigine ýa-da berilmändigine bagly däldir.

3. Kepilligiň bes edilendigi hakynda mälim bolan kepil, bu hakda haýal etmän prinsipala habar bermelidir.

### 972-nji madda. Regres hukugy

1. Kepiliň prinsipaldan bank kepilligi esasynda regres tertipde tölenilmäge degişli pul möçberini talap etmek hukugyň ýerine ýetirilmegi üçin kepillik berlen kepil bilen prinsipalyň arasynda baglaşylan ylalaşyk bilen kesgitlenilýär.
2. Kepilligiň şertlerine garamazdan, benefisiara öwezi dolunan ýa-da kepiliň benefisiar babatdaky borçnamalary bozandygy üçin benefisiara tölenilmeli pul möçberiniň gaýtarylyp berilmegini, eger kepiliň prinsipal bilen ylalaşygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, prinsipaldan talap etmäge kepil hukuksyzdyr.

## XXVI BAP. ZAMUNLYK

### 973-nji madda. Mazmuny

1. Zamunlyk şertnamasy boýunça zamun bolýan üçünji şahsyň kreditorynyň öňünde, onuň borçnamalaryny ýerine ýetirmegi üçin jogap bermäge borçlanýar.
2. Zamunlyk geljekki ýa-da şertli borçnamalar babatda hem berlip bilner.

### 974-nji madda. Ýazmaça görnüş

1. Zamunlygyň hakyky bolmagy üçin zamun bolýanyň ýazmaça arzasy we zamun bolýanyň jogapkärçiliginiň san taýdan kesgitlenilen iň ýokary jogapkärçilik pul möçberiniň zamunlyk hakyndaky resminamada görkezilmegi zerurdyr.
2. Eger kimdir biri öz hünär işini ýerine ýetirmeginiň çäklerinde zamunlyk hakynda mälim etse, ýazmaça görnüşiň berjaý edilmegi hökman däldir.

### 975-nji madda. Zamun bolýanyň borçnamasynyň möçberi

1. Zamun bolýanyň borçnamalarynyň möçberiniň bellenilmegi üçin baş borçnamanyň mazmuny kesgitleýji bolup durýar. Eger baş borçnama baş bergidaryň günäsi ýa-da möhletini geçirmegi sebäpli üýtgedilmeli bolanda hem şol ulanylýar. Zamun bellenilenden soň baş bergidar tarapyndan edilen geleşik zamun bolýanyň borçnamalarynyň möçberine täsir etmeýär.
2. Şertnamany ýatyrmak we kazyýet seljerişi boýunça baş bergidar tarapyndan karz berijä öwezini dolmaga degişli çykdajylary zamun bolýan çekýär.

### 976-njy madda. Zamun bolýanyň ýüz döndermegi

Kreditor baş bergidar babatda mejbury ýerine ýetirişiň netijesiz synanyşygyny amala aşyrýança, zamun bolýan kreditora ýerine ýetirmekden ýüz dönderip biler.

### 977-nji madda. Zamun bolýanyň raýdaş jogapkärçiligi

Eger zamun bolýan öz üstüne raýdaş ýa-da başga deň ähmiýetli görnüşde

jogapkärçilik alýan bolsa, eger baş bergidar tölegiň möhletini geçiren ýa-da netijesiz duýdurylan ýa-da onuň tölege ukypsyzlygy görnüp duran bolsa, onda oňa mejbury töletmäge synanyşyksyz hem talap bildirilip bilner.

**978-nji madda. Birnäçe zamun bolýanlar**

Eger birnäçe şahs şol bir borçnama boýunça zamunlyk berýän bolsa, onda olar hatda öz üstlerine bilelikde zamunlyk almadyk bolsalar hem olar raýdaş bergidarlar hökmünde jogap berýärler.

**979-njy madda. Öňki kreditorlar tarapyndan alnan borçnama üçin jogapkärçilik**

Öňki kreditorlar tarapyndan öz üstüne alnan borçnamalary ýerine ýetirmegi kreditoryň öňünde borç edinen zamun bolýan adaty zamun bolýanyň baş bergidar bilen bolşy ýaly, olar bilen bilelikde jogapkärçilik çekýär.

**980-nji madda. Zamun bolýanyň jogapkärçiliginiň çäkleri**

1. Zamun bolýan ähli halatlarda diňe zamunlyk hakyndaky resminamada görkezilen iň ýokary pul möçberiniň çäklerinde jogapkärçilik çekýär.

2. Başga ylalaşyk bolmasa, zamun bolýan ýokarda görkezilen iň ýokary möçberiň çäklerinde aşakdakylar üçin jogapkärçilik çekýär:

1) baş borçnama laýyk gelýän möçberi üçin, hususan-da, baş bergidaryň günäsi bilen ýa-da tölegiň möhletiniň geçirilmegi sebäpli esasy bergi üýtgände. Eger bu diňe ýörite ylalaşylan bolsa, şertleşilen puşmana puly ýa-da şertnama tamamlananda göz öňünde tutulan zyýanyň umumy möçberi üçin;

2) eger zamun bolýanyň borçnamany ýerine ýetirmek arkaly olardan gaça durmaga mümkinçiligi bolan bolsa, baş bergidar tarapyndan öwezi dolmaga degişli şertnamany ýatyrmak boýunça çykdajylar we kazyýet harajatlary üçin;

3) eger bu göni ylalaşylan bolsa, şertnama laýyklykda baş bergidar tarapyndan tölenilmäge degişli göterimler üçin.

**981-nji madda. Zamun bolýanyň garşylyklary**

1. Zamun bolýan baş bergidara degişli ähli garşylyklaryny kreditora bildirip biler. Baş bergidar ölen halatynda, zamun bolýan mirasdaryň borçnama boýunça çäklendirilen jogapkärçiligine salgylanyp bilmez.

2. Eger baş bergidar garşylyk bildirmekden ýüz dönderýän bolsa, zamun bolýan garşylyk bildirmek hukugyny ýitirmeýär.

**982-nji madda. Talapnamalaryň jedelleşilmek we hasaba alynmak mümkinçiligine salgylanyp garşylyk bildirmek**

1. Baş bergidar onuň borçnamasynyň esasynda duran geleşigi jedelleşmäge hukukly bolan wagtynyň dowamynda zamun bolýan kreditora ýerine ýetirişden ýüz dönderip biler.

2. Şonuň ýaly hukuk baş bergidaryň tutup almaga degişli talabynyň garşysyna öz talabyny hasaba almak arkaly kanagatlanma almaga kreditoryň mümkinçiligi bolan wagtynyň dowamynda, zamun bolýanda hem ykrar edilýär.

**983-nji madda. Zamun bolýanyň jogapkärçiligini azaltmak**

Eger kreditor zamun bolýanyň zyýanyna girew hukuklaryny ýa-da üpjünçiligiň gaýry serişdelerini ýa-da ýeňillikleri azaldýan bolsa, onda zamun bolýanyň jogapkärçiligi ýokarda görkezilen azaldylma laýyk gelýän möçberde azaldylýar.

**984-nji madda. Baş bergidar tarapyndan tölegiň möhletiniň geçirilmeginiň netijeleri**

1. Eger baş bergidar tölegiň möhletini geçiren bolsa, kreditor bu hakda zamun bolýana habar bermelidir. Kreditor zamun bolýanyň talap etmegi boýunça oňa islendik wagtda esasy berginiň ýagdaýy hakyndaky maglumatlary bermelidir.

2. Eger kreditor bu hereketlerden birini ýerine ýetirmese, onda ol ýerine ýetirilmezligiň ýetirip biljek zyýanynyň möçberinde zamun bolýanyň garşysyna özüniň talabyna bolan hukugyny ýitirýär.

**985-nji madda. Möhletsiz zamunlykda şertnamany ýatyrmak**

1. Eger zamunlyk möhletsiz bolsa, zamun bolýan şertnamany ýatyrmagyň üç aýlyk möhletini berjaý etmäge borçludyr.

2. Möhletli zamunlykda bäş ýylyň geçmegi bilen üç aýlyk möhleti berjaý etmek arkaly şertnama ýatyrylyp bilner.

3. Şertnama birtaraplaýyn ýatyrylanda, zamun bolýan şertnamanyň ýatyrylmagyna çenli alan borçnamalaryny ýerine ýetirmäge borçludyr.

**986-njy madda. Zamun bolýanyň boşatmak hakyndaky talaby**

1. Eger zamun bolýan baş bergidaryň tabşyrygy boýunça zamunlyk berse ýa-da ol zamunlyk bermegi netijesinde kesekiniň işini tabşyryksyz ýöretmek hakyndaky düzgünlere laýyklykda ynanyjynyň baş bergidar babatdaky hukuklaryna eýe bolsa, onda ol zamunlykdan boşatmagy baş bergidardan talap edip biler, eger:

1) baş bergidaryň emläk ýagdaýy düýpli ýaramazlaşan bolsa;

2) zamunlyk berlenden soň baş bergidaryň ýaşaýan ýeriniň, kärhananyň ýerleşýän ýeriniň ýa-da baş bergidaryň bolýan ýeriniň üýtgemegi sebäpli, baş bergidar babatdaky kazyýet seljermesi düýpli çylşyrymlaşan bolsa;

3) kreditor zamun bolýan babatda mejbury ýerine ýetirmek hakynda kazyýetiň çözgüdini gazanan bolsa.

2. Eger baş borçnamany ýerine ýetirmegiň möhleti gelip ýetmedik bolsa, onda baş bergidar boşatmagyň ýerine zamun bolýana degişli üpjünçiligi berip biler.

### 987-nji madda. Talabyň zamun bolýana geçmegi

Zamun bolýanyň kreditory kanagatlandyranlygyna görä, kreditoryň baş bergidar babatda talaby oňa geçýär. Talabyň geçmegi kreditoryň zyýanyna amala aşyrylyp bilinmez. Baş bergidaryň onuň bilen zamun bolýanyň hukuk gatnaşyklaryna esaslanan garşylygy muňa täsir etmeýär.

## XXVII BAP. KONTOKORRENT

### 988-nji madda. Mazmuny

1. Kontokorrent şertnamasy boýunça işewür gatnaşyklarda bolýan taraplar işewür gatnaşyklardan ýüze çykan talaplary we tölegler boýunça borçnamalary bir hasaba girizmegi we wagtal-wagtal hasaplaşyklar geçirilýänçä olary aýratynlykda ýerine ýetirmezligi özlerine borçnama edip alýarlar.

2. Hasaplaşyklar netijesinde ýüze çykarylan hasabyň saldosy ylalaşylan möhletde tölenmäge degişlidir. Eger hasabyň hasaplaşyklarynda puluň möçberiniň galyndysy degişli bolan tarap ony tölemegi talap etmeýän bolsa, bu galyndy kontokorrente geçirilýär.

3. Hasaplaşyklar saldonyň talap edilmegini ýüze çykarýar, ol ýerine ýetirmek maksady bilen kontokorrente ýerleşdirilen talaby çalyşýar.

4. Eger başgaça bellenmedik bolsa, hasaplaşyklar ýylda bir gezek geçirilýär.

### 989-njy madda. Kontokorrenti ýatyrmak

Şübhe bolanda hasaplaşyklary amala aşyrmak bilen kontokorrent islendik wagtda ýatyrylyp bilner.

### 990-njy madda. Amala aşyrylan tölegler boýunça göterimler

Eger şertnama bilen başgaça bellenilmedik bolsa, göz öňünde tutulan tölegler boýunça kanunda bellenilen göterimiň bellenilen möçberinde göterimler tölenmelidir.

### 991-nji madda. Kontokorrente girizilen talabyň şahsy ýa-da zat üpjünçiligi

1. Eger kontokorrente girizilen talaplar üçin şahsy ýa-da zat üpjünçiligi bar bolsa, onda kreditor hasap ýapylandan soň hem onuň peýdasyna bar bolan saldonyň jemi üçin bu üpjünçiligiň hasabyna kanagatlandyrylmagyny talap edip biler.

2. Şu maddanyň birinji böleginiň kadasy talap boýunça raýdaş jogapkärçiligi bolan halatynda hem ulanylýar.

# XXVIII BAP. BERGI BORÇNAMALARY

## §1. Görkeziji üçin bergi borçnamalary

### 992-nji madda. Mazmuny

1. Eger şahs özünde resminamany saklaýjynyň ýerine ýetirmek borçnamasy bolan resminamany (görkeziji üçin bergi borçnamasy) berse, onda saklaýjy bu şahsdan ýerine ýetirişi talap edip biler, muňa saklaýjynyň resminama ygtyýar etmäge hukukly bolmadyk halatlary girmeýär.

2. Resminamadaky goluň hakykylygy resminama degişli ýazgyny girizmek arkaly ýörite görnüşi berjaý etmäge bagly edilip bilner. Gol tehniki taýdan mümkin bolan islendik usul bilen ýerine ýetirilip bilner.

### 993-nji madda. Resminamany beren şahsyň garşylyklary

Resminamany beren şahs bergi borçnamasyny saklaýja diňe ony bermegiň hakykylygyna dahylly ýa-da resminamanyň beýanyndan gelip çykýan ýa-da resminamany beren şahs bilen resminamany saklaýjynyň arasyndaky göni gatnaşyklara esaslanan garşylyklary bildirip biler.

### 994-nji madda. Hukuklaryň geçiş düzgünleri

1. Resminama bilen berlen hukuk gozgalýan zatlary bermegiň bellenilen düzgünlerine laýyklykda geçýär. Hukuk üçünji şahs bilen baglaşylan şertnama boýunça hem berlip bilner.

2. Resminamany kanunalaýyk saklaýjy diýlip, haýsydyr bir ýol bilen ýitirilen resminamany edinen şahs hasap edilýär, muňa onuň bu resminamany edinende bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlyk bilen hereket eden halatlary girmeýär.

### 995-nji madda. Görkezijä nägilelikler

1. Resminamany beren şahs ol bergi borçnamasyny bermänligini subut edip, islendik saklaýjy bilen bergi borçnamasynyň hakykylygyny jedelleşip biler. Ol mundan başga-da, saklaýja resminamadan gelip çykýan islendik garşylyklaýyn hak isleýişi bildirip biler.

2. Eger resminamany beren şahs resminama gol çekmek üçin tehniki serişdeleri ulanýan bolsa, ol eýesi babatda bu serişdäni ulanmak hukugyna eýe däldigine salgylanyp bilmez, muňa edinijiniň galplyk hakynda bilen ýa-da geleňsiz çemeleşen halatlary girmeýär.

3. Eger resminama ilkibaşdaky saklaýjy tarapyndan başga şahsa berlen bolsa, onda resminamany beren şahs soňraky saklaýja onuň ilkibaşdaky saklaýjy bilen göni gatnaşyklaryndan gelip çykýan garşylyklaýyn hak isleýişi bildirip bilmez, muňa resminamany soňraky saklaýjynyň bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlyk bilen

bergidaryň zyýanyna hereket eden halatlary girmeýär.

4. Eger garşylyklaýyn hak isleýiş göni gatnaşyklardan gelip çykmaýan bolsa, ol diňe resminamany eýeçiligi aýrybaşgalamak arkaly edinen we ony edinende bilkastlaýyn hereket eden ýa-da gödek seresapsyzlyga ýol beren saklaýja bildirilip bilner.

**996-njy madda. Resminamany beren şahsyň borçlary**

1. Resminamany beren şahs diňe özüne gymmatly kagyz berlende öz borçnamasyny ýerine ýetirmäge borçludyr.

2. Eger bergidar bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlyk bilen hereket etmedik we saklaýjynyň ynsapsyzdygyny subut etmäge mümkinçiligi bolsa, ol borçnamany ýerine ýetirýän saklaýjynyň öňünde öz borçnamalaryndan boşadylýar.

**997-nji madda. Ady ýazylan resminamany özgertmek**

Görkeziji üçin bergi borçnamasyny kesgitli ygtyýarly şahsyň adyna bolan resminamany özgertmek diňe resminamany beren şahs tarapyndan amala aşyrylyp bilner. Ýöne resminamany beren soňky şahs şeýle özgertmä borçly däldir.

**998-nji madda. Gaýtadan bermek**

Eger görkezijä berlen bergi borçnamasy zaýalanmagy netijesinde mundan beýläk dolanyşyga ýaramsyz bolsa, onda bergi borçnamasynyň esasy manysyny we tapawutlandyryjy alamatlaryny anyk belli etmek mümkinçiligi bolsa, ony saklaýjy özüne resminamany beren şahsdan zaýa bolan resminamany yzyna gaýtarmak şerti bilen, özüne täze bergi borçnamasynyň berilmegini talap edip biler. Saklaýjy ähli çykdajylary çekýär we olary öňünden tölemelidir.

**999-njy madda. Resminamany güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek**

1. Eger resminamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ýitirilen ýa-da ýok edilen görkezijä bergi borçnamasy kazyýet tarapyndan güýjüni ýitiren diýlip yglan edilip bilner.

2. Resminamany beren şahs soňky saklaýjynyň talap etmegi boýunça oňa işiň kazyýetde seredilmegi üçin we tölegleri geçirmegi gadagan etmek üçin zerur bolan ähli maglumatlary bermäge hem-de zerur şahadatnamalary bermäge borçludyr. Soňky saklaýjy şahadatnamalary bermek boýunça çykdajylary öňünden töleýär.

**1000-nji madda. Resminamany güýjüni ýitiren diýip ykrar etmegiň netijeleri**

Eger görkezijä bergi borçnamasy güýjüni ýitiren diýlip ykrar edilen bolsa, onda onuň peýdasyna bu resminamanyň hereketini bes etmek hakynda çözgüt çykarylan

şahs, resminamadan talap bildirmek hukugyna garamazdan, resminamany beren şahsdan güýjüni ýitiren diýlip ykrar edilen resminamanyň ýerine görkezijä täze bergi borçnamasynyň berilmegini talap edip biler. Ol şahs ähli çykdajylary çekýär we olary öňünden tölemelidir.

**1001-nji madda. Talabyň wagt möhleti**

1. Görkezijä bergi borçnamasyndan gelip çykýan talap resminama boýunça ýerine ýetiriş möhleti tamamlanandan soň otuz ýylyň geçmegi bilen ýatyrylýar.
2. Resminamanyň özünde ony beren şahs başga dowamlylygy we görkezilen möhletiniň başga başlanýan wagtyny belläp biler.
3. Wagt möhletiniň başlanýan wagty we onuň geçmegi resminamany görkezen şahsyň peýdasyna tölegleriň geçirilmegini gadagan etmek hakyndaky beýannamanyň saklaýjy tarapyndan girizilmegi bilen togtadylýar.

**1002-nji madda. Kreditory görkezmezden görkezijä bergi borçnamalary**

Eger şahs, kreditor görkezilmedik bergi borçnamasyny beren bolsa, onuň saklaýjy babatda borçnamany öz üstüne almagy niýet edendigine şaýatlyk ediji ýagdaýlarda, şu Kodeksiň 992-nji maddasynyň birinji böleginiň, 994-996-njy hem-de 1001-nji maddalarynyň kadalary ulanylýar.

## §2. Orderlik bergi borçnamalary

**1003-nji madda. Mazmuny**

1. Bergi resminamasyny beren şahs agzalan şahsa resminamany görkezende tölegi wada berse, orderlik bergi borçnamasy görnüşinde berlip bilner.
2. Gol islendik tehniki taýdan mümkin bolan serişde bilen ýerine ýetirilip bilner.

**1004-nji madda. Indossament**

1. Hukuk indossament arkaly we resminamany bermek bilen berlip bilner.
2. Indossament resminamada edilýär ýa-da oňa goşulýar.
3. Indossament indossatoryň adyny görkezmegi talap etmeýär we diňe gollardan ybarat (blanket indossamenti) bolup biler. Ygtyýarly eýesi özüniň ýa-da kesekiniň adyndan blanket indossamentini dolduryp biler, doldurylmadyk resminamany berip ýa-da onuň özi belli bir şahsa onuň soňraky indossirlenilmegini geçirip biler.

**1005-nji madda. Hukuklaryň geçmegi**

Eger orderlik bergi resminama indossamentiň esasynda edinilen bolsa, degişlilikde şu Kodeksiň 995-nji maddasy ulanylýar.

### 1006-njy madda. Ýerine ýetirmegi talap etmek

Yzygiderli indossamentler arkaly tassyklanylan order bergi borçnamasyny saklaýjy wada laýyklykda gol çekilen resminamany bermegiň ornuna ýerine ýetirmegi talap edip biler, muňa onuň ygtyýarlyklarynyň bolmadyk halatlary girmeýär.

### 1007-nji madda. Ygtyýarly bolmadyk şahsa tölemegiň netijeleri

Yzygiderli indossamentler arkaly öz hukugyny subut eden ygtyýarly bolmadyk şahsa töleg, eger bergidar bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlyk boýunça hereket etmedik bolsa, bergidary boşadýar.

### 1008-nji madda. Resminamany çalşyrmak we onuň güýjüni ýitirmegi

Eger order bergi borçnamasynda uly gymmatly talaplar kepillendirilen bolsa, bergi resminamany görkezijä çalyşýan we bu resminamany güýjüni ýitiren diýip hasap edýän resminamany bermegiň kadalary degişlilikde ulanylýar.

### 1009-njy madda. Talaplaryň wagt möhleti

Orderlik bergi borçnamalaryndan gelip çykýan talaplaryň wagt möhleti babatda görkezijä bergi borçnamalary babatda hereket edýän kadalar ulanylýar.

## §3. Şahsy bergi borçnamalary

### 1010-njy madda. Mazmuny

1. Kesgitli şahsyň adyna düzülen resminamalar bergidara diňe resminamany tabşyrmagyň ýerine töleg ýüklemek şerti bilen berlip bilner.
2. Resminamada görkezilen hukuk, eger başgaça kesgitlenilmedik bolsa, bu hukuk üçin bellenilen kadalar boýunça geçirilýär.
3. Eger başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, eger resminama ýitirilen ýa-da ýok edilen bolsa, ol aýratyn önümçilik tertibinde güýjüni ýitiren diýlip yglan edilýär. Ujypsyz gymmatly hukugy özünde saklaýan resminamalar ýitirilende bu kada ulanylmaýar.

### 1011-nji madda. Geleşigiň we tölegiň hakyky bolmagynyň şertleri

Eger kesgitli ada ýazylan resminamada wada berlen tölegiň islendik görkezijä geçirilip bilinjekdigi baradaky görkezme bolsa, onda bergidar bilen resminamany saklaýjynyň arasyndaky islendik geleşik, edil töleg ýaly, eger bergidar bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlyk bilen hereket etmedik bolsa, hakykydyr.

## XXIX BAP. BILELIKDÄKI IŞ
## (ŞEREKET)

### 1012-nji madda. Mazmuny

Bilelikdäki iş (şereket) hakyndaky şertnama boýunça oňa gatnaşyjylar şertnamada kesgitlenilen usul bilen umumy maksada ýetmekde özara ýardam etmäge borçlanýarlar.

### 1013-nji madda. Bilelikdäki iş hakyndaky şertnama

1. Bilelikdäki iş hakyndaky şertnama ýazmaça görnüşde ýa-da dil üsti bilen baglaşylyp bilner.
2. Ýazmaça görnüşde baglaşylan şertnamada aşakdakylar bolmalydyr:
1) gatnaşyjylaryň ady we olaryň salgysy;
2) bilelikdäki işiň görnüşi hakyndaky maglumatlar we maksatlary;
3) gatnaşyjylaryň hukuklary we borçlary;
4) dolandyryş edaralarynyň gurluşy we wezipeleri;
5) gatnaşyjylaryň arasynda girdejileri we ýitgileri paýlamagyň düzgünleri we şertleri;
6) şertnamadan çykmagyň tertibi;
7) işiniň dowamlylygy;
8) şertnamany ýatyrmagyň we galan emlägi paýlamagyň tertibi.

### 1014-nji madda. Gatnaşyjylaryň goýumlary

1. Bilelikdäki işe gatnaşyjylar şertnamada göz öňünde tutulan goýumlary geçirmäge borçludyrlar. Eger goýumyň möçberi kesgitlenilmedik bolsa, onda gatnaşyjylar ony deň paýda geçirýärler.
2. Goýum hem pul, hem emläk, şeýle-de hyzmatlary etmek arkaly geçirilip bilner.

### 1015-nji madda. Gatnaşyjylaryň umumy emlägi

1. Bilelikdäki işe gatnaşyjylaryň goýumlary we iş ýöredilende şereket üçin edinilen närseler gatnaşyjylaryň umumy emlägini düzýär.
2. Şereketiň emlägine girýän hukugyň esasynda edinilen ýa-da şereketiň emlägine girýän närsäniň ýok edilmegi, zaýalanmagy ýa-da alynmagy üçin öwezini dolmak hökmünde edinilen emläk şereketiň emlägidir.

### 1016-njy madda. Paýyň üçünji şahsa berilmegine ýol bermezlik

1. Emläk ýa-da hukuk görnüşindäki paý gatnaşyjy tarapyndan beýleki gatnaşyjylaryň razylygy bolmazdan üçünji şahsa berlip bilinmez. Razylykdan ýüz

döndermäge diňe esasly sebäpler bolanda ýol berilýär.

2. Şertnamanyň galan gatnaşyjylary üçünji şahsa berilýän paýy edinmekde artykmaçlyk hukuga eýedirler.

**1017-nji madda. Işleri ýöretmek**

1. Şereketde we üçünji şahslar babatda wekilçilik işlerini ýöretmek onuň ähli gatnaşyjylary tarapyndan bilelikde amala aşyrylýar; her bir geleşigiň amala aşyrylmagy üçin şereketiň ähli gatnaşyjylarynyň razylygy talap edilýär. Eger şereketiň şertnamasyna laýyklykda, çözgütler sesleriň köplügi bilen kabul edilýän bolsa, onda köplük goýumyň möçberi bilen däl-de, şerekete gatnaşyjylaryň umumy sanynyň esasynda kesgitlenilýär.

2. Eger şereketiň şertnamasy boýunça oňa gatnaşyjylaryň hemmesine ýa-da birnäçesine işleri ýöretmekde ýekelikde hereket etmäge hukuk berlen bolsa, onda her bir gatnaşyjy beýleki gatnaşyjylara geleşigi baglaşmaga garşylygyny mälim edip biler. Garşylyk bolan halatynda geleşik baglaşylyp bilinmez.

3. Eger şereketiň şertnamasy boýunça işleri ýöretmek oňa gatnaşyjylaryň birine ýa-da birnäçesine berlen bolsa, onda şereketiň galan gatnaşyjylary işleri ýöretmekden çetleşdirilýär.

4. Eger muňa düýpli sebäp bolsa, şerekete gatnaşyjylaryň köplüginiň çözgüdi bilen şereketiň şertnamasy boýunça oňa berlen, işleri ýöretmek ygtyýarlyklaryndan mahrum edilip bilner; hususan-da, borçlaryň gödek bozulmagy ýa-da işleri talabalaýyk ýöretmäge ukypsyzlyk, düýpli sebäp bolup biler.

5. Eger şereketiň şertnamasyndan başgaça gelip çykmaýan bolsa, şerekete gatnaşyjynyň, onuň işlerini dolandyryjynyň hukuklary we borçlary tabşyryk şertnamasy hakyndaky kadalara laýyklykda kesgitlenilýär.

**1018-nji madda. Girdejä we ýitgilere gatnaşmak**

Eger gatnaşyjylaryň girdejidäki we ýitgilerdäki paýlary bellenilmedik bolsa, onda her gatnaşyjy girdejä we ýitgilere öz goýumyna laýyklykda gatnaşýar.

**1019-njy madda. Gatnaşyjynyň hukuklarynyň geçirilmezligi**

Şerekete gatnaşyjylaryň şertnama boýunça olaryň özara gatnaşyklaryndan gelip çykýan birek-birege talaplary üçünji şahslara geçirilmäge degişli däldir.

**1020-nji madda. Bilelikdäki iş hakyndaky şertnamadan ýüz döndermek**

1. Eger şertnamada bilelikdäki işiň möhleti kesgitlenilmedik bolsa, gatnaşyjylaryň her biri islendik pursatda bilelikdäki işe gatnaşmakdan ýüz dönderip biler. Eger möhlet kesgitlenilen bolsa, onda möhletiň tamamlanmagyna çenli şereketiň düzüminden çykmaga diňe düýpli sebäp bolanda ýol berilýär; hususan-da, eger gatnaşyjylaryň biri şertnama boýunça öz üstüne ýüklenilen esasy borçlaryny

bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlyk bilen bozan bolsa, ýa-da eger borçlary ýerine ýetirmek mümkin bolmasa, şeýle sebäp diýlip hasap edilýär.

2. Eger şerekete gatnaşyjylardan biri onuň düzüminden çykýan bolsa, onda şereketiň umumy emlägindäki onuň paýy galan gatnaşyjylara geçýär. Olar çykan gatnaşyjynyň şerekete peýdalanmaga beren närselerini gaýtaryp bermäge we eger onuň çykan pursadynda bilelikdäki işiň bes edilip, umumy emläk paýlanylmaly bolan ýagdaýynda onuň alyp biljegini tölemäge borçludyrlar. Eger gatnaşyjylardan biriniň çykan pursadyna çenli şereketiň umumy emläginiň gymmaty umumy bergileri tölemek we goýumlary gaýtarmak üçin ýeterlik bolmasa, onda çykýan gatnaşyjy özüniň ýitgilerdäki paýyna laýyklykda ýetmeýän möçberini galan gatnaşyjylara bermäge borçludyr.

3. Ýokarda görkezilen kadalar üýtgedilip, şertnamany ýatyrmak hukugyny çäklendirýän ýa-da ýatyrýan ylalaşyk biderekdir.

**1021-nji madda. Bilelikdäki işi bes etmegiň esaslary**

1. Aşakdakylar bilelikdäki işi bes etmegiň esaslarydyr:

1) bilelikdäki işiň şertnamada kesgitlenilen möhletiniň tamamlanmagy;

2) gatnaşyjylaryň çözgüdi;

3) şereketiň umumy emlägi boýunça batyp galmagy hakynda önümçiligiň açylmagy;

4) bilelikdäki işiň şertnamada bellenilen maksatlaryna ýetmegi ýa-da eger bu maksada ýetmegiň mümkin bolmazlygy.

2. Bilelikdäki iş hakyndaky şertnamada ony bes etmegiň başga esaslary hem göz öňünde tutulyp bilner, ýagny:

1) şertnama gatnaşyjylardan biriniň ölmegi;

2) şertnama gatnaşyjylardan biriniň batyp galmagy.

**1022-nji madda. Bilelikdäki işi bes etmegiň tertibi**

1. Bilelikdäki iş bes edileninden soň gatnaşyjylaryň arasynda şereketiň emlägini paýlamak geçirilýär. Bilelikdäki iş bes edileninde ýerine ýetirilmedik geleşikler tamamlanylmalydyr.

2. Şereketiň umumy emläginden ilki bilen umumy bergiler tölenilmelidir. Eger umumy emläk umumy bergileri tölemek we goýumlary gaýtarmak üçin ýeterlik bolmasa, onda oňa gatnaşyjylar olaryň ýitgilerdäki paýlaryna deň ölçegde ýetmeýän puluň möçberini geçirmäge borçludyrlar. Eger gatnaşyjylardan biri özüne düşýän puluň möçberini geçirmäge ýagdaýy bolmasa, onda ol beýleki gatnaşyjylar tarapyndan şol gatnaşykda geçirilmelidir.

## XXX BAP. ÖMÜRLIK EKLÄP-SAKLAMAK

**1023-nji madda. Mazmuny**

Ömürlik ekläp-saklamagy öz üstüne borçnama alan şahs (ekleýji) ekläp-saklamagy (eklençdäki şahsy) onuň bütin ömrüniň dowamynda üpjün etmelidir. Ömürlik ekläp-saklamak pul ýa-da hakyky özlügi görnüşinde (ýaşaýyş jaýy, iýmit, gözegçilik etmek we gaýry zerur kömek) bellenilip bilner.

**1024-nji madda. Şertnamanyň görnüşi**

Ömürlik ekläp-saklamak şertnamasy ýazmaça görnüşde baglaşylmalydyr. Eger ömürlik ekläp-saklamak şertnamasy boýunça gozgalmaýan emläk berilýän bolsa, onda ol notarial taýdan tassyklanylmaga we döwlet belligine alynmaga degişlidir.

**1025-nji madda. Ekläp-saklamagyň möçberi**

Ömürlik ekläp-saklamagyň möçberi taraplaryň ylalaşmagy bilen kesgitlenilýär.

**1026-njy madda. Ekläp-saklamaga almagyň döwürleýinligi**

Ekläp-saklamaga almagyň döwürleýinligi onuň tebigatyndan we maksatlaryndan ugur alyp, taraplaryň ylalaşygy bilen bellenilýär.

**1027-nji madda. Berlen emlägiň eýeçilikden aýrybaşgalanmagyna ýol berilmezligi**

1. Eklençdäki şahsyň diri wagtynda onuň razylygy bolmazdan, berlen emlägi eýeçilikden aýrybaşgalamaga, girew ýa-da başga görnüşde çäklendirmäge ekleýji hukuksuzdyr. Ekleýjiniň bergileri bilen baglanyşykly bu emläge temmi berilmegine ýol berilmesizdir.

2. Eger eklençdäki şahs ekleýjä gozgalmaýan emlägi berýän bolsa, onda talabyň üpjün edilmegine ol bu emläge bolan girew hukugyna eýedir.

**1028-nji madda. Ömürlik ekläp-saklamak hakyndaky şertnamany jedelleşmek**

Ömürlik ekläp-saklamak şertnamasy ekleýjiden ekläp-saklamagy almaga kanuny hukugy bolan, ýöne ekleýji tarapyndan jedelleşilýän şertnamanyň baglaşylmagy netijesinde ony alyp bilmedik başga şahslar tarapyndan jedelleşilip bilner. Şertnama ýatyrylanda emläk eklençdäki şahsa gaýtarylyp berilýär.

**1029-njy madda. Berlen emlägiň tötänlikden ýok bolmak ýa-da zaýalanmak töwekgelçiligi**

Ekleýjä berlen emlägiň tötänlikden ýok bolmagy ýa-da zaýalanmagy ony ekläp-saklamak borjundan boşatmaýar.

### 1030-njy madda. Ömürlik ekläp-saklamak şertnamasyndan ýüz döndermek

1. Eger şertnamalaýyn borçnamalaryň bozulmagy netijesinde taraplaryň özara gatnaşyklary çydar ýaly däl bolsa ýa-da başga düýpli sebäpler boýunça örän kynçylykly ýa-da ony dowam etdirmek mümkin bolmasa, ekleýji hem eklençdäki şahs hem ömürlik ekläp-saklamak şertnamasyndan ýüz dönderip bilerler.

2. Eger şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, şertnama ýatyrylanda berlen gozgalmaýan emläk eklençdäki şahsa gaýtarylyp berilýär, ekleýji tarapyndan şertnamanyň ýatyrylmagyna çenli edilen çykdajylaryň öwezi dolunmaýar.

### 1031-nji madda. Ekleýjiniň ölmeginiň netijeleri

Ekleýji ölen halatynda ömürlik ekläp-saklamaga alnan borçnama boýunça berlen emläk ekleýjiniň mirasdarlaryna geçýär. Mirasdaryň bu borçnamadan ýüz döndermegi şertnamanyň ýatyrylmagyna eltýär, emläk bolsa eklençdäki şahsa gaýtarylyp berilýär.

## XXXI BAP. OÝUNLAR. JEDEL

### 1032-nji madda. Borçnamanyň bolmazlygy

Oýundan ýa-da jedelden borçnama ýüze çykmaýar. Borçnamanyň bolmanlygy sebäpli, oýnuň ýa-da jedeliň esasynda ýerine ýetirileni gaýtarmak hakyndaky talap kanagatlandyrylmaga degişli däldir.

### 1033-nji madda. Lotereýa we utuşly oýun

Eger lotereýa ýa-da utuşly oýun geçirmäge döwlet tarapyndan rugsat berlen bolsa, lotereýa ýa-da utuşly oýun geçirmek hakyndaky şertnamanyň ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

### 1034-nji madda. Tapawuda bolan geleşik

Eger närsesi harydyň iberilmegi ýa-da gymmatly kagyzlaryň berilmegi bolup durýan şertnama şertnamada bellenilen baha bilen iberilen pursadynda birža ýa-da bazar bahasynyň arasyndaky tapawut utulan tarapyň utan tarapa tölenmegi bilen baglaşylsa, onda şeýle şertnama oýun ýaly garalýar. Eger arasyndaky tapawudy tölemek niýeti diňe bir tarapda bolan, ýöne beýleki tarapyň şeýle niýeti bilen ýa-da bilmeli bolan halatynda hem şol ulanylýar.

# III BÖLÜM. KANUN BOÝUNÇA BORÇNAMALY GATNAŞYKLAR

## I BAP. UMUMY HUKUKLAR

**1035-nji madda. Mazmuny**

Eger hukuk paýlary kesgitlemek bilen bilelikde birnäçe şahsa degişli bolsa, eger kanundan başgaça gelip çykmaýan bolsa, şu babyň kadalary ulanylýar.

**1036-njy madda. Paýlaryň deňligi**

Eger ýörite başgaça bellenilmedik bolsa, her bir eýä deň paý degişlidir.

**1037-nji madda. Miwelere bolan hukuk**

1. Her bir paýly eýä onuň paýyna laýyk gelýän miweleriň bölegi degişlidir.
2. Her bir paýly eýe beýlekileriň peýdalanmagyna zyýan ýetirmezden bilelikdäki närseden peýdalanmaga hukuklydyr.

**1038-nji madda. Umumy närsäni dolandyrmak**

1. Paýly eýeler umumy närsäni bilelikde dolandyrýarlar.
2. Galan paýly eýeleriň razylygy bolmazdan, her bir paýly eýe närsäni saklamak üçin zerur bolan çäreleri amala aşyrmaga hukuklydyr.

**1039-njy madda. Umumy närse dolandyrylanda çözgüt kabul etmek**

1. Umumy närsäniň aýratynlyklaryna laýyklykda, ony dolandyrmak we peýdalanmak hakyndaky çözgüt sesleriň köplügi bilen kabul edilip bilner. Sesleriň köplügi paýlara laýyklykda hasaplanýar.
2. Her bir paýly eýe, eger bu köplügiň ylalaşygy ýa-da çözgüdi bilen düzgünleşdirilmedik bolsa, adalatlylyk garaýyşlaryna laýyklykda ähli paýly eýeleriň bähbitlerine laýyk gelýän dolandyrmagy we peýdalanmagy talap edip biler.
3. Paýly eýäniň razylygy bolmasa, onuň peýdalanyş paýyna bolan hukuklarynyň azaldylmagyna ýol berilmeýär.

**1040-njy madda. Umumy närsäni dolandyrmagyň düzgünleriniň hukuk oruntutaryna degişli edilmegi**

Eger paýly eýeler närsäni dolandyrmagyň we peýdalanmagyň kadalaryny kesgitlän bolsalar, onda bu kadalar hukuk oruntutary babatda hem degişli edilýär.

**1041-nji madda. Umumy närsä ygtyýar etmegiň tertibi**

Her bir paýly eýe öz paýyna ygtyýar edip biler, umumy närsä ygtyýar etmek bolsa, diňe bilelikde amala aşyrylýar.

**1042-nji madda. Umumy närsäni saklamak boýunça çykdajylar**

Her bir paýly eýe beýleki paýly eýeler babatda öz paýyna laýyk gelýän, umumy närse bilen baglanyşykly çykdajylary çekmäge borçludyr.

**1043-nji madda. Umumy hukugy ýatyrmak**

1. Her bir paýly eýe umumy hukugyň ýatyrylmagyny talap etmäge hukuklydyr.
2. Eger ylalaşyk bilen ýatyrmagy talap etmek hukugy hemişelik aýrylan ýa-da möhlet bilen çäklendirilen bolsa, onda ýatyrmak esasly sebäpler bolanda talap edilip bilner.
3. Bu kadalaryň garşysyna ýatyrmagy talap etmek hukugyny aýyrýan ýa-da çäklendirýän ylalaşyk hakyky däldir.

**1044-nji madda. Umumy hukugy ýatyrmak hakyndaky ylalaşyk**

Eger paýly eýeleriň umumy hukugyň ýatyrylmagyny talap etmek hukugy kesgitli möhlete aýrylan bolsa, eger ylalaşyk bilen başgaça kesgitlenilmedik bolsa, paýly eýe ölen halatynda ylalaşyk güýjüni ýitirýär.

**1045-nji madda. Hakyky özlüginde paýlanylanda umumy hukugyň ýatyrylmagy**

Eger umumy närse (närseler) olaryň gymmatyny azaltmazdan bir kysymly böleklere bölünip bilinýän bolsa, umumy hukuk hakyky özlüginde paýlamak bilen ýatyrylýar. Paýly eýeleriň arasynda deň paýlary paýlamak bije boýunça geçirilýär.

**1046-njy madda. Umumy hukugy eýeçilikden aýrybaşgalamak arkaly ýatyrmak**

1. Eger hakyky özlüginde paýlamak mümkin bolmasa, onda närsäni satmak, girewe goýlan zady ýa-da ýer bölegini satmak we düşen serişdäni paýlamak arkaly umumy hukuk ýatyrylýar. Ýer bölegi babatda gozgalmaýan emlägi mejbury satmagyň kadalary ulanylýar. Eger umumy närsäni üçünji şahsa eýeçilikden aýrybaşgalamak ýolberilmesiz bolsa, onda närse paýly eýeleriň arasynda jemagat öňündäki söwda arkaly satylmalydyr.
2. Eger umumy närse satylmadyk bolsa, her bir paýly eýe goşmaça söwdalaryň geçirilmegini talap edip biler; şunda ol, eger goşmaça synanyşyk şowsuz tamamlansa, çykdajylary tölemelidir.

**1047-nji madda. Paýly eýeleriň raýdaş jogapkärçiligi**

1. Eger paýly eýeler şu Kodeksiň 1042-nji maddasyna laýyklykda, öz paýlaryna barabarlykda ýerine ýetirmeli bolsalar ýa-da şeýle borçnamany ýerine ýetirmek maksady bilen, öz üstüne alan talaba görä raýdaş jogapkärçiligini çekseler, her bir

paýly eýe umumy hukuk ýatyrylanda umumy närsäniň hasabyna berginiň üzülişmegini talap edip biler.

2. Eger bergini üzmek üçin umumy närsäni satmak zerur bolsa, onda satmak şu Kodeksiň 1046-njy maddasynyň kadalary boýunça geçirilýär.

**1048-nji madda. Eýeler babatda talaplary kanagatlandyrmak**

Eger paýly eýäniň beýleki paýly eýe babatda umumy hukuga esaslanan talaby bolsa, onda ol bu hukuk ýatyrylanda umumy emlägiň bergidara berilmeli böleginden öz talabynyň tölenilmegini talap edip biler.

**1049-njy madda. Umumy hukuk bes edilende paýly eýeleriň jogapkärçiligi**

Eger umumy hukuk bes edilende umumy närse paýly eýeleriň birine berilýän bolsa, onda galan paýly eýeleriň her biri öz paýyna laýyklykda zadynyň ýa-da hukugynyň ýetmezçiligi bilen baglanyşykly satyjy ýaly ýagdaýda jogapkärçilik çekýär.

**1050-nji madda. Umumy hukugy ýatyrmak talabyna hak isleýiş wagtynyň möhleti**

Umumy hukugy ýatyrmak talabyna hak isleýiş wagtynyň möhleti ýokdur.

## II BAP. KESEKINIŇ IŞLERINI TABŞYRYKSYZ ÝÖRETMEK

**1051-nji madda. Kesekiniň işlerini ýöredijiniň borçlary**

Başga şahsyň (eýelik ediji) işlerini ýöredýän şahs (ýerine ýetiriji) ondan tabşyryk almazdan ýa-da muňa beýleki ygtyýarlyklary bolmazdan işleri eýesiniň bähbitleriniň talap edişi ýaly, onuň hakyky ýa-da çak edilýän erkini nazara almak bilen ýerine ýetirmäge borçludyr.

**1052-nji madda. Howpuň öňüni almak maksady bilen işleri ýöretmek**

1. Eger işleri ýöretmegiň maksady eýelik edijä wehim salýan hakyky howpuň öňüni almak bolsa, onda ýerine ýetiriji diňe niýeti ýa-da gödek geleňsizligi üçin jogapkärçilik çekýär.

2. Ýerine ýetirijiniň hukuk borçlaryna girmeýän, başga şahsa ýa-da emläge hakykatda wehim salan howpuň öňüni almakda ýerine ýetirijä ýetirilen zyýanyň öwezi, howpy döreden şahs ýa-da ýerine ýetirijiniň onuň eşretlerini halas etmek üçin çalşan şahsy tarapyndan dolunmalydyr.

**1053-nji madda. Habar bermek borjy**

Ýerine ýetiriji işleri ýöretmegi öz üstüne alýandygy hakynda eýelik edijä ilkinji mümkinçilikde duýdurmaga we eger haýallyk edilmegi peýdasyz netijelere getirmeýän bolsa, onuň çözgüdine garaşmaga borçludyr.

### 1054-nji madda. Ýerine ýetirilen iş hakynda hasabat bermek

Ýerine ýetiriji eýelik edijä ýerine ýetiriş hakynda hasabat bermäge hem-de ýerine ýetirişiň netijesinde ähli alnanlary oňa gaýtaryp bermäge borçludyr.

### 1055-nji madda. Çykdajylaryň öwezini dolmak

Eger işleri ýöretmek eýelik edijiniň bähbitlerine we hakyky ýa-da çak edilýän erkine laýyk gelýän bolsa, onda ýerine ýetiriji özüniň eden çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge hukuklydyr.

### 1056-njy madda. Edilen çykdajylaryň öweziniň dolunmagyna ýol bermezlik

Eger ýerine ýetirijiniň işleri ýöretmegi eýelik edijiniň bähbitlerine we hakyky ýa-da çak edilýän erkine garşy gelýän bolsa,  ýerine ýetiriji eden çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyny talap edip bilmez. Eger ýerine ýetiriji bu hakda bilip bilýän bolsa, ol ýerine ýetirmek bilen dörän zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

### 1057-nji madda. Özüniň işlerini ýerine ýetirýändigi hakynda çak etmek

Eger kesekiniň işleri ýerine ýetirilende ýerine ýetiriji olary öz işi diýip çak eden bolsa, şu babyň kadalary ulanylmaýar.

## III BAP. ESASSYZ BAÝLAŞMA

### 1058-nji madda. Yzyna gaýtaryp bermek borjy

Borçnamanyň başga şahs tarapyndan ýerine ýetirilmegi netijesinde ýa-da başga hili ýol bilen onuň hasabyna haýsydyr bir emlägi kanuny taýdan esassyz edinen şahs, ol şahsa edinen emlägini gaýtaryp bermäge borçludyr. Bu borçnama şu halatda hem bolýar, eger:

1) hukuk esasy soňunda aýrylsa ýa-da eger geleşigiň mazmunyna laýyk ýerine ýetirmäge gönükdirilen netije gazanylmasa;

2) talap babatda garşylyk bildirilse, onuň netijesinde talaby kanagatlandyrmak uzak möhletiň dowamynda mümkin bolmasa.

### 1059-njy madda. Yzyna gaýtarmak talabynyň mümkin däldigi

Borçnamany ýerine ýetirmek maksady bilen berlen emläk yzyna gaýtarmak üçin talap edilip bilinmez, eger:

1) borçnamany ýerine ýetiren şahs ony ýerine ýetirmäge özüniň borçly däldigini bilen bolsa;

2) ýerine ýetiriş ahlak borçdan ýa-da edepliligi berjaý etmek üçin amala aşyrylan bolsa;

3) hak isleýiş wagtynyň möhleti geçen bolsa.

**1060-njy madda. Netijäniň gazanylmazlygy**

Eger netijäniň gazanylmagy ilkibaşdan mümkin bolmadyk bolsa we borçnamany ýerine ýetirýän şahs bu hakda bilen bolsa ýa-da netijäniň gazanylmagyna ynsapsyzlyk bilen ýol bermedik bolsa, netijäniň gazanylmagyna ýerine ýetirmegiň gönükdirilip, şeýle netijäniň gazanylmandygy sebäpli, yzyna gaýtarmak hakyndaky talaba ýol berilmeýär.

**1061-nji madda. Esassyz baýlaşmagyň hakyky özlüginde yzyna gaýtaryp berilmegi**

1. Edinijiniň esassyz baýlaşmagyny düzýän emläk jebir çekene hakyky özlüginde yzyna gaýtarylyp berilmelidir.

2. Ediniji islendik, şol sanda islendik tötänden, esassyz edinilen emlägiň onuň baýlaşmagyň esassyzlygy hakynda bilen ýa-da bilmeli bolandan soň bolup geçen kem gelme ýa-da ýaramazlaşma üçin jebir çekeniň öňünde jogap berýär. Şu pursada çenli ol diňe niýeti ýa-da gödek seresapsyzlygy üçin jogap berýär.

**1062-nji madda. Esassyz baýlaşmagyň gymmatynyň öwezini dolmak**

1. Esassyz alnan emlägi hakyky özlüginde yzyna gaýtarmak mümkin bolmadyk halatynda, eger ediniji baýlaşmagyň esassyzlygy hakynda bilenden soň haýal etmän jebir çekene onuň gymmatynyň öwezini dolmadyk bolsa, ediniji ony edinen pursadynda bu emlägiň hakyky gymmatyny, şeýle hem emlägiň gymmatynyň soňraky üýtgemegi bilen dörän ýitgileriň öwezini dolmalydyr.

2. Kesekiniň emlägini edinmek niýeti bolmazdan ýa-da kesekiniň hyzmatlaryndan esassyz wagtlaýyn peýdalanan şahs, şeýle peýdalanmagyň netijesinde tygşytlanyny peýdalanmagyň tamamlanan wagtyndaky baha boýunça we onuň bolup geçen ýerinde jebir çekene öwezini dolmalydyr.

**1063-nji madda. Hukugy başga şahsa esassyz geçirmegiň netijeleri**

Talaby başga şahsa geçirmek ýa-da başga görnüşde özüne degişli hukugy emläkleýin däl ýa-da hakyky bolmadyk borçnamanyň esasynda başga şahsa geçiren şahs, öňki ýagdaýyň dikeldilmegini, şol sanda geçirilen hukugy tassyklaýan resminamalaryň özüne gaýtarylyp berilmegini talap etmäge hukuklydyr.

**1064-nji madda. Jebir çekene alynmadyk girdejileriň öwezini dolmak**

1. Emlägi esassyz alan şahs baýlaşmagyň esassyzlygy hakynda bilen ýa-da bilmeli bolan wagtyndan başlap, bu emläkden alan ýa-da almaly ähli girdejilerini jebir çekene gaýtaryp bermäge ýa-da öwezini dolmaga borçludyr.

2. Esassyz pul baýlaşmagynyň möçberine haçan-da pul serişdelerini almagyň esassyzdygy hakynda edinijiniň bilen ýa-da bilmeli bolan wagtyndan başlap kesekiniň serişdelerinden peýdalanandygy üçin göterimler goşulmaga degişlidir.

**1065-nji madda. Yzyna gaýtarylyp berilmäge degişli emläge edilen harajatlaryň öwezini dolmak**

Esassyz alnan emläk yzyna gaýtarylyp berlende ýa-da onuň gymmatynyň öwezi dolunanda alyjy ýerine ýetirijiden alan peýdalaryny hasaba almak bilen, girdejilerini gaýtaryp bermäge borçly wagtyndan başlap, emlägi abat saklamak üçin eden zerur harajatlarynyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge hukuklydyr. Alyjy yzyna gaýtarylmaga degişli emlägi bilkastlaýyn saklan halatynda, harajatlaryň öwezini dolmaga bolan hukuk ýitirilýär.

**1066-njy madda. Hukuk esasynyň ýoklugy mälim bolandaky ýokarlandyrylan jogapkärçilik**

1. Eger alyjy alan pursadynda edinmek üçin kanuny esasyň ýokdugy hakynda bilýän ýa-da bu hakda bilen bolsa, onda esassyz baýlaşmagy yzyna gaýtaryp bermek borjy edinilen pursadynda ýa-da alyjynyň şeýle esasyň ýokdugy hakynda bilen pursadynda, ýagny eger yzyna gaýtaryp almak hakyndaky talap şol pursatda kazyýet önümçiligine kabul edilendäki ýaly ýüze çykýar.

2. Eger alyjy ýerine ýetirişi kabul etmek bilen, kanunda bellenilen gadaganlygy ýa-da oňat häsiýetleri bozan bolsa, onda ol gaýtaryp bermäge alan pursadyndan borçludyr.

**1067-nji madda. Ygtyýarlygy bolmadyk şahsyň ygtyýar etmegi**

1. Eger ygtyýarlygy bolmadyk şahs närsä ygtyýar eden bolsa we bu ygtyýar etmek ygtyýarly şahs üçin güýje eýe bolsa, onda ol bu ygtyýar etmegiň netijesinde ähli alnany ygtyýarly şahsa gaýtaryp bermäge borçludyr. Eger ygtyýar etmegiň netijesi tölegsiz häsiýete eýe bolsa, onda bu borç şeýle ygtyýar etmegiň esasynda göni hukuk peýdasyny alan şahsa ýüklenilýär.

2. Eger ygtyýarlygy bolmadyk şahsa ygtyýarly şahs babatda hakyky ýerine ýetiriş geçirilse, onda ygtyýarlygy bolmadyk şahs ýerine ýetirişiň netijesinde alnany ygtyýarly şahsa gaýtaryp bermäge borçludyr.

**1068-nji madda. Kanunyň ýa-da oňat häsiýetleriň bozulmagynda ýerine ýetiriş**

Ýerine ýetirişiň maksady, eger ýerine ýetirişi kabul etmegiň netijesinde bu şahs kanuny ýa-da oňat häsiýetleri bozýan görnüşde bellenilen bolsa, ýerine ýetirişi kabul eden şahs alnany gaýtaryp bermäge borçludyr. Eger ýerine ýetirişi amala aşyran şahsyň özi şunuň ýaly bozulmada günäkär bolsa, yzyna gaýtarmak hakyndaky talaba ýol berilmeýär, muňa ýerine ýetirişiň borçnamanyň kabul edilmeginde bolan halatlary girmeýär; şuňa meňzeş borçnamany ýerine ýetirmek maksady bilen berleni yzyna gaýtarmak talabyna ýol berilmeýär.

## IV BÖLÜM. DELIKT BORÇNAMALARY

## I BAP. UMUMY DÜZGÜNLER

### 1069-njy madda. Mazmuny

Kanuna garşy bilkastlaýyn ýa-da seresapsyz hereketleri bilen başga şahsa zyýan ýetiren şahs, oňa bu zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

### 1070-nji madda. Zyýan ýetirýän maglumatlaryň ýaýradylmagynyň netijeleri

1. Başga birine emläkleýin zyýan ýetirýän maglumatlary bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlyk bilen ýaýradan ýa-da mälim edýän şahs, eger ol maglumatlar aç-açan ýalan bolsa, öwezini dolmaga borçludyr.

2. Maglumatlaryň ýalandygyny bilmän habar beren şahs, eger onuň özi ýa-da onuň habary gowşurmaly şahsy şeýle habary almaga kanuny gyzyklanýan bolsa, ol zyýanyň öwezini dolmaga borçly däldir.

### 1071-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik şahsyň ýetiren zyýany üçin jogapkärçilik

1. On ýaşyna ýetmedik şahs başga şahslara ýetiren zyýany üçin jogapkärçilik çekmeýär.

2. On ýaşyny dolduran kämillik ýaşyna ýetmedik şahs, eger ol zyýan ýetiren wagtynda öz etmişiniň ähmiýetine akyl ýetirip bilmeýän bolsa, özüniň başga şahsa ýetiren zyýany üçin jogapkärçilik çekmeýär.

3. Kämillik ýaşyna ýetmedik şahsyň ata-enesi ýa-da oňa gözegçilik etmäge jogapkär şahslar kämillik ýaşyna ýetmedik şahsyň bikanun hereketleri bilen başga şahsa ýetiren zyýanynyň öwezini dolmaga borçludyrlar. Gözegçilik etmäge jogapkär şahslaryň zyýan ýetirilmeginiň öňüni alyp bilmedik halatlarynda jogapkärçilik aradan aýrylýar.

### 1072-nji madda. Psihiki bozulmadan ejir çekýän şahs tarapyndan ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak

1. Eger psihiki bozulmadan ejir çekýän şahs bikanun hereketleri bilen başga bir şahsa zyýan ýetiren bolsa, oňa ýetiren zyýanynyň öwezini dolmak borjy ýüklenilmeýär.

2. Eger şahsa zyýan ýetirijä gözegçilik etmek borjy ýüklenilen bolsa, ol zyýanyň öňüni almak mümkin bolmadyk ýagdaýdan başga halatlarda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

**1073-nji madda. Wagtlaýyn psihiki bozulma ýagdaýynda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak**

Wagtlaýyn huşsuz ýa-da psihiki bozulma ýagdaýyndaky şahs ýetiren zyýany üçin jogapkärçilik çekmeýär. Eger şahsyň özi alkogolly içgileri, neşe ýa-da şoňa meňzeş serişdeleri ulanmak bilen özüni şeýle ýagdaýa getiren bolsa, ol jogapkärçilikden boşadylmaýar, muňa şeýle ýagdaýda bolmagyna öz günäsiniň ýok halatlary girmeýär.

**1074-nji madda. Gulluk borçlary berjaý edilende ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak**

Şahs, onuň işgäri tarapyndan özüniň zähmet (gulluk) borçlaryny ýerine ýetirýän wagtynda kanuna garşy hereketi bilen üçünji şahsa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr. Eger işgär günäli hereket etmedik bolsa, onda jogapkärçilik ýüze çykmaýar.

**1075-nji madda. Ýetirilen zyýan üçin raýdaş jogapkärçilik**

1. Eger zyýanyň ýetirilmegine birnäçe şahs gatnaşan bolsa, onda olar raýdaş bergidarlar hökmünde jogapkärçilik çekýärler.

2. Ýetirilen zyýan üçin jogapkärçiligi diňe ony göni ýetiren däl, eýsem, ony yran ýa-da ýardam eden, şeýle hem başga birine ýetirilen zyýandan düşünmek bilen peýdalanan hem çekýär.

**1076-njy madda. Ulag serişdeleriniň ulanylmagy netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak**

1. Ýolagçylary gatnatmak we ýükleri daşamak üçin ulag serişdeleriniň eýelik edijisi, eger onuň ulag serişdeleriniň ulanylmagy adamlaryň ölmegine, maýyp bolmagyna ýa-da saglygynyň bozulmagyna ýa-da zatlaryň zaýalanmagyna getiren bolsa, jebir çekene şonuň netijesinde ýüze çykan zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

2. Zyýan ýeňip geçip bolmaýan güýç sebäpli ýeten bolsa, şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan zyýanyň öwezini dolmak borjy ýüze çykmaýar, muňa zyýanyň howa ulagy ulanylanda ýüze çykan halatlary girmeýär.

3. Eger şahs ulag serişdesini oňa eýelik edijiden rugsat almazdan ulanan bolsa,

ol ulag serişdesine eýelik edijä derek ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr. Şunda, eger ulag serişdesiniň ulanylmagy oňa eýelik edijiniň günäsi sebäpli mümkin bolan bolsa, ol ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr. Eger ulanyjy ulag serişdesini dolandyrmak üçin oňa eýelik ediji tarapyndan bellenilen bolsa ýa-da şol ulag serişdesi oňa eýelik ediji tarapyndan berlen bolsa, birinji sözlemiň kadasy ulanylmaýar.

**1077-nji madda. Gurluşyk etmekden gelip çykýan howpdan ýeten zyýan üçin jogapkärçilik**

1. Eger ol ýa-da beýleki gurluşyk etmekden, onda öndürilen, şol ýerde ýerleşdirilen ýa-da şol ýere berilýän energiýadan ýa-da ýangyn howply ýa-da partlama howply, awuly ýa-da zäherleýji maddalardan aýratyn howp gelip çykýan bolsa, eger şol howpuň iş ýüzünde amala aşyrylmagy netijesinde adamlaryň ölmegine, maýyp bolmagyna ýa-da saglygynyň bozulmagyna ýa-da ýükleriň zaýalanmagyna getiren bolsa, şol binanyň eýesi jebir çekenlere ýeten zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr. Eger şol maddalardan ýokary howplulyk gelip çykýan bolsa, onda bu jogapkärçilik ýangyn howply ýa-da partlama howply, awuly we zäherleýji şol maddalaryň eýeleri babatda hem ulanylýar.

2. Eger ýokary howplulyk ol ýa-da beýleki binadan ýa-da zatdan şu maddanyň birinji böleginde görkezilenden tapawutlanýan esaslarda gelip çykýan bolsa, gurluşygyň ýa-da zadyň eýesi howpuň amala aşyrylmagy netijesinde ýüze çykan zyýanyň öwezini şonuň ýaly ýagdaýda dolmaga borçludyr.

3. Eger zyýan eýesiniň mülkiniň içinde ýerleşýän gurluşygyň içinde ýa-da onuň ýer böleginiň çäginde dörän bolsa, onda şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan zyýanyň öwezini dolmak borjy ýüze çykmaýar.

4. Eger zyýan ýeňip geçip bolmaýan güýç sebäpli ýüze çykan bolsa, şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan zyýanyň öwezini dolmak borjy aradan aýrylýar, muňa elektrik geçirijilerdäki heläkçilikler ýa-da nebit, gaz, suw we nebit önümlerini geçirijilere zeper ýetmegi sebäpli zyýan ýetirilen halatlary girmeýär.

5. Radioaktiw maddalaryň ulanylmagy netijesinde ýüze çykan zyýanyň öwezi şol maddalary ulanýan şahs tarapyndan dolunmalydyr.

**1078-nji madda. Ýangyn söndürilende ýüze çykan zyýanyň öwezini dolmak**

Ýangyn söndürilende, onuň goňşy öýlere we gurluşyklara ýaýramagynyň öňi alnanda başga şahslara ýetirilen zyýanyň öwezi ýangynyň döremegine günäkär bolan şahs tarapyndan dolunýar.

**1079-njy madda. Zyýanyň öwezini dolmak borjunyň aradan aýrylmagyna ýol bermezlik**

1. Ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagyň şu Kodeksiň 1076-njy we 1077-nji maddalarynda göz öňünde tutulan borçnama, eger ol fiziki şahsa degişli bolsa,

öňünden aradan aýrylyp ýa-da çäklendirilip bilinmez. Zatlara ýetirilen zyýan babatda hem şol kada ulanylýar, muňa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçly bolan şahsyň we ýuridik şahsyň arasynda jogapkärçilikden boşadylmagy ýa-da jogapkärçiligi çäklendirmegiň ylalaşylan halatlary girmeýär.

2. Şu maddanyň birinji böleginiň kadalaryna garşy gelýän ylalaşyklar hakyky däldir.

**1080-nji madda. Malyň ýetiren zyýanynyň öwezini dolmak**

Eger mal adamyň janyna, onuň bedeniniň (synasynyň) eldegrilmesizligine ýa-da saglygyna zyýan ýetiren ýa-da zadyny zaýalan bolsa, onda malyň eýesi jebir çekene ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr. Eger zyýan hünär, telekeçilik işlerini amala aşyrmak üçin niýetlenilen ýa-da eýesiniň eklenmek üçin serişde alýan öý maly tarapyndan ýetirilen bolsa, şonuň bilen birlikde malyň eýesi malyna gözegçilik etmekde raýat dolanyşygyna degişli aladalary eden bolsa ýa-da eger zyýan şonuň ýaly alada edilende-de ýüze çykýan bolsa, onda onuň öwezini dolmak borjy ýüze çykmaýar.

**1081-nji madda. Gurluşygyň çökmeginden ýeten zyýanyň öwezini dolmak**

1. Gurluşygyň ýa-da başga desganyň eýesi gurluşygyň ýa-da gaýry desganyň tutuşlygyna ýa-da onuň bir böleginiň çökmegi netijesinde ýüze çykan zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr, muňa zyýanyň gurluşygyň ýa-da gaýry desganyň talabalaýyk saklanylmazlygyndan ýa-da kemçiliginden ýüze çykmadyk halatlary girmeýär.

2. Eger zyýan jaýdan zyňylan ýa-da gaçan ýa-da guýlan zatlardan ýetirilen bolsa, degişli ýaşaýyş jaýyny eýeleýän şahs jogapkärçilik çekýär, muňa zyýanyň ýeňip geçip bolmaýan güýjüň netijesinde ýa-da jebir çekeniň günäsi bilen ýeten halatlary girmeýär.

**1082-nji madda. Döwlet gullukçysy tarapyndan ýetirilen zyýan üçin döwletiň jogapkärçiligi**

1. Eger döwlet gullukçysy üçünji şahslar babatda öz gulluk borjuny bilkastlaýyn ýa-da geleňsizlikden bozan bolsa, döwlet ýa-da şol gullukçynyň işleýän edarasy ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr. Niýet ýa-da gödek seresapsyzlyk bilen eden bolsa, gullukçy döwlet bilen bilelikde raýdaş jogapkärçilik çekýär.

2. Eger jebir çeken bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlykdan hukuk serişdeleri bilen zyýanyň öňüni almaga synanyşmadyk bolsa, zyýanyň öwezini dolmak borjy ýüze çykmaýar.

3. Bikanun iş kesilmegi, bikanun jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi, ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag edilmegi ýa-da hiç ýere gitmezlik hakynda dil hatynyň bikanun ulanylmagy, administratiw temmisiniň administratiw taýdan tussag etmek ýa-da jemgyýetçilik işlerinde işletmek görnüşleriniň bikanun

ulanylmagy netijesinde, anyklaýyş, deslapky derňew edaralarynyň, prokuraturanyň we kazyýetleriň wezipeli adamlarynyň günäsine garamazdan, bozulan hukuklary dikeldilen raýata ýetirilen zyýanyň öwezi döwlet tarapyndan dolunýar. Niýet ýa-da gödek seresapsyzlyk bilen eden bolsa, ol şahslar döwlet bilen bilelikde raýdaş jogapkärçilik çekýärler.

**1083-nji madda. Jebir çekeniň ölen halatynda zyýanyň öwezini dolmak**

1. Jebir çekeniň ölen halatynda, zyýan ýetiriji olary eklemek öleniň üstüne ýüklenilen şahslara eklemegi bellemek arkaly ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr. Bu borç jebir çekeniň eklemäge borçly bolan döwrüniň bütin dowamynda öz güýjüni saklaýar.

2. Eklemek borjy, eger munuň üçin möhüm esaslar bar bolsa, ylalaşyk boýunça bir gezekde öwezini dolmak bilen çalşyrylyp bilner.

**1084-nji madda. Lukmançylyk edarasy tarapyndan ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak**

Lukmançylyk edarasynda keseli bejerende (hirurgiki operasiýanyň, anyklamanyň (diagnozyň) nädogry goýulmagynyň we şuňa meňzeş hereketleriň netijesinde) adamyň saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezi umumy esaslarda dolunýar. Zyýan ýetiriji, eger zyýan öz günäsi bilen ýüze çykmandygyny subut edip bilse, jogapkärçilikden boşadylýar.

**1085-nji madda. Hak isleýiş wagtynyň möhleti**

Delikt netijesinde ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagy hakyndaky hak islegi boýunça hak isleýiş wagtynyň möhleti jebir çekene zyýan ýa-da zyýanyň öwezini dolmaga borçly adam hakynda mälim bolan pursadyndan başlap, üç ýyla deňdir.

## II BAP. PES HILLI ÖNÜMDEN ÝETEN ZYÝAN ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK

**1086-njy madda. Pes hilli önümi öndüreniň jogapkärçiligi**

1. Pes hilli önümi öndüren jebir çeken bilen şertnamalaýyn gatnaşyklarda durýandygyna garamazdan, şol önümden ýeten zyýan üçin şulardan başga halatlarda, jogapkärçilik çekýär, ýagny:

1) ol bu önümi ýerlemek üçin çykarmadyk bolsa;

2) işleriň ýagdaýyndan ugur alyp, ýerlemek üçin onuň çykarylan (goýberilen) wagtynda önümde zyýan ýetmegine getiren kemçilik bolmandyr diýip çak etmek mümkin bolsa;

3) önüm satuw ýa-da gaýry hojalyk maksatlary üçin, öz hünär işiniň çäklerinde taýýarlanylmadyk bolsa;

4) önüm kemçilikli bolup, ýöne ony ýerlemek üçin çykarylanda (goýberilende) ol şol wagt hereket eden kadalara laýyk gelen bolsa;

5) önümiň ýerlemek üçin çykarylan (goýberilen) wagtyndaky ylmyň we tehnikanyň derejesini hasaba almak bilen, kemçiligi ýüze çykarmak mümkin bolmasa.

2. Eger kemçilik önümiň düzüm bölegi bolup durýan konstruksiýasyndan ýüze çykan bolsa ýa-da şol bölek bu önümi taýýarlaýjynyň görkezmesi boýunça taýýarlanylan bolsa, önümiň bir bölegini taýýarlandan jogapkärçilik aýrylýar.

3. Eger zyýanyň ýetmegine jebir çekeniň ýa-da onuň üçin jogapkär şahsyň günäli hereketi elten bolsa, taýýarlaýjynyň zyýanyň öwezini dolmak boýunça borjy azalýar ýa-da bütinleý aradan aýrylýar.

4. Eger zyýan bir wagtda önümiň kemçiligi we üçünji şahsyň hereketi sebäpli dörän bolsa, taýýarlaýjynyň jogapkärçiligi azalýar.

**1087-nji mada. Pes hilli önüm diýen düşünje**

1. Önüm, ähli ýagdaýlary hasaba almak bilen, eger şol önümden garaşylýan ygtybarlylygy üpjün edip bilmeýän bolsa, pes hilli diýlip hasap edilýär.

2. Önüm, diňe mundan gowy hilli önümiň dolanyşyga girizilendigi sebäpli, pes hilli diýlip ykrar edilmeýär.

**1088-nji madda. Önüm diýen düşünje**

1. Şu Kodekse laýyklykda, islendik gozgalýan zat, eger ol beýleki gozgalýan ýa-da gozgalmaýan zadyň bir bölegi bolanda hem, şeýle hem elektrik energiýasy önüm diýlip ykrar edilýär. Heniz gaýtadan işlenilmedik, ekerançylyk netijesinde alnan oba hojalyk önümleri, maldarçylyk önümleri, bal aryçylyk we balykçylyk (hakyky özlügindäki oba hojalyk önümleri) önüm hasap edilmeýär. Şu tertip awlanylyp alnan önümler babatda hem ulanylýar.

2. Şu Kodekse laýyklykda, gutarnykly önümi, önümiň esasy bölegini ýa-da bir bölegini taýýarlan şahs taýýarlaýjy diýlip ykrar edilýär. Öz adyndan, haryt nyşanly ýa-da başga tapawutlandyryjy nyşan bilen taýýarlaýjy hökmünde çykyş edýänleriň hemmesi taýýarlaýjylar diýlip hasap edilýär.

3. Şu Kodeksde göz öňünde tutulan şertleri berjaý etmek bilen, öz işiniň çygrynda önümi satmak üçin çykarýan, kireýine, lizinge ýa-da hojalyk maksatlarynyň başga görnüşinde berýän şahs hem taýýarlaýjy diýlip hasap edilýär.

4. Eger taýýarlaýjynyň şahsyýetini anyklamak mümkin bolmasa, bu hakda talap edileninden soň, ol bir aýyň dowamynda taýýarlaýjynyň şahsyýeti ýa-da oňa bu önümi getiren şahs hakynda maglumatlary berenden başga halatlarda islendik üpjün ediji taýýarlaýjy diýlip ykrar edilýär. Taýýarlaýjynyň adynyň belli bolmagyna garamazdan, ilkibaşdaky ýerleýjini (satyjyny) anyklamak mümkin bolmasa, bu kada ýurduň daşyndan getirilýän haryda hem degişli edilýär.

**1089-njy madda. Subut etmek borjy**

Pes hilli önümden ýetirilen zyýan üçin jogapkärçiligi subut etmek borjy jebir çekeniň üstüne ýüklenilýär.

**1090-njy madda. Raýdaş jogapkärçilik**

Eger şol bir zyýan üçin öwezini dolmak borjy önüm öndürijileriň birnäçesiniň üstüne ýüklenilýän bolsa, onda olar raýdaş bergidarlar hökmünde jogapkärçilik çekýärler.

**1091-nji madda. Saglyga ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak**

Şu Kodeksiň 1086-njy maddasyna laýyklykda, zyýanyň öwezini dolmak borjy ölüm, saglygyň bozulmagy ýa-da bedene şikes ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan zyýana hem degişli edilýär.

**1092-nji madda. Hak isleýiş wagtynyň möhleti**

1. Şu Kodeksiň 1086-njy maddasyna laýyklykda, talap boýunça hak isleýiş wagtynyň möhleti zyýanyň öweziniň dolunmagyna hukugy bolan şahsyň ýetirilen zyýan, kemçilik ýa-da zyýanyň öwezini dolmaga borçly bolan şahs barada habary bolan pursadyndan başlap üç ýyla deňdir.

2. Şu Kodeksiň 1086-njy maddasyna laýyklykda, talap öndürijiniň zyýan ýetiren önümini ýerlemek üçin goýberen pursadyndan on ýylyň geçmegi bilen üzlüşilýär.

**1093-nji madda. Jogapkärçiligiň aradan aýrylmagyna ýol bermezlik**

Pes hilli önüm öndürilendigi üçin öndürijiniň jogapkärçiligi öňünden aýrylyp ýa-da çäklendirilip bilinmez. Muňa garşy gelýän ylalaşyk hakyky däldir.

## IV BÖLEK. INTELLEKTUAL EÝEÇILIK HUKUGY

## I BÖLÜM. UMUMY DÜZGÜNLER

**1094-nji madda. Intellektual eýeçilik hukugynyň obýektleri**

1. Intellektual eýeçilik hukugynyň obýektlerine intellektual işiň netijeleri we özlerine hukuk goragy berilýän, olara deňleşdirilen indiwiduallaşdyryş serişdeleri degişlidir.

2. Şular intellektual işiň netijelerine degişlidir:

1) ylmy, edebiýat we sungat eserleri;

2) kompýuterler üçin programmalar;

3) maglumat binýatlary;

4) ýerine ýetirişler;
5) fonogrammalar, wideogrammalar;
6) radio ýa-da telewizion gepleşikleriň ýaýlymda ýa-da kabel boýunça göýberilmegi (ýaýlymda ýa-da kabelde alyp eşitdirişiň guralmagy);
7) oýlap tapyjylyk;
8) peýdaly nusgalar;
9) senagat nusgalary;
10) seleksiýanyň gazananlary;
11) integral mikroshemalaryň topologiýasy;
12) önümçilik syrlary (nou-hau);
13) intellektual işiň Türkmenistanyň kanunçylygynda we halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan halatlardaky başga netijeleri.

3. Ýuridik şahsyň indiwiduallaşdyryş serişdelerine, önümleriň, ýerine ýetirilýän işleriň ýa-da hyzmatlaryň indiwiduallaşdyryş serişdelerine şular degişlidir:
1) firma atlary;
2) haryt nyşanlary we hyzmat ediş nyşanlary;
3) harytlaryň gelip çykan ýeriniň ady;
4) täjirçilik belgileri;
5) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda beýleki indiwiduallaşdyryş serişdeleri.

**1095-nji madda. Intellektual hukuklar**

Intellektual işiň netijelerine we olara deňleşdirilen indiwiduallaşdyryş serişdelerine bolan hukuklar intellektual hukuklar diýlip ykrar edilýär. Intellektual hukuklara emläk hukugy bolup durýan aýratyn hukuk, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda bolsa, şahsy emläkleýin däl hukuklar we başga hukuklar hem (eýermek hukugy, elýeterlilik hukugy we beýlekiler) degişlidir.

**1096-njy madda. Intellektual hukuklar we eýeçilik hukugy**

1. Intellektual hukuklar, onda degişli intellektual işiň netijesi ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesi beýan edilen maddy göterijä (zada) bolan eýeçilik hukugyna bagly däldir.

2. Zada bolan eýeçilik hukugynyň geçmegi şol zatda ýüze çykýan intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan intellektual hukuklaryň geçmegine ýa-da berilmegine eltmeýär, muňa Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlar degişli däldir.

**1097-nji madda. Intellektual işiň netijesiniň awtory**

1. Döredijilik zähmeti bilen şeýle netijäni döreden şahs intellektual işiň netijesiniň awtory diýlip ykrar edilýär.

Şeýle netijäniň döredilmegine şahsy döredijilik goşandyny goşmadyk, şol sanda onuň awtoryna diňe tehniki, maslahat beriş, guramaçylyk, maddy ýardam ýa-da kömek beren ýa-da şeýle netijä bolan hukuklaryň resmileşdirilmegine ýa-da onuň ulanylmagyna ýardam eden, şeýle hem degişli işleriň ýerine ýetirilmegine gözegçiligi amala aşyran şahslar intellektual işiň netijesiniň awtory diýlip ykrar edilmeýärler.

2. Intellektual işiň netijesiniň awtoryna – awtorlyk hukugy, şu Kodeksde göz öňünde tutulan ýagdaýlarda bolsa, ada bolan hukuk we gaýry şahsy emläkleýin däl hukuklar degişlidir.

Awtoryň awtorlyk hukugy, ada bolan hukugy we gaýry şahsy emläkleýin däl hukuklary aýrybaşgalanmaýar we başga birine berilmeýär. Bu hukuklardan ýüz dönderilmegi biderekdir.

Awtorlyk we awtoryň ady möhletsiz goralýar. Awtor awtorlygyny, awtoryň adyny we eseriniň eldegrilmesizligini ölenden soň awtorlygyny we adyny goramagy onuň ýüklän islendik gyzyklanýan şahs amala aşyryp biler, muňa awtoryň wesýetini ýerine ýetirijiniň bellenilen halatlary degişli däldir.

3. Döredijilikli zähmet bilen döredilen intellektual işiň netijesine bolan aýratyn hukuk ilki bilen onuň awtorynda ýüze çykýar. Bu hukuk awtor tarapyndan şertnama boýunça başga şahsa berlip bilner, şeýle hem kanun bilen bellenilen gaýry esaslar boýunça başga şahslara geçip biler.

4. Iki ýa-da şondan köp şahsyň (şärikli awtorlyk) bilelikdäki döredijilikli zähmeti bilen döredilen intellektual işiň netijesine bolan hukuklar awtorlara bilelikde degişlidir.

## II BÖLÜM. AÝRATYN HUKUK

### 1098-nji madda. Aýratyn hukuk

1. Intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukuga eýelik edýän fiziki ýa-da ýuridik şahs (hukuk eýesi) şeýle netijäni ýa-da şeýle serişdäni kanuna garşy gelmeýän islendik usul bilen, öz garaýşyna görä ulanmaga hukuklydyr. Eger Türkmenistanyň kanunçylygy bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, hukuk eýesi intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukuga ygtyýarlyk edip biler.

Hukuk eýesi öz garaýşyna görä, başga şahslara intellektual işiň netijesini ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesini ulanmaga rugsat berip ýa-da ony gadagan edip biler. Gadaganlygyň bolmazlygy razylyk (rugsat) hasap edilmeýär.

Türkmenistanyň kanunçylygy bilen göz öňünde tutulanlardan başga halatlarda, başga şahslar hukuk eýesiniň razylygy bolmazdan, degişli intellektual işiň netijesini ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesini ulanyp bilmezler. Intellektual işiň netijesiniň ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesiniň (şol sanda olaryň Türkmenistanyň kanunçylygy bilen göz öňünde tutulan usullar bilen) ulanylmagy, eger şeýle ulanmak hukuk eýesiniň razylygy bolmazdan amala aşyrylýan bolsa, ol bikanundyr we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär. Intellektual işiň netijesiniň ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesiniň hukuk eýesine däl-de, onuň

razylygy bolmazdan başga şahslara ulanylmaga Türkmenistanyň kanunçylygynda ýol berilýän ýagdaýlary kadadan çykma bolup durýar.

2. Intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukuk bir şahsa ýa-da bilelikde birnäçe şahsa degişli bolup biler.

3. Intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukugyň bilelikde birnäçe şahslara degişli bolan halatynda, eger şu Kodeks ýa-da hukuk eýeleriniň arasyndaky ylalaşyk bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, hukuk eýeleriniň her biri şeýle netijäni ýa-da şeýle serişdäni öz garaýşyna görä ulanyp biler. Aýratyn hukuk bilelikde degişli bolan şahslaryň özara gatnaşyklary olaryň arasyndaky ylalaşyk bilen kesgitlenilýär.

**1099-njy madda. Aýratyn hukuklaryň hereket ediş möhleti**

1. Intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukuklar Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilýän möhletiň dowamynda hereket edýär.

2. Intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukugyň hereket edýän möhletiniň dowamlylygy, şol möhleti hasaplamagyň tertibi, ony uzaltmagyň esaslary we tertibi, şeýle hem aýratyn hukugyň möhleti tamamlanmazyndan öň ýatyrmagyň esaslary we tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilýär.

**1100-nji madda. Türkmenistanyň çäginde aýratyn we gaýry intellektual hukuklaryň hereketi**

1. Türkmenistanyň çäginde Türkmenistanyň kanunçylygynda we halkara şertnamalarynda bellenilen intellektual işiň netijelerine we indiwiduallaşdyryş serişdelerine bolan aýratyn hukuklar hereket edýär.

2. Intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukuk Türkmenistanyň halkara şertnamasyna laýyklykda ykrar edilen halatynda, hukugyň mazmuny, onuň hereketi, çäklendirilmeleri, ony amala aşyrmagyň we goramagyň tertibi, eger şonuň ýaly Türkmenistanyň halkara şertnamasy ýa-da kanunçylygy bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, aýratyn hukugyň ýüze çykan ýurdunyň kanunçylygynyň düzgünlerine garamazdan, Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

**1101-nji madda. Intellektual işiň netijeleriniň we indiwiduallaşdyryş serişdeleriniň döwlet belligine alnyşy**

1. Türkmenistanyň kanunçylygy bilen göz öňünde tutulan halatlarda intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukuk şeýle netijäniň ýa-da şeýle serişdäniň döwlet belligine alnan şertinde ykrar edilýär we goralýar.

2. Intellektual işiň netijesi ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesi Türkmenistanyň

kanunçylygyna laýyklykda, döwlet belligine alynmaga degişli bolan halatlarynda şeýle netijä we şeýle serişdä bolan aýratyn hukuklaryň şertnama boýunça aýrybaşgalanmagy, bu hukugyň girewi we şeýle netijäni ýa-da şeýle serişdäni ulanmaga bolan hukugyň şertnama boýunça berilmegi, şonuň ýaly-da şeýle netijä we şeýle serişdä bolan aýratyn hukugyň şertnamasyz birine geçmegi hem döwlet belligine alynmaga degişlidir, onuň tertibi we şertleri Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilýär.

3. Şu Kodeksiň 1223-nji maddasynda göz öňünde tutulandan başga ýagdaýda mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnama intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukugyň miras boýunça geçmeginiň döwlet belligine alynmagyna esas bolup durýar.

4. Türkmenistanyň kanunçylygy bilen göz öňünde tutulan halatlarda intellektual işiň netijesiniň döwlet belligine alynmagy hukuk eýesiniň islegi boýunça amala aşyrylyp bilner. Bu ýagdaýlarda intellektual işiň bellige alnan netijesi we şeýle netijä bolan hukuklar babatda şu maddanyň ikinji we üçünji bölekleriniň kadalary ulanylýar.

### 1102-nji madda. Aýratyn hukuga ygtyýarlyk etmek

1. Hukuk eýesi özüne degişli intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukuga, kanuna hem-de şeýle aýratyn hukugyň mazmunyna garşy gelmeýän islendik usul bilen, şol sanda ony şertnama boýunça başga şahsa aýrybaşgalamak (aýratyn hukugy aýrybaşgalamak hakynda şertnama) ýa-da degişlilikde intellektual işiň netijesini ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesini ulanmagyň hukugyny şertnamada bellenilen çäklerde (ygtyýarnamaly şertnama) başga şahsa geçirmek arkaly eýelik edip biler.

Ygtyýarnamaly şertnamanyň baglaşylmagy aýratyn hukugyň lisenziata geçmegine eltmeýär.

2. Intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukuga eýelik etmek hakynda şertnama, şol sanda aýratyn hukugy aýrybaşgalamak hakynda şertnamalara we ygtyýarnamaly (kömekçi ygtyýarnamaly) şertnamalara borçnamalar hakynda we şertnama hakynda umumy kadalar ulanylýar, sebäbi şu bölümiň kadalarynda başgaça bellenilmeýär we ol aýratyn hukugyň mazmunyndan we häsiýetinden gelip çykmaýar.

3. Intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukugyň doly möçberde birine berilýändigi göni görkezilmedik şertnama ygtyýarnamaly şertnama diýlip hasap edilýär, muňa çylşyrymly obýektiň hataryna goşmak üçin ýörite döredilen ýa-da döredilýän intellektual işiň netijesini ulanmagyň hukugy babatda baglaşylýan şertnama degişli däldir.

4. Aýratyn hukugy aýrybaşgalamak hakyndaky şertnamanyň ýa-da ygtyýarnamaly şertnamanyň şahsalaryň belli bir ugurdaky intellektual işiniň netijelerini ýa-da intellektual işiň anyk ugrunda netijelerini döretmäge ýa-da başga şahslara şeýle netijelere bolan aýratyn hukugyny aýrybaşgalamaga bolan hukugyny çäklendirýän şertler biderekdir.

5. Intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukugyň girewe goýulmagy hakynda şertnama baglaşylan halatynda, şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, girew goýujy şol şertnamanyň hereket edýän möhletiniň dowamynda, intellektual işiň şeýle netijesini ýa-da indiwiduallaşdyrmagyň şeýle serişdesini ulanyp hem-de girew saklaýjynyň razylygy bolmazdan şeýle netijä ýa-da şeýle serişdä bolan aýratyn hukuga ygtyýarlyk edip biler.

### 1103-nji madda. Aýratyn hukugyň başga şahslara şertnamasyz geçmegi

Intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukugyň hukuk eýesi bilen şertnama baglaşylmazdan başga şahsa geçmegine Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen halatlarda we esaslar boýunça, şol sanda hukugyň kanuna laýyklykda birine geçmegi tertibinde (miras almak, ýuridik şahsyň üýtgedilip guralmagy) we hukuk eýesiniň emlägine temmi salnan halatynda ýol berilýär.

## III BÖLÜM. YGTYÝARNAMALY ŞERTNAMA

### 1104-nji madda. Ygtyýarnamaly şertnama

1. Ygtyýarnamaly şertnama boýunça bir tarap intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukugyň eýesi (lisenziar) beýleki tarapa (lisenziata) şertnamada göz öňünde tutulan çäklerde şeýle netijäni ýa-da şeýle serişdäni ulanmaga hukuk berýär ýa-da hukuk bermäge borçlanýar.

Intellektual işiň netijesini ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesini lisenziat diňe ygtyýarnamaly şertnamada göz öňünde tutulan şeýle hukuklaryň we şeýle usullaryň çäklerinde ulanyp biler. Intellektual işiň netijesini ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesini ulanmagyň ygtyýarnamaly şertnamada göni görkezilmedik hukuk lisenziata berlen diýlip hasap edilmeýär.

2. Ygtyýarnamaly şertnamanyň baglaşylýan möhleti intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukugyň hereket edýän möhletinden ýokary bolup bilmez. Aýratyn hukuk ýatyrylan halatynda ygtyýarnamaly şertnama ýatyrylýar.

3. Ygtyýarnamaly şertnamada şertnamanyň närsesi we intellektual işiň netijesini ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesini ulanmagyň usullary göz öňünde tutulmalydyr.

4. Ygtyýarnamaly şertnamada şular göz öňünde tutulyp bilner:

1) başga şahslara ygtyýarnamalary bermek hukugyny lisenziarda galdyrmak bilen, lisenziata intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan hukugyň berilmegi – ýönekeý (aýratyn däl) ygtyýarnama;

2) başga şahslara ygtyýarnamalary bermek hukugyny lisenziarda galdyrmazdan, lisenziata intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan hukugyň berilmegi – aýratyn ygtyýarnama.

5. Eger ygtyýarnamaly şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa,

ygtyýarnama ýönekeý (aýratyn däl) diýlip çak edilýär.

### 1105-nji madda. Kömekçi ygtyýarnamaly şertnama

1. Lisenziaryň ýazmaça razylygy bolsa lisenziat şertnama boýunça intellektual işiň netijesini ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesini ulanmaga bolan hukugyny başga şahsa berip biler (kömekçi ygtyýarnamaly şertnama).

2. Kömekçi ygtyýarnamaly şertnama boýunça sublisenziata intellektual işiň netijesini ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesini ulanmaga bolan hukuklar diňe ygtyýarnamaly şertnamada lisenziat üçin göz öňünde tutulan şol hukuklaryň we ony ulanmagyň usullarynyň çäklerinde berlip bilner.

3. Ygtyýarnamaly şertnamanyň hereket edýän möhletinden ýokary möhlete baglaşylan kömekçi ygtyýarnamaly şertnama ygtyýarnamaly şertnamanyň hereket edýän möhletine baglaşylan diýlip hasap edilýär.

4. Eger ygtyýarnamaly şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, sublisenziatyň hereketi üçin lisenziaryň öňünde lisenziat jogapkärçilik çekýär.

5. Kömekçi ygtyýarnamaly şertnama babatda şu Kodeksiň ygtyýarnamaly şertnama hakyndaky kadalary ulanylýar.

### 1106-njy madda. Mejbury ygtyýarnama

Türkmenistanyň kanunçylygy bilen göz öňünde tutulan halatlarda, kazyýet gyzyklanýan şahsyň talaby boýunça, ol şahsa aýratyn hukugy başga şahsa degişli bolan, intellektual işiň netijesini ulanmaga bolan hukugyň (mejbury ygtyýarnama) berilmegi hakynda çözgüt kabul edip biler.

## IV BÖLÜM. EMLÄK HUKUKLARYNY KÖPÇÜLIKLEÝIN DOLANDYRMAK

### 1107-nji madda. Emläk hukuklaryny dolandyrmak boýunça guramalar

Hukuklaryň subýektleri emläk hukuklaryny köpçülikleýin esasda dolandyrýan guramalary döretmäge hukuklydyr. Şeýle guramalary döretmegiň tertibi we olaryň ygtyýarlyklarynyň çäkleri Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

## V BÖLÜM. INTELLEKTUAL HUKUKLARYŇ GORALMAGY

### 1108-nji madda. Intellektual hukuklaryň goralmagy bilen baglanyşykly jedeller

Bozulan ýa-da jedelleşilýän intellektual hukuklaryň goralmagy bilen baglanyşykly jedellere kazyýet tarapyndan seredilýär we çözülýär.

### 1109-njy madda. Intellektual hukuklaryň goralmagy

1. Intellektual hukuklar bozulan hukugyň düýp manysyny we şol hukugyň bozulmagynyň netijelerini hasaba almak bilen, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan usullar bilen goralýar.

2. Şu Kodeksde göz öňünde tutulan intellektual hukuklary goramagyň usullary hukuk eýeleriniň, hukuklary köpçülikleýin esasda dolandyrmak boýunça guramalaryň, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy bilen göz öňünde tutulan halatlarda başga şahslaryň talaby boýunça ulanylyp bilner.

**1110-njy madda. Aýratyn hukuklaryň goralmagy**

1. Intellektual işiň netijelerine we indiwiduallaşdyryş serişdelerine bolan aýratyn hukuklaryň goralmagy talap bildirmek arkaly amala aşyrylýar, hususan-da:

1) hukugynyň ykrar edilmegi hakynda – hukugy inkär etmegi ýa-da başgaça ykrar etmezligi bilen hukuk eýesiniň bähbitlerini bozýan şahsa;

2) hukugy bozýan ýa-da onuň bozulmagyna howp döredýän hereketleriň öňüni almak hakynda – şeýle hereketleri amala aşyrýan ýa-da olara zerur bolan taýýarlyklary görýän şahsa;

3) ýitgileriň öwezini dolmak hakynda – intellektual işiň netijesini ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesini hukuk eýesi bilen ylalaşyk baglaşmazdan (şertnamasyz peýdalanmak) bikanun ulanan, ýa-da onuň aýratyn hukugyny gaýry görnüşde bozan we oňa zyýan ýetiren şahsa;

4) esasan aýratyn hukuklaryň bozulmagyny amala aşyrmak üçin ulanylýan ýa-da niýetlenilen maddy göterijileri, enjamlary we materiallary elinden almak hakynda – ony taýýarlaýja, import edijä, saklaýja, daşaýja, satyja, gaýry ýaýradyja, ynsapsyz satyn alyja;

5) hakyky hukuk eýesini görkezmek bilen, ýol berlen düzgün bozma barada kazyýetiň çözgüdiniň çap edilmegi hakynda – aýratyn hukugy bozuja.

2. Intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukugyň bozulanlygy barada güman edilýän maddy göterijiler, enjamlar we materiallar babatda aýratyn hukuklaryň bozulandygy hakyndaky işler boýunça hak islegiň üpjün edilmegi tertibinde Türkmenistanyň iş ýörediş kanunçylygynda bellenilen üpjün ediş çäreleri kabul edilip bilner, şol sanda maddy göterijilere, enjamlara we materiallara gozgamasyz etmek çäresi ulanylyp bilner.

3. Intellektual işiň netijesiniň ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesiniň beýan edilen maddy göterijileriň ýasalmagy, ýaýradylmagy ýa-da başgaça ulanylmagy, şeýle hem import edilmegi, daşalmagy ýa-da saklanylmagy şeýle netijä ýa-da şeýle serişdä bolan aýratyn hukugyň bozulmagyna getiren halatynda, Türkmenistanyň kanunçylygy bilen başga netijeler göz öňünde tutulmadyk bolsa, şeýle maddy göterijiler kontrafakt diýlip hasap edilýär we kazyýetiň çözgüdi esasynda dolanyşykdan alynmaga we haýsydyr bir öwezlik tölegsiz ýok edilmäge degişlidir.

4. Intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesine bolan aýratyn hukugyň bozulmagy bellenilen tertipde ynsapsyz bäsdeşlik diýlip ykrar edilen halatlarynda, bozulan aýratyn hukugyň goralmagy hem şu Kodeksde, şonuň ýaly-da

Türkmenistanyň gaýry kanunçylygy bilen göz öňünde tutulan usullara laýyklykda amala aşyrylyp bilner.

**1111-nji madda. Intellektual eýeçilik babatda gatnaşyklaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi**

Intellektual eýeçiligiň çygrynda gatnaşyklaryň düzgünleşdirilmegi intellektual eýeçilik boýunça ygtyýarlandyrylan döwlet edarasy tarapyndan amala aşyrylýar.

## V BÖLEK. MIRASLYK HUKUGY

## I BÖLÜM. UMUMY DÜZGÜNLER

**1112-nji madda. Mazmuny**

1. Ölen şahsyň (miras galdyryjynyň) emläginiň beýleki şahslara (mirasdarlara) geçmegi kanun ýa-da wesýetnama boýunça, ýa-da şol esaslaryň ikisi boýunça amala aşyrylýar.

2. Kanun boýunça miras – öleniň emläginiň kanunda görkezilen adama geçmegi, eger miras galdyryjy wesýetnama goýmadyk bolsa ýa-da wesýetnama dolulygyna ýa-da bölekleýin hakyky däl diýlip ykrar edilende ulanylýar.

**1113-nji madda. Mirasdarlar**

Miraslyk boýunça şular mirasdarlar bolup bilerler:
1) kanun boýunça – miras galdyryjynyň ölen pursadyna çenli diri bolan adamlar, şeýle hem miras galdyryjynyň ölenden soň diri dogan çagalary;
2) wesýetnama boýunça – miras galdyryjynyň ölen pursadyna çenli diri bolan şahslar, şeýle hem diri wagty göwrede galan we ol ölenden soň doglan çagalary onuň özüniňki ýa-da däldigine garamazdan, şeýle hem ýuridik şahslar.

**1114-nji madda. Ýuridik şahslaryň mirasdarlar hökmünde hasap edilmegi**

Wesýetnama boýunça mirasdarlyga miras ýüze çykýan pursadyna çenli döredilen ýuridik şahslar çagyrylýar.

**1115-nji madda. Öz aralarynda biri-biri bilen nikada durmaýan adamlardan doglan çagalaryň kakasynyň mirasdary hökmünde hasap edilmegi**

Biri-biri bilen öz aralarynda nikada durmaýan adamlardan doglan çaga, eger ol babatda kanun bilen göz öňünde tutulan tertipde atalyk anyklanylan bolsa, kakasynyň mirasdary diýlip hasap edilýär. Eger şeýle çaga kakasyndan öň ölse, onuň çagalary özleriniň kakasyna degişli bolan miras paýyny talap edip bilerler.

**1116-njy madda. Mynasyp däl mirasdar**

Miras galdyryja onuň soňky erkini amal etmäge bilkastlaýyn päsgel beren we şonuň bilen ol ýa-da oňa ýakyn şahslaryň mirasdar bolmagyna ýa-da mirasda olaryň paýynyň artmagyna ýardam eden ýa-da wesýet edijiniň wesýetnamasynda beýan eden soňky erkininiň garşysyna bilkastlaýyn jenaýat eden ýa-da başga ahlaksyz etmiş eden şahs, eger şeýle ýagdaýlar kazyýet tarapyndan tassyklanylan bolsa (mynasyp däl mirasdar) kanun boýunça hem, wesýetnama boýunça hem mirasdar bolup bilmez.

**1117-nji madda. Mirasdar bolup bilmeýän ata-eneler**

Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen we miras ýüze çykan gününe çenli şol hukuklary dikeldilmedik ata-eneler kanun boýunça çagalaryň mirasdarlary bolup bilmezler. Miras galdyryjjyny saklamak boýunça üstlerine ýüklenilen borçlardan zannyýamanlyk bilen boýun gaçyran şahslar hem, eger şol ýagdaý kazyýet tarapyndan tassyklanylan bolsa, kanun boýunça mirasdarlar bolup bilmezler.

**1118-nji madda. Miras almak hukugyndan kazyýet tarapyndan mahrum edilmegi**

Mynasyp däl mirasdary miras almak hukugyndan mahrum etmek üçin esas bolan ýagdaý, mynasyp däl mirasdaryň miras edinmek hukugyndan mahrum edilmegi onuň üçin belli bir emläkleýin netijelere getirýän şahsyň hak isleýiş arzasy boýunça kazyýet tarapyndan anyklanylmalydyr.

**1119-njy madda. Mynasyp däl mirasdaryň bagyşlanmagy**

Miras almak hukugynyň ýitirilmegine getirýän hereketleri amala aşyrandygynyň üsti açylan şahs, eger miras galdyryjy, oňa garamazdan, ony bagyşlasa we özüniň bu çözgüdini wesýetnamada anyk görnüşde beýan etse, ol şahs mirasa goýberilýär. Bagyşlamagyň yzyna alynmagyna ýol berilmeýär.

**1120-nji madda. Mynasyp däl mirasdar diýlip ykrar edilen şahsyň borçlary**

Eger şahs miraslygy alandan soň kazyýet tarapyndan mynasyp däl mirasdar diýlip ykrar edilen bolsa, ol miraslyk boýunça ähli alan miweleri we girdejileri bilen yzyna gaýtaryp bermäge borçludyr.

**1121-nji madda. Şahsy mynasyp däl mirasdar diýip ykrar etmek hakynda hak islegini bildirmegiň möhleti**

Şahsy mynasyp däl mirasdar diýip ykrar etmek hakynda hak islegi gyzyklanýan şahs tarapyndan ol şahsyň mirasa eýelik etmäge girişen pursadyndan başlap, bäş

ýylyň dowamynda bildirilmelidir.

**1122-nji madda. Miraslyk hukugyndan mahrum edilen şahsyň miras paýy**

1. Miraslyk hukugyndan mahrum edilen şahsyň miras paýy mirasa çagyrylan galan mirasdarlara geçýär we olaryň arasynda deň paýlanylýar.

2. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan kada, eger miras almak hukugyndan mahrum edilen şahs mirasdar hökmünde bellenilen bolsa, ulanylmaýar.

**1123-nji madda. Miraslygyň ýüze çykmagy**

Miraslyk adamyň ölmegi ýa-da kazyýet tarapyndan ony ölen diýip yglan edilmegi netijesinde ýüze çykýar.

**1124-nji madda. Miraslygyň ýüze çykan wagty**

Miras galdyryjynyň ölen güni ýa-da kazyýetiň şahsy ölen diýip yglan etmek hakynda çözgüdiniň güýje giren güni miraslygyň ýüze çykan wagty diýlip hasap edilýär.

**1125-nji madda. Bir günde ölen şahslaryň miraslygy**

Miras almaga hukugy bolan şahslar biri-biriniň yzyndan bir günde ölen halatynda, muňa garamazdan, olaryň her birinden soň miraslyk ýüze çykýar.

**1126-njy madda. Şahsyň ölen diýlip yglan edilmeginden soň miraslygyň ýüze çykmagy**

Şu Kodeksiň 1183-nji maddasynda göz öňünde tutulan netije, eger kazyýet şol bir meňzeş ýagdaýlarda ýitmegi netijesinde birnäçe şahslary ölen diýip yglan eden halatynda hem ýüze çykýar; şunda olary ölen diýip yglan etmek hakynda kazyýetiň çözgüdiniň güýje giren wagtynyň ähmiýeti ýokdur.

**1127-nji madda. Miraslygyň ýüze çykan ýeri**

1. Miraslygyň ýüze çykan ýeri diýlip, miras galdyryjynyň ýaşaýan ýeri, eger-de ol belli bolmasa, onda miraslygyň ýerleşýän ýeri hasap edilýär.

2. Eger miraslyk dürli ýerlerde ýerleşýän bolsa, miraslygyň ýüze çykan ýeri diýlip gozgalmaýan emlägiň ýa-da onuň gymmatly böleginiň ýerleşýän ýeri hasap edilýär, eger-de gozgalmaýan emläk ýok bolsa, gozgalýan emlägiň ýa-da onuň esasy böleginiň ýerleşýän ýeri hasap edilýär.

**1128-nji madda. Daşary ýurtda wagtlaýyn ýaşaýan şahslaryň miraslygynyň ýüze çykan ýeri**

Türkmenistanyň daşary ýurtda wagtlaýyn ýaşaýan we şol ýerde ölen raýatynyň miraslygynyň ýüze çykan ýeri diýlip onuň daşary ýurda gitmezinden öň ýaşaýan ýeri hasap edilýär, eger ol näbelli bolsa, miraslygyň ýa-da onuň esasy bölegininiň ýerleşýän ýeri hasap edilýär.

**1129-njy madda. Daşary ýurtda hemişelik ýaşaýan şahslaryň miraslygynyň ýüze çykan ýeri**

Daşary ýurtda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýaty ölenden soň, onuň ýaşan ýurdy miraslygyň ýüze çykan ýeri diýlip hasap edilýär.

**1130-njy madda. Daşary ýurtda miraslygyň ýüze çykmagy**

Türkmenistanda ýaşaýan Türkmenistanyň raýaty daşary ýurt döwletindäki miraslygy şol döwletiň kanunçylygyna laýyklykda alýar.

**1131-nji madda. Miraslyk emläk**

1. Miraslyk (miraslyk emlägi) miras galdyryjynyň ölen pursadyna çenli bolan emläk hukuklarynyň (miraslyk aktiwi), şeýle hem onuň borçlarynyň (miraslyk passiwi) jemini öz içine alýar.

2. Umumy eýeçilikdäki ölene degişli bolan paý mirasa girýär, eger-de emlägi hakyky özlüginde bölmek mümkin bolmasa, onda şol emlägiň gymmaty mirasa girýär.

**1132-nji madda. Geljekki emläk**

Miras galdyryjy wesýetnama düzülen wagty heniz onda bolmadyk emlägi, eger miraslygyň ýüze çykan pursadyna çenli onuň eýeçiliginde boljak şeýle emlägi wesýetnamada göz öňünde tutup biler.

**1133-nji madda. Şahsy häsiýetli hukuklaryň we borçnamalaryň miras boýunça berilmegine ýol berilmezligi**

Şahsy häsiýeti bolan we diňe miras galdyryja degişli bolup biljek emläk hukuklary we borçnamalary, şeýle hem kreditoryň we bergidaryň diňe diri halatynda hereket edýän we olaryň ölmegi bilen bes edýän, kanun ýa-da şertnama bilen göz öňünde tutulan hukuklar we borçnamalar miraslygyň düzümine girmeýär.

**1134-nji madda. Miras galdyryjynyň emläkleýin däl hukuklarynyň goralmagy**

Miras galdyryjynyň miraslyga girmeýän emläkleýin däl hukuklary kanun bilen

göz öňünde tutulan tertipde mirasdarlar tarapyndan amala aşyrylyp we goralyp bilner.

**1135-nji madda. Wesýetnamada göz öňünde tutulan emlägi artdyrmagyň netijeleri**

Eger wesýet ediji wesýetnama düzülenden soň wesýetnamada göz öňünde tutulan gozgalmaýan emlägi şonuň ýaly emlägi edinmek bilen artdyran bolsa, wesýet edilen gozgalmaýan emläge ugurdaş bolsa hem, eger wesýetnama düzülenden soň edinilen emläk hakynda täze görkezme ýok bolsa, ol miraslyga girmeýär.

**1136-njy madda. Şärikli mirasdarlar**

Eger mirasdarlar birnäçe bolsa, mirasdarlaryň arasynda miras bölünmezden öň, ol bitewi emläk görnüşinde ähli mirasdarlara degişlidir. Şol emläkden miras galdyryja seretmek we onuň keselini bejermek, jaýlamak, mirasy goramak we dolandyrmak, zähmet hakyny bermek, wesýetnamany ýerine ýetirmek boýunça zerur çykdajylar geçirilip bilner. Şol talaplar beýleki ähli talaplardan, şol sanda ipoteka ýa-da başga girew bilen üpjün edilenlerden öňde tutulyp, mirasyň gymmatyndan kanagatlandyrylmalydyr.

**1137-nji madda. Mirasdan zady yzyna talap edip almak hukugy**

1. Eger wesýet ediji mirasdara zady nädogry goýan bolsa, onuň eýesi zady umumy tertipde yzyna talap edip almaga hukuklydyr.

2. Eger öleniň emläginde başga bir şahsyň zady görünmän galan bolsa, emlägiň şol bölegini ýüze çykarmak hem-de ony degişli şahsa bermek hökmanydyr.

## II BÖLÜM. KANUN BOÝUNÇA MIRAS EDINMEK

**1138-nji madda. Kanun boýunça mirasdarlar**

1. Kanun boýunça miras edinilende deň paýa hukugy bolan mirasdarlar bolup durýar:

birinji nobatda – çagalar (şol sanda perzentlige alnanlar), äri (aýaly) we öleniň ata-enesi (perzentlige alyjylar), şeýle hem öleniň ol ölenden soň doglan çagasy;

ikinji nobatda – öleniň doganlary we uýalary, onuň atasy we enesi, babasy we mamasy.

2. Perzentlige alnan we onuň nesli, ata-enesi we ata-babalaryna barýan ugur boýunça beýleki ganybir garyndaşlary, şeýle hem gandüşer uýalary we doganlary ölenden soň miras almaýarlar.

Perzentlige alnanyň ata-enesi we onuň ata-babalaryna barýan ugur boýunça ganybir garyndaşlary, şeýle hem onuň gandüşer uýalary we doganlary perzentlige alnan we onuň nesli ölenden soň miras almaýarlar.

3. Agtyklar, çowluklar we ýuwluklar, eger miraslyk ýüze çykan wagtyna çenli,

miras galdyryjynyň mirasdarlary bolmaly ata-eneleri diri bolmasa, kanun boýunça mirasdarlar hasaplanylýar hem-de kanun boýunça miraslyk edinilende olaryň ölen ata-enelerine degişli bolup biljek paýa deň derejede miras alýarlar.

Agtyklar, çowluklar we ýuwluklar, eger olaryň ata-eneleri mirasy almakdan ýüz dönderen bolsalar, mirasdar bolup bilmezler.

**1139-njy madda. Kanun boýunça miras edinmekde nobatlylyk**

Öňki nobatdaky mirasdarlardan hatda biriniň bolmagy, soňky nobatyň miras edinmegini aradan aýyrýar.

**1140-njy madda. Miras edinilende zähmete ukypsyz adamlaryň hukuklary**

Miras galdyryjynyň eklenjinde bolan we özlerini özbaşdak ekläp bilmeýän zähmete ukypsyz adamlar, eger olar wesýetnamada görkezilmedik bolsalar, eklenmek üçin mirasdan alimentleri talap etmäge hukuklydyrlar. Eklenmek görnüşinde tölenmäge degişli pul möçberi mirasyň möçberini hasaba almak bilen azaldylyp bilner.

**1141-nji madda. Miras edinilende nikasyny bozan är-aýalyň ýagdaýy**

Nikasyny bozan är-aýal biri-biriniň yzyndan mirasdar bolup bilmezler.

**1142-nji madda. Nika bozulanda miras edinmek hukugyndan mahrum edilmegi**

Eger miras galdyryjy bilen nika miras ýüze çykmazyndan azyndan üç ýyl öň hakykatda bes edilen bolsa we är-aýal aýratyn ýaşan bolsalar, kazyýetiň çözgüdi bilen äri (aýaly) kanun boýunça miras edinmek hukugyndan mahrum edilip bilner.

**1143-nji madda. Nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi netijesinde miras edinmek hukugynyň ýitirilmegi**

Eger nikany hakyky däl diýip ykrar etmäge esaslar bolanda we miras galdyryjy tarapyndan hak isleýiş arzasy berlen bolsa, öleniň yzynda galan äri (aýaly) miras edinmek hukugyny ýitirýär.

**1144-nji madda. Mirasdarlary bolmadyk emlägiň gazna geçmegi**

1. Eger hem kanun boýunça, hem wesýetnama boýunça mirasdarlar ýok bolsa ýa-da olaryň hiç biri mirasy almadyk bolsa ýa-da ähli mirasdarlar miras edinmek hukugyndan mahrum edilen bolsalar, mirasdarlary bolmadyk emläk gazna geçýär; eger miras galdyryjy gartaşan adamlar we maýyplygy bolan adamlar üçin öý-internatlarynyň, kesel bejeriş, terbiýeçilik edaralarynyň we durmuş taýdan hyzmat

edýän edaralaryň saklamagynda bolan bolsa, onda miras şol edaralaryň eýeçiligine geçýär.

2. Mirasdarlary bolmadyk emläk jemgyýetiň aksiýalary görnüşinde ýa-da kooperatiwdäki gatanjy paý görnüşinde bolsa, eger kanunda başgaça göz öňünde tutulmadyk halatynda, olara geçýär.

3. Şu maddanyň birinji böleginde beýan edilen halatlar kazyýet tarapyndan kesgitlenilýär.

## III BÖLÜM. WESÝETNAMA BOÝUNÇA MIRAS EDINMEK

### 1145-nji madda. Mazmuny

Fiziki şahs ölüm ätiýajy üçin özüniň emlägini ýa-da onuň bir bölegini mirasdarlaryň toparyndan, şeýle hem keseki şahslaryň birine ýa-da birnäçesine galdyryp biler.

### 1146-njy madda. Wesýet ediji bolup biljek adam

Kämillik ýaşyna ýeten kämillik ukyby bolan, wesýetnama düzülen pursadynda öz hereketlerine paýhasly baha berip bilýän we öz erkini aýdyň beýan etmegi başarýan adam wesýet ediji bolup biler.

### 1147-nji madda. Wesýetnamanyň wesýet edijiniň şahsy özi tarapyndan düzülmegi

Wesýetnamany wesýet edijiniň şahsy özi düzmelidir. Wesýetnamanyň wekiliň üsti bilen düzülmegine ýol berilmeýär.

### 1148-nji madda. Bilelikdäki wesýetnama

Wesýetnama miras galdyryjynyň biriniň görkezmesinden ybarat bolmalydyr. Wesýetnamanyň iki ýa-da şondan köp adamlar tarapyndan bilelikde düzülmegine ýol berilmeýär. Diňe är-aýal özara miras edinmek hakynda bilelikdäki wesýetnamany düzüp biler, ol är-aýalyň ikisi hem dirikä, olaryň biriniň talaby boýunça ýatyrylyp bilner.

### 1149-njy madda. Wesýet ediji tarapyndan paýyň kesgitlenilmegi

1. Wesýet ediji wesýetnamada mirasdan wesýetnama bilen bellenilen mirasdarlaryň paýyny belläp ýa-da mirasdarlaryň haýsy birine haýsy emlägiň geçjekdigini anyk görkezip biler. Eger wesýetnamada şonuň ýaly görkezme ýok bolsa, miras mirasdarlaryň arasynda deň bölünýär.

2. Eger wesýetnama bilen birnäçe mirasdarlar bellenilen bolsa, ýöne onda diňe bir mirasdaryň paýy kesgitlenilen bolsa, galan mirasdarlar galan emlägi deň paýda

alýarlar.

**1150-nji madda. Wesýetnama boýunça mirasdarlaryň arasynda mirasyň paýlanylmagy**

Eger wesýetnama bilen birnäçe mirasdarlar bellenilen we mirasdarlaryň birine bellenilen paý özüne ähli mirasy jemleýän bolsa, wesýetnama boýunça ähli mirasdarlar deň paý almalydyrlar.

**1151-nji madda. Wesýetnamadan daşary galan emlägiň miras edinilmegi**

Eger wesýetnama boýunça bellenilen mirasdarlaryň paýy tutuşlygyna ähli mirasy ýapmaýan bolsa, wesýetnamadan daşary galan emläge kanun boýunça miraslyk amala aşyrylýar, eger wesýetnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ol emlägiň galan bölegine wesýet edilen kanun boýunça mirasdarlar hem degişlidir.

**1152-nji madda. Wesýetnama boýunça mirasdarlaryň arasynda paýlaryň deňeçer artmagy**

Eger diňe wesýetnama boýunça bellenilen mirasdarlar bar bolsa, eger her bir mirasdara wesýetnama boýunça öz paýy bellenilen, emma ählisiniň paýyny bilelikde alanyňda mirasy dolulygyna ýapmaýan bolsa, olaryň paýy deňeçer artýar.

**1153-nji madda. Paý kesgitlenilende üçünji şahsyň gatnaşmagyna ýol berilmezligi**

Wesýet ediji mirasdan paýy we haýsy möçberde kimiň almalydygyny kesgitlemegi başga bir şahsa tabşyryp bilmez.

**1154-nji madda. Mirasdarlary anyk bellemegiň mümkin däldigi**

Eger wesýet ediji mirasdaryň şahsyýetini birnäçe şahslara gabat gelip biljek sypatlar esasynda kesgitlän bolsa we wesýet edijiniň olaryň haýsy birini göz öňünde tutandygyny kesgitlemek mümkin bolmasa, olaryň hemmesi deň paýa hukugy bolan mirasdarlar diýlip hasap edilýär.

**1155-nji madda. Wesýetnama boýunça miras edinmek hukugyndan mahrum etmek**

1. Wesýet ediji kanun boýunça mirasdarlaryň birini, birnäçesini ýa-da ählisini wesýetnama boýunça mirasdan mahrum edip biler we ony esaslandyrmaga borçly däldir.
2. Wesýetnamada göni görkezmek bilen mirasdan mahrum edilen şahs, emlägiň wesýetnama girmedik bölegine, şeýle hem wesýetnama boýunça mirasdarlar mirasy

kabul etmekden ýüz dönderen halatynda, kanun boýunça hem mirasdar bolup bilmez.

### 1156-njy madda. Miras edinmäge hukugyň saklanylmagy

Wesýetnamada görkezilmedik kanun boýunça mirasdarlaryň mirasyň wesýetnama degişli däl bölegine bolan hukugy saklanyp galýar; şeýle hem olar, eger miraslygyň ýüze çykan pursadyna wesýetnama boýunça mirasdarlaryň hiç biri diri bolmadyk ýa-da mirasy kabul etmekden olaryň hemmesiniň ýüz dönderen halatynda, wesýetnamada göz öňünde tutulan emlägi almaga hukuklydyr.

### 1157-nji madda. Kanun boýunça miras edinilmegine ýol berilmezligi

Eger wesýetnama bilen ähli miras emlägi wesýetnama boýunça mirasdarlaryň arasynda paýlanylan bolsa, emma mirasyň ýüze çykan wagtynda mirasdarlaryň biri diri bolmasa, kanun boýunça miras edinmek ýüze çykmaýar we onuň emläk paýy wesýetnama boýunça beýleki mirasdarlaryň arasynda deň paýlanylýar.

## IV BÖLÜM. WESÝETNAMANYŇ GÖRNÜŞI

### 1158-nji madda. Notarial görnüş

1. Wesýetnama ýazmaça görnüşde düzülen bolmalydyr. Şunda ýazmaça wesýetnama notarial görnüşde ýa-da şonsuz ýol berilýär.
2. Notarial görnüş wesýetnamanyň wesýet ediji tarapyndan düzülmegini we gol çekilmegini notarius tarapyndan ýa-da notarial işini amala aşyrmaga degişli ygtyýarly wezipeli adamlaryň tassyklamagyny talap edýär.

### 1159-njy madda. Notarius tarapyndan wesýetnamanyň ýazylmagy

1. Iki sany şaýadyň gatnaşmagynda wesýet edijiniň dilinden wesýetnamany ýazmaga notariusa ýol berilýär. Wesýetnama ýazylanda umumy kabul edilen tehniki serişdeler ulanylyp bilner.
2. Notarius tarapyndan wesýet edijiniň dilinden ýazylan wesýetnamany wesýet ediji notariusyň we şaýatlaryň gatnaşmagynda okamalydyr we gol çekmelidir.

### 1160-njy madda. Wesýetnama tassyklanylanda notariusa deňleşdirilen ygtyýarly wezipeli adamlar

Wesýetnama tassyklananda şular notariusa deňeşdirilýär:
1) hassahanalaryň, ýatymlaýyn şertlerde lukmançylyk kömegini edýän beýleki döwlet saglygy goraýyş edaralarynyň baş lukmanlary, olaryň lukmançylyk bölümi boýunça orunbasarlary ýa-da nobatçy lukmanlary, gartaşan adamlar we maýyplygy bolan adamlar üçin öý-internatlarynyň müdirleri we baş lukmanlary, eger wesýet ediji şol edarada bejerişde bolýan ýa-da ýaşaýan bolsa;

2) Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzýän deňiz (howa) gämileriniň ýa-da içerki suwlarynda ýüzüşi (howada uçuşy) amala aşyrýan gämileriň kapitanlary (serkerdeleri), eger wesýet ediji ýüzüş ýa-da uçuş wagtynda şol gämide bolsa;

3) gözleg we şolar ýaly beýleki ekspedisiýalaryň başlyklary, eger wesýet ediji şol ekspedisiýalarda bolsa;

4) harby hassahanalaryň, harby-bejeriş edaralaryň we harby-lukmançylyk bölümleriň serkerdeleri (müdirleri), olaryň lukmançylyk bölümi boýunça orunbasarlary, uly we nobatçy lukmanlary, eger wesýet ediji şol edarada bejerişde bolýan bolsa;

5) notariuslaryň we ygtyýarly wezipeli adamlaryň ýok ýerlerinde ýerleşýän harby bölümleriň, birikmeleriň, harby edaralaryň serkerdeleri (müdirleri) we harby okuw mekdepleriniň rektorlary (müdirleri), eger wesýet ediji şol edaralarda harby gullukçy, işgär ýa-da olaryň maşgala agzasy bolsa;

6) içeri işler edaralarynyň Ýörite dikeldiş merkeziniň, wagtlaýyn saklaw gabawhanasynyň, derňew gabawhanasynyň we düzediş edaralarynyň başlyklary, eger wesýet ediji şol edarada bolýan bolsa.

**1161-nji madda. Wesýetnama başga şahs tarapyndan gol çekilmegi**

Eger wesýet edijiniň özi haýsydyr bir sebäbe görä wesýetnama gol çekip bilmeýän bolsa, onuň haýyşy boýunça wesýet edijiniň özüniň, notariusyň (degişli ygtyýarly wezipeli adamyň) gatnaşmagynda başga bir şahs gol çekip biler. Şunda wesýet edijiniň näme sebäplere görä wesýetnama gol çekip bilmändigi görkezilmelidir.

**1162-nji madda. Ker-lal we kör şahsyň wesýetnamasy**

1. Eger wesýet ediji ker-lal ýa-da ol ker-lal we sowatsyz bolsa, ol wesýetnamalaýyn görkezmesini notariusda (degişli ygtyýarly wezipeli adama) iki sany şaýadyň we işiň özenini oňa düşündirmegi başarýan hem-de öz goly bilen wesýetnamanyň mazmunynyň wesýet edijiniň erkine laýyk gelýändigini tassyklaýan ýene-de bir adamyň gatnaşmagynda etmelidir.

2. Wesýet ediji kör ýa-da ol kör we sowatsyz bolsa, notariusa (degişli ygtyýarly wezipeli adama) wesýetnamalaýyn görkezmesini üç sany şaýadyň gatnaşmagynda bermelidir, bu barada degişli ýazgy edilip, oňa okap berilmelidir.

3. Ýazýan we okap berýän şaýat bolup biler, ýöne ýazýan okap beriji bolmaly däldir.

4. Ýazgyda ýazgyny kimiň edendigi we ony kimiň okap berendigi görkezilen bolmalydyr. Ýazgy şaýatlar tarapyndan gol çekilen we notarius (degişli ygtyýarly wezipeli adam) tarapyndan tassyklanylan bolmalydyr.

**1163-nji madda. Wesýet etmegiň şaýatlary**

Kämillik ýaşyna ýetmedikler, kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen şahslar, wesýetnama boýunça mirasdarlar we olaryň ata-babalaryna barýan we ata-babalaryndan gaýdýan ugur boýunça garyndaşlary, uýalary, doganlary, äri-aýaly we wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi kabul ediji (legatoriý) wesýetnamanyň şaýatlary bolup bilmezler.

### 1164-nji madda. Wesýetnamanyň syry

Notarius, wesýetnamany tassyklaýan beýleki şahs, şaýat, şeýle hem wesýet edijä derek wesýetnama gol çeken şahslar miras ýüze çykýança wesýetnamanyň mazmunyna, onuň düzülişine, üýtgedilişine ýa-da ýatyrylyşyna dahylly maglumatlary aýan etmäge hukukly däldir.

### 1165-nji madda. Öýde edilýän wesýetnama

Wesýet ediji öz eli bilen wesýetnamany ýazyp we oňa gol çekip biler.

### 1166-njy madda. Wesýetnamanyň notariusda saklanylmagy

1. Wesýet ediji öz eli bilen ýazan we gol çeken wesýetnamasyny agzy ýapylan bukjada notariusa (degişli ygtyýarly wezipeli adama) üç şaýadyň gatnaşmagynda gowşuryp biler, bu barada bukjanyň ýüzünde onuň goly bilen tassyklanylýar.
2. Wesýetnamanyň şeýle görnüşiniň saklanylmagy notariusda (degişli ygtyýarly wezipeli adamda) onuň resmi deponirlenmegi bilen üpjün edilmelidir.

### 1167-nji madda. Wesýetnamanyň tehniki serişdeleri ulanmak bilen düzülmegi

Wesýetnamanyň beýany umumy kabul edilen tehniki serişdäniň kömegi bilen beýan edilip bilner, emma goly wesýet edijiniň özi goýmalydyr. Şeýle ýagdaýda wesýetnama wesýet ediji tarapyndan iki şaýadyň gatnaşmagynda düzülmelidir we gol çekilmelidir, olar wesýetnamanyň özleriniň gatnaşmagynda tehniki serişde ulanylyp düzülendigini tassyklaýarlar. Şaýatlar tarapyndan wesýetnamanyň tassyklanmagy wesýet ediji tarapyndan oňa gol çekilenden soň haýal etmän şaýatlaryň atlaryny, familiýalaryny we ýaşaýan ýerlerini görkezmek bilen, wesýet edijiniň we şaýatlaryň gatnaşmagynda degişli ýazgy etmek arkaly geçirilmelidir.

### 1168-nji madda. Ýapyk wesýetnama

1. Wesýet edijiniň islegine görä, şaýatlar wesýetnamany onuň mazmuny bilen tanyşmazdan (ýapyk wesýetnama) tassyklamalydyrlar. Şeýle ýagdaýda şaýatlar wesýetnama düzülende gatnaşmalydyrlar.
2. Ýapyk wesýetnama tassyklanylanda şaýatlar wesýetnamanyň wesýet edijiniň şahsy özi tarapyndan olaryň gatnaşmagynda düzülendigini, emma onuň mazmunynyň

özlerine nämälimdigini görkezmelidirler.

### 1169-njy madda. Wesýetnamanyň düzülen senesi

Wesýetnamada onuň düzülen senesi görkezilmelidir. Diňe wesýetnamanyň düzülen, üýtgedilen ýa-da ýatyrylan wagtynda wesýet edijiniň kämillik ukyby baradaky şübhelenmäniň aradan aýrylmadyk halatynda, şeýle hem birnäçe wesýetnamanyň bolan ýagdaýynda, senäniň bolmazlygy wesýetnamanyň hakyky däldigine eltýär.

### 1170-nji madda. Gyzyklanýan şahslary wesýetnamanyň mazmuny bilen tanyşdyrmak

Wesýet ediji ölenden soň, notarius gün belleýär we gyzyklanýan şahslary wesýetnamanyň mazmuny bilen tanyşdyrýar, bu barada degişli teswirnama düzülmelidir. Eger wesýetnama goýlan bukja möhürlenen bolsa, möhüriň bitewüligi teswirnamada bellenilmelidir.

## V BÖLÜM. BAŞGA MIRASDARY BELLEMEK

### 1171-nji madda. Ätiýaçlyk mirasdar

1. Wesýet ediji, eger onuň bellän mirasdarynyň miras ýüze çykýança ölen ýa-da mirasy kabul etmedik ýa-da miras hukugyndan mahrum edilen ýagdaýynda, wesýetnamada başga mirasdary (ätiýaçdaky mirasdary) bellemäge hukuklydyr.
2. Wesýetnama boýunça mirasdaryň mirasdan mirasdaryň ýerine bellenilen şahsyň peýdasyna ýüz döndermegine ýol berilmeýär.
3. Şu Kodeksiň 1113-1115-nji maddalaryna laýyklykda, mirasdar bolup bilýän islendik şahs ätiýaçdaky mirasdar bolup biler.

## VI BÖLÜM. HÖKMANY PAÝ

### 1172-nji madda. Düşünje

Miras galdyryjynyň çagalaryna, onuň ata-enesine we ärine (aýalyna) wesýetnamanyň mazmunyna garamazdan kanun boýunça miras edinmekde (hökmany paý) olara degişli paýyň ýarysyny düzmeli bolan hökmany paý degişlidir.

### 1173-nji madda. Hökmany paýy talap etmek hukugynyň ýüze çykýan pursady

Hökmany paýy talap etmäge bolan hukuk miras ýüze çykan pursadyndan ýüze çykýar. Şonuň ýaly talaba bolan hukuk miras boýunça geçýär.

**1174-nji madda. Hökmany paýyň möçberini kesgitlemek**

Hökmany paýyň doly möçberi wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi ýa-da umumy ähmiýetli maksatlaryň hereketini ýerine ýetirmek üçin göz öňünde tutulan emlägi goşmak bilen ähli mirasdan kesgitlenilýär.

**1175-nji madda. Mirasdarlaryň her biriniň hökmany paýyny kesgitlemek**

Mirasdarlaryň her biriniň hökmany paýy kesgitlenilende, eger-de wesýetnama bolmadyk bolsa, kanun boýunça mirasy kabul etmäge çagyrylmaly bolan ähli mirasdarlar hasaba alynmalydyr. Wesýetnama boýunça mirasdarlar nazara alynmaýar.

**1176-njy madda. Alnan emlägi hökmany paýa goşmak**

Hökmany paýy almaga hukugy bolan şahs miras galdyryjydan onuň diri wagtynda ondan alan ähli zadyny hökmany paýa goşmaga degişlidigini görkezmek bilen, ony hökmany paýa goşmaga borçludyr.

**1177-nji madda. Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişden ýüz döndermegiň netijeleri**

Hökmany paýy almaga hukugy bolan we şol bir wagtyň özünde wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi (legat) almaly bolup durýan şahs, eger wesýetnamalaýyn ýüz dönderişden ýüz dönderse, hökmany paýy talap edip biler. Eger ol wesýetnamalaýyn ýüz dönderişden ýüz döndermese, onda wesýetnamalaýyn ýüz dönderişiň gymmatynyň çäklerinde hökmany paýy edinmäge hukugyny ýitirýär.

**1178-nji madda. Wesýetnama bilen göz öňünde tutulmadyk emläkden hökmany paýyň bölünip berilmegi**

Eger wesýetnama bilen ähli miras emläk göz öňünde tutulmadyk bolsa, hökmany paý, birinji nobatda, wesýetnama tarapyndan göz öňünde tutulmadyk emläkden bölünip berilýär, eger ol ýeterlikli bolmasa, wesýetnamada göz öňünde tutulan emlägiň hasabyna üsti ýetirilýär.

**1179-njy madda. Hökmany paýyň sowgat berlen zadyň hasabyna artdyrylmagy**

Eger miras galdyryjy zady üçünji şahsa sowgat beren bolsa, onda hökmany paýa hukugy bolan şahs, eger sowgat berlen zat mirasa girýän bolsa, onuň hökmany paýynyň artýan möçberinde paýyň üstüniň dolunmagyny talap edip biler. Eger sowgat berlenden soň miras ýüze çykýan pursadyna çenli on ýyl geçen bolsa, sowgat hasaba alynmaýar.

### 1180-nji madda. Paýyň üstüniň dolunmagyny talap etmek hukugy

Eger hökmany paý almaga hukugy bolan şahsa onuň kanun boýunça miraslyk edinilende alyp bilýän paýynyň ýarsyndan az bolan emläk wesýet edilen bolsa, ol özüniň wesýetnama boýunça alan paýynyň kanun boýunça miraslyk edinilende alyp bilýän paýynyň ýarysyndan az bolan bölegini talap edip biler.

### 1181-nji madda. Hökmany paýy almakdan ýüz döndermek

1. Hökmany paýy almaga hukugy bolan mirasdar ony kabul etmekden ýüz dönderip biler, emma munuň özi beýleki şärikli mirasdarlaryň hökmany paýynyň artmagyna eltmeýär. Onuň paýy wesýetnama boýunça mirasdarlara geçýär.
2. Hökmany paýy kabul etmek ýa-da ondan ýüz döndermek mirasy kabul etmek ýa-da ondan ýüz döndermek üçin bellenilen wagtyň dowamynda geçirilmelidir.

### 1182-nji madda. Hökmany paýy kabul etmek hukugyndan mahrum etmek

1. Hökmany paýa bolan hukukdan mahrum etmek, umuman, mirasa bolan hukukdan mahrum etmäge eltýän ýagdaýlaryň barlygynda mümkindir.
2. Hökmany paýy kabul etmäge bolan hukukdan mahrum etmek miras galdyryjy tarapyndan heniz diri wagtynda kazyýete ýüz tutmak arkaly geçirilip bilner.
3. Hökmany paýy kabul etmek hukugyndan mahrum etmek hakynda kazyýet tarapyndan çykarylan çözgüt miras ýüze çykan pursadyndan hereket edýär. Şonuň ýaly netije miras galdyryjynyň heniz diri wagtynda kazyýete ýüz tutan, ýöne çözgüt ol ölenden soň kabul edilende hem gelip çykýar.

### 1183-nji madda. Hökmany paýyň wesýetnama boýunça mirasdarlara geçmegi

Hökmany paýy kabul etmek hukugyndan mahrum edilen mirasdaryň paýy wesýetnama boýunça mirasdarlara geçýär.

## VII BÖLÜM. WESÝETNAMALAÝYN ÝÜZ DÖNDERIŞ

### 1184-nji madda. Düşünje

Wesýet ediji mirasyň hasabyna bir ýa-da birnäçe şahslaryň peýdasyna haýsydyr bir borçnamany (wesýetnamalaýyn ýüz dönderiş – legat) ýerine ýetirmegi mirasdaryň üstüne ýükläp biler.

### 1185-nji madda. Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişiň närsesi

Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi alyja (legatoriýa) miras galan emläge girýän

zatlara eýeçilik, peýdalanmak ýa-da beýleki emläk hukuklary bilen geçirmek, oňa mirasa girmeýän emlägi edinmek we başga birine geçirmek, kesgitli bir işi ýerine ýetirmek, hyzmatlary we başgalary etmek wesýetnamadan ýüz dönderişiň närsesi bolup biler.

**1186-njy madda. Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişiň esasynda ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak**

Wesýet ediji ýaşaýyş jaýy, öý ýa-da başga ýaşaýyş jaýy geçýän mirasdaryň üstüne miras ýüze çykýança azyndan bir ýyl miras galdyryjy bilen bilelikde ýaşan adama jaýdan ýa-da onuň kesgitlenen böleginden ömürlik peýdalanmak hukugyny bermegi ýüklemäge hukuklydyr. Soňra ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugy geçende, ömürlik peýdalanmak güýjüni saklaýar.

**1187-nji madda. Ýaşaýyş jaýyndan ömürlik peýdalanmak hukugynyň aýrybaşgalanmazlygy**

1. Ýaşaýyş jaýyny ömürlik peýdalanmak hukugy aýrybaşgalanmasyzdyr we ol wesýetnamalaýyn ýüz dönderiş alanyň mirasdarlaryna geçmeýär.
2. Ýaşaýyş jaýyndan ömürlik peýdalanmak hukugy, eger wesýetnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, şol jaýda wesýetnamalaýyn ýüz dönderiş alanyň maşgala agzalarynyň ýaşamagy üçin esas bolup durmaýar.

**1188-nji madda. Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi ýerine ýetirmegiň çäkleri**

Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi ýerine ýetirmek üstüne ýüklenilen mirasdar wesýet edilen mirasyň hakyky bahasynyň çäklerinde ondan miras galdyryjynyň bergilerinden tölemegi oňa düşen bölegi aýyrmak bilen ýerine ýetirmelidir.

**1189-njy madda. Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişiň beýleki mirasdarlar tarapyndan ýerine ýetirilmegi**

Eger wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi ýerine ýetirmek tabşyrylan mirasdar miras ýüze çykmazdan öň ölen ýa-da ol mirasdan ýüz dönderen bolsa, eger wesýetnamadan başgaça gelip çykmaýan bolsa, wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi ýerine ýetirmek onuň paýyny alan beýleki mirasdarlara geçýär.

**1190-njy madda. Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi ýerine ýetirmegiň bes edilmegi**

Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi ýerine ýetirmek üstüne ýüklenilen mirasdar ölen halatynda, eger onuň gatnaşmazlygynda ýerine ýetiriş mümkin däl bolsa, wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi ýerine ýetirmek borjy bes edilýär.

**1191-nji madda. Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi mirasdaky paýa barabarlykda ýerine ýetirmek**

Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi ýerine ýetirmek mirasdarlaryň birnäçesine ýüklenilende, eger wesýetnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, olaryň her biri ony özüniň mirasdaky paýyna barabarlykda ýerine ýetirýär.

**1192-nji madda. Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi ýerine ýetirmegiň möhleti**

Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi kabul ediji miras ýüze çykan gününden başlap hasaplanylýan hak isleýşiň üç ýyllyk wagt möhletiniň çäklerinde wesýetnamalaýyn ýüz dönderişiň ýerine ýetirilmegini talap etmäge hukuklydyr.

**1193-nji madda. Hökmany paý kabul edilende wesýetnamalaýyn ýüz dönderiş**

Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi ýerine ýetirmek üstüne ýüklenilen mirasdaryň hökmany paýy almaga hem hukugy bar bolsa, ol wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi diňe wesýet edilen emlägiň hökmany paýdan artyk böleginiň çäklerinde ýerine ýetirýär.

**1194-nji madda. Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi kabul edijiniň jogapkärçiligi**

Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi kabul ediji miras galdyryjynyň bergileri üçin jogapkärçilik çekmeýär.

**1195-nji madda. Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişden ýüz döndermek**

Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi kabul ediji wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi kabul etmekden ýüz döndermäge hukuklydyr. Şu ýagdaýda mirasyň degişli paýy wesýetnamalaýyn ýüz dönderiş üstüne ýükleniljek mirasdara galýar.

**1196-njy madda. Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi ýerine ýetirmekden boşatmak**

Eger wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi kabul ediji ony kabul etmekden ýüz dönderýän bolsa, wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi ýerine ýetirmek üstüne ýüklenilen mirasdar ony ýerine ýetirmek borjundan boşadylýar.

**1197-nji madda. Wesýetnamalaýyn ýüz dönderişiň mirasdarlara geçmegi**

Eger wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi kabul ediji miras ýüze çykandan soň ölse, ýöne wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi kabul etmäge razylyk bermäge ýetişmedik

bolsa, bu ýüz dönderişi almaga bolan hukuk onuň mirasdarlaryna geçýär, olar onuň ýerine wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi kabul edýärler.

### 1198-nji madda. Umumy peýdaly maksatlar üçin wesýetnamalaýyn ýüz dönderiş

1. Wesýet ediji mirasdara umumy peýdaly maksatlar üçin emläk häsiýetli, şeýle hem emläkleýin däl häsiýetli haýsydyr bir hereketleri ýerine ýetirmegi tabşyryp biler.
2. Eger tabşyrylan hereket emläge dahylly bolsa, wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi düzgünleşdirýän kadalar ulanylýar.
3. Wesýetnama bilen umumy peýdaly maksatlar üçin haýsydyr bir hereketleri ýerine ýetirmek tabşyrylan mirasdar ölen halatynda, bu borçnamanyň ýerine ýetirilmegi mirasy kabul eden beýleki mirasdarlara geçýär.
4. Mirasdardan oňa tabşyrylan hereketleri ýerine ýetirmegi kazyýetiň üsti bilen wesýetnamany ýerine ýetiriji, eger ol ýok bolsa islendik mirasdar, şeýle hem gyzyklanýan jemgyýetçilik birleşikleri we dini guramalar, gazna, döwlet edaralary ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary talap edip bilerler.

## VIII BÖLÜM. WESÝETNAMANY ÜÝTGETMEK ÝA-DA ÝATYRMAK

### 1199-njy madda. Wesýetnamany üýtgetmegiň ýa-da ýatyrmagyň mümkinçilikleri

Wesýet ediji wesýetnamany islän wagty üýtgedip ýa-da ýatyryp biler:
1) ozalky wesýetnamanyň ýa-da onuň täze wesýetnama garşy gelýän bölegini göni ýatyrýan täze wesýetnamanyň düzülmegi bilen;
2) notarial edara arza bermek bilen.

### 1200-nji madda. Ýatyrylan wesýetnamanyň dikeldilmegine ýol berilmezligi

Soňky düzülen wesýetnama bilen ýatyrylan wesýetnama, eger arza bermek arkaly soňky wesýetnama ýatyrylan halatynda hem dikeldilip bilinmez.

### 1201-nji madda. Birnäçe wesýetnamalar

Eger wesýet ediji birnäçe wesýetnamalary düzen bolsa, ýöne olar biri-biriniň üstüni doldurýan we biri-birini dolulygyna çalşyrmaýan bolsa, ähli wesýetnamalar güýjüni saklaýar. Soňky wesýetnama bilen onuň görkezmeleriniň üýtgedilmändigi üçin öňki wesýetnama öz güýjüni saklaýar.

### 1202-nji madda. Notarial wesýetnamanyň ileri tutulmagy

1. Eger bir şahs birnäçe wesýetnamalary düzüp, olaryň diňe biri notarial görnüşde düzülen bolsa, notarial görnüşde düzülen wesýetnama ileri tutulýar.

2. Notarial wesýetnama başga görnüşli wesýetnama bilen ýatyrylyp bilinmez.

**1203-nji madda. Wesýetnamany güýjüni ýitiren diýip ykrar etmegiň esaslary**

Wesýetnama güýjüni ýitirýär, eger:
1) peýdasyna wesýetnama düzülen şahs wesýet edijiden öň ölen bolsa;
2) wesýet edilen emläk wesýet ediji diri wagtynda ýitirilen ýa-da özi eýeçiliginden aýrybaşgalan bolsa;
3) ýeke-täk mirasdar mirasy kabul etmekden ýüz dönderen bolsa.

**1204-nji madda. Wesýetnamanyň hakyky däldigi**

1. Umuman geleşikleriň hakyky däldigine eltýän ýagdaýlaryň barlygynda wesýetnama hakyky däl diýlip ykrar edilýär.
2. Kanuna ýa-da jemgyýetçilik bähbitlerine garşy gelýän wesýetnamalaýyn görkezmeler, şeýle hem düşnüksiz ýa-da biri-birine garşy gelýän şertler hakyky däldir.
3. Eger wesýetnama kanun bilen bellenilen kadalaryň bozulmagy, şeýle hem şahsyň öz hereketiniň ähmiýetine düşünmedik we ony gönükdirip bilmedik ýagdaýynda düzülen bolsa, ol kazyýet tarapyndan hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

**1205-nji madda. Käbir wesýetnamalaýyn görkezmeleriň hakyky däldigi**

1. Mirasda bolmadyk zady miras edinmäge çagyrýan wesýetnamanyň esasyndaky görkezme hakyky däldir.
2. Eger miras emläginde bolmadyk pul möçberi kimdir birine wesýet edilende, wesýetnamanyň şonuň ýaly görkezmesi hakyky däldir.
3. Mirasdaryň mirasy kesgitli döwre ýa-da miras galdyryjynyň ölen gününden däl-de, eýsem, soňra aljakdygy hakyndaky, şeýle hem mirasdar ölenden soň mirasyň geçmeli şahsyny görkezmek hakyndaky wesýetnamanyň görkezmesi hakyky däldir.

**1206-njy madda. Wesýetnamalaýyn görkezmäni ýerine ýetirmegiň mümkin däldigi sebäpli onuň hakyky däldigi**

Mirasdaryň saglyk ýagdaýy boýunça ýa-da beýleki obýektiw sebäplere görä ýerine ýetirip bolmaýan wesýetnamanyň görkezmesi mirasdaryň hak isleýiş arzasy boýunça kazyýet tarapyndan hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

**1207-nji madda. Wesýetnamalaýyn görkezmeleriň biriniň hakyky däldiginiň netijeleri**

Eger wesýetnamalaýyn görkezmeleriň birnäçesinden biri hakyky däl ýa-da

güýjüni ýitiren bolsa we miras galdyryjy başga görkezmeleri galdyrmadyk bolsa, wesýetnamanyň beýleki görkezmeleri güýjünde galýar.

**1208-nji madda. Wesýetnamanyň hakyky däldigi halatynda mirasyň kabul edilmegi**

Wesýetnama hakyky däl diýlip ykrar edilen halatynda, şol wesýetnama bilen miras edinmek hukugyndan mahrum edilen mirasdar umumy esaslarda mirasy almaga hukuklydyr.

**1209-njy madda. Wesýetnamanyň hakykylygyny jedelleşmek**

Wesýetnamanyň hakykylygy kanun boýunça mirasdarlar we başga gyzyklanýan şahslar tarapyndan geleşigiň hakyky däldigine eltýän ýagdaýlar boýunça kazyýetde jedelleşilip bilner.

**1210-njy madda. Hak isleýiş wagt möhleti**

1. Wesýetnamany güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek hakyndaky hak islegi miras ýüze çykan gününden iki ýylyň dowamynda bildirilip bilner.
2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen hak isleýiş wagt möhleti wesýet edijiniň mirasdara kesekiniň emlägini özüniňki hökmünde ýalňyş wesýet edende, emläk eýesiniň hak isleýiş arzasyna degişli edilmeýär.

## IX BÖLÜM. WESÝETNAMANYŇ ÝERINE ÝETIRILIŞI

**1211-nji madda. Wesýetnamany ýerine ýetirýän subýektler**

Wesýetnamada görkezmäniň bolmadyk halatynda, onuň ýerine ýetirilmegi wesýetnama boýunça mirasdarlaryň üstüne ýüklenilýär. Mirasdarlar özara ylalaşmak boýunça wesýetnamany ýerine ýetirmegi olaryň birine ýa-da başga bir şahsa ynanyp bilerler.

**1212-nji madda. Wesýetnamany ýerine ýetirijini bellemek**

Wesýetnamalaýyn görkezmeleri anyk ýerine ýetirmek maksady bilen, wesýet ediji wesýetnama boýunça mirasdarlaryň hataryndan wesýetnamany ýerine ýetirijileriň birini ýa-da birnäçesini, şonuň ýaly mirasdar bolmadyk başga bir şahsy wesýetnama bilen belläp biler. Soňraky ýagdaýda wesýetnamany ýerine ýetirijiniň razylygy zerurdyr, ol razylygyny wesýetnamanyň özünde ýa-da wesýetnama goşulýan arzadaky ýazgyda beýan etmelidir.

**1213-nji madda. Wesýetnamany ýerine ýetirmekden ýüz döndermek**

Wesýetnamany ýerine ýetiriji özüne wesýet ediji tarapyndan ýüklenilen borçdan islendik wagt ýüz döndermäge hukuklydyr, bu barada ol wesýetnama boýunça mirasdarlara deslapdan duýdurmalydyr.

**1214-nji madda. Wesýetnamany ýerine ýetirijiniň üçünji şahs tarapyndan bellenilmegi**

Wesýet ediji wesýetnamany ýerine ýetirijini bellemegi üçünji şahsa tabşyryp biler, ol miras ýüze çykandan soň haýal etmän wesýetnamany ýerine ýetirijini bellemelidir we bu barada mirasdarlara habar bermelidir. Ol bu tabşyrygy ýerine ýetirmekden ýüz dönderip biler, şeýle hem bu barada mirasdarlara haýal etmän habar bermelidir.

**1215-nji madda. Wesýetnamany dolulygyna ýa-da bölekleýin ýerine ýetirmek**

Wesýetnamany ýerine ýetirijä wesýetnamany dolulygyna ýa-da onuň görkezmeleriniň käbirlerini ýerine ýetirmek tabşyrylyp bilner.

**1216-njy madda. Mirasy goramak we dolandyrmak**

Miras ýüze çykan pursadyndan başlap, wesýetnamany ýerine ýetiriji mirasy goramaga we dolandyrmaga girişmelidir; ol wesýetnamany ýerine ýetirmek üçin zerur bolan ähli hereketleri ýerine ýetirmäge ygtyýarlydyr. Şol ygtyýarlaryň çäginde mirasdarlar mirasy dolandyrmak hukugyny ýitirýärler.

**1217-nji madda. Mirasy birnäçe ýerine ýetirijiler tarapyndan goramak we dolandyrmak**

Eger wesýetnamany ýerine ýetiriji birnäçe bolsa, özbaşdak hereketlere diňe mirasy goramak maksatlarynda ýol berilýär, başga ýagdaýlarda olaryň arasynda ylalaşyk zerurdyr.

**1218-nji madda. Wesýetnamany ýerine ýetirmek boýunça çykdajylaryň öwezini dolmak**

1. Wesýetnamany ýerine ýetiriji öz borçlaryny tölegsiz ýerine ýetirýär, ýöne wesýetnamada şonuň ýaly göz öňünde tutulan bolsa, hak hem alyp biler.
2. Wesýetnamany ýerine ýetirijiniň emlägi saklamak we dolandyrmak boýunça edilen zerur çykdajylaryň öwezini mirasdan dolmaga hukugy bardyr.
3. Mirasdar bolup durmaýan wesýetnamany ýerine ýetiriji beýleki çykdajylary mirasdan geçirmäge hukukly däldir, muňa Kodeksiň 1228-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlar girmeýär.

### 1219-njy madda. Ýerine ýetirijiniň hasabaty

Wesýetnama ýerine ýetirilenden soň, mirasdarlaryň talaby boýunça wesýetnamany ýerine ýetiriji öz işi hakynda olara hasabat bermelidir. Wesýetnamany ýerine ýetiriji ähli mirasdarlar tarapyndan miraslyk kabul edilýänçä öz wezipelerini ýerine ýetirýär.

### 1220-nji madda. Wesýetnamany ýerine ýetirijini çetleşdirmek

Ýerine ýetiriji tarapyndan öz borçlary ýerine ýetirilende gyzyklanýan şahs wesýetnamany ýerine ýetirijini çetleşdirmek talaby bilen kazyýete ýüz tutup biler.

### 1221-nji madda. Wesýetnamany ýerine ýetirijiniň jogapkärçiligi

Eger wesýetnamany ýerine ýetiriji wesýetnama bilen öz üstüne ýüklenilen borçlary ýerine ýetirmekden bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlygy boýunça çyksa we şonuň bilen mirasdarlara zyýan ýetiren bolsa, ol bu zyýan üçin jogapkärçilik çekmelidir.

## X BÖLÜM. MIRASY KABUL ETMEK WE ONY KABUL ETMEKDEN ÝÜZ DÖNDERMEK

### 1222-nji madda. Mirasy kabul etmek

1. Mirasdar kanun boýunça ýa-da wesýetnama boýunça mirasdar bolsa-da, mirasy kabul edýär.

2. Mirasyň ýüze çykan ýeri boýunça notariusa mirasdar tarapyndan mirasy kabul etmek hakynda arza berlende miras kabul edilen diýlip hasap edilýär ýa-da hakykatdan emläge eýelik etmäge ýa-da dolandyrmaga girişmegi onuň mirasy kabul edendigine jedelsiz şaýatlyk edýär.

3. Eger mirasdar mirasyň bir bölegine eýelik etmäge hakykatdan girişen bolsa, ol nähili beýan edilen we ol nirede bolsa-da, ol mirasy dolulygyna kabul eden diýlip hasap edilýär.

4. Eger mirasdarlaryň biri mirasdan paýy almakdan beýleki mirasdaryň peýdasyna ýüz dönderýän bolsa, şeýle hereket mirasyň kabul edilmegi diýlip hasap edilýär.

### 1223-nji madda. Mirasyň kämillik ukyby ýok adam tarapyndan kabul edilmegi

Mirasy kämillik ukyby bolan şahs kabul edip biler. Kämillik ukyby ýok we kämillik ukyby çäklendirilen şahslar mirasy diňe öz kanuny wekilleriniň üsti bilen kabul edýärler.

**1224-nji madda. Mirasy wekiliň üsti bilen kabul etmek**

Mirasdar mirasy hut özi ýa-da wekiliniň üsti bilen kabul edip biler.

**1225-nji madda. Mirasy kabul etmegiň möhleti**

Mirasyň ýüze çykan gününden başlap alty aýyň dowamynda miras kabul edilmelidir.

**1226-njy madda. Mirasy kabul etmegiň ýörite möhleti**

Eger mirasy kabul etmek hukugy beýleki mirasdarlaryň mirasy kabul etmedik ýagdaýynda ýüze çykan bolsa, mirasy kabul etmek üçin bellenilen möhletden galan wagtyň dowamynda miras kabul edilmelidir, eger-de bu wagt üç aýdan az bolsa, ol üç aýa çenli uzaldylýar.

**1227-nji madda. Mirasy kabul etmegiň möhletini uzaltmak**

1. Mirasy kabul etmek üçin bellenilen möhlet, eger ol möhletiň geçirilmegini esasly diýip ykrar etse, kazyýet tarapyndan uzaldylyp bilner. Möhlet geçse-de, eger oňa mirasy kabul edýän galan mirasdarlaryň ählisi razy bolsa, kazyýete ýüz tutmazdan hem miras kabul edilip bilner.

2. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýda mirasy kabul etmegiň möhletini geçiren mirasdara beýleki mirasdarlar tarapyndan alnan ýa-da döwletiň eýeçiligine geçen emläkden näme galan bolsa, hakyky özlügi görnüşinde onuň paýy berilýär; şeýle hem degişli emlägiň galan böleginiň jemi bahasy oňa berilýär.

**1228-nji madda. Mirasa ygtyýar etmäge ýol berilmezligi**

Beýleki mirasdarlaryň gelmegine garaşmadyk we emläge eýelik etmäge ýa-da dolandyrmaga girişen mirasdar, miras ýüze çykan gününden başlap, alty aý dolýança ýa-da mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnama alýança, mirasa ygtyýar etmäge hukukly däldir, muňa miras galdyryja seretmek, onuň ýarawsyzlyk wagty keselini bejermek we jaýlamak, miras galdyryjynyň eklenjinde bolan şahslary saklamak, zähmet hakyny tölemek, emlägi goramak we dolandyrmak boýunça çykdajylar girmeýär.

**1229-njy madda. Hak islegi bildirilýänçä alnan girdejilere bolan hukuk**

Eger wesýetnamanyň bardygyny bilmedik kanun boýunça mirasdar mirasa eýelik etmäge girişse, wesýetnama boýunça mirasdar bolsa wesýetnamanyň hakyky däldigini bilmedik bolsa ýa-da eger kanun boýunça we wesýetnama boýunça mirasdarlar kanun boýunça has golaý beýleki mirasdarlaryň bardygyny ýa-da başga

wesýetnamanyň bardygyny bilmedik bolsa, hak isleg bildirilýänçä mirasdan alnan girdeji olaryň özünde galýar; şeýle hem olar özleriniň mirasa goýan ähli maýasyny talap etmäge hukuklydyr.

### 1230-njy madda. Mirasdan käbir zatlary aýrybaşgalamagyň netijeleri

Eger mirasa girýän zatlar jedel gozgalýança satylan bolsa, satyn almak-satmak hakyky diýlip hasap edilýär we güýjünde galýar, zatlary satmakdan alnan puluň möçberi bolsa, hakyky mirasdara berilýär.

### 1231-nji madda. Mirasyň geçmegi (transmissiýa)

Eger mirasdar miras açylandan soň, ýöne mirasy kabul etmänkä ölen bolsa, mirasdan paýyny almak hukugy onuň mirasdarlaryna geçýär. Ölen mirasdaryň mirasdarlary mirasy kabul etmegiň möhletiniň soňuna çenli galan wagtyň dowamynda mirasy kabul etmelidirler. Eger-de bu möhlet üç aýdan az bolsa, ol üç aýa çenli uzaldylmalydyr.

### 1232-nji madda. Mirasyň geçmegi boýunça mirasy kabul etmezligiň netijeleri

1. Mirasyň geçmegi boýunça mirasy kabul etmezlik ölen mirasdara göni degişli bolan mirasy almak mümkinçiliginden mirasdary mahrum etmeýär.
2. Mirasyň geçmegi boýunça alynmaly emläkden ýüz dönderilende, emläk ölen mirasdarlar bilen bilelikde mirasy almaga degişli bolan şahslara geçýär.

### 1233-nji madda. Mirasyň ýazgysyny geçirmek

Mirasdar mirasyň ýazgysynyň geçirilmegini talap etmäge hukuklydyr, onuň üçin iki aý möhlet bellenilýär, ol mirasy kabul etmek üçin umumy möhlete girýär.

### 1234-nji madda. Mirasa eýeçiligiň ýüze çykmagy

Kabul edilen miras mirasyň ýüze çykan gününden başlap, mirasdaryň eýeçiligi diýlip hasap edilýär.

### 1235-nji madda. Mirasy kabul etmekden ýüz döndermegiň möhleti

Mirasdar miras edinmäge özüniň degişlidigini bilen ýa-da bilmeli wagtyndan başlap, mirasy kabul etmekden dört aýyň dowamynda ýüz dönderip biler. Esasly sebäbiň barlygynda şol möhlet kazyýet tarapyndan iki aýdan köp bolmadyk möhlete uzaldylyp bilner. Mirasy kabul etmekden ýüz döndermek notarial edarada resmileşdirilmelidir.

**1236-njy madda. Mirasy bölekleýin kabul etmäge ýa-da ondan ýüz döndermäge ýol bermezlik**

1. Haýsydyr bir şert bilen ýa-da haýsydyr bir möhlete mirasy bölekleýin kabul etmäge ýa-da ondan ýüz döndermäge ýol berilmeýär.
2. Eger mirasdar mirasyň bir böleginden ýüz dönderýän ýa-da haýsydyr bir şerti goýýan bolsa, ol mirasdan ýüz dönderen diýlip hasap edilýär.

**1237-nji madda. Oba hojalyk maksatly ýeri kabul etmekden mirasdaryň ýüz döndermegi**

Oba hojalygy bilen meşgullanmaýan mirasdar ýeri, enjamlary, oba hojalyk maksatly zähmet gurallaryny we mallary kabul etmekden ýüz dönderip biler, emma bu, umuman, mirasy kabul etmekden ýüz döndermek diýlip hasap edilmeýär.

**1238-nji madda. Mirasdan birnäçe paýyň kabul edilmegi**

Eger dürli esaslar boýunça mirasdara birnäçe miras paýy degişli bolsa, ol bir paýy kabul edip we beýlekisinden ýa-da ähli paýlardan ýüz dönderip biler.

**1239-njy madda. Mirasyň bir böleginden ýüz döndermek**

Mirasdar mirasyň beýleki bölegine garamazdan, mirasyň artdyryş hukugy boýunça özüne degişli böleginden ýüz döndermäge hukuklydyr.

**1240-njy madda. Beýleki şahslaryň peýdasyna ýüz döndermek**

Mirasdar kanun boýunça ýa-da wesýetnama boýunça mirasdarlaryň hatarynda bolan beýleki şahslaryň peýdasyna mirasy kabul etmekden ýüz dönderip biler. Mynasyp däl diýlip ykrar edilen ýa-da wesýetnamanyň göni görkezmegi bilen miras edinmek hukugyndan mahrum edilen şahsyň peýdasyna mirasdan ýüz döndermek ýol berilmesizdir. Şeýle ýüz döndermä galan mirasdarlar tarapyndan kazyýete şikaýat edilip bilner.

**1241-nji madda. Mirasdan ýüz dönderilende paýyň artmagy**

Eger mirasdar mirasy kabul etmekden ýüz dönderip, emma ol kimiň peýdasyna ýüz dönderendigini mälim etmese, onuň paýy kanun boýunça mirasdarlaryň degişli miras paýyna goşulýar, emma eger-de ähli miras wesýetnama bilen paýlanylan bolsa, onda şol paý wesýetnama boýunça mirasdarlaryň paýyna goşulýar we eger wesýetnama bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, olaryň arasynda özleriniň paýlaryna barabarlykda paýlanylýar.

**1242-nji madda. Ýeke-täk mirasdaryň mirasdan ýüz döndermegi**

Eger mirasdan ýüz dönderen mirasdar şol nobatyň mirasdarlarynyň arasynda ýeke-täk mirasdar bolsa, miras indiki nobatdaky mirasdarlara geçýär.

**1243-nji madda. Birnäçe mirasdaryň peýdasyna ýüz döndermek**

Eger mirasdar birnäçe mirasdaryň peýdasyna mirasy kabul etmekden ýüz dönderýän bolsa, ol olaryň her biriniň paýyny görkezip biler. Şonuň ýaly görkezmäniň ýoklugynda onuň paýy olaryň peýdasyna ýüz dönderme beýan edilen mirasy kabul eden mirasdarlaryň arasynda deň bölünýär.

**1244-nji madda. Agtyklaryň peýdasyna mirasdan ýüz döndermek**

Mirasdan agtygyň peýdasyna ýüz döndermäge, eger mirasyň ýüze çykan gününe çenli miras galdyryjynyň mirasdary bolmaly onuň ata-enesi diri bolmasa ýa-da agtyk wesýetnama boýunça mirasdar bolsa, ýol berilýär.

**1245-nji madda. Gaznanyň mirasy kabul etmekden ýüz döndermegine ýol bermezlik**

Gazna özüne geçen mirasy kabul etmekden ýüz döndermäge hukukly däldir.

**1246-njy madda. Notarial edara arza berlenden soň mirasdan ýüz dönderilmegine ýol bermezlik**

Mirasdar mirasyň ýüze çykan ýerindäki notariusa mirasy kabul etmek hakynda ýa-da miras hakynda şahadatnamany almak hakynda arzany berenden soň, mirasdan ýüz dönderilmegine ýol berilmeýär.

**1247-nji madda. Mirasdan ýüz döndermegiň yzyna gaýtarylmazlygy**

1. Mirasy kabul etmekden ýüz döndermek hakynda mirasdaryň arzasy yzyna gaýtarylmasyzdyr.
2. Eger mirasdar kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen şahs bolsa, mirasdan ýüz döndermeklige kazyýetiň rugsat bermegi bilen ýol berilýär.

**1248-nji madda. Eýelik etmäge hakyky girişilende mirasdan ýüz döndermek**

Mirasa eýelik etmäge ýa-da dolandyrmaga hakyky girişen mirasdar mirasy kabul etmek üçin bellenilen wagtyň dowamynda mirasy kabul etmekden ýüz dönderip biler, bu barada ol notariusa ýa-da degişli ygtyýarly wezipeli adama arza bilen ýüzlenmelidir.

**1249-njy madda. Ýüz döndermäge bolan hukugyň miras boýunça geçmegi**

1. Mirasdan ýüz döndermäge bolan hukuk miras boýunça geçýär.
2. Eger mirasdar mirasy kabul etmekden ýüz döndermek üçin bellenilen möhlet geçmänkä ölen bolsa, onda mirasdar ölenden soňky galan möhlet dolýança şol möhlet tamamlanmaýar.
3. Ölen mirasdaryň birnäçe mirasdarynyň her biri diňe özüniň miras paýyndan ýüz dönderip biler.

**1250-nji madda. Wekiliň üsti bilen mirasy kabul etmekden ýüz döndermek**

Eger tabşyrykda (ynanç hatynda) ýüz döndermäge ygtyýarlyk ýörite göz öňünde tutulan bolsa, onda wekiliň üsti bilen mirasdan ýüz döndermek mümkindir.

**1251-nji madda. Ýüz döndermegi jedelleşmegiň möhleti**

Mirasy kabul etmek ýa-da mirasdan ýüz döndermek, gyzyklanýan şahsyň munuň üçin degişli esasyň bardygyny bilen gününden başlap, iki aýyň dowamynda jedelleşilip bilner.

**1252-nji madda. Mirasy kabul etmegiň hukuk netijeleriniň başlanýan wagty**

Mirasy kabul etmekden ýa-da kabul etmekden ýüz döndermegiň hukuk netijeleri mirasyň ýüze çykan pursadyndan başlanýar.

## XI BÖLÜM. MIRASY BÖLMEK

**1253-nji madda. Mazmuny**

Mirasy bölmek mirasy kabul edýän mirasdarlaryň ylalaşmagy boýunça, kanun ýa-da wesýetnama boýunça olaryň her biriniň paýyna laýyklykda geçirilýär.

**1254-nji madda. Miras galdyryjy tarapyndan mirasy bölmegiň tertibiniň kesgitlenmegi**

Miras galdyryjy wesýetnama bilen mirasy bölmegiň tertibini kesgitläp biler, hususan-da, mirasy bölmegi üçünji şahsa ynanyp biler. Üçünji şahsyň çözgüdi, eger ol açyk adalatsyz bolsa, mirasdarlar üçin hökmany däldir. Şeýle ýagdaýda mirasy bölmek kazyýetiň çözgüdi boýunça geçirilýär.

**1255-nji madda. Mirasdan paýyň hakyky özlüginde bölünip berilmegi**

Her bir mirasdar öz paýynyň gozgalýan, şeýle hem gozgalmaýan emläkden

hakyky özlügi görnüşinde bölünip berilmegini talap edip biler, eger şonuň ýaly bölmek mümkin ýa-da kanun bilen gadagan edilmedik bolsa.

**1256-njy madda. Sowgadyň mirasdaryň paýyna goşulyp hasaplanylmagy**

Miras bölünende her bir mirasdaryň paýyna miras ýüze çykmazdan öňki bäş ýylyň dowamynda onuň miras galdyryjydan sowgat hökmünde alan emläginiň gymmaty goşulyp hasaplanylýar.

**1257-nji madda. Şärikli mirasdarlaryň ylalaşmagy boýunça mirasyň satylmagy**

Şärikleri mirasdarlaryň ylalaşmagy boýunça ähli mirasyň satylmagyna we puluň mirasdarlaryň arasynda olaryň paýyna laýyklykda paýlanylmagyna ýol berilýär.

**1258-nji madda. Mirasyň şärikli mirasdaryň birine geçmegi**

Şärikli mirasdarlaryň ylalaşmagy bilen, mirasyň hemmesiniň şärikli mirasdaryň birine geçmegi mümkindir, ol öz gezeginde beýleki şärikli mirasdaşlara degişli öwezlik tölegini tölemäge borçludyr.

**1259-njy madda. Mirasy bölmegiň togtadylmagy**

Şärikli mirasdaşlar mirasy bölmegiň kesgitlenen wagta togtadylmagyny özara ylalaşyp bilerler.

**1260-njy madda. Bölünmeýän emläge paý eýeçiligi**

Emläk bölünende hojalyk maksadynyň ýitirilmegine ýa-da gowşamagyna getirýän bolsa, eger mirasy kabul edýän ähli mirasdarlaryň ylalaşmagy bilen başgaça bellenmedik bolsa, ol bölünmäge degişli däldir we degişlilikde olaryň paýlaryna laýyklykda mirasdarlaryň umumy eýeçiligi bolup durýar.

**1261-nji madda. Oba hojalyk maksatly ýerleri mirasdarlaryň arasynda bölmek**

1. Eger daýhan hojalygy ýerleşýän oba hojalyk maksatly ýeriň eýesi ony wesýetnama boýunça birnäçe mirasdara goýsa ýa-da wesýetnama goýulmadyk bolsa we kanun boýunça birnäçe mirasdar bar bolsa, eger bölünmegi netijesinde mirasdarlaryň her birine bölünip berlen ýer bölegi hojalygyň durmuşa ukyplylygyny üpjün edýän bolsa, daýhan hojalygy ýerleşen oba hojalyk maksatly ýer mirasdarlaryň arasynda bölünip bilner.

2. Ýer bölegini bölmäge diňe, eger hojalygy mirasdarlaryň özleri ýöretmekçi bolan halatynda ýol berilýär. Eger mirasdarlaryň hiç biri hojalygy ýöretmek

islemeýän bolsa, olaryň ylalaşmagy bilen ýer, onda ýerleşýän hojalyk bilen satylyp bilner we mirasdarlar öz paýyny pul görnüşinde alyp bilerler.

### 1262-nji madda. Oba hojalyk maksatly ýeriň bölünmegine ýol bermezlik

Eger oba hojalyk maksatly ýeri bölmek mümkin bolmasa, ýer daýhan hojalygynda ýaşaýan we miras galdyryjy bilen birlikde hojalygy ýöreden mirasdara berilmelidir; eger şeýle mirasdar ýok bolsa, hojalygy ýöretmäge ukyply we islegi bolana berilmelidir.

### 1263-nji madda. Paýyň öwezlik tölegi

Ýer bölegini alyp bilmeýän mirasdar beýleki emläkden degişli paýy alar, eger beýleki emläk ýeterlikli bolmasa, bellenilen tertipde degişli öwezlik tölegini alar.

### 1264-nji madda. Miras bölünende göwredäki mirasdaryň paýy

1. Eger mirasdar enesiniň göwresinde düwlen, ýöne heniz dogulmadyk bolsa, bölmek diňe şeýle mirasdar doglandan soň mümkindir.

2. Eger enesiniň göwresinde düwlen, emma heniz dogulmadyk çaga diri dogulsa, galan mirasdarlar mirasy bölmäge diňe oňa degişli paýy bölüp bermek bilen hukuklydyr. Täze doglan çaganyň bähbitlerini goramak maksady bilen, bölmäge gatnaşmak üçin onuň wekilleri çagyrylmalydyr.

### 1265-nji madda. Bergi borçnamalarynyň mirasdarlaryň birine ýüklenmegi

Şärikli mirasdarlaryň ylalaşmagy boýunça bergi borçnamalarynyň ählisini doly tölemegi mirasdarlaryň piriniň üstüne ýüklemäge ýol berilýär, onuň ýerine oňa mirasdan berilýän paý degişlilikde artdyrylyp berilýär.

### 1266-njy madda. Paýy almagy üpjün etmek borçnamasy

Her bir şärikli mirasdar beýleki şärikli mirasdarlaryň degişli paýyny almagyny üpjün etmäge borçludyr. Şärikli mirasdaş bölmegiň netijesinde talap etmek hukugyny edinse, beýleki şärikli mirasdarlar bölmek pursadynda degişlilikde öz paýlaryna görä bergidaryň töleg ukyplylygyna ýardam etmelidirler, eger şeýle borçnamany ýerine ýetirmegiň möhleti başlanmadyk bolsa, borçnamany ýerine ýetirýän pursadynda ýardam etmelidirler.

### 1267-nji madda. Paýyň barabarlykda azaldylmagy

Eger wesýetnama bilen kesgitlenilen paýlaryň jemi ähli mirasdan artyk bolsa, her bir mirasdaryň paýy barabarlykda azaldylýar.

**1268-nji madda. Emläk bölünende jedellere seretmek**

Miras bölünende şärikli mirasdarlaryň arasynda ylalaşyk bolmadyk halatynda jedele kazyýet tarapyndan seredilýär, ol emläk bölünende bölünmäge degişli emlägiň häsiýetini, mirasdarlaryň her biriniň işini we başga anyk ýagdaýlary göz öňünde tutmalydyr.

**1269-njy madda. Paýlara ygtyýar etmek hukugy**

1. Her bir şärikli mirasdar mirasdaky öz paýyna ygtyýar edip biler. Şärikli mirasdarlaryň biriniň öz paýyna ygtyýar edýän şertnamasy notarius tarapyndan tassyklanmalydyr.

2. Şärikli mirasdar öz paýynyň aýratyn närselerine ygtyýar edip bilmez.

3. Şärikli mirasdar öz paýyna ygtyýar edende beýleki şärikli mirasdarlar satyn almakda artykmaçlyk hukuga eýedirler. Satyn almakda artykmaçlyk hukuk iki aýyň dowamynda amala aşyrylmalydyr. Bu hukuk miras boýunça geçýär.

**1270-nji madda. Satyn almakda artykmaçlyk hukugyň bes edilmegi**

Şärikli mirasdara paýy berlenden soň satyn almakda artykmaçlyk hukuk bes edilýär.

**1271-nji madda. Paý aýrybaşgalananda kreditorlary kanagatlandyrmak**

Paý aýrybaşgalanyp edinijä geçen halatynda, edinilen paýyň degişli möçberinde kreditoryň talabyny kanagatlandyrmak borjy oňa geçýär.

**1272-nji madda. Paýy deňlemek**

Mirasy edinmäge degişli mirasdarlar öz paýlaryny deňlemek üçin, öz aralarynda miras bölünmänkä miras galdyryjy heniz dirikä ondan ata-enäniň emläginiň bölegi görnüşinde alan ähli zadyny, eger miras galdyryjy tarapyndan başgaça bellenmedik bolsa, mirasa goşmaga borçludyrlar.

**1273-nji madda. Nesliň çykyp gitmeginiň netijeleri**

Eger miras ýüze çykýança ýa-da ol ýüze çykandan soň paýy deňlemäge borçly bolan mirasdar hökmünde nesil çykyp gitse, paýy deňlemek borjy onuň paýyny almaly bolan mirasdaryň üstüne ýüklenilýär.

**1274-nji madda. Deňlemede aýratyn goýumyň hasaby**

Maşgala hojalygynda öz zähmeti, miras galdyryjynyň hünär we täjirçilik işine gatnaşmak bilen, öz tarapyndan ep-esli çykdajy edip ýa-da başga usul bilen miras

galdyryjynyň emlägini saklamaga we artdyrmaga aýratyn goşant goşan nesil (ata-babalardan gaýdýan ugur boýunça garyndaş) miras galdyryjynyň emlägi bölünende onuň bilen bilelikde kanun boýunça mirasdarlar hasaplanýan we miras talap edýän garyndaşlar bilen deňlemegi talap etmäge hukuklydyr.

### 1275-nji madda. Deňlemegi talap etmäge ýol bermezlik

Eger garyndaş hyzmatlary üçin hak alan bolsa ýa-da hak öňünden bellenilen bolsa, ýa-da garyndaş bitirilen hyzmatlar esasynda beýleki hukuk esaslary boýunça haýsydyr bir talap bildirmekçi bolan halatynda, deňlemek talabyna orun bolup bilmez.

### 1276-njy madda. Adalatly paýlamagy talap etmek

1. Deňlemek bitirilen hyzmatlara we mirasyň möçberine degişlilikde adalatly bolmalydyr.
2. Emläk bölünende deňlemegiň möçberi mirasyň umumy möçberinden hasaplanyp aýrylýar we deňlemegi talap etmäge hukugy bolan şärikli mirasdaryň paýyna goşulýar.

### 1277-nji madda. Mirasdaryň bolýan ýerini anyklamak borjy

Eger mirasdarlaryň arasynda bolýan ýeri näbelli şahslar bar bolsa, beýleki mirasdarlar olaryň bolýan ýerini anyklamaga paýhasly çäreleri görmäge we mirasa çagyrmaga borçludyrlar.

### 1278-nji madda. Mirasdaryň gelmezliginiň netijeleri

1. Eger miras edinmäge degişli mirasdar ýerinde bolmasa, emma onuň bolýan ýeri anyklanylan bolsa, üç aýyň dowamynda mirasdan ýüz döndermese, beýleki mirasdarlar mirasy bölmek barada özleriniň meýlini oňa habar bermäge borçludyrlar.
2. Eger şeýle mirasdar habar berlenden soň üç aýyň dowamynda emlägi bölmek hakyndaky ylalaşyga gatnaşmak islegi barada beýleki mirasdarlara habar bermese, beýleki mirasdarlar özara ylalaşmak boýunça emlägi bölmäge we ýerinde bolmaýan mirasdaryň paýyny bölüp aýyrmaga hukuklydyrlar.
3. Eger miras ýüze çykandan soň alty aýyň dowamynda mirasdaryň bolýan ýeri anyk bolmasa we mirasy kabul etmekden ýüz dönderýändigi barada ondan maglumatlar ýok bolsa, galan mirasdarlar emlägi şu maddanyň ikinji böleginde bellenilen tertipde bölmäge hukuklydyrlar.

### 1279-njy madda. Artykmaçlyk hukugy

Emläge umumy eýeçilikde miras galdyryjy bilen bilelikde hukugy bolan mirasdarlar umumy eýeçilige girýän emläge artykmaçlyk hukukdan peýdalanýarlar.

**1280-nji madda. Ýaşaýyş jaýyny almaga artykmaçlyk hukugy**

Miras ýüze çykýança miras galdyryjy bilen azyndan bir ýyl bilelikde ýaşan mirasdar emläk bölünende mirasdan ýaşaýyş jaýyny, öýi ýa-da gaýry ýaşalýan jaýy, şeýle hem öý goş närselerini almaga artykmaçlyk hukukdan peýdalanýar.

**1281-nji madda. Mirasdarlaryň emläk bähbitlerini hasaba almak**

Artykmaçlyk hukugy amala aşyrylanda mirasy bölmäge gatnaşýan beýleki mirasdarlaryň emläkleýin hukuklary göz öňünde tutulmalydyr. Eger emläk özlerine degişli paýy almak üçin ýeterlikli bolmasa, artykmaçlyk hukugyny amala aşyrýan mirasdarlar olara degişli pul ýa-da emläk bilen öwezlik tölegini tölemelidirler.

**1282-nji madda. Öwezlik töleginiň yza süýşürilmegi**

Artykmaçlyk hukugyny amala aşyrýan mirasdarlaryň talaby boýunça, öwezlik töleginiň möçberini nazara alyp, ony on ýyldan köp bolmadyk möhlete çenli yza süýşürmäge kazyýetiň hukugy bardyr.

## XII BÖLÜM. MIRASDARLAR TARAPYNDAN KREDITORLARYŇ KANAGATLANDYRYLMAGY

**1283-nji madda. Mirasdarlaryň kreditorlaryň öňündäki jogapkärçiligi**

1. Mirasdarlar miras galdyryjynyň kreditorlarynyň bähbitlerini dolulygyna kanagatlandyrmaga borçludyrlar, emma munuň özi her biriniň alan paýyna barabarlykda bolmalydyr.

2. Eger miras galdyryjy mirasdarlara geçen bergiler babatda raýdaş bergidar bolan bolsa, mirasdarlar şol raýdaş jogapkärçiligi çekýärler.

3. Miras galdyryjynyň bergileri üçin hökmany paýy alan mirasdarlar hem jogapkär bolup durýar.

**1284-nji madda. Subut etmek borjy**

Mirasyň notarius tarapyndan ýazgy edilenden başga ýagdaýda, mirasdar miras galdyryjynyň bergileriniň mirasdan artykdygyny subut etmelidir.

**1285-nji madda. Bergini tölemegi mirasdara ýüklemek**

Wesýet ediji bergini dolulygyna ýa-da onuň bölegini tölemegi bir ýa-da birnäçe mirasdara ýükläp biler.

**1286-njy madda. Mirasyň ýüze çykandygyny kreditorlara habar bermek**

**borjy**

Mirasdarlar, eger öleniň bergileri barada özlerine mälim bolsa, mirasyň ýüze çykandygy barada miras galdyryjynyň kreditorlaryna habar bermäge borçludyrlar.

**1287-nji madda. Kreditorlaryň talaplaryny bildirmek möhleti**

1. Miras galdyryjynyň kreditorlary mirasyň ýüze çykandygy barada özlerine mälim bolan gününden başlap, alty aýyň dowamynda, talap möhletiniň başlanandygyna garamazdan, mirasy kabul eden mirasdarlara talap bildirmelidir.

2. Eger mirasdarlaryň kreditorlary mirasyň ýüze çykandygy barada bilmedik bolsalar, olar talap möhleti başlanan pursadyndan başlap, bir ýylyň dowamynda mirasdarlara talap bildirmelidirler.

3. Şu düzgünleriň berjaý edilmezligi kreditorlaryň talap etmäge bolan hukugyny ýitirmegine eltýär.

**1288-nji madda. Hak isleýiş wagt möhletine umumy möhletleriň ulanylmagy**

1. Kreditorlaryň talap bildirmek möhleti miras galdyryjynyň soňky gezek ýarawsyzlygy wagtynda oňa seretmek we bejermek, zähmet hakyny tölemek, ony jaýlamak, mirasyny goramak we dolandyrmak, şeýle hem üçünji şahsyň talaplary emläge bolan eýeçilik hukugyny ykrar etmek we özlerine degişli emlägi yzyna talap edip almak hakyndaky talaplar bilen baglanyşykly çykdajylar hakyndaky talaplara degişli däldir.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen talaplar babatda hak isleýiş wagt möhletiniň umumy möhletleri ulanylýar.

**1289-njy madda. Ýerine ýetirmek möhletini gaýra goýmak**

Eger kreditor tarapyndan talap ýerine ýetiriş möhleti başlanmazdan öň bildirilen bolsa, mirasdar ýerine ýetirmegi möhlet başlanýança gaýra goýmaga hukuklydyr. Möhletiň başlanmagy bilen, kreditor ýerine ýetirişi hak isleýiş wagt möhletini umumy möhletiniň dowamynda talap etmäge hukuklydyr.

**1290-njy madda. Miras galdyryjynyň kreditorlarynyň artykmaçlygy**

Talaplar kanagatlandyrylanda miras galdyryjynyň kreditorlary mirasdaryň kreditorlarynyň öňünde artykmaçlyga eýedir.

**1291-nji madda. Kreditorlaryň öňünde gaznanyň jogapkärçiligi**

Mirasdary bolmadyk emläk gazna geçende, gazna miras galdyryjynyň bergileri babatda mirasdar ýaly jogapkärdir.

### 1292-nji madda. Kreditor tarapyndan mirasy kabul etmegiň netijeleri

Eger miras galdyryjy öz emlägini kreditora wesýet etse, onda ol kreditoryň talap hukugyna goşmagy hasap edilip bilinmez.

### 1293-nji madda. Kreditorlary kanagatlandyrmagyň tertibi

Eger mirasdarlaryň arasynda başgaça bellenilmedik bolsa, olar bir gezekleýin tölegler arkaly kreditorlaryň talaplaryny kanagatlandyrmalydyrlar.

## XIII BÖLÜM. MIRASY GORAMAK

### 1294-nji madda. Mazmuny

Ýerinde ýok mirasdarlaryň, wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi kabul edijileriň bähbitlerini we köpçülikleýin bähbitleri goramak üçin mirasyň ýüze çykan ýerindäki notarius we degişli ygtyýarly wezipeli adamlar gyzyklanýan taraplaryň, wesýetnamany ýerine ýetirijiniň başlangyjy boýunça ýa-da özüniň başlangyjy boýunça mirasy goramaga zerur çäreleri görýär, bu ähli mirasdarlar tarapyndan miras kabul edilýänçä ýa-da mirasy kabul etmek üçin bellenilen möhlet tamamlanýança dowam etdirilýär.

### 1295-nji madda. Mirasy goramak babatda notariuslaryň we degişli ygtyýarly wezipeli adamlaryň borjy

Eger mirasyň açylan ýerinde miras ýa-da onuň bölegi bolmasa, notariuslar ýa-da degişli ygtyýarly wezipeli adamlar emlägiň ýerleşen ýerindäki notariuslara ýa-da degişli ygtyýarly wezipeli adamlara emlägi goramak babatda çäreleri görmegi tabşyrýar.

### 1296-njy madda. Emlägiň ýazgysy

Emlägi goramak maksady bilen, notariuslar ýa-da degişli ygtyýarly wezipeli adamlar mirasyň ýazgysyny geçirýärler we ony saklamak üçin mirasdara ýa-da başga şahsa berýärler, şunda mirasyň ýüze çykan ýerinde bolmadyk mirasdarlary gözlemäge çäreleri görýärler.

### 1297-nji madda. Emlägi dolandyryjyny bellemek

Eger emlägiň dolandyrylmagyna zerurlyk bolsa, şeýle hem mirasdaryň kreditorlary tarapyndan hak isleýiş arzasy berlen bolsa, notarial edara emlägi dolandyryjyny belleýär. Eger mirasdarlardan hatda biri emlägi kabul eden ýa-da wesýetnamany ýerine ýetiriji bellenilen bolsa, dolandyryjy bellenmeýär.

## XIV BÖLÜM. MIRASA BOLAN HUKUK HAKYNDA ŞAHADATNAMA

### 1298-nji madda. Mazmuny

1. Mirasdarlar diýlip ykrar edilen şahslar mirasyň ýüze çykan ýeri boýunça notarial edaradan mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnamany talap edip bilerler.

2. Kanun bilen göz öňünde tutulan halatlarda mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnamanyň alynmagy hökmanydyr.

### 1299-njy madda. Mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnamany bermek möhleti

Mirasdarlara mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnama miras ýüze çykan gününden başlap, alty aý dolandan soň islendik wagt berilýär. Şahadatnamany soraýan şahslardan başga beýleki mirasdarlaryň ýokdugy hakynda notarial edarada maglumatlar bolan halatlarda, mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnama alty aýdan öň berilýär.

### 1300-nji madda. Şahadatnama girizmäge bolan razylyk

Kanun bilen bellenilen möhletde mirasy almadyk mirasdarlar mirasy kabul eden beýleki mirasdarlaryň ählisiniň razylygy bilen mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnama girizilip bilner. Razylyk mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnama berilmezden öň ýazmaça beýan edilmelidir.

### 1301-nji madda. Mirasdaryň mirasdarlaryna mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnamanyň berilmegi

Eger mirasy almaga degişli mirasdar miras ýüze çykandan soň ony bellenilen möhletde almaga ýetişmän ölen bolsa, onuň mirasdarlary ilkibaşdaky miras galdyryjy ölenden soň galan emläge mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnamany alyp biler.

### 1302-nji madda. Şärikli mirasdarlara mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnamanyň berilmegi

Mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnama ähli mirasa, şeýle hem onuň bölegine berlip bilner. Şahadatnama ähli mirasdarlara bilelikde, şeýle hem olaryň islegine görä her birine aýratynlykda berlip bilner. Mirasdarlaryň birine mirasyň bir bölegi üçin şahadatnamanyň berilmegi mirasyň galan beýleki bölegi üçin mirasdarlaryň beýlekilerini şahadatnama almak hukugyndan mahrum etmeýär.

## VI BÖLEK. HALKARA HUSUSY HUKUGY

# I BAP. UMUMY DÜZGÜNLER

**1303-nji madda. Daşary ýurt şahslarynyň gatnaşmagyndaky ýa-da gaýry daşary ýurt elementi bolan raýat-hukuk gatnaşyklarynda ulanylýan hukugy kesgitlemek**

1. Daşary ýurt şahslarynyň gatnaşmagyndaky ýa-da gaýry daşary ýurt elementli raýat-hukuk gatnaşyklary babatda ulanylýan hukuk Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Türkmenistanyň halkara şertnamalary, şu Kodeks, gaýry kanunçylyk namalary we iş dolanyşygynyň adatlary esasynda kesgitlenilýär.

2. Eger şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda, ulanylmaly hukugy kesgitlemek mümkin bolmasa, daşary ýurt elementli raýat-hukuk gatnaşyklary bilen has ýakyn baglanyşykly ýurduň hukugy ulanylýar.

**1304-nji madda. Ulanylýan hukuk kesgitlenilende hukuk düşünjelerini häsiýetlendirmek**

1. Ulanylmaga degişli hukuk kesgitlenende, eger kanunda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, hukuk düşünjelerine düşündiriş bermek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

2. Eger hukuk häsiýetlendirmesini talap edýän hukuk düşünjeleri Türkmenistanyň kanunçylygyna mälim bolmasa ýa-da başgaça söz aňlatmasynda ýa-da başga mazmunda mälim bolsa we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda düşündiriş bermek arkaly kesgitläp bolmaýan bolsa, onda olaryň häsiýetlendirilmeginde daşary ýurt döwletiniň kanunçylygy ulanylyp bilner.

**1305-nji madda. Köp hukuk ulgamly ýurtlaryň hukugyny ulanmagyň tertibi**

Haçan-da birnäçe hukuk ulgamy hereket edýän ýurduň hukugy ulanylan halatynda, hukuk ulgamy şol ýurduň kanunçylygyna laýyklykda ulanylýar. Şu ýagdaýda seredilýän raýat-hukuk gatnaşyklaryna daşary ýurt döwletiniň kanunçylygynyň has ýakyn bolan bölegi ulanylýar.

**1306-njy madda. Hukuk ulanyşyň ýörelgeleri: ikitaraplaýynlyk, yzyna salgylanma**

1. Türkmenistanda daşary ýurt hukugy Türkmenistanyň kanunçylygynda ikitaraplaýynlyk ýörelgelerine laýyklykda, daşary ýurt hukugynyň ulanylmagy göz öňünde tutulan halatlarynda ulanylýar.

2. Kodeksiň şu böleginiň kadalaryna laýyklykda, islendik daşary ýurt hukugyna yzyna salgylanma şu maddanyň üçünji böleginde göz öňünde tutulanlardan başga halatlarda degişli ýurduň kollizion däl-de, maddy hukugyna yzyna salgylanma hökmünde seredilmelidir.

3. Fiziki şahsyň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän Türkmenistanyň kanunlaryna salgylanylan halatlarynda, daşary ýurt hukugynyň yzyna salgylanmasy kabul edilip bilner.

### 1307-nji madda. Göni ulanylýan (imperatiw) kadalar

1. Kodeksiň şu böleginiň kadalary olaryň imperatiw kadalaryň özünde görkezilendigi sebäpli ýa-da olaryň aýratyn ähmiýetliligine, şol sanda raýat dolanyşygyna gatnaşyjylaryň hukuklaryny we kanun bilen goralýan bähbitlerini üpjün etmek üçin degişli gatnaşyklary düzgünleşdirýändigine görä, Türkmenistanyň kanunçylygynyň şol imperatiw kadalarynyň hereketine täsir etmeýär.

2. Kodeksiň şu böleginiň kadalaryna laýyklykda haýsydyr bir ýurduň hukugy ulanylanda, eger şol ýurduň kanunçylygyna laýyklykda şeýle kadalar gatnaşyklary hökman düzgünleşdirmeli bolsa, kazyýet gatnaşyk bilen ýakyn baglanyşygy bolan ýurduň kanunçylygynyň imperatiw kadalaryny ulanyp biler. Şunda kazyýet şeýle kadalaryň niýetlenilişini we häsiýetini hem-de olaryň ulanylmagynyň ýa-da ulanylmazlygynyň netijelerini hasaba almaga borçludyr.

### 1308-nji madda. Jemagat tertibi hakynda bellik

Daşary ýurt hukugynyň kadasy, haçan-da onuň ulanylmagy daşary ýurt elementli raýat-hukuk gatnaşyklaryň häsiýetini hasaba almak bilen, Türkmenistanyň hukuk tertibiniň esaslaryna (jemagat tertibine) garşy gelýän bolsa, ulanylmaýar. Şu ýagdaýlarda Türkmenistanyň kanunçylygy ulanylýar.

### 1309-njy madda. Garşylyklaýyn çäklendirmeler (retorsiýa)

Eger daşary ýurt döwleti Türkmenistanyň fiziki we ýuridik şahslarynyň emläkleýin ýa-da şahsy emläkleýin däl hukuklary babatda ýörite çäklendirmeler girizen bolsa, Türkmenistan şol döwletiň fiziki we ýuridik şahslarynyň emläkleýin we şahsy emläkleýin däl hukuklary babatda garşylyklaýyn çäklendirmeleri (retorsiýalary) belläp biler.

## II BAP. ŞAHSLARYŇ HUKUK ÝAGDAÝY KESGITLENILENDE ULANYLÝAN HUKUK

### 1310-njy madda. Fiziki şahsyň şahsy hukugy

1. Fiziki şahsyň şahsy hukugy diýlip, bu adamyň raýatlygy bolan ýurdunyň hukugy hasap edilýär.

2. Eger daşary ýurt raýatynyň Türkmenistanda ýaşaýan ýeri bar bolsa, Türkmenistanyň çäginde ýüze çykýan raýat-hukuk gatnaşyklary babatda onuň şahsy hukugy Türkmenistanyň hukugy bolup durýar.

3. Eger şahsda birnäçe daşary ýurtlaryň raýatlygy bar bolsa, bu şahsyň ýaşaýan

ýeri bolan ýurdunyň hukugy şahsy hukuk diýlip hasap edilýär.

4. Raýatlygy bolmadyk adamyň şahsy hukugy, bu şahsyň hemişelik ýaşaýan ýurdunyň hukugy diýlip hasap edilýär.

5. Bosgunyň şahsy hukugy, oňa gaçybatalga beren ýurdunyň hukugy diýlip hasap edilýär.

**1311-nji madda. Fiziki şahsyň hukuk ukyby kesgitlenilende ulanylýan hukuk**

1. Fiziki şahsyň hukuk ukyby onuň şahsy hukugy bilen kesgitlenilýär.

2. Eger Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, kanunlarynda we halkara şertnamalarynda başgaça kesgitlenmedik bolsa, Türkmenistanda daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar raýat hukuk ukybyndan Türkmenistanyň raýatlary bilen deň derejede peýdalanýarlar.

**1312-nji madda. Fiziki şahsyň kämillik ukyby kesgitlenilende ulanylýan hukuk**

1. Fiziki şahsyň kämillik ukyby onuň şahsy hukugy bilen kesgitlenilýär.

2. Fiziki şahsda onuň şahsy hukugy boýunça raýat kämillik ukyby ýok bolsa, eger ol geleşigiň amala aşyrylýan ýerinde kämillik ukyply bolsa, eger beýleki tarapyň onuň kämillik ukybynyň ýoklugyny bilýändigi ýa-da bilmelidigi subut edilmedik bolsa, ol özüniň kämillik ukybynyň ýoklugyna salgylanmaga hukukly däldir.

Fiziki şahsyň kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilmegi ýa-da onuň kämillik ukybynyň çäklendirilmegi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

**1313-nji madda. Fiziki şahsyň adyna bolan hukugy kesgitlenilende ulanylýan hukuk**

Şu Kodeksde ýa-da Türkmenistanyň gaýry kanunçylyk namalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, fiziki şahsyň adyna, ony ulanmaga we goramaga bolan hukuklary onuň şahsy hukugy bilen kesgitlenilýär.

**1314-nji madda. Hossarlyk we howandarlyk babatda ulanylýan hukuk**

1. Kämillik ýaşyna ýetmedikler, kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen kämillik ýaşyna ýeten şahslar babatda hossarlyk we howandarlyk bellemek ýa-da ýatyrmak, ol fiziki şahsyň şahsy hukugy boýunça amala aşyrylýar.

2. Hossaryň (howandaryň) hossarlygy (howandarlygy) kabul etmek borjy hossar (howandar) bellenilýän şahsyň şahsy hukugy boýunça kesgitlenilýär.

3. Hossar (howandar) bilen hossarlykda (howandarlykda) bolýan şahsyň arasyndaky hukuk gatnaşyklary hossarlygy (howandarlygy) bellän edaranyň degişli ýurdunyň hukugy bilen kesgitlenilýär. Eger hossarlykda (howandarlykda) bolýan şahs Türkmenistanda ýaşaýan bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygy ulanylýar.

**1315-nji madda. Fiziki şahs nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilende we fiziki şahs ölen diýlip yglan edilende ulanylýan hukuk**

Fiziki şahsyň nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilmegi we fiziki şahsyň ölen diýlip yglan edilmegi bu işe seredýän kazyýetiň degişli ýurdunyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

**1316-njy madda. Fiziki şahsyň telekeçilik işi bilen meşgullanmaga bolan mümkinçiligi kesgitlenilende ulanylýan hukuk**

Fiziki şahsyň ýuridik şahsy döretmezden hususy telekeçilik işi bilen meşgullanmaga hukugy, şol fiziki şahsyň hususy telekeçi hökmünde bellige alnan ýurdunyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär. Hökmany bellige alynmagy ýok bolanda, telekeçilik işiniň esasy amala aşyrylýan ýeriniň ýurdunyň kanunçylygy ulanylýar.

**1317-nji madda. Ýuridik şahsyň şahsy hukugy**

1. Ýuridik şahsyň şahsy hukugy diýlip, şol ýuridik şahsyň esaslandyrylan ýurdunyň hukugy hasap edilýär.
2. Ýuridik şahs onuň edarasynyň ýa-da wekiliniň geleşigi amala aşyran ýurdunyň hukugyna mälim bolmadyk geleşigi baglaşmaga ygtyýarlyklarynyň çäklendirilendigine salgylanmaga hukuksyzdyr, muňa geleşigiň beýleki tarapynyň görkezilen çäklendirme barada bilýändigi ýa-da bilmelidigi subut edilen halatlary degişli däldir.

**1318-nji madda. Daşary ýurt hukugy boýunça ýuridik şahs bolup durmaýan daşary ýurt guramasynyň şahsy hukugy**

Daşary ýurt hukugy boýunça ýuridik şahs bolup durmaýan daşary ýurt guramasynyň şahsy hukugy, bu guramanyň esaslandyrylan ýurdunyň hukugy hasap edilýär. Şeýle guramanyň Türkmenistandaky işi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

**1319-njy madda. Döwletiň daşary ýurt elementli raýat-hukuk gatnaşyklaryna gatnaşygy**

Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, döwletiň gatnaşmagynda daşary ýurt elementli raýat-hukuk gatnaşyklaryna Kodeksiň şu böleginiň kadalary umumy esaslarda ulanylýar.

## III BAP. EMLÄKLEÝIN WE ŞAHSY EMLÄKLEÝIN DÄL GATNAŞYKLARDA ULANYLÝAN HUKUK

### 1320-nji madda. Zat (emläk) hukuklaryna ulanylýan hukuk

1. Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, gozgalmaýan we gozgalýan emläge eýeçilik hukugy we beýleki emläk hukuklary bu emlägiň ýerleşýän ýurdunyň hukugy boýunça kesgitlenilýär.

2. Emlägiň gozgalmaýan ýa-da gozgalýan zatlara degişliligi, şeýle-de emlägiň gaýry ýuridik häsiýetlendirilişi, şol emlägiň ýerleşýän ýurdunyň hukugy bilen kesgitlenilýär.

### 1321-nji madda. Zat (emläk) hukuklaryna ulanylýan hukugyň hereketiniň çygry

1. Zat (emläk) hukuklaryna ulanylýan hukuk bilen şu aşakdakylar kesgitlenilýär:

1) zat (emläk) hukuk obýektleriniň görnüşleri, şol sanda emlägiň gozgalmaýan ýa-da gozgalýan zatlara degişliligi;

2) zat (emläk) hukuklarynyň obýektleriniň dolanyşyk ukyplylygy;

3) zat (emläk) hukuklarynyň görnüşleri;

4) zat (emläk) hukuklarynyň mazmuny;

5) zat (emläk) hukuklarynyň ýüze çykmagy we ýatyrylmagy, şol sanda eýeçilik hukugynyň geçmegi;

6) zat (emläk) hukuklarynyň amala aşyrylmagy;

7) zat (emläk) hukuklarynyň goragy.

2. Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, geleşik boýunça ýoldaky (tranzitde) gozgalýan emläge eýeçilik hukugynyň we beýleki emläk hukuklarynyň ýüze çykmagy we ýatyrylmagy bu emlägiň iberilen ýurdunyň hukugy bilen kesgitlenilýär.

3. Taraplar, üçünji taraplaryň hukuklaryna zyýan ýetirmezden, gozgalýan emläk babatda eýeçilik hukugynyň we gaýry zat (emläk) hukuklarynyň ýüze çykmagyna, ýatyrylmagyna ulanarlykly bolan hukuk barada özleriniň geleşiginde ylalaşyp bilerler.

4. Hukuk ediniş wagt möhleti sebäpli zada (emläge) eýeçilik hukugynyň we zada (emläge) bolan gaýry emläk hukuklarynyň ýüze çykmagy hukuk edinişiň wagt möhletiniň tamamlanan pursadynda zadyň (emlägiň) ýerleşen ýurdunyň hukugy bilen kesgitlenilýär.

### 1322-nji madda. Eýeçilik we zat (emläk) hukuklarynyň goragy

1. Eýeçilik hukugy we zat (emläk) hukuklarynyň goralmagy babatda arza berijiniň saýlamagy boýunça şol emlägiň ýerleşýän ýurdunyň hukugy ýa-da şol işe seredýän kazyýetiň degişli ýurdunyň hukugy ulanylýar.

2. Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugynyň we zat (emläk) hukuklarynyň goralmagy babatda bu emlägiň ýerleşýän ýurdunyň hukugy ulanylýar. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet sanawyna girizilen emläk babatda Türkmenistanyň

hukugy ulanylýar.

**1323-nji madda. Döwlet belligine alynmaga degişli ulag serişdelerine we gaýry emläge bolan zat (emläk) hukuklary babatda ulanylýan hukuk**

Döwlet belligine alynmaga degişli ulag serişdelerine we başga emläge bolan eýeçilik hukugy we gaýry zat (emläk) hukuklary bu ulag serişdeleri ýa-da emläk bellige alnan ýurdunyň hukugy boýunça kesgitlenilýär.

**1324-nji madda. Hak isleýiş wagt möhleti babatda ulanylýan hukuk**

Hak isleýiş wagt möhleti degişli gatnaşyklary düzgünleşdirmek üçin ulanylýan ýurduň hukugy boýunça kesgitlenilýär.

**1325-nji madda. Geleşigiň görnüşine ulanylýan hukuk**

1. Geleşigiň görnüşi geleşigiň özüne ulanylýan ýurduň hukugy bilen kesgitlenilýär. Emma, eger geleşigiň görnüşine geleşigiň amala aşyrylýan ýeriň ýurdunyň hukugynyň talaplary berjaý edilen bolsa, görnüşiň berjaý edilmändigi sebäpli, geleşik hakyky däl diýlip ykrar edilip bilinmez. Emma, taraplaryň biri bolup şahsy hukugy Türkmenistanyň hukugy bolup durýan şahs çykyş edýän bolsa, daşary ýurtda amala aşyrylan geleşik, eger Türkmenistanyň hukugynyň talaplary berjaý edilen bolsa, görnüşiň berjaý edilmezligi sebäpli, hakyky däl diýlip ykrar edilip bilinmez.

Şu bölegiň birinji tesiminde göz öňünde tutulan kadalar ynanç hatynyň görnüşlerine hem ulanylýar.

2. Eger ýuridik şahsyň esaslandyrylan ýurdunyň hukugynda ýuridik şahsy döretmek barada şertnamanyň ýa-da geleşigiň görnüşi babatda aýratyn talaplar bellenilen bolsa, şeýle şertnamanyň ýa-da geleşigiň görnüşi şol ýurduň hukugy bilen düzgünleşdirilýär.

3. Eger geleşik ýa-da ol boýunça hukuklaryň ýüze çykmagy, geçirilmegi, çäklendirilmegi ýa-da ýatyrylmagy Türkmenistanda hökmany döwlet belligine alynmaga degişli bolsa, şeýle geleşigiň görnüşi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

4. Gozgalmaýan emläk babatda geleşigiň görnüşi bu emlägiň ýerleşýän ýurdunyň hukugy bilen kesgitlenilýär.

**1326-njy madda. Şertnamanyň taraplarynyň hukugy saýlap almagy**

1. Şertnamanyň taraplary, şertnama baglaşanlarynda ýa-da geljekde öz aralaryndaky ylalaşyk boýunça, bu şertnama boýunça öz hukuklaryna we borçlaryna ulanylmaga degişli hukugy saýlap bilerler.

2. Taraplaryň ulanylmaga degişli hukugy saýlap almak baradaky ylalaşygy göni beýan edilmelidir ýa-da şertnamanyň şertlerinden ýa-da olaryň umumylygynda

garalýan işiň ýagdaýlaryndan gelip çykmalydyr.

3. Şertnama baglaşylandan soňra taraplaryň ulanylmaga degişli hukugy saýlap almaklarynyň yzyna täsir ediş güýji bardyr we şertnama baglaşylan pursadyndan başlap, üçünji taraplaryň hukuklaryna zyýan ýetirmezden hakyky hasaplanylýar.

4. Şertnamanyň taraplary ulanylmaly hukugy bütin şertnama üçin hem, şeýle-de onuň aýry-aýry bölekleri üçin hem saýlap bilerler.

5. Eger şertnama taraplaryň ulanylmaga degişli hukugy saýlan pursadynda diňe bir ýurt bilen baglanyşykly bolsa, taraplaryň başga ýurduň hukugyny saýlamagy, şol ýurduň, taraplaryň ähli gatnaşyklarynyň mazmuny bilen galtaşýan ýagdaýlary bilen baglanyşykly hukugynyň imperatiw kadalarynyň hereketine täsirini ýetirip bilmez.

6. Eger kanundan ýa-da gatnaşyklaryň mazmunyndan başgaça gelip çykmaýan bolsa, şu maddanyň birinji, ikinji, üçünji we bäşinji bölekleriniň kadalary degişlilikde taraplaryň ylalaşygy boýunça ulanylmaga degişli hukugy saýlamaklarynda, şertnama esaslanmaýan gatnaşyklarda, şonuň ýaly saýlamaga kanunda ýol berlende ulanylýar.

**1327-nji madda. Hukugy saýlamak hakynda taraplaryň arasyndaky ylalaşygyň bolmadyk ýagdaýynda şertnama babatda ulanylýan hukuk**

1. Şertnama babatda hukugy ulanmak hakynda taraplaryň ylalaşygy ýok halatynda, şertnama baglaşylan pursadynda ýaşaýan ýeri ýa-da esasy iş ýeri bolan şertnamanyň mazmuny üçin aýgytlaýjy ähmiýeti ýerine ýetirýän hasaplanýan tarapyň ýurdunyň hukugy ulanylýar, ýagny:

1) satyjy – satyn almak-satmak şertnamasynda;
2) peşgeş beriji – sowgat etmek şertnamasynda;
3) kärendä beriji – kärende şertnamasynda;
4) ssuda beriji – ssuda şertnamasynda;
5) potratçy – potratçylyk şertnamasynda;
6) daşaýjy – daşaýyş şertnamasynda;
7) ekspeditor – ulag ekspedisiýasy şertnamasynda;
8) kreditor – karz alyş-beriş şertnamasynda;
9) bank – bank hyzmatlary şertnamasynda;
10) emlägi saklaýjy – emlägi saklamak şertnamasynda;
11) ätiýaçlandyryjy – ätiýaçlandyryş şertnamasynda;
12) ynanylan – tabşyryk şertnamasynda;
13) girew goýujy – girew şertnamasynda;
14) zamun – zamunlyk şertnamasynda.

2. Şertnama babatda hukugy ulanmak hakynda taraplaryň arasynda ylalaşygyň bolmadyk ýagdaýynda, şu maddanyň birinji böleginiň kadalaryna garamazdan, bilelikdäki iş şertnamalaryna we gurluşyk işleri şertnamalaryna şeýle işleriň amala aşyrylýan ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan netijeleriň döredilýän ýurduň hukugy ulanylýar.

3. Bilelikdäki iş (şereket) şertnamasy babatda, şeýle şereketiň işi esasan amala aşyrylýan ýurduň hukugy ulanylýar.

4. Bäsleşikli söwdada, bäsleşikde ýa-da biržada baglaşylan şertnama – bäsleşikli

söwdanyň, bäsleşigiň geçirilýän ýa-da biržanyň ýerleşýän ýurdunyň hukugy ulanylýar.

5. Intellektual işiň netijesine ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesiniň aýratyn hukuklarynyň aýrybaşgalanmagy babatda şertnama satyn alyja geçirilýän aýratyn hukugyň çäginde hereket edýän ýurduň hukugy ulanylýar, eger ol bir wagtda birnäçe ýurduň çäginde hereket edýän bolsa, hukuk eýesiniň ýaşaýan ýeriniň ýa-da esasy iş ýeriniň ýerleşýän ýurdunyň hukugy ulanylýar.

6. Ygtyýarnamaly şertnama babatda, ygtyýarnamaly intellektual işiň netijesini ýa-da indiwiduallaşdyryş serişdesini ulanmaga rugsat berýän çäginde hereket edýän ýurduň hukugy ulanylýar, eger şeýle ulanylma bir wagtda birnäçe ýurda rugsat berilýän bolsa, ygtyýarnamalynyň ýaşaýan ýeriniň ýa-da esasy iş ýeriniň ýerleşýän ýurdunyň hukugy ulanylýar.

7. Eger kanundan, şertnamanyň şertlerinden ýa-da mazmunyndan, işiň ýagdaýynyň jeminden, şertnamanyň şu maddanyň birinji-altynjy böleklerinde görkezilenlerden başga ýurduň hukuklary bilen has ýakyn baglanyşyklydygy mesemälim gelip çykýan bolsa, şertnama has ýakyn baglanyşykly bolan ýurduň hukugy ulanylýar.

8. Dürli şertnamalaryň düzümlerini özünde jemleýän şertnama babatda umumylykda seredilende şertnamanyň has ýakyn baglanyşygy bolan ýurduň hukugy ulanylýar.

9. Eger şertnamada halkara dolanyşygynda kabul edilen söwda adalgalary ulanylan bolsa, şertnamada başga görkezmeler bolmadyk halatynda, olaryň gatnaşyklaryna taraplaryň degişli söwda adalgalarynyň adaty aňlatmalarynyň ulanylmagy ylalaşyldy diýlip hasap edilýär.

### 1328-nji madda. Sarp edijiniň gatnaşmagyndaky şertnama babatda ulanylýan hukuk

1. Gozgalýan emläkleri (işleri, hyzmatlary) ulanýan, satyn alýan ýa-da buýurýan, ýa-da ulanmak, satyn almak ýa-da buýruk etmek niýeti bolan fiziki şahs şahsy, maşgala, hojalyk we beýleki zerurlyklar üçin telekeçilik işiniň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly bolmadyk şertnama degişli hukugy saýlanda, onuň tarapy bolup durýan şol fiziki şahsyň (sarp edijiniň) ýaşaýan ýurdunyň hukugynyň imperatiw kadalary bilen berilýän hukuklarynyň goraglygyny mahrum edip biljek netijelere getirip bilmeli däldir. Ýöne, taraplaryň hukuk saýlamagy hakynda ylalaşygy bolmadyk halatynda, şu şertnama ulanyp boljak hukugyň ýurdunyň imperatiw kadalary sarp edijiniň hukuklarynyň goraglygyny mahrum edip biljek netijelere getirip bilmez.

2. Sarp edijiniň gatnaşmagy bilen taraplaryň arasynda şertnama babatda ulanylmaga degişli hukuk barada ylalaşyk bolmadyk halatynda, sarp edijiniň ýaşaýan ýurdunyň hukugy ulanylýar.

3. Şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde bellenilen kadalar:

1) daşaýyş şertnamasyna;

2) eger iş ýa-da hyzmatlar düýbünden başga ýurtda ýerine ýetirilmeli bolsa,

işleriň ýa-da hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi hakyndaky şertnama ulanylmaýar.

Şu bölekde göz öňünde tutulyp aýrylanlar daşamak we ýerlemek boýunça umumy baha bilen ýerine ýetirilýän şertnamalara (beýleki hyzmatlaryň bahasynyň umumy baha goşulandygyna garamazdan), hususan-da, syýahatçylyk hyzmatlary çygryndaky şertnamalara degişli däldir.

**1329-njy madda. Gozgalmaýan emläk babatda şertnama ulanylýan hukuk**

1. Taraplaryň gozgalmaýan emläk babatdaky şertnama ulanylýan hukuk hakynda ylalaşygy bolmadyk halatynda, gozgalmaýan emlägiň ýerleşýän ýurdunyň hukugy ulanylýar.

2. Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän ýer bölekleri we beýleki gozgalmaýan emläkler babatdaky şertnamalara Türkmenistanyň kanunçylygy ulanylýar.

**1330-njy madda. Ýuridik şahsy döretmek hakyndaky şertnama we ýuridik şahsyň gatnaşyjysynyň hukuklarynyň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly şertnama ulanylýan hukuk**

Ýuridik şahsy döretmek hakyndaky şertnama we ýuridik şahsyň gatnaşyjysynyň hukuklarynyň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly şertnama şol ýuridik şahsyň esaslandyrylan ýa-da esaslandyrylmaly ýurdunyň hukugy ulanylýar.

**1331-nji madda. Şertnama babatda ulanylýan hukugyň hereketiniň çygry**

Şertnama babatda ulanylýan hukuk bilen şu Kodeksiň 1326-1330-njy, 1332-nji maddalarynyň kadalaryna laýyklykda, kesgitlenilýär:

1) şertnama düşündiriş bermek;
2) şertnamanyň taraplarynyň hukuklary we borçlary;
3) şertnamany ýerine ýetirmek;
4) şertnamanyň ýerine ýetirilmezliginiň ýa-da göwnejaý ýerine ýetirilmezliginiň netijeleri;
5) şertnamanyň ýatyrylmagy;
6) şertnamanyň biderekliginiň ýa-da güýjüniň ýokdugynyň netijeleri.

**1332-nji madda. Talaby başga birine bermek babatda ulanylýan hukuk**

1. Talaby başga birine bermek baradaky ilkibaşdaky we täze kreditorlaryň arasyndaky ylalaşyga ulanylýan hukuk şu Kodeksiň şertnama babatda ulanmaga degişli hukuk hakyndaky kadalaryna laýyklykda kesgitlenilýär.

2. Talabyň başga birine berilmegine ýol berilmegi, täze kreditor bilen bergidaryň arasyndaky gatnaşyklar, täze kreditoryň bu talaby bergidara bildirip bilmeginiň şertleri, bergidar tarapyndan borçnamanyň göwnejaý ýerine ýetirilmegi hakyndaky meselesi talaby başga birine bermegiň närsesine ulanylýan hukuk bilen kesgitlenilýär.

**1333-nji madda. Birtaraplaýyn geleşiklerden ýüze çykýan borçnamalar babatda ulanylýan hukuk**

Eger kanundan, geleşigiň şertlerinden ýa-da mazmunyndan ýa-da işiň ýagdaýlarynyň jeminden başgaça gelip çykmaýan bolsa, birtaraplaýyn geleşiklerden ýüze çykýan borçnamalarda birtaraplaýyn geleşik baglaşylan pursadynda borçnamalary öz üstüne alýan tarapyň ýaşaýan ýeri ýa-da esasy iş ýeri bolan ýurduň hukugy ulanylýar.

**1334-nji madda. Wekilçilik gatnaşyklary babatda ulanylmaga degişli hukuk**

1. Eger wekilçilik şertnama esaslanan we şertnamanyň taraplarynyň arasynda ulanylmaly hukuk barada ylalaşyk ýok bolsa, wekilçilik edilýän bilen wekiliň arasyndaky gatnaşyklar şu Kodeksiň şertnama babatda ulanylýan hukuk baradaky kadalary boýunça kesgitlenilýär.

2. Eger kanundan başgaça gelip çykmaýan bolsa, wekilçilik edilýän ýa-da wekilçilik edýän bilen üçünji şahsyň arasyndaky gatnaşyklarda wekilçilik edilýäniň üçünji şahsy we wekilçilik edýäni habarly etmek bilen, ynanç hatynda saýlan ýurdunyň hukugy boýunça kesgitlenilýär. Eger wekilçilik edilýän ynanç hatynda ulanylýan hukugy saýlamadyk bolsa ýa-da saýlan hukugy kanuna laýyklykda ulanylmaga degişli däl bolsa, wekilçilik edilýäniň ýa-da wekilçilik edýäniň we üçünji şahsyň arasyndaky gatnaşyklar wekilçilik edýäniň ýaşaýan ýeriniň ýa-da esasy iş ýeriniň ýurdunyň hukugy boýunça kesgitlenilýär. Eger üçünji şahs wekiliň ýaşaýan ýeri ýa-da esasy iş ýeri hakynda bilmeýän we bilmeli däl bolan halatynda, wekiliň anyk ýagdaýda esasan hereket eden ýurdunyň hukugy ulanylýar.

3. Eger wekilçilik edýäne gozgalmaýan emläk babatda geleşigi amala aşyrmak üçin ygtyýarlyk berlen bolsa, şonda geleşik ýa-da onuň ýüze çykmagy, geçirilmegi, çäklendirilmegi ýa-da ýatyrylmagy bilen bagly hukuklar hökmany döwlet belligine alynmaga degişli bolsa, gozgalmaýan emlägiň bellige alnan ýurdunyň hukugy ulanylýar.

4. Eger wekilçilik edýäne döwlet ýa-da bitarap kazyýetinde iş alyp barmak ygtyýarlygy berlen bolsa, kazyýet ýa-da bitarap seljermesiniň geçirilýän ýurdunyň hukugy ulanylýar.

5. Wekilçilik edilýän ýa-da wekilçilik edýän bilen üçünji şahsyň arasyndaky gatnaşyklar babatda ulanylýan hukukda aşakdakylar kesgitlenilýär:

1) wekilçilik edýäniň ygtyýarlyklarynyň barlygy we möçberi;

2) wekilçilik edýäniň öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrmagynyň netijeleri;

3) ynanç hatynyň mazmunyna talaplar;

4) ynanç hatynyň hereket ediş möhleti;

5) ynanç hatynyň ýatyrylmagy, şol sanda onuň ýatyrylmagynyň üçünji taraplar üçin netijeleri;

6) başga şahsa ynanmak tertibinde ynanç hatyny bermäge ýol bererligi;

7) wekilçilik edilýäniň adyndan hereket etmäge ygtyýarlyklaryň ýoklugynda ýa-da bu ygtyýarlyklaryň çäginden çykmak bilen amala aşyrylan geleşigiň netijeleri, şol

sanda wekilçilik edilýän tarapyndan soňra şeýle geleşigiň makullanan halatynda.

6. Ynanç hatynda başga görkezmeler ýok bolsa, wekilçilik edýäniň ygtyýarlyklarynyň möçberine jedelleri çözmegiň tertibini kesgitlemek (jedelleri döwlet ýa-da bitarap kazyýetine geçirmek barada ylalaşyklary baglaşmak we başgalar), şeýle hem kanundan ýa-da gatnaşyklaryň düýp mazmunyndan başgaça gelip çykmaýan bolsa, wekilçilik edýän tarapyndan wekilçilik edilýäniň adyndan amala aşyrylýan geleşikler babatda ulanylýan hukugy saýlap almak girýär.

7. Şu maddanyň kadalary kanuna ýa-da döwletiň ygtyýarly edarasynyň ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň namalaryna esaslanýan wekilçilik babatdaky gatnaşyklara degişli däldir.

**1335-nji madda. Hasap etmek bilen borçnamanyň ýatyrylmagy babatda ulanylýan hukuk**

Hasap etmek bilen borçnamanyň ýatyrylmagy garşylyklaýyn talaby hasap etmek hakynda garşysyna talap bildirilýän gatnaşyk babatda ulanylýan ýurduň hukugy boýunça kesgitlenilýär. Taraplaryň ylalaşygy boýunça hasap etmek bilen borçnamanyň ýatyrylmagy şu Kodeksiň şertnama babatda ulanylýan kadalary bilen kesgitlenilýär.

**1336-njy madda. Göterimleri tölemek boýunça gatnaşyklar babatda ulanylýan hukuk**

Pul borçnamalary boýunça töletmegiň esaslary, hasabyny çykarmak we göterimleriň möçberi ýurduň degişli borçnamalary babatda ulanýan hukugy boýunça kesgitlenilýär.

**1337-nji madda. Zyýan ýetirilmegi netijesinde ýüze çykýan borçnamalar babatda ulanylýan hukuk**

1. Zyýan ýetirilmegi netijesinde ýüze çykýan borçnamalar babatda hukuklar we borçlar zyýanyň öwezini dolmak hakynda talap etmäge esas bolup hyzmat eden hereketiň ýa-da beýleki bir ýagdaýyň bolan ýurdunyň hukugy boýunça kesgitlenilýär.

2. Zyýan ýetirilmegi netijesinde jebir çeken bilen zyýan ýetirijiniň arasynda ýüze çykýan borçnama, taraplaryň telekeçilik işini amala aşyrmagy bilen ýakyn baglanyşykly bolsa, şular ýaly borçnama babatda şertnama ulanylýan hukuk bilen düzgünleşdirilýär.

**1338-nji madda. Zyýan ýetirilmegi netijesinde ýüze çykýan borçnamalar babatda ulanylýan hukugyň hereketiniň çygry**

Zyýan ýetirilmeginden gelip çykýan borçnamalara ulanylýan hukuk esasynda şu aşakdakylar kesgitlenilýär:

1) şahsyň ýetiren zyýany üçin jogapkärçilik çekmek ukyby;

2) zyýan üçin jogapkärçiligi zyýan ýetiriji bolmadyk şahsa ýüklemek;
3) jogapkärçiligiň esaslary;
4) jogapkärçiligi çäklendirmegiň we ondan boşatmagyň esaslary;
5) zyýanyň öwezini dolmagyň usullary;
6) zyýanyň öwezini dolmagyň göwrümi we möçberi.

**1339-njy madda. Ätiýaçlandyryjy tarapyndan zyýanyň öweziniň dolunmagy hakyndaky talabyň ýol bererliklidigini anyklamaklyga ulanylmaga degişli hukuk**

Zyýan ýetirilmegi netijesinde ýüze çykýan borçnama ulanylýan hukuk boýunça ýa-da ätiýaçlandyryş şertnama babatda ulanylýan hukuk boýunça ýol berilýän bolsa, jebir çeken zyýanyň öweziniň dolunmagy barada ätiýaçlandyryja talap bildirip biler.

**1340-njy madda. Harydyň, işiň ýa-da hyzmatyň kemçilikleri netijesinde ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilik babatda ulanylýan hukuk**

1. Harydyň, işiň ýa-da hyzmatyň kemçilikleri netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hakynda talapda jebir çekeniň saýlamagy boýunça aşakdakylar ulanylýar:
1) satyjynyň ýa-da harydy ýasaýjynyň ýa-da beýleki zyýan ýetirijiniň ýaşaýan ýeriniň ýa-da esasy iş ýeriniň ýurdunyň hukugy;
2) jebir çekeniň ýaşaýan ýeriniň ýa-da esasy iş ýeriniň ýurdunyň hukugy;
3) işiň we hyzmatyň ýerine ýetirilen ýeri ýa-da harydyň satyn alnan ýeriniň ýurdunyň hukugy.
Eger zyýan ýetiriji harydyň degişli ýurtda ýaýradyljagyny öňünden bilmändigini we öňünden bilmäge borçly däldigini subut edip bilse, şu bölegiň 2-nji ýa-da 3-nji bentlerine laýyklykda, jebir çekene hukuk saýlap almaga ýol berilmeýär.
2. Eger jebir çeken şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda, saýlamak hukugyndan peýdalanmadyk bolsa we ulanylmaly hukuk barada taraplaryň ylalaşygy bolmadyk halatynda, kanundan, borçnamanyň mazmunyndan ýa-da işiň ýagdaýynyň jeminden başgaça gelip çykmaýan şertinde, satyjynyň, harydy ýasaýjynyň ýa-da beýleki zyýan ýetirijiniň ýaşaýan ýeriniň ýa-da esasy iş ýeriniň ýurdunyň hukugy ulanylýar.
3. Şu maddanyň kadalary degişlilikde iş we hyzmatlar, haryt hakynda nädogry ýa-da doly däl maglumatlaryň netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky talaplara laýyklykda ulanylýar.

**1341-nji madda. Ynsapsyz bäsdeşlik we bäsdeşligiň çäklendirilmegi netijesinde ýüze çykýan borçnamalara ulanylýan hukuk**

1. Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ynsapsyz bäsdeşlik we bäsdeşligiň çäklendirilmegi netijesinde ýüze çykýan borçnamalara şular ýaly bäsdeşlik bilen bazara täsir eden bolsa ýa-da täsir edip biljek

bolsa, şeýle ýagdaýda bäsdeşligi çäklendirilen ýurduň hukugy ulanylýar.

Eger ynsapsyz bäsdeşlik aýratyn şahsyň diňe bähbitlerine täsir edýän bolsa, ulanylmaly hukuk şu Kodeksiň 1337-nji maddasyna laýyklykda kesgitlenilýär.

2. Şu maddanyň birinji bölegininiň birinji tesiminde bellenilen borçnamalar babatda taraplara ulanylmaga degişli hukuk saýlamaga ýol berilmeýär.

**1342-nji madda. Esassyz baýlaşmakdan gelip çykýan borçnamalara ulanylýan hukuk**

Esassyz baýlaşmakdan gelip çykýan borçnamalara baýlaşmagyň bolan ýurdunyň hukugy ulanylýar.

Eger esassyz baýlaşmak emlägiň edinilmegine getiren, bar bolan ýa-da çaklanylýan hukuk gatnaşygy bilen baglanyşykly ýüze çykýan bolsa, ulanarlykly hukuk bu hukuk gatnaşygynyň tabyn bolan ýa-da bolup biljek ýurdunyň hukugy bilen kesgitlenilýär.

**1343-nji madda. Miras gatnaşyklary babatda ulanylýan hukuk**

Miras boýunça gatnaşyklar miras galdyryjynyň soňky ýaşan ýeriniň ýurdunyň hukugy boýunça kesgitlenilýär.

Gozgalmaýan emlägi miras galdyrmak bu emlägiň ýerleşýän ýurdunyň hukugy bilen kesgitlenilýär.